Almaz
ÝAZBERDIÝEW

TÜRKMENISTAN

DÜNÝÄ MEDENIÝETINIŇ GADYMY OJAGYDYR



TÜRKMENISTANYŇ GARAŞSYZLYGYNYŇ
20 ÝYLLYGYNA BAGYŞLANÝAR

DEDICATED TO THE 20th ANNIVERSARY
OF THE INDEPENDENCE OF TURKMENISTAN

20-ЛЕТИЮ НЕЗАВИСИМОСТИ
ТУРКМЕНИСТАНА ПОСВЯЩАЕТСЯ

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

Türkmenistanyň Prezidenti
Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:

– Türkmen halkynyň ençeme alymlary, şahyrlary uzak asyrlaryň dowamynda öz köptaraply ylmy we ajaýyp çeper eserleri bilen türkmeniň adyny şöhratlandyrdy.

President of Turkmenistan
Gurbanguly BERDIMUHAMEDOV:

– During centuries many scientists, poets of the Turkmen nation glorified our nation by their many-sided scientific and fine artistic works.

Президент Туркменистана
Гурбангулы БЕРДЫМУХАМЕДОВ:

– В течение нескольких столетий многие ученые, поэты туркменского народа прославили наш народ своими многосторонними научными и прекрасными художественными произведениями.

UOK 008
Ý 37

Ý 37

Ýazberdiýew A.

Türkmenistan dünýä medeniýetiniň gadymy ojagydyr (Gadym döwürden XIII asyra çenli ýazuw ulgamlary we kitaphanalary). – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

Kitapda Türkmenistanyň dünýä siwilizasiýasynyň merkezleriniň biridigi baradaky mesele seljerilýär. M.ö. VI asyrdan XIII asyra çenli bolan aralykda Türkmenistanyň çäklerinde ulanylyp gelen arameý, parfiýan, horezm, oguz--runa, awesta we arap elipbiýleriniň döredilişi we ýaýraýyş taryhy yzarlanýar. Beýik Seljuk imperiýasynyň we Köneürgenç türkmen döwletiniň dowam eden döwürlerinde ylmyň we medeniýetiň ösüşi hem-de olaryň meşhur kitaphanalarynyň taryhy beýan edilýär.

Ylmy işgärlere, ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlaryna we talyplaryna, kitaphanaçylara we bibliografiara, musulman ýurtlarynyň ylmynyň we medeniýetiniň taryhy bilen gyzyklanýan giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 309, 2011

KBK 71 (2Tü)+63.5

© Ýazberdiýew A., 2011.

MAZMUNY

Giriş 10
I bap. Türkmenistan dünýä medeniýetiniň gadymy ojagydyr 25

1. Gadymy Şumer şinehaty 26
2. Gadymy Müsür iýeroglifik haty 31
3. Gadymy hindi haty 34
4. Gadymy hytaý haty 34
5. Margianadan tapylan ýazuw belgileri 35

II bap. Gadym döwürlerde we orta asyrlarda Türkmenistana ýaýran ýazuw ulgamlary ..44

1. Arameý haty 44
2. Parfiýan haty 50
3. Horezm haty 58
4. Oguz-runa haty 64
5. Arap haty 76

III bap. Türkmenistanyň yslamdan öňki döwürlerdäki medeni durmuşy 80

1. Ahemeni eýýamy 80
2. Parfiýan eýýamy 83
3. Sasany eýýamy 87
4. Awesta elipbiýi 89

IV bap. Apbasy halyfaty we Beýik Seljuk soltanlary 102

I. Beýik Soltan Togrul beg we Arap halyfaty 107
II. Beýik Soltan Togrul beg we halyfatyň kitaphanalary 114
1. As-Serahsynyň medresesi we kitaphanasy 121
2. Abu Bekr al-Horezminiň metjidi we kitaphanasy. 121
III. Beýik Soltan Alp Arslan we yslam medeniýeti 122
IV. Wezir Nyzam al-Mülk, onuň döreden medreseleri we kitaphanalary 125
V. Beýik Soltan Alp Arslanyň hökümdarlyk eden döwründe Nyzam al-Mülküň döreden «Nyzamyýalary» 142
1. Nişapuryň «Nyzamyýasy» 142
2. Bagdadyň «Nyzamyýasy» 145
3. Merwiň «Nyzamyýasy» 158
VI. Beýik Soltan Mälik şanyň hökümdarlyk eden döwründe Nyzam al-Mülküň döreden «Nyzamyýalary» 159
1. Yspyhanyň «Nyzamyýasy» 159
2. Hyradyň «Nyzamyýasy» 160

3. Balhyň «Nyzamyýasy» ... 161
4. Basranyň «Nyzamyýasy» ... 161
5. Mosulyň «Nyzamyýasy» ... 161
6. Amulyň «Nyzamyýasy» ... 162
7. Damaskyň «Nyzamyýasy» ... 162
VII. Nyzam al-Mülk we onuň «Syýasatnama» kitaby ... 162
VIII. XI asyrda Türkmenistanyň beýleki taryhy şahslarynyň Bagdatda döreden medreseleri we kitaphanalary ... 164
1. Şerep al-Mülküň Abu Hanyfa ybadathana medresesi we kitaphanasy ... 164
2. Abu Bekr aş-Şaşynyň medresesi we kitaphanasy ... 167
3. «Täjiýe» medresesi we kitaphanasy ... 168
IX. Beýik Soltan Sanjar we kitaphanalar ... 170

V bap. Merwiň orta asyrlar döwrüniň kitaphanalary we olary esaslandyryjylar ... 173

1. Merwiň yslamdan öňki döwürdäki medeni durmuşy ... 176
2. Merwiň yslam döwründäki medeni durmuşy ... 177
3. Merwiň orta asyrlar dowrüniň kitaphanalary ... 178
4. Medreseler we olaryň gelip çykyşy ... 180
1. «Amidiýe» kitaphanasy ... 186
2. «Nyzamyýe» kitaphanasy ... 189
3. Şerep al-Mülküň kitaphanasy ... 189
4. «Eziziýä» kitaphanasy ... 189
5. Mejd al-Mülküň kitaphanasy ... 190
6. Şihab et-din as-Samanynyň kitaphanasy ... 191
7. Ymam Täç al-Yslam Moin et-din Abu Bekr as-Samanynyň kitaphanasy ... 192
8. «Kemalyýa» kitaphanasy ... 210
9. «Hatunyýe» kitaphanasy ... 211
10. «Dumaýryýe» kitaphanasy ... 211
11. «Zamiriýa» kitaphanasy ... 211
12. Abu Aly Hasan ibn Aly Kattan al-Merweziniň kitaphanasy ... 211
13. Mehdi Yrak hatynyň kitaphanasy ... 212
5. Merw welaýatynyň beýleki şäherleriniň kitaphanalary ... 213
1. Saragtyň kitaphanasy ... 213
2. Muhammet ibn Mansur as-Serahsynyň kitaphanasy ... 214
3. Abu Seýit Abul Haýr Mäneliniň kitaphanasy ... 214

VI bap. Köneürgenjiň orta asyrlar döwrüniň kitaphanalary ... 217

1. Köneürgenjiň yslamdan öňki döwürdäki medeni durmuşy ... 217
2. Horezmşa al-Mamunyň Akademiýasy ... 230
3. Orta asyr Horezm döwletiniň türkmen hökümdarlarynyň kitaphanalary ... 248
1. Muhammet ibn Anuşteginiň döwründe ylym we medeniýet ... 253
2. Atsyz we onuň kitaphanasy ... 253
3. Il Arslanyň döwründe ylym we medeniýet ... 258
4. Tekeşiň kitaphanasy ... 260

5. Muhammet ibn Tekeşiň kitaphanasy 263
6. Döwrüniň gahrymany Soltan Jelalet-din Meňburny we medeni durmuş 266
7. Reşit et-din Watwatyň kitaphanasy 269
8. Wezir Nyzam al-Mülk Mesgut ibn Alynyň kitaphanasy 271
9. Şeýh Nejm et-din al-Kubranyň kitaphanasy 272
10. Ymam Şyhab et-din al-Hywakynyň kitaphanasy 273
11. Beýik Seljuk soltanlary we olaryň Horezmiň türkmen hökümdarlaryna medeni täsirleri 281
12. Gadymy horezm dili we onuň türkileşdiriliş meselesi 283
13. Mongol çozuşlaryndan soňky döwürlerde türkmenlerde medeni oýanyşyklar 294
Kabul edilen gysgaltmalaryň sanawy 304

Almaz ÝAZBERDIÝEW



TÜRKMENISTAN DÜNÝÄ MEDENIÝETINIŇ GADYMY OJAGYDYR

(Gadym döwürden XIII asyra çenli ýazuw ulgamlary we kitaphanalary)

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat–2011

GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň syýasy, ykdysady we medeni durmuşyny ösdürmek boýunça girizen täzeliklerini, öňegidişliklerini hem-de bu ugurda amala aşyryp başlan düýpli we tutumly işlerini göz öňünde tutup, halkymyz bu döwre Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasy diýip adalatly at berdi. Hormatly Prezidentimiz, aýratyn hem, döwletimizde ylmy, bilimi dünýä derejesinde ösdürmekligi, halkymyzyň gadymy we orta asyrlar döwürleriniň medeni mirasyny dikeltmegi, giňişleýin we çuňňur öwrenmegi, wagyz etmegi döwlet derejesinde möhüm ähmiýetli işler hökmünde yglan etdi. Olary alymlaryň öňünde möhüm wezipe edip goýdy. Bu ugurda eýýäm saldamly çärelere badalga berildi. Türkmenistanyň gadymy medeniýeti bilen bagly geçirilen we geçiriljek halkara ylmy maslahatlar muňa doly şaýatlyk edýär. Olaryň ählisiniň içinden gadymy ýazuw ýadygärliklerimiz we ylmy ojaklarymyz bilen bagly meseleler eriş-argaç bolup geçýär. Hususan-da, bu işimizde hormatly Prezidentimiziň degişli meseleler boýunça öňümizde goýan şol möhüm wezipelerinden ugur alyp, gadymy Marguş döwletiniň çäklerinde we diýarymyzyň beýleki künjeklerinde soňky döwürlerde edilen täze arheologik açyşlaryň esasynda Türkmenistanyň dünýä medeniýetiniň ösüşiniň gadymy merkezleriniň biridigi baradaky meseläni anyk deliller arkaly tekrarlamaga çalyşdyk, halkymyzyň orta asyrlar döwründäki beýik medeniýetiniň üstünde giňişleýin durup geçdik.

Ýazuw ulgamy adamzadyň oýlap tapan iň möhüm açyşlarynyň biridir. Ol onuň medeni ösüşinde ägirt uly ähmiýete eýe bolupdyr. Diňe ýazuw ulgamy ýüze çykandan soň, onuň soňky bäş müňýyllyk döwürdäki taryhy ýazuw ýadygärlikleriniň esasynda anyk deliller arkaly öwrenilip gelinýär. «Şonuň üçin hat-ýazuwyň taryhyna taryh ylmynyň has möhüm, megerem,

aňrybaş möhüm bölümi, adamzat taryhynyň we onuň intellektual ösüşiniň açary hökmünde seredilmelidir»[1]. Gadymy we orta asyrlar döwürlerinde hat-ýazuwyň ýaýraýşynda aýry-aýry medeni taýdan ösen halklaryň hyzmatlary juda uly bolupdyr. M.ö. IV müň ýyl öň şumerleriň[2] oýlap tapan şinehat ýazuw ulgamyndan uzak döwrüň dowamynda Ýakyn Gündogaryň gadymy halklary akkadlar (wawilonlylar), hetler, hurritler, urartlar, parslar peýdalanyp gelipdirler. Olar şumerleriň şinehatyny öz dillerine kybaplaşdyryp ulanypdyrlar we onuň kämilleşmegine goşantlaryny goşupdyrlar. Bu ýagdaý has ýönekeý ýazuw ulgamlarynyň (ýarym elipbiýleriň we elipbiýleriň) ýüze çykan döwürlerine çenli dowam edipdir. Latyn we arap elipbiýleri (degişlilikde m.ö. VII we m.s. III asyrlarda döredilipdir) heniz hristian we musulman dinleri ýüze çykmanka, dürli halklaryň arasynda ýaýrap, olara hyzmat edip başlapdyrlar. Bu iki din m.s. IV we VII asyrlarda dünýä dinlerine öwrülen mahallary, latyn elipbiýi hristian dünýäsiniň[3], arap elipbiýi musulman ýurtlarynyň halklaryna hyzmat edip ugrapdyr. Olar bu wezipäni häzirki güne çenli berjaý edip gelýärler.

Hat-ýazuw ulgamlarynyň Ýer şaryna ýaýraýşynyň taryhynda, adatça, «elipbiý baýdagyň yzyna eýeripdir», «elipbiý diniň yzyna eýeripdir» we «elipbiý söwdanyň yzyna eýeripdir» diýlen kesgitlemeler bar[4]. Olaryň ilkinji ikisi Türkmenistanyň çäklerine ýazuw ulgamlarynyň ýaýraýşynyň taryhynda gönüden-göni özüniň beýanyny tapypdyr. M.ö. VI asyrdan m.s. XIX asyryň ortasyna çenli bolan uzak döwrüň dowamynda Türkmenistanyň çäklerine azyndan on üç sany dürli ýazuw ulgamy ýaýrapdyr. Olaryň köpüsi bu ýere Alynky Aziýadan gelipdir. Gadymy oguzlar irki orta asyrlardan, megerem, ondan hem has irki döwürlerden bäri Gündogarda hytaýlylar bilen goňşuçylykda ýaşap gelendiklerine seretmezden we, hatda, VIII asyryň birinji ýarymynda Beýik Oguz hanlygynyň hökümdarlaryna we harby serkerdelerine (Bilge hana, Kültegine we beýlekilere) bagyşlanyp bina edi-

[1] *Дирингер Д.* Алфавит. 2-е изд. стереотип. М., 2004. С. 31.

[2] Olar gelip çykyşlary boýunça türki dilli halk bolupdyr diýen pikir ylymda iki asyrdan gowrak wagt bäri dowam edip gelýär.

[3] Häzirki döwürde bu ýazuw ulgamyny musulman halklarynyň belli bir bölegi hem ulanýarlar. Orta Aziýada, Kawkazda, Wolga deryasynyň kenarynda ýaşaýan türki we beýleki halklar XX asyryň 20-nji we 90-njy ýyllarynda latyn elipbiýiniň esasynda özleriniň täze milli elipbiýlerini döredipdirler. Soňky elipbiýden olar häzirki döwürde hem peýdalanyp gelýärler. Arap hatyndan bu ýazuw ulgamyna geçilmeginiň düýp sebäbi, onda türki halklaryň dillerinde bar bolan çekimli sesleri aňlatmaga ukyply harplaryň ýoklugyndan ybaratdyr.

[4] *Дирингер Д.* Указ. соч. С. 629.

len dünýä belli epigrafik ýadygärlikleriň tekstleri iki dilde – oguz we hytaý dillerinde ýazylan hem bolsa, Orta Aziýanyň beýleki halklaryna bolşy ýaly, oguzlara-da Hytaýyň ýazuw medeniýeti, Alynky Aziýanyň ýazuw medeniýeti ýaly, özüniň täsirini ýetirip bilmändir. Gadymy oguzlar hytaý ýazuw ulgamyny kabul etmändirler we çeşmeleriň beýän maglumatlaryndan mälim bolşuna görä, bu ugurda hiç hili synanyşyklar hem bolmandyr. Megerem, hytaý hatynyň belgileri bilen türki halklaryň dilleriniň seslerini ýazyp beýan etmek oňaýsyz ýa-da mümkin däl bolan bolsa gerek[1]. Her halda bu meselede iň soňky nokady hytaýlylar bilen musulmanlaryň arasynda Samarkandyň golaýynda 751-nji ýylda bolan uruş goýupdyr. Ol iki medeniýetden buddaçylyk we musulman medeniýetlerinden haýsy biriniň Merkezi Aziýa ýaýramalydygyny gutarnykly çözüpdir[2].

Şeýlelikde, Türkmenistanyň ýazuw ulgamlarynyň taryhy, ilkinji nobatda, onuň Alynky Aziýanyň ýazuw medeniýeti bilen tanyşlygyndan başlanypdyr[3]. Ol, öz gezeginde, esasan, iki sany sebäbe görä, birinjiden, Türkmenistany keseki ýurt basybalyjylarynyň özlerine tabyn etmekleri, ýagny «baýdagyň yzyna eýerip» we, ikinjiden, onuň çäklerine daşardan dini taglymatlaryň ýaýramaklary, ýagny «diniň yzyna eýerip» dürli elipbiýleriň gelmekleri bilen baglylykda bolup geçipdir. Bu ýazuw ulgamlary bilen gadym döwürlerden başlap, dürli dillerde, dürli mazmunlarda we möçberlerde (kämahallar juda ujypsyz bölekler görnüşinde) ýazylan ýadygärlikler biziň döwrümize çenli gelip ýetipdir. Olar Türkmenistanyň gadym döwrüniň taryhyny, oguz-türkmen dilini, edebiýatyny öwrenmekde ilkinji hem bahasyna ýetip bolmajak gymmatly çeşmeler bolup duryar. Oňa seretmezden, biz bu işimiziň birinji böleginde, Türkmenistanyň çäklerinde m.ö. VI asyrdan m.s. XIII asyra, ýagny mongol çozuşlaryna çenli bolan iki müň ýyla golaý döwürde gönüden-göni ulanylyp gelnen hem-de türkmen halkynyň edebi we medeni mirasy bilen aýrylmaz baglanyşykly diňe dört sany ýazuw ulgamynyň – parfiýan, horezm, oguz-runa we arap elipbiýleriniň üstünde ýörite durup geçdik. Türkmenistanyň çäklerine ýaýran beýleki ýazuw ulgamlaryny öň başga bir işimizde seredip geçenligimiz sebäpli[4], olar hakda sözbaşymyzda gysgajyk maglumatlary bermek

[1] Şeýle-de bolsa, oguzlar bilen hytaýlylaryň arasynda ýüze çykan käbir medeni aragatnaşyklara salgylanmak mümkin. 12 ýyly öz içine alýan ýyllaryň haýwan atlary hytaýlylardan oguzlara geçipdir.

[2] *Бартольд В.В.* Соч. T.III. M., 1965. C.23.

[3] *Бартольд В.В.* Соч. T.I. M., 1963. C.47, 254.

[4] *Язбердиев А.* Книжное дело в древней Средней Азии (доисламский период). А., 1995. С.324.

bilen çäklendik. Ikinji tarapdan soňky ýazuw ulgamlaryny öwrenmekde kynçylyklar hem ýok däl, çünki olar bilen bagly meseleleri dogry we dürs beýan etmek dürli dilleriň hünärmen alymlarynyň tagallalaryny talap edýär. W.W.Bartold (1869–1930) bu meseläniň çylşyrymlylygyny aşakdaky görnüşde nygtapdyr: «Türki halklaryň taryhyny ilkinji çeşmeler esasynda öwrenmek, bir adamyň mümkinçiliginiň çägine sygmaýan bilimleri talap edýänligi bilen düşündirmek bolar. Elbetde, halkyň taryhyna we onuň medeni durmuşyna düşünmek üçin onuň dilini bilmek zerur, emma türki halklaryň taryhyna degişli ýazuw çeşmeleriniň köp bölegi türki dilde ýazylmandyr. Şeýle bolansoň, bu meseläni öwrenýän alym, diýeliň, ruslaryň taryhyny ýa-da Günbatar Ýewropa halklarynyň haýsy hem bolsa biriniň taryhyny öwrenýän alym bilen deňeşdireniňde düýbünden üýtgeşik bir ýagdaýda duryar»[1]. Alymyň bu pikiri, ilkinji nobatda, gadymyýetiň we orta asyrlar döwrüniň taryhynda ägirt uly orun eýelän oguzlara – türkmenlere degişlidir. Ýazuw ýadygärlikler babatynda, bu ýerde, esasan, antik we orta asyrlar döwürlerinde gadymy grek, latyn, hytaý, arameý, arap, pars dillerinde ýazylan çeşmeler göz öňünde tutulypdyr. Emma olardan has irki döwürleriň ýazuw ýadygärlikleriniň hem türki halklaryň taryhyny we medeni durmuşyny öwrenmekde ähmiýeti bardyr. Bu ýagdaý, öz gezeginde, meseläni has hem çylşyrymlaşdyryar. Hatda birbada gojaman gadymyýetde döredilen bu ýadygärlikleriň ýazuw ulgamydygyny kesgitlemek hem aňsat bolmandyr. Ýakyn Gündogaryň şinehat ýadygärlikleri we gadymymüsür iýeroglifleri öwrenilip başlanan döwürlerinde, aslyýetinde olar ýazuw ulgamlary däl-de, binagäriň öz guran ymaratyny bezemek üçin oýlap tapan nagşydyr diýenler hem bolupdyr[2]. Meşhur alymlaryň öňünde, göýä diýersiň hiç mahal çözüp bolmajak ýaly bolup görünýän aňrybaş çylşyrymly meseleler keserip durupdyr. M.ö. üç ýa-da dört müň ýyl öň dag gaýalarynyň we beýleki esasly binalaryň ýüzüne oýdurylyp ýazdyrylan we diňe bir harplary däl, eýsem, dilleri hem irki antik döwürlerde düýbünden ýatdan çykarylan we öli dile öwrülen ýazuw

[1] *Бартольд В.В.* Сочинения. М., 1968. Т.V. С.19.

[2] Meşhur iňlis gündogarşynasy T.Haýd (1636–1703) gadymypars şinehat ýadygärliklerini ýazuw ulgamynyň nusgalary däl-de, arhitektura bezegi hasaplapdyr (*Hayd T.* Historia religionis veterum persarum eorumque marorum... Oxonia, 1700; *Бартольд В.В.* Сочинения. М., 1977. Т.IX. С.312). Edil şonuň ýaly-da abbat Tendo de Sen-Nikola gadymy Müsüriň iýeroglifleri barada gürrüň edip, şeýle diýipdir: «Bu ýerde oýlanyp oturasy zat ýok. Iýeroglifleriň nagyşlardygy we ýönekeý bezeglerdigi hudaýyň ýagty Güni ýaly aýdyň» (*Добльхофер Э.* Знаки и чудеса. М., 1963. С.60).

ýadygärlikleri bilen alymlar iş salyşmaly bolupdyrlar. Olaryň açaryny tapmak ep-esli wagtlap hiç kime başartmandyr we bu ýagdaý alymlaryň belli bir toparynda sussupeslik hem döredipdir.

Müsüriň gadymy ýazuw ulgamynyň demotik[1] bölüminden baş çykaryp bilmedik şwed arheolog alymy D.Okerblad (1763–1819) 1802-nji ýylda: «Haçan hem bolsa bir mahal iýeroglifleri okamakdan adamlar bireýýäm umydyny üzdüler»[2] diýip nygtan bolsa, 1850-nji ýylda gadymypars şinehat ýazgylaryny, aýratyn hem ahemeni patyşasy Dariý I-niň (521–486) Bisütün ýazgysyny okamak boýunça uly hyzmatlar bitiren G.Roulinson (1810––1895) şoňa meňzeş akkad-wawilon ýadygärlikleri barada «Men çyn ýürekden boýun alýaryn... [olary] öwrenmeklige telim gezek synanyşdym we hemişelik bu işden ýüz öwürdim, çünki haçan hem bolsa bir mahal olardan kanagatlanarly netijeleri gazanmak umydyndan el üzdüm»[3] diýip belläpdir. Şonuň bilen bir wagtda bu çylşyrymly meseleleri çözmekde umydyny elden bermedik ruhubelent alymlar hem bolupdyr. D.Okerbladyň ýokardaky sözlerini ýazan döwründen bary-ýogy ýigrimi ýyl geçenden soň, gadymy Müsüriň iýeroglifleriniň okamagyň ilkinji bolup açaryny tapan Ž.F.Şampolon (1790–1832) «Men öňümde goýan maksadyma ýetdim»[4] diýip, buýsanç bilen nygtapdyr. J.Smit (1840–1876), öz gezeginde, G.Roulinsonyň çykalgasyz tassyklamasyndan ýarym asyr geçenden soň, şol akkad-şinehat ýazgylary barada «Iki müň ýyl mundan öň ýatdan çykarylan bu ýazgylary ilkinji bolup okan mendirin»[5] diýip, özüniň fransuz kärdeşi kimin öz eden möhüm açyşyny buýsanç bilen belläpdir.

Şeýlelikde, Aziýanyň we Demirgazyk Afrikanyň ýurtlarynyň beýik hökümdarlary tarapyndan gojaman gadymyýetde bina edilen we mazmunlary boýunça olaryň şalyk süren döwürlerinde bolup geçen möhüm taryhy wakalara bagyşlanan bu ýazuw ýadygärlikleri ilkinji bolup okamakda, häzirki zaman dillerine terjime etmekde we ylmy dolanyşyga girizmekde günbataryň gündogarşynaslarynyň bitiren ajaýyp

[1] Gadymy Müsüriň ýazuw ulgamy iki bölekden ybarat bolupdyr. Birinjisi iýeroglifler – olardan ruhanylar peýdalanypdyrlar, ikinjisi demotiki belgiler, ýagny tekstleri göçürmegiň basym ýazuw görnüşi, ony ilatyň giň köpçüligi ulanypdyr. Grekçe *demotika gram mata* «halk belgileri» diýmekdir. Seret: *Дирингер Д.* Указ. соч. С.80–90.

[2] Sitatanyň alnan ýerine seret: *Добльхофер Э.* Указ.соч. С.51; *Бартольд В.В.* Сочинения. Т.IX. С.229.

[3] Sitatanyň alnan ýerine seret: *Добльхофер Э.* Указ. соч. С.146.

[4] *Добльхофер Э.* Указ. соч. С.51.

[5] Sitatanyň alnan ýerine seret: *Добльхофер Э.* Указ соч. С.146.

hyzmatlary uly bolupdyr. Musulman ýurtlarynyň alymlary öz eserlerinde älem-jahanda ýaşaýan halklaryň iň bärkisi ýarysynyň taryhyny we medeni durmuşyny ýazyp beýan eden hem bolsalar, yslam dini bilen baglanyşykly bolmadyk ähli zatlara, şol sanda öz ýurtlaryndaky has gadymy döwrüň ýazuw ýadygärliklerine ýeterlik derejede üns bermändirler. Dariý I-niň dünýä belli Bisütün ýazgysyny ýatlap geçen ýeketäk musulman awtory Ibn Haukal (X a.) bolup, ol hem bu meşhur epigrafik ýadygärligi barada hakykatyň golaýyna-da ýakynlaşmaýan maglumatlary habar beripdir. Onuň ýazyşyna görä, dag gaýasynyň ýüzüne güberçek görnüşde şekillendirilen surat patyşa Dariý I däl-de – mugallym, patyşanyň öňünde şekilleri hatara durzulyp çekilen adamlar onuň öz imperiýasynyň tabynlygyna birikdiren ýurtlarynyň hökümdarlary däl-de – okuwçylar, Dariý I-niň elindäki taýajyk onuň hökmürowan patyşadygyny alamatlandyrýan nyşan däl-de – keçjal okuwçylara temmi bermek üçin ulanylýan çybyk. Üstesine-de, Ibn Haukal bu ýadygärligiň gapdalynda bina edilen şinehat ýazgylary barada hiç hili maglumat bermändir[1].

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, gadymy Müsüriň iýeroglifiki ýazuw ulgamyny fransuz Žan Fransua Şampolon, Ýakyn Gündogaryň şinehatyny – nemes Georg Fridrih Grotefend (1775–1853), Awestany – fransuz Abrahama Giasinta Anketil-Dýuperon (1731–1805), oguz-runa ýadygärliklerini – daniýaly Wilgelm Tomsen (1842–1927) ilkinji bolup okapdyrlar. Özleriniň ajaýyp açyşlary bilen olar gadymy dünýäniň hiç kime mälim bolmadyk, gizlin taryhynyň ýapyk gatlaryny açypdyrlar, şol döwürde ýaşan halklaryň dillerine ikinji durmuşy bagş edipdirler, müsürşynaslyk, şumerşynaslyk, assiriýaşynaslyk, eýranşynaslyk, türkşynaslyk ýaly ylmyň dürli pudaklaryny esaslandyryjylar bolupdyrlar. Şeýlelikde, olaryň her biriniň eden möhüm açyşy dünýä ylmynyň ösüşinde öwrümli öňe gidişlik bolupdyr. Ýewropaly alymlaryň ikinji bitiren beýik hyzmaty ele salnan her bir ýazuw ýadygärliginiň esasynda gündogar halklarynyň taryhyny, dilini we medeni mirasyny öwrenmegiň ylmy-amaly usulyny işläp düzendiklerindedir. Bu ýagdaýlar olara, Gündogaryň beýleki sebitlerinde ýaşan gadymy, medeni babatda ösüp öňe giden halklaryna bagyşlanan eserleri bilen bir hatarda, Orta Aziýanyň we Eýranyň halklarynyň hem köp asyrlyk taryhyny, medeni durmuşyny giňişleýin hem ylmy esasda beýan edýän naýbaşy we nusgawy eserleri

[1] Bu barada şeýle-de seret: *Добльхофер Э.* Указ. соч. С.138.

döretmäge mümkinçilik beripdir. Bu işlerde olar gündogar ýurtlarynyň häzirki zaman alymlarynyň köpüsiniň mugallymlary bolupdyr we özleriniň şeýle derejelerini biziň günlerimizde-de saklap gelýärler. Sözümiz gury bolmaz ýaly, Ýewropanyň dürli ýurtlarynyň alymlarynyň bilelikdäki tagallalary bilen neşir edilen, öz döwürleriniň ylmynyň gazananlaryny özünde jemleýän we häli bu güne çenli alymlaryň ýan kitaby bolup hyzmat edip gelýän käbir neşirlere salgylanyp geçeliň. 1879–1910-njy ýyllar aralygynda ilkinji gezek Angliýanyň Oksford uniwersiteti tarapyndan 50 jiltden ybarat edilip «The Sacred Books of the East» («Gündogaryň Mukaddes kitaplary») atly eserleriň toplumy[1] (onda Hindistanyň, Hytaýyň, Eýranyň, Arabystanyň, Orta Aziýanyň halklarynyň mukaddes kitaplarynyň ählisiniň iňlis diline edilen terjimeleri ýerleşdirilipdir) neşir edilipdir; bu ýurduň Kembrij uniwersiteti tarapyndan 1968–1991-nji ýyllarda «The Cambride History of Iran» atly sekiz jiltden, dokuz kitapdan ybarat düýpli hem uly göwrümli eseri (ylmyň soňky döwürlerde gazananlaryny özünde jemleýän bu iş «Eýranyň taryhy» diýlip atlandyrylan hem bolsa, ol Orta Aziýanyň halklarynyň taryhyny we medeni durmuşyny dolulygyna öz içine alypdyr) goýberilipdir; 1959–1964-nji ýyllarda Ýewropanyň türkşynaslyk merkezleriniň ählisiniň we ÝUNESKO-nyň gatnaşmaklarynda Germaniýada iki jiltden ybarat «Philologiae Turcicae Fundamenta» («Türk filologiýasynyň esaslary») atly düýpli eser çapdan çykypdyr. Ýuwaş-ýuwaşdan şeýle işleri neşir etmeklige gündogar ýurtlarynyň alymlary hem çekilipdir. Ýewropaly alymlaryň tagallalary bilen musulman ýurtlarynyň we halklarynyň taryhyna, edebi mirasyna degişli şeýle möhüm işleriň sanawyny ýene-de dowam etdirse bolardy. Bar bolan ilkinji çeşmeleriň ählisiniň maglumatlarynyň esasynda ýazylan şol eserlerden biz taryhymyzyň we medeniýetimiziň köp taraplaryny öwrenmeli we peýdalanmaly bolýarys. Şonuň üçin hem ýewropaly alymlaryň bu bitiren we bitirip gelýän ajaýyp hyzmatlary üçin biz olara minnetdar bolmalydyrys. Şonuň bilen bir hatarda Türkmenistan we Orta Aziýa bilen bagly çeşmeleri teswirlemekde, olaryň taryhy ösüşine, parasatly hökümdarlarynyň we beýleki tanymal şahsyýetleriniň döredijiligine baha bermekde günbatar alymlarynyň käbirleriniň (T.Nöldeke, A.Müller

[1] Bu köp jiltli neşir XX asyryň 60–80-nji ýyllarynda Hindistanyň «Motilal Banarsi dass» (Deli ş.) atly metbugat gullugy tarapyndan birnäçe gezek gaýtalanyp çap edilipdir.

we başg[1].) hakykata gabat gelmeýän birtaraply (tendensioz) pikirleri öňe sürendiklerini hem göz öňünde tutmaly bolýarys. Şeýle pikirleriň käbirleriniň tankydy nukdaýnazardan seljerilişine eliňizdäki kitabyň degişli bölümlerinde tanşyp bilersiňiz.

Orta Aziýanyň we Eýranyň ýazuw ulgamlarynyň Ýewropanyň we Russiýanyň alymlary tarapyndan ilik-düwme öwrenilmegi, olar barada diňe umumy häsiýetdäki taryhy maglumatlary habar bermek bilen çäklenmegimiziň esasy sebäbidir. Şeýlelikde, Türkmenistany keseki ýurtlaryň basyp almaklary bilen, ýagny «baýdagyň yzyna eýerip» aşakdaky ýazuw ulgamlary ýaýrapdyr.

Arameý haty. Ol m.ö. VI asyrda Türkmenistanyň (şol döwürde Parfiýa) Ahemeni döwletine birikdirilmegi bilen baglylykda, bu ýere Alynky Aziýadan ýaýran ilkinji ýazuw ulgamydyr. Ol barada bu kitabyň 2-nji babynda ýörite durup geçeris.

Grek haty. Ol bu sebite grek-makedon goşunlary bilen bilelikde m.ö. IV asyrda Türkmenistana gelen ikinji ýazuw ulgamydyr. Aleksandr Makedonskiniň imperiýasy we Selewkiler döwleti (olaryň düzümine Türkmenistan hem giripdir) darganlaryndan soň, grek dili we haty, beýik Parfiýa döwletiniň dowam eden döwrüniň birinji ýarymynda giňden ulanylyp gelipdir. Ilkinji parfiýan patyşalarynyň dürli binalaryň ýüzüne ýazdyran resmi ýazgylary, adatça, üç dilde, parfiýan, ortapars[2] we grek dillerinde berjaý edilipdir. Şeýle-de, ýurduň şateňňeleri grek dilinde we grek haty bilen parfiýan patyşasy Wologez I (51–78) döwrüne çenli zikgelenip gelnipdir. Täjigistanda we Owganystanda (gadymy Grek-Baktriýa döwletiniň çäklerinde) grek elipbiýiniň esasynda m.s. I asyrda baktri haty döredilip-

[1]Şeýle alymlaryň arasynda belli eýranşynas A.A.Semýonowyň (1873–1957) hem adyny agzap geçmeli bolýarys. Ol 1904-nji ýylda Aşgabatda neşir edilen S.Agabekowyň «Учебник туркменского языка» atly eserine syn ýazyp, «häzirki döwürde... özbaşdak türkmen dili ýok» diýen netijä çenli baryp ýetipdir (Этногр. обозрение. 1904. №4. С.170). XVIII asyrda öz arasyndan Magtymguly Pyragy ýaly beýik şahyry orta çykaran bu halk barada şeýle diýip ýazmaklyk, eýsem, gödek ýalňyşlyk dälmidir. Üstesine-de, Magtymguly öz eserlerini umumyhalk gepleşik dilinden ýokarda, türki halklar üçin ortalyk, kitap dilinde ýazman, eýsem, häzirki zaman türkmen dilinde ýazypdyr. Şonuň üçin hem onuň edebi mirasy halkymyzyň arasynda giňden meşhurdyr hem düşnüklidir. Eýranşynaslyk ylmynda uly hyzmatlary bitiren A.A.Semýonowyň bu ýalňyşy, elbetde, onuň türki dillerdäki çeşmelerden ýeterlik derejede baş çykaryp bilmändigine güwä geçýär. Ony öz wagtynda meşhur türkşynas alym, акад. A.N.Samoýlowiç (1880–1938) kesgitli hem adalatly ýazgarypdyr. (Seret: ЗВОРАО. СПб, 1907. Т.XIV. Вып.14. С.0184).

[2] Bu ýazuw ulgamy, aýratyn hem Günbatar ýurtlarynyň alymlarynyň işlerinde, pehlewi haty diýip atlandyrylýar.

dir. Baktriýalylardan bu ýazuw ulgamy beýik kuşanlaryň, hionileriň we eftalylaryň döwletlerine geçipdir. Olarda ol saktohar we eftaly dilleri uçin ulanylypdyr. Grek haty bu sebitden VII–VIII asyrlarda yslam dini we arap elipbiýi tarapyndan gutarnykly gysylyp çykarylypdyr.

Arap haty. Ol m.s. VII asyryň ortasynda araplaryň Türkmenistany we Orta Aziýany basyp almaklary netijesinde Alynky Aziýadan gelen üçünji ýazuw ulgamydyr. Ol barada bu kitabyň 2-nji babynda ýörite durup geçeris.

Kirillisa haty. Ol XIX asyryň ikinji ýarymynda Russiýa imperiýasynyň Orta Aziýany basyp almagy bilen Türkmenistana ýaýran dördünji ýazuw ulgamydyr. XX asyryň başynda bu imperiýa dargap, onuň çäklerinde täze Şuralar birleşigi – SSSR döwleti döredilenden soň, bu döwletiň düzümine giren köpsanly halklar, şol sanda türkmenler hem özleriniň şol asyryň 20-nji ýyllarynyň ikinji ýarymynda we 30-njy ýyllaryň dowamynda ulanyp gelen we hiç bir jähetden islendik wokallaşdyrylan (çekimli harplary bar bolan) elipbiýden kem bolmadyk latyn elipbiýiniň esasynda döreden milli elipbiýlerini terk edip, kiril elipbiýiniň esasynda täze milli ýazuw ulgamlaryny döretmeli bolupdyrlar. Sowetler döwründe bu çäre harby güýç bilen bolmasa-da, ýokardan berlen buýruk esasynda berjaý edilipdir. Başgaça aýdanymyzda, halklaryň başyna «elipbiý oýny» salnypdyr. Türkmen kiril milli elipbiýi 1940–1997-nji ýyllar aralygynda halkymyza hyzmat edip gelipdir.

Türkmenistanyň çäklerine dürli dini taglymatlaryň gelmegi bilen, aşakdaky ýazuw ulgamlary ýaýrapdyr:

Kharoşti haty. Ol Türkmenistana m.s. I asyrda Hindistandan buddaçylyk dinin̈iň täsiri astynda ýaýran birinji ýazuw ulgamy bolupdyr. Kharoşti haty m.ö. V asyrda Hindistanyň demirgazyk-günbatarynda arameý hatynyň esasynda döredilipdir[1]. Bu ýazuw ulgamy bilen ýazylan ýadygärlikler Türkmenistanyň günorta çäklerinden tapylypdyr.

Brahmi haty. Ol Türkmenistana buddaçylyk dinin̈iň täsiri astynda, kharoşti haty bilen bir döwürde, Hindistandan ýaýran ikinji ýazuw ulgamydyr. Onuň gelip cykyşy barada ylymda gyzgyn çekişmeler häzirki güne çenli dowam edip gelýär[2]. Brahmi elipbiýinde ýazylan tekstler gadymy Merwiň çäklerinde gazuw--agtaryş işleri geçirilen döwürde ele salnypdyr.

[1] Kharoşti haty barada giňişleýin seret: *Диринтер Д.* Указ.соч. С.355–359.

[2] Olar barada giňişleýin seret: *Диринтер Д.* Указ. соч. С.391–394.

Hindi ýazuw ulgamlarynyň Türkmenistana we Orta Aziýanyň beýleki künjeklerine ýaýramagy bu sebitde buddaçylyk dininiň merkezleriniň ýüze çykmagy bilen bagly bolupdyr[1]. Kharoşti we brahmi ýazuw ulgamlary soň, Orta Aziýanyň üsti bilen Gündogar (Hytaý) Türküstanyna ýaýrapdyr we bu sebitde giňden ulanylypdyr. Bu ýerden dürli dillerde[2] ele salnan baý ýazuw ýadygärliklerіniň arasynda brahmi we kharoşti elipbiýleri bilen oguz dilinde ýazylan tekstler hem bellidir.

Maniheý haty. Ol Türkmenistana daşardan gelen diniň täsiri astynda III asyryň ikinji ýarymynda ýaýran üçünji ýazuw ulgamydyr. Ony maniheýçilik dininiň pygamberi, öz döwrüniň juda meşhur taryhy şahsyýeti Mani ibn Patik (216–277) öz kitaplarynyň tekstlerini göçürmek üçin ýörite döredipdir. Ol gelip çykyşy boýunça parfiýan adamy bolupdyr. Heniz pygamber Mani dirikä, Merwde maniheýleriň oňat gurnalan jemagaty ýüze çykypdyr. Mani öz dininiň eserlerini özi ýazypdyr[3] we olaryň, ilkinji nobatda, öz ata-babasynyň ýurdy bolan Parfiýanyň (Türkmenistanyň) çäklerine ýaýramagyny isläpdir. Şeýle nukdaýnazardan ugur alyp, pygamber olary parfiýan diline terjime etmekligi özüniň iň ýakyn egindeşlerine tabşyrypdyr. Netijede, Maniniň eserleri eýýäm IV asyryň birinji ýarymynda parfiýan diline terjime edilip, Türkmenistanyň çäklerine ýaýradylypdyr. Bu pygamberiň kitaplary eýýäm irki orta asyrlar döwründe seýrek duş gelýän eserlere öwrülipdir we biziň döwrümize olaryň hiç birisi gelip ýetmändir. Olardan diňe käbir parçalar IV we V asyrlarda ýaşap geçen hristian awtorlary Keramatly Awgustiniň we Ewodiniň, şeýle-de orta asyr musulman alymlary al-Ýakubiniň, an-Nedimiň we al-Birunіniň eserlerinde saklanyp galypdyr.

[1] Türkmenistanyň we Özbegistanyň çäklerinden tapylan brahmi we kharoşti elipbiýleri bilen ýazylan ýazuw ýadygärlikleri barada seret: *Альбаум Л.И.* Новые раскопки в Занг-тепе и индийские документы // Индия в древности. Сб. М., 1964. С.199–209; *Воробьева-Десятовская М.И.* Памятники индийской письменности из Средней Азии //Там же. С.210–217; *Чапаева Н.* Берестяная книга [из Старого Мерва] // Туркм. искра. 1977.18 дек.

[2] XX asyryň başynda Gündogar Türküstanda Ýewropa ýurtlarynyň alymlarynyň geçiren giňişleýin arheologik gazuw-agtaryş işleri döwründe, 17 dilde ýazylan juda baý ýazuw ýadygärlikleri tapylypdyr. Olaryň arasynda Orta Aziýanyň gadymy halklarynyň dillerinde ýazylanlary esasy orny eýeleýärler. Ol barada giňişleýin seret: *Carter T.F.* The invention of printing in China and its spread Westward. New York, 1925. P.37; *Язбердиев А.* Книжное дело в древней Средней Азии. С.205–267; *Şonuňky.* Gündogar metbeçiligi we köne türkmen basma kitaplary. A., 2002. S.26–44.

[3] Pygamber Maniniň terjimehaly we ýazan eserleri barada giňişleýin seret: *Язбердиев А.* Книжное дело в древней Средней Азии. С.117–133.

Sasany patyşasy Şapur I (242–272) hökümdarlyk eden döwründe maniheý dini Ýer şarynyň üç bölegine – Aziýanyň, Afrikanyň we Ýewropanyň ýurtlaryna giňden ýaýrapdyr. Emma basym bu döwletiň beýleki bir patyşasynyň, Bähram I (273–276) döwründe maniheýçilik ýalan taglymat hökmünde aýyplanyp, bütinleý gadagan edilipdir. Pygamber Mani ibn Patige agyr jeza berlip öldürilipdir we onuň tarapdarlary zabun yzarlanypdyr. Sasany patyşasynyň gören bu ýowuz çäreleriniň yzysüre, IV asyrdan başlap maniheýleri, hristian dinleriniň ruhanylarynyň ýolbaşçylyk etmeklerinde, Demirgazyk Afrikadan, Günorta we Günbatar Ýewropadan kowup ugrapdyrlar. Yslam dini hem maniheýler üçin juda howply duşman bolup döräpdir. Ol, öz gezeginde, bu diniň tarapdarlaryny Eýrandan we Orta Aziýadan gysyp çykarypdyr.

Maniheý dini we haty Türkmenistandan Orta Aziýanyň beýleki künjeklerine we Gündogar (Hytaý) Türküstanyna ýaýrapdyr. Soňky ýurtda bu din özi üçin juda amatly şertleri tapypdyr we XIV asyra çenli saklanyp galypdyr. Maniheýçilik taglymatynyň turuwbaşdan bu sebitiň ilatyna nähili derejede çuňňur täsir edendigini biz onuň VIII asyrda kuwwatly Uýgur şalygynda döwletiň resmi dini diýlip kabul edilmeginiň mysalynda görýäris.

Orta Aziýanyň çäklerinden maniheý haty bilen ýazylan tekstler heniz ele salynmandyr. Oňa seretmezden, bu sebitiň gadymy halklarynyň (parfiýanlaryň, sogdylaryň, baktrileriň, oguzlaryň, uýgurlaryň) dillerinde maniheý we beýleki ýerli elipbiýlerde ýazylan we mazmuny boýunça maniheý dinine degişli juda baý ýazuw ýadygärlikler Gündogar (Hytaý) Türküstanyndan tapylypdyr[1]. Olar «diýseň owadan edilip dürli reňkli syýalar bilen ýazylypdyr we täsin galdyryjy çeper kinniwanja (miniatýura) suratlar bilen bezelipdir. Golýazmalar dürli dillerde göçürilipdir; olaryň aglabasy eýran we gadymytürk lehçelerinde ýazylypdyr»[2]. Olaryň arasynda maniheý elipbiýi bilen oguz dilinde ýazylanlary-da az däl. Irki orta asyrlar döwrüne degişli bu çeşmeler oguz-türkmen diliniň ösüşini yzarlamakda juda gymmatlydyr. Maniheý dini we haty XIV asyrda yslam we buddaçylyk dinleri tarapyndan Merkezi Aziýadan bütinleý gysylyp çykarylypdyr.

[1] Olar barada giňişleýin seret: *Carter T. F.* Op. cit. P.102–111.

[2] *Дирингер Д.* Указ. соч. С.348.

Siriýa (nestorian) haty. Ol Türkmenistana daşarky dini taglymatyň täsiri astynda ýaýran dördünji ýazuw ulgamydyr. Ol, öz gezeginde, aşakdaky sebäbe görä bolup geçipdir. Hristian buthanasynda IV asyrdan başlap, Isa pygamberiň keşbiniň tebigatyny kesgitlemek boýunça dini ýolbaşçylaryň arasynda düýpli çekişmeler başlanypdyr. Olar Mätiniň Injilinde (1, 18)[1] Bibi Meryýemiň Isany erkek adam bilen jyns gatnaşykda bolmazdan, Hudaýyň rehmeti bilen göwreli bolup dograndygy barada beryän maglumatynyň esasynda ýüze cykypdyr. Hristianlaryň 431-nji ýylda Kiçi Aziýanyň Efes şäherinde çagyrylan mejlisinde ol seljerilen esasy meseleleriň biri bolupdyr. Mejlisde bu mesele boýunça çekişmeler olary barlyşyksyz toparlara bölüpdir. Döwletiň resmi prawoslaw dininden ýakowitler we nestorianlar bölünip cykypdyrlar. Toparlaryň nukdaýnazarlaryndaky tapawut aşakdaky görnüşde bolupdyr: prawoslawlar Isanyň keşbinde iki başlangyjy – hudaýyň hem adamyň tebigatyny ykrar edipdirler, ýakowiler diňe Hudaýyň tebigatyny, nestorianlar bolsa iki keşbi we iki başlangyjy, ýagny her haýsy aýratynlykda hem hudaýyň, hem adamyň tebigatlaryny görüpdirler. Özleriniň nukdaýnazarlary bilen baglylykda nestorianlar Bibi Meryýemi adam jynsyndan bolan Isanyň enesi hasaplapdyrlar we prawoslaw buthanasynyň Bibi Meryýem «hudaý sypatly adamy dogrujydyr» («богородица») diýip kabul eden adyny ret edipdirler»[2]. Nestorianlaryň bu pikiri mejlisde dinden çykma hasap edilip, ýazgarylypdyr. Netijede, olaryň ýolbaşçysyny Konstantinopolyň (häzirki Stambulyň) patriarhy Nestorini sürgün edipdirler we onuň tarapdarlaryny Wizantiýanyň cäklerinden kowup cykarypdyrlar. Nestorianlar gaçyp ilki Eýrana, soň Merwe gelipdirler we bu şäherde, edil maniheýler ýaly, özleriniň jemagatyny gurnapdyrlar.

Siriýa haty Türkmenistanyň çäklerinde nestorianlaryň arasynda IV asyryň birinji ýarymyndan[3] X asyryň ahyryna çenli ulanylyp gelipdir. Merwdäki nestorianlaryň arasynda ylmy durmuş hem ýüze cykypdyr. Olar V asyrdan başlap, bu şäherde gadymy grek we rim awtorlarynyň (Gippokratyň, Galeniň we beýlekileriň) eserlerini siriýa diline terjime

[1] Onuň türkmençe terjimesine seret: Мукаддес китап Инжил ве Зебур ве Сүлеймaның тымсаллары / Тержиме эден А.Парвиш. Стокгольм, 1994. S.3.

[2] *Бартольд В.В.* Соч. М., 1968. T.V. C.264; M.,1966. T.VI. C.148–149.

[3] IV asyryň başynda eýýäm Merwde hristianlaryň ýepiskopynyň (baş ruhanysynyň) edarasy işläpdir. Çeşmelerde 334-nji ýyldan başlap Merwiň ilkinji ýepiskopy Ilýanyň ady tutulýar.

edipdirler. Merwiň taryhyna degişli siriýa dilinde ýazylan we siriýa haty bilen göçürilen käbir çeşmeler hem bellidir[1].

VII asyryň ikinji ýarymynda Türkmenistana yslam dininiň ýaýramagy bilen nestorianlar bu ýurtda eýelän orunlaryny ýitiripdirler we Gündogara bakan süýşmeli bolupdyrlar. V asyrda olar Merkezi Aziýanyň üsti bilen Hytaýyň günbatar sebitlerine çenli baryp ýetipdirler. Bu ýerde Merkezi Aziýanyň gadymy halklarynyň dillerinde tapylan baý ýazuw ýadygärliklerin arasynda Töwradyň oguz diline edilen terjimesinden bir bölek hem saklanyp galypdyr. Bu terjimäniň nestorianlaryň tagallasy bilen berjaý edilendigi şübhesizdir. Bu bölekde Mätiniň Injilinde (2,1–2) getirilýän üç sany münejjimiň Gündogardan Wifleýeme (Iýerusalime) ýaňy dünýä inen Isanyň – ýehudylaryň geljekki halasgär patyşasynyň ýanyna tagzym etmäge baryşlary baradaky meşhur hekaýat beýan edilýär[2].

Awesta elipbiýi. Ol irki orta asyrlarda Türkmenistanyň käklerine ýaýran bäşinji ýazuw ulgamydyr. Ol IV asyryň ortasynda Türkmenistanyň özünde döredilipdir. Ol barada kitabyň 3-nji babynda durup geçeris.

Latyn haty. Ol haýsydyr bir keseki güýç ýa-da wagyz-nesihat etmek ýoly bilen däl-de, özüniň dünýä halklarynyň medeni durmuşyna gadym döwürlerden bäri ýetirip gelýän täsiriniň astynda Ýer şarynyň çar künjegine ýaýrapdyr. Bu ýazuw ulgamy häzirki döwürde hem tutuş hristian dünýäsiniň döwletlerine we musulman ýurtlarynyň ep-esli bölegine hyzmat edip gelýär. XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ikinji ýarymynda latyn elipbiýi türk dünýäsiniň halklary tarapyndan kabul edilipdir. Ol bu halklara asyrlar boýy hyzmat edip gelen, emma olaryň hiç biriniň dillerindäki sesleri doly aňlatmaga ukyby bolmadyk arap hatyny wokallaşdyrylan elipbiý bilen çalşyrmak zerurlygy netijesinde berjaý edilipdir. Hususan-da, antik döwürde (2500 ýyl mundan ozal) Orta Aziýanyň halklarynyň durmuşynda bolup geçen möhüm medeni waka XX asyryň başynda gaýtalanypdyr. Bu sebitiň halklary, ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, gadym döwürde arameý elipbiýiniň esasynda milli elipbiýlerini döredişleri ýaly, 1927-nji ýylda latyn elipbiýiniň esasynda öz elipbiýlerini döredipdirler. Gynansak-da, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, soňkularyň ömürleri gysga bolupdyr. Olar on dört ýyl (1927–1940-njy ýý.)

[1] *Жуковский В.А.* Развалины Старого Мерва. СПб., 1894. С.8.

[2] *Коковцев П.К.* К сиро-турецкой эпиграфике Семиречья // ИАН. СПб., 1909. Сер.VI. Т.III. С.773–796; *Габен А. фон.* Древнетюркская литература // Зарубежная тюркология. М., 1986. Вып.I. С.330; Мукаддес китап Инҗил ве Зебур ве Сүлейманың тымсаллары. С.3.

ýerli halklara hyzmat edenlerinden soň, hökmürowan SSSR döwletiniň ýokardan beren buýrugyna laýyklykda, hiç bir esassyz ýatyrylyp, kirillisa bilen çalşyrylypdyr.

1991-nji ýylda SSSR döwleti dargandan soň, onuň düzümine giren halklaryň medeni durmuşynda milli elipbiý döretmek meselesi bada-bat ör-boýuna galypdyr. Netijede, şol ýylda Türkmenistanda ýene-de latyn elipbiýiniň esasynda, 1927-nji ýylda döredilen elipbiýden az-kem tapawutly, täze milli türkmen elipbiýi döredilipdir. Ol häzirki döwürde halkymyza hyzmat edip gelýär.

Eliňizdäki kitabyň I-nji babynda, XX asyryň soňky onýyllyklarynda Günorta Türkmenistanda geçirilen arheologik gazuw-agtaryş işleri mahallarynda edilen möhüm açyşlar, olaryň esasynda bu ýurdy dünýä siwilizasiýasynyň gadymy merkezleriniň biri[1] hasap etmek meselesiniň ýüze çykmagy bilen baglylykda, şol gadymy döwürde bu sebitde ýazuw ulgamyny döretmek boýunça edilen synanyşyklar barada umumy esasda gysgaça durup geçdik. Türkmenistanda neolit zamanynda ýüze çykan medeniýeti, elbetde, şol döwürde Ýer şarynyň beýleki künjeklerinde peýda bolan beýik siwilizasiýalardan üzňelikde öwrenmek mümkin däl. Biri-birlerinden juda uzaklyklarda ýerleşendiklerine seretmezden, ol medeniýetleriň arasyndaky arabaglanyşyklar ylymda ykrar edilipdir. XX asyryň ahyrynda Günorta Türkmenistanda dowamly gazuw-agtaryş işlerini geçiren W.M.Masson[2], W.I.Sarianidi[3] we beýlekiler hem bu ýerden ele salan maddy ýadygärliklerineň esasynda şeýle netijäni tassyklapdyrlar. Şeýle bolansoň, Türkmenistanda dörän bu siwilizasiýa bilen baglylykda, gadym dünýäniň beýleki medeni taýdan ösen halklarynyň döreden ýazuw ulgamlary, hususan-da, şumerleriň şinehaty, müsürlileriň iýeroglifikasy, hindileriň harappa medeniýeti, özboluşly hytaý haty bilen okyjylarymyzy tanyşdyrmaklygy makul bildik.

---

[1] Ol mesele barada giňişleýin seret: *Сариниди В.* Пятый центр мировой цивилизации // *Сариниди В.* Маргуш. Древневосточное царство в старой дельте реки Мургаб. А., 2002. С.53–59; *Он же.* Маргуш. Тайна и правда великой культуры. А., 2008. С.14–25.

[2] *Массон В.М.* Алтын-депе. Л., 1981. С.109–118.

[3] *Сариниди В.* Маргуш. Древневосточное царство. С.317–319. Bu kitap üç dilde – türkmen, rus we iňlis dillerinde neşir edilipdir. Biz bu ýerde we mundan beýläk hem onuň rus dilindäki asyl nusgasyna salgylanýarys.

Kitabyň 2-nji we 3-nji baplary Türkmenistanda gadym we orta asyrlarda resmi ýagdaýda ulanylyp gelnen ýazuw ulgamlaryna we şol döwürleriň edebi durmuşyna bagyşlandy. Bu ýerde diňe oguz-runa elipbiýiniň döredilen ýeriniň we onuň bilen göçürilen ýazuw ýadygärlikleriniň ele salnan ýerleriniň Türkmenistanyň çäklerinden daşardadygyna seretmezden (kadadan çykma halda bolsa-da), olaryň türkmen taryhy, dili we edebiýaty bilen berk baglanyşygy göz öňünde tutulyp, bu ýazuw ulgamy barada hem gysgajyk maglumatlary ýerleşdirdik; 4-nji bap Apbasy halyfaty, onuň Beýik Seljuk soltanlary bilen arabaglanyşygy, şol döwürde ýüze çykan ylmy we medeni durmuşy, bu möhüm işlerde beýik soltanlar Togrul begiň, Alp Arslanyň, Mälik şanyň, Soltan Sanjaryň bitiren möhüm hyzmatlary, Seljuk döwletiniň meşhur weziri Nyzam al-Mülküň döreden medreseleriniň we kitaphanalarynyň taryhy yzarlandy; 5-nji bap Merwiň orta asyrlar döwründäki meşhur kitaphanalary we olary esaslandyryjylara bagyşlandy; 6-njy bapda Horezm we Köneürgenç türkmen döwletinde gadymy we orta asyrlar döwürlerinde ylmyň we medeniýetiň ösüşi yzarlandy. Bu meselelerde, aýratyn hem, ilkinji çeşmeleriň beryän maglumatlarynyň esasynda, heniz hiç kim tarapyndan ýeterlik derejede öwrenilmedik dördünji türkmen nesilşalygyndan (anuşteginlerden) bolan hökümdarlarynyň eýýamyna berjaý edilen işlere üns berildi.

Tehniki sebäplere görä, arap, pars we dariý dillerindäki çeşmeler latyn elipbiýinde transkripsiýa edilip berildi.

Bu kitabyň golýazmasyny okap, eden degerli bellikleri üçin Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar we Taryh institutlarynyň işgärlerine özümiziň çuňňur minnetdarlygymyzy bildirýäris.

Awtor eliňizdäki kitapda seljerilýän meseleler birkemsiz berjaý edilendir diýen pikirden daşdadyr. Şonuň ücin olar baradaky belliklerіňizi, teklipleriňizi aşakdaky salgy boýunça ibermegiňizi haýyş edýär: 744000 Aşgabat, Bitarap Türkmenistan köçesi 15-nji jaý. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasy.

I BAP

TÜRKMENISTAN DÜNÝÄ MEDENIÝETINIŇ GADYMY OJAGYDYR

Türkmenistan gadymy medeniýetiň mekanydyr. Onuň ýazuw ulgamynyň gözbaşy bizi antik döwrüň, hatda ondan hem aňyrky neolit zamanynyň soňky döwürleriniň ýa-da bürünç zamanynyň jümmüşlerine alyp gidýär. Soňky onýyllyklaryň dowamynda geçirilen arheologik gazuw-agtaryş işleriniň esasynda alymlar Türkmenistanda ýazuw medeniýetiniň şineläp ugran döwrüni gadymy Müsüriň iýeroglifikasynyň, Ýakyn Gündogaryň şinehatynyň[1], gadymy hindi we hytaý ýazuw ulgamlarynyň ýüze çykan döwürleri, ýagny m.ö. IV–III müňýyllyklar bilen seneleýärler. Şonuň üçin turuwbaşdan Ýer ýüzünde ýazuw ulgamlarynyň ýüze çykan beýleki sebitleri barada gysgajyk maglumatlary berip geçmekligi ýerlikli hasap edýäris.

Ýer ýüzünde adamzat nesli ýüze çykandan soň, onuň medeniýetli durmuşynyň, ýagny suwaryş desgalaryny gurup, ýerleri özleşdirip, haýwanlary eldekileşdirip, ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanyp hem-de her haýsy özbaşdak özleriniň ýazuw ulgamlaryny döredip ýaşap başlan ilkinji dört sany merkezi häzirki zaman dünýä ylmynda ykrar edilip gelinýär. XX asyryň soňky onýyllyklarynyň dowamynda W.I.Sarianidiniň[2] geçiren

[1] Ýewropada *cuneiform* adalgasy ilkinji gezek 1700-nji ýyla golaý döwürde ýokarda ady tutulan iňlis gündogarşynasy T.Haýd tarapyndan ulanylypdyr. Ol iki sany latyn sözünden ybarat bolup, *cuneus* «şine, gazyk, çüý» we *forma* «görnüş, şekil» diýmekdir. Rus dilinde onuň iňlisçesine kybapdaş edilip *клинопись* sözi kabul edilipdir. Bu adalga «Улы русча-түркменче сөзлүкде. M., 1986. I-nji jilt. A-O. C.455) üýtgedilmän galdyrylypdyr we türkmen dilinde diňe onuň manysy düşündirilipdir. Elbetde, bu ýagdaý ylmy we moral taýdan könelişen, bu sözlügiň köpsanly kemçilikleriniň biridir. Öz gezegimizde, biz bu ýazuw ulgamyna türkmen dilinde *şinehat* adalgasyny goýduk. Ol özüniň manysy boýunça rus dilindäki *клинопись*, iňlis dilindäki *cuneiform*, nemes dilindäki *die keilschrift,* arap dilindäki مسمار *(mismar),* pars dilindäki خط میخی *(hat-i myhi)* sözleriniň aňladýan manylaryna doly gabat gelýär.

[2] *Сариаиди В.* Маргуш. Древневосточное царство. А., 2002. 360 с.; *Он же.* Маргуш. Тайна и правда великой культуры. А., 2008. 342 с.

arheologik gazuw-agtaryş işleri şol merkezleriň üstüne ýene-de birini – Günorta Türkmenistany ýa-da gadymy Marguş medeniýetini goşmaga mümkinçilik berýär. Biri-birinden juda uzaklyklarda ýerleşendiklerine seretmezden, olaryň ählisinde bir döwürde diýen ýaly ýazuw ulgamlary ýüze çykypdyr. Şol döwürden başlap, adamzat neslиniň iň bärkisi bäş müňýyllyk taryhy, ýazuw çeşmeleriniň esasynda öwrenilip gelinýär.

Ýakyn we Orta Gündogar Bürünç eýýamynda

1. GADYMY ŞUMER ŞINEHATY

Gadymy şumer halky özüniň şinehat ýazuw ulgamy bilen dünýä ýüzüne meşhurdyr. Ol Tigr we Ýewfrat deryalarynyň boýunda (häzirki Yrak döwletiniň çäklerinde) m.ö. IV müňýyllygyň ahyrynda ýüze çykypdyr.

Käbir alymlar ony dünýäde döredilen ilkinji ýazuw ulgamy hasap edýärler[1]. Beýlekileriň pikirine görä, ol heniz çözülmedik mesele. Her halda, planetanyň iň gadymy ýazuw ulgamlary bolan şumerleriň şinehaty we müsürlileriň iýeroglifikasy – bularyň ikisi hem m.ö. IV müňýyllykda eýýäm ulanyşykda bolupdyr[2]. Gadymy şumer halky barada antik döwrüň edebiýatynda hiç hili maglumat berilmeýär. Häzirki döwürde-de şumerleriň gelip çykyşy, hakyky taryhy watany we dili barada dürli pikirler bar. M.ö. IV müňünji ýyllaryň ortalarynda şumerleriň haýsy hem bolsa bir ýurtdan Mesopotamiýa göçüp gelen bolmaklary çak edilýar. Olar bu ýerde ýerli semit halkynyň bir bölek ýerini basyp alyp, özleriniň täze watanyny we beýik medeniýetini – şinehat ýazuw ulgamyny döredipdirler. XIX asyryň ahyryna çenli Ýewropada (aýratyn hem Germaniýada).



Ýewropada (Italiýada) XVII asyryň başynda (1626-njy ýylda) hristian zyýaratçysy we syýahatçysy Pýetro della Wellanyň neşir eden ilkinji şinehat (klinopis) belgileri.

Onuň tarapdarlary biziň günlerimizde-de ýok däl. «Ýewroaziýanyň iň gadymy türkleri, ilkinji nobatda, şumerlerdir» diýip, häzirki zaman alymy belläpdir[3]. Her halda, şumerleriň döreden şinehatyny Günbatar Aziýanyň gadymy halklarynyň köpüsi kabul edip alypdyrlar. Oňa m.ö. III müňünji ýyllaryň ortasynda şumerleriň ýazuw ulgamyny semit halklaryndan akkadlaryň (wawilonlylaryň) we assiriýalylaryň kabul edip almaklary uly itergi beripdir. Olardan soň şinehatdan, özleriniň ýazuw ulgamy hökmünde, elamlar, hettler, mitaniýler, hurritler, urartlar we parslar peýdalanyp başlapdyrlar. «Olaryň käbirleri şinehaty öz diliniň aýratynlyklaryna baplaşdyryp we onuň üçin gerek bolan üýtgeşikleri girizip ulanypdyrlar. Beýlekiler bolsa ony şol durkuna kabul edipdirler. Halklaryň üçünji topary şinehaty akkad dili bilen bilelikde ulananlaryny kem

[1] *Фридрих И.* История письма. М.,1979. С.49; Всемирная история. М.,1956. Т.I. С.219–221.

[2] *Дирингер Д.* Указ. соч. С.78.

[3] *Закиев М.З.* Тюрко-татарское письмо (история, состояние и перспективы). М., 2005. С.14. Bu mesele barada giňişleýin seret: *Сулейменов О.* АЗ и Я. Книга благонамеренного читателя. Алма-Ата, 1975. С.190–301.

görmändirler»[1]. Müsüriň iýeroglif ýazuw ýadygärliklerinden tapawutlylykda, Mesopotamiýanyň şi-nehat ulgamy, ýagny onuň gadymypars dilindäki ýazgylary, Türkmenistan barada gönüden-göni maglumat berýän iň gadymy çeşmeleriň biridir. Mukaddes Awesta bilen bilelikde bu ýazgylarda Türkmenistanyň taryhyna degişli iň gadymy hem iň ilkinji anyk we takyk seneleri tapýarys.



G.Grotefendiň ilkinji okan gadymypars dilinde ýazylan şinehat teksti.
Bu ýazgyda şeýle diýilýär: «Dariý, beýik patyşa, patyşalaryň patyşasy, ýurtlaryň patyşasy, Gistaspyň ogly bu köşgi gurduran hökümdardyr we ol Ahemeni neberesindendir».

Şinehat Müsüriň iýeroglifferinden hem has beter we has düýpli ýatdan çykarylypdyr[2]. Şonuň üçin, edil gadymy müsürlileriň iýeroglifik ýazuw ýadygärlikleri okalanda bolşy ýaly, şinehat ýazgylaryny okamakda hem alymlaryň öňünde juda kyn meseleler keserip durupdyr. Onuň ilkinji nusgalary Ýewropanyň ylmy jemgyýetçiligine XVII asyryň başynda belli bolupdyr. Şondan soň bu ýerböleginiň alymlary bu täsin ýazuw ulgamynyň ýadygärliklerini okamagyň aladasy bilen ýaşapdyrlar. Aradan 200 ýyla golaý wagt geçipdir. Şol döwrüň dowamynda dürli hili (kämahallar biri-birine düýpgöter çapraz gelýän) çaklamalar bilen bir hatarda dürdäne pikirler hem orta atylypdyr. Olary juda eserdeňlik bilen aýyl-saýyl etmeli bolupdyr. Ortada duran gadymy tekst boýunça bir alymyň eden ujypsyzja açyşy beýleki alymyň bu ugurda alyp barýan işiniň öňe gitmegine itergi beripdir, kämahallar bolsa, tersine, ol ony saklapdyr. Ýöne, umumylykda alanyňda, alymlaryň işleri kem-kemden öňe gitmek bilen bolupdyr. 1802-nji ýylda, ýagny şinehatyň ulanyşdan galan döwründen iki ýarym

[1] *Дирингер Д.* Указ. соч. С. 73.
[2] *Добльхофер Э.* Указ. соч. С. 108.

müň ýyl geçenden soň, ony okamagyň açaryny tapmak nemes alymy Georg Fridrih Grotefende (1775–1853) başardypdyr. Onuň deslap okan şinehat ýazgysy gadymypars dilinde, ýagny ahemeni patyşalary Dariý I-niň we Kserksiň (486–465) ýurduň paýtagty Persopol şäheriniň şa köşkleriniň galyndylarynyň birinde saklanyp galan gysgajyk ýazgylary bolupdyr. Olar bu alyma şinehatynyň ilkinji 13 harpyny tanamaga mümkinçilik beripdir. Adamzadyň akyl-paýhasynyň başarjaňlygynyň çäksizdigine güwä geçýän bu açyş heniz dili we elipbiýi hiç kime belli bolmadyk täsin hem gizlin gadymy ýazuw ulgamyny okamakda we teswirlemekde gazanylan möhüm we ajaýyp üstünlik bolupdyr. Şonuň bilen bir wagtda bu açyş bu meseläni çözmekde öňe ädilen ilkinji uly ädim bolupdyr.

Mundan beýläk has uly göwrümli şinehat ýazuw ýadygärliklerini (Dariý I-niň Bisütün ýazgysy we beýlekiler) terjime etmek, çuňňur we giňişleýin öwrenmek, gazanylan üstünlikleri berkitmek, kämilleşdirmek we ösdürmek mümkinçiligi döräpdir. Ony G.Grotefendden soňky döwürlerde ýaşan ýewropaly meşhur alymlar (G. Roulinson (1810–1895) we beýlekiler) üstünlikli dowam etdiripdirler. Gadymypars şinehatynyň açarynyň tapylmagy, öz gezeginde, Ýakyn Gündogaryň beýleki halklarynyň has gadymy şinehat ýazuw ulgamlarynyň ýadygärliklerini okamaga ýol açypdyr: «Elam halkynyň has gadymy şinehaty okalypdyr, onuň yz ýany bilen ondan hem gadymy wawilon şinehaty, olaryň ählisinden soň, ahyrsoňy, bu ýazuw ulgamynyň iň gadymy görnüşi bolan şumer şinehaty okalypdyr»[1]. Netijede, tutuş sebitiň gadymy we baý ýazuw ýadygärlikleri ylmy dolanyşyga girizilipdir[2].

[1] *Дирингер Д.* Указ. соч. С.77. Şinehatyň nähili derejede çylşyrymly bolandygyna bu ýazuw ulgamyndaky belgileriň sany hem güwä geçýär. Gadymy şumerleriň şinehatynda olaryň sany 1500-e barabar bolupdyr. Dürli halklar bu ýazuw ulgamyny ulanmak bilen, ony kämilleşdiripdirler, ondaky belgileriň sany barha azaldylypdyr. Eger akkad (wawilon) şinehatynda eýýäm 1000 sany belgi bolan bolsa, elam hatynda olaryň sany 640-a çenli kemelipdir. Hindi-ýewropa dil toparyna giryän gadymypars şinehatynda bary-ýogy 40 sany belgi (harp) bolup, iş ýüzünde ol eýýäm elipbiý ulgamy bolupdyr.

[2] Ol ýazuw ýadygärlikleriň rus dilindäki terjimelerine seret: Хрестоматия по древней истории / Под ред. акад. В.В.Струве. М., 1936. Т.I; Хрестоматия по истории древнего мира / Под ред. акад. В.В.Струве. Т. I.Древний Восток. М., 1950. 359 с.; Т. 2. Греция и эллинизм. М., 1950. 336 с.; Хрестоматия по истории Древнего Востока / Под ред. акад. В.В.Струве и Д.Г.Редера. М., 1963. 544 с.; Хрестоматия по истории Древнего Востока. Ч.1. М., 1980. 255 с.; Ч.2. М., 1980. 256 с.

Belgiler	Sesler	Belgiler	Sesler	Belgiler	Sesler	Belgiler	Sesler
	a . a		g, ga		b, ba		w нач i . wi
	i î		ğ нач i, ği		f, fa		r, ra
	u, ú		t, ta		n, na		r нач u . ru
	k ka		t нач u, tú		n нач u nu		l, la
	k нач u kú		d, da		m, ma		s, sa
	g, ga		d нач i. di		m нач i, mi		z, za
	g нач u, gú		d нач u, dú		m нач u, mu		ş, şa
	h, ḫa		ý. ýa		y, ya		ÿ, ÿa
	č, ča		p, pa		w, wa		h. ha

Ideogrammalar

	bāyaiya *patyşa*		*bumi* *ýer, ýurt*
	dahyu *welaýatlar*		*auramazdā* *hudaýyň ady*

Gadymypars şinehat elipbiýi

2. GADYMY MÜSÜR IÝEROGLIFIK HATY

Ol özüniň iýeroglifik ýazuw ýadygärlikleri bilen dünýä medeniýetinde bellidir. Bu täsin hem gizlin ýazuw ulgamyny okamagyň açaryny tapmak hem, edil şinehat ýazuwynyňky ýaly çylşyrymly bolupdyr. Müsüriň faraonlary tarapyndan dag gaýalarynyň, beýik binalaryň ýüzüne oýdurylyp ýazdyrylan surat şekilli ýazuw ýadygärlikleri juda irki döwürlerden başlap, mukaddes ýazgylar hasaplanyp gelnipdir. Olary gözi bilen gören, taryhyň atasy Gerodot (m.ö. V a.) özüniň meşhur eseriniň diňe bir ýerinde «müsürlileriň mukaddes harplary» (II, 36) barada ýazypdyr. Bu ýazuw ulgamyna iýeroglifik (ýagny «daşyň ýüzüne oýulyp ýazylan mukaddes belgiler») adalgasyny berip, bu adalgany ilkinji bolup ylmy dolanyşyga girizen hristianlaryň meşhur ruhanysy hem alymy Klement Aleksandriýskiý (m.s. II a.) bolupdyr[1]. Gadymy Müsüriň iýeroglifik ýazgylary köp mukdarda biziň döwrümize çenli gelip ýetipdir. Aradan dört müň ýyla golaý wagt geçenden soň, 1822-nji ýylda meşhur fransuz alymy Žan Fransua Şampolon (1790–1832) olary ilkinji bolup okamagy we düşünmegi başarypdyr. Munuň özi XIX asyryň gündogarşynaslyk ylmynyň ösüşinde nobatdaky uly açyş hem öňegidişlik bolupdyr. Bu gadymy ýazuw ýadygärlikleriniň uly toplumyny ylmy dolanyşyga girizmek bilen, Ž.F.Şampolon müsürşynaslyk ylmyny esaslandyryjy bolupdyr.



Ýokardaky kartuşyň içinde ýerleşdirilen we
Müsüriň iýeroglifik haty bilen ýazylan Ptolomeýiň adyny Ž.F.Şampolonyň okaýyş ýoly

[1] *Добльхофер Э.* Указ. соч. С.52; *Фридрих И.* История письма. С.50.

Iýeroglifik belgiler	Demotik ýazgy	Fonetik manysy	Iýeroglifik belgiler	Demotik ýazgy	Fonetik manysy
	52	алеф или a		5	l
	5	e		⊏	ḫ (γ?)
	/	i		3	ḫ
	+	ii	II	VII	s
	///	y		3	ś
	3	w		3	k
	V	v (b?)		1A	q
	2	p		⊃	t
	)	m		14	ıe
	2			⊃	ıė
	8	ñ		2	z
	ω	r			

Müsüriň iýeroglifik hatynyň aňladýan belgileri

Mohenjo-Daro we Harappa şäherleriniň harabaçylyklaryndan ele salnan gadymy hindi ýazuw ýadygärlikleriniň nusgalary

3. GADYMY HINDI HATY

XX asyryň birinji ýarymynda[1] Hind deryasynyň aşak akymynda (häzirki Pakistan döwletiniň çäklerinde) gadymyýetiň iki sany uly şäheri Mohenjo-Daronyň we Harappanyň harabaçylyklarynda geçirilen arheologik gazuw-agtaryş işleri Ýer şarynyň üçünji medeni merkeziniň üstüni açypdyr. Ol taryha Harappa medeniýeti ady bilen giripdir. Ol hindi subkontinentine ariý taýpalary heniz gelmänkä, ýagny m.ö. IV–III müňýyllyklarda haýsydyr bir gadymy halk tarapyndan döredilipdir. Harappa medeniýeti bilen bagly köp meseleler gizlin syrlaryny saklamagyny dowam edip gelýärler. Ony döreden «halkyň nähili atlandyrylandygyny, haýsy dilde gepländigini, nireden gelendigini, onuň medeniýeti tutuşlygyna özi bilen getirilipmi, eger şeýle bolmasa, onda Hindistan onuň ösüşine hemaýat edipmi we nähili derejede? Bu soraglara heniz biz jogap berip bilmeýäris» diýip, häzirki zaman alymy nygtapdyr[2]. Bu mesele bilen bagly ylmy edebiýatda Hindistanyň iň gadymy ýaşaýjylary hökmünde drawid halky barada çaklamalar öňe sürlüpdir. Harappa ýazuw medeniýeti ýüzi ýazgyly möhürler görnüşinde bellidir. Olaryň sany häzirki döwürde 800-den hem geçipdir, möhürlerdäki belgileriň sany bolsa 300-e golaýdyr. Bu ýazuw ulgamyny okamak boýunça edilýän synanyşyklaryň hiç birisi henize çenli doly we kanagatlanarly derejede netije bermän gelýär[3].

4. GADYMY HYTAÝ HATY

Hytaý halkynyň özboluşly hem täsin haty indi dört müň ýyla golaý wagt bäri hiç bir arakesmesiz ulanylyp gelinýän dünýäde ýeke-täk ýazuw ulgamydyr. Onuň gelip çykyşy, döredilen döwri we daşarky dünýäniň medeni merkezleriniň ýazuw ulgamlary (şumerleriň şinehaty, müsürlileriň iýeroglifi we beýlekiler) bilen arabaglanyşygy heniz aýyl-saýyl edilmedik meselelerdir. Olar barada alymlar häzirki güne çenli dürli çaklama pikirleri orta atyp gelýärler[4]. Şeýle-de bolsa onuň ösüş ýoly bilen bagly käbir meseleler anyklanypdyr. Hytaý hatynyň IX asyra çenli özüniň

[1] Ýewropaly alymlara Gadymy hindi (Harappa) medeniýeti barada maglumatlar XIX asyryň başyndan bäri belli bolup ugrapdyr.

[2] *Диринге Д.* Указ. соч. С.107.

[3] Bu ugurda alymlaryň soňky döwürlerde alyp baran işlerine degişli makalalar toplumyna seret: *Тайны древних письмен.* Проблемы дешифровки. Сб. статей. М., 1976. С. 484–530.

[4] Olar barada giňişleýin seret: *Диринге Д.* Указ. соч. С.128–132.



IX we XI asyrlara degişli hytaýça dolama kitaplar

ilki başdaky surat görnüşinden (piktografiýa) ideogramma[1] görnüşine çenli baryp ýetendigi hiç kimde şübhe döretmeýär. Ýöne ol şol basgançakda saklanyp galypdyr. Şonuň üçin hytaý hatynda harp hem, elipbiý hem ýokdur. Oňa derek bu ýazuw ulgamynda 3000-e golaý dürli belgiler bar. Alymlar bu ýagdaýy hytaý halkynyň dil aýratynlygy bilen düşündirýärler[2]. Taryhdan mälim bolşuna görä, oguzlar gadym we orta asyrlar döwürlerinde hytaýlylar bilen goňşuçylykda ýaşapdyrlar. Bu sebäpli orta asyrlar döwründe hytaý dilinde ýazylan eserler gadymy oguzlaryň (türkmenleriň) taryhy barada juda möhüm maglumatlary özünde jemleýän çeşmelerdir.

5. MARGIANADAN TAPYLAN ÝAZUW BELGILERI

XX asyryň ikinji ýarymynda Günorta Türkmenistanda geçirilip başlanan düýpli arheologik gazuw-agtaryş işleri Ýer ýüzünde adamzadyň medeniýetli durmuşynyň başlanan ýene-de bir ojagynyň üstüni açypdyr. Mesopotamiýadan, Müsürden, Hindistandan we Hytaýdan

[1] Hatyň ideografik (ýa-da geterografik) görnüşi diýip bir belginiň ýa-da birnäçe belgiler birleşmesiniň üsti bilen haýsy-da bolsa bir dilde anyk sesi däl-de, tutuş düşünjäni aňladýan we onuň beýleki dilde üýtgewsiz ulanyşyna aýdylýar. Ol barada giňişleýin seret: *Фридрих И.* Дешифровка забытых письменностей и языков. М., 1961. С.44–110.

[2] *Дирингер Д.* Указ. соч. С.124.

soň, ony «Dünýä medeniýetiniň başinji merkezi» diýip atlandyrýanlar hem ýok däl[1]. Bu merkeziň üstüni açmak abraýy W.I.Sarianidiniň paýyna düşüpdir. Hakykatdan hem ol bu alymyň ylymda gazanan beýik üstünligi bolupdyr. Ýarym asyra golaý döwrüň dowamynda Gündogaryň gadymy döwletleri Margiananyň we Baktriýanyň çäklerinde gazuw-agtaryş işlerini geçirip, özüniň bu sebitden ele salan diňe bir baý maddy däl, eýsem, ýazuw ýadygärliklerini hem, Mesopotamiýanyň, Müsüriň we Hindistanyň olara meňzeş ýadygärlikleri bilen deňeşdirip, W.I.Sarianidi Günorta Türkmenistan, has takygy, Gadymy Gündogar şalygy Marguş dünýä siwilizasiýasynyň başinji merkezidigi barada berk netije çykarypdyr. Özüniň iki sany göwrümli monografiýasynda ol bu meseläni giňişleýin seljeripdir we ynandyryjy subut edipdir. Alymyň gelen netijelerine salgylanyp göreliň. Ol birinji monografiýasynda şeýle diýip nygtapdyr: «Siwilizasiýa öz içine ägirt köp zatlary alýan dürli taraply düşünjedir. Ol ykdysadyýet we hojalyk, tehnika we sungat, däp-dessur we kanun, gylyk-häsiýet we ynanç, dil we ýazuw meselelerinden ybaratdyr. Biz olaryň alamatlarynyň ählisiniň Marguşyň siwilizasiýasynda bardygyna ony öwrenen mahalymyzda yzygiderli göz ýetirdik»[2]. Alym ikinji monografiýasynda bu mesele boýunça has takyk netije çykaryp, şeýle nygtapdyr: «Olaryň (marguşlylaryň) ähli döreden zatlary bu ýerde eýýäm akkad eýýamynda (m.ö. III müňýyllygyň ahyry – II müňýyllygyň dowamy) öň düýbünden belli bolmadyk dünýä medeniýetiniň we siwilizasiýasynyň ylmy merkeziniň bolandygyna we onuň doly esasda Merkezi Aziýa siwilizasiýasy diýlip atlandyrylyp bilinjekdigine güwä geçýär»[3]. Alym ýene-de pikirini şeýle dowam edipdir: «Goňruň gabrystanlygyndaky bir mazardan tapylan ýüzi şumer şinehaty bilen örtülen silindr görnüşindäki möhür, edil şonuň ýaly-da ybadathana jaýlar toplumynyň birinden ele salnan ýüzi gadymyhindi ýazgyly harappa möhüri, Mouru[4] ýurdunyň m.ö. III müňýyllygyň ahyrynda – akkad

[1] Belli rus arheology W.I.Sarianidiniň türkmen, rus we iňlis dillerinde neşir edilen «Marguş. Murgap deryasynyň köne hanasynyň aýagyndaky gadymy gündogar şalygy» (A., 2002. 360 c.) atly eseriniň 1-nji baby, hususan-da, şeýle atlandyrylypdyr (357, 358 we 359 s). Mundan beýläk biz bu eseriň asyl nusgasyna, ýagny onuň rus dilindäki bölümlerine salgylanarys, çünki onuň türkmençä geçirilen terjimesinde awtoryň pikiriniň nädogry berilmeklerine, hatda rus dilindäki tekstiň käbir ýerleriniň düşürilip galynmagyna ýol berlipdir. Oňa göz ýetirmek üçin kitabyň 327-nji we 331-nji sahypalaryny deňeşdirip gör.

[2] *Сариниди В.* Маргуш. Древневосточное царство. С. 331–332.

[3] *Сариниди В.* Маргуш. Тайна и правда великой культуры. С. 37.

[4] Marguş şalygynyň Awestada tutulýan ady.

zamanasynda (m.ö. III müňýyllykda we II müňýyllygyň ahyrynda) öň düýbünden belli bolmadyk dünýä medeniýetiniň we siwilizasiýasynyň bolandygyna ynamdarlyk bilen şaýatlyk edýär. Ol m.ö. II müňýyllygyň birinji ýarymynda Gadymy Gündogaryň medeniýet ulgamynda möhüm ýer eýeländigine hiç hili şek-şübhe galdyrmaýar. Ol dünýäniň ýene-de bir medeni merkezi bolupdyr»[1]. Bu medeniýetiň serhedi has giňişleýin göz öňünde tutulmaly bolsa, onda ol ep-esli territoriýany öz içine alyp, Gündogardan Günbatara bakan Köpetdagyň gerişleri bilen Garagumuň ymgyr çägeleriniň arasyndaky dar zolak boýunça 600–700 km uzalyp gidýär. Bu sebitiň ýaşaýjylary dünýäde ilkinjileriň hatarynda özleriniň döwlet birleşiklerini döredipdirler. «Gadymy ekerançylyk dünýäsiniň çetgyragynda ýerleşen we göräýmäge Gadymy Gündogaryň ösen merkezlerinden bütinleý üzňelikde bolup görünýän Marguş ýurdy, aslynda, öz çäklerinden has alyslarda meşhur bolupdyr. Onuň giňişleýin halkara gatnaşyklary, esasan hem, söwda arabaglanyşyklary, bizi Mesopotamiýa, Siriýa, Anatola we Hind deryýasynyň jülgesine alyp gidýär».[2] Altyndepeden tapylan ýüzi ýazgyly möhürleriň Harappanyň we Mohenjo-Daronyň gadymy möhürlerine kybapdaşdygy subut edilipdir.[3]

Soňky döwürlerde geçirilen dowamly gazuw-agtaryş işleri täze açyşlaryň üstünden eltipdir. Aýratyn hem W.I.Sarianidiniň ýolbaşçylygynda XX asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap, çäryek asyryň dowamynda, Murgap deryýasynyň aşak hem köne akymynyň boýunda ýerleşen gadymy Marguş döwletiniň paýtagty Goňurdepede we onlarça beýleki oturymly ýerlerde alnyp barlan barlag işleri şowly bolupdyr. Dünýäniň beýleki ilkinji medeni merkezlerinde gazuw-agtaryş işleri geçirilen mahallarynda bolşy ýaly, Günorta Türkmenistandan hem köp mukdarda ýüzleri haşamlanan keramiki gap-çanaklar, hasap-hesip ýöretmek üçin adamlaryň ulanan tokinleri[4] tapylypdyr. Olar hem täsin galdyryjy derejede dünýäniň ýokarda agzalan medeni merkezleriniň gadymy ýadygärliklerine meňzeş bolupdyr.

[1] *Сарианиди В.* Маргуш. Тайна и правда великой культуры. С. 38.

[2] *Сарианиди В.* Маргуш. Древневосточное царство. С. 317.

[3] Bu mesele barada giňişleýin seret: *Массон В.М.* Древнеземледельческие племена Южного Туркменистана и их связи с Ираном и Индией // ВДИ. 1957. № 1. С. 34–47; *Он же.* Историческое место среднеазиатской цивилизации // СА. 1964. № 1. С. 12–25; *Он же.* Печати протоиндийского типа из Алтын-депе // ВДИ. 1977. № 4. С. 147–155; *Он же.* Алтын-депе. Л., 1981. 175 с. (Тр. ЮТАКЭ. Т. XVIII) we başg.

[4] *Tokinler* – heniz hat-ýazuw ulgamy oýlanyp tapylmanka, neolit eýýamynyň adamlary tarapyndan ulanylan belli bir manyny aňladýan ýönekeý nyşanlar (simwollar).

«Goňruň tokinleri wagtyň geçmegi bilen onuň özüniň ýazuw ulgamynyň oýlanyp tapylmagyna getiräýmeli ýaly bolup görünýär. Emma bu ýagdaý, megerem, m.ö. I müňýyllygyň başynda assiriýalylaryň Gündogara harby ýörişi mahalynda täze assiriýa ýazuw ulgamynyň täsiri astynda bökdelen bolsa gerek. Soňra m.ö. I müňýyllygyň ortasynda Margiananyň Ahemeniler döwletiniň düzümine girmegi we gadymypars şinehatynyň ösmegi netijesinde Goňruň ýazuw ulgamy onuň bilen dolulygyna çalşyrylan bolsa gerek» diýip, W.I.Sarianidi çaklama pikirleri orta atypdyr.[1] Elbetde, olar özlerini tassyklaýan goşmaça delillere mätäçdir, çünki assiriýalylaryň gadymy ýazuw ulgamynyň Türkmenistanyň çäklerine ýaýrandygy barada çeşmelerde hiç hili maglumat berilmeýär. Gadymypars şinehaty barada aýdylanda bolsa, ol, esasan, Eýranyň günbatar sebitlerinde ahemeni patyşalarynyň paýtagt şäherleriniň köşkleriniň we beýleki düýpli binalarynyň, şeýle-de dag gaýalarynyň ýüzüne dürli mazmundaky resminamalaryny ýazyp ebedileşdirmek üçin ulanylypdyr. Bu ýazuw ulgamynyň Ahemeni döwletiniň (aýratyn hem onuň gündogar böleginde ýerleşen satrapiýalarynyň[2]) diwanhanalarynda ulanylandygy barada maglumat ýok. Eger şinehat hakykatdan hem bu sebite ýaýran bolsa, onda onuň ilkinji patyşalarynyň biri, hususan-da, Dariý I öz imperiýasynyň çäklerine şol döwürde Ýakyn Gündogar ýurtlarynda halkara aragatnaşyk serişdesi hökmünde giňden ulanylyp gelnen arameý dilini we arameý hatyny resmi suratda girizeninden soň, olaryň soňkusy diwanhanalarda peýdalanmak üçin şeýle bir oňaýly bolmadyk bu ýazuw ulgamyny ulanyşdan gysyp çykarypdyr. «2001-nji ýyla çenli Margiananyň çäklerinde gadymy ýazuw ýadygärlikleriniň birini hem ýüze çykarmak başartmady. Elbetde, geljekde bu babatda bize şowlulyk miýesser bolar diýip umyt etmek galýar. Ýüzi şinehat ýazgyly tabliçkany bu ýere düşen haýsydyr bir söwdagäriň ýa-da resmi adamyň getiren bolmagy ähtimaldyr» diýip, W.I.Sarianidi nygtapdyr[3]. Meşhur arheologyň ynamy we umydy esassyz bolmandyr.

Basym ol gadymy Marguşuň oturymly ýerleriniň birinden ele salnan bir sany gap-çanagyň böleginiň ýüzünde şinehat belgileriniň yzyny synlap, onda bu hat ulgamynyň bu ýurda ýaýrandygynyň delilini görüpdir.[4] Bu

[1] *Сарианиди В.* Маргуш. Древневосточное царство. С.286.

[2] Ahemeni imperiýasynda döwlet bölünişigi satrapiýa (welaýat ýa-da respublika mysalynda) diýlip atlandyrylypdyr.

[3] *Сарианиди В.* Маргуш. Древневосточное царство. С.286.

[4] *Там же.* С.286.



Murgabyň köne hanasynda bürünç eýýamynyň oturymly ýerleriniň ýerleşişi

ugurda şol ýylda edilen soňky açyş, hususan-da, ýüzi şinehatly silindr şekilli möhüriň tapylmagy, onuň bu mesele boýunça öň öňe sürüp gelen çaklama pikirlerini has-da aýdyňlaşdyrypdyr we berkidipdir. Alymyň özi ele salnan möhüm ýazuw ýadygärligi barada şeýle belläpdir: «Biziň Goňurdepedäki ekspedisiýamyzyň uzak garaşylan açyşy etmegi, Marguşyň diňe bir arheologiýa babatda medeni merkez däldigine ikirjiňlenýänleriň hem pikirini düýpgöter üýtgetdi we olary oňa ynandyrdy. Eger medeni merkez hasaplanmak üçin onuň esasy alamaty hat-ýazuw ulgamynyň bolmagy bolsa, onda Goňur hakykatdan şeýle merkezdir»[1].

Goňurdan ele salnan şinehatly möhür bu ýerdäki m.ö. III–II müňýyllyklara degişli bolan ägirt uly mazarystanlykdaky üç müň sany gubur gazylyp barlanandan soň tapylypdyr. Ol işlere azyndan on ýyl sarp edilipdir. «Haçan-da mazarystanlyk barlanyp gutarylandyr öýdülen mahaly, ondaky işleri bes etmek we täze ýerleri öwrenip başlamak kararyna gelindi. Emma ekskawator gazuw-agtaryş işleri geçirilen döwürlerinde emele gelen gum üýşmeklerini aýryp başlan mahaly, olaryň aşagynda hem mazarlaryň bardygy aýan boldy. Mazarystanlygy hemişelik taşlap gitmezimizden öňürti, olary hem barlap görmekligi makul bildik. Ine, şu ýerde-de hakyky gudrat ýüze çykdy. Iň soňky guburlaryň birinden adam jaýlananda, adatça, gurban edilip goýlan zatlaryň arasyndan ýüzi şinehatýazgyly ýonulyp ýasalan silindr görnüşli möhür çykdy» diýip, özüniň möhüm açyşy barada W.I Sarianidi belläpdir[2].

Goňruň şinehatly möhüri gadymy Akkad döwletiniň meşhur patyşasy Sargonyň, has takygy, onuň agtygy patyşa Naramsiniň hökümdarlyk eden



Namazga depeden we Altyn depeden tapylan ýazuw belgileri

[1] *Там же*. С. 329.

[2] *Сариаиди В.* Маргуш. Древневосточное царство. С. 330.



Margianadan (Goňur depeden) tapylan möhür we tokinleriň belgileri

döwründe (m.ö. 2250–2200-nji ý.ý.) bu döwletde ýasalan möhürlere özüniň haty we daşky görnüşi boýunça meňzeş bolup çykypdyr. Şonuň üçin Goňruň ýadygärliginiň senesini hem m.ö. III müňýyllyga degişli edip kesgitläpdirler[1]. W.I.Sarianidi öz tapan möhüriniň tekstini anyklamak üçin assiriýa eýýamynyň şinehat ýazgylaryny okamak boýunça hünärmen alym doktor T.Şarlajyň ýanyna 2001-nji ýylyň noýabr aýynda ýörite Amerika gidipdir. Onuň tekstini amerikanyň zenan alymy T.Şarlaja okamak we terjime etmek hakykatdan hem başardypdyr. Alym ony häsiýetlendirip şeýle ýazypdyr: «Şeýle kysymly möhür diňe patyşanyň töweregindäki köşge ýakyn adamlara degişli bolup biler. Ondaky ýazgy iki sütünden ybarat. Onuň ýokarky bölegi bütinleý diýen ýaly sürtülip, ýitip gidipdir, ýöne beýleki möhürler bilen deňeşdirip, onda patyşanyň adyny we onuň eýelän wezipesini çak etmek mümkin. Ikinji sütündäki ýazgy möhüriň eýesiniň ady we hünäri barada maglumat berýär. Onda: «[L]ú-KA-x [s]agi arád-z[u]», ýagny «Lukaks, käse göteriji we hyzmatkär» diýlip ýazylypdyr. Ýazgy köşgüň ýokary derejeli wezipeli adamyna degişli bolup, ol, köplenç, sadaka bermek ýaly haýyr-sogap işleri bilen meşgullanypdyr. Şoňa meňzeş wezipe agzalyp geçilýän ýene birsany möhür bellidir»[2]. Alymyň möhürdäki teksti okaýşy we teswirleýşi ilkinji tejribe hasap edilýär.

Eýsem-de bolsa, Goňurdan tapylan şinehatly möhür bu ýazuw ulgamynyň Türkmenistana we Merkezi Aziýa ýaýrandygyny aňladýarmy? Elbetde, bu soraga häzirlikçe takyk jogap bermek kyn. Onuň daşarky dünýäden getirilen bolmagy-da we Goňruň özünde ýasalan bolmagy-da ähtimaldyr. Bu meseleler bilen baglylykda hem birnäçe çaklama pikirler öňe sürlüpdir. Olaryň birinjisi möhüriň jisiminiň geologik seljermelerine esaslanyp teklip

[1] *Там же.* С.330.

[2] *Там же.* С.330–331.

Goňur depeden tapylan silindr görnüşli möhüriň ýüzündäki şinehat belgileri

edilipdir. Ondan mälim bolşuna görä, Goňruň möhüri karbonat kysymly ýumşak hilli daşdan ýonulyp ýasalypdyr. Ol Türkmenistanyň daglyk sebitlerindäki kars gowaklarynda ýeterlik derejede duş gelýän magdandyr. Bu ýagdaýdan ugur alyp, B.I.Sarianidi möhüriň ýerli ýadygärlik bolmagynyň mümkindigine ynam bildiripdir. Tersine, T.Şarlaç Goňurdan tapylan möhüriň, gadymyýetiň ösen medeni ojaklarynyň birinde, ilkinji nobatda Mesopotamiýada, sargon eýýamynda (m.ö. XXIV asyr) ýasalan bolmagyny çak edipdir. W.I.Sarianidi amerikan alymynyň bu pikiri bilen baglylykda özüniň ýokarda öňe süren çaklamalaryny gaýtalap, möhüri Marguş döwletine Goňurda düşläp geçen haýsydyr bir söwdagäriň ýa-da oňa resmi sapar bilen gelen Mesopotamiýanyň ýokary wezipeli adamlarynyň wekiliniň getiren bolmagynyň ähtimaldygyny nygtapdyr. Şeýle-de, alym möhüriň eýesi bolan bu resmi adam hakykatdan hem Goňurda bolan bolsa, onda ol Marguş ýurdunyň gadymyýet dünýäsinde juda uly abraýdan peýdalanandygynyň nyşany bolup bilerdi diýen ýaly täze goşmaça çaklamalary hem öňe sürüpdir[1]. Elbetde, çaklamalar ylmy esasda çözülmelidir. Alym onuň ýakyn geljegiň işidigine uly ynam bildirip hem-de umyt baglap, şeýle ýazypdyr: «Margianadan mundan beýläk hem möhürleriň tapyljakdygy şübhesizdir. Täze tapyndylaryň tekstleriniň okalmagy olaryň ýerli ýazuw ýadygärlikleridigi barada has düýpli söhbet etmäge bize esas bolar»[2].

[1] *Сариниди В.* Маргуш. Древневосточное царство. С.331.

[2] *Там же.* С.331.

II BAP

GADYM DÖWÜRLERDE WE ORTA ASYRLARDA TÜRKMENISTANA ÝAÝRAN ÝAZUW ULGAMLARY

Goňur depeden tapylan häzirlikçe ýeke-täk ýazuw ýadygärligi barada çaklamalaryň juda agdyklyk etmekligine seretmezden, W.I.Sarianidi oňa ýokary baha beripdir. «Elbetde, dilçiler Goňurdepeden tapylan resminamanyň mazmunyny anyklamak üçin geljekde uly tagallalar etmeli bolarlar. Ýöne onuň ýüze çykarylmagynyň özi hem türkmen halkynyň medeniýetiniň iň gadymy gatlaklaryny öwrenmek üçin ägirt uly ähmiýete eýedir. Goňruň möhüriniň ele salynmagy Türkmenistanda gadymy gündogar kysymly ýokary derejede ösen medeniýetiň bolandygyny kesgitleýän alamatlaryň logiki hatarynyň ýetmezçilik edýän boşlugynyň öwezini doldurmagydyr» diýip, ol nygtapdyr[1].

1. ARAMEÝ HATY

Gadym döwürlerde dünýäniň medeni merkezlerinde (Müsürde, Mesopotamiýada, Kritde, Kiçi Aziýada, Hindistanda, Hytaýda, Merkezi Amerikada) ýaşan dürli halklar biri-birlerinden üzňelikde özleriniň ýazuw ulgamlaryny döretmäge synanyşypdyrlar. Bu ugurda ep-esli derejede öňegidişlikler gazanylan hem bolsa, olaryň hiç biri elipbiý kysmyna çenli ýetip bilmändir. «Diňe Siriýada we Palestinada ýaşan semitler öz aralaryndan uçursyz zehinli adamy orta çykarypdyr. Ol özüniň elipbiýini döredipdir. Ondan öňki we häzirki döwürleriň elipbiýleriniň ählisi özleriniň gözbaşlaryny alyp gaýdypdyrlar» diýip, dünýäniň hat-ýazuw ulgamynyň häzirki zaman meşhur taryhçysy D.Diringer belläpdir[2]. Dünýä medeniýetiniň taryhynda ilkinji bolup m.ö. II müňýyllykda elipbiý döreden finikiýler Ortaýer deňziniň kenarynda Mesopotamiýada ýaşan gadymy

[1] *Там же.* С.331.

[2] *Дирингер Д.* Указ.соч. С.260.

semit halklarynyň biridir. Olaryň elipbiýini arameýler m.ö. IX asyrda kabul edip alypdyrlar[1] we ony dünýäniň çar tarapyna ýaýradypdyrlar.

Arameýleriň deslap watany anyk belli däl. Bu halkyň ady m.ö. XV–XIV asyrlara degişli akkad (wawilon) şinehat ýadygärliklerinde ilkinji gezek tutulyp geçilýär. M.ö. XII–IX asyrlaryň dowamynda arameýler Arabystanyň demirgazyk gündogaryndan Siriýa we Mesopotamiýa bakan süýşüpdirler we bu sebitde müdimilik mekan tutupdyrlar. Bu ýerde ýaşaýan halklaryň dini we edebi durmuşynda arameýler örän uly rol oýnapdyrlar. «Müň ýylyň dowamynda arameý dili ysraýyllylaryň gepleşik dili we gadymy ýewreý dili bilen bir hatarda ol bu halkyň ikinji dini we edebi dili bolupdyr. Megerem, arameý dili injilleriň ilkinji dili bolan bolsa gerek[2]. Gündogaryň hristian dinine degişli dürli mazmundaky eserleriniň uly bölegi arameý dilinden bölünip gaýdýan lehçelerde we arameý elipbiýinden gelip çykan ýazuw ulgamlarynda ýazylypdyrlar»[3].

---

[1] *Дьяконов И.М.* Интерпретация иранских языков. С. 191.

[2] *Дирингер Д.* Указ. соч. С.306; Российский гуманитарный энциклопедический словарь. Спб. М. – 2002.Т.1. С.211. Bu ýerde hristian dinleriniň irki döwürlerinde kanuny kitaplary hökmünde kabul edilen «Ýewangeliýeler» («Injiller») göz öňünde tutulýar. Olar Isa Pygamber dünýä inenden soň ýazylan «Mätiniň (Matfeýiň) Injili», «Markyň Injili», «Lukanyň Injili» we «Ioannanyň Injili» atly kitaplardyr. Olaryň dördüsi hem hristian dinleriniň buthanasy tarapyndan tassyklanypdyr we Töwradyň «Täze wesýet» kitabyna girizilipdir. Bu «Injiller» hristian dini barada giňişleýin maglumat berýän onuň esasy hem resmi çeşmeleridir. Bulardan başga-da şol döwürde Töwrat bilen bagly, emma onuň mazmunyny hristian dinleriniň resmi taglymaty nukdaýnazaryndan doly we dogry beýan etmeýän köpsanly «Injiller» («Hoş habarlar») atly eserler döredilipdir. Olaryň käbirlerini Aby Reýhan al-Biruni ýatlap geçipdir. (*Бируни.* Избр. произв. Ташкент, 1957. Т.1. С. 34, 422). Bu eserler hristian dinleriniň buthanasy tarapyndan «mukaddes» kitaplar hasaplanmandyr, tersine olar ýazgarylyp, gadagan edilipdir.

Ýokarda atlary tutulan «Injilleriň» birisi, hususan-da, «Mätiniň Injili» 1880-nji we 1884-nji ýyllarda hristian dinini wagyz-nesihat edijiler (missionerler) tarapyndan Londonda türkmen dilinde we arap elipbiýinde neşir edilipdir. Olaryň terjimesi hiç bir jähetden kanagatlanarly bolmandyr. Bu «Injilleriň» nusgalary käbir döwletleriň milli we ylmy kitaphanalarynyň «Seýriek we bahaly neşirler» bölümlerinde saklanyp galypdyr (Olar barada seret: *Ýazberdiýew A.* Gündogar metbeçiligi we köne türkmen basma kitaplary. S. 381, 388). Kanuny «Injilleriň» doly hem kämil neşiri, «Täze wesýete» giryän käbir beýleki eserler bilen bilelikde 1994-nji ýylda türkmen dilinde Stokgolmdaky «Mukaddes kitaplary terjime ediş instituty» tarapyndan çap edilip çykarylypdyr. Seret: Mukaddes kitap Injil we Zebur we Süleýmanyň tymsallary / Türkm. diline terjime eden Araz Parwiş. Stokgolm, 1994. 607+200 s. +10+15 sur. we kartalar. Hristian dinleriniň ilkinji çeşmeleri bilen türkmen okyjylaryny tanyşdyrmakda bu kitabyň örän uly ähmiýeti bardyr.

[3] *Дирингер Д.* Указ. соч. С.306.



Elefantinadan (Müsürden) tapylan arameý dilinde we arameý elipbiýinde papirusyň ýüzüne ýazylan tekst (m.ö. V asyr)

Arameýleri ilkinji bolup grekler, soň ýehudylar «siriýalylar» diýip atlandyrypdyrlar. Arameýler häzirki siriýalylaryň ata-babalarydyr. «Siriýa» sözi Assiriýa toponiminiň gysgaça görnüşidir.

Arameýler diňe bir Aziýanyň günbatar böleginde ýaşan halklaryň medeni durmuşynda möhüm ähmiýete eýe bolman, eýsem, olar hat-ýazuw meselesinde bu ýer böleginiň orta gürpünde we gündogarynda ýaşan halklaryň ep-esli bölegine hem özleriniň oňyn täsirini ýetiripdirler. Bu meselä geçmezimizden öňürti, Ahemeni döwletinde (m.ö. 550–330-njy ý.ý.), aýratyn hem onuň dowam eden ilkinji döwürlerinde, Günbatar Aziýanyň dürli halklarynyň ýazuw ulgamlarynyň ulanylandygyny belläp geçmelidiris. Hususan-da, muňa ilkinji ahemeni patyşalarynyň biri Dariý I-niň Bisütün ýazgysy mysal bolup biler. Onda berilýän maglumatlara görä, m.ö. 522–521-nji ýyllar Ahemeni döwletiniň durmuşynda iň howsalaly

döwürleriň biri bolupdyr. Şol gysga döwürde Dariý I ýurduň içinde ägirt uly taryhy özgerişlikleri berjaý etmegi başarypdyr. Ata-babalarynyň täç--tagtyny hilegärçilik hem aldaw bilen bikanun eýelän münejjim Gaumatany öldüripdir, pitne turzup, döwletden bölünip özbaşdaklygyny yglan eden birtopar satrapiýalaryň garşysyna ýeňişli harby ýörişler gurnap, olary gaýtadan öz döwletine birikdiripdir, ahemenileriň nebere patyşalygyny hem-de döwletiň beýikligini öňki durkunda täzeden dikeldipdir. Onuň özi mirasdüşer hökümdar hökmünde tagty eýeläpdir. Özüniň amala aşyran şanly ýeňişlerini ebedileşdirmek maksady bilen Dariý I-niň Eýranyň günbatarynda häzirki Kermanşa şäheriniň 35 km golaýynda Bisütün dagynyň kert gaýasynyň ýüzünde gadymypars, elam we akkad (wawilon) dillerinde 540 setirden ybarat beýik ýazgysyny bina etdiripdir. Olaryň üçüsi hem şinehat bilen gaýanyň ýüzüne oýdurylyp ýazdyrylypdyr. Aradan iki ýarym müň ýyldan hem gowrak wagtyň geçendigine seretmezden, ol ýazgylar biziň günlerimize çenli gelip ýetipdir. Bisütün ýazgysy diňe bir özüniň gadymylygy bilen däl, eýsem, mazmuny boýunça-da dünýäniň iň ajaýyp hem iň meşhur epigrafik ýadygärligidir. Käbir alymlar diňe bu ýazgynyň özi, özünde jemlenen anyk hem ygtybarly taryhy delilleriň baýlygy boýunça, antik döwrüň grek ýazyjylarynyň ählisiniň eserlerinde dünýäniň dürli halklarynyň taryhyna degişli berilýän habarlardan has köp maglumatlary beryär diýip hasap edýärler. Bisütün ýazgysy m.ö. 521-nji ýylda bina edilip gutarylandan soň, onuň teksti arameý dilinde we arameý elipbiýinde[1], döwletiň 23 satrapiýasynyň ählisine goýberilipdir.

Eýsem-de bolsa, Dariý I-niň ýokarda atlary tutulan ýazuw ulgamlarynyň hiç birisinden diwanhana üçin peýdalanman, özüniň meşhur Bisütün ýazgysynyň tekstini arameý diline terjime edip we arameý elipbiýinde göçürdip, öz döwletiniň satrapiýalaryna goýbermegine näme sebäp bolduka? Birinjiden, Bisütün dagynyň gaýasyndaky ýazgyda ulanylan ýazuw ulgamlarynyň hiç birisi Ahemeni döwletiniň diwanhanasynyň işini alyp barmak üçin oňaýly hem ýaramly bolmandyr. Olaryň üçüsi hem basymýazuw üçin ukypsyz, çylşyrymly we uly göwrümli şinehat bilen bina edilipdirler. Dil babatynda aýdylanda bolsa, bu ýazgynyň birinji bölegini tutýan gadymypars dili, hususan-da, Eýranyň öz çäklerinden daşarda ýaşaýan halklara nämälim we düşnüksiz bolupdyr, elam

[1] Ahemeniler döwründe arameý elipbiýiniň pars dilindäki tekstleri ýazmak üçin ulany-landygy heniz belli däl. Seret: *Дирингер Д.* Указ. соч. С. 359.

diliniň ýaýrawy we düşünilýän çäkleri ondan hem beter gitdigiçe daralypdyr. Öz döwründe «Tutuş Ýakyn Gündogaryň gadymy we beýik dili»[1] hasap edilip gelnen akkad diliniň möwriti bireýýäm geçip, hatda ol öz watany Wawilonda-da ulanyşdan galypdyr. Ony bu ýurtdan arameý dili gysyp çykarypdyr. «Ýuwaş-ýuwaşdan eýýäm m.ö. VII–VI asyrlarda Assiriýanyň we Wawilonyň diwanhanalarynda ulanylyp başlanan, soň Ahemeni döwletiniň, aýratyn hem onuň möhüm welaýatlarynyň ilatyna giňden belli bolan dil hökmünde diňe arameý dili, tutuş imperiýanyň işlerini dolandyrýan we onuň dürli dillerde gepleýän raýatlary üçin umumy milletara gepleşik we aragatnaşyk serişdesi hökmünde hyzmat edýän dile öwrülipdir»[2]. Ahemeni döwletinde arameý diliniň we hatynyň resmi ýagdaýda kabul edilip alynmagynyň Merkezi Aziýanyň gadymy ýurtlary üçin hem ägirt uly ähmiýeti bolupdyr. Bu sebitiň ýurtlarynyň bu döwletiň düzümine girmegi olaryň halklaryny ilkinji gezek Alynky Aziýanyň ösen ýazuw medeniýeti bilen tanyşdyrypdyr. Ondan öňki döwürlerde Merkezi Aziýada özbaşdak ýüze çykan haýsydyr bir ýazuw ulgamy barada hiç hili maglumat ýok.

Bisütün ýazgysy bilen bilelikde m.ö. VI asyrda arameý dili we haty Ahemeni döwletiniň 23 satrapiýasyna, şol sanda Gerodotyň (III, 93) beryän maglumatyna görä, onuň 16-njy satrapiýasy bolan gadymy Parfiýa, Horezme, Sogda we Areýa hem gelipdir. Şeýlelikde, arameý elipbiýiniň Gündogara, hususan-da, Merkezi Aziýa bakan ýeňişli gadamyna ýol açan Dariý I bolupdyr. Bu patyşa arameý dilini we arameý hatyny öz döwletiniň çäklerine milletara aragatnaşyk serişdesi hökmünde resmi ýagdaýda girizipdir. Munuň özi bu beýik döwletiň ykdysady, medeni we syýasy durmuşynda zerur şert bolupdyr[3]. Adamzadyň taryhy ösüşinden mälim bolşuna görä, şeýle wezipäni, adatça, medeni taýdan ösen halklar berjaý edip gelipdirler. M.ö. VII asyrdan başlap bu wezipäni Aziýa ýerböleginiň ummasyz giňişliklerinde arameý dili we arameý haty ýerine ýetiripdir. Ol diňe bir Ahemeni döwletiniň resmi dilleriniň biri bolman, eýsem, «Müsürden we Kiçi Aziýadan tä Hindistana çenli»[4] bolan aralyklarda söwdagärleriň halkara dili hökmünde hem giňden ulanylyp gelnipdir.

[1] *Дьяконов И.* Интерпретация иранских языков. С.190.

[2] *Там же.* С. 190–191.

[3] *Дандамаев М.А.* Иран при первых Ахеменидах (VI в. до н.э.). М., 1963. С.138. Прим. 71.

[4] *Диринтер Д.* Указ. соч. С.305.

Arameý hatynyň Ahemeni döwletiniň diwanhanasynda kabul edilip alynmagy gadymypars şinehatynyň ömür tanapyny kesipdir. Megerem, bu ýagdaý şinehatyň Orta Aziýa ýaýrap bilmänliginiň düýpli sebäpleriniň biri bolan bolsa gerek. Arameý elipbiýinde jemi 22 sany harp bolup, ol özüniň ýönekeýligi, ýazmaga oňaýlylygy we köpçülige elýeterliligi, şeýle-de okalyşynyň çaltlygy boýunça islendik şinehat ýazuw ulgamyndan deňeşdirip bolmajak derejede aňsat ýazuw ulgamydyr. Diňe döwletiň ýokary gatlak synpyna hyzmat edip gelen hem-de onuň dini bilen berk baglanyşykly bolan gadymypars şinehaty bilen arameý elipbiýiniň arasynda turuwbaşdan başlanan başa-baş söweş uzak wagtlap dowam edip, ahyrsoňy parfiýan eýýamynyň ikinji ýarymynyň başlarynda soňky ýazuw ulgamynyň gutarnykly ýeňşi bilen tamamlanypdyr.

Arameý hatynyň Türkmenistana ýaýran döwründen başlap, onuň arasy üzülmeýän ýazuw medeniýetiniň taryhyny yzarlamak mümkin. M.ö. 330-njy ýylda Aleksandr Makedonskiniň ýolbaşçylygynda grek-makedon goşunlarynyň zarbasy astynda Ahemeni döwleti dargandan soň, Orta Aziýanyň gadymy halklary parfiýanlar, horezmliler, sogdylar, baktriler we beýlekiler arameý elipbiýiniň esasynda m.ö. IV–II asyrlarda özleriniň elipbiýlerini döredipdirler. Bu garyndaş halklaryň dillerinde bar bolan käbir ses aýratynlyklaryny aňladýan ujypsyz goşmaça belgileri göz öňünde tutmasaň, olaryň ýazuw ulgamlary biri-birine juda meňzeş bolupdyr. Sogdy elipbiýi, öz gezeginde, arameý ýazuw ulgamynyň has Gündogara ýaýramagy üçin araçy elipbiý bolup hyzmat edipdir. Sogdylardan arameý elipbiýini goňşulykda ýaşan uýgurlar, uýgurlardan mongollar, mongollardan manjurlar kabul edip alypdyrlar. Şeýlelikde, arameý elipbiýi özüniň Gündogara bakan ýörişinde Ortaýer deňzinden Beýik okeana çenli baryp ýetipdir. 48 harpdan ybarat bolan oguz-runa elipbiýiniň hem 23 harpynyň arameý elipbiýinden alnandygy XX asyryň 20-nji ýyllarynda ylmy taýdan subut edilipdir[1]. Biz aşakda arameý elipbiýiniň Türkmenistana ýaýran şahalarynyň üstünde gysgajyk durup geçeris.

[1] *Томсен В.* Дешифровка орхонских и енисейских надписей // ЗВОРАО. 1894. Вып. III–IV. С.335; *Кляшторный С.Г.* Древнетюркские рунические памятники как источник по истории Средней Азии. М., 1964. С.44–50.

Parfiýan patyşalary Mitridat I-niň, Fraat II-niň we Orod II-niň grek elipbiýinde zikgelenen şa teňňeleri

2. PARFIÝAN HATY

Parfiýan haty arameý elipbiýiniň esasynda m.ö. IV–III asyrlarda döredilipdir. Onda soňky ýazuw ulgamynyň 22 sany harpynyň ählisi bolupdyr. Parfiýan elipbiýini bu halkyň diliniň ses aýratynlyklaryna utgaşdyryp, ýörite işläp düzen haýsydyr bir şahsyýetiň ady belli däl. Onuň arameý elipbiýiniň Parfiýan döwletiniň diwanhanasynda ulanyşynyň tejribesi esasynda tebigy suratda ýüze çykan bolmagy ähtimaldyr[1].

Ahemeni döwletinde bolşy ýaly, ilkinji parfiýan patyşalarynyň höküмdarlyk eden döwürlerinde, olaryň diwanhanalarynda arameý dili we arameý haty resmi ýagdaýda ulanylyp gelipdir. Şeýle-de, Selewkiler döwletiniň (m.ö. 312–64-nji ý.ý.) däbine görä, Parfiýa döwletiniň dowam eden döwrüniň birinji ýarymynda, grek dili we grek haty hem resmi ýagdaýda ulanylypdyr. Şol döwürden bize gelip ýeten üç we iki dilde ýazylan parfiýan patyşalarynyň resminamalary muňa şaýatlyk edýärler. Olar ortapars, parfiýan we grek dillerinde ýazylyp, beýan edilipdirler. Şeýle-de, ýurduň höküмdarlarynyň şa teňňeleriniň ýüzündäki ýazgylar hem diňe grek dilinde we grek harplary bilen zikgelenip gelnipdir. Bu däp reformator parfýan patyşasy Wologez I-niň (52–78-nji ý.ý.) döwleti dolandyran döwründe ýatyrylan hem bolsa, ilkinji sasany patyşalary

[1] Şeýle ýol bilen beýleki bir ýazuw ulgamynyň, ýagny pehlewi elipbiýiniň ýüze çykan bolmagynyň mümkindigini alymlar belläpdirler. Seret: *Дирингер Д.* Указ. соч. С.361.

Ardaşir I-niň (224–241-nji ý.ý.) Nakşy Rüstemdäki we Şapur I-niň (241–272-nji ý.ý.) Nakşy Rejepdäki resmi ýazgylary hem üç dilde ortapars, parfiýan we grek dillerinde berjaý etdirilipdir. «Ülýtgeşik hem parasatly hökümdar»[1] Wologez I diňe bir öz döwletiniň Rim imperiýasynyň öňündäki kuwwatyny we abraýyny artdyrýan hem-de berkidýän işjeň daşary syýasatyny ýöretmek bilen çäklenmän, eýsem, onuň içerki durmuşynda-da düýpli özgerişlikleri amala aşyrypdyr. Ol selewkiler döwründen miras galan, ýurduň syýasy we medeni durmuşynda greklere öýkünmek däbinden düýpgöter ýüz öwrüp, ýerli we milli ýörelgelere tarap aýgytly ugur alypdyr. Wologez I arameý hatynda we parfiýan dilinde zikgelenen teňňeleri döwletiň içinde resmi ýagdaýda dolanyşyga girizipdir.[2]

Nusaýdan tapylan Riton

M.ö. III–II asyrlarda Parfiýa döwletiniň diwanhanalarynda arameý dili öz ornuny parfiýan diline berip ugrapdyr[3]. Ene dili arameý dili bolan mürzeleriň sany bu döwletiň gündogar sebitlerinde barha azalypdyr. Olaryň ýerini ýerli parfiýan mürzeleri eýeläpdirler. Parfiýan eýýamynda hem döwletiň diwanhanalarynda ahemeni döwrüniň däbi we tejribesi dowam etdirilipdir. Olara laýyklykda parfiýan dilinde ýazylan ýazuw ýadygärliklerinde arameý diliniň köpsanly standartlaşdyrylan ideogrammalary[4] ulanylypdyr. Parfiýan diliniň bu aýratynlygyny we çylşyrymlylygyny geň

[1] *Дьяконов М.М.* Очерк истории Древнего Ирана. М.,1961. С.224.

[2] *История Ирана*. М.,1977.С.103.

[3] *Лившиц В.А.* Парфянский алфавит // Основы иранского языкознания. [Т.I]. С.156; *Henning W.B.* Mitteliranisch // HbO. 1958. Abt.1. Bd.4. Abschn.1. S.34.

[4] Ideogramma grek sözüdir. *Ideýa* – düşünje + *gramma* – ýazuw, ýagny harpyň däl-de, düşünjäniň ýazuw belgisi diýmekdir. Ideogrammalar harplardan tapawutlylykda, haýsy hem bolsa bir dilde anyk sesi däl-de, tutuş düşünjäni aňladýan ýazuw belgisi ýa-da belgiler toparydyr. Şeýle ideogrammalardan peýdalanmak däbi Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň ýazuw medeniýetiniň ösüşinde juda gadymy döwürlerden başlanypdyr. Şumer diliniň ideogrammalaryndan akkadlar, akkadlaryňkydan elamlylar, elamlaryňkydan arameýler, arameýleriňkiden eýran dilli halklar peýdalanypdyrlar. Bu däp Orta Aziýanyň gadymy halklarynyň ýazuw ulgamlarynda yslam döwrüne çenli dowam etdirilipdir.

galyp synlan ilkinji ýewropaly alymlarda bu diliň ýazuw ýadygärlikleri «garyşyk dilde»[1] ýazylypdyr diýen pikiriň döremegine sebäp bolupdyr. Olaryň biri, III–IX asyrlarda ortapars dilinde ýazylan zoratuştraçylyk dininiň uly göwrümli eserlerini XIX asyrda ilkinji bolup iňlis diline terjime eden M. Haug (1827–1876)[2], parfiýan dili «öňde-soňda duş gelýän iň gizlin syrly hem täsin galdyryjy dilleriň biridir» diýip nygtapdyr.

Parfiýan dilini we ýazuw ýadygärliklerini öwrenmekde XX asyryň dowamynda edilen açyşlaryň ägirt uly ähmiýeti bolupdyr. Ilkinji nobatda, bu ýerde 1893–1911-nji ýyllar aralygynda Gündogar (Hytaý) Türküstanynda nemes, fransuz, iňlis, rus, hytaý we ýapon arheologlarynyň alyp baran dowamly gazuw-agtaryş işleri döwründe tapylan ägirt köp mukdardaky parfiýan dilinde ýazylan maniheýçilik dinine[3] degişlileri hem az bolmandyr.

Olar arassa parfiýan dilinde ýazylyp, Parfiýanyň öz çäklerinden tapylan ýazuw çeşmelerinden tapawutlylykda arameý ideogrammalaryndan azat bolupdyrlar[4]. Bu ýadygärlikleriň üsti açylýança, ep-esli wagtdan bäri belli

[1] *Дирингер Д.* Указ. соч. С. 360.

[2] Sitatanyň alnan ýerine seret: *Дирингер Д.* Указ. соч. С. 360. M. Haugyň bu mesele boýunça nukdaýnazaryna giňişleýin seret: *Haug M.* Essays on the sacred language, writings and religion of thr Parsis. 2nd ed. / Ed. and enlarged by E.W.West. London, Trübner, 1878. P. 65–92.

[3] Öz eserleriniň esasy bölegini Mani arameý dilinde ýazypdyr. Diňe sasany patyşasy Şapur I (241–272) bagyşlap ýazan «Şapurakan» («Şapuryň kitaby») atly eserini ol ortapars dilinde ýazypdyr we ony bu patyşanyň tagta çykan güni (241-nji ýylyň 1-nji aprelinde) oňa gowşurypdyr. Pygamber Mani öz eserleriniň tekstini göçürmek üçin ýörite elipbiý hem döredipdir. Ol maniheý elipbiýi ady bilen bellidir. Ol meşhur suratkeş hem bolupdyr we Gündogarda golýazma kitaplaryň tekstini kinniwanja (miniatýura) suratlar bilen bezemegiň başyny başlapdyr. Netijede, pygamber Maniniň kitaplary eýýäm orta asyrlar döwründe seýrek duş gelýän eserlere öwrülipdir. Olardan şol döwrüň alymlarynyň käbirleriniň eserlerinde saklanyp galan parçalary göz öňünde tutmasaň, biziň döwrümize çenli gelip ýetenleri bolmandyr. Diňe onuň «Şapurakan» atly kitabyndan birnäçe sahypa tekst Gündogar Türküstandan tapylypdyr. Maniniň eserleri orta asyr hristian we musulman alymlarynda uly gyzyklanma döredipdir. Hristian dininiň görnükli wekili keramatly Awgustin (354–430) gysga wagtlaýyn hem bolsa maniheý dinini kabul edipdir we soň ýene-de öz dinine geçipdir. Al-Biruni (973–1048) Maniniň kitaplaryny kyrk ýyllap gözläpdir we ahyrsoňy olaryň käbirlerini Horezmde köneürgençli bir kitapsöýerden tapypdyr (Seret: Бируни. Избр. произв. Ташкент, 1963. Т.II. С.39). Maniniň eserlerine häzirki zaman alymlary hem ýokary baha beripdirler. I.S.Braginskiý olar barada şeýle diýip ýazypdyr: «Maniniň eserlerine ensiklopedik alymlyk mahsusdyr. Olar okalanda, teswirnamalara mätäçlik duýulýar» (*Брагинский И.С.* Из истории персидской и таджикской литературы. М., 1972. С.150). Pygamber Maniniň edebi mirasy barada giňişleýin seret: *Язбердиев А.* Манихейское учение и книжное дело в Средней Азии в III–IV вв. // Изв. АН Туркменистана. Гум. науки. 1992. № 1. С.28–37.

[4] *Расторгуева В.С.* Другие системы письма // Основы иранского языкознания. [Кн. 2-я]. Среднеиранские языки. М., 1981. С.157.

bolup gelen parfiýan patyşalarynyň üç dilde (ortapars, parfiýan we grek) we ilkinji sasany patyşalarynyň iki dilde (ortapars we parfiýan) ýazdyran resmi ýazgylarynyň dilleriniň biriniň parfiýan dilindedigini alymlar kesgitläp bilmändirler. Olar bu ýazgylaryň parfiýan dilindäki bölegini ortapars dilindäki tekstiň ýazylyşynyň başga bir görnüşi hasaplap gelipdirler. Gündogar Türküstandan ýigrimi ýyla golaý wagtyň dowamynda yzy üzülmän Ýewropa ýurtlarynyň we Russiýanyň gündogarşynaslyk merkezlerine gelip gowşan täze ýazuw ýadygärlikleriniň parfiýan dilindäki böleginiň üstünde alnyp barlan ylmy-barlag işler, olaryň ýokardaky henize çenli haýsy dildedigi näbelli bolup gelen resmi ýazgylar bilen bir dilde, ýagny parfiýan dilinde ýazylan çeşmelerdigini tassyklapdyr[1]. Gündogar Türküstandan tapylan bu ýadygärlikler ýene-de bir meseläni anyk çözmäge mümkinçilik beripdir. Olar parfiýan diliniň we hatynyň Parfiýan döwleti dargandan soň, diňe bir Sasany döwletiniň ilkinji eýýamlarynda däl, eýsem, V–VI asyrlardan, ýagny onuň öli dile öwrülen döwründen soň hem, maniheý dininiň buthana dili hökmünde ulanylyp gelendigini subut edipdir[2].

Parfiýan dilini, onuň grammatikasyny, söz baýlygyny, şeýle-de parfiýan elipbiýiniň özboluşly aýratynlygyny ylmy esasda giňişleýin we çuňňur öwrenmekde 1948–1954-nji ýyllarda prof. M.Ý.Massonyň (1897–1986) ýolbaşçylygynda Parfiýan döwletiniň ilkinji paýtagty Nusaýda geçirilen düýpli hem dowamly gazuw-agtaryş işleri geçirilen döwürde m.ö. II–I asyrlara degişli küýze döwükleriniň (olar gadym eýýamlarda ulanylýan ýazuw serişdeleriniň biri bolupdyr) ýüzüne ýazylan köpsanly ýazuw ýadygärlikleriniň ele salynmagynyň aýratyn ähmiýeti bolupdyr. 1948-nji ýylyň sentýabr aýynda Bagyr obasynyň ýaşaýjylarynyň biri Täze Nusaý galasyndan iki tarapy düşnüksiz elipbiý bilen hat ýazylan bir sany küýze döwügini tapypdyr we ony Köne Nusaýda ýakyn arada gazuw-agtaryş işlerini geçirip başlan arheologlara gowşurypdyr. Şol aýda bu ýerden arheologlar ýene-de bäş sany ýüzi hatly küýze döwüklerini tapypdyrlar. Şol ýylyň güýzünde Köne Nusaýdan hem olara meňzeş bir sany ýazuw ýadygärligi ele salnypdyr. Arheologlar olara grekçe ostrakonlar[3] diýip at dakypdyrlar. M.Ý.Masson bu ýazuw ýadygärlikleriň suratlaryny leningradly (peterburgly) alymlaryň birnäçesine ýollapdyr. Olardan eýranşynas

[1] *Расторгуева В.С.* Парфянский язык. Введение. // Там же. С. 150.

[2] *Там же.* С. 151.

[3] Gadymy Gresiýada döwlete howply bolan adamlary ýurtdan kowup çykarjak bolanlarynda, olaryň atlaryny *ostrakonlaryň* böleklerineň ýüzüne ýazyp ses beripdirler.

M.M.Dýakonow (1907–1954) bu gadymy ýazgylary okamaga we terjime etmäge batyrgaýlyk bilen isleg bildiripdir. Basym Nusaýdan gelip gowşan şol ýedi sany ostrakonlaryň asyl nusgalaryny hem onuň ygtyýaryna beripdirler. M.M.Dýakonow tekstlerdäki sözleriň harplaryny aýyl-saýyl edip, olary üstünlikli okap başlapdyr. Ýöne ol, turuwbaşdan tekstlerde eýrança düşündirip bolmaýan sözleriň häli-şindi duş gelýändigine-de göz ýetiripdir we olardan baş çykarmak üçin bu işe gatnaşmaga öz dogany semitşynas alym I.M. Dýakonowy (1915–1999) çagyrypdyr. Ol öz gezeginde ýadygärlikleriň tekstlerinde duş gelýän düşnüksiz sözleriň belli bir tertipde, formula görnüşinde arameý dilinden alnan ideogrammalardygyny, olaryň tekstlerdäki beýleki sözler bilen arameý diliniň grammatikasy nukdaýnazaryndan düýbünden özara baglanyşmaýandygyny, tutuşlygyna alanyňda ostrakonlardaky ýazgylaryň ortaeýran dilleriniň birinde ýazylan ideografik tekstlerdigini belläpdir. Şeýle bolansoň, bu alymlar ostrakonlaryň çylşyrymly tekstlerine has anyk hem doly göz ýetirmek üçin üçünji alymy, ortaeýran dilleri boýunça belli hünärmen W.A.Liwşise bu işe gatnaşmaklygy hödürläpdirler. Ol hem, öz gezeginde, çeşmelerdäki sözlemleriň düzümini, olardaky sözleriň özara arabaglanyşygyny synlap hem-de olarda duş gelýän hususy atlaryň fonetik aýratynlyklaryndan ugur alyp, ostrakonlaryň tekstleri arameý ideogrammalary garyşykly parfiýan dilinde ýazylypdyr diýip tassyklapdyr. Kem-kemden bu ýazuw ulgamynyň syrlary açylyp ugrapdyr. Mysal üçin, parfiýanlaryň diwanhanasynyň işinde ahemeni eýýamynyň diwanhanasynyň däbiniň we ýörelgesiniň dowam etdirilendigi anyklanypdyr. Parfiýan hatdatlary, «şalaryň şasy» diýip ýazjak bolsalar, onda edil ahemeni döwründäki ýaly arameý dilindäki mlk'n mlk' ideogrammasyny ulanypdyrlar we ony parfiýança «şahan şah», ýagny «şalaryň şasy» diýip okapdyrlar. Arameý dilinden geçen ideogrammalar, adatça, stereotip, ýagny birmeňzeş görnüşde häli-şindi gaýtalanýan düşünjeleriň esasy bölegini emele getiripdirler. Ýadygärlikleriň başynda getirilýän arameýçe BHWT' ZNH MN KRM' wzbry... ideogrammasy «salgyt tölenýän üzümçiligiň bu humunda» diýip terjime edilip, onda parfiýan dilinde diňe bir sany söz bolupdyr, gaýtalanýan gysgajyk resminamalar-etiketler bolsa tutuşlygyna arameý ideogrammalaryndan ybarat bolupdyrlar. Olardan mysallar: BHWT' ZNH HLH «bu humda uksus saklanýar»; BHWT' ZNH HMR HDT «bu humda täze çakyr saklanýar» we başgalary görkezmek

bolar[1]. Olaryň ählisi arameý dilinden geçen ideogrammalar bolup, tekstler okalanda, parfiýança okalypdyr. I.M. Dýakonow, M.M. Dýakonow we W.A. Liwşis bilelikde deslap tapylan ýedi sany ostrakonlaryň asyl nusgalarynyň suratlaryny, olaryň her haýsysynyň aýratynlykda tekstleriniň harplarynyň çyzgylaryny, transkripsiýalaryny, rus diline edilen terjimelerini we teswirnamalaryny öz içine alýan hem-de bu ýadygärlikleriň parfiýan dilinde ýazylandygyny yglan edýän ilkinji düýpli işini 1951-nji ýylda neşir edipdirler[2]. Olar ony esasy borçlarynyň gapdalyndan ýüzugra ýerine ýetirilen adaty ylmy işleriň biri hasaplapdyrlar. Emma basym ýüze çykan ýagdaýlar bu alymlary ostrakonlaryň tekstleri bilen has ymykly we köp ýyllaryň dowamynda meşgullanmaga mejbur edipdir. Birinjiden, olaryň ýokarda agzalan bilelikdäki işi çap bolup çykandan soň, ostrakonlaryň tekstleriniň haýsy dilde (hususan-da, arameý dilindemi ýa-da parfiýan dilinde) ýazylandygy baradaky mesele boýunça uzak, kämahallar bolsa biri-birine barlyşyksyz ylmy çekişmä getiripdir. I.M.Dýakonowyň, M.M.Dýakonowyň, A.Liwşisiň Nusaýyň ýa-

M.ö. IV–II asyrlara degişli Nusaý galasyndan tapylan ostrakonlaryň (küýze döwükleriniň) ýüzüne parfiýan elipbiýinde we parfian dilinde ýazylan ýazuw ýadygärlikleriň nusgalary

[1] *Лившиц В.А.* Парфянский алфавит. С.156.

[2] *Дьяконов И.М., Дьяконов М.М., Лившиц В.А.* Документы из Древней Нисы. (Дешифровка и анализ) // Материалы ЮТАКЭ. М.-Л., 1951. Т.2. С.21–65.

Parfiýan elipbiýiniň harplary	Transletirlenen belgiler	Parfiýan elipbiýiniň harplary	Transletirlenen belgiler
𐫀	’	𐫍	M
𐫁 𐫂	B	𐫎 𐫏	N
	C		S
𐫃	H	𐫐	P
𐫄	W		Č (Ş)
𐫅	Z	𐫑	R
𐫆	X (X)	𐫒	Š
𐫇 𐫈	J	𐫓 𐫔	T
𐫉	K		
𐫊 𐫋	D (L)		h

M.ö. IV asyrda arameý hatynyň esasynda döredilen parfiýan elipbiýi

zuw ýadygärlikleriniň parfiýan dilinde ýazylandygy baradaky netijelerini daşary ýurtly alymlardan W.B.Henning, E.Ýarşatar, R. Fraý goldapdyrlar. Tersine, alymlaryň beýleki topary, hususan-da, I.N.Winnikow, M.Şnyser, S. Segert, K. Segledi olaryň arameý dilinde ýazylandyklaryny ykrar edip-

çykyş edipdirler[1]. Şeýle bolansoň I.M.Dýakonow, M.M.Dýakonow, W.A.Liwşis bu meselä gaýtadan dolanyp gelmeli hem-de özleriniň ol baradaky nukdaýnazarlaryny has giň we has çuňňur subut etmeli bolupdyrlar. Bu işde olara Köne Nusaýdan yzy üzülmän gelip gowuşýan täze ostrakonlaryň ähmiýeti uly bolupdyr. 1954-nji ýylda M.M. Dýakonow biwagt aradan çykandan soň, bu ýazuw ýadygärlikleriň üstünde işlemekligi I.M. Dýakonow weW.A.Liwşis dowam etdiripdirler. 1960-njy ýylda bu alymlar 200 sany ostrakonyň tekstlerini hem-de olara bagyşlanan barlaglaryny neşir edipdirler[2]. Täze gelip gowşan ýadygärlikler parfiýan «ýazuw ulgamy, onuň grammatik düzümi, Nusaýyň tekstleriniň sözleri baradaky biziň düşünjämizi ep-esli derejede baýlaşdyrdy» diýip, B.A.Liwşis nygtapdyr[3]. Bu mesele barada uzaga çeken çekişme ahyrsoňy soňky alymlaryň gelen netijeleriniň peýdasyna tamamlanypdyr[4]. Parfiýan dilinde ideogrammalaryň peýdalanylmagy ýazuw däbinde yzygiderliligi saklamaga mümkinçilik beripdir we arameý diliniň parfiýan dili bilen çalşyrylmagyny ýeňilleşdiripdir diýip, W.A.Liwşis Nusaýyň ýadygärlikleri barada belläpdir[5].

Ikinjiden, Köne Nusaýdan Leningrada (Sankt-Peterburga) gelip gowuşýan ostrakonlaryň sany 1951-nji ýylda 150-ä, 1955-nji ýylda 2000-e, 1961-

[1] Bu alymlaryň nukdaýnazarlarynyň giňişleýin synyna seret: *Дьяконов И.М.* Первые публикации и дискуссия о языке документов // *Дьяконов И.М. Лившиц В.А.* Доку-менты из Нисы.I в до н.э. Предв. итоги работы. М., 1960. С.7–14.

[2] *Дьяконов И.М. Лившиц В.А.* Документы из Нисы. I в до н.э., 122 + 28 s. (33 sany ostrakonyň suratlary hem berlipdir).

[3] *Лившиц В.А.* Язык и письменность документов из Нисы // *Дьяконов И.М., Лившиц В.А.* Документы из Нисы. I в до н.э. С.30.

[4] Bu çekişme bilen bagly çap edilen işleriň iň esasylarynyň käbirlerini hronologik tertipde aşakda sanap geçýäris: *Дьяконов И.М., Дьяконов М.М., Лившиц В.А.* Новые находки парфянских документов // Изв.АН Туркм. ССР. 1953. №6. С.3–10; *Винников И.Н.* О языке письменных памятников из Нисы (Южный Туркменистан) // ВДИ. 1954. №2. С.115–128; *Дьяконов И.М., Лившиц В.А.* О языке парфянских документов из древней Нисы // ВДИ. 1956. № 4. С.100–113; *Лившиц В.А.* Язык и письменность документов из Нисы // *Дьяконов И.М., Лившиц В.А.* Документы из Нисы. I в до н.э. С.30–66; *Altheim Fr. und Stiehl R.* Die Araber in der Alten Welt. Bd.2. Berlin, 1965; *Bickerman E.J.* The Parthian Ostracon No.1760 from Nisa // BO.1966. Vol. XXIII. Pt. 1–2. P. 15–17; *Chaumont M.L.* Les ostraca de Nisa. Nouvelle contribition à l'histoire des Arsacides' // JA. 1968. P.11–35 we başg. Bu mesele boýunça edebiýatlaryň has doly sanawuna seret: *Diakonoff I.M., Livshits V.A.* Parthian economic dokuments from Nisa. Plates I.London, 1976. P.5–6; Основы иранского языкознания. Среднеиранские языки. [Кн. 2-я]. М., 1981. С.515–539. Şeýle-de, parfiýan diline we onuň ýazuw ýadygärliklerine bagyşlanyp ýewropa halklarynyň dillerinde XX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli neşir işlere seret: *Pearson J.D.* A Bibliography of Pre-Islamic Persia. P. 67–68.

[5] *Лившиц В.А.* Парфянский алфавит. С.156.

-nji ýylda 2746-a ýetipdir[1]. Ýadygärlikleriň ählisi gadym döwrüň bahasyna ýetip bolmajak ýazuw çeşmeleriniň asyl nusgalary hökmünde bu şäheriň meşhur Ermitaž muzeýiniň Gündogar bolümine tabşyrylypdyr. Olar häzirki döwürde Nusaýdan ele salnan ýazuw ýadygärlikleriniň 90 göterime golaýyny özünde jemleýärler. Bu muzeýde ostrakonlary doly hasaba alyp, her haýsysyny aýratynlykda belgiläpdirler. Bu ýazyw ýadygärlikleriň sanynyň köplügi hem-de dünýä ylmy üçin möhüm ähmiýeti olaryň doly katalogyny düzmekligiň derwaýysdygy baradaky meseläni orta çykarypdyr. Ony «Corpus Inscriptionum Iranica-rum» («Eýrandilli ýazgylaryň korpusy») atly köp tomly halkara neşiriň 2-nji tapgyry hökmünde neşire taýýarlamaklyk makullanypdyr. Bu abraýly hem jogapkärli iş bilen XX asyryň 60-njy we 70-nji ýyllarynyň birinji ýarymynda I.M.Dýakonow we W.A.Liwşis meşgullanypdyrlar. Bu alymlar Nusaýyň ostrakonlarynyň 1040 sanysynyň suratlaryny üç jiltde çap edipdirler. Dördünji jilt olaryň tekstleriniň latyn elipbiýindäki transkripsiýasyny we iňlis diline edilen terjimesini öz içine alypdyr[2]. Bu dört jiltlik neşir çap bolup çykandan soň hem, parfiýan dilindäki ostrakonlaryň ýüze çykarylmagy dowam edipdir. Olar diňe bir Nusaýdan däl, eýsem, Merwden we Türkmenistanyň beýleki gadymy şäherleriniň harabalyklaryndan hem tapylypdyr. Soňky döwürlerde ele salnan ýadygärlikler Türkmenistanyň Milli muzeýine tabşyrylypdyr. Olaryň umumy sany häzirki döwürde 3000-den geçýär. Mazmunlary boýunça parfiýan patyşalarynyň üzümdarçylyk emläklerinden alnan hasylyň hasap-hesip işlerine degişli bolan bu ýazgylar beýik Parfiýa döwletiniň taryhyny öwrenmekde ilkinji hem iň gadymy çeşmelerdir.

3. HOREZM HATY

Ýokarda belläp geçişimize görä, gadymy Horezm m.ö. VI asyrda Ahemeni imperiýasynyň XVI satrapiýasynyň düzümine giripdir. Bu satrapiýa her ýylda onuň gaznasyna 30 talant[3] töleg töläpdir. Bu ýagdaý bu ýurtda

[1] *Diakonoff I.M., Livshits V.A.* Parthian Economic Documents from Nisa. Plates I. P.2.

[2] *Diakonoff I.M. Livshits V.A.* Parthian Economic Documents from Nisa. Plates I. London, 1976. 8+123 plates. (345 ostrakonyň suraty ýerleşdirilipdir); Plates II. London, 1977. 3+124+330 plates (340 ostrakonyň suraty ýerleşdirilipdir); Plates III. London, 1979. 3+331+536 plates (355 ostrakonyň suraty ýerleşdirilipdir); Texts. London, 1979. 80 p. (Corpus inscriptionum iranicarum. Part II. Inscriptions of the Seleucid and Parthian Periods and of Eastern Iran and Central Asia. Vol. II. Parthian. Edited by an International Committee).

[3] Bir talantyň bahasy 30 kg kümşe barabar bolupdyr.

hat-ýazuw ulgamynyň ýüze çykyş ýoluny aýdyňlaşdyrýar. Horezmde hem onuň peýda bolşy, Parfiýadaky, Sogtdaky we Baktriýadaky ýaly, Merkezi Aziýa sebitine arameý hatynyň ýaýramagy bilen bagly bolupdyr. M.ö. VI asyrda ahemeni patyşasy Dariý I-niň Bisütün ýazgysynyň arameý dilindäki teksti bilen bilelikde arameý dili we arameý haty Horezme-de gelipdir. Munuň şeýledigine diňe bir taryhy çeşmeler däl, eýsem, bu ýurduň gadymy şäherleriniň harabalyklaryndan şol döwre degişli gysgajyk ýazuw ýadygärlikleriniň ele salynmagy hem şaýatlyk edýärler. Türkmenistanyň demirgazygynda ýerleşen, antik döwre degişli Uly Aýböwür galasynda gazuw-agtaryş işleri geçirilen döwürde tapylan tutuş humuň ýüzündäki gysgajyk ýazgy şeýle ýadygärlikleriň biridir. Ol Merkezi Aziýanyň iň gadymy ýazuw ýadygärligi hasaplanýar. «Bu ýazgy ondaky harplaryň şekili we arheologik nukdaýnazardan senelenişi boýunça m.ö. V ýa-da IV asyra degişli edilip bilner. Onuň gadymy horezm dilinde däl-de, heniz arameý dilinde ýazylan bolmagy hem ähtimaldyr» diýip, alymlar nygtapdyrlar[1].

Demirgazyk Türkmenistandan tapylan yslamdan öňki döwre degişli horezm elipbiýinde we horezm dilinde ýazylan ýazuw ýadygärlikleriň nusgalary

Horezm m.ö. IV asyryň ikinji ýarymynda Ahemeni döwletiniň düzüminden çykyp, özbaşdak döwlet bolupdyr. Şol döwürden başlap arameý dili onuň diwanhanalarynda ulanyşdan galypdyr we onuň ýerini gadymy horezm dili eýeläpdir. Öz nobatynda arameý hatdatlarynyň ornuna horezm-

[1] *Ртвеладзе Э., Лившиц В.* Памятники древней письменности. Ташкент, 1985. С.9.

li kätipler geçipdirler. Soňkularyň tagallasy bilen arameý elipbiýiniň esasynda gadymy horezm haty döredilipdir. M.ö. IV asyrdan tä m.s. XII asyra çenli bolan aralykda, ýagny bir ýarym müň ýyldan hem gowrak wagtyň dowamynda gadymy horezm dili we horezm haty döwletiň esasy resmi aragatnaşyk serişdeleri bolupdyr[1]. Şeýle uzak döwrüň dowamynda ulanylyp gelnendiklerine seretmezden, gadymy horezm dilinde we horezm elipbiýinde ýazylan ýazuw ýadygärlikleri barada XII asyrdan, has takygy, beýik alym Abu Reýhan al-Biruniniň döwründen, tä XX asyryň 30-njy ýyllarynyň ikinji ýarymyna çenli ujyply zat belli bolman gelipdir. «Hytaý Türküstanyndan tapylan[2] golýazmalaryň käbirleriniň «horezm» dilinde bolmagy ähtimaldyr» diýip, W.W.Bartoldyň 1914-nji ýylda eden çaklamasy şowuna bolmandyr[3]. Çeşmeler bilen ýagdaý şeýle bolansoň häzirki döwrüň gündogarşynas alymlary gadymy horezm diliniň orta eýran dilleriniň maşgalasyna dahylly bolmagynyň mümkindigini orta asyrlar eýýamynyň arap we pars awtorlary Istahrynyň (850–934), Ibn Fadlanyň (X a.), al-Biruniniň (973–1048), Zamahşarynyň (1075–1144), Terjumanynyň (XII a.), Ýakut Hamawynyň (1179–1229) eserlerinde getirilýän ujypsyz maglumatlaryň (horezmlileriň kalendarynda getirilýän ýyllaryň, aýlaryň, hepdäniň günleriniň, baýramlaryň, ýyldyzlaryň atlarynyň, aýry-aýry horezm sözleriniň we jümleleriniň) esasynda çak edip gelipdirler.

XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ahyrynda XII asyryň awtory az-Zamahşarynyň we at-Terjumanynyň işlerinden bu barada ep-esli maglumatlar alnypdyr. Emma olaryň eserinde horezm dilinde bar bolan tekstleri göçürijiler tarapyndan ýoýlup üýtgedilipdir we lingwistik barlag geçirmek üçin ýaramly bolmandyr[4]. Taryhyň ummanyndan ýiteňkirläp ugran horezm dilini, onuň ýazuw ýadygärlikleriniň esasynda ylmy nukdaýnazardan öwrenmek mümkinçiligi diňe 1936-njy ýyldan, ýagny SSSR YA-nyň Gündogarşynaslyk institutyna (onuň Leningraddaky (Sankt-Peterburgdaky) bölüminiň Golýazmalar hazynahanasyna) Astrahan şäherinden

[1] *Фрейман А.А.* Хорезмийский язык. Материалы и исследования. М.-Л., 1951. Т.1. С.9.

[2] Bu ýerde ýokarda (13-nji sah.) yatlanyp geçilen Gündogar (Hytaý) Türküstanyndan 1893–1914-nji ýyllarda Ýewropa ýurtlaryna 17 dilde gelip gowşan ýazuw ýadygärlikleri göz öňünde tutulýar.

[3] *Бартольд В.В.* К истории орошения Туркестана. Спб., 1914. С.77. Şeýle-de seret: *Бартольд В.В.* Соч. Т. III. С.162. Прим. 34.

[4] *Боголюбов М.Н.* [Рец на.: *Фрейман А.А.* Хорезмийский язык. Материалы и исследования. М.-Л., 1951. Т.1. 120 с.] // ВЯ. 1953. №6. С.148.

XIII asyrda ýaşap geçen horezmli kanunşynas alym az-Zahidiniň «Kynýat al-munýa» («Arzuwly islegleriň hasyl bolşy») atly eseriniň XIV asyrda göçürilen nusgasy gelip gowşandan soň başlapdyr. Onda 3000-e golaý gadymy horezm diliniň sözlemleri we sözleri berlipdir. Bu meseläni öwrenmekde bu eseriň golýazmasynyň yzyna soňky döwürden tikilen 22 sahypadan ybarat goşmaçanyň aýratyn ähmiýeti bolupdyr. Ol XIV asyr horezm alymy Jelal et-din al-Imadiniň üç sany eserini, şol sanda «Kynýat al-munýada» getirilen horezm sözleriniň we jümleleriniň (çekimli seslerini aňlatmak ýoly bilen) arap elipbiýinde düzülen sözlügini hem-de olaryň arap we pars dillerine edilen terjimelerini özünde jemläpdir. Horezm dili boýunça bu täze çeşme alymlaryň ünsüni bada-bat özüne çekipdir[1] we ol barada anyk netijeler çykarmaga mümkinçilik beripdir. Meşhur eýranşynas alym A.A.Freýman «Kynýat al-munýa» eserine özüniň birnäçe makalalaryny bagyşlapdyr we olary birleşdirip, «Horezm dili» ady bilen aýratyn kitap neşir edipdir[2]. Onuň çap bolup çykmagy horezmşynaslyk ylmynyň esasyny goýupdyr we horezm dili-



M.ö. IV–II asyrlarda arameý hatynyň esasynda döredilen gadymy horezmi elipbiýi

[1] Seret: *Волин С.Л.* Новый источник для изучения хорезмийского языка // Зап. Ин-та востоковедения АН СССР. 1939. Т. VII. С.79–91.

[2] *Фрейман А.А.* Хорезмийский язык. Материалы и исследования. М.-Л., 1951. Т.1. 119 с.

ni öwrenmekde uly öňegidişlik bolupdyr. Alymyň bu işine şol döwürde ýazylan synlaryň birinde ýokary baha berlip, şeýle nygtalypdyr: «Horezm dili» atly kitapda ýerleşdirilen A.A.Freýmanyň ylmy makalalary, terjime edilýän çeşmäniň esasynda, bu diliň grammatik gurluşyny, sözlük goruny, fonetik ulgamyny dikeltmekde ajaýyp nusga bolup hyzmat edýär. Onuň «Horezm glossalary»[1] atly bölümi eýran dilleriniň ösüşiniň içki kanunlaryna dogry düşünmek esasynda awtoryň ylmy-barlag işlerini alyp barmak boýunça ussatlygynyň netijesi bolup, ol, göwnüňe bolmasa, ýitip ýok bolup barýan horezm dilini ýene-de gaýtaryp getirip durmuşa ornaşdyrypdyr»[2].

«Kynýat al-munýa» bilen bir hatarda, XX asyryň 30-njy ýyllarynyň ikinji ýarymynda gadymy Horezmiň çäklerinde geçirilip başlanan düýpli arheologik gazuw-agtaryş işleri bu ýurduň köp asyrlyk taryhyny, medeniýetini, şol sanda heniz köp babatlarda belli bolmadyk ýazuw ýadygärliklerini has doly öwrenmekde juda ähmiýetli bolupdyr. Bu möhüm işlerde S.P.Tolstowyň (1907–1976) bitiren hyzmatlary juda uly bolupdyr. Bu alymda turuwbaşdan özüniň ylmy döredijiligini Orta Aziýanyň, hususan--da, Horezmiň, köp babatlarda heniz belli bolmadyk gadymy taryhyny, sosial, ykdysady we medeni durmuşyny giňişleýin we çuňňur öwrenmeklige bagş etmek hyjuwy döräpdir. Ol täsin galdyryjylykly öňdengörüjilik we düşbülik bilen bu meseleleri ylmy esasda çözmek üçin zerur bolan ýazuw ýadygärlikleriniň Horezmiň gadymy şäherleriniň harabaçylyklarynyň aşagyndan tapyljakdygyny aňypdyr we duýupdyr. Bu işe bütin durky bilen berlen alym[3] SSSR YA-nyň ýokary we jogapkärli wezipelerinde işläp, onuň Horezm arheologik ekspedisiýasyna ýolbaşçylyk edip, özüniň meýdan işlerini hem diýseň önjeýli alyp barmagy başarypdyr. Horezmde on ýylyň dowamynda (1937–1947) geçiren gazuw-agtaryş işleri döwründe ajaýyp açyşlary edipdir. Özüniň ele salan maddy we ýazuw ýadygärlikleriniň esasynda köpsanly ylmy makalalary we 1948-nji ýylda

[1] *Glossa* grek sözi bolup, ol gadymy ýazuw ýadygärlikleriň könelişen ýa-da az ulanylýan sözlerine düşündiriş bermek diýmekdir.

[2] *Боголюбов М.Н.* Рец. на: [Фрейман А.А. Хорезмийский язык. Материалы и исследования. М.-Л., 1951. Т.1. 119 с.] // Там же. С.147.

[3] Onuň okuwçylarynyň biri, t.y.d, prof. N.I.Matweýewiň şaýatlyk etmegine görä, «S.P.Tolstow dünýäden ötenden soň, özüni Horezmde jaýlamaklaryny wesýet edipdir. Emma onuň bu islegi berjaý edilmändir». *Германов В.А.* Глас вопиющего в пустыне // КЦ. Междуиар. ежегодник. 2000-2001. СПб., 2002. С.30.

«Gadymy Horezm»[1] (ol SSSR-iň şol döwürdäki ylym we tehnika boýunça berilýän iň ýokary döwlet synagyna mynasyp bolupdyr) we «Gadymy Horezm medeniýetiniň yzyny yzarlap»[2] atly düýpli we özleriniň ylmy ähmiýetlerini henize-bu güne çenli saklap gelýän monografik işleri neşir edipdir. Atlary tutulan monografik işleriň birinjisinde S.P.Tolstow özüniň öňünde duryan wezipeler barada şeýle ýazypdyr: «Diňe ýeriň aşagynda gizlenip ýatan täze taryhy çeşmeleriň gözlegine ýöriş, diňe giň möçberlerde we maksada gönükdirilen arheologik gazuw-agtaryş işleri geçirmek, Orta Aziýanyň gadymy taryhynyň jedelli meselelerini çözmekde, hiç hili toslama pikirlere ýer goýmaýan, berk esas bolup biljekdigi meniň üçin aýan boldy»[3]. Özüniň öňünde goýan asylly wezipelerine wepaly bolup, meşhur alym ýene-de çäryek asyryň dowamynda gadymy Horezm bilen bagly möhüm barlag işlerini alyp barypdyr.

Horezmiň gadymy şäherlerinde we şäherçelerinde 1937-nji ýylda geçirilen gazuw-agtaryş işleri eýýäm alymlaryň eline gadymy horezm elipbiýinde ýazylan ilkinji ýazuw ýadygärliklerini – 200-e golaý horezm teňňelerini we gysgajyk ýazgylary beripdir. Görlüp oturylsa, olar bu ýurtdan tapylan şeýle ýadygärlikleriň ilkinjileri däl eken. Täze tapyndylar Russiýanyň Sankt-Peterburgdaky döwlet Ermitaž we Taryh muzeýlerinde saklanýan teňňeler bilen deňeşdirilip görlende, soňkularyň hem onlarçasynyň horezm teňňeleridigi ilkinji gezek anyklanypdyr. Olary aýyl-saýyl etmek täze tapylan teňňeleriň esasynda mümkin bolupdyr. Teňňeleriň ýüzündäki gysgajyk ýazgylary öwrenip, S.P.Tolstow gadymy horezm elipbiýini dikeltmek nukdaýnazaryndan iş ýüzünde ilkinji giňişleýin makalasyny ýazypdyr[4]. Ýazuw çeşmeleriň juda ujypsyzdygyna seretmezden, ol horezm hatynda hem, edil parfiýan hatyndaky ýaly, arameý ideogrammalaryndan peýdalanylandygyny, teňňelerdäki ýazgylaryň 10 sany harpyny, birnäçe patyşalaryň atlaryny dogry okamagy we anyklamagy başarypdyr. «Diňe teňňeleriň maglumatlaryna esaslanyp horezm hatynyň köpsanly möhüm aýratynlyklary barada dogry netijeler çykaryp bilen S.P.Tolstowyň

[1] *Толстов С.П.* Древний Хорезм. Опыт историко-археологического исследования. М., 1948. 352+87 list cyp.

[2] *Толстов С.П.* По следам древнехорезмийской цивилизации. М.-Л., 1948. 326 с.

[3] *Толстов С.П.* Древний Хорезм. С.7.

[4] *Толстов С.П.* Монеты шахов древнего Хорезма и древнехорезмийский алфавит // ВДИ. 1938. №4. С.120–145; şonuňky. Древний Хорезм. С.173–195.

düşbüligine we talantyna geň galmazlyk mümkin däl» diýip, aradan otuz ýyl geçenden soň onuň kärdeşleri belläpdirler[1].

Ikinji Jahan urşundan soňky döwürlerde Horezm arheologik ekspedisiýasynyň alyp baran işleri has hem netijeli bolupdyr. Köpsanly maddy ýadygärlikler bilen bir hatarda juda möhüm ýazgylaryň üsti açylypdyr. Olardan Goýungyrlan galadan küýze döwükleriniň ýüzüne ýazylan gysgajyk we m.ö. II–I asyrlara degişli ýazuw ýadygärliklerini ýatlap geçmek zerur. Täze tapylan çeşmeleriň esasynda S.P.Tolstow irki antik döwürlerinde Horezmde arameý elipbiýiniň esasynda döredilen ýazuw ulgamynyň giňden ulanylandygyny açyp görkezýän makalalar toplumyny ýazypdyr[2].

Giçki antik döwre degişli Toprak galadan 100-e golaý ýazuw ýadygärlikleri tapylypdyr. Hususan-da, olar köşk arhiwiniň galyndylary bolup, şol döwrüň ezber hatdatlary tarapyndan deriniň we agajyň ýüzüne ýazylypdyr. Oňat saklanyp galan (aýratyn hem agajyň ýüzüne ýazylanlary) bu çeşmeler m.s. II–III asyrlara degişlidir.

XX asyryň 60-njy ýyllarynyň birinji ýarymynda Tok galanyň (orta asyrlardaky Darsanyň) mazarystanlygyndan VII–VIII asyrlara degişli ossuariýalaryň[3] ýüzüne ýazylan 100-e golaý ýazgylar ele salnypdyr. Olar horezm hatynyň ýazuw düzgüniniň esasy ýollaryny anyklamaga, horezm diliniň taryhy ösüşiniň köp alamatlaryny, aýratyn hem onuň fonetikasynyň düzümini kesgitlemäge mümkinçilik beripdir. Şeýle-de olar horezm hatynyň ýazmaça (kursiw) görnüşiniň ilkinji nusgalary bolupdyrlar. «Tokgalanyň nauslary[4], megerem, özlerinde ýazgylaryň tutuş kitaphanasyny jemläp bolsalar gerek. Olar Orta Aziýa halklarynyň medeniýetiniň, aýratyn hem eýran dilli halklaryň dilşynaslyk ylmynyň taryhy üçin özleriniň görnüşleri, mazmuny we ähmiýeti boýunça juda ajaýyp hem möhüm ýadygärliklerdir» diýip, olaryň üsti açylan badyna alymlar belläpdirler[5].

[1] *Гудкова А.В., Лившиц В.А.* Новые хорезмийские надписи из некрополя Ток-калы и проблема «хорезмийской эры» // Вестник Каракалпак. Филиала АН УзССР. 1967. № 1.С.17.

[2] *Толстов С.П.* Итоги двадцати лет работы Хорезмской археолого-этнографической экспедиции (1937–1956) // СЭ. 1957. № 46. С.31–59; *О н ж е.* Работы Хорезмской археолого-этнографической экспедиции АН СССР в 1949–1953 гг. // ТХЭ. М., 1958. Т.II. С.174–179 we başg.

[3] Merhumlaryň süňkleri saklanýan humlara.

[4] *Naus* Awestadan gözbaş alyp gaýdýan adalga bolup, onuň bilen iň bärkisi sasanylar eýýamynda ossuariýalary, ýagny merhumyň süňklerini saklamak üçin ýörite gurlan humlary atlandyrypdyrlar.

[5] *Гудкова А.В., Лившиц В.А.* Указ.соч. С.3.

Soňky döwürlerde Horezmde gazuw-agtaryş işleri geçirilen mahallarynda hem ýazuw ýadygärlikleri häli-şindi tapylypdyr. 1964-nji ýylda bu ýurduň gadymy medeni merkezleriniň biri bolan Mizdahkan şäherinden ossuariýalaryň ýüzüne ýazylan 27 sany ýazgy ele salnypdyr. Häzirki döwürde Horezmden tapylan gadymy ýazuw ýadygärlikleriniň umumy sany ýarym müňe golaýlaýar. Olaryň ählisi okalyp, terjime edilip, ylmy dolanyşyga girizilipdir[1]. Gysgajyk, emma öz döwrüniň resmi şaýatnamasy bolup duryan bu gymmatly ýadygärlikler Horezm döwletiniň yslamdan öňki döwürdäki taryhyny, sosial, ykdysady we medeni durmuşyny öwrenmekde bahasyna ýetip bolmajak çeşmelerdir.

4. OGUZ-RUNA[2] HATY

Gündogaryň runa şekilli ýazgylary baradaky ilkinji habarlar Günbatara, hususan-da, Russiýa we Ýewropa ýurtlaryna XVII–XVIII asyrlarda baryp ýetipdir. Bu ýazuw ulgamy bilen dag gaýalarynyň, daş sütünleriniň, deriniň, matanyň, agajyň, kagyzyň we beýleki ýazuw serişdeleriniň ýüzüne ýazylan gadymy hem täsin ýadygärlikleriň üsti açylyp ugrapdyr. Olaryň sany wagtyň geçmegi bilen barha köpelipdir. Ýazuw ýadygärlikleriň tapylan ýerleri, esasan, oguzlaryň deslap ýaşan ümmülmez giňişlikleri – Gündogar Sibiriň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Demirgazyk Mongoliýanyň çäkleri bolupdyr. Oguzlar bu sebitde VI asyryň ortasynda özleriniň beýik döwletini – Oguz imperiýasyny döredipdirler. Olaryň irki orta asyrlar döwürlerinde bu sebitde ýaşan ägirt uly halk bolandyklaryny, gadymy türki halklarynyň ählisini birikdirip, özleriniň

[1] *Волин С Л.* Новый источник для изучения хорезмийского языка// ЗИВАН. 1939. Т.VII. С.79–91; *Фрейман А.А.* Хорезмийский язык. С.119; *О н ж е.* О некоторых особенностях фонетики и орфографии хорезмийского языка. М., 1960. 10 с.; *Henning W. B.* Khorezmian glossary of Muqaddimat al-adab. Istanbul, 1951; *I d e m.* The Khwarezmian language // Zeki Velidi Togan'a arma'an. Istanbul, 1955. 422–435 s.; *I d e m.* Über die Sprache der Chvarezmier // ZDMG. 1936. Bd.90. S.30–34; *I d e m.* A Fragment of a khwarezmian dictionary. ondon, 1975. 55 p. Şeýle-de bu dil barada Ýewropa halklarynyň dillerinde neşir edilen ylmy işlere seret: *Pearson J D.* A Bibliography of Pre-Islamic Persia. P.76–77; Основы иранского языкознания. Среднеиранские языки. С.521–539.

[2] *Runa* sözi gadymy german we skandinaw halklarynyň (karelleriň we finleriň) dillerinde «gizlin, syrly» ýazgylar diýmekdir. Skandinaw runalary bilen oguzlaryň runalarynyň diňe daşky görnüşlerinde meňzeşlik bar. Onuň nähili ýol bilen ýüze çykandygy barada anyk bir zat belli däl. Seret: *Щербак А.М.* Тюркская руника.

Происхождение древнейшей письменности тюрок, границы ее распространения и особенности использования. Спб., 2001. С.102.

beýik döwletini döredendiklerini diňe bir şol döwrüň oguz hanlarynyň goýup giden beýik hem halkara ähmiýetli resmi ýazuw ýadygärlikleri (Bilge hanyň, Külteginiň şanlaryna bagyşlanan we beýlekiler) däl, eýsem, taryhy çeşmeler hem tassyklaýarlar. X asyrda ýazylan «Hudud al-älem» («Dünýäniň serhedi») atly awtory näbelli ajaýyp geografik eserde tutuş Türküstanyň oguzlaryň urdy, ýagny «Guz Türküstany»[1] diýlip atlandyrylmagy hem muňa doly şaýatlyk edýär.

VI asyryň ortasynda (552-nji ýylda) Merkezi Aziýada Oguz imperiýasynyň ýüze çykmagy bilen şol döwürde oguz-runa elipbiýi döredilipdir. Taryhy geçmişden mälim bolşuna görä, dünýäniň islendik künjeginde haýsydyr bir beýik döwlet döredilende, ony dolandyrmak üçin zerur bolan bir topar meseleler bada-bat orta çykypdyr. Oguz imperiýasy döredilende hem ýagdaý şeýle bolupdyr. Onuň resmi dini[2], ýazuw ulgamy,

[1] *Материалы по истории туркмен и Туркмении.* М.-Л., 1939.Т.1. С.216 (Mundan beýläk eitabyň ady gysgaldylan görnüşde МИТТ diýlip tutuljakdyr). Adamzat nesliniň uzak geçmişinde Ýer şarynyň dürli sebitlerinde aýry-aýry halklar bir topar beýleki kiçi halklardyr taýpalary özlerine tabyn edip, birleşdirip, beýik döwletleri, ýagny imperiýalary döredipdirler. Munuň özi, belli derejede, taryhy ösüşiň kanunalaýyklygy bolupdyr. Şeýle döwletleri döredenler, adatça, beýik halklar hasap edilipdirler. Eýranyň we Merkezi Aziýanyň yslamdan öňki döwürdäki taryhyna ser salanymyzda, şeýle döwletleri parslaryň, parfiýanlaryň we oguzlaryň döredendiklerini görýäris. Oňa seretmezden, bu sebitiň eýrandilli halklarynyň taryhynyň, medeni durmuşynyň öwrenilişinden tapawutlylykda, XVII asyrdan başlap, tä häzirki döwre çenli, oguzlar babatda ylma girizilen nädogry, nätakyk däbe we adalga görä, olaryň guran imperiýasyny Gadymytürk kaganlygy diýip atlandyryp gelýärler. Eýsem-de bolsa gadymy türkler kimler, olaryň guran beýik döwletiniň başynda bu tapgyra giryän halklardan gönüden-göni haýsy birisi durupdyr, onuň syýasy we medeni durmuşynda esasy, aýgytlaýjy roly anyk we takyk haýsy türki halk oýnapdyr, anyk haýsy türki halkyň dili beýleki gadymy türki halklaryň arasynda, goý, diýeliň, ujypsyz derejede bolsun, milletara aragatnaşyk dil wezipesini berjaý edip gelipdir we galyberse-de, şol gadymytürk diýilýän halkyň diliniň häzirki döwürde ýaşaýan türki halklardan haýsy birisi mirasdüşeri bolup duryar? Bu soraglara biz oguz-runa ýazuw ýadygärliklerıniň 300 ýyldan hem gowrak wagt bäri dürli ýurtlaryň alymlary tarapyndan öwrenilip gelýändiklerine seretmezden jogap tapmaýarys. Onuň düýp sebäbini gadymy türki halklaryň taryhyny, medeni mirasyny differensirlenen görnüşde öwrenilmeýändiginden görýäris.

[2] Oguz hany Taspar VI asyryň ikinji ýarymynda döwletiň resmi dinini çözmek isläpdir. Şeýle nukdaýnazardan ol özüne şol döwürde bu sebitde giňden ýaýran buddaçylyk taglymatynyň kitaplarynyň birini terjime edip getirmeklerini buýrupdyr. A. fon Gaben bu barada şeýle diýip ýazypdyr: «Gök türkleriň kagany (hany) Tobo (Taspar) (572–581) buddaçylyk bilen gyzyklanyp, özüne bu dine degişli tekstleri Demirgazyk Hytaýdan getirmekligi buýrupdyr. Şondan soň oňa «Nirwanasutra» atly kitaby türk (oguz diýip oka – A.Ý.) diline terjime edip ýollapdyrlar. Şeýlelikde, gök türkleriň ýazuw ulgamyny ulanyp başlan iň irki döwrüni biz bilýäris. Gynansak-da, bu eseriň şol irki golýazmasy bize gelip ýetmändir, şonuň üçin onuň haýsy elipbiý bilen göçürilendigini bilmeýäris» (*Gabain A. von.* Altürkische Schreibkultur und Druckerei // Philologia Turcicae Fundamente. Bd. II. Wiesbaden, 1964. S.178–179). Emma buddaçylyk dini şol döwürde oguzlar tarapyndan kabul edilmän galypdyr. Aradan bir ýarym asyr geçenden soň, ýagny VIII

maliýe we administratiw dolandyrylyşy ýaly meseleleri gaýragoýulmasyz halda çözmeli bolupdyr. Olaryň içinde iň derwaýyslarynyň biri döwletiň resmi ýazuw ulgamyny döretmek bolupdyr. Ol Oguz imperiýasynyň syýasy we medeni durmuşynda iň möhüm taryhy pursatlaryň biri bolupdyr. Bu ýerde Sasany imperiýasy bilen Oguz imperiýasynyň medeni durmuşlarynda bolup geçen käbir medeni meňzeşlikleri hem belläp geçmek mümkin. Ýokarda görüşimiz ýaly, Sasany döwletinde IV asyrda gysga wagtyň içinde wokallaşdyrylan Awesta elipbiýini döretmeli bolupdyr. Ony üstünlikli çözüpdirler. Şondan iki asyr geçenden soň, VI asyryň ortasynda, edil şonuň ýaly meseläni, şonuň ýaly gysga wagtyň içinde, ýokardaky elipbiýden hiç bir jähetden kem durmaýan görnüşde Oguz döwletinde-de çözüpdirler. Bu işi berjaý etmekde sogdy elipbiýi özüniň täsirini ýetiripdir diýip alymlar hasap etseler-de, oguz-runa elipbiýini döredijileriň oýlap tapyjylyk ukybyna we ussatlygyna geň galmazlyk mümkin däl. IV asyryň Sasany eýýamynyň ruhanylary mukaddes kitap Awestanyň tekstlerinde bar bolan ähli sesleri ýazyp beýan etmäge ukyply nähili ajaýyp elipbiý döreden bolsalar, VI asyrda oguzlaryň bilimli-sowatly adamlary ondan hiç bir jähetden kem durmaýan özleriniň wokallaşdyrylan elipbiýini döredipdirler. Soňky elipbiýde 38 sany harp bolup, olaryň 8 sanysy çekimli sesleri aňladypdyr. Bu ýazuw ulgamyna alymlar ynsan akyl-paýhasynyň mümkinçiliginiň ýokary derejesi hökmünde baha beripdirler. «Türki halklar şeýle uzak geçmişdäki medeniýetiniň ýokary derejesine, döwletliligiň özlerine mahsus bolan görnüşlerini tapyp, olar bilen bagly ýurduň edaralaryny döredendiklerine, dünýä medeniýetiniň ösüşine görnetin goşant goşandyklaryna buýsanmaga haklydyrlar» diýip, häzirki zaman meşhur türkşynas alymy A.M. Şerbak belläpdir[1].

XVII asyrdan başlap dünýäniň dürli ýurtlarynyň türkşynas we beýleki ugurlaryň alymlary runa ýazgylaryny okamagyň, terjime etmegiň we ylmy dolanyşyga girizmegiň aladasy bilen ýaşapdyrlar. XVIII asyryň ahyrynda,

asyryň başynda beýleki oguz hökümdary Bilge han «hatda öz ýurdunda buddaçylyk dininiň ybadathanasyny hem gurmak isläpdir. Emma onuň geňeşdary Tonýukuk Buddanyň taglymatynyň türkleriň söweşjeňlik häsiýetine ýaramaz täsirini ýetirjekdigini aýdyp, ony bu meýlinden dändiripdir» (*Бартольд В.В.* Соч. T.V. C.27). VII asyrda Orta Aziýa yslam dini ýaýrandan soň, oguzlar X asyryň ikinji ýarymynda ony kabul edipdirler. Şondan soň olar özlerini türkmen diýip atlandyryp başlapdyrlar. Seret: *Bosworth C.E.* The political and dynastic history of the Iranian world (A.D. 1000–1217) // CHI. Vol.5. Cambridge, 1968. P.16–17.

[1] *Щербак А.М.* Указ. соч. С.4.

	a, ä	a, ä		ň	ñ
	b^1	b^1		nt	nt
	b^2, ä	b^2, ä		nç	nč
	g			o, u	o, u
	g	g		ö, ü	ö, ü
	d^1	d^1		p	p
	d^2	d^2		r^1	r^1
	z	z		r^2	r^2
	y, i	y, i		s^1	s^1
	j^1	j^1, i		s^2	s^2
	j^2	j^2, i		t^1	t^1
	K	q		t^2	t^2
	k	k		ç	č
	L^1	l^1		ş	š
	l^2	l^2			
	lt	lt			
	m	m			
	n^1	n^1			
	n^2	n^2			
	ň	n			

Oguz-runa elipbiýi

aýratyn hem XIX asyryň dowamynda bu sebitde bu ýazuw ulgamynyň gelip çykyşy, onuň elipbiýi, olaryň ol ýa-da beýleki dilleriň toparyna degişlidigi barada köpsanly geň-enaýy çaklamalar, netijeler orta atylypdyr. XIX asyryň birinji ýarymynda oguzlaryň runa ýazgylaryny kelt, hindi,

got, mongol, galmyk, grek, slawýan dilleriniň ýazuw ýadygärlikleri, ikinji ýarymynda gadymy grek, got, gadymy slawýan dilleriniň ýadygärlikleri hasap edilýän pikirler öňe sürlüpdir. Şol asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap fin alymlary bu sebitiň runa ýazgylarynyň skandinaw ýurtlarynyň runalary bilen daşky meňzeşliginden ugur alyp, olary fin-ugor diller toparynyň ýadygärlikleri hasaplap çykyş edipdirler[1]. Alymlaryň bu meseläni çözmekde uzak wagtlap dogry ýola düşüp bilmändiklerine olaryň adamzat neslиniň medeniýetiniň gözbaşyny yzarlamakda ýewropasentrizm diýen taryhy hakykatdan daşdaky esassyz gözýetimden ugur almaklary ep-esli derejede päsgelçilik beripdir. Bu ýazuw ýadygärliklеriniň öwrenilip başlanan ilkinji döwürlerinde şeýle ajaýyp ýazuw ulgamyny haýsy hem bolsa bir gadymy türki halkyň döredip biljekdigi baradaky oý-pikir ol alymlaryň hiç birisinde döremändir. Şonuň üçin hem azyndan iki asyryň dowamynda olaryň bu ugurda eden tagallalary netijesiz bolupdyr we XIX asyryň ahyryna çenli bu sebitiň runa ýazgylaryny okamak, düşünmek we ylmy dolanyşyga girizmek hiç kime başartmandyr. Gadymy Müsüriň iýeroglifikasy, Ýakyn Gündogaryň şinehat ýazgylary okalanda bolşy ýaly, oguz-runa ýadygärlikleri öwrenilende hem, köpsanly azaşmalar bilen bir hatarda, taryhy hakykatdan ugur alýan käbir pikirleriň orta atylan mahallary hem bolupdyr. Olar juda ujypsyz bolsa-da, kyn meseläni çözmeklige itergi beripdir. Şeýle pikirleriň birini XIX asyryň başynda, ýagny oguz--runa ýazgylarynyň ýewropaly alymlar tarapyndan ylmy nukdaýnazardan öwrenilip başlanan döwründe fransuz gündogarşynasy Abel Remýuza (1788–1832) öňe sürüpdir. Ol bu ýazgylaryň skandinaw runalary bilen «göze sapak atyjy» derejede meňzeşdigine seretmezden, olaryň tapylan ýeriniň gadymy türkleriň ýaşan sebitleridiginiň unudylmaly däldigine köpleriň ünsüni çekipdir[2]. Netijede, bu ýazgylary türki dilleriň ýadygärlikleri nukdaýnazaryndan öwrenip başlanlaryndan soň, olary okamagyň açary tapylypdyr. Bu möhüm açyşy etmek daniýaly meşhur dilşynas alym Wilgelm Tomseniň (1842–1927) paýyna düşüpdir. Ol, özüniň

[1] Oguz-runa ýazuw ýadygärliklеriniň üstüniň açylyşynyň we öwrenilişiniň taryhy barada giňişleýin seret: *Бернштам А.* Социально-экономический строй орхоно-енисейских тюрок VI–VIII веков. М.-Л., 1946. С.11–29; *Малов С.Е.* Памятники древнетюркской письменности. Тексты и исследования. М.-Л., 1951. С.11–18; Кляшторный *С.Г.* Указ. соч. С.5–17, 44–77 (Bu kitabyň soňunda rus we Ýewropa halklarynyň dillerinde neşir edilen ylmy işleriň giňişleýin sanawy berlipdir); *Щербак А.М.* Указ. соч. С.11–31 и др.

[2] *Ремюза А.* Сибирские надписи // АВ. Кн. IV. Спб., 1825. С.298.



Oguz serkerdesi Kül-teginiň şanyna bagyşlanyp 731-nji ýylda gurdurylan binanyň ýüzüne oguz-runa elipbiýinde ýazdyrylan resmi ýazgynyň teksti

çylşyrymlylygy we ylmy ähmiýeti boýunça ýokarda atlary tutulan meşhur alymlar G.Grotefendiň we J.F.Şampolonyň açyşlary bilen deň derejede bolan, bu möhüm açyşyny 1893-nji ýylda dünýäniň ylmy jemgyýetçiligine jar edipdir we bu möhüm açyş, şol döwürden başlap runa ýazuw ýadygärlikleriniň etniki we dil nukdaýnazaryndan haýsy halka degişlidigi baradaky uzak wagtlap dowam edip gelen esassyz çaklamalary we pikirleri ortadan aýrypdyr hem-de olaryň (ýazgylaryň) tutuş tapgyryny ylmy dolanyşyga girizmäge mümkinçilik beripdir. Häzirki döwürde oguz-runa elipbiýi bilen bagly köp meseleler oňyn çözülipdir. Olardan ählumumy ykrar edilenleriniň iň esasylarynyň käbirlerini agzap geçme bilen çäklenýäris: runa elipbiýi, esasan, bir ýa-da birnäçe gadymy eýran dilli halklaryň aralyk etmekleri netijesinde arameý elipbiýinden gözbaş alyp gaýdýan ýazuw ulgamy bolupdyr (W.Tomsen[1] we W. Radlow[2]); gadymy oguzlar bilen duldegşir goňşuçylykda ýaşan sogdylaryň elipbiýi runa elipbiýiniň ýüze çykmagynda ähmiýetli bolupdyr (P.Got'o[3] we W.A.Liwşis[4]); runa elipbiýi ilkinji Gündogar kaganatyň (552–630) çäklerinde döredilipdir (A.M.Şerbak[5]); runa ýazgylarynyň ählisi oguz diliniň ýadygärlikleridir (S.Ý.Malow)[6] we başgalar. Häzirki döwürde hem oguz-runa elipbiýi bilen bagly heniz çözülmedik meseleler az däl. Olar barada A.M.Şerbagyň juda mazmunly «Türk runasy» atly eserinde giňişleýin durlup geçilipdir[7]. Şeýle-de bolsa, bu ýazuw ulgamy bilen bagly käbir gümürtik netijelere türkşynas alymlaryň ünsüni çekmek isleýäris. Ol, ilkinji nobatda, Merkezi Aziýada irki orta asyrlar döwründe oguzlaryň guran beýik döwletine dünýä ylmynda Gadymytürk kaganlygy (hanlygy)

[1] *Thomsen V.* Déchiffrement des inscriptions de l'Orkhon et de l'Iénisséi. Copenhague, 1894. P.47.

[2] *Radloff W.* Die vorislamitischen Schriftarten der Türken und ihr Verhältnisszu der Spraçhe derselben // ИАНР. Сер.VI. Вып.II. 1908. S.836.

[3] *Gauthiot R.* Essai de grammaire sogdienne. Première partie: Phonétique. Paris, 1914-1923. P.5.

[4] *Лившиц В.А.* О происхождении древнетюркской руническоӥ письменности // СТ. 1978. № 4. С.93.

[5] «Gündogar kaganat türk döwletiniň we gadymytürk medeniýetiniň gözbaş alyp gaýdan ýeri bolupdyr. Diňe onuň çäklerinde ýüzi uly ýazgyly daşdan ýasalan diňler bina edilipdir. Ondaky ýazgylaryň harplarynyň ýerine ýetiriliş we düzgünleşdiriliş derejesi özüniň dolulygy we görnetin kämilligi bilen tapawutlanýar. Gündogar kaganatyň çäklerinden daşarda, haýsydyr bir ýerde, runa elipbiýiniň döredilmek mümkinçiligini göz öňüne getirmek kyn» diýip, A.M.Şerbak bu mesele barada belläpdir. Seret: Щербак А.М. Указ. соч. С.7.

[6] *Малов С.Е.* Памятники древнетюркской письменности. С.7.

[7] *Щербак А.М.* Указ. соч. С.32–53.

diýen umumylaşdyrylan hem nädogry adyň dakylyp gelinmegidir. Onuň bilen baglylykda oguzlaryň döreden ýazuw ulgamyna hem gadymytürk ýa-da türk runasy diýlip umumylaşdyrylan adyň dakylmagydyr. Gynansak-da, bu ýörelge ylymda uzak wagtlap dowam etdirilip gelinýär. Oňa A.M.Şerbagyň 2001-nji ýylda neşir edilen täze monografiýasynyň ady hem doly güwä geçýär. Ol «Türk runasy» däl-de «Oguz runasy» diýlip atlandyrylan bolsa taryhy hakykata has bap geljek eken. Ýagdaý şeýle bolansoň dünýä belli alymlaryň bir asyrdan hem gowrak wagt mundan öň bu meseleler boýunça öňe süren we biziň günlerimizde-de ähmiýetini doly saklap gelýän pikirlerini ýatlap geçmek isleýäris. Olary jemläp W.W.Bartold 1927-nji ýylda orta asyrlar döwrüniň runa ýazgylarynyň milli dahyllylygy barada şeýle diýip ýazypdyr: Şol döwürde eýýäm haýsy halklaryň türkler diýlip atlandyrylandygy barada ýazgylar aýdyň jogap bermeýärler. Şonuň ýaly-da bu adyň (ýagny etnografik nukdaýnazardan türk etnoniminiň – A.Ý.) ýuwaş-ýuwaşdan dürli halklara dahylly edilişi we onuň häzirki döwürde aňladýan manysyna eýe bolşy barada juda az zatlar mälimdir. Ýazgylaryň käbir ýerlerinde oguzlaryň ýa-da dokuzoguzlaryň hanyň duşmanlary hasap edilmegine seretmezden, ol öz halkyny türkler we şol bir wagtyň özünde oguzlar diýip atlandyrýar. «Heniz [runa] ýazgylaryny okamagyň açary tapylmanka Radlow VI–VIII asyryň türkleri bilen oguzlar bir halkdyr diýen netijä gelipdir we ýazgylar ony doly tassykladylar»[1] (sözleriň kursiwi biziňki. – A.Ý.) diýip bellemek bilen, W.W.Bartold bu meşhur türkşynasyň pikirini dowam edip ýene-de şeýle diýip ýazypdyr: «[Bu mesele boýunça] onuň gelen başga bir netijesi hem ýazgylar okalandan soň tassyklanypdyr. Ol hem wizantiýaly [awtorlaryň eserlerinde] VI asyrdan başlap duş gelýän türki halky, soňky döwürlerde Alynky Aziýada mekan tutan oguzlardyr. Orhon ýazgylaryndaky türkleriň we oguzlaryň ikisiniň hem bir halkdygyny Radlow heniz ýazgylar okalmanka subut edipdir»[2] (sözleriň kursiwi biziňki – A.Ý.). W.Radlowyň bu netijelerini W.Tomsen hem goldapdyr we «olar ýazgylarda öz beýanyny tapyp doly tassyklanypdyr» (sözleriň kursiwi biziňki – A.Ý.) diýip nygtapdyr[3] W.W.Bartol, şeýle-de Gadymytürk kaganaty diýilýäniň hanlary «oguz

[1] *Бартольд В.В.* Соч. T.V. C.39–40.

[2] *Бартольд В.В.* Соч. T.V. C.428.

[3] *Бартольд В. В.* Соч. T.V. C.22.

türklerinden ýa-da dokuzoguzlardan gelip çykypdyrlar»[1] (sözleriň basymy biziňki – A.Ý.) we «türki sözi edil orhon türkleri ýaly oguz halkyndan gelip çykypdyr, ol Ýewropada diňe Seljuk we soňky dowürlerde Osman imperiýasynyň halkyny alamatlandyrmak üçin giňden ulanylypdyr»[2] diýip ýörite belläpdir. Biziň günlerimizde ýokardaky alymlaryň pikirlerini tassyklap K.E Boswort şeýle nygtapdyr: «Seljuklar oguz türklerinden gelip çykypdyrlar, soňkular taryhda dokuz sany taýpa birleşigini emele getirip, dokuz oguzlar ady bilen bellidirler»[3]. Bu netijeler türkmen alymlary A.Gulmuhammedowyň (1879–1931)[4], R.Rejebowyň (1922–2002)[5], T.Nepesiň (1932–2005)[6] işleriniň içinden hem eriş-argaç bolup geçipdir. Bu meselede aýratyn hem akademik M. Söýegowyň işlerini belläp geçmelidiris. Ol Bilge hanyň ýadygärligi barada ýazan möhüm işinde diňe bir bu meseläni düýpli esaslandyrman, eýsem, bu ýazuw çeşmesiniň täze, düzedilen we has kämil tekstini hem neşir edipdir[7]. Şeýlelikde, «Gadymytürk kaganaty», «Gadymytürk runa hatlary» atlary heniz ýewropaly alymlara oguzlar barada hiç hili anyk maglumatlaryň belli bolmadyk döwründe şertleýin halda dakylypdyr. Olar taryhy hakykaty aňlatmaýarlar[8]. «Gadymytürk kaganaty» diýilýäni hakynda gürrüň edenimizde biz aşakdaky ýagdaýlary göz öňünde tutmalydyrys. Adamzat neslиniň geçmişiniň tutuş taryhyndan mälim bolşuna görä, dünýäniň islendik künjeginde öňde-soňda dürli halklaryň garym-gatym ýa-da bulam-bujarlyk (konglamerat) halda ýaşap, öňbaşçysyz, beýik döwlet guran ýeri ýokdur. Her bir beýik döwletiň merkezinde ony gurujy, oňa giryän dürli halklary birleşdiriji, mahal-mahal

[1] *Бартольд В.В.* Соч. T.V. C.23.

[2] *Бартольд В.В.* Соч. T.V. C.40.

[3] *Bosworth C. E.* Op. cit. P.16.

[4] *Gulmuhammedow Abdylkerim.* Akademiýalaryň taryhyndan // Türkmenistan, 1925. 20-21-nji sentýabr; Ş o n u ň k y. Türkmen milletiniň XV asyrdaky dessanlaryndan Saýad ile Hemra dessany. A.-Poltoratskiý, 1927. 8-9-njy sahypalar (Arap elipbiýinde). Şeýle-de seret: *Söýegow M.* Täleý tupany. A.Gulmuhammedowyň ömri we döredijiligi. A., 1996. 44 s.; *Henec T.* Абдылхеким Гулмухаммедов//Ашгабат агшамы. 1994. 13, 18, 20-нжи апрель.

[5] *Реҗебов Р.* Гадым түркмен эдебияты (VIII–XII асырлар).А., 1991. 342 с.

[6] *Henec T.* Ятламана мынасып адам [А. Гулмухаммедов барада] // Халк сеси. 1991. 1 маý.

[7] *Söýegow M.* Täleý tupany. A., 1996. 43 s.; *Şonuňky.* Bilge kagan ýadygärligi // Miras. 2007. S.96–121 we başg.

[8] *Türk* etnonimi araplardan ýewropalylara heniz Merkezi Aziýada runa ýazgylarynyň üsti açylmanka geçipdir. «*Türk* sözüne onuň häzirki döwürde aňladýan lingwistik manysyny bermek, megerem, musulmanlaryň işi bolan bolsa gerek» diýip, bu barada W.W.Bartold belläpdir (*Бартольд В.В.* Соч. T.V. C.40).

merkezi hökümete garşy gozgalaň turzan halklary, welaýatlary, ýurtlary özüne tabyn ediji, ýurdy dolandyryjy, daşarky duşmandan goraýjy, içki tertip-düzgüni berjaý ediji ýeke täk bir halk bardyr. «Gadymytürk kaganlygy» diýilýäninde ýeňil bolmadyk şeýle wezipeleri oguzlar berjaý edipdirler. Munuň şeýledigine oguz hanlarynyň VIII asyrda bina etdiren resmi ýazuw ýadygärlikleri doly şaýatlyk edýär. Olardan käbir mysallara ýüzlenip göreliň. Meşhur oguz serkerdebaşysy Kültegine (685–731) bagyşlanan «Kiçi ýazgyda» şeýle sözleri okaýarys: «Dokuz oguz begleri we halky meniň sözüme ymyklyja gulak salyň we berk diňläň! Öňde günüň dogýan sebitlerinde, sagda günüň ortaboýa galýan [ýurtlarynda], yzda günüň batýan sebitlerinde, çepde uzyn günüň ýarysy tümlük bolýan [demirgazyk] ýurtlarynda şol [giňişliklerde] ýaşaýan halklaryň ählisini [dolandyrmaklygy] men ýola goýdum»[1]. Bu serkerdä bagyşlanan «Uly ýazgyda» şeýle sözleri okaýarys: «Eý, Siz, türk-oguz begleri we halky gulak salyň! Haçanda ýokardan asman seni basmasa, aşakda seniň astyňda ýer ýarylmasa, eý, türk halky, kim seniň döwletiňi ýykyp biler. Türk halky toba gel! Özüniň alyp baran işleriniň hilleri we wajyplygy boýunça öz taýpa birleşigiňe wepadarlygyň üçin seniň abraýyňy arşa göteren öz kaganyňdan [ýüz öwrüp] sen gabahat iş etdiň, binamys bolduň»[2]; Bilge (Mogilýan) hana (684–734) bagyşlanan ýadygärlik ýazgysynda gönüden-göni şeýle diýilýär: «Dokuzoguzlar meniň öz halkym erdi»[3]. Ilkinji çeşmeleriň bu anyk maglumatlarynyň üstüne Fahr ed-Din Mübärekşanyň (XII asyryň ahyry) berýän maglumatlaryny hem goşmak mümkin. Ol gadymy türki halklaryň ýazuw ulgamy barada söhbet edip, ony dokuz oguzlaryňky atlandyrypdyr we olaryň elipbiýiniň «28 harpdan duryandygyny, sagdan çepe bakan ýazylýandygyny, harplarynyň biri-biri bilen baglanyşmaýandygyny» nygtapdyr. Çeşmeleriň berýän bu maglumatlary ret edilip oguzlaryň guran beýik döwletine we olaryň ýazuw ulgamyna umumylaşdyrylan atlaryň berlip gelinmegi taryhy hakykaty ýoýmakdan ýa-da inkär etmekden başga zat däldir. A.M.Şerbak hem Mübärekşanyň sözlerini oguzlaryň runa hatyna salgylanma hasap etse-de, ýokarda görşümiz ýaly, öz kitabyna «Türk runikasy» diýen umumylaşdyrylan at goýupdyr.

[1] *Малов* С.Е. Памятники древнетюркской письменности. С. 34.

[2] *Там же*. С. 39.

[3] Ta'rikh-i Fakhru'd-din Mubarakshah / Ed. by E.D. Ross. London, 1927. P. 44, 46.

Meseläniň ikinji tagaşyksyz tarapy türki dillerdäki gadymy ýazuw ýadygärlikleriň differensirlenen görnüşde öwrenilmän gelmegidir. Bu meselede eýran dilli halklaryň dilini we ýazuw ýadygärliklerini öwrenmekde eýranşynas alymlaryň tejribesi juda görelde alarlyklydyr. Olar gadymy parfiýan, horezm, sogd, baktri we beýleki halklaryň dilleriniň we arameý elipbiýiniň esasynda döredilen ýazuw ulgamlarynyň biri-birine juda ýakynlygyny we meňzeşdigini belläpdirler. Mysal üçin, sogdy dili bilen horezm diliniň biri-birine bolan arabaglanyşygy «dilleriň dälde, lehçeleriň ýakynlygy ýalydyr»[1] diýlip kesgitlenipdir. Şeýle-de bolsa olar bu halklaryň her biriniň dilini, ýazuw ýadygärliklerini biri-birinden tapawutlandyryp, aýratynlykda öwrenipdirler. Bu bolsa, öz gezeginde, ol halklaryň taryhyny giňişleýin we töwerekleýin aýratynlykda hem-de anyk görnüşde beýan etmäge mümkinçilik beripdir[2].

Türki halklaryň gadymy ýazuw ýadygärlikleri boýunça ýagdaý başgaça bolupdyr. Özüniň öwrenilip gelnen ähli döwürlerinde, mümkin bolan ýagdaýlarda-da, olar anyk diller boýunça differensirlenen görnüşde däl-de, umumylykda yzarlanyp gelipdir. Bu meseläniň çözgüdine belli türkşynas A. fon. Gaben hem şeýle çemeleşipdir[3]. Ylmy edebiýatlarda diňe uýgur diliniň ýadygärliklerini belli bir topara bölmek meýillerine azda-kände duş gelýäris. Netijede, gadymy türki halklaryň her biriniň medeni mirasyny aýratynlykda öwrenmekde türkşynas alymlar eýranşynaslar ýaly açyklyk gazanyp bilmändirler. Merkezi Aziýanyň runa ýazgylaryna, olaryň öwrenilip başlanan döwründen bäri geçen üç asyryň dowamynda ägirt köp mukdarda ylmy-barlag işleriň bagyşlanandygyna seretmezden, olaryň hiç biri bu ýadygärlikleriň häzirki döwürde ýaşaýan türki halklarynyň haýsy biriniň gönüden-göni medeni mirasydygyny anyklap bermeýär. Hatda Kültegin ýaly beýik şahsyýete bagyşlanan ajaýyp, naýbaşy ýazgynyň hem häzirki zaman türki halklarynyň haýsy biriniň diliniň gönüden-göni ýadygärligidigini biz anyk aýdyp bilmeýäris. Dogrusy, bu ugurda kä-

[1] *Фрейман А.А.* Хорезмийский язык. С.27.

[2] *Boyce M.* Parthian writings and literature // CHI. Cambridge, 1983. Vol.3. Pt.2. P.1151–1165; *Dresden M.* Sogdian language and literarur / Ibid. P.1216 1229; *Bailey H.W.* Khotanese saka literature / Ibid. P.1230–1243; *Mackenzie D.N.* Khwarazmian language and literature / Ibid. P.1244-1249; *Gershevitch I.* Bactrian literature / Ibid. P.1250–1258.

[3] *Gabain A. von.* Altürkische Schreibkultur und Druckerei. S.171–192. Bu işiň rus diline edilen terjimesine seret: *Габен А. фон.* Культура письма и печатания у древних тюрков // Зарубежная тюркология. М., 1986. Вып.1. С.150–190.

bir nukdaýnazarlar öňe sürlüpdir. Ýokarda belleýşimiz ýaly, S.Ý.Malow (1880–1957) gadymy türki dilleri sanamak bilen birinji ýerde oguz dilini goýupdyr we ýaý içinde onuň ýazuw ýadygärlikleri hökmünde «gadymytürk runa hatynyň ýadygärlikleri» diýip anyk belläpdir[1]. Ýöne bu ýerde-de sorag ýüze çykýar. Eger meşhur türkşynas alym oguz diline türki dilleriň arasynda şeýle möhüm ýeri bagyş edip, runa haty bilen ýazylan tekstleri tutuşlygyna onuň ýadygärlikleri hasaplan bolsa, onda näme üçin öz kitabyna ondan gelip çykýan «Gadymy oguz diliniň ýazuw ýadygärlikleri» diýen dogry ady dakman, «Памятники древнетюркской письменности» («Gadymytürk ýazuw ýadygärlikleri») diýen umumylaşdyrylan ady berdikä? Şeýle ýagdaýy biz A.M.Şerbagyň «Türk runikasy» atly kitabynyň adynda-da görýäris. Üstesine-de, S.E.Malowdan tapawutlylykda, A.M.Şerbak bu eserinde oguz sözüni diňe iki gezek, onda-da Mahmyt Kaşgarynyň «Diwan lugat at-türk» we Abulgazynyň «Türkmenleriň nesil daragty» atly kitaplarynda oguz taýpa tagmalarynyň sanawynyň berilýänligi bilen baglylykda agzap geçilipdir[2]. Bu ýagdaýlary, megerem, rus we daşary ýurt edebiýatlarynda bireýýäm dolanyşyga girizilen «gadymytürk» we «türk» adalgalarynyň XX we XXI asyrlarda hem juda ýörgünli bolup galýanlygy bilen düşündirip bolýan bolsa gerek.

Runa ýazgylary oguzlaryň gadym we irki orta asyrlar döwürlerinde ýaşan sebitlerinde döredilen ýazuw ýadygärlikleridir. Olar oguz-türkmen medeni mirasynyň aýrylmaz bölegidir. Şeýle nukdaýnazardan runa ýazgylaryny oguz-türkmen edebiýatynyň ilkinji çeşmeleri hökmünde öwrenmek taryhy hakykata laýykdyr.

5. ARAP HATY

Merkezi Aziýada arap elipbiýiniň ilkinji kök uran ýeri Türkmenistandyr, çünki ol Eýrandan soň araplaryň bu sebitde basyp alan ilkinji ýurdy bolupdyr. Merkezi Aziýa yslam dininiň we arap elipbiýiniň ýaýramagy bilen bu sebitde gadym döwürlerden bäri ulanylyp gelnen ýazuw ulgamlary ýatyrylypdyr. Ähli ýerlerde mukaddes Gurhanyň resmi ýazuw haty hökmünde arap elipbiýinden peýdalanyp ugralypdyr. Bu ýagdaý irki orta asyrlar döwürlerinden tä 1927-

[1] *Малов С.Е.* Памятники древнетюркской письменности. С.7.

[2] *Щербак А.М.* Указ. соч. С.36, 98.

-nji ýyla çenli dowam edipdir. Merkezi Aziýanyň halklary şeýle uzak döwrüň dowamynda arap elipbiýinden peýdalanyp gelen hem bolsalar, olar m.ö. IV–II asyrlarda arameý hatynyň esasynda özleriniň gadymy ýazuw ulgamlaryny döredişleri ýaly, onuň esasynda orta asyrlarda we ondan soňky döwürlerde özleriniň milli elipbiýlerini döretmändirler. Bu ýagdaýy, megerem, iki sany düýpli sebäbe görä düşündirmek mümkin bolsa gerek. Birinjiden, çekimli harplary ýeterlik derejede bolmadyk arap elipbiýi bilen göçürilen we türki dilde ýazylan islendik eseri bu diller toparyna giryän halklaryň bilimli-sowatly adamlary uzak döwrüň dowamynda her haýsy öz ene diline muwapyk edip okap gelipdirler. Ikinjiden, XIII asyrdan XX asyryň başlaryna çenli türki halklaryň ählisi üçin umumy, ýöne gepleşik dillerinden ýokarda duran, edebi kitap diliniň, ýagny çagataý dili diýlip atlandyrylan diliň ulanylyp gelmegi hem bu halklaryň her haýsysynyň özbaşdak arap elipbiýiniň esasynda milli elipbiýlerini döretmegine hemaýat etmändir. Çagataý dilinde eser ýazmagyň ussady hem-de türki diliň janköýeri, onuň çeperçilik nukdaýnazardan pars dilinden hiç bir jähetden kem durmaýandygyny ýörite belläp geçen beýik Nowaýyda (1441–1501) hem arap elipbiýiniň esasynda türki diliň elipbiýini işläp düzmek meýli döremändir. Özboluşly bu medeni ösüşiň oňyn tarapy hökmünde onuň baý edebi mirasynyň ägirt uly giňişliklerde Bosfordan Kaşgara, Hindistandan Wolga deryasynyň orta boýlaryna çenli bolan sebitlerde ýaşaýan türki halklaryň ählisine düşnükli bolandygyny bellemek mümkin.Üçünjiden, özboluşly bu medeni ösüş türki halklaryň edebi döredijiliklerini häzirki döwürde öwrenmekde jedelli meseleleriň orta çykmagyna hem sebäp bolupdyr. Olar XX asyryň başynda köp asyrlaryň dowamynda türki dilde döredilen we arap elipbiýinde göçürilen eserleri milli nukdaýnazardan, ýagny belli bir halkyň edebi mirasynyň ýadygärligi hökmünde seljerilip ugralanda ýüze çykypdyr. Olar, ilkinji nobatda, gelip çykyşlary anyk belli bolmadyk şahyrlaryň eserlerine, şeýle-de awtorlary näbelli eposlara, halk dessanlaryna degişlidir. Mälim bolşuna görä, arap elipbiýinde türki dillerdäki inçe we ýogyn çekimli sesleri aňlatmak üçin ýörite belgileri ýok. Şonuň üçin ol bu dilleriň fonemalaryny doly we dogry ýazyp beýan edip bilmeýär. Bu ýagdaý, geçen uzak döwürleriň dowamynda arap elipbiýinde göçürilen islendik türki dilli teksti, türki halklaryň häzirki zaman wokallaşdyrylan milli elipbiýlerine transliterasiýa edenlerinde, olary öz dillerine kybapdaş edip göçürmäge mümkinçilik beryär. Bu bolsa, öz ge-

	Şekili			Manysy			Şekili			Manysy	
1	2	3	4	Türk-mençe	Latynça	1	2	3	4	Türk-mençe	Latynça
ا	ا			a	ā	ض	ض	ض	ض	z	z
ب	بـ	ـبـ	ـب	b	b	ط	ط	ط	ط	t	t
پ	پـ	ـپـ	ـپ	p	p						
ت	تـ	ـتـ	ـت	t	t	ظ	ظ	ظ	ظ	z	z
ث	ثـ	ـثـ	ـث	s	s	ع	ع	ـعـ	ـع		
ج	جـ	ـجـ	ـج	j	ǰ	غ	غ	ـغـ	ـغ	g	ɣ
ح	حـ	ـحـ	ـح	h	h	ف	ف	ـفـ	ـف	f	ʃ
خ	خـ	ـخـ	ـخ	h	h	ق	ق	ـقـ	ـق	k	q
چ	چـ	ـچـ	ـچ	ç	ć	ك, ک	ك, ک	ـکـ	ـک	k	k
د	د			d	d	ل	ل	ـلـ	ـل	l	l
ذ	ذ	.		z	z	م	م	ـمـ	ـم	m	ɯ
ر	ر			r	r	ن	ن	ـنـ	ـن	n	n
ز	ز			z	z	ه	ه	ـهـ, ـه	ـه	h	h
ژ	ژ			ž	ž						
س	س	ـسـ	ـس	s	s	و	و			u, w	u, v
ش	ش	ـشـ	ـش	ş	š	ي	ي	ـيـ	ـي	i, y	ı, j, y
ص	ص	ـصـ	ـص	s	s						

Arap elipbiýiniň esasynda ulanylan türkmen ýazuw ulgamy

zeginde, olar bilen bagly dürli spekulýasiýalara ýol açýar we jedelli meseleleri orta çykarýar. Şeýle meseleler biziň günlerimiziň edebiýatşynaslyk ylmynda hem özüne ýer alyp gelýär[1].

Arap elipbiýiniň esasynda türki halklaryň, şol sanda türkmen halkynyň hem milli elipbiýlerini döretmek meýilleri XX asyryň 20-nji ýyllarynyň bi-

[1] Olar barada giňişleýin seret: *Язбердиев А.* Возвращение Фузули // КЦ. Междунар. ежегодник. 2004–2006. СПб., 2008. С.187–202.

rinji ýarymynda ýüze çykypdyr. Bu ugurda käbir düýpli çäreler hem amala aşyrylyp başlanypdyr. Ýöne şol ýyllaryň ikinji ýarymynda bu halklaryň latyn elipbiýini kabul edip almaklary we gysga wagtyň içinde onuň esasynda özleriniň wokallaşdyrylan milli elipbiýlerini döretmekleri, ol başlangyçlaryň ählisiniň ýatyp galmagyna sebäp bolupdyr. Häzirki döwürde arap elipbiýinden Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýaşaýan türkmenler peýdalanyp gelýärler. Olardan, ilkinji nobatda, Eýranda, Owganystanda, Yrakda, Päkistanda, Hindistanda, Saud Arabystanynda ýaşaýan türkmenleri bellemelidiris. Olar bir asyra golaý wagt bäri türkmen dilinde arap elipbiýiniň esasynda özleriniň kitaplaryny, žurnallaryny, gazetlerini neşir edip gelýärler. Bu ýurtlarda türkmen dilinde metbugat eserlerini çap edýän ýörite metbeler hem döredilipdir[1].

Ýöne, 1927-nji ýyldan öňki döwürde Türkmenistanda bolşy ýaly, olarda arap elipbiýiniň esasynda milli türkmen elipbiýi döredilmändir. EYR-da bu ugurda düýpli işler amala aşyrylypdyr: ylmy konferensiýalar geçirilipdir, makalalar ýazylypdyr, dürli adamlar tarapyndan işlenip düzülen türkmen elipbiýiniň tablisalary hödürlenipdir[2]. Ýöne olaryň hiç biri haýsydyr bir ylmy jemgyýet ýa-da dilşynaslyk gurultaýy tarapyndan tassyklanmandyr. Şonuň üçin EYR-da we beýleki atlary tutulan ýurtlarda türkmen dilinde metbugat eserlerini neşir etmekde dürs ýazuw nukdaýnazaryndan heniz belli bir kada bolmazlygynda galýar. Bu wajyp meseläniň ýakyn arada eýranly türkmenler tarapyndan çözüljekdigine bil baglamak mümkin.

[1] EYR-nyň Tähran, Töwriz, Gürgen, Maşat, Kum, Kümmetkowus, Bendertürkmen, Akgala, Sary ýaly şäherlerinde türkmen şahyrlarynyň we alymlarynyň türkmen, arap we pars dillerinde ýazan eserleri dürli adamlar tarapyndan soňky bir asyryň dowamynda neşir edilip gelnipdir. Munuň özi heniz öwrenilmän ýatan temalaryň biridir. 1996-njy ýylda tanymal eýran türkmen alymy, ylymlaryň doktory Araz Muhammet Sarly özüniň beýik klassyk şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň adyny göterään hususy metbesini esaslandyrypdyr. Bu metbede häzirki döwürde bu ýurtda türkmen dilinde goýberilýän kitaplaryň esasy bölegi çap edilýär. Onda neşir edilen ilkinji 100 sany kitaba bagyşlanyp ýörite bibliografik görkeziji hem düzülipdir. Seret: *Sarly A.M.* Fihrist-e äsär-e kitabi çap şüde der muessise-ýi çap we enteşaret-e Magtymguly Fragy. Gürgen, Bi ta. 40 sah. Şeýle-de, bu metbede 1996-njy ýyldan başlap A.M.Sarlynyň redaksiýasy bilen («Pyragy») atly syýasy-jemgyýetçilik we edebi halkara pasylnamasy türkmen we pars dillerinde çap edilýär.

1998-nji ýyldan başlap beýleki bir arkadaşymyz, belli eýran türkmen ýazyjysy we žurnalisti Ýüsüp Gojuk hem özüniň («Ýaprak») atly syýasy-jemgyýetçilik we edebi halkara pasylnamasyny türkmen we pars dillerinde neşir edip gelýär. Bu žurnallaryň ikisinde-de diňe bir eýranda däl, eýsem, dünýäniň çar künjeginde ýaşaýan türkmenler we olaryň durmuşyna bagyşlanan juda gyzykly makalalar çap edilýär.

[2] «Pyragy» žurnalynyň 1383/2005-nji ýylda neşir edilen 16-njy sany (51 sah.) tutuşlygyna Eýranda arap elipbiýiniň esasynda türkmen ýazuw ulgamyny döretmek meselesine bagyşlanypdyr. Şonuň ýaly-da bu ýurtda bu mesele boýunça kitaplar hem cap edilipdir. Ser.: we başgalar.

III BAP

TÜRKMENISTANYŇ YSLAMDAN ÖŇKI DÖWÜRLERDÄKI EDEBI DURMUŞY

1. AHEMENI EÝÝAMY

Dünýäniň islendik künjeginde iň gadymy döwürlerde adamzat nesliniň medeni we edebi başlangyçlary dini taglymatlaryň ýüze çykyşlary bilen baglanyşykly peýda bolupdyr. Meşhur hindi alymy J.J.Modi bu barada şeýle diýip ýazypdyr: «Adamlaryň döreden ähli institutlary özleriniň gözbaşlaryny dini meselelerden alyp gaýdýarlar. Kitaplar we kitaphanalar barada-da şuny aýtmak bolar. Ähli halklaryň diýen ýaly kitaplary we kitaphanalary dini meselelerden başlanypdyr. Gadymy Rimde bu şeýle bolupdyr. Gadymy Eýranda bu şeýle bolupdyr. Gadymy Müsürde-de bu şeýle bolupdyr»[1]. Bu alymyň pikirine doly goşulyp, biz gadymy Türkmenistanda-da bu iş şeýle bolupdyr diýip kesgitli aýdyp bileris, çünki türkmen halkynyň edebi we medeni durmuşynyň taryhy, edil Eýranyň we Orta Aziýanyň beýleki halklarynyň taryhy ösüşinde bolşy ýaly, öz gözbaşyny Ýer ýüzünde ýüze çykan ilkinji dünýä dini – zoratuştraçylyk taglymatynyň mukaddes kitaby Awestadan alyp gaýdýar[2]. Ol Ahemeni eýýamyndan (550–330) öň we soň, köp asyrlaryň dowamynda Merkezi Aziýada, Eýranda we olaryň töwereklerindäki sebitlerde dil üsti bilen nesilden-nesle geçip gelipdir. Şol döwürlerde «ruhanylar diniň janly kitaplary bolupdyrlar, olaryň köpçülikleýin öldürilmegi[3], rowaýatlarda tassyklanylyşyna görä, köpsanly gadymy eserleriň bütinleý ýok bolup gitmegine ýa-da biziň

[1] *Modi J.J.* Aleksandria and its library // EW. 1904. Vol.III. No.36. P.1015.

[2] Bu barada giňişleýin seret: *Язбердиев А.* Истоки письменной традиции и книжного дела в Средней Азии (историографический обзор) // Библиотечно-библиографическое и книжное дело в Туркменистане. Сб. статей. [Вып.1]. А., 1988. С.3–85; *Şonuňky.* Книжное дело в древней Средней Азии. С.15–87.

[3] Çeşmeleriň beýän maglumatlaryna görä, şeýle hadysalara biz grek-makedon patyşasy Aleksandr Makedonskiniň m.ö. 330-njy ýylda Persopol şäherini, arap serkerdesi Kuteýba ibn Muslim al-Bahiliniň m.s. 712-nji ýylda Horezmi basyp alan döwürlerinde duş gelýäris.

döwrümize çenli doly däl görnüşde gelip ýetmegine getiripdir»[1]. Soňky döwürlerde (III–IX asyrlarda) döredilen zoratuştraçylyk dinine uly göwrümli eserlerinde «Denkartda» («Dini dogmalarda»), «Bundahişnde» («Älemiň gurluşynda») we beýlekilerde) berilýän gymmatly maglumatlara görä, Awestanyň teksti ilkinji gezek ahemeniler eýýamynda arameý elipbiýi bilen göçürilip ýazuwa geçirilipdir. Eýran alymy S.H. Tagyzade bu ýazgynyň senesini bir ýylyň çäklerine çenli anyklapdyr we ol m.ö. 441-nji ýylda ahemeni patyşasy Artakserks 1-niň (465–424) hökümdarlyk eden döwründe berjaý edilipdir diýip nygtapdyr[2]. Ol taryha «Uly ahemeni Awestasy» ady bilen giripdir. 21 naskdan (kitapdan) ybarat bolan bu uly göwrümli mukaddes kitabyň Orta Aziýanyň gadymy döwletleriniň haýsy hem bolsa biriniň çäklerinde 12 müň sany öküz hamyndan ýasalan pergamentiň ýüzüne altyn suw çaýylan syýa bilen iki nusgada göçürilendigi barada köpsanly antik we orta asyrlar döwürleriniň hristian we musulman awtorlarynyň eserlerinde habar berilýär[3]. Onuň her kitaby bellibir meselä ýa-da meseleler toplumyna bagyşlanypdyr. Mysal üçin, Awestanyň 4-nji kitaby «Damdad-nask» – älem-jahanyň döreýşine, 7-nji kitaby «Rado-dadaýtag-nask» – ruhanylaryň ybadat işlerini berjaý edişlerine, 10-njy kitaby «Wiştasp-sasto-nask» – gadymy Baktriýa döwletiniň mifik patyşasy Wiştaspanyň zoratuştraçylyk dinini ilkinji bolup kabul edişine we onuň düzgünlerine, 12-nji kitaby «Kitradat» ýa-da «Çitradat-nask» – edebiýata, 13-nji kitaby «Spend-nask» – pygamber Zoratuştranyň terjimehalyna, 16-njy kitaby «Ganabasar-nigad-nask» – jenaýat, raýat we harby hukuk kanunlaryna, 19-njy kitaby Widewdat-nask – Eýranyň we Orta Aziýanyň geografiýasyna we käbir beýleki liturgiki meselelere bagyşlanypdyr. Şeýlelikde, zoratuştraçylaryň mukaddes kitaby özüniň deslap döredilen döwründe, hristianlaryň Töwrady ýaly, giň göwrümli ensiklopedik eser bolupdyr. «Uly ahemeni Awestasy» biziň döwrümize çenli gelip ýetmedik hem bolsa, ol barada zoratuştraçylyk dinine soňky döwürlerde döredilen eserlerinde giňişleýin maglumatlar saklanyp galypdyr. Hususan-da VII–IX asyrlarda ortapars dilinde ýazylan dokuz kitapdan ybarat «Denkartda» «Uly ahemeni Awestasynyň» 21 kitabynyň ählisiniň mazmuny bapma-bap beýan edilipdir. Ýokardaky çeşmelerde berilýän maglumatlara

[1] *Boyce M.* Zoroastrians. Their Religious Beliefs and Practices. London, 1979. P.79.

[2] *Tagizadeh S.H.* Old Iranian çalendars. London, 1938. P.57.

[3] Ol çeşmeler barada giňişleýin seret: *Язбердиев А.*Книжное дело в древней Средней Азии. С.15–86.

laýyklykda, m.ö. IV asyrda Aleksandr Makedonskiniň baştutanlygynda grek-makedon goşunlary Eýrany we Orta Aziýany basyp alan döwründe «Uly ahemeni Awestasynyň» ýazuwa geçirilen iki nusgasynyň birini grek diline terjime etmek üçin Müsüre ýollapdyrlar, beýlekisini oda ýakyp ýok edipdirler. Ýene-de şol çeşmeleriň maglumatlaryna esaslanyp, biz «Uly ahemeni Awestanyň» ilkinji teksti Türkmenistanyň çäklerinde (Merwde ýa-da Köneürgençde) göçürilipdir diýsek, onda ony ret edýän deliller tapylmasa gerek. Bizi şeýle pikir etmäge itekleýän düýpli ylmy netijeleriň bardygyny aýtmalydyrys. Ilkinji nobatda, ol ýokarda parfiýan hatynyň öwrenilişi bilen baglylykda ady tutulan I.M.Dýakonowyň, Awestanyň bu gadymy teksti bilen Nusaý galasynyň aşagyndan ele salnan we m.ö. IV–II asyrlara degişli parfiýan ýazuw ýadygärliklerіniň bir elipbiýde, ýagny olaryň ikisiniň hem arameý elipbiýiniň gadymy görnüşi bilen göçürilenligi baradaky netijesidir[1]. Bu mesele bilen bagly bu meşhur alymyň beýleki bir pikiri hem biziň üçin örän möhümdir. Oňa laýyklykda Awestanyň döredilen ýeri Hilmend (Drangianada) we Tejen-Gerirud deryalarynyň jülgeleridir[2]. Bu bolsa, öz gezeginde, alymlaryň bellibir toparynyň gadymy zoratuştraçylyk taglymatynyň dörän ýeri Parfiýa (onuň düzümine Merw hem giripdir) bolupdyr diýen netijeleri bilen utgaşyp gidýär[3]. Şeýle alymlardan W.W.Struwäniň, A.Meýäniň, P.Tedeskonyň, J.Dýuşen-Giýmeniň, W.B.Henningiň, G.Seneriň, I.Gerşewiçiň gelen netijelerini görkezmek bolar[4].

[1] *Дьяконов И.М.* История Мидии от древнейших времен до конца VI века до н. э. М.-Л., 1956. С.47.

[2] *Дьяконов И.М.* Восточный Иран до Кира. (К возможности новых постановок вопроса) // История Иранского государства и культуры. К 2500-летию Иранского государства. М., 1971. С.142.

[3] *Бертельс Е.Э.* Избр. труды. М., 1960. Т.1. С.45; *Брагинский И.С.* Указ. соч. С.100.

[4] Zoratuştraçylyk dinіniň we Awestanyň watanyny anyklamakda XX asyryň ortasy kesgitleýji sene bolupdyr. Şol döwre çenli dünýäniň köpsanly meşhur alymlary, zoratuştraçylyk eýýamynyň soňky asyrlarynda, hususan-da, VII–IX ýüzýyllyklarda, ortapars (başgaça pehlewi) dilinde döredilen kitaplarynyň anahronistik maglumatlaryndan ugur alyp, bu diniň ýüze çykan ýeri Günbatar Eýran, ýagny gadymy Midiýanyň çäkleri diýip hasaplap gelipdirler. XX asyryň ikinji ýarymyndan başlap alymlar bu pikirden üzül-kesil arany açypdyrlar. Häzirki döwürde dünýäniň awestaşynaslary biragyzdan zoratuştraçylyk dinіniň we Awestanyň watany Orta Aziýa sebiti bolupdyr diýen netijä gelipdirler. Alymlaryň pikiri olary bu sebitiň çäklerinde anyk bir ýurda ýa-da welaýata degişli etmekde biri-birlerinden tapawutlanýarlar. Hususan-da, bu diniň we onuň mukaddes kitabynyň watany hökmünde gadymy Horezm, Margiana we Baktriýa ýurtlary öňe sürülýär. Olaryň üçüsiniň hem deň derejede tarapdarlary bar.

Alymlaryň beýleki bir topary (J.Markwart, W.W. Bartold, M. Boýs, S.P.Tolstow we başgalar) zoratuştraçylyk dinine we Awestanyň watanyny gadymy Horezm hasaplapdyrlar. Olar özleriniň netijelerini «Widewdatyň» 1-nji fragradynda (babynda) berilýän maglumatlar boýunça esaslandyrypdyrlar. Onda şeýle diýilýär:

«Men, Ahura-Mazda, birinjiden, ýaşaýşa iň amatly ýerlerden we ýurtlardan Wahwa Daiti atly ajaýyp deryaly Airýanam Waedjo ýurduny döredendirin. Şol mahal, bada-bat onuň garşysyna betpäl Anhra-Mainýu sarymtyl ýylany we döwleriň gazaply gyşyny döredendir.

Bu ýurtda on aý gyş, iki aý tomus bolýar. (Gyş aýlary) suwlar sowuk, ýerler doňak bolýar, ösümlikleri gyşyň ortasynda sowuk alýar. Iň gazaply gyş bu ýerdedir. Gyş paslynyň ahyrynda buzlar eräp, ýerleri suw alýar»[1].

W.W. Bartoldyň pikirine görä, Awestanyň watany Horezm bolupdyr. Alymyň bu pikiri barada biz aşakda giňişleýin durup geçeris.

Uzak dowam eden ylmy çekişmelerden soň[2], XX asyryň ikinji ýarymynyň başyndan başlap, dünýäniň awestaşynas alymlary biragyzdan diýen ýaly zoratuştraçylyk dinine we Awestanyň watany Orta Aziýa sebiti bolupdyr diýen netijä gelipdirler. Ol biziň günlerimizde-de mizemezligine galypdyr. Alymlaryň pikirleri bu meselede, ýokarda hem görşümiz ýaly, diňe olary bu sebitiň gadymy döwletleriniň (Parfiýanyň, Margiananyň we Baktriýanyň) haýsy hem bolsa biriniň çäklerine dahylly etmekde tapawutlanýar. Her halda, şol gadymy döwletleriň ikisiniň Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşendiklerini bellemek biziň meselämiz üçin möhümdir. Ol zoratuştraçylyk dinini we Awestany Türkmenistan bilen baglanyşdyrýan esasy delillerdir.

2. PARFIÝAN EÝÝAMY

Käbir alymlar Parfiýan eýýamynda (m.ö. 250-nji – m.s. 224-nji ýyllar) medeni ösüş «öňküsinden peselipdir ýa-da bir durkuna durupdyr»[3],

[1] *SBE*. Delhi,1974. Vol.IV. Pt.I. P.4–5; Авеста в русских переводах (1861–1996). СПб., 1997. С.70–71; Awesta. («Widewdat» – «Döwlere garşy kanun») / Türkm. diline terj. eden A.Ýazberdiýew // Türkmen arhiwi. 2007. Ýörite neşir. A., 2007. 59 s.

[2] Şol çekişmeleriň netijesinde Ýewropa ýurtlarynda neşir edilen edebiýatlara seret: *Pearson J.D.* A Bibliography of Pre-Islamic Persia. P.149-196, 215–230.

[3] *Padover S.K.* Muslim Libraries // *Thompson J.W.* The Medieval Library. New-York-London, 1967. P.347.

şol döwürde «hiç hili kitap we edebiýat bolmandyr»[1] diýip belläpdirler. Şeýle netijeler anyk delillere daýanmaýan esassyz tassyklamalardan başga zat däldir. Parfiýan döwrüniň medeni durmuşy has uzakdaky geçmiş bolany üçin ol baradaky maglumatlar, elbetde, bize doly gelip ýetmändir. Has beteride Parfiýan döwletiniň mirasdüşerleri bolan sasanylar olaryň hökümdarlaryny eýran tagtyny bikanun eýelänler hasap edip, «bilkastlaýyn we esassyz, arşakylar barada aýdylyp bolnaýjak ähli oňyn zatlaryň üstüni ýapypdyrlar we ol maglumatlary adamlaryň huşlaryndan çykarjak bolup alada baryny edipdirler. Biziň günlerimizde hem sasanylar bilen baglanyşdyrylýan köp zatlaryň aslyýetinde eýýäm parfiýan arşakylary tarapyndan [döwletiň durmuşyna] girizilen bolmagy ähtimaldyr»[2]. Iň bärkisi, bir sany aňrybaş möhüm we hiç hili şübhe döretmeýän medeni çärede, hususan-da, ahemeni eýýamyndan bäri üzlem-saplam we gözgyny halda bolup gelen Awestanyň tekstini öňki kaddynda dikeltmekde we ýazuwa geçirmekde, parfiýanlar onuň öňüni başlaýjylardyr. Sasany döwletiniň dowam eden bütin döwründe onuň hökümdarlary bu meselede parfiýan patyşalarynyň başlan möhüm işini dowam etdirijiler bolupdyrlar. Şeýlelikde, Türkmenistanyň parfiýan döwründäki edebi durmuşy, ilkinji nobatda, Awesta bilen berk baglanyşykly bolupdyr. Biz bu ýerde mukaddes kitabyň tekstiniň bu döwürde göçürilişiniň üstünde durup geçmeli bolýarys. Ol medeni taryhymyza, adatça, «Arşaky[3] Awestasy» ady bilen giripdir.

Awestanyň tekstiniň bu saparky göçürilişi, hususan-da, onuň täzeden dikeldilişi, Wologez I-niň (parfiýança ady Walkaş[4]) ady bilen baglanyşyklydyr. Zoratuştraçylyk dinіniň III–IX asyrlarda döredilen kitaplarynda, bu at iň soňky ahemeni patyşasy Dariý III-niň hökümdarlyk eden döwründen dört asyra golaý wagt geçenden soň, ilkinji gezek Awestanyň tekstini

[1] *Ibid.* P.348.

[2] *Клима О.* История авестийской, древнеперсидской и среднеперсидской литературы // *Рипка Я.* История персидской и таджикской литературы. М., 1970. С.39.

[3] Arşak I (247–217) Parfiýan döwletini esaslandyran ilkinji patyşadyr. Onuň ady bilen baglylykda bu döwletiň adyny kämahallar Arşaky döwleti diýip hem tutýarlar. Parfiýan döwründe göçürilen Awesta «Arşaky Awestasy» diýlip at berilmegi hem şu ýagdaý bilen baglydyr.

[4] Wologez adyny göteryän parfiýan patyşalarynyň azyndan bäşisi bellidir. Awestanyň tekstiniň parfiýan eýýamynda göçüriliş taryhyny öwrenen alymlaryň içinde ony şol patyşalaryň hersine diýen ýaly dahylly edenleri bolupdyr. Ýöne alymlaryň köpüsi bu meselede Wologez I-ä aýratyn orun beripdirler, çünki ol şol patyşalaryň «dördüsinden hem iň tanymaly we has meşhury bolupdyr». Seret: *Darmsteter J.* Introduction // SBE. Vol.IV. Pt.1. Delhi, 1974. P.XXXIV.

täzeden neşir ediji hökmünde peýda bolýar. «Denkartda» bu barada şeýle diýilýär:

«Aşkanyň[1] neberesinden bolan Walkaş öz imperiýasynyň her bir welaýatynda bolan mahalynda, onuň ilatyna Awestanyň we Zendiň[2] asyl nusgalaryny aýawly saklamagy we olar nähili görnüşde gelip ýeten bolsalar, şol durkuna, üýtgetmän ýurduň merkezi şäheri üçin sünnäläp göçürmekligi buýrupdyr. Şeýle hem ol bu mukaddes kitaplar bilen baglanyşykly ýazuw görnüşinde ýa-da ýokary derejeli ruhanylaryň huşlarynda ýatda saklanyp, dil üsti bilen gelip ýeten düzgünnamalar bolsun, garaz, Aleksandr Rumynyň (Makedonskiniň) nökerleridir-leşgerleriniň derbi-dagyn eden Eýranynda üzlem-saplam halda şol mukaddes tekstlerden näme galan bolsa, olaryň ählisini ýazuwa geçirmekligi buýrupdyr»[3].

Awestanyň tekstini täzeden dikeltmek we göçürmek boýunça Wologez I-niň amala aşyran çäreleri döwletiň medeni durmuşynda möhüm, düýpli we öz wagtynda berjaý edilen derwaýys işler bolupdyr. Onuň m.s. I asyryň ortasynda ýerine ýetirilmegi tötänleýin bolmandyr. Şol döwürde Günbatardan hristiançylyk, Gündogardan buddaçylyk taglymatlarynyň zoratuştraçylyk dinine täsiri güýçlenipdir. Bu barada bu dini öwrenmek boýunça häzirki döwrüň iň belli we meşhur alymy M.Boýs şeýle diýip ýazypdyr: «Parfiýan döwletiniň dowam eden soňky asyrlarynda gadymdan däp bolup gelýän dini biparhlylyk syýasatyna[4] we zoratuştraçylyk dinleriniň garaşsyzlygyna birbada iki tarapdan howp abanypdyr. Gündogarda buddaçylyk Eýran bilen Hindistanyň arasyndaky serhetdeş welaýatlarda güýçli ýaýrap ugrapdyr, Günbatarda hristiançylyk dinleriniň ruhanylary täze milletleri öz dinlerine uýdurjak bolup, yhlas baryny edipdirler. Zoratuştraçylyk taglymaty uzak taryhynyň bütin dowamynda keseki dinler bilen ilkinji gezek çaknyşypdyr, olaryň tarapdarlary zoratuştraçylygy tankyt edipdirler we olary öz dinlerinden ýüz öwürtjek bolup dalaş edipdirler»[5].

---

[1] Ilkinji parfiýan patyşasy Arşagyň adynyň aýdylyşynyň beýleki bir görnüşi.

[2] Awestanyň teswirnama kitaby. Ol ilkibada awesta dilinde ýazylypdyr diýip alymlar hasap edýärler. «Zend» biziň döwrümize çenli sasanylar eýýamynda (224–651) ortapars diline edilen terjimesi boýunça gelip ýetipdir. Seret: *Textual Sources* for the Study of Zoroastrianism / Ed. and translated by M. Boyce. Manchester, 1984. P.3–4.

[3] *SBE.* Vol.37. Pt.4. Delhi,1969 P.413; For details of it, see: *Bailey H.W.* Zoroastrian problems in the ninth-century books. Oxford, 1971. P.149–176.

[4] Dini biparhlylyk döwri Gündogarda-da, Günbatarda-da IV asyra çenli dowam edipdir.

[5] *Boyce M.* Zoroastrians. P.100.

Şeýlelikde, medeni gatnaşyklar babatynda ýönekeý bolmadyk şol döwürde, parfiýan patyşasy Wologez I-niň tagallasy bilen Awestanyň tekstleri ikinji gezek dolulygyna ýazuwa geçirilipdir. Eger-de «Uly Ahemeni Awestasynyň» tekstiniň şeýle gadym döwürde, ýagny m.ö, V asyrda ýazuwa geçirilmek mümkinçiligine şübhelenýän awestaşynaslar dünýäniň dürli ýurtlarynyň alymlarynyň arasynda nähili hem bolsa bar bolsa, «Arşaky Awestasynyň» tekstiniň dolanyşykda bolandygyny inkär edýän ýekejede alyma bu meseläniň edebiýatynda duş gelmeýäris.

Wologez I-den soň Parfiýan döwletiniň ahyryna çenli Awestanyň tekstini gaýtalap göçürtmek barada alada eden hökümdar ýa-da ýokary derejeli ruhany bolmandyr (her halda, şeýle şahslar barada çeşmelerde hiç hili maglumat berilmeýär). Bu bolsa, öz gezeginde, edil ahemeni eýýamynda bolşy ýaly, Awestanyň tekstine ýene-de bütinleý ýitip ýok bolup gitmek howpuny salypdyr. Üstesine-de, parfiýan döwründe gündelik ybadat gullugyny alyp barýan ruhanylaryň işleri iki sany düýpli sebäbe görä juda kynlaşypdyr. Birinjiden, şol döwürde awesta dili[1] eýýäm öli dile öwrülipdir. Ikinjiden, «Arşaky Awestasy» hem «Uly ahemeni Awestasy» ýaly, çekimli harplary bolmadyk arameý elipbiýi bilen göçürilipdir. Onuň dürs ýazuw nukdaýnazaryndan «Uly ahemeni Awestasyndan» tapawudy bolmandyr. Şeýlelikde, ahemeni eýýamynda awesta dili ene dili bolan, şol sebäpli hem mukaddes kitabyň tekstini, dogry we dürs okamagy başarýan adamlar (ruhanylar) heniz gündelik durmuşda bar bolan bolsalar, parfiýan döwründe şeýle şahslar eýýäm taryhy geçmişe öwrülipdirler. Döwür üýtgesede, dini däp-dessurlar mizemezligine galypdyr. Awestanyň tekstini dogry we dürs okamak (şol döwrüň ruhanylarynyň nazaryýetine görä, diňe şeýle edilende döwlere garşy okalan aýatlar olaryň güýjüne derbi-dagyn ediji täsirini ýetiripdir) öňki döwürlerdäki ýaly talap edilipdir. Döwletiň dini bilen bagly peýda bolan täze şertler öň ýüze çykmadyk düýpli meseläni orta çykarypdyr. Ol mukaddes kitabyň tekstini, awesta diliniň ähli seslerini ýazuwa geçirmäge ukyply haýsydyr bir täze, wokallaşdyrylan elipbiý bilen göçürmek meselesi bilen bagly ýüze çykypdyr. Ony gaýragoýulmasyz ýagdaýda çözmekligi daşarky syýasy sebäpler hem talap edipdir. Şol döwürde hristian dinineň Rim imperiýasynyň (entek ol heniz resmi

[1] Mukaddes kitap Awestanyň dilinde ýazylan başga hiç hili eser belli däl. Şonuň üçin dünýäniň awestaşynas alymlary Awestanyň dilini (belli derejede şertleýin halda bolsa-da), awesta halkynyň dili hasap edýärler.

döwlet dini diýlip kabul edilmänkä hem), içerki we daşarky durmuşyna ýetirýän täsiriniň barha güýçlenmegi, Parfiýan döwletiniň ikinji ýarymynda onuň dini meselelerini derwaýyslaşypdyr. Başgaça aýdanymyzda, edil hristianlaryň Töwrady ýaly Awestanyň hem kanunlaşdyrylan tekstini tassyklamak gerek bolupdyr. Bu möhüm mesele, öz gezeginde, mukaddes kitabyň, pytraňňy, üzlem-saplam halda bolup galan böleklerini tutuş imperiýanyň çäklerinden ýygnamak, olary dürli goşundylardan arassalamak, tertipleşdirmek, redaktirlemek we täze elipbiý döretmek, onuň esasynda köne teksti transliteratsiýa etmek we ony ortapars diline terjime etmek ýaly birgiden möhüm wezipeleri öňe sürüpdir. Olary çözmek Sasany döwletiniň hökümdarlarynyň we ruhanylarynyň paýyna düşüpdir.

Parfiýan eýýamynyň ikinji ýarymyndan başlap, parfiýan dilinde ýazylan dünýewi eserler hem peýda bolup ugrapdyr. Olar şol döwürde halkyň arasynda gadym eýýamlardan bäri ýüze çykyp ugran gahrymançylykly we mifiki rowaýatlaryň edebi nukdaýnazardan işlenip ugralmagy bilen baglylykda döredilipdir. Şeýle kysymly eserleriň käbirleri biziň döwrümize çenli gelip ýetipdir. M.s. I asyrda döredilen «Zarer nama» atly kitap olaryň biridir. Ondan meşhur Ferdöwsi özüniň «Şanama» eposyny ýazanynda peýdalanypdyr. Şeýle-de, şol döwürde ýazylan kitaplardan «Draht-i Asurik» («Assiriýa agajy we geçi»), «Wis we Ramin» ýaly eserleri agzamak bolar. Olaryň soňkusy dünýä edebiýatynyň taryhynda ilkinji söýgi romany hasap edilýär we onuň wakalary tutuşlygyna Merw şäherinde bolup geçýär. E.Benwenistäniň[1], W. Minorskiniň[2] we beýleki alymlaryň geçiren barlaglary bu eserleriň ilkibada parfiýan dilinde ýazylandygyny, soň olaryň sasanylar eýýamynyň ikinji ýarymynda ortapars diline terjime edilendiklerini tassyklapdyr.

3. SASANY EÝÝAMY

Ahemeni we Parfiýan eýýamlaryndaky ýaly, Sasanylar imperiýasynyň dowam eden döwründe (224–651) hem Türkmenistanyň çäkleri onuň düzümine aýratyn welaýat hökmünde giripdir. Bu döwürde medeni durmuş öňki döwürler bilen deňeşdireniňde düýbünden tapawutlanypdyr,

[1] *Benveniste E.* Le texte du Draxt Asurik et la versification pehlevie // JA. 1930. Vol.218. P.193–225; *Idem* .Memorial de Zarer? Poème pehlevi mazdéen // JA. 1932. Vol.220. P.245–293.

[2] *Minorsky V.* Vis u Ramin. (Parthian romance) // BSOAS. 1946. Vol.20. Pt.4. P.741–763; 1947. Vol.21. Pt.1. P.20–35.

giň möçberlerde ösüpdir. Eger-de ahemeni we parfiýan döwürlerinde döredilen kitaplar, ýokarda görşümiz ýaly, juda az mukdarda bolan bolsalar, Sasany eýýamynda olary sanap çykardan köp bolupdyr. Diňe bir ýagdaý üýtgewsiz galypdyr, ol hem edebi döredijilik, öňki döwürlerdäki ýaly, tutuşlygyna dini meseleler bilen baglylykda dowam edipdir. Zoratuştraçylyk dinine, onuň ruhanylaryna howandarlyk etmekde we bu diniň mukaddes kitaplaryny, hususan-da, Awestanyň tekstlerini toplamakda, täzeden dikeltmekde we ýazga geçirmekde, Sasany döwletiniň hökümdarlary parfiýan patyşasy Wologez I-niň başlan möhüm işlerini dowam etdirijiler bolupdyrlar[1]. Olar bilen Sasany döwletiniň ilkinji ýyllaryndan başlap[2], tä VI asyryň soňky onýyllyklaryna çenli ýurduň hökümdarlary we tanymal ruhanylary, yzygiderli we düýpli meşgullanmaly bolupdyrlar. Bu meseleler IV asyrdan başlap juda derwaýyslaşyp, syýasy äheňe eýe bolupdyr. Günbatar bilen Gündogaryň, hususan-da, dünýäniň şol döwürdäki iki sany iň iri döwletleri bolan Rim imperiýasy bilen Sasany döwletiniň arasynda ýüze çykan düýpli syýasy we medeni gapma-garşylyklar muňa sebäp bolupdyr. Awestanyň, edil parfiýan döwründäki ýaly, üzlem-saplam bolup galan tekstlerini imperiýanyň ähli ýerlerinden ýygnamak, olary öňki durkunda dikeltmek, redaktirlemek, täze wokallaşdyrylan elipbiý döret-

[1] *Бартольд В.В.* Соч. М., 1971. Т.VII. С.245.

[2] «Arda Wiraf namak» («Ruhany Arda Wirafyň o dünýä syýahaty ») atly kitapda berilýän maglumatlara görä, ol işleri çözmek eýýäm ilkinji sasany patyşasy Ardaşir I-niň (224–441) hökümdarlyk eden döwründe başlanypdyr. Bu barada şeýle maglumat berilýär:

«Ardaşir öz döwründe ýaşaýan dessurlary we mobetleri köşgüne çagyryp, olara şeýle diýip ýüzlenipdir: «Hakyky we dogry dini gudraty güýçli Hudaý Zaratuşta aýan edipdir. Zaratuşt ony bütin dünýä jar edipdir, emma ony hiç kim goldamandyr. Biz bu diniň düzgünlerini, ýadygärliklerini ýygnap, olary ygtybarly ýerde aýawly saklamalydyrys». Şeýle diýip, ol öz adamlaryny ähli welaýatlara ugradypdyr we ähli ýerlerdäki alymlary we ruhanylary öz köşgüne ýygnamaklaryny buýrupdyr. Netijede, patyşanyň köşgünde 40 000 adam ýygnanypdyr. Olara patyşa şeýle talap bilen ýüzlenipdir: «Siz öz içiňizden näçe sany iň akyldar we iň paýhasly adamlary öňe çykaryp bilersiňiz?». Ýygnananlar maslahatlaşyp, öz aralaryndan şeýle adamlaryň 4 000 sanysyny saýlap, olar barada şalaryň şasyna habar beripdirler. Patyşa olara ikinji gezek ýüzlenip: «Eserdeňlik bilen ikinji gezek bu adamlaryň toplumynyň içinden özleriniň pähim-paýhaslary we Awestany we Zendi ýatdan oňat bilýändikleri bilen tapawutlanan adamlary saýlaň!» diýipdir. Adamlar ýene-de maslahatlaşyp, bu sapar şeýle şahslardan 400 adamy öňe çykarypdyrlar. Bu adamlary hem ýene-de eserdeňlik bilen barlap, olardan 40 adamy saýlapdyrlar. Öz gezeginde, olary hem täzeden barlap, çagalykdan (ýedi ýaşdan), tä gojalyk ýaşyna ýetýänçä, dine wepaly, hiç hili günäsiz ýedi sany adamy saýlap alypdyrlar. Patyşa olara şeýle buýruk beripdir: «Dinimiz şübheli we gümanly ähli zatlardan arassalanmalydyr, [şondan soň] ähli adamlar Ahura Mazdanyň we Zoratuştranyň dinine uýmalydyrlar, onuň düzgünlerini we kada-kanunlaryny bilmelidirler, bu zatlar ýurduň hökümdarynada, alymlara-da, dini ulamalara-da aýdyň bolmalydyr».

mek, köne teksti täze elipbiýiň esasynda transliteratsiýa etmek ýaly juda çylşyrymly hem jogapkärli meseleler öňde durupdyr. Olaryň aglaba bölegini IV asyryň ortalaryna çenli, meşhur patyşa Şapur II (309–379) howandarlyk etmeginde amala aşyrmak başardypdyr. Başgaça aýdylanda, şol döwürden başlap Sasany imperiýasynyň çäklerinde zoratuştraçylyk dinine düýpli esasda resmi döwlet dini derejesi berlipdir. Şondan soň gadymyýetiň dini biparhlyk döwri[1] tamam bolup, ol taryhy geçmişe öwrülipdir. Rim bilen Sasany imperiýalarynyň arasynda ilkinji sapar aňly-düşünjeli hem-de düýpli syýasy gapma-garşylyklar ýüze çykypdyr. «Öň gabat gelinmedik bu antagonizm»[2], imperiýanyň ähli ýerlerinde bolşy ýaly, Türkmenistanyň çäklerinde hem, IV–VII asyrlarda edebi döredijilik işiniň ösüşiniň köp taraplaryny bize düşündiryär. Biz ony ýene-de Awestadan, has takygy, onuň tekstini göçürmek üçin täze döredilen elipbiýden başlamaly bolýarys.

4. AWESTA ELIPBIÝI

Bu elipbiý ýokarda atlary tutulan ýazuw ulgamlaryndan tapawutlylykda, daşardan gelen diniň täsiri astynda däl-de, Türkmenistanyň özünde we onuň goňşy ýurtlarynda gadym döwürlerden bäri ýerli halklaryň uýup gelen gojaman zoratuştraçylyk (otparazçylyk) dinleriniň elipbiýidir. Ýokarda, gadym we orta asyr döwürleriniň çeşmeleriniň beryän maglumatlarynyň esasynda belläp geçişimiz ýaly, bu diniň mukaddes ýazgylary – Awestanyň tekstleri ilkinji gezek m.ö. 441-nji ýylda ahemeni patyşasy Artakserks I döwründe[3], ikinji sapar parfiýan patyşasy Wologez I zamanynda[4] arameý elipbiýi bilen göçürilipdir. Emma eýýäm

[1] IV asyryň ortasynda Rim imperiýasynda hristian dininiň resmi döwlet dini diýlip kabul edilmegi bilen taryhda dini biparhlyk döwri tamamlanypdyr. Basym Kiçi Aziýanyň çäklerinde ýaşaýan we zoratuştraçylyk dinine uýýan mähelleleri imperiýanyň çäklerinden kowup çykarypdyrlar. Rim imperatorynyň bu hereketine jogap edip Şapur II, öz gezeginde, döwletiň ýokary derejeli ruhanylarynyň talap etmegi netijesinde, 322-nji ýylda Sasany döwletinde ýaşan hristianlary ilkinji gezek jebir sütemlere sezewar edip yzarlapdyr. Şeýle yzarlanmalar Sasany döwletiniň ahyryna çenli dowam edipdir. «Kämahallar oňa hristianlaryň özleriniň barlyşyksyz hereketleri sebäp bolupdyr» (*Boyce M.* Zoroiastrians. P.120). Her niçik hem bolsa, zoratuştraçylygyň Günbatardaky ýagdaýyndan tapawutlylykda Gündogarda hristiançylyk Sasany döwletiniň ahyryna çenli saklanyp galypdyr we ol bu sebitden XI asyrda yslam dini tarapyndan gutarnykly gysylyp cykarylypdyr.

[2] *Бартольд В.В.* Соч. T.VI. C.212.

[3] *Tagizadeh S.H.* Old Iranian calendars. 57 p. Awestanyň tekstiniň bu deslapky ýazgysy barada giňişleýin seret: *Язбердиев А.* Книжное дело в древней Средней Азии. С.28–90.

[4] Awestanyň tekstiniň ikinji ýazgysy barada giňişleýin seret: *Язбердиев А.* Книжное дело в древней Средней Азии. С.90–98.

antik döwürde Awestanyň dili öli dile öwrüleni üçin, onuň çekimli harplary bolmadyk arameý haty bilen göçürilen bu deslapky tekstlerinden peýdalanmak diňe bir dünýewi adamlar üçin däl, eýsem, şol döwrüň zoratuştraçylyk dinine ruhanylaryna-da (herbatlara we mobetlere) uly kynçylyklary döredipdir. Üstesine-de, IV asyrda Rim imperiýasynda hristian dinine döwletiň resmi dini diýlip kabul edilmegi, Sasany döwletinde edil şeýle meseläni resmi taýdan gaýragoýulmasyz ýagdaýda çözmekligi talap edipdir. Ýüze çykan syýasy ýagdaý, öz gezeginde, Awestanyň tekstini gysga wagtyň içinde tertipleşdirmegi, ony resmi taýdan tassyklamagy we täze, wokallaşdyrylan elipbiý bilen göçürmegi derwaýys mesele edip goýupdyr. Sasany patyşasy Şapur II eýýamynda bu möhüm mesele döwrüniň alymlary bolan zoratuştraçylyk dinine ruhanylary tarapyndan IV asyryň ortasynda ussatlarça çözülipdir. Döwletiň resmi dinini kadalaşdyrmak boýunça görlen çäreleriň arasynda Awestanyň tekstlerini döwrüň talabyna laýyk edip göçürmek we bu işi berjaý etmek üçin täze, wokallaşdyrylan elipbiý döretmek esasy wezipeleriň biri bolupdyr. Täze elipbiý mukaddes kitabyň tekstlerinde duş gelýän ähli sesleri aňlatmaga ukyply hat ulgamy bolmaly bolupdyr. Sasany eýýamynyň ruhanylary, mesele ýeterlik derejede çylşyrymly bolsa-da, ony oňyn çözmegiň ussatlarça hötdesinden gelipdirler. Dogrusy, olara bu meselede ýol görkeziji käbir şertleriň bolandygyny bellemek mümkin. Mysal üçin, çekimli sesleri aňladýan harplary özünde jemleýän grek elipbiýi Eýranyň we Orta Aziýanyň halklaryna, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, m.ö IV asyrdan bäri belli bolupdyr. Parfiýan eýýamynyň birinji ýarymynda bu döwletiň çäklerinde grek dili we grek haty resmi suratda ulanylyp gelipdir. Grek-Baktriýa döwletinde grek haty selewkiler eýýamyndan, tä VIII–IX asyrlara çenli ulanyşda bolupdyr. Hatda m.s. ilkinji asyrlarda Awestadan alnan käbir sözleriň grek elipbiýi bilen daşyň ýüzüne ýazylan halatlaryna-da alymlar Owganystanyň gadymy Surh-hotal galasynda gabat gelipdirler[1]. Ýokardaky delillerden ugur alyp, wokallaşdyrylan awesta elipbiýini döretmek ideýasy özüniň gözbaşyny grek hatyndan alyp gaýdypdyr diýip çak etmek mümkin. Ý.E.Bertels bu barada şeýle diýip ýazypdyr: «Grek elipbiýiniň artykmaç tarapy, ol hem, çekimli sesleriň ählisini ýazuwa geçirmäge mümkinçilik berýänligindedir. Ol mümkinçilikler zoratuştraçylyk dinine ruha-

[1] *Altheim F., Stiehl R.* Alexander the Great and Awesta // EW. 1957. Vol.8. No.2. P.128–130.

IV asyrda Parfiýada döredilen wokallaşdyrylan awesta elipbiýi

nylaryna öz keramatly kitaplarynyň tekstlerini göçürmekde şoňa meňzeş ýazuw ulgamyny ulanmak pikirine itergi beripdir. Bu bolsa Awestanyň biziň günlerimize çenli gelip ýeten tekstleriniň elipbiýiniň döredilmegine getiripdir»[1].

Ýöne bu ýazuw ulgamy onuň esasyny düzmändir. Her halda, awesta elipbiýi IV asyryň 40-njy ýyllarynda, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, gysga wagtyň içinde döredilipdir. Bu meseläni ilik-düwme öwrenen nemes alymy

[1] *Бертельс Е.Э.* Избр.труды. М., Т.1. С.68.

W.B.Henning bu barada şeýle diýip ýazypdyr: «Awesta elipbiýi asyrlarboýy ýuwaş-ýuwaşdan ösüşiň netijesi boýunça däl-de, ýazuw ulgamynyň adaty ösüş ýoluna mahsus bolmadyk gyşarma eýerip, düýbünden täzeden döredilen hatdyr. Ýeke söz bilen aýtsak, ol oýlanyp tapylan bir zatdyr»[1]. E.West awesta elipbiýiniň döredilen wagtyny 290–371-nji ýyllar aralygy[2], O.Klima 340-njy ýyl[3] diýip kesgitläpdirler. Alymlaryň pikirine görä, awesta elipbiýi ortapars (pehlewi) elipbiýiniň esasynda döredilip, ondaky 20 harpyň sany 46 harpa çenli artdyrylypdyr we olaryň 14-si çekimli sesleri aňlatmak üçin niýetlenilipdir[4]. W.B.Henning bu elipbiýde 48 sany harp bolup, olaryň 14-si çekimli sesler üçin döredilipdir diýip belläpdir[5]. Awesta elipbiýiniň döredilen ýeri barada-da alymlar pikirini aýdyp geçipdirler. Ý.E.Bertelse görä, edil mukaddes kitabyň özi ýaly, awesta elipbiýi hem Sasany Eýranynda däl-de, Orta Aziýanyň welaýatlarynyň haýsy hem bolsa biriniň çäklerinde döredilipdir. Ol bu meselede aýratyn hem Parfiýanyň (häzirki Türkmenistanyň) çäklerine esasy orny beripdir[6]. I.S.Braginskiý bu pikiri goldap, ony has-da ygtybarly etmek üçin, özüniň nemes kärdeşi F.Altheýmiň «Şeýle hasap etmäge hiç zat päsgelçilik bermeýär, tersine, köp zatlar bu netijäniň peýdasyna syrygýar» diýen sözlerine salgylanyp, oňa köpleriň ünsüni çekipdir[7].

Awesta elipbiýi ajaýyp hat ulgamy bolupdyr. Zoratuştraçylyk dinine üç jiltden[8] ybarat täze taryhyny ýazan we onuň ýazuw ýadygärliklerine tankydy tekstlerini taýýarlan we olary iňlis diline terjime eden[9] M.Boýs (1920–2006) bu elipbiý barada şeýle diýip ýazypdyr: «Zoratuştraçylyk dinine ruhanylarynyň arasyndan çykan haýsydyr bir nämälim geniý, üýtgeşik takyklygy bilen tapawutlanýan «awesta» elipbiýini oýlap ta-

[1] *Henning W.B.* The Dizintegration of the Avestic Studies // TPS. 1942. P.48.

[2] *West E.W.* Introduction // SBE. Vol.47. Pt.5. Delhi, 1969. P.37.

[3] *Клима О.* Указ. соч. С.26.

[4] *Boyse M.* Middle Persian literature//HbO. T.1. Abt.IV. Bd.2. Abschn.L fg.1. 1968. P.34.

[5] *Henning W.B.* The Dizintegration. P.44.

[6] *Бертельс Е.Э.* Избр. труды. Т.1. С.50.

[7] *Брагинский И.С.* Указ. соч. С.102.

[8] *Boyce M.* A History of Zoroastrianism.Vol. I-III. Leiden-Köln, 1975–1991. (Vol.III with F.Grenet). M. Boýsdan öň zoroastrizm dini boýunça jemleýji işleri H.S.Nýuberg, E.Herzfeld, R.S.Seýner, M.Mole, Г.Widengren ýazypdyrlar. Olaryň işleri barada seret: *Pearson J.D.* A Bibliography of Pre-Islamic Persia. P.153–196; *Язбердиев А.* Книжное дело в древней Средней Азии. С.70–71.

[9] *Textual sources* for the study of Zoroastrianism / Ed.and translated by M.Boyce. Manchester, 1984. 166 p.



Awestanyň biziň döwrümize çenli gelip ýeten gadymy golýazmasyndan bir sahypa

pyp, mukaddes kitabyň tekstini ýazuwa geçirmegiň meselesini ussatlarça çözüpdir... Bu elipbiý her bir çekimli we çekimsiz sesleri ýazyp beýan etmäge ukyply we iş ýüzünde özüniň takyklygy boýunça häzirki zaman «halkara fonetik transkripsiýasyna» kybapdaş bolupdyr»[1]. Täze elipbiý hernäçe kämil işlenip düzülen hem bolsa, mukaddes kitabyň köne arameý

[1] *Boyse M.* Zoroastrians. P.134–135.

haty bilen göçürilen tekstlerini, şeýle-de olaryň ýitirilip, ruhanylaryň dillerinden ýazylyp alnyp dikeldilen böleklerini awesta elipbiýine geçirmek (transkripsiýa etmek) örän çylşyrymly hem jogapkärli iş bolupdyr. Ol şol döwrüň iň sowatly-bilimli we abraýly ruhanylarynyň ýolbaşçylygynda we olaryň gönüden-göni gatnaşmagynda amala aşyrylypdyr.

Häzirki zaman alymlarynyň hasaplamalaryna görä, IV asyrda täze elipbiý bilen göçürilen Awestanyň asyl nusgasynda 345 700, onuň pehlewi diline edilen terjimesinde 2 094 200 söz bolupdyr[1]. Hindi alymy N.M.Hidaýatyň hasaplamalaryna laýyklykda, Awestanyň kitaplarynyň her biri orta hasapdan dört ýüz sahypadan az bolmadyk teksti öz içine alypdyr[2].

Täze elipbiý bilen Awestanyň tekstleri yslamdan öňki döwürde sasany patyşasy Hosrow I Anuşirwanyň (531–579) döwründe iň soňky gezek göçürilipdir. Ol Sasany döwletinde mazdakçylyk hereketi basylyp ýatyrylandan soň amala aşyrylypdyr. Beýik Seljuk soltanlarynyň tanymal weziri Nyzam al-Mülküň bellemegine görä, Mazdak[3] diňe bir gozgalaňçylaryň ýolbaşçysy bolman, eýsem, döwrüniň görnükli ruhanysy (mobetleriň mobedi) hem bolupdyr. «Men Zoratuştranyň dinini täzelemek üçin goýberildim. Halk Zend Awestanyň mazmunyny ýatdan çykarypdyr, Hudaýyň tabşyryklaryny Zoratuştranyň wagyz-nesihat edişi ýaly ýerine ýetirmeýär» diýip, Mazdak belläpdir[4] we mukaddes kitaba üýtgeşmeler girizipdir.

Olaryň arasynda «adamlaryň emlägi we aýallary umumy bolmalydyr»[5] diýen ýaly dinden we ýoldan çykma maddalarada ýol berlipdir. Şonuň üçin mazdakçylyk hereketi basylyp ýatyrylandan soň, Hosrow I-niň özüniň baş ruhanysy Weh-Şapuryň ýolbaşçylygynda Awestany täzeden redaktirletmeli bolupdyr. Mukaddes kitabyň biziň döwrümize gelip ýeten golýazmalary öz gözbaşyny şol redaksiýadan alyp gaýdýarlar. Hosrow I Awestany dört ekzemplýarda göçürmegi we olary ýurduň Pars, Midiýa, Parfiýa we Seistan welaýatlaryna ýollamagy buýrupdyr[6]. «Alym ruhanylar

[1] Olar barada giňişleýin seret: *West E.* Introduction // SBE. Vol.37. Pt.4. Delhi, 1969. P.42–46; Язбердиев *А.* Книжное дело в древней Средней Азии. С.148–149.

[2] *Hidayet N.M.* The Old Persian literature and the Musulmans // IC. 1927. Vol.1. P.627.

[3] Mazdak ibn Bamdad Aşgabadyň golaýyndaky Nusaý şäherinde doglan we önüp ösen taryhy şahsdyr. Ol «Mazdak hama» atly kitabyň awtorydyr.

[4] *Низам ал-Мульк.* Сиясет-наме / Пер. Б.Н.Заходера. М., 1949. С.190.

[5] *Низам ал-Мульк.* Указ. соч. С.192,196.

[6] *Boyce M.* Zoroastrians. P.136.

Awestanyň (Ýasnanyň) awesta elipbiýinde neşir edilen görnüşinden bir sahypa

olardan peýdalanar ýaly, golýazmalaryň her biri haýsydyr bir otparazçylyk ybadathanasynyň kitaphanasynda ýerleşdirilipdir»[1]. Awestanyň Parfiýa goýberilen golýazmasynyň zoratuştraçylaryň Merwdäki ybadathanasynda saklanyp gelen bolmagy ähtimaldyr. Awesta elipbiýini türkmenistanly zoratuştraçylar IV–VIII asyrlarda ulanyp gelipdirler. Bu sebite yslam dini ýaýrandan soň, olar özleriniň ata-baba dinini we mukaddes kitap Awestany gorap saklamak üçin, dogduk mekanlaryny taşlap, uzak Hindistana göçüp gitmeli bolupdyrlar. Özleriniň täze mekanynda olar awesta elipbiýini täze eýýama çenli ulanypdyrlar[2] we Awestanyň, zoratuştraçylyk dinine beýleki kitaplarynyň golýazmalaryny aýawly saklap gelipdirler.

Awestanyň tekstlerini tertipleşdirmek we tassyklamak boýunça esasy işler berjaý edilenden soň, Sasany döwletiniň ahyrynda dürli mowzukly, giň möçberli edebi döredijilik başlanypdyr. Aýratyn hem, ol VII–IX asyrlarda, ýagny Eýrany we Orta Aziýany araplar basyp alandan we yslam dini ýaýrandan soň, zoratuştraçylyk dininiň üstüne öňki döwürlerdäki kynçylyklar bilen hiç bir jähtden deňeşdirip bolmajak ägirt uly derejedäki howp abanan döwründe derwaýyslaşypdyr. Döwrüniň meşhur alymruhanylary özleriniň gadymdan gelýän dinini saklap galmak, onuň esasy kada-kanunlaryny, düzgünlerini giňişleýin açyp görkezmek we wagyz-nesihat etmek maksady bilen ortapars (pehlewi) dilinde ajaýyp döredijilik işjeňliklerini görkezipdirler, köp jiltli naýbaşy eserlerini döredipdirler. Bu dil, şol döwürde, parfiýan dili bilen bir hatarda, Orta Aziýanyň gadymy halklary üçin ybadat dili bolup hyzmat edipdir. Ortapars dilinde ýazylan kitaplar bu sebitiň ähli ýerlerine giňden ýaýrapdyr. Olaryň gadymy Horezm döwletiniň çäklerine ýaýraýşy barada al-Biruni ýatlap geçipdir[3]. Kitaplaryň esasy saklanan ýerleri zoratuştraçylyk dininiň ybadathanalary bolupdyr[4]. Ýöne taryh bu döredijilik iş üçin juda az wagt goýberipdir. Basym Eýranda we Orta Aziýada yslam dininiň çuň kök urmagy we esasy dine öwrülmegi bilen zoratuştraçylyk edebiýatynyň tutuş döwri tamamlanypdyr. Köne diniň ýanbermez tarapdarlary, ony bütinleý ýok bolup gitmekden goramak üçin, maşgala agzalary bilen bilelikde dogduk mekanlaryny terk edip, uzak ýurtlara göçüp gitmeli bo-

[1] *Ibid.* P. 136.

[2] Ol barada seret: *Иностранцев К.* Переселение парсов в Индию и мусульманский мир в половине VIII в. // ЗВОРАО. 1915. Т.XXIII. С.133–166.

[3] *Бируни.* Избр.произв. Т.1. С.48, 63.

[4] *Textual Sources* for the study of Zoroastrianism. Ed. by M.Boyce. P.3.

lupdyrlar[1]. Basym tutuş sebitde ybadat dili hökmünde ortapars diliniň ýerini arap dili, zoratuştraçylyk dinineň ýerini yslam dini eýeläpdir. Arameý elipbiýiniň esasynda döredilen hem-de müň ýarym ýyldan hem gowrak wagt bäri Eýranyň we Orta Aziýanyň ýerli halklaryna hyzmat edip gelen ýazuw ulgamlary ýatyrylyp, olaryň deregine ýeke-täk arap haty dolanyşyga girizilipdir. X asyrdan soň bu sebitde ortapars dilinde we elipbiýinde, köne din bilen baglanyşykly, haýsydyr bir edebi ýa-da ylmy eseri döretjek bolup synanyşyk eden adam bolmandyr. Öňki döwürlerde ýazylan eserleriň nusgalaryny göçürmek we köpeltmek işleri hem bes edilipdir. Şeýle işleri başarýan ýek-tük bilimli-sowatly adamlar ýurduň içinde tapylaýanda-da, zoratuştraçylyk dinineň kitaplaryna bolan zerurlyk ortadan aýrylypdyr. Şol bir wagtyň özünde öňki döwürlerde göçürilen we il arasynda dolanyşykda bolup gelen kitaplaryň nusgalarynyň sany ýyl geçdigiçe azalypdyr. Öz akymyna geçip duran hökmürowan wagt hem bu meselede öz werzişini çykarypdyr. «Pytraňňy ýagdaýa düşüp, araplaryň elinden aman sypan golýazmalar wagt heňňamynyň möwritine döz gelip bilmän, öz-özünden ýok bolup gidipdirler» diýip, bu arada Ý.E.Bertels belläpdir[2]. Her halda, sasany eýýamynda we yslamyň ilkinji üç asyrynyň dowamynda pehlewi dilinde döredilen baý edebiýatyň ujypsyz mukdardaky ýadygär-

[1] Bu mesele barada XVI–XVII asyrlaryň çatrygynda ýazylan «Kyssa-ýe Sanjan» atly eserde giňişleýin maglumatlar berlipdir. Olara laýyklykda Merwiň we Maşadyň sebitlerinde ýaşaýan iň ezber, iň wepaly zoratuştraçylar, bu sebite yslam dini ýaýrandan soň, özleriniň gadymy ata-baba dininiň üstüne abanan ýok bolup gitmek howpundan gorap saklamak üçin, maşgala agzalary bilen bilelikde Eýranyň günortasyndaky Kuhistan welaýatyna göçüp barypdyrlar we bu ýerde 651–751-nji ýyllar aralygynda bir asyryň dowamynda ýaşapdyrlar. Soň bu sebitde hem yslamyň täsiriniň güýçlenmegi bilen olar 766-njy ýylda Kuhistandan Pars aýlagyndaky Ormuz şäherine süýşmäge mejbur bolupdyrlar. Özleriniň täze mekanynda on bäş ýyl ýaşanlaryndan soň, bu ýerden hem yslamyň yzarlamalaryndan gaçyp, gämilere münüp, deňiz üsti bilen Hindistanyň Diw welaýatynda goş basypdyrlar. Täze düşelgelerinde on dokuz ýyl ýaşanlaryndan soň, 785-nji ýylda bu zoratuştraçylar özleriniň münejjimleriniň maslahaty bilen, Hindistanyň günbataryndaky Gujerat ýarym adasynyň Senjan diýen ýerinde müdimilik mekan tutupdyrlar. Olaryň nebereleri biziň günlerimizde hem bu ýerde ýaşamaklaryny dowam etdirýärler. 1990-njy ýylyň resmi maglumatyna görä, bu ýerde olaryň 140 müňüsi ýaşaýarlar. Hindistanly zoratuştraçylar Awestanyň we pehlewi dilinde döredilen beýleki dini kitaplaryň belli bir böleginiň golýazmalaryny öz aralarynda soňky döwürlere çenli saklap gelipdirler. Olaryň käbirlerini häzirki zaman ylmy üçin ilkinji bolup XVIII asyryň ortasynda meşhur fransuz alymy Anketil Dýuperron (1731–1805) açypdyr. Bu mesele barada giňişleýin seret: *Modi J.J.* A few events in the early history of the Parsis and their dates. Bombay, 1903; *Иностранцев К.* Переселение парсов в Индию и мусульманский мир в половине VIII века. С.133–166.

[2] *Бертельс Е.Э.* Предисловие // Калила и Димна. М., 1957. С.6.

likleri biziň döwrümize çenli gelipdir. Olary ilkinjileriň hatarynda iňlis diline terjime eden we her bir eseriň üstünde çuňňur barlag işlerini geçiren meşhur alymlar M.Haug (1827–1876)[1] we E.West[2], dolulygyna ýa-da bölekleýin görnüşde saklanyp galan kitaplardan 129 sanysyny hasaba alypdyrlar. Bu alymlar her bir aýratyn eserde näçe sözüň bardygyna çenli anyklapdyrlar[3]. Şeýlelikde, gadymyýetiň jümmüşinde Orta Aziýanyň halklarynyň paýhasly pikirleriniň önümi hökmünde gaýnap joşup ýüze çykan, tutuş bir taglymatyň mukaddes ýazgylaryna öwrülen Awesta, uzak eýýamlaryň dowamynda dil üsti we ýazmaça görnüşlerinde nesillerden-nesillere geçip, soň dogduk mekanyndan jyda düşüp, ýurtlaryň we asyrlaryň pajygaly wakalarynyň içlerinden parran geçip we köp nogsanlyklary başdan geçirip, özüniň dörtden üç bölegini müdimilik ýitirip, biziň günlerimize çenli gelip ýetipdir. Bu kynçylyklary Sasany döwletiniň dowam eden döwründe we yslamyň ilkinji asyrlarynda köp babatlarda Awestanyň mazmunyny açyp görkezmek nukdaýnazaryndan pehlewi dilinde döredilen zoratuştraçylyk dininiň beýleki kitaplaryna hem dahyllydyr. Häzirki döwürde hem olardan galan bölekleriň golýazmalary dünýäniň dürli ýurtlarynyň meşhur kitaphanalarynyň hazynahanalarynda ýeke-täk, bahasyna ýetip bolmajak çeşmeler hökmünde aýawly saklanylýarlar. Awestanyň biziň döwrümize gelip ýeten golýazmalarynyň iň irkisi 1278-nji ýyla degişlidir. Ol özüniň gözbaşyny, iň bärkisi, bu mukaddes kitabyň Hosrow I Anuşirwanyň döwründe edilen redaksiýasyndan alyp gaýdýar. Diýmek, Awestanyň bize gelip ýeten golýazmalarynyň iň irkisi onuň ilkinji gezek ýazuwa geçirilen tekstinden iki ýaram müň ýyldan hem gowrak wagt geçenden soň göçürilen nusgasydyr.

Sasany eýýamynyň edebi döredijiligi Türkmenistanyň çäkleri bilen gös-göni baglanyşykda ösüpdir. Onuň Merw, Köneürgenç, Saragt, Nusaý ýaly şäherleri bu medeniýetiň möhüm merkezleri bolupdyr. Zoratuştraçylyk dininiň üç sany gadymy, hiç mahal ody söndürilmän, çuňňur hormatlanylyp gelnen, beýik hem mukaddes odunyň ikisiniň Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşmegi muňa şaýatlyk edýär. Olaryň birinjisi Parfiýada ýerleşen

[1] *Haug M.* Essays on the sacred language, writings and religion of the Parsees. P.16–62, 93–115.

[2] *West E.W.* The extent language and age of Pahlavi//SBAW. Philhist. KI. Heft. 3. 1888. P.399–443; *Idem.*Pahlavi literature // GIPh. Absch.II. Literatur Geschiahte und Kultur. Nr.II. Strassburg, 1886–1904. P.75–129.

[3] *Язбердиев А.* Книжное дело в древней Средней Азии. С.196–204.

Adur-Burzen Mihr odudyr. «Parfiýan ody iň mukaddes ot bolupdyr, çünki rowaýatda berilýän maglumata görä, ol Pygamber we Biştaspa[1] bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin Sasany döwletiniň günbataryndaky ruhanylary[2] oňa çokunmakdan ýüz öwrüp bilmändirler»[3]. «Arda Wiraf namak» (I, 21) atly pehlewi edebiýatynyň iň meşhur eserinde berilýän maglumata görä, Frobag (soňky döwürlerde Adur-Farnbag) atly ikinji mukaddes ot Horezmde, Amyderýanyň kenarynda ýerleşen ateşgähde, ýagny ybadathanada saklanypdyr. «Ýima[4] ölenden soň bu ody Dahakdan[5] gorap, Guştaspyň[6] hökümdarlyk eden döwründe, Horezmden Kabulystandaky Röwşen dagynyň üstüne geçiripdirler. Bu ýerde ol, aýdyşlaryna görä, Bundahiş atly eseriň ýazylan döwründe[7] heniz saklanylýan eken. Bu mukaddes oduň ýerleşen ýerinde zoratuştraçy desturlaryň uly mejlisleri geçirilipdir» diýip, ady tutulan kitabyň maglumatlaryny teswirläp, M.Haug we E.West nygtapdyrlar[8].

Eýranyň we Türkmenistanyň yslamdan öňki döwürlerdäki edebi we medeni durmuşyny gysgaça synlap, biz, iň bärkisi, sasany eýýamyna çenli bu sebitde kitaphanalaryň bolandygy baradaky anyk maglumatlara çeşmelerde duş gelmeýäris. Antik döwrüniň grek we rim awtorlarynyň, orta asyrlar eýýamynyň hristian, zoratuştraçylyk we musulman dinleriniň ýazyjylarynyň eserlerinde ahemeni we parfiýan patyşalarynyň paýtagt şäherlerinde ýerleşen «Genji hazynalary» barada berilýän maglumatlary[9] sözüň doly manysynda kitaphanalar hasap edip bolmasa gerek. Bu döwürlerde kitaplar barmak basyp sanardan köp bolmandyr. Şonuň üçin

[1] Bu ýerde Zoratuştranyň dinini ilkinji bolup kabul eden we ony pygambere howandarlyk edip, ýörite perman bilen öz ýurdunyň çäklerine resmi ýagdaýda ýaýradan gadymy Baktriýa döwletiniň keýänniler neberesiniň iň soňky mifik patyşasy Kawi Wiştaspa göz öňünde tutulýar.

[2] Bu ýerde Sasany döwletiniň Pars welaýatynyň ruhanylary göz öňünde tutulýar. Sasanylar eýýamynda bu welaýat zoratuştraçylyk edebiýatynyň pajarlap ösen ýeri bolupdyr.

[3] *Boyce M.* Zoroastrians. P.123.

[4] Awestada (Widewdatda. II. 1–20) berilýän maglumata görä, Ýima bolelinlikde, aman-esenlikde we bakylykda ýaşaýan adamlaryň «altyn asyrynyň» patyşasy.

[5] Gadymy mifologik keşp. Awestada (Widewdatda.1–17) Aji-Dahaka, türkmen ertekilerinde Aždarha atly döwüň keşbinde çykyş edýär.

[6] Awestada («Ýasna». 12.7) Kawi-Wiştaspa, keýaniler neberesinden bolan iň soňky mifologik patyşa.

[7] VII–IX asyrlarda.

[8] *Haug M., West E.W.* The Book of Arda Viraf. Amsterdam, 1971. P.146. No.3.

[9] Olar barada giňişleýin seret: *Язбердиев А.* Книжное дело в древней Средней Азии. С.15–101, 268–280.

«Genji hazynalar» kitaplaryň däl-de, döwletiň beýleki gymmatlyklarynyň saklanýan ýerleriniň bolmagy ähtimaldyr. «Uly ahemeni Awestasy», «Arşaky Awestasy» ýa-da parfiýan döwrüniň ikinji ýarymynda din bilen baglylykda döredilen az sanly eserleriň saklanan ýerleri zoratuştraçylyk dinineň ybadathanalary bolan bolmaklary hakykata has golaýdyr. Her halda, M.Boýs özüniň zoratuştraçylyk dinine bagyşlap ýazan köpsanly we düýpli ylmy işlerinde diňe sasany eýýamynyň medeni we edebi durmuşy bilen baglylykda ilkinji gezek «kitaphana» we «kitaphanalar» sözlerini ulanypdyr. Hususan-da, ol Awestanyň Hosrow I Anuşirwanyň (531–579) döwründe göçürilen golýazmalaryny göz öňünde tutup, şeýle diýip ýazypdyr: «21 naskdan (kitapdan) ybarat bolan Uly Awestanyň neşir edilip ýaýradylmagynyň ýatlanyp geçilmegi, megerem, bu ägirt uly eseriň welaýatlaryň baş ruhanylaryna goýberilendigini göz öňünde tutýan bolsa gerek. Bir wagtyň özünde onuň, iň bärkisi, dört ekzemplýary Parsda, Midiýada, Parfiýada we Seistanda saklanypdyr. Golýazmalaryň her biri ony alym-ruhanylar öwrener ýaly, haýsydyr bir zoratuştraçylyk dinineň ybadathanasynyň kitaphanasynda (sözüň kursiwi biziňki – A.Ý.) ýerleşdirilipdir»[1]. Beýleki bir işinde M.Boýs şeýle nygtapdyr: «Sasanylar eýýamynda Awestanyň 21 naskdan (kitapdan) duryan tekstleri tassyklanypdyr. Ol mukaddes tekstleriň iň uly ýygyndysy bolup, ahyrsoňy V ýa-da VI asyrda doly ýazuwa geçirilipdir. Bu Uly Awesta, mukaddes ýazgylardan başga-da, pygamberiň durmuşy we onuň bilen bagly rowaýatlary, teswirnamalary, beýleki dini kitaplary, hukuk, kosmogoniýa[2], sholastika[3] ýaly ylmyň pudaklaryna degişli eserleri öz içine alypdyr. Olaryň kopiýalary[4], megerem, baş mukaddes otlaryň ybadathanalarynyň kitaphanalarynda (sözüň kursiwi biziňki – A.Ý.) ýerleşdirilen bolsa gerek. Araplaryň ýeňişli basybalyjylykly hereketleri netijesinde, yslam eýýamynda zoratuştraçylaryň ybadathanalary ýumrulyp, ýok edilipdirler. Türkleriň we mongollaryň hökümdarlyk eden döwürlerinde Uly Awestany saklap galmak üçin onuň tekstini ýekeje gezek hem göçürtmändirler»[5]. Alymyň

[1] *Boyce M.* Zoroastrians. P.136.

[2] Älemşynaslyk ylmynyň asman jisimleriniň we olaryň ulgamlarynyň gelip çykyşlary baradaky bölümi.

[3] Ynsanlaryň durmuşyndan üzňelikde, idealistik pelsepe bilen bagly döredilen eserler.

[4] M.Boýs bu ýerde Awestanyň Hosrow I Anuşirwanyň döwründe göçürdilen dört sany resmi nusgasyny göz öňünde tutýar.

[5] *Textual Sources* for the study of Zoroastrianism. P.3.

bu gelen netijeleri al-Biruniniň (973–1048) yslamdan öňki döwürde horezmli zoratuştraçylaryň arasynda dolanyşykda bolan kitaplar barada berýän maglumatlarynyň taryhy hakykatdygyna hiç hili şübhe goýmaýar.

Sasany eýýamynda döredilen köpsanly kitaplar bize gelip ýetmändir. Olaryň belli bir böleginiň atlary ýa-da olardan alnan ujypsyz parçalar soňky döwürleriň zoratuştraçy ruhanylarynyň, käbir musulman döwrüniň awtorlarynyň eserlerinde saklanyp galan hem bolsalar[1], olar bu döwrüň ylmy we medeni durmuşy, şol sanda onuň kitaphanalary barada giňişleýin söhbet etmäge mümkinçilik bermeýärler. Özleriniň gadymylygy bilen möhüm ähmiýete eýediklerine seretmezden, mazmun we ideýa taýdan zoratuştraçylyk dinine ýugrulan bu edebi ýadygärlikleriň möçberi, umumylykda alanyňda, juda az bolupdyr. Zoratuştraçylyk dünýäsiniň beýleki sebitlerinde bolşy ýaly, yslam dinine ýaýramazynyň öň ýanynda, Türkmenistanyň dini merkezleriniň ybadathanalarynda hem olaryň saklanyp gelen bolmaklary ähtimaldyr. Ýöne bu eserler, sözüň doly manysynda, ýurduň içinde jemgyýetçilik ähmiýetli kitaphanalaryň ýüze çykmagyna esas bolup bilmändirler. Türkmenistanda döwlet ähmiýetli jemagat kitaphanalary ilkinji gezek musulmançylyk eýýamynda peýda bolupdyr. Bu meselä geçmezimizden öňürti, Apbasy halyfaty bilen Türkmenistanyň arasynda ýüze çykan täsin hem möhüm ähmiýetli syýasy we medeni gatnaşyklaryň üstünde durup geçmeli bolýarys.

[1] Olar barada seret: *Язбердиев А.* Книжное дело в древней Средней Азии. С.176–183.

IV BAP

APBASY HALYFATY WE BEÝIK SELJUK SOLTANLARY

Ilkinji Seljuk Soltanlary Togrulyň, Alp Arslanyň we Mälik şanyň şahsy artykmaçlyklaryna bireýýäm mynasyp baha berlipdir. Hatda, umuman alanyňda, türki halklara äsgermezçilik göz bilen seredip gelen A. Mýuller[1] hem bu hökümdarlaryň, aýratyn hem olaryň soňky ikisiniň keşplerinde doly adalatlylygy görüpdir.

W.W.Bartold

Apbasy Halyfatynyň (750–1258) taryhyny, adatça, iki döwre bölýärler. Birinji döwür ýüz ýyla golaý wagty (750–847) öz içine alyp, ony «Gündogar Renessansyň ýokary derejesi»[2], «Musulman ylmynyň we medeniýetiniň çür depesi»[3], «Yslamyň altyn eýýamy»[4] diýip atlandyrýarlar. Bu döwürde musulmanlaryň arasynda ýüze çykan täsin galdyryjy medeni oýanyşyklary, agtaryşlary häsiýetlendirip meşhur iňlis gündogarşynasy R.A.Nikolson (1868–1945) şeýle nygtapdyr: «Bilesigelijilik, oňa bolan yhlas, hyjuw birdenem şeýle bir ýokary derejä galyp, ählumumy häsiýete eýe bolupdyr welin, göýä diýersiň, hut halypanyň özünden başlap, şäherleriň iň ýönekeýje ýaşaýjylaryna çenli ähli adamlar ylmyň we bilimiň muşdaklaryna ýa-da iň bärkisi, edebiýatyň howandarlaryna öwrülen ýaly bolup görünýär. Kitaplary we beýleki dürli çeşmeleri gözläp, adamlar Ýer şarynyň üç bölegine aýlanypdyrlar, şerbetden we datly şirelerden ýüklerini ýetiren balarylary kimin, toplan gymmatbahaly kitaplaryny göterip, ýurtlaryna dolanyp gelipdirler we özlerine sabyrsyzlyk bilen garaşýan şägirtleriniň olara bolan teşneligini gandyrypdyrlar. Soňkular öz gezeginde täsin galdyryjylykly janypkeşlik we erjellik bilen özleriniň ensiklopedik häsiýetli ajaýyp eserlerini döredipdirler. Olardan, sözüň doly manysynda, häzirki döwrüň

[1] *Awgust Mýüller (*1848–1892) nemes gündogarşynasy.

[2] *Inayatullah Sh.* Bibliophilism in Mediaeval Islam // IC. 1938. Vol.XII. No.2. P.155.

[3] *Padover S.K.* Op. cit. P.355.

[4] *Browne E.G.* A Literary History of Persia. Cambridge, 1977. Vol.I. P.251.

ylmy özüniň gözbaşyny alyp gaýdýar»[1]. Mälim bolşy ýaly, yslamdan öňki döwürde diňe ýewreýler, hristianlar we maniheýler «kitabyň adamlary», ýagny ähli meseleler boýunça «hakykaty saklap galmak üçin ýazuwa geçirilen sözüň gymmatyna ägirt uly ähmiýet berýän dinleriň wekilleri»[2] hasaplanyp gelipdirler. Yslamyň ilkinji asyrlaryndan başlap, şeýle hormatly ada musulmanlar hem mynasyp bolupdyrlar we hatda bu meselede özleriniň bäsdeşlerini kän yzda galdyrypdyrlar. «Musulmanlar hristianlardan we ýewreýlerden hem has beter «kitabyň adamlarydyr»... X asyrdan başlap musulman kitapsöýerleri (bibliofilleri) meşhur hatdadyň Gurhandan göçüren her bir sahypa teksti üçin ägirt köp mukdarda pul tölemäge taýýar bolup durupdyrlar»[3].

Musulman dünýäsinde turuwbaşdan başlanan bu medeni oýanyşyk ylmyň dürli pudaklary boýunça ägirt köp mukdarda kitaplaryň peýda bolmagyna getiripdir. Soňkular öz gezeginde onuň ähli ýerlerinde jemagat we hususy bilim hem-de ylym edaralarynyň, ýagny medreseleriň, jami metjitleriniň we olaryň ýany bilen ajaýyp kitaphanalarynyň ýüze çykmagyna şert döredipdir. Bu işde-de orta asyrlar döwürlerinde musulmanlar hristianlary özlerinden kän yzda galdyrypdyrlar. Apbasylar döwründe Arap halyfatynyň düzümine giryän ýurtlaryň ählisinde bu ylmy ojaklar «Baýt al-Hikma» («Paýhaslar öýi»), «Hizanat al-Hikma» («Paýhaslar hazynasy»), «Dar al-ilm» («Akademiýa» ýa-da «Ylymlar öýi»), «Dar al-kutub» («Kitaplar öýi»), «Hizanat al-kutub» («Kitaplar hazynahanasy»), «Nyzamiýa» (Beýik Seljuk imperiýasynyň tanymal weziri Nyzam al-Mülküň adyny göteryän kitaphanalar) ýaly atlar bilen ýüze çykypdyrlar. Bu ylmy we medeni edaralary döretmäge, göýä diýersiň, bir halypa beýleki halypa bilen, bir döwletiň hökümdary ýa-da weziri beýleki ýurduň patyşasy ýa-dy weziri bilen, bir welaýatyň häkimi beýleki welaýatyň häkimi bilen ýaryşýana dönüpdir. Öz kitaphanalaryny, şeýle-de aýry-aýry alymlar, ruhanylar hem-de gaýry tanymal we gurply adamlar hem döredipdirler. Olaryň iki hili görnüşi ýüze çykypdyr: «Jemagat kitaphanalary» we «Şahsy kitaphanalar»[4]. Bu ylmy ojaklar ýörite gurlan köşklerde, metjitlerde, medreselerde, myhmanhanalarda we şoňa meňzeş jemagat eda-

[1] *Nicholson R.A.* A Literary History of the Arabs. Cambridge, 1953. P.281.

[2] *Boyce M.* Zoroastrians. P.114.

[3] *Welch S. C.* Royal Persian manuscripts. London, 1976. P.11–12.

[4] Olar barada giňişleýin seret: *Qasimi M.A.* Libraries in the early Islamic World // JUP. 1958. Vol.6. P.1–15.

ralarynda ýerleşdirilipdir. Kitaphanalar diňe kitap bilen hyzmat etmän, eýsem, ýokary okuw mekdepleriniň, ylmy edaralaryň wezipelerini hem belli derejede ýerine ýetiripdirler: olarda talyplar okadylypdyr, ylmy çekişmeler (konferensiýalar) gurnalypdyr, käbirlerinde bolsa obserwatoriýalar işläpdir. Kitaphanalarda, esasan, alym adamlar işläpdirler. Bu edaralaryň käbirlerinde olara we talyplara mugt ýatak jaý, iýmit we kagyz--galam berilýän mahallary hem az bolmandyr.

Apbasy halyfatynyň ikinji döwri birinji döwürden dört esseden hem gowrak wagt dowam edipdir (847–1258). Bu döwürde-de musulman ylmynyň we medeniýetiniň ösüşi has giňäpdir we Ýer togalagynyň üç böleginde: Aziýada, Afrikada we Ýewropada pajarlap ösüp ugrapdyr.

Türkmenistan bilen Arap Halyfatynyň arasyndaky gönüden-göni ylmy we medeni arabaglanyşyk halypa al-Mamunyň (813–833) hökümdarlyk eden döwründen başlanypdyr. Halypa Harun ar-Reşit /786–809/ ömrüniň ahyrynda, ýagny 808-nji ýylda özüniň ikinji ogly al-Mamuny Horasanyň häkimi edip belläp, ony Merwe ýollapdyr. 813-nji ýylda ol bu şäherde Halypa derejesini alyp tagta çykypdyr we bir çägi Atlantik okeanyndan başlanýan, beýlekisi Günbatar Hytaýa çenli uzalyp gidýän ummasyz giň döwleti bu şäherde oturyp, bäş ýyldan gowrak wagtyň dowamynda dolandyrypdyr. 817-nji ýylda al-Mamun Halyfatyň paýtagtyny Merwden Bagdada geçiren mahaly, ol öz ýany bilen Türkmenistanyň we Orta Aziýanyň meşhur alymlarynyň uly toparyny alyp gidipdir. Olar al-Mamunyň täze paýtagtynda ilkinjileriň biri bolup esaslandyran «Dar al--ilm», ýagny «Akademiýa» atlandyrylan kitaphanasyny döretmekde we onuň işini dolandyrmakda esasy işgärler bolupdyrlar.

Al-Mamun bilen Bagdada giden alymlaryň arasynda Muhammet ibn Musa al-Horezmi, Halyt ibn Abdylmälik al-Merwerudy[1], Hebeş al-Nasyp al-Merwerudy, Ahmet ibn Muhammet ibn Kassir al-Fergany we beýlekiler bolupdyrlar. Olar halypa al-Mansuryň (754–775) döwründen bäri, arap diline dünýäniň dürli dillerinden terjime edilip başlanan ylmy kitaplardan ilkinjileriň hatarynda peýdalanypdyrlar. 773-nji ýylda al-Mansuryň

[1] «Haçan-da al-Mamun [Bagdatda] astronomik obserwatoriýany döretjek bolanynda, ol bu iş üçin Ibn Halyt al-Merwerudyny saýlap alypdyr we ol ony töwerek boýunça aýlanýan görnüşde döredipdir. Soň onuň garamagyna şäheriň beýleki alymlary hem berkidilipdir. Şeýlelikde, al-Merwerudy astrolýabiýany esaslandyryjy bolupdyr» diýip X asyryň awtory an-Nedim bu alymlaryň biri barada ýazypdyr. (The Fihrist of al-Nadim. New York-London,1979. Vol.II. P.671).

köşgüne getirilen hindileriň «Sindhind»[1] atly meşhur astronomik kitabyndan (ony meşhur astronom we yslam dünýäsinde ilkinji bolup astrolýabiýa ylmyny döreden Abu Ishak Ybraýym ibn Habyp al-Fazary[2] arap diline terjime edipdir) IX asyryň birinji ýarymynda Muhammet ibn Musa al-Horezmi ilkinjileriň hatarynda özüniň «Zij» («Astronomik hasaplamalar») atly eserini ýazanynda peýdalanypdyr[3]. Bu eserini we algebra degişli kitabyny ol halypa al-Mamunyň tabşyrygy boýunça ýazypdyr. Olaryň ikisi hem uzak wagtlap ylym dünýäsinde ajaýyp eserler hökmünde hormatlanyp gelipdirler[4]. «Orta Aziýanyň bu beýik akyldarlarynyň Bagdada jemlenip, bu ýerde matematika we astronomiýa ylymlary boýunça ylmybarlag işlerini alyp barmaklary, megerem, tötänleýin bolmasa gerek. Olary bu barlaglara al-Mamun heniz Merwde hökümdarlyk edýärkä gönükdiren bolsa gerek. Şonuň üçin hem olar onuň bilen bile Bagdada gitmeli bolupdyrlar. Ýöne bu diňe bir ýagdaýda, haçan-da olar heniz öz watanlary Orta Aziýada ýaşan mahallary alym hökmünde kemala gelip, al-Mamuna onuň Bagdada geçmezinden öňki döwürde özlerini tanadan ýagdaýynda bolup biljek zatlardyr» diýip alymlar belläpdirler[5].

«Seljuk türk[men]leriniň döwlet başyna gelmekleri musulman dünýäsiniň taryhynda ajaýyp eýýamy emele getiripdir. Olaryň imperiýasynyň ýüze çykan döwri Halyfatyň dargan döwrüne gabat gelipdir» diýip bellemek bilen, Len Pul Stenli (1854–1931) bu pikiri dowam edip, Beýik Seljuk soltanlarynyň Arap halyfatyny döwlet gurluşynda, dolandyryşynda we medeni durmuşynda ägirt uly rol oýnandyklaryny nygtapdyr[6]. «Seljuklar medeni ösüşe goşant goşmandyrlar diýip hasap edýärler. Emma bu kesgitleme düzedişe mätäçdir»[7] diýip, bu mesele barada pikirini dowam edip, adalatly belläpdir. Seljuk imperiýasynyň dowam eden döwründe (1038–1157) musulman ylmy we medeniýeti pajarlap ösüp, özüniň iň ýo-

[1] Biruni bu eseri «Hindileriň iň meşhur kitaby» atlandyrypdyr (*Бируни* Избр. произв. Т.1. С.66).

[2] *The Fixrist of al-Nadim.* Vol.II.P. 649, 671, 987.

[3] *Qasimi M.A.* Op.cit.P.3.

[4] *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad // LQ.1932. Vol. II. No.3. P. 282.; The Fixrist of al-Nadim. Vol.II.P.652,1033.

[5] *Булгаков П.Г., Вахабова Б.А.* Средневековые ученые Мерва // Тр. ЮТАКЭ. Т.XVI. А., 1978. С.44.

[6] *Lane-Poole S.* The Mohammadan Dynasties. Chronological and genealogical tables with historical introductions. London, 1894. P.149 and sq.

[7] *Nicholson R.A.* Op. cit. P.276.

kary derejesine ýetipdir. Şeýle-de bolsa bu möhüm meseleler Beýik Seljuk soltanlarynyň dogduk mekanynda, ýagny Türkmenistanda, dürli obýektiw we subýektiw sebäplere görä, heniz ýeterlik derejede öwrenilmän gelipdir. Musulman dünýäsiniň möhüm sebiti bolan Orta Aziýanyň häzirki zaman döwletleri 130 ýyla golaý wagtyň dowamynda, Russiýa imperiýasynyň (1864–1917), soň Soýuz döwletiniň (1917–1990) tabynlygynda bolup gelen hem bolsalar, bu iki döwletiň hiç birisiniň merkezinde, şonuň ýaly-da onuň düzüminde musulman halklarynyň ýaşan welaýatlarynda ýa-da respublikalarynda orta asyrlar döwrüniň okuw jaýlary we ylmy ojaklary bolan medreselere, metjitlere we adatça, olaryň ýanynda hökmany suratda diýen ýaly döredilen musulman kitaphanalaryna bagyşlanan ýörite we düýpli barlag işleri ýazylmandyr[1] ýa-da olar barak basyp sanardan az bolupdyr[2]. Üstesine-de ýazylan işleriň köpüsinde bu edaralara diňe dini-klerikal edaralar hökmünde baha berlip, olaryň musulman ýurtlarynyň medeni we ylmy durmuşynda oýnan möhüm taraplary açylyp görkezilmändir ýa-da kembaha berlipdir. Tersine, Günbataryň, aýratyn hem Ýewropa ýerböleginiň alymlary bu meseläni öwrenmekde ep-esli we düýpli işleri bitiripdirler[3]. Emma olar dürli döwletlerde we dürli dillerde neşir edilen-

[1] Oňa göz ýetirmek üçin seret: *Ахунджанов Э.А.* Книга и книжное дело в Узбекистане. Обзор и указатель источников и литературы по книжному делу в Узбекистане (1875–1977 гг.). Ташкент, 1978. 68 с.; *Козырева Л.* Книжное дело Таджикистана. История книги. Печать. Библиотечное дело. Библиографоведение. 1924–1974 гг. Душанбе, 1980. 304 с. Bu mesele boýunça Soýuz döwletiniň dowam eden döwründe rus dilinde neşir edilen tanyşdyryjy häsiýetli käbir makalalary görkezmek bolar. Seret: *Уюн Суд Низар.* Арабские библиотеки в средние века // Библиотековедение и библиография за рубежом. 1973. Вып.44. С.90–98; *Талалакина О.М.* Исследователи культуры Востока о библиотеках Арабского халифата // Там же. 1976. Вып.56. С.58–75 we başg.

[2] *Язбердиев А.* Средневековые библиотеки Мерва // Изв. АН Туркм. ССР. Сер. обществ. наук. 1988. №5. С.5–16. Bu makala soň birnäçe dillere terjime edilip neşir edildi. Seret: *Язбердиев А.* Орта асырдакы Мерв китапханалары // ТДЭ. 1993. №3. С.42–46; №4. С.34–38; *Yazberdiyev A.* Eski Merv ve kütüphaneleri. Ankara, 1998. 48 s.; *Yazberdiyev A.* The Ancient Merv and its libraries // JAC. 2000. Vol.XXVI. No.II. P.137–157: *Yazberdiyev A.* Libraries of Ancient Merv // JMS. 2000. Vol.2. P.49–55; *Yazberdiyev A.* Ketaphaneha-ýe gorun-e wosta-ýe Marw // Gozareş-e mah. 1385/2002. Sal-e duwwum, şomare-ýe awwal. S. 355–359; *Язбердиев А.Б.* Средневековые библиотеки города Мерва и их основатели // Книга. Исслед. и материалы. М., 2010. Т.93. Ч.I-II. С.62–79.

[3] Ol işler barada seret: *Pearson J.D.* Index Islamicus. 1906–1955. A catalogue of articles on Islamic subjects in periodicals and other collective publications. Cambridge, 1961. P.39–40. 1956–1980-nji ýyllar aralygynda neşir edilen işler barada «Index Islami-cusyň» soňky jiltleriniň degişli bölümlerine seret. Orta asyr musulman kitaphanalary barada musulman ýurtlarynda neşir edilen işler barada seret: *Nasr S.H.* An Annoted bibliography of Islamic Science. Tehran, 1975. 432+9 p.

dikleri sebäpli öz wagtynda hem yzygiderli Orta Aziýanyň ylmy jemgyýetçiligine elýeter bolmandyr ýa-da düýbünden belli bolman gelipdir. Bu ýagdaý, birinjiden, bu möhüm işlerden orta aziýaly alymlaryň peýdalanmaklaryna päsgelçilik döreden bolsa, ikinjiden, olaryň sahypalarynda Orta Aziýanyň medeni durmuşy bilen bagly käbir nädogry pikirleriň we netijeleriň uzak wagtlap saklanyp galmagyna-da şert döredipdir. Ol belli derejede Beýik Seljuk soltanlarynyň yslamyň medeni we bilim edaralaryna bolan gatnaşygy baradaky meselä-de degişlidir.

Beýik soltan Togrul begiň (1038–1063) dargan Arap halyfatyny dikeldişi hem-de onuň medeni we bilim edaralaryna bolan gatnaşygy şu hatarda duran meselelerdir. Olar barada anyk, aýdyň hem dogry düşünje almak üçin, gysgajyk hem bolsa, Apbasy halyfatynyň medeni durmuşynyň taryhyna ýüzlenmeli bolýarys.

I. BEÝIK SOLTAN TOGRUL BEG WE ARAP HALYFATY

VIII–IX asyrlarda ýeke-täk dini hökümdaryň – halypanyň dolandyrmagynda ägirt uly teokratik[1] döwlete öwrülen Arap halyfaty IX asyryň ikinji ýarymynda eýýäm ownuk döwletlere we nebere şalyklara bölünip ugrapdyr. Onuň alamatlary halypa al-Mamunyň (813–833) hökümdarlyk eden döwründe peýda bolupdyr[2]. X asyrda bu hereket gutarnykly tamamlanypdyr[3]. Ispaniýa we Demirgazyk Afrika, şol sanda onuň möhüm Müsür welaýaty Bagdadyň halypalarynyň ellerinden uzak wagtlap gidipdir. Siriýa we Mesopotamiýa boýun egmezek arap serkerdeleriniň tabynlygyna geçipdirler we olar özleriniň nebere şalyklaryny döredipdirler. Eýranyň Pars welaýatynda 935-nji ýylda Buweýhi döwleti döredilip, onda yslamyň şaýy mezhebini resmi din diýlip yglan edilipdir. Ol basym, gysga wagtlaýyn hem bolsa, kuwwatly güýje öwrülipdir. Buweýhiler 945-nji ýylda Bagdady basyp alypdyrlar we Halyfatyň paýtagty bir asyryň dowamynda (1055-nji ýyla çenli) olaryň gol astynda bolup gelipdir. Halyfatyň beýleki sebitlerinde gujursyz we gaýratsyz nebere öňbaşçylary tarapyndan dolandyrylýan we biri beýlekisiniň üstüne çozmaga taýýar bolup duran kiçijik

[1] Grek dilinde *theos* – hudaý, *kratos* – hökümet diýmekdir. Teokratiýa, döwleti dolandyrmagyň bir görnüşidir we onda syýasy hökümet ruhanylara degişli bolupdyr.

[2] *История Ирана.* С.133.

[3] *Бартольд В.В.* Соч. T.VI. С.28.

Muhammet Togrulbeg Türkmen we onuň Reýdäki (Tährandaky) aramgähi

we özbaşdak birleşikler ýüze çykypdyr. Iň esasy zat, ol hem, buweýhileriň şaýy mezhebi täze dörän şalyklary we nebere bölünişikleri biri-birinden üzňeligine getirip, Halyfatyň bütinleý ýok bolup gitmegine howp salypdyr. Halypanyň özi bu döwletiň patyşalaryň elindäki marionetkä (gurjaga) öwrülipdir we paýtagty taşlap gaçyp gitmäge mejbur bolupdyr. «Buweýhiler Apbasy halypanyň elinden onuň maşgalasyna degişli bolan ýerlerini we mülklerini zorluk bilen alypdyrlar we onuň ornuna adaty ýer eýeleriniň hatarynda ikta' hukugynda emläk bölüp beripdirler»[1]. Dörän bu syýasy we ykdysady ýagdaý şol döwrüň musulmanlarynyň arasynda halypanyň abraýyny bütinleý diýen ýaly ortadan aýrypdyr. Şonuň üçin Halyfatda

[1] *Пигулевская Н.В., Якубовский А.Ю., Петрушевский И.П.,Строева Л.В, Беленицкий А.М.* История Ирана с древнейших времен до конца XVIII века. Л., 1958. С.130.

düýpli özgerişliklere bolan mätäçlik çuňňur aýdyňlygy bilen duýlupdyr[1]. Paýtagtyň jemagaty Halyfaty öňki kaddynda dikeldip biljek şeýle güýje şalyk sürýän Apbasy neberesiniň wekilleriniň hiç birinden garaşmandyr. Tersine, ol öz raýatlygynda ähli musulmanlary birleşdirmäge ukyply haýsydyr bir daşarky döwletiň güýjüne, onuň halasgär hökümdarynyň gelmegine umyt baglapdyr. Ol umyt ýöne ýerden ýüze çykmandyr. Halyfatyň gündogar böleginde, hususan-da, Eýranda we Orta Aziýada, Samaniler, Gaznewiler, Seljuklar, Halyfatyň paýtagtyny basyp alan buweýhilerden tapawutlylykda, yslam dininiň baýdagyny ýokary göterip, ony juda başarjaňlyk we yhlaslylyk bilen gorapdyrlar, ýaýradypdyrlar. Olar dünýewi hökümdarlar hökmünde öz döwletlerini özbaşdak dolandyran hem bolsalar, halypanyň mertebesini ýokary tutup, ähli musulmanlaryň ruhy ýolbaşçysy hökmünde hormatlap, özlerini onuň raýatlary hasap edipdirler. Şeýle bolansoň, Halyfaty halas ediji hökümdara Gündogardan, hususan-da Horasandan garaşypdyrlar. Şu mynasybetli, ilkinji Seljuk soltany beýik Togrul begiň Bagdada ýeňişli gadam bilen girmezinden ýetmiş ýyl öň öz eserlerini ýazan palestinaly meşhur taryhçy al-Makdisi (946–1000) gündogar hökümdarynyň günbatara bakan hereketini öňünden habar berýän kitabyň sözlerini aşakdaky görnüşde getiripdir:

«Ysnad»[2] bilen bilelikde berilýän hadysy men Pars (welaýatynda) bir kitapdan okadym. Onda pygamberiň aşakdaky sözleri getirilýärdi: «Men öňümde öz mähellämiň adamlarynyň arasynda deýlemileriň (olardan buweýhiler gelip çykypdyrlar) hereketlerini görýän ýaly boldum. Olar arassa we päkýürek dindarlaryň mal-mülklerini talaýarlar, metjitleri heňňama öwürýärler, aýallary zorlaýarlar, yslamy gowşadýarlar, haýyr sogap işleriň soňuna çykýarlar, goşuny gaçyp gitmäge mejbur edýärler. Hudaýyň emri bolmasa, hiç zat olaryň öňünde durup bilmez. Ýöne basym ýüz keşbi owadan, pälwan, al ýaňakly, göwsi gara tegmilli, syratly, beýik mertebeli pelsepeçi, alym, pygamberiň ady goýlan (nebiý)[3] hem keseki milletden bolan, gerçek kişi Horasan welaýatyndan öňe çykar. Oňa hudaý kiçi derwezeden üstün çykmaga ýeňiş bagyş eder. Ol uly derwezä[4] çenli

[1] Bu mesele barada giňişleýin seret: *Бартольд В.В.* Соч. T.VI. C.26–30; *Lane-Poole S.* Op. cit. P. 149.

[2] «Ysnad» sözüniň manysy wakalary biri-biri bilen baglanyşykly beýan etmek diýmekdir. Ol barada seret: *Шмидт А.Э.* Очерк истории ислама как религии // Мир ислама. 1912. T.1. C.53.

[3] Dogrudan hem, Togrul begiň ady Muhammet bolupdyr.

[4] Horasan bilen Yragyň arasyndaky iki sany dag geçelgesi göz öňünde tutulýar.

Horasany eýelär we olaryň (deýlemileriň) iň soňky esgeri ýok edilýänçä, gylyjyny gynyna salmaz. Aýtdylar: «Eý, hudaýyň wekili! Ondan soň näme bolar?» Ol jogap berdi: «Hudaýyň öýüne Horasanyň hökümdary geler we onuň adyna Horasanyň, Zauranyň, Parsyň, Yragyň, Mekgäniň metjitlerinde hutba okalar». Aýtdylar: «Eý, hudaýyň wekili! Ondan soň näme bolar?». Ol jogap berdi: «Uzak döwrüň dowamynda adamlar şir kimin mes bolanlarynda özlerine ynanylan zatlary gaýtarmazlar, gadagan edilen zatlardan saklanmazlar»[1].

Bu parçada beýan edilen hadys aradan 70 ýyl geçenden soň, ep-esli derejede berjaý edilipdir. Halyfatyň paýtagty Bagdada pelsepeçi ýa-da alym däl-de, beýik seljuk-türkmen soltany Togrul begiň 1055-nji ýylda Horasandan halasgär hökümdar hökmünde gelipdir. Dogrusy, arap halypalary bilen seljuk soltanlarynyň arasyndaky birek-birege bolan ynanyşykly hemde dostlukly gatnaşyklar bu wakadan has ir, Seljuk döwletiniň dörän ilkinji ýyllaryndan başlanypdyr. Seljuklar 1040-njy ýylda Daňdanakan söweşinde gaznewilerden ýeňiş gazananlaryndan soň, üç ýylyň dowamynda Tabarystany we Horasany hem-de beýleki sebitleri eýeläp, öz döwletiniň çäklerini giňeldipdirler we berkidipdirler. 1044-nji ýylda Togrul beg we Çagry beg öz raýatlyk tabynlyklaryny beýan edip, halypa al-Kaime resmi hat ýollapdyrlar. Onuň doly tekstini taryhçylar al-Yspyhany (1125–1201)[2] we ar-Rawendi (XII asyr) öz işlerinde getiripdirler. Soňky awtoryň «Rahat as-sudur» («Ýürekleriň rahatlygy») atly eserinde ol hatyň tekstini aşakdaky görnüşde okaýarys: «Biz, Siziň sadyk guluňyz-seljuklaryň neberesi, elmydama Size tabyn hem-de Siziň Aly hezretiňiziň tarapyndaky halkdyrys. Biz hemişe dinsizler bilen göreşmäge çalyşýarys we yzygiderli beýik Käbä zyýarat edýäris. Biziň ählimiziň hormatlaýan Ysraýyl ibn Seljuk atly öňbaşçymyz bardy. Ony hiç bir günäsiz we etmişsiz Ýemin ad-Döwle Mahmyt ibn Sebuktegin ýesir aldy we Hindistanyň Galanjar galasyndaky zyndana oklady. Ol tä ölýänçä, ýedi ýyllap şol zyndanda gandallanyp saklanyldy. Bize ýakyn we garyndaş bolan köp adamlary hem Mahmyt bu galanyň zyndanynda saklady. Mahmyt dünýäden ötenden soň, onuň tagtyna ogly Mesgut geçdi. Ol döwlet işleri bilen meşgullanmady, wagtyny peýdasyz güýmenjeler we şady-horramlyk bilen geçirip geldi. Şonuň üçin Horasanyň atly-abraýly we pähimdar adamlary bizi özleriniň

[1] *Бартольд В.В.* Соч. T.VI. C.30.

[2] *МИТТ.* T.1. C.322.

goragynda durmagymyzy haýyş etdiler. Onuň (Mesgudyň) goşuny biziň garşymyza harby ýöriş bilen çykdy. Biziň hüjüm eden we yza çekilen, ýeňlen we ýeňen wagtlarymyz boldy. Ahyrky netijede biziň bagtymyz çüwdi. Soňky sapar Mesgudyň özi ägirt uly goşun çekip, biziň garşymyza ýöriş etdi. Allanyň rehmedi bilen biz ýeňdik. Derbi-dagyn edilen Mesgut masgara bolup, baýdaklaryny aşak goýberip, döwletini bize goýup yzyna gaçdy. Allatagalanyň görkezen zarbasyna we kömegine minnetdar bolup, biz adyllylygy we adalatlylygy jar etdik, adalatsyzlyk we ynsanlary ezmek ýolundan gyrada durduk. [Mundan beýläk] bu işiň din ýoly bilen we ähli musulmanlaryň emiri Siziň buýrugyňyz esasynda ýöredilmegini isleýäris»[1].

Seljuklaryň resminamasyny alandan soň, halypa al-Kaim (1031–1075) öz ilçisi Hibatulla ibn Muhammet al-Maýmuny Seljuk döwletiniň şol döwürdäki paýtagty Reý şäherine goýberip, onuň üsti bilen Togrul begi döwlet başyna geçenligi bilen gyzgyn gutlapdyr. Haçan-da ilçi üç ýyl Togrul begiň ýanynda bolup, 1046-njy ýylda Bagdada dolanyp gelen mahaly, onuň Seljuk döwleti barada beren habarlaryndan netije çykaryp, halypa ilkinji seljuk soltanynyň adyna Halyfatyň ähli metjitlerinde hutba okalmagyny, şeýle-de onuň adynyň teňňelerde zikgelenmegini buýrup, oňa «Pukn ad-döwle Aby Talyp Togrul beg Muhammet ibn Mikail Ýemin-emir-al muminin», ýagny «Döwletiň daýanjy Abu Talyp Togrul beg Muhammet ibn Mikaýyl ähli musulmanlaryň emiri» diýen hormatly ady dakypdyr[2]. Beýik soltan Togrul beg 1055-nji ýylda Bagdada goşun çekip gelen mahalynda, halypa al-Kaim ony uly hormat bilen garşylap, oňa «Gündogaryň we Günbataryň hökümdary» («Mälik al-Maşrik we al-Magrib») diýen has beýik ady dakypdyr, öz tagtynda oturdyp, üstüne ýedi sany gymmatbahaly serpaý ýapypdyr, biline iki gylyç dakypdyr we eýelän ähli ýurtlarynyň üstünden onuň hökmürowanlygyny alamatlandyrýan iki sany altyn täji gowşurypdyr[3]. Beýik soltan Togrul beg, öz gezeginde, «Apbasy halypany

[1] *МИТТ.* T.1. C.354. Bu hatyň tekstini şeýle-de al-Yspyhany özüniň «Nusrat al-fatra» («Gowşaklyga garşy kömek») atly eserinde getiripdir. al-Yspyhany seljuklaryň ilçisiniň adyny hem görkezipdir, Ol Abu Ishak al-Fukka'i atly adam bolupdyr. Seret: *МИТТ.* T.1. C.322.

[2] *МИТТ.* T. 1. C. 355; *Browne E.G.* A Literary History of Persia. Vol. II. P. 172.

[3] *Ibn al-Esir.* Kämil taryh. A.,2005.2-nji jilt. S.214; Ал-Хусайни. Зубдат ат-таварих. M., 1980. C.36, 185; *Browne E.G.* A Literary History of Persia. Vol. II. P. 173; *Агаджанов С.Г.* Государство Сельджукидов и Средняя Азия в XI–XII вв. M., 1991. C.66.

dolulygyna öz goragynyň astyna alypdyr»[1], ony buweýhileriň we beýleki duşmanlaryň zulumyndan azat edipdir. Ol buweýhileriň döwletini ýatyryp, halypany we ýerli musulmanlary olaryň şaýy mezhebinden azat edipdir. Halyfatyň dünýewi meselelerini öz elinde saklap, täzeden halypanyň öňki döwürlerdäki ýaly ýokary hökmürowanlygyny dikeldipdir we ägirt uly giňişliklerde ýaşaýan ähli musulmanlary onuň tabynlygynda birleşdiripdir. Ikinjiden, Seljuklaryň Günbatara süýşmegi halyfatyň medeni durmuşyna oňyn täsir edipdir. Olar Eýranyň we Orta Aziýanyň ösen medeniýetini has alyslara ýaýradyjylar bolupdyrlar. Ilkinji seljuk soltanlary bilen apbasy halypalaryň arasyndaky gatnaşyklar garyndaşlyk derejesine çenli baryp ýetipdir. Pygamberiň neberesi bilen garyndaşlyk açmaklygy «özüne mertebe we bagt saýyp»[2], beýik soltan Togrul beg özüniň agasy Çagry begiň gyzy Arslan hatyn Hatyjany 1056-njy ýylda halypa al-Kaime nikalap beripdir. Al-Bundarynyň tassyklamagyna görä, al-Kaim, öz gezeginde, «bu nika bilen soltanyň abraýyny galdyrmaklygy we onuň bilen özüniň dostlugyny berkitmekligi göz öňünde tutupdyr»[3]. Bu wakadan ep-esli wagt geçenden soň, 1062-nji ýylda Togrul beg özüniň söýgüli aýaly Altynjan hatynyň ölmeziniň öň ýanynda oňa beren maslahatyna eýerip, al-Kaimiň aýal dogany (käbir maglumatlara görä onuň gyzy) Seýidä öýlenipdir[4]. Şeýlelikde, bu garyndaşlyga bolan isleg, arzuw, iň bärkisi, onuň başlangyç döwründe, ikitaraplaýyn bolupdyr. Seljuklaryň öýi we şa neberesi bilen garyndaşlygyny has hem berkitmek üçin halypa al-Kaim, öz ogly al-Muktadyt üçin 1071-nji ýylda soltan Alp Arslanyň gyzy üçin sawçy ýollapdyr. Bu ýörelgeden ugur alyp ýene-de al-Muktady üçin, al-Kaim dünýäden ötenden soň, 1087-nji ýylda bolsa Mälik şanyň we onuň söýgüli aýaly Terken hatyndan bolan gyzyny diläp sawçy ýollapdyrlar (Soňky nikalaşyk we onuň bilen bagly ýönekeý bolmadyk wakalar barada biz aşakda ýörite durup geçeris). Soltanlar özleriniň meşhur öňbaşçysy beýik soltan Togrul

[1] *Browne E.G. A* Literary History of Persia. Vol.II. P.169.

[2] *Ibn al-Esir.* Kämil taryh. 1-nji jilt. S.214; 2-nji jilt. S. 13.

[3] *Lambton A.K S.* The Internal structure of the Seljuk Empire // CHI. Cambridge, 1968. Vol.5. P. 212.

[4] *Ibn al-Esir.*Kämil taryh. 2-nji jilt. S.12–16 Soltan Togrul beg «ilaty ýygnap, maksadynyň Halypa arkaly hezreti Pygamberiň neberesi bilen garyndaşlyk açmakçydygyny beýan etdi. Şeýdip, soltan özünden başga hiç bir hökümdara nesip etmedik bagta ýetdi». (*Ibn al-Esir.* Kämil taryh. 2-nji jilt. S.13). Dogrusy, bu nikalaşygy al-Kaim oňlamandyr. Şeýle-de bolsa, ol oňa razy bolupdyr. Megerem, bu meselede ýetmiş ýaşa golaýlan Togrul beg bilen juwan gyz Seýidäniň arasyndaky ýaş tapawudy esasy päsgelçiligi döreden bolsa gerek. Bu nikalaşygyň geçişi barada giňişleýin seret: *Bosworth C.E.* Op. cit. P.61; *Lambton A.K S.* Op. cit. P.212.

begiň hereketlerine eýerip, gyzlaryny oňa durmuşa çykarypdyrlar. Alp Arslanyň we Mälik şanyň giýewisi al-Muktady soň – 1075–1094-nji ýyllarda halypa bolupdyr[1]. Halypalar bilen seljuk soltanlarynyň arasyndaky birek-birege ynanyşykly gatnaşyklar soňky döwürlerde-de dowam etdirilipdir. Halypa an-Hasir (1180–1225), aýaly Seljuk Hatyny hormatlap, onuň şanyna Bagdadyň Basra derwezesiniň golaýynda «Seljuk Hatynyň kitaphanasyny» («Hizana al-Hatuni as-Seljuki») döredipdir. «Onda saklanýan eserler halypanyň hususy kitaphanasyndan saýlanyp alnypdyr»[2]. Bu delillerden soň peterburgly alymlaryň «Togrul beg halypa al-Kaimi özüne soltan adyny dakmaga we onuň agtygyna[3] öýlenmäge mejbur edipdir»[4] diýen sözlerini bu mesele boýunça taryhy çeşmeleriň berýän maglumatlaryna esaslanmaýan teswirlemeler hasap edýäris.

Beýik soltan Togrul beg Halyfatyň paýtagty Bagdada gelenden soň, döwrüniň wajyp hem möhüm meselelerini diňe bir musulman dünýäsi üçin däl, eýsem, umumadamzat derejesinde çözüpdir. Ý.E.Bertelsiň ýokardaky diňe «seljuklar döwründe baý medeni durmuş kemala gelipdir» diýen adalatly tassyklamasy, bu taryhy wakalardan soň, orta asyr musulman ylmynyň we medeniýetiniň pajarlap ösüp, öň görülmedik derejede ýokary basgançaklara ýetenligi bilen baglydyr.

Esasy bellemeli zat, ol hem, irki orta asyrlar döwründe musulman dünýäsiniň ylmy we medeni merkezi, halyfatyň paýtagty Bagdadyň iki sany ajaýyp ylmy ojagyna türkmenistanly alymlaryň ýolbaşçylyk etmegidir. IX asyryň başynda halypa al-Mamunyň öz «Akademiýasynyň» müdiri edip Abu Jepbar Muhammet ibn Musa al-Horezmini (850-nji ýylda ýogalypdyr) belleýşi ýaly, X asyryň ahyrynda buweýhileriň weziri Sabyr ibn Ar-Ardaşir hem özüniň ajaýyp kitaphanasynyň müdirligini Muhammet ibn Musa al-Horezmä (935–1012)[5] tabşyrypdyr.

[1] *Босворт К.Э.* Мусульманские династии. М., 1971. С.32; *Lambton A.K.S.* Op. cit. P.212–213.

[2] *Qasimi A.S.* Op. cit. P.7.

[3] Beýik soltan Togrul begiň halypa al-Kaimiň maşgalasyndan öýlenen Seýide atly zenanyň oňa bolan garyndaşlyk derejesi çeşmelerde dürli hili kesgitlenipdir. Awtorlaryň biri ony halypanyň aýal dogany hasap etse, beýlekisi gyzy, üçünjisi agtygy hasaplapdyr. Seýidäniň al-Kaimiň aýal dogany ýa-da gyzy bolmagy hakykata has ýakyn bolsa gerek.

[4] *Пигулевская Н.В., Якубовский А.Ю., Петрушевский И.П., Строева Л.В., Беленицкий А.М.* Указ. соч. С.148.

[5] Abu Bekr al-Horezminiň işlerine häli-şindi salgylanýan A. Mes, ony rifmalaşdyrylan proza (saj) eserlerini ýazmak boýunça «ilkinji arap ýazyjysy» atlandyrypdyr. Şeýle-de, ony epistolýar žanry (risail) boýunça öňüne geçip bolmaýan ussat hasaplapdyr. Döwürdeşleri bu sungaty ondan öwrenipdirler we köp babatlarda oňa eýeripdirler. Ol barada giňişleýin seret: *Мец А.* Мусульманский Ренессанс. 2-е изд., доп. М., 1963.С.202–206.

II. BEÝIK SOLTAN TOGRUL BEG WE HALYFATYŇ KITAPHANALARY

Eger-de men öý gurup, onuň gapdalynda metjit bina etdirmesem,
onda Allanyň ýanynda maňa utanç bolar!
Togrul beg[1]

Beýik soltan Togrul beg 1055-nji ýylyň 18-nji dekabrynda Halyfatyň paýtagty Bagdada ýeňişli gadam bilen giren mahaly, bu şäherde 36 sany jemagat kitaphanasy bolupdyr[2]. Ýene-de öz döwrüniň görnükli adamlary tarapyndan döredilen köpsanly medreseleriň we metjitleriň gapdalynda hususy kitaphanalar hem şäheriň ilatyna hyzmat edipdir. «Olary sanap çykardan köp bolupdyr»[3]. Beýik soltan Togrul begiň we onuň esgerleriniň bu ylmy ojaklara we Halyfatyň beýleki şäherlerindäki olara meňzeş edaralaryna şikest ýetirendikleri barada orta asyrlar döwrüniň çeşmelerinde hiç hili maglumat berilmeýär. Diňe bir meselede bu ýagdaý bozulýar. Ol hem Buweýhiler döwletiniň emiri Beha-ud-Döwläniň (1012-nji ýylda ýogalypdyr) weziri Abu Nasr Sabyr ibn Ardaşiriň (1025-nji ýylda ýogalypdyr) Bagdatda 991-nji ýylda esaslandyran[4] ajaýyp kitaphanasyny beýik soltan Togrul begiň oda ýakdyrandygy baradaky esassyz meseläniň ýüze çykmagy bilen baglydyr. Şonuň üçin bu meseläniň üstünde ýörite durup geçmeli bolýarys.

Sabyr ibn Ardaşiriň esaslandyran «Akademiýasy» Bagdadyň şol döwürdäki dört sany iň uly kitaphanalarynyň biri bolupdyr[5]. Ol şäheriň al-Karh atly şaýylaryň ýaşaýan mähellesinde ýerleşipdir[6]. M. Kebir Buweýhiler döwletiniň (946–1055) kitaphanalaryna bagyşlap ýörite ýazan makalasynda bu barada şeýle nygtapdyr: «Özünde kitaphanany we talyplary okatmak üçin niýetlenilen okuw mekdebini birleşdirýän Akademiýanyň

[1] Soltanyň bu sözlerini XII asyryň awtory al-Hüseýni öz işinde getiripdir. Seret: Ал-Хусайни. Указ. соч. С. 39.

[2] *Padover S.K.* Op. cit. P. 352.

[3] I*nayatullah Sh.* Op. cit. P. 161; *Padover S.K.* Op. cit. P. 352.

[4] Käbir alymlar bu «Akademiýanyň» döredilen wagtyny 993-nji ýyl diýip görkezipdirler. Seret: *Kabir M.* Libraries and Akademies during the Buwayhid period – 946 A.D. to 1055 A.D. // IC. 1959. Vol. 33. P. 33; *Makdisi G.* Muslim institutions of learning in eleventh-century Baghdad // BSOAS. 1961. Vol. XXIV. Pt. 1. P. 7. No.5.

[5] Bu kitaphana barada giňişleýin seret: *Kabir M.* Op. cit. P. 31–33.

[6] *Mackensen R.S.* Four Great librariyes of Medieval Baghdad. P. 273-293; *Kabir M.* Op. cit. P. 31-33.

idely Bagdatda emir Beha-ad-Döwläniň weziri Sabyr ibn Ardaşir tarapyndan 991-nji ýylda döredilipdir. Onuň binasy şäheriň al-Karh mähellesinde gurlupdyr. Sabyr ony alymlara bagyş edipdir. Onuň 140 000 jiltden ybarat bolan kitap gaznasynyň arasynda Gurhanyň ýüzlerçe nusgalary saklanypdyr. Olary Banu Mugla we beýleki meşhur hatdatlar göçüripdirler. Sabyr, şeýle-de, öz kitaphanasynda saklanýan kitaplaryň katalogyny düzmekligiň hem aladasyny edipdir we bu işi iki sany ýerli alyda[1] tabşyrypdyr. Ol öz kitaphanasynyň müdiri edip Abu Bekr al-Horezmini belläpdir. «Sabyr, buweýhi emiriniň gylyk-häsiýetinden ejir çekip, ýeňlişe sezewar bolan hem bolsa, onuň kitaphanasy 451-nji ýyla (1059–1060-njy ý.ý.) çenli hiç bir şikessiz saklanyp gelipdir. Ol diňe özüniň töwereginde tutaşan ýangyn zerarly, onda işleýän gullukçylar we şäheriň ilaty tarapyndan talaňçylyga salnypdyr»[2] (Sözleriň kursiwi biziňki. – A.Ý.). G.Makdisi bu kitaphana 1059-njy ýylda Togrul begiň duşmany türkmen generaly Arslan Basasiriniň Bagdatda turzan gozgalaňy döwründe ýok edilipdir diýip belläpdir[3].

Sabyr ibn Ardaşiriň kitaphanasyny häsiýetlendirip, S.Inaýatulla öz gezeginde şeýle belläpdir: «Onuň ajaýyplygyny we tutýan meýdanynyň ululygyny orta asyr awtorlarynyň ençemesi haýran galyp taryp edipdirler. Onda şol döwrüň iň meşhur hatdatlarynyň göçüren kitaplarynyň 100 müň jiltden gowragy saklanypdyr»[4]. O.Pinto hem, edil M. Kebir ýaly, bu kitaphanada 140 müň jiltden ybarat gymmatly kitaplaryň saklanandygyny tassyklapdyr[5].

Sabyr ibn Ardaşiriň «Akademiýasyny» Beýik soltan Togrul begiň esgerleriniň oda berendigi baradaky esassyz meseläniň ýüze çykmagyna Ýakut al-Hamawynyň (1179–1229) «Geografik sözlüginde» berilýän

[1] Bu ýerde dördünji halypa Aly ibn Aby Talybyň (656-661) mezhebini tutýan adamlar göz öňünde tutulýar.

[2] *Kabir M.* Op. cit. P. 33.

[3] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P.7. Ar-Rawendiniň berýän maglumatlaryna görä, Togrul beg ony Bagdat goşunynyň serkerdebaşysy edip belläpdir. Emma Basasiri aradan iki ýyl geçenden soň, 1057-nji ýylda halypanyň garşysyna gozgalaň turzupdyr. Halypa al-Kaim Togrul begiň yzyndan ilçi iberip, ony gyssagly Bagdada çagyrypdyr. Basasiri goşuny bilen Liwana gaçypdyr. Ony bu ýerde tutup, jezalandyrypdyrlar. (*Rawendi.* Göwünleriň rahady–şatlyklaryň ganaty.A., 2004. 1-nji j. S. 248, 252). Basasiri barada şeýle-de seret: *Агаджанов С.Г.* Очерки. С. 217; *Его же е.* Государства Сельджукидов. С. 66.

[4] *Inayatullah Sh.* Op. cit. P. 160.

[5] *Pinto O.* The Libraries of the Arabs the time of the Abbasides // IC.1929. Vol. 3. P. 229.

nädogry maglumat sebäp bolupdyr[1]. Adatça, öz ýaşan döwründen öňki döwürlerde döredilen ilkinji çeşmelerden peýdalanyp, bolup geçen wakalar barada anyk we takyk maglumatlary habar berýän bu meşhur alym Beýik Seljuk soltanynyň Bagdada giren mahaly Sabyr ibn Ardaşiriň kitaphanasyny oda berendigini, megerem, öz huşunda galan anyk bolmadyk ýatlama esasynda ýazan bolsa gerek. Bu wakalar bilen bagly çeşmeleriň berýän maglumatlaryny teswirläp, R.S.Makkenzen şeýle diýip ýazypdyr: «Ýakudyň al-Karh mähellesi we onuň töwerekleri barada ýazanlary ynam bildirilmeýän maglumatlar hökmünde köp alymlar tarapyndan kabul edilmändir. Olaryň yzygiderliligi beýleki alymlaryň bu wakalar barada berýän habarlary bilen gabatlaşmaýar. Megerem, Ýakut bu mähelle barada Bagdatdan /XIII asyryň başynda/ çykyp gidip, aradan belli bir wagt geçenden soň ýazan bolsa gerek. Şol aralykda onuň ýady gowşap, bu wakalar bilen bagly käbir maglumatlary huşundan çykaran bolmagy ähtimaldyr. Bu ýangynyň[2] anyk senesini Ýakut habar beripmi ýa-da ýok, ol hem belli däl. Bu kitaphananyň iki gezek ýangyndan zyýan çekendigini bellemek mümkin. Al-Kundurynyň bu heläkçiligi göz öňünde tutup: «Ol iki ýangynyň birinde bolupdy»[3] diýip, nygtamagy hem şeýle pikire ündeýär»[4]. Her halda, bu kitaphana ýitip ýok bolmandyr. Golaýdaky jaýlarda tutaşan ýangyn oňa ýaýrar öýdüp, şäheriň ilaty onuň kitaplaryny talaňçylyga salypdyr. Şol wagt Bagdatda bolan Togrul begiň weziri al-Kundury hem ondan gymmatly kitaplary alypdyr.

Bu mesele häzirki döwrüň alymlarynyň pikirini iki topara bölüpdir. Olar özleriniň gapma-garşylykly netijeleri bilen dünýäniň dürli ýurtlarynyň ylmy neşirleriniň sahypalarynda indi bir asyrdan hem gowrak wagt bäri çykyş edip gelýärler[5].

[1] *Yacut's* Geographisches Wörterbuçh, aus den handschriften zu Berlin, St. Petrburg, Paris. London und Oxford, hersg. Von F. Wüstenfeld. Bd.I .Leipzig, 1866. S. 799.

[2] Gürrüň 1059-njy ýylda Sabyr ibn Ardaşiriň «Akademiýasynda» bolan ýangyn barada barýar.

[3] *Ýakut.* Geographical dictionary. Vol. I. P. 826; Vol. IV. P. 85; *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P. 296.

[4] *Houtsma M.Th.* Resueil de textes relatifs a l'histoire des Seldjucides. Histoire du Seldjucides d'Iraq par al-Bondari. Lugduni-Batavorum, 1889. Vol. 2. P. 18.

[5] Gündogar ýurtlarynyň kitaphanalarynyň taryhynda şeýle ýagdaýlara biz başga-da duş gelýäris. Mysal üçin, esasan hem, günbatar alymlary 200 ýyldan hem gowrak wagtyň dowamynda Ptolomeý I Soteriň (305–283) Müsüriň Aleksandriýa şäherinde esaslandyran meşhur ylmy we medeni ojagynyň – kitaphananyň Halypa Omar I-niň (634–644) permany bilen 640-njy ýylda otlanandygyny ýazyp gelipdirler (Ol barada seret: *Modi J.J.* Alexandria and its library. P. 1009–1028). Alymlaryň bu mesele barada pikir ýöretmelerine Halypa Omar I-den 600 ýyl soň doglan siriýaly hristi-

Alymlaryň belli bir bölegi beýik soltan Togrul begiň Bagdada giren mahaly, onuň esgerleriniň Sabyr ibn Ardaşiriň meşhur kitaphanasyny talaňçylyga salandyklaryny we oda ýakandyklaryny tassyklap çykyş edipdirler. Adatça, olar bu kitaphananyň şäheriň şaýy mezhebini tutýan mähellesi üçin niýetlenilendigini belläp, onda Togrul begiň esgerleriniň bu ylmy ojagy oda berilmeginiň esasy sebäbini görüpdirler[1]. Bu şübheli pikiriň gözbaşynda italýan professory O. Pinto durupdyr. Ol özüniň ýokarda ady tutulan «Araplaryň apbasylar döwründäki kitaphanalary» atly 1929-njy ýylda neşir edilen işinde bu mesele barada şeýle diýip ýazypdyr: «Bu kitaphana özüni esaslandyran adamyň ömründen uzak ýaşamandyr. Seljuk soltany Togrul beg 1059-njy ýylda Bagdady eýelän mahaly, onuň esgerleri kitaphanany gutarnykly talapdyrlar we ony düýp-teýkary bilen otlapdyrlar. Kitaplaryň belli bir bölegi Togrul begiň weziri Amid al-Mülk al-Kundurynyň kitaphanasyna alnany üçin, bütinleý ýok edilmekden aman galypdyr»[2]. Bu parçada nätakyklar näçe diýseň bar. Birinjiden, O. Pintonyň özüniň ilkinji çeşmesi hökmünde salgylanýan alymy Ibn al-Asir beýik soltan Togrul begiň Sabyr ibn Ardaşiriň kitaphanasyny otlandygy baradaky pikir bilen ylalaşmandyr, tersine, ol ony ret edipdir. Üstesine-de, ol, soltanyň weziri hökmünde, al-Kundurynyň ýokardaky talaňçylygynyň öňüni almandygyny ýazgarypdyr. Ikinjiden, beýik soltan Togrul beg Bagdady 1059-njy ýylda däl-de, ondan dört ýyl öň, 1055-nji ýylda eýeläpdir. Üçünjiden, Sabyr ibn Ardaşiriň «Akademiýasynyň» diňe şaýy mezhebini tutýanlar üçin niýetlenilendigi we şonuň üçin hem ony Togrul begiň esgerleriniň oda berendigi baradaky esasy pikiri häzirki zaman alymlarynyň ählisi ykrar etmändirler. Ol mesele barada ilkinji çeşmeleriň maglumatlaryny ilik-düwme öwrenen G. Makdisi Sabyr ibn Ardaşir özüniň kitaphanasyna «gözegçilik etmekligi we onuň işini alyp barmaklygy iki sany alyda (ýagny şaýy mezhebini tutýanlara – A.Ý.), onda alnyp barylýan ylmy-barlag işlere ýolbaşçylyk etmekligi hanafy mezhebiniň ymamyna[3]

an alymy Abul Farajyň (1226–1286) bu ýangyn barada beryän maglumatlary esas bolupdyr. Orta asyrlar döwrüniň musulman alymlary, şol sanda müsürli alymlar hem, bu ýangyn barada hiç hili maglumat bermeýärler. Biziň günlerimizde Omar I-ä ýöňkelen bu ýowuz hereketiň esassyzdygy subut edilipdir. Seret: *Mackensen R.S.* Background of the history of Moslem libraries // AJSLL. 1934-1935. Vol. 5I. P. 121.

[1] *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P. 273–293 we başgalar.

[2] *Pinto O.* Op. cit. P. 224.

[3] Bu ýerde sünni mezhebine uýan şeýh Abu Bekr Muhammet ibn Musa al-Horezmi göz öňünde tutulýar. Seret: *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P. 8. No.1.

tabşyrypdyr. Şeýlelikde, bu ylmy merkeziň diňe şaýylar üçin niýetlenilmändigi aýdyňdyr, çünki onuň işgärleriniň ählisi şaýylardan bolmandyr» diýip nygtapdyr[1].

Ilkinji çeşmelerde şeýle anyk delilleriň getirilýändigine seretmezden, ylmy-barlag işlerde kämahallar adaty bolmadyk ýagdaýlara duş gelýäris. Haýsydyr bir mesele boýunça abraýly alymyň gelen netijesi, onuň esassyzdygyna seretmezden, beýlekiler tarapyndan oňa ynam edilip, asyl çeşmeleriň maglumatlaryna täzeden göz aýlamazdan, uzak wagtlap hakykat hökmünde kabul edilip gelinýän saparlaryna duş gelýäris. O.Pintonyň beýik soltan Togrul begiň Bagdatdaky hereketleri baradaky tassyklamalary boýunça hem şuny aýtmak bolar. Alymlaryň belli bir topary onuň gelen netijeleriniň dogrudygyny şübhesiz kabul edip, häli-şindi oňa salgylanyp gelipdirler. Şeýdibem, öňki goýberilen ýalňyşlyklary gaýtalap, olaryň giňden ýaýramagyna sebäpkär bolupdyrlar. R.S. Makkenzen[2], M.A. Kasymy[3], J. Pederzen[4] we beýlekiler özleriniň işlerinde beýik soltan Togrul begiň Sabyr ibn Ardaşiriň kitaphanasyny otlandygyny tassyklamak bilen, O.Pintonyň ýokarda ady tutulan işine salgylanypdyrlar we onuň sözlerini üýtgewsiz gaýtalapdyrlar. M. Kasymy hatda onuň bu waka bilen bagly getirýän senesiniň ýalňyşdygyna-da üns bermändir. Şeýlelikde, alymlaryň bu topary beýik soltan Togrul begiň Bagdatdaky hereketlerini edil bu şäheri şol wakalardan iki asyr soň, ýagny 1258-nji ýylda basyp alan mongol hökümdary Hulagu hanyň (1256–1265) wagşy hereketleri ýaly edip suratlandyrypdyrlar. Bagdatda XI we XIII asyrlaryň ortalarynda bolup geçen bu iki taryhy wakalar bilen bagly bu iki hökümdaryň, ýagny beýik soltan Togrul beg bilen mongol serkerdesi Hulagu hanyň hereketleriniň bir galypdan göçüp görkezilmegi hakydaňda ýerleşýän zat däldir. Seljuk türkmenleri bilen mongol basybalyjylarynyň arasynda yslamyň gymmatlyklaryna bolan gatnaşyklarda ýer bilen gök ýaly tapawut bardyr. Beýik soltan Togrul beg we onuň esgerleri musulman dünýäsiniň demirgazyk-gündogaryndaky medeni merkezinden gelen, yslam dinini kabul eden, ony ýaýratmakda hyzmat görkezen, öz arasyndan eýýäm dünýä belli meşhur musulman alymlaryny (Musa al-Horezmi, Abu Reýhan Biruni, Aby Aly ibn Sina we beýlekiler) orta çykaran medeniýetli ýurduň wekilleridir.

[1] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P. 8.

[2] *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P. 280–281.

[3] *Qasimi A.S.* Op. cit. P. 13.

[4] *Pedersen J.* The Arabic book. New Jersey, 1984. P. 123.

Olaryň öňbaşçysy dargan Halyfaty täzeden dikeldijidir. Halypanyň öýi we täji-tagty bilen şeýle ýakyn gatnaşykda bolan hem-de «öz dini borçlaryny juda berk berjaý edýän («strict in the perfomance of his religious duties»)[1] soltanyň yslamyň mukaddes gymmatlygy hasaplanýan we özünde keramatly Gurhanyň ýüzlerçe nusgasyny saklaýan Halyfatyň paýtagtynyň kitaphanalaryna hyýanat edip bilmejekdigi öz-özünden düşnüklidir.

Tersine, Hulagu han we onuň leşgerleri ylymdan-bilimden bihabar, hatda heniz belli bir dini hem bolmadyk halkyň wekilleridir. Olar üçin musulman mukaddeslikleriniň hiç hili gymmaty bolmandyr. Şonuň üçin Hulagu han Bagdady basyp alyp, ony ýykyp-ýumrup harabalyga öwrüpdir, halypany öldüripdir. «Çingiz han hem, Hulagu han hem adam durmuşyna ýa-da medeni institutlara hiç hili üns bermändirler. Olar metjitleri atýatak hökmünde ulanypdyrlar, kitaphanalary otlapdyrlar, gymmatbahaly golýazmalary odun hökmünde ulanyp, peçlerde ýakypdyrlar»[2]

Gynansak-da, şeýle nogsanlyklar diňe bir daşary ýurtly alymlaryň işlerine mahsus bolmandyr. Görlüp oturylsa, olary öz ýaşaýan ýurduňda goýberilen ylmy işleriň sahypalaryndan hem tapmak boljak ekeni. Ol ýalňyşlyklar ýokarda atlary tutulan daşary ýurtly alymlaryň işleri bilen baglanyşyksyz edilipdir. Mysal üçin, 1983-nji ýylda Duşenbede neşir edilen we Muhammet ibn Musa al-Horezminiň doglan gününiň 1200 ýyllyk ýubileýine bagyşlanan makalalar ýygyndysynda ýerleşdirilen täjik alymy A.K. Mirbabaýewiň işinde halypa al-Mu'tasimiň (833–842) Bagdatdaky kitaphanasynyň galyndylary 1258-nji ýylda bu şäheri türkler basyp alan mahalynda oda berlipdir diýlip, düýbünden nädogry nygtalypdyr[3]. Mälim bolşuna görä, Bagdady 1055-nji ýylda Togrul beg we 1258-nji ýylda mongol serkerdesi Hulagy han eýeläpdirler. Olaryň birinjisi apbasy halyfatyny halas ediji, ikinjisi ony derbi-dagyn ediji bolup gelipdir. Makalanyň awtorynyň musulman dünýäsiniň durmuşynda bolup geçen bu iki sany aňrybaş möhüm taryhy wakadan bihabar bolandygyna we şonuň netijesinde bu meselä bulam-bujarlyk girizendigine ynanmak kyn. Megerem, A.K.Mirbabaýewiň bu gözedürtme bulaşyk netijesi täjik alymlarynyň

[1] *Browne E.G.* A Literary History of Persia. Vol. II. P. 173. «Soltan, goý, Alla oňa rehmet etsin, bäş wagt namazyny bozmazdy. Duşenbe we çarşenbe günleri agyz beklärdi, ak eşik geýip gezerdi». (*Ibn al-Esir.*Kämil taryh.2-nji jilt. S. 19).

[2] *Padover S.K.* Op. cit. P. 355.

[3] *Мирбабаев А.К.* Учебные и научные центры Ближнего и Среднего Востока в древности. // Хорезм и Мухаммед ал-Хорезми в мировой истории и культуре. (К 1200-летию со дня рождения). Душанбе, 1983. С. 88.

işlerinde käbir halatlarda ylmy hakykatdan ugur almaýandyklary bilen bagly bolsa gerek. Olara laýyklykda, Orta Aziýanyň orta asyrlar döwürlerindäki ylmy we medeni durmuşynyň ösüşi, esasan, eýran dilli halklaryň hyzmatlarydyr, bu meselelerde türki dilli halklaryň bitiren hyzmatlary az bolupdyr diýlen galp netijedir. Bu ýygyndyda şeýle gödek hem-de taryhy hakykata hiç bir jähetden bap gelmeýän pikire ýol berilmegi diňe bir makalanyň awtoryna däl, eýsem, ýygyndynyň redaktoryna-da abraý getirmeýär.

Bu mesele boýunça alymlaryň esasy böleginiň pikirini aşakdaky görnüşde jemlemek mümkin: Beýik soltan Togrul beg 1055-nji ýylda Buweýhileriň döwletini ýatyryp, Bagdady eýelän mahaly Sabyr ibn Ardaşiriň «Akademiýasyna» hiç hili şikes ýetirmändir. Ol bu taryhy wakadan dört ýyl geçenden soň, ýagny 1059-njy ýylda onuň golaýyndaky jaýlarda tutaşan ýangyn zerarly zyýan çekipdir. Kitaphananyň gullukçylary we şäheriň ilaty onda saklanýan ajaýyp eserleriň ýanyp ýok bolup gitmeginden howatyrlanyp, olary talaňçylyga salypdyrlar. Sabyr ibn Ardaşiriň «Akademiýasy» Bagdadyň şaýy mähellesine niýetlenilendigi baradaky käbir alymlaryň bu mesele boýunça tutaryk edýän deliliniň esassyzdygynyň doly subut edilmegi hem şeýle netijäniň peýdasynadyr[1].

XI–XII asyrlarda Seljuk imperiýasynyň ýokary derejeli döwlet adamlary, tanymal ruhanylary özleriniň beýik hökümdarynyň başlangyjyna eýerip, diňe bir öz dogduk mekanlarynda däl, eýsem, Apbasy halyfatynyň paýtagty Bagdatda hem şeýle edaralary döredipdirler. Olar bu işi özlerine mertebe saýypdyrlar. Orta asyr taryhçylary al-Bundarynyň, Ibn al-Esiriň, Ibn al-Jöwziniň, as-Suýutynyň, az-Zahabynyň beýän maglumatlaryna görä, beýik soltan 1057-nji ýylda Bagdadyň içi bazarly iki sany mähellesiniň töweregine haýat çekdirip, onuň içinde özüniň köşk-eýwanyny, medresesini we metjidini gurdurypdyr. «Eger-de men öý gurup, onuň gapdalynda metjit bina etdirmesem, onda Allanyň ýanynda maňa utanç bolar!» diýip, beýik Togrul beg nygtapdyr. Soňky döwürlerde halyfatyň paýtagtynyň çep kenaryakasy «Togrulyň şäheri» adyny alypdyr. Mälik şa hem, öz gezeginde, onuň içinde «köşk, bazar, söwda edaralaryny gurdurypdyr, soltanyň uly «Juma metjidiniň» («Jami as-sultanyň») düýbüni tutupdyr. Emma ol dünýäden ötenden soň, XI asyryň ahyrynda, XII asyryň başynda döwletiň

[1] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P. 1–56.

täjini we tagtyny eýelemek ugrunda ýüze çykan howsalaly bäsleşikler döwründe seljuklaryň gurduran binalaryny Apbasylar ýumrupdyrlar»

Bagdatda medrese, metjit we kitaphana guranlaryň arasynda türkmenler az bolmandyr. Olar özleriniň ajaýyp binalaryny Bagdadyň günbatarynda hanafy mezhebini tutýanlaryň ýaşaýan ýerinde – al-Karh mähellesinde gurupdyrlar.

1. As-Serahsynyň medresesi we kitaphanasy. Abu Seýit as-Serahsy ady tutulan mähellede hanafylar üçin medrese we kitaphana gurdurypdyr. Bu ildeşimiziň ömür ýoly we döredijiligi bize köp babatlarda belli däl. Ibn Abi al-Wepanyň, Ibn an-Nejjaryň (1243-nji ýylda ýogalypdyr) berýän maglumatlaryna görä, as-Serahsy Bagdatda hanafylar bilen hanbalylaryň arasynda ýüze çykan çaknyşykda 1012-nji ýylda wepat bolupdyr[2]. Ibn al--Hemedany (1119-njy ýylda ýogalypdyr) onuň Bagdatdaky medresesini al-Karh mähellesindäki şeýle kysymly edaralaryň iň irkisi hasaplapdyr[3]. Bu maglumatlar onuň Mälik şanyň hökümdarlyk eden döwründe gurlandygyna şübhe goýmaýar. Şeýle-de, Ibn an-Nejjaryň bu medresäni we kitaphanany ýatlap geçmegi olaryň XIII asyryň ortasyna çenli işläp gelendigine şaýatlyk edýär.

2. Abu Bekr al-Horezminiň metjidi we kitaphanasy. Ýokarda ady tutulan bu şahsyýete biz ilkinji gezek Buweýhiler döwletiniň medeni durmuşy bilen baglylykda duş gelýäris. G. Makdisiniň berýän maglumatlaryna görä, şeýh Abu Bekr Muhammet ibn Musa al-Horezmi (935–1012) hanafy mezhebi boýunça döwrüniň iň tanymal müderrisleriniň biri bolupdyr we özüniň tanymal şägirtlerini ýetişdiripdir[4]. Ol özüniň metjidini Bagdadyň günbatarynda, Darb Abda atly uly ýoluň gyrasynda gurdurypdyr. Bu ýerde hanafylar üçin gurlan beýleki metjitler we medreseler hem ýerleşipdir. Al-Horezmi özüniň medresesinde ýaşapdyr we talyplara ders beripdir. Şeýh dünýäden ötenden soň, onuň işini onuň okuwçysy Muhammet al-Yspyhany dowam etdiripdir[5]. G.Makdisi al-Horezminiň egindeşleriniň we onuň tanymal müderris edip ýetişdiren şägirtleriniň atlaryny sanap, olar dünýäden ötenlerinden soň, Bagdadyň hanafy mezhebiniň merkezi hökmünde özüniň möhüm ähmiýetini ýitirendigini,

[1] *Агаджанов С.Г.* Указ.соч. С. 103.

[2] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P. 18.

[3] *Ibid.* P. 18.

[4] *Ibid.* P. 17.

[5] *Ibid.* P. 18..

onuň Horasanyň we Transoksiananyň alymlaryna geçendigini nygtapdyr[1]. Bagdadyň bu meseledäki birinjiligini bu ýerde Abu Seýit Muhammet ibn Mansur Şerep al-Mülk al-Horezminiň 1067-nji ýylda gurduryp ulanmaga beren ajaýyp Abu Hanyfa ybadathanasy we kitaphanasy hem saklap bilmändir.

As-Serahsynyň we al-Horezminiň bir döwürde, ýagny 1012-nji ýylda dünýäden ötendiklerini nazara alyp, olaryň medreseleriniň we kitaphanalarynyň X asyryň ikinji ýarymynyň soňky on ýyllyklarynda döredilendiklerini çak etmek mümkin.

III. BEÝIK SOLTAN ALP ARSLAN WE YSLAM MEDENIÝETI

Onuň (Alp Arslanyň) döwletiniň çäkleri juda giňedi, dünýä onuň öňünde baş egdi we oňa gazanan abraýyna we mertebesine laýyklykda dünýäniň soltany diýip at berdiler.

Ibn al-Esir

Hökümdar üçin güýçli pähim-paýhas güýçli goşundan hem gowudyr. Hudaýa şükür, biziň Aly jenabymyzda (Alp Arslanda) olaryň ikisi hem bar.

Nyzam al-Mülk

Beýik soltan Alp Arslanyň hökümdarlyk eden döwründe (1063–1072), Seljuk döwleti kuwwatlanypdyr, berkäpdir, ägirt uly imperiýa öwrülipdir. Ol ajaýyp zehinli we başarjaň soltan hem-de harby serkerde bolupdyr. Döwlet başyna geçen ilkinji ýylynda Alp Arslan öz döwletiniň demirgazyk-gündogarynda Hutalýany, Hyrady, Saganiýany, günbatarynda Wizantiýanyň şäherlerini özüne tabyn edipdir[2]. Aradan bir ýyl geçenden soň, 1065-nji ýylda ol Buharanyň golaýynda ýerleşen oguz şäherleri Jendi we Seýriany eýeläp, özüniň bu ýerde (Jentde) jaýlanan nesilbaşysy Seljugyň mazaryna zyýarat edipdir. Ol ýerden Horezme (Köneürgenje) baryp, döwlet işlerini çözüp, Merwe dolanyp gelipdir. Şol döwürde, ol şeýle-de, Parsda we Kermanda turan gozgalaňlary ýatyrypdyr, Müsüriň fatimi halypalarynyň gündogardaky şaýy mezhebiniň täsirini togtadyp, Aleppony (Halaby), mukaddes şäherler Mekgäni we Medinäni özüniň garamagyna alypdyr. Alp Arslanyň

[1] *Ibid.* P. 17.

[2] Ol barada giňişleýin seret: *Ibn al-Esir.* Kämil taryh. 2-nji jilt. S. 23–32.

harby talanty, aýratyn hem, 1071-nji ýylda Ermenistanyň Manazkert (grekçe Mansikert) şäheriniň eteginde Wizantiýa imperiýasy bilen bolan aýgytly söweşde doly açylypdyr. Ol özüniň 15 000 sany saýlantgy goşuny bilen wizantiýalylaryň 200 000 esgerden ybarat[1] ägirt uly goşunyny derbi-dagyn edip, öň görlüp-eşidilmedik ýeňşi gazanypdyr we olaryň imperatory Diogen IV (1068-1071) ýesir alypdyr. Bu ýeňiş Alp Arslanyň alyp baran söweşleriniň iň aýgytlysy bolupdyr we oňa dünýä möçberinde şan-şöhrat getiripdir. K.E. Bosworthyň belleýşi ýaly, şondan soň «onuň abraýy geljekki nesilleriň nazaryýetinde ähli musulmanlaryň gahrymany»[2] derejesinde artypdyr. Seljuk imperiýasyna günbatarda Azerbaýjan, Şirwan, Ermenistan, Gündogar Gruziýa, Kiçi Aziýa ýurtlary birikdirilip, onuň çäkleri Ortaýer deňzine çenli ýaýrapdyr[3]. Alp Arslan Gruziýada özüniň täsirini patyşa Bagrat IV ýegenine öýlenmek arkaly berkidipdir[4]. Ol öz döwletiniň gündogar sebitlerini giňeltmek boýunça hem aýgytly we giň möçberli çäreleri görüp ugrapdyr, ýöne onuň 1072-nji ýylda tragiki ýagdaýda heläk bolmagy bu meýilleriň amala aşyrylmagyna mümkinçilik bermändir. «Onuň döwletiniň çäkleri juda giňedi, dünýä onuň öňünde baş egdi we oňa onuň gazanan abraýy we mertebesi boýunça dünýäniň soltany diýip at berdiler» diýip, Alp Arslan barada Ibn al-Esir ýazypdyr[5]. Bu hökümdar barada häzirki döwürde ýazylan işlerde hem, adatça, onuň gazanan harby ýeňişleri giňişleýin beýan edilipdir we ylymly-bilimli şahsyýet bolandygy adalatly bellenipdir. «Ol özüniň köp

Beýik Soltan Alp Arslan

[1] Wizantiýalylaryň goşunynyň sanyny ar-Rawendi 600 000 adamdan ybarat bolupdyr diýip belläpdir.

[2] *Bosworth C.E.* Op. cit. P. 61.

[3] История Ирана. С. 139.

[4] *Bosworth C.E.* Op. cit. P. 62.

[5] *Ibn al-Esir.* Kämil taryh. 2-nji jilt. S. 48; МИТТ Т. 1. С. 376.

wagtyny taryhy çeşmeleri okamaklyga we öwrenmeklige bagyş edipdir. Özünden öňki döwürlerde ýaşap geçen patyşalaryň durmuşlary bilen içgin gyzyklanypdyr. Olaryň häsiýetlerini, däp-dessurlaryny, tertip-düzgünlerini, döwleti dolandyryş ýollaryny açyp görkezýän eserleri okamakdan ýa-da olary diňlemekden ägirt uly lezzet alypdyr» diýip, orta asyr çeşmeleriniň bu mesele barada berýän maglumatlaryna esaslanyp, E.Braun belläpdir[1]. Elbetde, şeýle häsiýetnamalar juda ähmiýetlidir, ýöne ýeterlik däldir. Bu ýerde üns berilmeli esasy meseleleriň biri, ol hem, Alp Arslanyň şalyk süren döwründe Seljuk imperiýasynyň çäklerinde deslap başlanan, rowaç alan, soň beýleki musulman ýurtlarynyň hökümdarlary tarapyndan dowam etdirilen täze başlangyçlar, hususan-da, medreseleri, juma metjitlerini gurmak, olaryň ýany bilen ajaýyp kitaphanalary esaslandyrmak, musulman dünýäsiniň ylmyny we medeniýetini ösdürmekdäki möhüm ähmiýeti häzirki döwrüň barlag işlerinde heniz ýeterlik derejede açylyp görkezilmändir. Diňe Mälik şa bilen baglylykda «soltan we Nyzam al-Mülk döwletiň emirlerini, gurply adamlaryny öz baýlyklaryny haýyr yhsan işlere sarp etmeklige ruhlandyrypdyrlar» diýip bellemek bilen çäklenilipdir[2]. Ylmy we medeni ojaklary döretmek meselesinde Alp Arslanyň döw-ründe onuň beýik öňbaşçysy, soltan Togrul begiň başlan işleri dowam etdirilipdir. Soltan Alp Arslan bir gezek hem Bagdatda bolmandyr. Oňa seretmezden, ol Yrakda tertip-düzgüniň berk saklanylmagyna, Bagdatda ylmy we medeni ojaklaryň gurulmagyna uly üns beripdir[3]. Eger Togrul beg Bagdatda özüniň tutuş şäherçesini gurduran bolsa, Alp Arslanyň ýöreden parasatly syýasatynyň netijesinde, onuň iň ýakyn egindeşleri, Seljuk döwletiniň medeni merkezlerinde we ilkinji nobatda, halyfatyň paýtagty Bagdatda, musulman dünýäsiniň ylmynyň we medeniýetiniň taryhynda çuňňur yz galdyran ajaýyp ýokary okuw mekdeplerini we kitaphanalary bina etdiripdirler. Olar musulman dinineň sünni mezhebiniň hanafy we şafiý akymlaryna degişli edaralar bolupdyrlar. Apbasy halypalary şafiý mezhebini tutan bolsalar, seljuk soltanlary hanafy mezhebiniň gyzgyn tarapdarlary bolupdyrlar[4]. Olaryň her haýsysyna howandarlyk edýän tanymal şahslar bolupdyr. Olaryň arasynda Alp Arslanyň we Mälik şanyň özlerinden başga, Nyzam al-Mülk, Şeref al-Mülk, Täj al-Mülk, Mejd al-Mülk,

[1] *Browne E.G.* A Literary History of Persia. Vol. II. P. 176-177.
[2] *Bosworth C.E.* Op. cit. P. 86.
[3] *Bosworth C.E.* Op. cit. P. 60.
[4] *Ibid.* P. 73.

Eziz ed-Din Abu Bekr az-Zinjany ýaly ýokary derejeli döwlet adamlary we baý täjirleri bolupdyrlar. Olaryň ählisi Bagdatda özleriniň metjidini, medresesini we olaryň ýany bilen kitaphanalaryny döredipdirler. Baý täjirleriň käbirleri bu şäherde şeýle edaralaryň birnäçesini gurdurypdyr[1]. Olar halyfatyň paýtagtynda şeýle edaralary döretmekligi özleriniň mukaddes borçlary hasaplapdyrlar.

IV. WEZIR NYZAM AL-MÜLK, ONUŇ DÖREDEN MEDRESELERI WE KITAPHANALARY

Bu weziriň doly ady Abu Aly al-Hasan ibn Aly ibnYshak at-Tusy bolupdyr. Nyzam al-Mülk («Döwletiň diregi») onuň lakamydyr. Ol 1017--nji ýylda Horasanyň Tus şäheriniň eteginde ýerleşen Rakan[2] obasynda

[1] Olar barada seret: *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P. 29–30.

[2] *МИТТ.* T. 1. C. 380; *Qasimi M.A.* Op. cit. P. 4). S.G.Agajanow Nyzam al-Mülküň Tusuň golaýyndaky Anku obasynda doglandygyny belläpdir. (*Агаджанов С.Г.* Государство Сельджукидов и Средняя Азия в XI–XII вв. М., 1991. С. 99, 250. Прим. 287). S.G.Agajanowyň bu işine we onuň «Очерки истории огузов и туркмен Средней Азии IX–XIII вв.» (A., 1969. 294 c.) salgylanmak bilen biz aşakdaky bellikleri etmelidiris. Awtor öz eserlerinde orta asyr taryhçylarynyň we häzirki döwrüň meşhur alymlarynyň Seljuk döwletine we onuň medeniýetine, soltanlar Togrul bege, Alp Arslana, Mälik şa we soltan Sanjara beräň köpsanly juda oňyn maglumatlarynyň we bahalarynyň hiç birinden peýdalanmandyr. Tersine, «taryhçy Ibn al--Banna Alp Arslany soltan däl-de, ýönekeý «mälik» atlandyrypdyr» (*Агаджанов С.Г.* Государства сельджукидов, с. 84), «Oguz serdarlary basym «ýoksul gedaýlardan» uly hanlara öwrüldiler», «Seljuklaryň şahsy goşunyny düzýän esgerler özleriniň batyrlygy bilen tapawutlanypdyr. Gelip çykyşlary boýunça türki halklardan bolan bu hünärmen urşujylar adam öldürmekden başga hiç zady oňarmandyrlar», «Hökümdarlyk edýän nesilşalyk bilen oguzlaryň-türkmenleriň arabaglanyşygy gyşarnyksyz ýaramazlaşypdyr. Şonuň üçin türkmen rowaýatlary seljuklaryň soltanlary barada öz halkyna ýat bolup giden hökümdarlar hökmünde ýatlamalary saklapdyrlar» (*Агаджанов С.Г.* Очерки. С. 221, 240) ýaly üns berilmegine mynasyp bolmadyk maglumatlary näçe diýseň ulanypdyr. Bulardan başga-da S.G.Agajanow oguzlary we türkmenleri aýratyn halklar hökmünde suratlandyrmaga çalşypdyr. «Oguz ýurdunda ýaşaýan türkmen ilaty barada biziň ygtyýarymyzda bar bolan taryhy maglumatlar juda ujypsyz. Adatça, Orta Aziýanyň gadymy hindiýewropa ilatynyň nebereleri bilen garylyp-gatylan oguzlaryň we beýleki türkleriň bir bölegi özlerini türkmenler diýip atlandyrypdyrlar» (*Агаджанов С.Г.* Очерки истории. С. 80, 82). Awtoryň şuňa meňzeş netijeleri bilen ylalaşmak asla mümkin däl. Galyberse-de, Seljuk döwletine beýik döwlet, olaryň ilkinji hökümdarlaryna beýik soltanlar diýip dünýä ylmynyň ählumumy ykrar eden tassyklamalarynyň tersine, awtor öz işleriniň ähli ýerlerinde olar bilen bagly *beýik* sözüni goşa dyrnagyň içine alypdyr we şeýdip olara berlen adalatly bahany ret edipdir. Bir mysala ýüzleneliň. S.G.Agajanow şeýle diýip ýazypdyr: «Seljuklaryň apbasylar bilen gatnaşyklary diýseň çylşyrymly bolupdyr. Onuň başlangyjy baryp XI asyryň 30-njy ýyllarynda goýlupdyr. (sic!) «Beýik» soltanlaryň Bagdadyň halypalary bilen gatnaşygy, aýratyn hem seljuklaryň Arap Yragyny basyp alanlaryndan soň ýiti häsiýete eýe bolupdyr» (*Агаджанов С.Г.* Государство сельджукидов.

garyplaşan aristokratik /dihkan/[1] maşgalasynda dünýä inipdir. Onuň enesi heniz ol gundagdaky çagaka dünýäden ötüpdir. Ibn al-Esiriň belleýşine görä, «kämahallar ogluny kim-de bolsa bir aýal mugtuna emdirer ýaly kakasy gapy-gapy aýlanmaly bolupdyr»[2]. Şol döwürde maşgalasyny eklemekde maddy kynçylyklary çekip gelen hem bolsa, ol ogluna oňat bilim bermegi başarypdyr. Mekdebi tamamlandan soň, juwan Nyzam Nişapuryň medresesinde okap, yslam dininiň şapygy akymy[3] boýunça döwrüniň meşhur ymamy al-Muwaffakdan tälim alypdyr, ylmyň dürli pudaklary bilen tanşypdyr, arap dilini suwara öwrenipdir, çuňňur dini düşünje alypdyr. «Ol fikhi (musulman hukukşynaslygyny) öwrenipdir we ondan örän oňat baş çykarypdyr, köp hadyslary diňläpdir» diýip, Ibn al-Esir ol barada belläpdir[4]. K.E.Boswortyň nygtaýşyna görä, onuň alan çuňňur bilimi soňky döwürlerde şapygy medreseleriniň giň ulgamyny döretmäge kömek edipdir[5].

Beýik Seljuk imperiýasynyň ýokary derejeli döwlet adamlary Nyzam al-Mülküň ykbalynda aýgytlaýjy rol oýnapdyrlar. Ilkinji çeşmeleriň berýän maglumatlaryna görä, ol ilkibada Balh şäherindäki Çagry begiň[6] häkimi Abu Aly ibn Şazanyň iş dolandyryjysy bolup işläpdir[7]. Ibn Şazan dünýäden ötenden soň, Nyzam al-Mülk Merwe Çagry begiň ýanyna gidipdir, käbir maglumatlara görä, ol bu ýere gaçyp barypdyr[8]. Çagry beg Nyzam

C. 83). Bu ýerde «beýik» sözüni esassyz goşa dyrnaga alynmagy bilen oňuşsa-da bolardy. Ýöne esasy zat bu jümlede, köplenç halatlarda, awtoryň eserleriniň beýleki ýerlerinde bolşy ýaly, gelnen netijäniň düýbünden orta asyr çeşmeleriniň berýän maglumatlaryna bap gelmeýänligindedir. Getirilen mysallar we beýlekiler S.G.Agajanowyň, iň bärkisi, ady tutulan iki monografiýasynyň tendensioz (birtaraply) häsiýetde ýazylandygyna doly güwä geçýärler.

[1] Dihkanlar we olaryň jemgyýetde tutýan orunlary barada seret: *Бартольд В.В.* Соч. T. 1. C. 238-239.

[2] *МИТТ.* T. 1. C. 380.

[3] Şapygy akymy dini-hukuk mekdebi bolup, ol yslamyň dört mezhebiniň biridir.Bu mezheb musulman dünýäsinde häzirki döwürde-de dowam edip gelýär. Şapygy mezhebini arap alymy we hudaýşynasy Abu Abdylla Muhammet ibn Idris aş-Şafy (767–820) esaslandyrypdyr. Onuň taglymaty orta asyrlar döwründe Buharada, Horasanyň köp böleginde, Horezmde giňden ýaýrapdyr. Nyzam al-Mülk şapygy mezhebiniň penakäri bolupdyr.

[4] *МИТТ.* T. 1. C. 380.

[5] *Bosworth C.E.* Op. cit. P. 56

[6] Çagry beg Dawut ibn Mikaýyl ibn Seljuk, Togrul begiň agasy, Horasanyň häkimi, beýik Seljuk döwletini esaslandyryjylaryň biridir. 1059-njy ýylda dünýäden ötüpdir.

[7] *Агаджанов С.Г.* Государство сельджукидов. С.99.

[8] Ibn al-Esir bu barada şeýle maglumat berýär: «Ol (Nyzam al-Mülk) ogullary Fahr al--Mülki we Muaýid al-Mülki gizläp goýup, Alp-Arslanyň kakasy Çagry beg Dawudyň ýanyna

al-Mülki gören badyna, onuň elinden tutup, öz ogly Alp Arslanyň ýanyna eltipdir we onuň bilen tanyşdyrypdyr: «Muňa Hasan at-Tusi diýýärler, ony öz ýanyňa al, ataň ýaly syla we onuň garşysyna gitme» diýip»[1], Çagry beg ogluna tabşyrypdyr. Kakasynyň teklibine gulak asyp, Alp Arslan tagta çykan badyna, ony özüniň baş weziri edip belläpdir. Şeýlelikde, 1063-nji ýylda 47 ýaşly Nyzam al-Mülk ägirt uly döwletiň – Beýik Seljuk imperiýasynyň soňky ikinji derejeli adamy bolupdyr. Soltan Alp Arslan şalyk süren ähli döwürlerinde kakasynyň wesýetine ygrarly bolup, ony ýokary derejede hormatlapdyr, hemişe oňa «ata» diýip ýüzlenipdir we imperiýany dolandyrmakda uly erkinlikleri beripdir[2]. Juwan soltan Mälik şa onuň derejesini has hem artdyryp, Nyzam al-Mülke ýokardakydan hem giň ygtyýarlyklary beripdir. Ibn al-Esiriň beryän maglumatyna görä, Mälik şa özüniň hökümdarlygyna yaňy başlan döwründe (1072-nji ýylda) bir möhüm meseläni çözmeli bolanda, oňa ýüzlenip: «Döwletiň kiçi we uly işleriniň ählisini men seniň ygtyýaryňa beryärin, sen biziň «atamyzsyňyz» diýip, onuň öňünde kasam edipdir. Ol onuň öňki emläkleriniň üstüne täze ýerleri (ikta'), şol sanda Nyzam al-Mülküň öz şäheri bolan Tusy hem goşupdyr, üstüne täze serpaýlary ýapypdyr, täze atlary, şol sanda ata-ene emiri manysyny aňladýan atabeg adyny beripdir»[3]. Parasatly hem beýik hökümdarlar bolup, öz orunbasary (premýeri) bolan Nyzam al-Mülki soltanlar Alp Arslanyň we Mälik şanyň hormatlaýşy ýaly beýleki bir mysala, megerem, dünýä halklarynyň taryhynda juda az ýa-da düýbünden duş gelip bolmasa gerek. Şonuň bilen bir hatarda bu weziriň «erkini juda artykmaç ýokary götermegiň diňe onuň bilen hökümdaryň arasynda çaknyşyklara getirendigi»[4] hem adalatly bellenipdir. Biz onuň anyk mysallaryna aşakda seredip geçeris. Nyzam al-Mülk Seljuk döwletiniň weziri bolup 30 ýyl

gaçyp gidipdir. Ýolda onuň aty durup galypdyr. Şonda ol şeýle diýipdir: «Eý, Taňrym, meni halas eder ýaly maňa bir at ber». Şeýle diýip ol biraz ýöräpdir we (birdenem) oňa daýaw atly türkmen duş gelipdir. Ol Nyzam al-Mülke şeýle diýip ýüzlenipdir: «Düş atyňdan». Ol düşüpdir. Türkmen onuň atyny alypdyr we öz atyny oňa beripdir. Soň türkmen oňa şeýle diýipdir: «Eý, Hasan, meni ýadyňdan çykarmagyn». Nyzam al-Mülk şeýle diýýär: «[Türkmeniň] bu hereketinden meniň ruhum göterildi we onuň bagtyň başlangyjydygyna düşündim» (*МИТТ.* Т. 1. С. 380). Bu barada şeýle-de seret: *Abbas Ykbal.* Wezarät der ohd-e selatin bozorg-e Säljugi äz tarih-e täşkil in selsele ta märg-e Soltan Sanjar (432-553).Tähran, 1338. 125-nji sah.

[1] *МИТТ.* Т. 1. С. 380.

[2] *Bosworth K.E.* Op.cit. P. 57.

[3] *МИТТ.* Т.1.С.377; *Bosworth K.E.* Op. cit. P. 68.

[4] *Бартольд В.В.* Сочинения. М., 1963. Т. 1. С. 372.

işläpdir we 1092-nji ýylda öz dini garşydaşlary (ysmaýylar) tarapyndan öldürilipdir. Nyzam al-Mülk jaýlananda, oňa soltan Mälik şa gatnaşypdyr.

Nyzam al-Mülk çylşyrymly we gapma-garşylykly şahsyýet bolupdyr. Ol barada ýazylan edebiýatlaryň sany juda köp. Şeýle-de bolsa, onuň şahsyýeti barada gysgarak durup geçmeli bolýarys, çünki ol biziň pikirimize görä, birgapdallaýyn we obýektiw däl häsiýetde beýan edilip gelnipdir.

Nyzam al-Mülk, şübhesiz, meşhur döwlet işgäri bolupdyr we merkezleşdirilen Beýik Seljuk döwletini berkitmeklige özüniň uly goşandyny goşupdyr. Emma weziriň şahsyýetini beýan etmekde, käbir alymlaryň edişleri ýaly, diňe oňyn delilleriň üstünde durup geçmek onuň keşbini kemter we nädogry suratlandyrmak bolar. Soltanlar Alp Arslanyň we Mälik şanyň özüne goýan hormatyndan we ynamyndan peýdalanyp, Nyzam al-Mülk döwleti dolandyrmak işlerinde turuwbaşdan özbaşdaklyklara ýol beripdir. Wagtyň geçmegi bilen olar, adatça, weziriň çözmegine dahylly meseleleriň çäklerinden daşary çykypdyr[1]. Bu meselede weziriň şahsy bähbitlerine bolan gyzyklanmalary az rol oýnamandyr. Ol ýurdy dolandyrmak bilen bagly işleri bilen bir hatarda, döwletiň ýokary wezipelerini eýelemekde tutuş bir urugy (klany) emele getiren özüniň köpsanly maşgala agzalarynyň aladalaryna aýratyn üns beripdir[2]. Taryhçy ar-Rawendiniň (XII в.) bellemegine görä, Nyzam al-Mülküň on iki sany ogly bolup[3], kakasy olaryň diňe bir döwletiň merkezi edaralarynda däl, eýsem, welaýatlarda hem strategiki taýdan möhüm we juda girdejili wezipeleri eýelemeklerini gazanypdyr. Olary we özüni goramak üçin Nyzam al-Mülk jansyzlarynyň (sahib-habarlarynyň) üsti bilen egindeşlerini we duşmanlaryny gizlin we yzygi-

[1] Nyzam al-Mülküň öz wezipesine girişen ilkinji pursadyndan başlap döwlet işlerinde çendenaşa özbaşdaklyga ýol bermekligi belli derejede soltanlar Alp Arslanyň we Mälik şanyň wezir bilen deňeşdireniňde heniz ýetginjek ýaş ýigit adamlar bolmaklary ähtimal özüniň täsirini ýetiren bolsa gerek. Çeşmelerde Alp Arslanyň gysga ömri bilen bagly dürli seneler görkezilipdir. Ibn al-Esiriň berýän maglumatyna görä, ol 1032-nji ýylda doglup, «40 ýyl we birnäçe aý ýaşapdyr, 9 ýyl 6 aý we birnäçe gün hökümdarlyk edipdir». Şonuň bilen bir wagtda Ibn al-Esir bu soltanyň doglan senesini 1029-njy ýyl hasap edýänleriň pikirine hem ünsi çekipdir. (*МИТТ.* T. 1. C. 375). Ar-Rawendi Alp Arslanyn doglan senesini 1039-njy ýylyň 23-nji sentýabry diýip anyk görkezip, onuň 14 ýyllap hökümdarlyk edendigini we 34 ýaşda dünýäden ötendigini belläpdir. (*Browne E.G. A* Literary History of Persia. Vol. II. P. 174). Mälik şa atasynyň ornuna tagta çykan mahaly, 18 ýaşynda bolup, 20 ýyl hökümdarlyk edipdir we 38 ýaşynda dünýäden ötüpdir. Görşümiz ýaly, Alp Arslanyň şalyk süren döwründe Nyzam al-Mülk ep-esli ýaşan, Mälik şanyň döwründe gartaşan goja adam bolupdyr.

[2] *Bosworth K.E.* Op. cit. P. 69–70.

[3] *Rawendi.*Görkezilen eser. S. 294.

derli yzarlapdyr, olardan ýowuz öç alypdyr. Sähraýy düzlüklerden gelip çykan seljuk soltanlary üçin jansyzlyk ýa-da içalyçylyk ulgamy hyýala gelmedik ýat düşünje bolupdyr. Bu barada Alp Arslanyň Seistandaky häkimi Abu-l-Fazl Nasr ibn Halafyň[1] (1072-nji ýylda ýogalypdyr) «Näme üçin sen öz sahyp-habaryňy bellemeýärsiň?» diýip soltana beren soragyna onuň jogaby şaýatlyk edýär. Onda şeýle diýilýär: «Eger men sahyp-habar bellesem, onda päk göwünli dostlarym we ýürekdeş adamlarym özleriniň wepalylygy, dostlugy we ýakynlygy üçin oňa ünsem, para-da bermezler; ikinji tarapdan, meniň garşydaşlarym we duşmanlarym onuň bilen dostlaşarlar we pul bererler; şeýle ýagdaýda sahyp-habaryň hemişe meniň dostlarym barada şum habarlary, duşmanlarym barada oňat maglumatlary getirip durjagy aýdyňdyr; hoş sözem, zyýanly sözem edil peýkam ýalydyr; eger peýkamlaryň birnäçesini atyp goýberseň, iň bolmanda, olaryň birisi nyşana deger; şeýle bolan ýagdaýda günsaýyn meniň dostlaryma bolan oňat garaýşym kemeler, duşmanlaryma–artar; aradan az wagt geçenden soň, dostum menden daşlaşar, duşmanym ýakynlaşar; ahyrsoňy duşmanym dostumyň ýerini eýelär; ondan geljek zyýany hiç kim düzedip bilmez»[2]. Nyzam al-Mülk bu meseleden özüçe netije çykaryp, şeýle nygtapdyr: «Sahyp-habar bar bolsa, gowy bolar. Sahyp-habaryň wezipesiniň bolmagy – munuň özi patyşalygyň saklanmagynyň esaslarynyň biridir»[3]. Görşümiz ýaly, Nyzam al-Mülke «Imperiýanyň poliseýi» («Constable of the Empi re») diýip ýöne ýerden at bermändirler. Şeýle ady götermegi onuň özi hem halapdyr[4]. Nyzam al-Mülküň öz bäsdeşlerine bolan ýowuz gatnaşygy onuň döwlet işiniň ilkinji günlerinden başlanypdyr. Ol beýik soltan Alp Arslanyň wezirligine bellenen badyna, özünden öňki kärdeşi, Seljuk döwletini gurmaga we berkitmäge gatnaşan belli şahsyýetleriň biri, beýik soltan Togrul begiň weziri, Amyd al-Mülk Kunduryny tussag edipdir we zyndana oklapdyr. Aradan bir ýyl geçenden soň, 1064-nji ýylda Nyzam al-Mülk rehim-şepagatsyzlyk bilen ony «öz gullukçylaryna ýuwaş-

[1] Ol barada seret: *Низам ал-Мульк*. Указ. соч. С. 72, 322. Прим. 135.

[2] Alp Arslanyň jogabyna ýokary baha berip, W.W.Bartold şeýle diýip ýazypdyr: «Bu sözlerdäki diňe bir ynsanlara bolan asylly ynamy däl, eýsem, siwilizasiýa bilen zaýalanmadyk adamyň sagdyn, dogruçyl pähim-paýhasyny hem ret etmek mümkin däl» (*Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С. 369).

[3] *Низам ал-мульк*. Указ.соч. С. 73.

[4] *Nickholson R.A.* A Literary History of the Arabs. Cambridge, 1953. P. 276.

-ýuwaşdan gynap öldürmegi buýrupdyr»[1]. Ar-Rawendi Nyzam al-Mülküň bu hereketini ýazgaryp, al-Kundurynyň jezalandyrylmagynyň öň ýanynda oňa aýdan sözlerini getiripdir. Onda şeýle diýilýär: «Wezir öldürmek däbini sen dünýäde ilkinji bolup başladyň, erbet düzgün girizdiň. Erteki gün bu täzeligiňi öz durmuşyňda we çagalaryň durmuşynda görersiň»[2]. Ol şeýle-de bolupdyr. Ibn al-Esir al-Kundurynyň öldürilmegi bilen bagly pajygaly waka barada şeýle diýip ýazypdyr: «Amyd al-Mülk Horezmde biçildi, gany Merwde döküldi, jesedi Kundurda jaýlandy, kellesi Nişapurda gömüldi, kelleçanagy Nyzam al-Mülke – Kermana goýberildi»[3]. Nyzam al-Mülküň turuwbaşdan eden bu hereketini orta asyr taryhçylary hem, häzirki zaman alymlary hem deň derejede ýazgarypdyrlar. «Şeýle beýik we umumylykda alanyňda, mähirli wezir we köplenç halatlarda Nyzam al-Mülk ady bilen tanalýan Abu Aly al-Hasan ibn Yshakyň bu ýowuz hereketi bilen taryha girmegi diýseň lapyňy keç edýär. Ölüme buýrulan öňki bäsdeşiniň ýazgarylmagynyň düýpli sebäbiniň[4] bardygyna seretmezden, onuň [Amyd al-Mülküň] şowsuz hereketi gan we rehimsiz netije bilen gutarypdyr. «Nyzam al-Mülküň ony jezalandyrmak boýunça» eden ýowuz hereketi Gündogaryň ýokary derejeli döwlet adamlarynyň hiç birinde hiç mahal şeýle bäsdeşligi, şeýle rehimsizlik bilen tamamlamaklyk meýlini döretmedik bolsa gerek»[5] diýip, E.G.Braun belläpdir. Şonuň ýaly-da Nyzam al-Mülküň talap etmegi boýunça 1083-nji ýylda onuň garşydaşlary diwanhana wezirleri Seýidil Ruesa Abulmahasyn Mugyn al-Mülk Muhammediň we Amyd ad-döwle Jemşit ibn Bähmenýaryň gözlerini oýup jezalandyrypdyrlar.

[1] *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P. 294.

[2] *Rawendi.* Görkezilen eser. S. 268; şeýle-de seret: Ал-Хусайни. Указ. соч. С. 40-42.

[3] *Ibn al-Esir.* Kämil taryh. A., 2005. 2-nji j. S. 23; *Browne E.G.* A Literary History of Persia. Vol. II. P. 174-175.

[4] Amyd al-Mülk al-Kundurynyň günäsi Togrul begiň ölmeziniň öň ýanynda özüniň mirasdüşeri edip belläп Çagry begiň ogly we Alp Arslanyň kiçi dogany Süleýmanyň kandidaturasyny goldandygynda bolupdyr. Emma Süleýman Nyzam al-Mülküň ýolbaşçylyk edýän we öňden gulluk edip gelen aristokratik topara bil baglaýan hem-de Alp Arslanyň kandidaturasyny goldaýan düýpli güýç bilen çaknyşypdyr. Süleýman we onuň tarapdarlary öz ellerinde tagty saklap bilmändirler. 1063-nji ýylyň ahyrynda Kazwinde Alp Arslan beýik soltan diýlip yglan edilipdir. Al-Kundury hadysalaryň bu öwrülişiginden salymyny bermän netije cykaryp, Süleýmany Alp Arslanyň mirasdüşeri diýip yglan edipdir. Emma bu hereketi bilen jezadan aman sypyp bilmändir.

[5] *Browne E.G.* A Literary History of Persia. Vol. II. P. 175; *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P. 294.

Soltanlar Alp Arslan we Mälik şa Nyzam al-Mülki ýokary derejede hormatlasalar-da, oňa nähili giň hukuklar berseler-de, onuň ýaramaz häsiýetleri barada duýdurmaly hem bolupdyrlar. Döwleti dolandyrmakda Alp Arslanyň amala aşyran möhüm işlerine ýokary derejede baha berýän hem-de ony parasatly we başarjaň hökümdar hasap edýän Ibn al-Esir, Nyzam al-Mulküň bu häsiýetleri bilen bagly bir waka ünsi çekipdir. Onda şeýle diýilýär: «Kimdir biri Nyzam al-Mülk barada Alp Arslana şikaýatnama ýazyp, onda weziriň öz emläklerinden (mamalik) näçe mukdarda baýlyk (rusum) we salgyt (amwal) toplaýandygyny habar beripdir. Haty soltanyň halyçasynyň üstüne oklapdyrlar. Soltan haty alyp, okap, ony Nyzam al-Mülke beripdir we şeýle diýipdir: «Bu haty al, eger onda ýazylan zatlar dogry bolsa, onda häsiýetiňi ýumşat we hereketleriňi gowulandyr. Eger hatda ýazylan zatlar nädogry bolsa, onda olaryň hereketini bagyşla we şikaýatyň deregine meşgul bolar ýaly olara möhüm we gerekli iş ber». Bu şeýle ýagdaýdyr, ýagny ondan gowy hereket barada hiç bir hökümdar barada heniz habar berilmändi» diýip, taryhçy bu wakadan netije çykarypdyr[1].

Mälik şanyň hökümdarlyk eden döwründe Nyzam al-Mülküň ýokarda görkezilen häsiýetleri has hem beterleşipdir. Üstesine-de, olar weziriň ogullarynyň gedemligi we rehimsiz hereketleri bilen cylşyrymlaşdyrylypdyr. Mysal üçin, Jemal al-Mülk Mansur ibn Nyzam al-Mülk 1082-nji ýylda, ýagny özüniň öldürilen gününe çenli Balhda häkim bolupdyr we özüni juda gedem alyp barypdyr. Heniz Alp Arslanyň hökümdarlyk eden döwründe ol ýurduň şa neberesini äsgermezçilik edipdir. Atasy oňa şazada Mälik şanyň weziri bolmaklygy teklip edeninde, ol ulumsylyk bilen: «Meniň ýaly adama haýsydyr bir oglanjyga wezir bolmak gelişýän zat däldir» diýip jogap beripdir[2]. Gedemlik Nyzam al-Mülküň ikinji hem iň akylly ogly hasap edilýän Mu'aid al-Mülküň hereketlerinde-de örän ir başlanypdyr. Ol 1083-nji ýylda bellenen we gysga wagtlaýyn Mälik şanyň weziri bolup işlän döwründe Mu'aid al-Mülk döwletiň diwanhanasynyň beýleki bir görnükli işgärini Edip Abu Japar Muhammet ibn Ahmet Muhtar az-Zuzenini özbaşdaklyk edip işden çykarypdyr[3]. Ol onuň özüne-de, oňa arka duryanlara-da düýbünden gulak asmandyr. Bütinleý işsiz galyp, haly teň bolan Muhtar az-Zuzenä, Mu'aid

[1] *МИТТ.* Т. 1. С. 376; Ал-Хусайни.Зубдат ат-таварих. М.,1980. С. 45.

[2] *Bosworth C.E.* Op. cit. P. 69.

[3] A.Ykbal bu wakalar baradaky maglumatlary Kazy Ahmet Gafarynyň «Nirangistanyň taryhy» (S.172–173) atly kitabyna salgylanyp getiripdir.

al-Mülküň rehimsiz hereketlerine şikaýat edip soltana ýüz tutmakdan başga çäre galmandyr. Az-Zuzen· iniň öz diwanhanasynda bitirip gelen oňat hyzmatlaryndan habarly Mälik şa Mu'aid al-Mülke ony öňki wezipesinde goýmaklygy buýrupdyr. Emma ol soltanyň buýrugyny berjaý etmekden boýun gaçyrypdyr. Mu'aid al-Mülküň özüni alyp barşy soltany gahar-gazaba mündüripdir. Megerem, bu sapar soltanyň temmisinden ony atasynyň abraýy halas eden bolsa gerek. Soltan az-Zuzen· iniň öz ýanynda emirleriniň birine goşmaça şeýle buýruk beripdir: «Biz tugra'i diwany[1] Edip Zuzenä berýäris. Ony patyşanyň hazynahanasyna elt, üstüne halat-serpaý ýap, diwanhana baryp wezirlik kürsüsinde oturt». Bu wakalary teswirläp, meşhur eýran alymy Apbas Ykbal (1886–1955) şeýle diýip ýazypdyr «ادیب خدمت کرد و دست راست ملکشاه ببوسید و حاضر ان او را تهنیت کردند و بحکم سلطان روز دیگر او را تشریفی فاخر پوشانیدند و بدیوان برده بجایگاه نو بنشاندند' و نظام الملک اگر خواست و اگر نخواست او را تهنیت کرد و بشاشت نمود' البته ممکن نبود که در حق پسر خود سخنی گفتی و کار او باصلاح باز آوردی' و ادیب تا در حیات بود طغراکش بود' و استبداد مؤیدالملک یکی از اسباب نقصان حرمت و حشمت نظام الملک کشت».

(«Edip baş egip, Mälik şa tagzym etdi we onuň sag elini öpdi. Bu ýerdäki duranlaryň ählisi hem az-Zuzenini gutladylar. Ertesi soltanyň permanyna laýyklykda onuň üstüne gymmatbahaly serpaýlary ýapdylar we öňki iş ýerinde oturtdylar. Nyzam al-Mülk hem az-Zuzenini gutlamaga mejbur boldy we bu bolup geçen ýagdaýlar barada özüniň şatlygyny yşarat etdi. Elbetde, öz oglunyň goragyna bir zat aýtmak we ýagdaýy düzetmek mümkin däldi. Edip ömrüniň soňky günlerine çenli tugraýy-kätip bolup işledi. Mu'aid al-Mülküň gedemligi Nyzam al-Mülküň hormatyny we beýikligini pese gaçyrýan hereket boldy»)[2]. Mälik şanyň hökümdar-

[1] «Tugra» türkmen sözi bolup, ilkinji gezek Seljuk döwletiniň diwanhanasynda ulanylypdyr. Tugra hat-ýazuwyň aýratyn görnüşi bolup, her bir hökümdaryň aýratyn belgisi bilen ýarym aý şekilinde berjaý edilipdir. Ol permanlaryň we buýruklaryň ýokarsynda we «Bismilla» sözüniň arasynda ýerleşdirilipdir. Tugra hatyny çekmek bilen meşgul bolýan adama «tugraçy» diýipdirler. Tugra oňat bezelen görnüşinde bolmaly bolupdyr, şonuň üçin hem tugraçyny ökde hatdatlardan belläpdirler. Kämahallar bu wezipäni döwletiň ýokary derejeli adamlary hem eýeläpdirler. Mysal üçin, Mälik şanyň tugraçysy döwletiň wezirleriniň biri bolan Täç al-Mülk Abulganaim bolupdyr. Onuň çeken tugrasy\ ny taryplap meşhur köşk şahyry Muezzi goşgy ýazypdyr. Tugra haty Osman soltanlarynyň neberesinde ýörgünli bolup gelipdir. Şeýle-de, ol giňden belli bolup, musulman dünýäsiniň beýleki sebitlerindäki döwletlerde-de ulanylypdyr. Ol barada giňişleýin seret: *Abbas Ykbal*. Wezarät. 29-31-nji sah.

[2] *Abbas Ykbal*. Wezaret. 73-nji sah.

lyk eden döwründe Nyzam al-Mülk ony Abbasy halyfatynyň weziri edip bellejek bolup hereket baryny edipdir, emma bu teklibi halypa al-Muktadi (1075–1094) düýpgöter ret edipdir. Halypanyň bu hereketini Nyzam al-Mülk uzak wagtlap bagyşlap bilmändir. Bu duşmançylykly gatnaşyk 1087-nji ýylda halypa bilen Mälik şanyň gyzynyň nika toýy mynasybetli ilkinji gezek Bagdada gelen Nyzam al-Mülke görkezilen ýokary derejedäki dabaraly kabul edişlikden soň biraz gowşapdyr. Nyzam al-Mülküň wezirliginiň soňky ýyllarynda Merwiň häkimi bolan ogly Şems al-Mülk Osmanyň gedemligi has hem çydamsyz bolupdyr. Ol Mälik şanyň bellän şihnesini[1] – döwletiň görnükli harby serkerdesi we emiri Kudanany tussag edipdir we temmi beripdir. Ibn al-Esiriň belleýşine görä, şeýle gedemlik etmek bilen, Osman «özüniň babasynyň[2] kömegine bil baglapdyr»[3]. Nobatdaky sapar gahara münen soltan Täç ad-Döwläniň, Mejd al-Mülk Balasanynyň we döwletiň beýleki derejeli adamlarynyň düzümindäki topary bu ýagdaýy barlap görmek üçin Nyzam al-Mülküň ýanyna ýollapdyr. Olar bu meseläni aýyl-saýyl edip, Şems al-Mülke berk duýduryşlar beripdirler. Şeýle-de, Nyzam al-Mülk 1077-nji ýylda dünýäden öten gyzynyň jesedini Bagdadyň halypalar köşgündäki gonamçylykda jaýlamak üçin jan edipdir. Şeýle mysallary ýene-de köp getirmek mümkin.

Bulardan başga-da Nyzam al-Mülküň ogullarynyň özlerini ulumsy we rehimsiz alyp baryşlaryna ýurduň raýatlaryndan yzy üzülmeýän şikaýatnamalar soltanyň diwanhanasyna gelip durupdyr. «Weziriň garşydaşlarynyň ony we onuň maşgala agzalarynyň ýurduň syýasy we sosial meselelerini çözmekde gedemlige we öte geçmelere ýol berendikleri üçin günäkärländiklerine geň galyp oturasy iş ýok bolsa gerek» diýip, bu ýagdaýy teswirläp K.E.Boswort nygtapdyr[4]. Haçanda Mälik şa özüniň weziriniň ünsüni bu ýagdaýa çekeninde, ol ony juda ýokuş görüpdir. Ibn

[1] Köp ygtyýarlyklary bolan derejeli wezipe. Şihne soltanyň ýörite permany bilen bellenipdir. «Hakyky harby güýç ygtyýarynda bolan şihne, ilkinji nobatda, öz bellenen welaýatyndaky tertip-düzgüne seredipdir, gerek bolan mahalynda ýüze çykan närazyçylyklaryň öňüni alypdyr, gozgalaňlary basyp ýatyrypdyr». (Агаджанов С.Г. Государство Сельджукидов. С. 84–85, 200–201). Şeýle-de, şihnäniň ýerine ýetirýän borçlary barada giňişleýin seret: Агаджанов С.Г. Очерки. 1969. С. 232–238).

[2] Ibn al-Esir ýalňyşlyk bilen Şems al-Mülki Jemal-al-Mülküň ogly, Nyzam al-Mülküň agtygy hasaplapdyr. A.Ykbal Şems al-Mülk Osmany zalym, zehinsiz, açgöz we raýatlaryny ezýän adam bolupdyr diýip nygtapdyr. *Abbas Ykbal*. Beazarät. 187-nji sah. Şeýle-de seret: *Lambton A.K.*S. Op. cit. P. 253, 262, 755.)

[3] *МИТТ.* T. 1. C. 379.

[4] *Bosworth C.E.* Op. cit. P. 70.

al-Esir soltanyň bu barada ýazan resminamasynyň tekstini getiripdir. Onda şeýle diýilýär: «Eger sen patyşalykda meniň ýaranym bolýan bolsaň, eger seniň eliň meniň elim bilen (deň derejede) döwleti dolandyrmaga gatnaşýan bolsa, onda onuň belli bir esasy bardyr. Eger-de sen meniň orunbasarym bolup, meniň hökmürowanlygymyň tabynlygynda bolsaň, onda saňa öz tabynlygyň we orunbasarlygyň serhediniň çägini bilmegiň gerek. Seniň ogullaryň her biri uly ülkä eýelik edýärler we uly welaýaty dolandyrýarlar. Emma bu emläkler bilen kanagatlanman, olar zorluga we derejeli wezipeleri eýelemekde açgözlülik bilen baş urup, köpsanly ýaramaz işleri amala aşyrypdyrlar diýip, ol (Mälik şa) bu barada mysallary getiripdir»[1]. Bu resminama hökümdaryň wezirine öz wagtynda eden juda paýhasly we salykatly görkezmesi, duýduryşy bolupdyr. Emma bu wakalary teswirläp, E.Braunyň, hamala diýersiň, soltan öz wezirine «ýiti we gadyr bilmez igenç edipdir» («yarsh and ungrateful reproaches»)[2] diýen tassyklamasy bilen düýbünden ylalaşyp bolmaz. Tersine, bu ýerde Nyzam al-Mülküň öz araçysynyň üsti bilen beren jogabynyň äheňine üns bermek bolar: «Meniň adymdan oňa (ýagny soltana) aýdyň, onuň çür başly telpeginiň (täjiniň) berkligi şu döwet bilen baglydyr. Bu ikisiniň birleşmegi ähli arzuwly zatlaryň girewidir, üpjünçiligiň we abatlygyň esasydyr. Haçanda men ony (döwedi) ýapsam, onda onuň başyndaky täji hem galmaz»[3]. Gartaşan wezir bu tekepbir beýannamasy bilen özüne seljuklar tarapyndan uzak döwrüň dowamynda edilip gelnen taýsyz ýagşylyklaryň, hormat-sylaglaryň üstüne atanak çekipdir, jemgyýetde eýeleýän belent derejesi üçin ilkinji nobatda Seljuk döwletini ýokary derejeli adamlaryna borçludygyny unudypdyr diýip, E. Braundan kem bolmadyk esasda belläp bileris.

Seljuklaryň ýokary derejeli köşk adamlarynyň arasynda Nyzam al-Mülküň hereketleri bilen düýbünden ylalaşmaýanlar az bolmandyr. Olar toparlara birleşip, hökmürowan weziriň we onuň ogullarynyň özerkliligine, eden-etdiligine garşy göreşipdirler. Olaryň biri, ýokarda ady tutulan, Nyzam al-Mülkden soň gysga wagtlaýyn wezir bolup işlän, Täç al-Mülk Abylganaim al-Marzban ibn Muhammet Firuz Şirazi onuň «ganym duşmany» bolupdyr[4]. Nyzam al-Mülküň garşydaşlary 1082-nji ýylda ony

[1] *МИТТ.* T. 1. C. 379.
[2] *Browne E.G.* A Literary History of Persia. Vol. II. P. 185.
[3] *МИТТ.* T. 1. C.379.
[4] *Агаджанов С.Г.* Государство Сельджукидов. С. 113.

zäherläp öldürjek bolupdyrlar, emma ol şowsuz gutarypdyr[1]. Weziriň hereketlerini oňlamaýandyklaryny bildirip, ýurduň harby ministri Abul-magaly Azud-et-din Seýit al-Mülk Myfazzal ibn Abd-ar-Razzak ibn Omar, Pars welaýatynyň weziri Amyd ad-döwle we başgalar Mälik şa ýüz tutupdyrlar. 80-nji ýyllaryň ikinji ýarymyndan başlap şeýle şikaýatnamalar Mälik şada Nyzam al-Mülk barada kem-kemden oňyn bolmadyk pikirleri döredip ugrapdyr[2].

Weziriň özüni alyp barşy, aýratyn hem onuň ömrüniň soňky ýylynda çydamsyz bolupdyr. Ol Mälik şa bilen Nyzam al-Mülküň arasyndaky gatnaşyklaryň gutarnykly üzülmegine getiripdir. Şol dowürde diňe bir weziriň däl, eýsem, onuň ogullarynyň, hatda agtyklarynyň hem alyp baran döwlet işlerinde, öz raýatlaryna bolan gatnaşyklarynda açgözlülik we nebisjeňlik häsiýetleri, Alp Arslanyň eýýamy bilen deňeşdireniňde, has güýçlenipdir. Alp Arslana we Mälik şa parasatly hökümdarlar hökmünde ýokary baha berýän A.Ykbal weziriň ogullarynyň hormatdan, sylagdan daşda bolan oňaýsyz hereketleriniň Mälik şa bilen Nyzam al-Mülküň arasyndaky näsazlyklaryň, gapma-garşylyklaryň ýüze çykmagynyň esasy sebäpleriniň biri bolandygyny adalatly belläpdir[3]. Üstesine-de, ýönekeý bolmadyk bu ýagdaýlar, ýokarda ýatlanyp geçilen, Nyzam al-Mülk bilen halypa al-Muktadynyň arasynda ýüze çykan duşmançylykly gatnaşyklar bilen hem çylşyrymlaşdyrylypdyr. K.S.Lembtonyň belleýşine görä, olaryň arasyndaky duşmançylyk soň halypa bilen Mälik şanyň gatnaşyklaryna geçipdir we ösdürilipdir. Nyzam al-Mülk bu meselede oňyn rol oýnamandyr[4].

Nyzam al-Mülküň maşgala agzalaryndan başga-da, onuň penakärliginde köpsanly gulamlar (saýlantgy harbylar) hereket edipdirler. A.Ykbalyň ýazyşyna görä, olar nyzamyýalar diýlip atlandyrylypdyr. S.G. Agajanow çeşmeleriň berýän maglumatlaryna salgylanyp, «Nyzam al-Mülküň şahsy gwardiýasynyň sany 20 müň gulamlardan ybarat bolupdyr» diýip belläpdir[5]. Wezir olara bolan eserdeňligini hiç mahal gowşatmandyr, esgerleriň başarjaňlaryny harby gullugyň ýolbaşçy wezipelerine we diwanhana işlerine çekipdir. Mälik şa we Nyzam al-Mülk bir wagtda diýen ýaly dünýäden ötenlerinden soň, weziriň ogullary we gulamlary, howsa-

[1] *Там же*. С. 113–114.

[2] *Abbas Ykbal*. Wezarät. 51-nji sah.

[3] *Abbas Ykbal*. Wezarät. 20-nji sah.

[4] *Lambton A.K.S.* Op. cit. P. 213–214.

[5] *Агаджанов С.Г.* Государство сельджукидов. С. 114.

laly döwürden peýdalanyp, ýarym asyryň dowamynda döwlet işlerini öz ellerine alypdyrlar we meseleleri öz meýilnamalary boýunça çözüpdirler. Olary seljermek biziň bu işimiziň çäginden daşarda durýar. Biz bu ýerde diňe gysgaça aşakdaky delilleri belläp geçmek bilen çäklenýäris.

Bu ýerde diňe Nyzam al-Mülk dünýäden ötenden soň, onuň başarjaňlygy neberelériniň hiç birisinde bolmadyk, bäş oglunyň, iki agtygynyň, bir çowlugynyň seljuk soltanlarynyň we mäliklériniň wezirleri bolup işländiklerini belläp geçmelidiris[1]. Nyzam al-Mülküň ogullarynyň we gulamlaryň razyçylygy bolmasa, şol döwürde döwletiň hiç hili meselesini çözüp bolmandyr. Olar 1093-nji ýylda, birinjiden, Nyzam al-Mülküň bilkastlaýyn öldürilendigini güman edip, ikinjiden, wezirligiň bu maşgalanyň neberesinden başga bir uruga geçmegini islemän, Nyzam al-Mülküň ornuna bellenen wezir Täç al-Mülk Abul Ganaýymy öldüripdirler[2]. Edil şonuň ýaly-da, Nyzam al-Mülküň ogullary we gulamlary Mälik şanyň aýaly Terken hatynyň wezirlik wezipesine Täj al-Mülküň kandidaturasyny goldanlygy we bäş ýaşly ogly Mahmydy Mälik şanyň tagtynyň mirasdüşeri edip yglan etmäge dalaş edendigi üçin öldüripdirler. A.Ykbalyň çaklamasyna görä, eger Mälik şa zäherlenip öldürilen bolsa (dogrusy, onuň şeýle edilendigine ol şübhelenipdir), onda bu hem gulamlaryň işi bolmaly, çünki olar Nyzam al-Mülküň öldürilmegi soltan bilen weziriň arasynda ýüze çykan oňşuksyzlyklaryň netijesinde mümkin bolupdyr diýip hasap edipdirler[3]. Mälik şanyň ogly soltan Berkýaruk belli bir wagtyň dowamynda gulamlaryň elindäki marionetka (gurjaga) öwrülipdir. Olar soltanyň erkine islegine pisint etmän, Nyzam al-Mülküň akyl-paýhassyz ogly Izz al-Mülk Hüseýni onuň weziri edip belläpdirler. 1094-nji ýylda Mosulyň etegінde bolan söweşde Izz al-Mülk wepat bolandan soň, onuň ýerine gulamlar Nyzam al-Mülküň beýleki bir ogluny – Mu'aýid al-Mülk Ubeýdullany belläpdirler. Ol Berkýarugyň weziri bolup bary-ýogy iki ýarym aý işläpdir. Berkýaruk ony döwletiň ýokary wezipeli adamlarynyň we soltanyň ejesi Zubeýda hatynyň talap etmekleri boýunça wezipesinden boşadypdyr. Olaryň arasynda 1095–1097-nji ýyllarda soltan Berkýarugyň weziri bolup işlän Mu'aýid al-Mülküň agasy Fahr al-Mülk hem bolupdyr. Bu wakalardan soň rehim-şepagatsyz, hilegär hem mekir Mu'aýid al-Mülk 90-njy ýyllaryň

[1] *Lambton K.S.* Op. cit. P. 264.

[2] *Abbas Ykbal.* Wezarät. 95-96-nji sah.

[3] *Abbas Ykbal.* Wezarät. 51-nji sah.

ahyrynda diňe bir öz duşmanlarynyň däl, eýsem, soltan Berkýarugyň hem garşysyna göreşip gelipdir. «Öz duşmanlary Mejd al-Mülkden we Zubeýda hatyndan öç almak islegi oňa hiç mahal ynjalyk bermändir we ol olary islendik ýol bilen ele salmak we ýok etmek niýetinde gezipdir» diýip, A.Ykbal bu barada belläpdir[1]. Şeýle maksat bilen Mu'aýid al-Mülk 1098-nji ýylda Bagdada emir Sadaka ibn Dubeýs Mezidiniň ýanyna gidipdir we ony soltan Berkýarugyň garşysyna söweş etmäge yrjak bolupdyr. Emma ol onuň teklibini ret edipdir. Şondan soň ol Berkýarugyň golaýda Yragyň emiri edip bellän adamy Ineriň ýanyna gidipdir we oňa hem ýokardaky ýaly teklipleri edipdir. Ar-Rawendi soltanyň bu emirine Mu'aýid al-Mülk aýdan aşakdaky sözlerini getiripdir:تو از محمود پسر ترکان خا تون چه کمتری؛ سلطان ملکشا ه تو را از همهٔ فرزندان دوست تر داشتی و پسر خواندی ووقع و شکوه تو دردلها بیش از همه ملکا نست و بهتر بیش از ایشان و سپا ه ورعیت دوستار و هواخواهان تواند؛ بسلطان بنشین چند انکه یک فتح بکنی جهان ترا مسلم شود («Seniň Terken hatynyň ogly Mahmytdan näme kemiň bar? Soltan Mälik şa seni beýleki ogullaryndan hem gowy görerdi, öz ogly hasap ederdi. Seniň beýikligiň ähli raýatlaryň ýüreklerinde ýer alypdyr. Kämillikde sen beýleki ähli [şalyk sürýän] nebereleriňden rüstem gelýärsiň. Tutuş halk we goşun seniň dostlaryň we seniň tarapyňda. Soltanlyk tagtyna eýe bol. Eger sen ýekeje gezek ýeňiş gazanaýsaň, älem-jahan seniň ygtyýaryňda bolar»)[2]. Emma şol döwürde emir Iner özüniň bir guly tarapyndan öldürilipdir. Bu sapar hem niýeti başa barmadyk Mu'aýid al-Mülk Genjede we Arranda emir bolup ýören Mälik şanyň üçünji aýaly Sapardan (Saparyýadan) bolan ogly Muhammediň ýanyna gidipdir. Beýlekilerden tapawutlylykda, Muhammet Seljuk imperiýasynyň soltany bolmak arzuwynda ýaşapdyr. Şonuň üçin hem Mu'aýid al-Mülke ony bu hatarly işe basym yrmak başardypdyr. Her sapar Mu'aýid al-Mülk tarapyndan öjükdirilen we hyjuwlandyrylan şazada Muhammet bäş gezek öz dogany Berkýarugyň garşysyna söweş edipdir, kä sapar ýeňlipdir, kä sapar azda-kände ýeňiş gazanypdyr. 1098-nji ýylda bolup geçen uruşda Mu'aýid al-Mülk öz maksadyna ýetipdir. Oňa Mejd al-Mülki we Zubeýda hatyny ýesir almak başardypdyr. Ol Mejd al--Mülki şobada öldüripdir. Onuň yzýany bilen, egindeşleriniň garşylyk görkezmegine seretmezden, Mu'aýid al-Mülküň buýrugy boýunça Berk-

[1] *Abbas Ykbal*. Wezarät. 128-nji sah.

[2] Seret: *Rawendi*. Görkezilen eser. S. 317-318; *Abbas Ykbal*. Wezarät. 128-nji sah.; *Klausner C.L* .The Seljuk vezirate.Cambridge, 1973. P. 46–47.

ýarugyň ejesi Zubeýda hatyny hem bogup öldüripdirler. Emma Mu'aýid al-Mülküň zalymlygy we hilegärligi uzak wagt dowam etmändir. 1100-nji ýylda Hemedanyň eteginde bolan iň soňky söweşde Muhammet we Mu'a-ýid al-Mülk soltanyň goşunlaryndan doly ýeňlipdirler. Mu'aýid al-Mülk ýesir düşüpdir. Öz ejesiniň aryny almak üçin soltan Berkýaruk öz eli bilen Mu'aýid al-Mülküň kellesini kesipdir. Onuň ölüminden soň Nyzam al-Mülküň neberesinden Seljuk döwletinde diňe onuň uly ogly Abul Fath Muzaffar Fahr al-Mülk beýik soltan Sanjaryň weziri bolup işläpdir.

Ýokardakylara meňzeş delilleriň başga-da az däldigine seretmezden, Nyzam al-Mülküň bitiren hyzmatlary çendenaşa öwlüp, arşa çykarylyp, ideallaşdyrylyp, beýik Seljuk döwletiniň syýasy, ykdysady we medeni durmuşynda amala aşyrylan işleriň köpüsi onuň ady bilen baglanyşdyrylypdyr. Iş ýüzünde ony ähli döwlet işlerini dolandyryjy birinji derejeli adam derejesine çenli ýetiripdirler. Soltanlar Alp Arslanyň we Mälik şanyň alyp baran köptaraply ajaýyp işleri wezire berlen oňyn bahalaryň kölegesinde galypdyr. Käbir mysallara ýüzlenip göreliň. «Bilelikde alanyňda otuz ýyllyk döwri (Alp Arslanyň we Mälik şanyň hökümdarlyk eden ýyllary göz öňünde tutulýar–A.Ý.) biz beýik wezir Nyzam al-Mülküň eýýamy diýip atlandyryp bileris» diýip K.E. Boswort belläpdir[1]. Degişlilikde, alym özüniň bir işiniň bir bölümçesini «Nyzam al-Mülk we beýik Seljuk imperiýasynyň ösüşiniň çür depesi» diýip atlandyrypdyr[2]. «Alp Arslanyň we Mälik şanyň daşary syýasatynyň ruhlandyryjysy bolan Nyzam al-Mülk şol bir wagtyň özünde döwletiň ähli raýat we maliýe dolandyrylyşynyň hem guramaçysy bolupdyr» diýen öwgüli sözleri rus alymlarynyň işlerinde-de okaýarys[3]. Nyzam al-Mülküň «Syýasatnama» atly eserini rus diline terjime eden B.N.Zahoder manysy boýunça has aňyrlara gidýän «XI asyryň weziri Nyzam al-Mülküň döwleti dolandyryşy barada kitap» diýen sözbaşy asty ady hem ýokardaky äheňler bilen bir galypdan gopýar[4]. Eýsem-de bolsa şunuň ýaly epitetleriň, döwletiň patyşadan soňky derejeli adamlary nähili parasatly bolsa-da, adatça, ýurduň hökümdary bilen bagly ulanylýandygyny düşündirip oturmagyň hajaty bolma-

[1] *Bosworth C.E.* Op. cit. P.56.

[2] *Ibid.* P.66.

[3] *Пигулевская Н.В., Якубовский А.Ю., Петрушевский И.П., Строева Л.В., Беленицкий А.М.* История Ирана с древнейших времен до конца XVIII века. Л., 1958. С.148; История Ирана. М., 1977. С.139.

[4] *Низам ал-мульк.* Указ.соч. С.3.

sa gerek. Biziň pikirimizçe, Alp Arslanyň, Mälik şanyň we Nyzam al-Mülküň döwleti dolandyrmakda alyp baran işlerine A.Ykbal özüniň Seljuk döwletiniň wezirlerine bagyşlap ýazan düýpli hem mazmunly monografiýasynda juda dogry hem adalatly baha beripdir. Ol bu mesele boýunça şeýle netije çykarypdyr: «Seljuk döwletiniň şöhratynyň we beýikliginiň esasy soltan bilen weziriň hereketleriniň birligindedir»[1]. Şeýle-de, ol Seljuk döwletiniň dargap başlamagynyň esasy sebäpleriniň biri hökmünde Mälik şa we Nyzam al-Mülk dünýäden ötenlerinden soň, soltanyň ogullarynyň tagty eýelemek boýunça bäsdeşliginde we weziriň ogullarynyň döwleti dolandyrmak işlerinde ýüze çykan gapma-garşylyklarynda görüpdir.

Nyzam al-Mülküň başlangyçlarynyň üstünlikli amala aşmagy, iň bärkisi, çaryýek asyryň dowamynda ony onuň hökumdarlarynyň ähli jähtden doly goldap gelendikleri bilen bagly bolupdyr. Nyzam al-Mülküň wezirlik eden hökümdarlary Alp Arslan we Mälik şa diňe bir harby meseleleri däl, eýsem, döwletiň syýasy, sosial we medeni durmuşy bilen bagly ähli çäreleri hem juda oýlanyşykly we akyl-paýhasly çözýän parasatly we beýik hökümdarlar bolupdyrlar. Ony Nyzam al-Mülküň özi hem «Syýasatnama» kitabynda belläp geçipdir. Alp Arslan barada ol şeýle diýip ýazypdyr: «Hökümdar üçin güýçli pähim-paýhas güýçli goşundan hem gowudyr. Hudaýa şükür, biziň Aly jenabymyzda olaryň ikisi hem bar»[2]. Mälik şa barada onuň şeýle sözlerini okaýarys: «Häzirki döwürde dünýäde biziň hökümdarymyz ýaly älem-jahany sorap oturan beýleki bir beýik patyşa ýokdur»[3]. Elbetde, Nyzam al-Mülküň hem ähli hereketleri, amala aşyran işleri, edil döwletiň beýleki ýokary wezipeli adamlarynyňky ýaly, soltanyň habarly bolmagynda we makullamagynda berjaý edilendigi şübhesizdir. Alp Arslanyň hökümdarlyk eden döwründe imperiýanyň ähli sebitlerinde ýokary okuw mekdepleriniň (medreseleriň) we kitaphanalaryň ýüze çykyp başlamagy, ylmyň we medeniýetiň ösmegi, ilkinji nobatda, ýurduň hökümdarynyň alyp baran parasatly syýasatynyň netijesidir. Bu möhüm işde ilkinji seljuk soltanlarynyň özleri oňyn görelde görkezipdirler. Ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, beýik soltan Togrul beg Bagdady eýeläninden iki ýyl geçenden soň, ýagny 1057-nji ýylda onuň çep kenarynda ýerleşen iki mähellesiniň daşyna haýat çekdiripdir. Soň halyfatyň

[1] *Abbas Ykbal.* Wezarät. 16-njy sah.
[2] *Низам ал-мульк.* Указ. соч. С. 90.
[3] *Там же.* С. 100.

paýtagtynyň bu bölegi «Togrulyň şäheri ýa-da şäherçesi» diýen ady alypdyr[1]. Bu ýerde seljuk soltanlarynyň nesilşalygynyň başyny başlaýjy özüniň köşgüni, dini, medeni edaralary we beýleki binalary gurdurypdyr. Seljuk soltanlarynyň maksatlaryna laýyklykda «Togrulyň şäherçesi» Ýakyn Gündogarda özboluşly ylmy we medeni merkez, halyfatyň paýtagtynda Seljuk döwletiniň sarsmaz galasy bolmaly eken. Öz soltanlarynyň göreldesine eýerip we olaryň gönüden-göni buýurmalary esasynda döwletiň ýokary wezipeli adamlary, alymlary, dini ulamalary, baý täjirleri Bagdatda we imperiýanyň beýleki medeni merkezlerinde medreseleri we kitaphanalary gurdurypdyrlar. Alp Arslan we Mälik şa bu möhüm işde hiç kime hiç hili päsgelçilik bermändirler, tersine, olara howandarlyk edipdirler.

Nyzam al-Mülk uzak wagtlap beýik imperiýanyň weziri bolmak bilen, eýeläп ýokary derejeli wezipesiniň mümkinçiliklerinden, soltanlar Alp Arslanyň we Mälik şanyň doly ynamyndan we goldawyndan peýdalanyp, ylmy we medeniýeti ösdürmekde musulman dünýäsinde özünden öň we soň ýaşap geçen we şeýle ýokary jogapkärli wezipede işläп adamlaryň hiç biriniň berjaý edip bilmedik işlerini bitiripdir[2]. Ýany kitaphanaly medreseler ulgamyny döretmek ideýasyny Nyzam al-Mülküň al-Kundurydan alan bolmagy ähtimaldyr, çünki soltan Togrul begiň bu tanymal weziri Seljuk döwletiniň derejeli adamlarynyň arasynda ilkinji bolup şeýle edarany 1058-nji ýylda Merwde esaslandyrypdyr[3]. Nähili bolaýanda-da, Nyzam al-Mülküň bu işe goşandy dürlüligi bilen däl-de, hili boýunça tapawutlanýar» diýip, häzirki zaman alymy belläpdir[4]. Ol

[1] «Togrulyň şäherçesi» Bagdatda 39 ýylyň dowamynda saklanyp gelipdir. Mälik şa ölenden soň ýüze çykan howsalaly döwürde halypa al-Muktadynyň permany bilen ony 1095-nji ýylda ýykyp-ýumrupdyrlar. Haçanda, XII asyryň ikinji ýarymynda we XIII asyryň başynda Türkmenistanyň demirgazygynda Horezmşalaryň döwleti ýokary galyp, dünýä derejesindäki imperiýa öwrülen mahaly, onuň iň soňky dördünji Anuşteginler atly türkmen nesilşalygynyň beýik hökümdarlary Il Arslan, Tekeş we Muhammet apbasy halypalaryndan «Togrulyň şäherçesini» beýik Seljuk soltanlarynyň döwründe nähili görnüşde bolan bolsa, edil şonuň ýaly edip dikeltmegi talap edipdirler. Bu işi amala aşyrmaga XIII asyryň başynda Orta Aziýa mongol basybalyjylarynyň çozup girmegi mümkinçilik bermändir.

[2] 1093-nji ýylda Nyzam al-Mülküň ornuna wezir bellenen Täj al-Mülk hem Bagdatda özüniň medresesini we kitaphanasyny «Täjiýa» ady bilen gurdurypdyr. Emma aradan bir ýyl geçenden soň, Nyzam al-Mülküň gulamlary tarapyndan öldürilen bu wezir, özünden öňki kärdeşiniňki ýaly, magaryfçylyk işinde uly möçberli işleri amala aşyryp ýetişmändir. «Täjiýe» medresesinden we kitaphanasyndan başga onuň şeýle edaralary döredendigi barada çeşmelerde maglumat ýok.

[3] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. Kabol, 1361. 120-nji sah.

[4] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P.29. No.7.

Seljuk imperiýasynyň çäklerinde, hususan-da, Yrakda we Horasanda, «Nyzamyýe» atly edaralaryň giden bir ulgamyny döredip, turuwbaşdan musulman dünýäsinde özüniň mesenatlyk we magaryfçylyk işi bilen ägirt uly şöhrat gazanypdyr. Şonuň üçin soň olary onuň şanyna, ähli ýerlerde «Nyzamyýa» diýip atlandyrypdyrlar. Bu mesele boýunça biziň ilkinji çeşmelerimiziň iň möhümleriniň biri müsürli arap hudaýşynasy we hukukşynasy Täç et-din Abdyl Wahhab as-Subkiniň (1327–1370) «Tabakat al-shafi'iya al-kubra» («Beýik şapygy ulamalarynyň terjimehallary») atly eseridir. Alymyň bu işinde berilýän maglumatlara görä, Nyzam al-Mülk Yragyň we Eýranyň möhüm şäherleriniň on sanysynda öz medreselerini we olaryň ýany bilen kitaphanalaryny gurdurypdyr. Olar Nişapurda we Bagdatda (bu ikisi «Nyzamyýalaryň» iň ilkinjisi we iň meşhurlary bolupdyr), Balhda, Hyratda, Merwde, Amulda (Tabarystanda), Yspyhanda, Jezarat al-Umarada, Basrada we Mosulda bina edilipdir[1]. Ilkinji çeşmeleriň bu barada berýän beýleki dürli maglumatlaryna esaslanyp, W.A. Žukowskiý[2] şeýle «Nyzamyýalaryň» ilata hyzmat eden alty sany şäherini G. Makdisi[3] we S.G. Agajanow[4] dokuz sanysyny sanapdyrlar. As-Subki şeýle «Nyzamyýalaryň» biriniň Horezmde (Köneürgençde) hem döredilendigini habar beripdir[5]. Şeýlelikde, bu tanymal weziriň gurduran medreseleriniň we kitaphanalarynyň sany ona ýa-da on bire ýetipdir. Ol bu medeni ojaklary musulman dinine sünni mezhebiniň şapygy akymyna uýýanlar üçin döredipdir. Nyzam al-Mülküň özi hem yslam dinine sünni mezhebiniň bu akymyna uýup, onuň tarapdarlarynyň penakärleriniň biri bolupdyr[6]. Şonuň bilen bir wagtda bu edaralar umumymusulman ylmynyň we medeniýetiniň ösmegine hem uly goşant goşupdyrlar. «Nyzamyýalarda», adatça, meşhur alymlar işläpdirler. Olar medreselerde talyplara ders beripdirler, kitaphanalarda kitaphanaçynyň gulluk wezipesini ýerine ýetiripdirler, özleriniň ylmy işlerini şol wezipeleri bilen utgaşdyryp alyp

[1] *As-Subki.* Tabaqat al-shafi'iya al-kubra. Cairo, 1906. Vol. III. P.137. (Mundan beýläk bu eseriň ady gysgaça Tabaqat diýip tutuljakdyr.); *Bosworth C.K.* Op. cit. P.72.

[2] *Жуковский В.А.* Развалины Старого Мерва. С.28.

[3] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P.44.

[4] *Агаджанов С.Г.* Государство Сельджукидов. С.104.

[5] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P.44. Ýöne bu «Nyzamyýa» barada berilýän maglumatlaryň horezmşa Tekeşiň meşhur weziri Nyzam al-Mülk Mesgut ibn Alynyň Köneürgençde gurduran kitaphanasyna degişli bolmagy mümkin. Ol barada aşakda durup geçeris. As-Subki barada seret: *Крачковский И.Ю.* Избр. соч. М.; Л., 1957. Т. IV. С.501–503, 505–506, 509.

[6] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P.29-30.

barypdyrlar. Nyzam al-Mülküň «Nyzamyýalary» barada gürrüň edenimizde, esasan, iki görnüşli edarany – ýokary okuw mekdebini (medresäni) we kitaphanany göz öňünde tutmaly bolýarys, çünki olar atlary tutulan şäherlerde bir bitewi ylmy we medeni ojak hökmünde hereket edip, öz işlerini alyp barypdyrlar.

V. BEÝIK SOLTAN ALP ARSLANYŇ HÖKÜMDARLYK EDEN DÖWRÜNDE NYZAM AL-MÜLKÜŇ DÖREDEN «NYZAMYÝALARY»

Nyzam al-Mülk özüniň «Nyzamyýa» atly medreselerini we kitaphanalaryny Alp Arslanyň hökümdarlyk eden döwründe (1063–1072) döwletiň weziri wezipesine girişen badyna döredip başlapdyr. Bu hökümdaryň gysga wagtlaýyn ýurdy dolandyran döwründe, Nyzam al-Mülk özüniň ilkinji medreselerini we kitaphanalaryny imperiýanyň iň möhüm ylmy we medeni merkezleri bolan Nişapurda, Bagdatda we Merwde döredip başlapdyr.

1. Nişapuryň «Nyzamyýasy». Eýran alymy Muhammet Moiniň berýän maglumatlaryna görä, Nyzam al-Mülk özüniň «Nyzamyýa» atly ilkinji medresesini we kitaphanasyny Alp Arslanyň ýurdy dolandyran döwründe Nişapurda esaslandyrypdyr[1]. By «Nyzamyýalaryň» binalary Nyzam al-Mülküň Bagdatda gurduran we senesi anyk «Nyzamyýasyndan» öň gurlup gutarypdyr. Şonuň üçin weziriň Nişapurda gurduran «Nyzamyýasy» 1066-njy ýylda ýa-da 1067-nji ýylyň birinji ýarymynda öz işine başlapdyr diýip takyk aýdyp bileris. Nyzam al-Mülk by ylmy ojagy Ymam ul-Harameýn Abu Magaly Abdylmälik ibn Abdylla al-Juweýni üçin gurdurypdyr. Ymam ul-Harameýn bu medresede müderris bolup otuz ýyl işläpdir we 1086-njy ýylda ýogalypdyr[2]. Onuň okadýan sapaklaryna her günde 300 adam gatnaşypdyr. Olaryň arasynda meşhur Muhammet Gazaly hem bolupdyr[3].

Nyzam al-Mülküň öz medresesini ilkinji bolup bu şäherde gurmagy ýöne ýerden bolmandyr. Nişapur IX asyrda Tahyrlylaryň (821–873), X asyrda Samanylaryň döwletleriniň paýtagty, XI–XII asyrlarda Gaznalylaryň döwletiniň we beýik Seljuk imperiýasynyň möhüm ylmy we medeni merkezi bolupdyr. Bu şäherde seljuk soltanlary we beýleki ýo-

[1] *Moin Muhammed.* Ferheng-i farsi. Jeld-e şeşim. Tähran, 1375. 2132-nji sah.
[2] *Moin Muhammed.* Ferheng-i farsi. Jeld-e şeşim. Tähran, 1375. 2132-nji sah.
[3] *Moin Muhammed.* Ferheng-i farsi. Jeld-e pänjom. Tähran, 1375. 2177-nji sah.

kary derejeli döwlet adamlary ýaşapdyrlar. 1037-nji ýylda Nişapurda Togrul beg soltan adyny alypdyr[1]. Horasanda Nişapur bilen deňeşdirip boljak uly şäher başga ýok diýip X asyryň taryhçysy al-Istahry belläp geçipdir[2]. Onuň kiçi döwürdeşi, arap geografy we syýahatçysy Makdisi Nişapur barada şeýle diýip ýazypdyr: «Özünde jemlenen zatlaryň hilleri, mahsus bolan närseleriň alamatlary, hususan-da, uly meýdany, daş-töwereginiň giňligi, oňat suwy, ýakymly howasy we alymlarynyň köplügi boýunça oňa deň geljek şäheri men musulman ýurtlarynda görmedim. Ol ylymda meşhurlyk we şan-şöhrat gazanan ymamlaryň şäheridir»[3]. Häzirki döwrüň alymlaryndan A.Mes Nişapury X asyrda «tutuş Gündogaryň ylmy merkezi» we «ylym adamlarynyň üýşýän esasy ýeri»[4], K.E.Boswort «Horasanyň şäherleriniň açary»[5] diýip belläpdirler. Seljuklaryň döwlet başyna geçmeziniň öň ýanynda Nişapurda işlän medreseler we kitaphanalar barada çeşmelerde dürli maglumatlar berlipdir[6]. X asyryň ikinji ýarymynda Nişapuryň kazysy Ibn Hibban (965-nji ýylda ýogalypdyr) şäheriň ilatyna öz öýüni we kitaphanasyny bagyş edipdir. Onda saklanýan kitaplar bilen tanyşmaga we işlemäge beýleki ýurtlardan gelen talyplara maliýe kömegi berlipdir. «Kitaplar kitaphananyň daşyna berilmändir»[7]. Taryhçy al-Utbiniň beryän maglumatlaryna görä, Mahmyt Gaznewiniň dogany, Nişapuryň häkimi, yslamyň hanefi akymynyň janköýeri, Nasr ibn Sebuktegin bu şäherde ýany kitaphanaly «Sadiýe» atly medresesini gurdurypdyr. Ol Nişapuryň alym kazysy, soltan Mahmydyň ogullary Muhammediň we Mesgudyň mugallymy, Abu-l-Ala Seýit ibn Muhammediň öýüniň gapdalynda ýerleşipdir. Ýene-de al-Utbi Nişapuryň şol döwürdäki «Sabuni medresesi» barada ýazypdyr. Onuň kitaphanasynda alymlar topary tarapyndan ýazylan Gurhanyň ägirt uly teswirnamasy saklanypdyr. Onuň çykdajysyny ýokarda ady tutulan Seistanyň häkimi Abu-l-Fazl Nasr ibn Halafa (943–1003) 20 000 dinar (100 000 rubldan gowrak) möçberde töläpdir[8]. XV asyr müsür taryhçysy Taki-et-din ibn Aly al-Makrizi, XI asyryň birinji

[1] *Агаджанов С.Г.* Государство Сельджукидов. С. 97.

[2] *МИТТ.* Т. I. С. 171.

[3] *МИТТ.* Т. I. С. 196-197.

[4] *Мец А.* Указ. соч. С. 150-151.

[5] *Bosworth C.K.* Op. cit. P.87.

[6] *Qasimi M.A.* Op. cit. P.4.

[7] *Khuda Bukhsh S.* The Renaissance of Islam // IC. 1930. Vol. IV. P. 297; *Padover S.K.* Op. cit. P. 354; *Grohmann A.* Bibliotheken und Bibliophilen im islamischen Orient // Festschrift der Nationalbibliothek in Wien.Vienna,1926. S. 439.

[8] *Бартольд В.В.* Соч. Т. II. Ч. I. С. 227.

ýarymynda Nişapurda ýany kitaphanaly dört sany medresäniň işländigini we olaryň Bagdadyň medeni ojaklary bilen bäsleşip gelendiklerini belläpdir[1]. Olaryň biri «Beýhakiýe» atly medrese bolupdyr. Beýlekiler barada M. Moin çeşmeleriň beryän aşakdaky maglumatlaryny getiripdir: «Nişapurda yslam dinini wagyz-nesihat ediji we sopy Abu Seýit Ysmaýyl ibn Aly ibn al-Müsenna Astrabady öz medresesini gurdurypdyr. Dördünji medresäni ussat Aby Ishak Asferaini bina etdiripdir. Onuň ýaly uly medrese Nişapurda öň gurulmandyr». Bu sözler Abu Ishakyň medresesinden öň hem Nişapurda medreseleriň bolandygyna şaýatlyk edýärler diýip, M.Moin belläpdir[2].

Orta asyr çeşmelerinde we häzirki zaman alymlarynyň işlerinde, adatça, Nyzam al-Mülküň Bagdatdaky «Nyzamyýasyndan» soň, bu weziriň Nişapurda gurduran adybir medresesiniň we kitaphanasynyň ýatlanyp geçilmegi hem soňky ylmy ojagyň möhümligine şaýatlyk edýär. Bu pikiri E. Boswort we beýleki meşhur alymlar belläp geçipdirler[3]. Bu şäheriň taryhyna degişli pars we arap dillerinde ýazylan ilkinji çeşmeleriň tekstlerini neşir eden häzirki zaman görnükli eýranşynas alymy R.N. Fraý Nişapuryň ylmy ojaklaryndan diňe onuň «Nyzamyýasyny» agzap geçipdir[4]. Bagdadyň XI asyrdaky medreseleri we kitaphanalary barada düýpli işiň awtory G. Makdisi bu şäheriň «Nyzamyýasyny» Nişapuryň «Nyzamyýasy» bilen deňeşdirip, şeýle ýazypdyr: «Birazrak pesräk möçberlerdedigine garamazdan, ajaýyp şöhrat gazanan beýleki [ylmy ojaklaryň biri] Nişapuryň «Nyzamyýasy» bolupdyr»[5]. Nişapuryň medreselerinde we olaryň ýanyndaky kitaphanalarda döwrüniň tanymal alymlary, ruhanylary talyplara ders beripdirler, özleriniň ylmy işleri bilen meşgullanypdyrlar. Meşhur al-Gazaly Bagdadyň «Nyzamyýasyndan» soň, 1095-nji ýyldan ömrüniň ahyryna çenli (1111-nji ý.) Nişapuryň «Nyzamyýasynda» müderris we kitaphanaçy bolup işläpdir[6]. Soltan Sanjar, öz gezeginde, bu «Nyzamyýa» müderris edip meşhur alym Muhammet ibn Ýahýa an-Nişapuryny (1163-nji ýylda ýogalypdyr) belläpdir. Soltanyň bu mesele baradaky permanynda şeýle diýilýär: «Bilimi we parasatlylygy bilen öz asyryny şöhratlandyran, şapygy we hanifi akymlarynyň alymlarynyň ýolbaşçysy, her bir ynsanyň

[1] *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P.295; *Qasimi M.A.* Op. cit. P.4.
[2] *Moin Muhammed.* Ferheng-i farsi. Jeld-e şeşim. Tähran, 1375. 2132-nji sah.
[3] *Bosworth C.E.* Op. cit. P.72.
[4] *The Historiyes* of Nishapur. / Ed. by R.N. Fray. Cambridge, 1965. P.15.
[5] *Makdisi G .* Muslim institutions of learning. P.2. No.2.
[6] *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P.294.

söýgüsine we hormatyna mynasyp bolan Muhammet ibn Ýahýany (goý, Alla onuň ömrüni uzak etsin!) ylmy ösüşe badalga beryän dünýäniň iň hormatly we sylagly ylmy ojagy bolan Nişapuryň medresesine müderris edip bellemeli. Ymamyň alymlygyny, abraýyny, dine wepalylygyny göz öňünde tutup, bu medresäniň ähli işlerini, wakf bilen bagly meseleleri onuň üstüne ýüklemeli»[1]. Bu «Nyzamyýa» öz işini mongol çozuşlaryna çenli dowam edipmi ýa-da ondan öňki döwürlerde bu şäherde bolup geçen pajygaly wakalar döwründe ýok edilipmi, anyk hiç zat belli däl. 1157-nji ýylda Soltan Sanjar dünýäden ötenden soň, onuň Horasandaky mirasdüşeri Mahmyt han (1157–1162) bilen Nişapuryň häkimi Muaýid Aý-Abanyň (1162–1174)[2] arasynda 1161-nji ýylda bolan söweşde bu şäheriň doly ýykylyp ýumrulandygy barada çeşmelerde habar berilýär. Ony häsiýetlendirip Ibn al-Esir şeýle ýazypdyr: „Ýumrulan ymaratlaryň arasynda Ykaýyl atly metjit bar. Ol ylym adamlarynyň üýşýän ýeri bolup, onda wakf emlägi hökmünde sowgat berlen kitaplaryň hazynahanasy işläpdir. Ol Nişapuryň iň möhüm edarasy bolupdyr. Şeýle-de, şol söweşde 8 sany hanafy, 17 sany şapygy medresesi ýumrulypdyr; 5 sany kitaphana oda berlipdir, 7 sanysy talaňçylyga salnypdyr. Olardan olja alnan kitaplar iň arzan bahalardan satylypdyr»[3]. Oda ýakylan ýa-da talaňçylyga salnan kitaphanalaryň biriniň Nyzam al-Mülküň bu ýerdäki «Nyzamyýasy» bolan bolmagy mümkindir.

2. Bagdadyň «Nyzamyýasy». Nyzam al-Mülk özüniň ikinji «Nyzamyýasyny» Bagdatda esaslandyrypdyr. Onuň turuwbaşdan bu şäherde döredilmegi tötänleýin bolmandyr. Beýik soltan Togrul beg tarapyndan başlanan bu möhüm iş soň Alp Arslanyň hökümdarlyk eden döwründe däbe öwrülipdir. Oňa laýyklykda Seljuk döwletiniň derejeli we baý adamlary halyfatyň paýtagtynda döwrüniň ylmy ojaklary bolan metjitleri, medreseleri we kitaphanalary döretmegi özleriniň mukaddes borçlary hasap edipdirler. Emma olaryň arasynda Nyzam al-Mülküň «Nyzamyýasy» ýaly ylmyň we medeniýetiň taryhynda çuňňur yz galdyran beýleki bir edara bolmandyr. Orta asyrlar döwrüniň musulman awtorlarynyň ählisi diýen ýaly musulman ylmynyň we medeniýetiniň taryhy barada ýazan-

[1] *Çelebi A.* Ayni eser. S.170.

[2] Muaýid Aý-Aba hem Soltan Sanjaryň goşunbaşlyklarynyň biri bolupdyr. Ol Soltan Sanjar ölenden soň Nişapury we Horasanyň ep-esli bölegini basyp alypdyr we özüni ýerli hökümdar diýip yglan edipdir. Ibn Funduk (1105–1169) Aý-Abany «Horasanyň imperatory, Gündogaryň patyşasy» atlandyrypdyr. Seret: *Bosworth C.E.* Op. cit. P.155.

[3] *MHTT.* T. I. C.399.

larynda, adatça, iň möhüm ylmy ojak hökmünde bu «Nyzamyýany» ýatlap geçipdirler.

Bagdadyň «Nyzamyýasynyň» gurluşygy 1065-nji ýylda[1], Alp Arslanyň öz hökümdarlygyna we Nyzam al-Mülküň öz wezirligine girişenlerinden iki ýyl geçenden soň başlanypdyr. Onuň gurluşygyna sopy Abu Sagt Ahmet ibn Muhammet Nişapury ýolbaşçylyk edipdir we oňa 200,000 dinar sarp edilipdir[2]. Bu «Nyzamyýa» Bagdadyň orta asyrlar döwründäki ýokary okuw mekdebi bolmak bilen bir hatarda, ol iň uly hem iň meşhur kitaphanalaryň biri bolupdyr[3]. Onuň kitap hazynahanasy Nyzam al-Mülküň goýberýän maliýe serişdeleriniň, şeýle-de alymlaryň we ruhanylaryň ömürleriniň ahyrynda, adatça, bu «Nyzamyýany» has ygtybarly edara saýyp, özleriniň hususy kitaplaryny sowgat bermeklerine hasabyna yzygiderli baýlaşypdyr. Bu ylmy ojaga halypa an-Nasir (1180–1225) aýratyn üns beripdir. Ibn al-Esiriň berýän maglumatyna görä, onuň ýörite permanyna laýyklykda 1193-nji ýylda bu «Nyzamyýa» üçin örän uly hem kaşaň jaý gurlupdyr we halypa özüniň köşk kitaphanasynda saklanýan hususy kitaplaryndan müň sanysyny oňa sowgat beripdir. Olar gymmatbahaly we juda seýrek duş gelýän eserler bolupdyrlar[4]. Bu goşundy ony musulman dünýäsiniň şol döwürdäki iň möhüm we iň ajaýyp kitaphanasy derejesine ýetiripdir[5]. Ýakut al-Hamawynyň dosty, 1245-nji ýylda dünýäden öten meşhur taryhçy Muhib ed-Din ibn an-Nejjar al-Bagdady ömrüniň ahyrynda özüniň bahasy müň dinar durýan iki sany kitap toplumyny bu «Nyzamyýa» sowgat beripdir[6]. Şeýle mysallary başga-da getirmek mümkin.

---

[1] Käbir alymlar bu medresäniň gurluşygy 1064-nji ýylda başlanypdyr diýip hasap edýärler. (*Pinto O.* The Libraries of the Arabs during the time of the Abbasides // IC.1929.Vol.3.P.224). Ilkinji çeşmeleriň bu mesele boýunça berýän maglumatlaryna laýyklykda onuň gurluşygynyň iki ýyllap dowam edendigini hem-de onuň 1067-nji ýylyň ahyrynda resmi taýdan açylandygyny nazara alyp, O.Pintonyň görkezen senesini hakykata bap gelmeýär diýip hasap edýäris.

[2] *Daýerätoulmäaref* ýa ferheng-i daneş we honär. Çap-e şeşim. Tähran, 1352. 797-nji sah. Bu maglumatlary Muhammet Moin hem tassyklapdyr. *Moin Muhammed.* Ferheng-i farsi. Jeld-e şeşim. Tähran, 1375.2133-nji sah. Şeýle-de seret: *Bosworth C.E.* Op. cit. P. 71–74, 215–217

[3] Ol barada giňişleýin seret: *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P.280-299.

[4] *Ibn al-Esir.* Kämil taryh. 3-nji j. S. 66; *Qasimi M.A.* Op. cit. 6. P. 5.

[5] *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P.279–299; *Qasimi M.A.* Op. cit. P.5.

[6] *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P.296; *Qasimi M.A.* Op. cit. P.5.

Bu «Nyzamyýanyň» hukukşynaslyk kafedrasyna (the chair of fiqh) baş mugallymy – müderrisi bellemeklik naýbaşy meseleleriň biri bolupdyr. Adatça, Bagdatdaky metjitlere we medreselere müderrisleri halypanyň özi belläpdir. Hökmürowan Nyzam al-Mülk dirikä, öz «Nyzamyýasy» bilen bagly meseleleri özi çözüpdir. Ýöne bu «Nyzamyýa» ilkinji müderrisiň bellenişi hysyrdysyz we aladasyz geçmändir. Oňa Nyzam al-Mülküň Bagdatda eden ýowuz hereketleri sebäp bolupdyr. 1065-nji ýylda bu şäherde özüniň «Nyzamyýa» medresesiniň we kitaphanasynyň gurluşygyna başlamak bilen, ol bu desgalaryň guruljak ýerinde ýaşap gelen adamlaryň ýerlerini zorluk bilen ellerinden alypdyr. Bu hereketler şäheriň ilatynda we alymlarynda uly nägilelik döredipdir. Aradan iki ýyl geçenden soň, 1067-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda bu «Nyzamyýanyň» dabaraly açylyşy bolan mahaly, oňa müderris (professor) bellenen meşhur alym we hudaýşynas Şeýh Abu Ishak Jemal et-Din Ybraýym ibn aş-Şirazy (Nyzam al-Mülk, özüniň wekili Amyd Aby Seýit al-Kaşynyň üsti bilen, öňünden onuň razyçylygyny alypdyr)[2], ahyrky pursatda, weziriň rehimsiz hereketlerini ýadynda saklap, resmi garşylyk bildirip, onuň dabaraly açylyşyna gelmändir. Ýüze çykan ýagdaý sebäpli, gysga wagtlaýyn «Nyzamyýanyň» müderrisi edip Abu Nasr Abd al-Seýit ibn Muhammet ibn as-Sabbahyny (1084-nji ýylda ýogalypdyr) bellemeli bolupdyr. Meseläniň bu çözgüdini Nyzam al-Mülk düýpgöter oňlamandyr we Abu Seýit al-Kaşydan ony öň gepleşilişi ýaly edip ýola goýmagy berk talap edipdir. Aş-Şirazy, öz gezeginde, weziriň talabyny nobatdaky sapar ret edipdir. Aradan ýigrimi gün geçenden soň, 1067-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda halypa al-Kaimiň (1031–1074) gatnaşmagynda bu mesele oňyn çözülip, diňe şondan soň aş-Şirazy medresede öz wezipesine girişipdir[3]. Şunuň ýaly nogsanlyklar bu «Nyzamyýanyň» durmuşynda soň hem gaýtalanypdyr. Onda «dört ýylyň dowamynda (1091–1095) müderris bolup işlän tanymal alymlaryň ýene-de biri meşhur pelsepeçi we hukukşynas Abu Hamyt Muhammet ibn Muhammet al-Gazalydyr (1058–1111). Ony 1091-nji ýylda halypa al-Muktadynyň (1075–1094) özi bu wezipä belläpdir. Al-Gazaly bu «Nyzamyýadan» öz islegi boýunça gitmändir. M.Moiniň belleýşine görä, ol ondan haja gitmek bahanasy bilen çykyp

[1] *Moin Muhammed.* Ferheng-i farsi. Jeld-e şeşim. Tähran, 1375. 2132-nji sah.

[2] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P.32.

[3] *Mackenzen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P.294–295.

gidipdir. Haçanda, soň Nyzam al-Mülküň ogly meşhur alymy ýene-de öňki wezipesini eýelemäge çagyranda, ol ony ret edipdir[1].

1087-nji ýylda demirgazyk Siriýada harby hereketleri tamamlap, Nyzam al-Mülk soltan Mälik şa bilen bilelikde, Bagdada ilkinji gezek gelipdir. Pursatdan peýdalanyp wezir öz «Nyzamyýasyna» barypdyr we onuň talyplaryna hadyslar boýunça ders beripdir[2].

Günbatar we Gündogar ýurtlaryndan haja giden ýa-da dürli ýurtlara syýahatçylyk eden musulman alymlarynyň bu medresede ýolugra düşläp geçmedikleri bolmandyr. Olaryň käbirleri onuň tanymal müderrisleriniň derslerini diňlemek we kitaphanasynda saklanýan gymmatly kitaplar bilen tanyşmak üçin ýörite gelipdirler we uzak wagtlap onda işlemek üçin galypdyrlar. Dört asyra golaý wagtyň dowamynda işläp gelen bu «Nyzamyýanyň» genji-hazynasyndan peýdalanan alymlar (olaryň arasynda türkmenistanlylar hem az däl) öz eserlerinde oňa biragyzdan döwrüniň iň ajaýyp ylmy ojagy hökmünde baha beripdirler.

Merwde uzak ýyllaryň dowamynda ýaşan we onuň topragynda müdimilik rahatlyk tapan Hoja Ýusup Hemedany (1048–1140) Aby Ishak aş-Şirazydan tälim almak üçin 1065-nji ýylda Bagdada gelipdir[3]. Ol özüniň uzak ömrüniň dowamynda 38 gezek haja gidipdir we her sapar ýolugra Bagdadyň meşhur kitaphanalarynyň gymmatbahaly kitaplary bilen tanşypdyr, olary okapdyr. Hoja Ýusup Hemedanynyň 1120-nji ýylda Bagdadyň «Nyzamyýasynda» müderris bolup işländigi we talyplara ders berendigi barada çeşmelerde maglumatlar berilýär.

Şapygy taglymaty boýunça döwrüniň tanymal alymy Abu Ýusup Isfaraini (1095-nji ýylda ýogalypdyr) hem bu edarada müderris we kitaphanaçy bolup işläpdir[4]. Meşhur watandaşymyz Abylkasym Jarulla Mahmyt ibn Ahmet Omar ibn az-Zamahşarynyň durmuşynda hem Bagdadyň «Nyzamyýa» medresesiniň we kitaphanasynyň hem-de olarda işleýän alymlaryň täsiri juda möhüm bolupdyr. Az-Zamahşary ilkinji sapar Mekgä haja gideninde we ondan yzyna dolananda Bagdada sowlup, onuň «Nyzamyýasyndaky» kitaplar bilen tanşypdyr, bu ýerdäki «alymlar bilen görşüpdir, olaryň talyplara berýän derslerini diňläpdir, ylmy

[1] *Moin Muhammed.* Ferheng-i farsi. Jeld-e şeşim. Tähran, 1375. 2133-nji sah.

[2] *Bosworth C.K.* Op. cit. P.72.

[3] *Ybrahymy Türkmen A.* Hoja Ýusup Hemedanynyň ömür beýany // Hoja Ýusup Hemedana bagyşlanan konferensiýanyň makalalarynyň ýygyndysy. A., Mary, 2003. S.6.

[4] *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P.294.

söhbetdeşliklerine gatnaşypdyr»[1]. Ömrüniň ahyrynda (1136–1138-nji ýyllarda) ýene-de Mekgä gidip, bu ýerde üç ýyl ýaşandan soň, az-Zamahşary, Horezme (Köneürgenje) dolanan mahaly ýene-de Bagdadyň «Nyzamyýa» kitaphanasynda düşläp geçipdir we onuň alymlary, talyplary tarapyndan uly hormat bilen garşylanypdyr. Şol döwürde 66 ýaşly gojadygyna seretmezden bu ylmy ojakda özüniň döredijiligi we ylmy taglymaty bilen gyzyklanýan talyplara sapak beripdir, özi hem ýerli alymlaryň derslerine gatnaşypdyr[2]. 1141-nji ýylda Bagdadyň «Nyzamyýasynda» meşhur taryhçy Imad et-din Muhammet ibn Muhammet al-Yspyhany okapdyr[3].

Nyzam al-Mülküň Bagdatdaky «Nyzamyýasy» uzak wagtyň dowamynda öz durkuny ajaýyp görnüşde saklap işläp gelipdir. Wezir dünýäden ötenden soň hem bu ylmy ojagyň şan-şöhraty kemelmändir, tersine, barha artypdyr. Ispaniýaly edebiýatşynas we syýahatçy Muhammet ibn Ahmet ibn Jubeýr (1145–1217) 1185-nji ýylda Bagdadyň «Nyzamyýasynda» namaz okandygyny we onuň bu şäheriň gündogar böleginde ýerleşen 30-dan gowrak medreseleriniň iň ajaýybydygyny belläpdir[4]. Ýakut al-Ha-mawy bu «Nyzamyýada» 1110-njy ýylda düýpli timarlaýyş we abatlaýyş işleriniň geçirilendigini, XIII asyryň başynda, özüniň onuň genji-hazynasyndan peýdalanan döwründe, oňat halda saklanyp gelendigini nygtapdyr[5]. 1258--nji ýylda Bagdady basyp alan mongollaryň wagşyçylykly ýykyp-ýumurmalaryndan we otlamalaryndan hem bu «Nyzamyýa» aman galypdyr ýa-da ol öňki durkuna täzeden dikeldilipdir[6]. Bu ýowuz wakadan 69 ýyl geçenden soň, oňa baryp gören arap syýahatçysy Ibn Battuta (1304–1377) 1327-nji ýylda «Bu täsin «Nyzamyýa» atly okuw mekdebiniň artykmaçlygy rowaýatlara öwrülip gidipdir» diýip belläpdir[7]. Bu «Nyzamyýa» barada 1340-njy ýylda ýazan pars taryhçysy we geografiýaçysy Hamd Alla Mustaufi Kazwini (takmynan, onuň ýaşan döwri 1280–1350-nji ý.ý.)[8]

[1] *Yuçe Nuri.* Zemahşeri // Istanbul Universitesi. Edebiýat fakultesi. Türk dili ve edebiýaty dergisi. Istanbul, 1993. Cilt XXVI. S.292.

[2] *Yuçe Nuri.* Aýni eser. S.293.

[3] *МИТТ.* T.1.C.34.

[4] *Ibn Jubayr.* The Travels. 2 ed. Revized by M.JH.Goeje. Leryden-London, 1907. P.219-220; *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P.296.

[5] *Ýakut.* Geographical Dictionary. Vol. I. P.826; Vol. IV. P.85; *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P.296.

[6] *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P.297.

[7] *Ibid.* P. 296.

[8] Ol barada seret: The Cambridge History of Iran. Cambrdge, 1968. Vol.5. P.85, 236, 497, 625.

we şol asyryň müsürli taryhçysy Ibn al-Furat hem ony «Bagdadyň iň uly okuw jaýy» diýip atlandyrypdyrlar[1]. Onuň iň soňky müderrisi 1394-nji ýylda dünýäden öten, pars taryhçysy, Timuryň kätibi Gyýas et-din[2] we bu ylmy ojagy iň soňky sapar ýatlap geçen orta asyr arap leksikografy al-Firuzabady (1329–1414) bolupdyr[3].

Ýokardaky deliller Nyzam al-Mülküň bu okuw mekdebiniň we kitaphanasynyň onuň ýaşan döwründen 300 ýyl geçenden soň hem, ýagny XIV asyryň ahyrynda oňat ýagdaýda işläp gelendigini tassyklaýar. Bu «Nyzamyýada» saklanan kitaplaryň möçberi barada hem käbir maglumatlary getirmek mümkin. Çeşmeleriň beýän maglumatlaryna görä, ispaniýaly halypa Hakam II (961–976) Kordowa şäherinde ajaýyp hem täsin kitaphanany esaslandyrypdyr we onda ylmyň dürli pudaklaryna degişli 400000 sany seýrek duş gelýän hem gymmatly kitaplar saklanypdyr[4]. Ibn Haldunyň (1332–1406) Kordowanyň kitaphanasyna baha berip, «Eger-de biz Bagdadyň «Nyzamyýa» kitaphanasyny göz öňünde tutmasak, onda musulman dünýäsinde onuň bilen öz kitap baýlygy boýunça başga hiç bir kitaphana bäsleşip bilmez» diýen sözleri Nyzam al-Mülküň Bagdatdaky «Nyzamyýasynyň» kitap baýlygynyň ondan artyk bolmandygyna güwä geçýär[5]. Diýmek, Nyzam al-Mülküň Bagdatdaky «Nyzamyýasy» orta asyrlar döwründe dünýäniň iň uly kitaphanasy bolupdyr. Onda saklanýan kitaplaryň käbir böleklerine bagyşlanyp bibliografik görkeziji hem düzülipdir. Hususan-da, arap taryhçysy we yslam dinine meşhur wagyz-nesihatçysy Ibn al-Jöwzi (1114–1200) ol barada şeýle diýip ýazypdyr: «Nyzamyýa» medresesine wakf emlägi hökmünde sowgat berlen kitaplar bilen tanyşdym. Olaryň 6000 sanysy hasap depderinde hasaba alnypdyr»[6].

Orta asyrlar döwründe dürli şäherlerde döredilen köpsanly musulman kitaphanalarynyňky ýaly, Nyzam al-Mülküň Bagdatdaky «Nyzamyýasynyň» ahyrky ykbaly belli däl. Alymlar onuň apbasy halypasy Mustansiriň 1234-nji ýylda bu «Nyzamyýanyň» golaýynda gurduran

[1] *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P.296.

[2] Ibid. P.296.

[3] *Çelebi A.* İslâm'da eğitim–öğretim târihi. Çeviren prof. dr. Ali Yardim 3-ü baski. Istanbul,1998. S.202.

[4] *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P.297.

[5] *Ibid.* P.297.

[6] *Çelebi A.* Ayni eser. S.115.

ajaýyp kitaphanasy[1] bilen soňky döwürlerde goşulyşyp giden bolmagyny (şol bir müderrisler olaryň ikisinde-de talyplary okadyp gelipdirler) ýa-da bolmasa XV asyryň başynda Timuryň bu şäheri basyp alan döwründe bu meşhur ylmy ojagyň kitaplarynyň talaňçylyga salnyp, alnyp gidilen bolmagynyň mümkindigini çak edýärler. «Her halda, onuň nähili ýagdaýda, haçan we kim tarapyndan derbi-dagyn edilendigi barada [çeşmelerde] hiç hili maglumat ýok. Ýöne ol şeýle bir düýpli ýerine ýetirilipdir welin, birmahallar şeýle meşhur ylmy ojagyň işländigini we onuň ajaýyp binasynyň seleňläp durandygyny alamatlandyrýan zatlardan hiç hili nam-nyşan saklanyp galmandyr» diýip, bu kitaphananyň soňky ykbaly barada prof. M.A.Kasymy belläpdir[2].

Ýewropada gündogarşynaslyk ylmynyň ýüze çykmagy we ösmegi bilen baglylykda Nyzam al-Mülküň meşhur «Nyzamyýasy» barada orta asyrlaryň arap we pars dillerindäki çeşmeleriniň berýän maglumatlary bu kontinentiň alymlaryna-da mälim bolup ugrapdyr. Şondan soň Ýewropanyň dürli ýurtlarynyň alymlary her sapar musulman ylmynyň taryhyny, ösüş ýoluny öwrenmek bilen meşgullanan mahallary, adatça, bu «Nyzamyýany» ýatlap geçipdirler. Oňa berlen şeýle yzygiderli ünsüň düýp sebäbi olar bu ylmy ojakda adamzadyň medeni taryhynda ynsanyň akyl-paýhasy bilen döredilen ilkinji ýokary okuw mekdebiniň we ajaýyp kitaphanasynyň keşbini görmekleri bolupdyr[3]. Ilkinji bolup bu ylmy ojak barada bu kontinentiň ylmy jemgyýetçiligine nemes arapşynasy F.Wýustenfeld (1808–1899) 1837-nji ýylda habar beripdir. Aradan biraz wagt geçenden soň, Ýewropada bu «Nyzamyýa» bagyşlanyp ýörite ylmy işler hem neşir edilipdir. Olaryň ilkinjisini ispan arapşynasy J.Ribera (1858–1934) ýazypdyr. Bu alym XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başynda musulman Ispaniýasynda bilim ulgamynyň ýüze çykyşy we gurnalyşy bilen gyzyklanyp,

[1] Bu kitaphana barada giňişleýin seret: *Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P.297–299. Bu medrese we onuň kitaphanasy barada arap dilinde özbaşdak barlag işi hem neşir edilipdir. Seret: *Nâci Ma'rûf.* El-Medreset' ül-Mustan-s'riyye. Bagdad, 1935.

[2] *Qasimi M.A.* Op.cit. P.5. Bu ýagdaý diňe bir Bagdadyň «Nyzamyýasyna» degişli däldir. IX–X asyrlarda bu şäherde ýüze çykan birnäçe beýleki hususy kitaphanalaryň soňky döwürlerdäki ykballary hem şonuň ýaly bolupdyr. Ol Bagdadyň ilkinji we iň meşhur kitaphanasy halypa al-Mamunyň «Akademiýasyna-da» degişlidir. Ylmyň we edebiýatyň bu beýik howandary 833-nji ýylda dünýäden ötenden soň, hiç bir taryhçy öz eserinde onuň bu ajaýyp ylmy ojagy barada ýatlap geçmändir. (*Qasimi M.A.* Op.cit. P.13).

[3] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P.1.

basym ol bu meseläni umumymusulman çäklerinde öwrenip ugrapdyr, köp ýyllaryň dowamynda oňa degişli çeşmeleri toplapdyr. Netijede, J.Ribera «Gündogaryň musulman ýurtlarynda okuw ulgamynyň guralyşy» atly iş ýazypdyr[1]. Gutarylman galan bu eserinde awtor Bagdadyň «Nyzamyýasyna» ýörite bap bagyşlapdyr. Ykbalyň gerdişine görä, bu uly göwrümli eserden diňe bu bap, özem iki gezek neşir edilipdir[2]. Onda J.Ribera bu «Nyzamyýanyň» gelip çykyşynyň gözbaşyny Nişapuryň X asyrdaky ylmy we medeni edaralaryň täsirinde görüpdir. Öz gezeginde soňky şäheriň medeniýetine Uzak Gündogaryň buddaçylyk taglymatynyň okuw edaralarynyň täsir edendigini belläp, şeýle netije çykarypdyr: «Yslamyň Gündogar ýurtlarynyň okuw edaralary ýerli medeni ösüşiň netijesi bolmandyr. Ol Uzak Gündogaryň gadymy döwletleriniň, hususan-da, Merkezi Aziýa has golaý ýerleşen Hytaýyň, iki sany birmeňzeş edaralarynyň täsiri astynda ýa-da olara öýkünme görnüşinde ýüze çykypdyr. Bu öýkünme araçy siwilizasiýalaryň, aýratyn hem, pars siwilizasiýasynyň üsti bilen berjaý edilipdir. Olaryň soňkusy, esasan, musulman medeniýetiniň ösmegine ýardam edipdir. Ol bolsa, öz gezeginde, syýasy we administratiw gurluşa Uzak Gündogaryň monarhiýalaryna häsiýetli bolan döwlet gatyşyk ulgamyna giripdir»[3]. Şeýlelikde, J.Ribera musulman medresesiniň, ýokary okuw mekdebi hökmünde, öz gözbaşyny buddaçylyk dininiň buthanalaryndan alyp gaýdýandygyny bellän ilkinji alymlaryň biri bolupdyr. Alymyň gelen netijesi bu mesele boýunça häzirki döwrüň ylmynyň gazananlaryndan daşda däldir. Orta asyrlar döwrüniň arap we pars dillerindäki çeşmelerini ilik-düwme öwrenen A. Mesiň hem Bagdadyň «Nyzamyýa» kysymly ýokary okuw mekdebiniň ýüze çykyşyny Nişapuryň X asyrdaky ylmy durmuşy bilen baglanyşdyrandygyny bellemek gyzyklydyr. «Çeşmeleriň ähli maglumatlary şeýle kysymly okuw edaralaryň watanynyň şol döwürde Gündogar ylmylygynyň merkezi bolan Nişapura syrygýandygyny görkezýär» diýip, bu alym nygtapdyr[4]. W.W. Bartoldyň hem bu me-

[1] *Крачковский И.Ю.* Избр. соч. М., -Л., 1958. Т. V. С.309.

[2] *Ribera J.* Orígen del colegio Nidami de Bagdad // Homenaje á D. Francisco Codera en su jubilación del profesorado. Estudios de erudición oriental con una introducción de Eduardo Saavedra. Zaragoza, 1904. P.4–17; *Idem.* Orígen del colegio Nidami de Bagdad // Julián Ribera y Tarragó. Disertaciones y opúsculos. Edición colectiva que en su jubilación, del profesorado ofrecen sus discípulos y amigos (1887–1927) con una introducción de Miguel Asín Palacios. Madrid, 1928. Vol. 1. P.361–383.

[3] *Крачковский И.Ю.* Избр.соч. Т. V. С.309.

[4] *Мец А.* Указ соч. С.151.

sele boýunça çykaran netijeleri ýokardakylaryňka meňzeş bolupdyr. Ol Mawerannahryň medreseleri barada giňişleýin taryhy maglumatlary getirmek bilen şeýle nygtapdyr: «Mälim bolşuna görä, yslam bu sebitlerde buddaçylyk dinine agalygyna duş gelipdir. Bu zatlaryň ählisiniň esasynda musulmanlaryň medresesi üçin buddaçylaryň wiharasynyň (buthanasynyň – A.Ý.) nusga bolup hyzmat edendigine şübhelenip bolmasa gerek. Medrese sözüniň wihara (parsça بهار ýa--da بخار) manysynda ýa-da بخار ýa-da بهار sözüniň medrese manysynda ulanylyşynyň mysallaryny biz bilmeýäris. Emma soňky döwürlerde--de hristian dininiň monastyryndan tapawutlylykda, musulmanlara wihara terkidünýä adamlaryň mekany däl-de, «ylmy üýşmeleňiň ýeri» (العلم مجمع) kimin bolup görnüpdir»[1].

1928-nji ýylda iňlis alymy R.Lewi Bagdadyň «Nyzamyýasyna» ýörite makala bagyşlapdyr[2]. I.Ý.Kraçkowskiniň çaklamasyna görä, ol hem özüniň işini ýazanda, ýokardaky awtorlar ýaly, J. Riberanyň eserinden bihabar bolupdyr[3]. Alym işiniň birinji bölegini bu «Nyzamyýanyň» ýerleşen ýerini anyklamaga bagyşlapdyr we 1327-nji ýylda Ibn Battutanyň belleýşi ýaly, ol Bagdadyň demirgazyk böleginde Tigr derýasynyň kenarynda Suk al-Talafa mähellesinde ýerleşipdir diýen netijä gelipdir[4]. Makalanyň ikinji bölegi bu medresede talyplary okadan müderrislere bagyşlanypdyr. R. Levi hem M. Kasymy ýaly, bu «Nyzamyýanyň» ahyrky ykbalynyň nämälim bolup galýandygyny nygtapdyr. Ýöne ol, R.S. Makkenzenä[5] düýpgöter gapma-garşylykda, 1396-njy ýylda Timuryň Bagdady eýelän döwründe bu «Nyzamyýa» we beýleki medreselere hiç hili zyýan ýetirmändigini nygtapdyr[6]. Awtoryň bu pikiri hakykata laýyk bolsa gerek, çünki islendik musulman hökümdarynyň yslamyň mukaddesliklerine hyýanat edip bilmejekdigi öz-özünden düşnüklidir.

Nyzam al-Mülküň Bagdatdaky «Nyzamyýasy» barada XX asyryň 30--njy ýyllarynda iki sany çaklaňja kitap hem neşir edilipdir. Olaryň birinji-

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. II. Ч. 2. С. 30, 432.

[2] *Levi R.* The Nizamiya Madrasa at Baghdad // JRAS. 1928. P.265–270.

[3] *Крачковский И.Ю.* Избр. соч. Т. V. С. 309–310. Прим. 5.

[4] *Levi R.* Op. cit. P.267.

[5] Hususan-da, R.S.Makkenzen bu mesele boýunça şeýle diýip ýazypdyr: «Megerem, bu «Nyzamyýa» köpsanly beýleki medreseler ýaly, XV asyrda Timuryň ordasy tarapyndan derbi-dagyn edilen bolsa gerek» (*Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P.296).

[6] *Levi R.* Op. cit. P.270.

sini belli eýran alymy S.Nefisi (1895–1966) pars dilinde ýazypdyr[1]. Aradan yigrimi ýyl geçenden soň, ol arap diline-de terjime edilip, neşir edilipdir[2]. Ikinji kitaby A.Talas ýazypdyr. Ol 1939-njy ýylda Parižde fransuz dilinde neşir edilipdir[3]. Günbatar alymlarynyň bu «Nyzamyýa» bolan yzygiderli ünsi, birinjiden «onuň häli-şindi orta asyr arap çeşmelerinde ýatlanyp geçilmegi»[4], ikinjiden, olarda berilýän maglumatlary teswirlemek, üçünjiden, ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, bu ýokary okuw mekdebiniň Ýewropanyň şeýle kysymly edaralaryndan birnäçe asyr öň işläp başlamagy bilen bagly bolupdyr[5].

Bu «Nyzamyýa» barada soňky döwürlerde ýazylan işlerden 1954-nji ýylda müsürli alym Ahmet Çelebiniň «Musulman biliminiň taryhy» atly tema boýunça Angliýanyň Kembrij uniwersitetinde goran doktorlyk dissertasiýasyny belläp geçmelidiris. Şol ýylda ol bu ýurtda iňlis dilinde[6] we awtoryň özüniň terjimesi esasynda hem-de käbir goşmaçalar bilen arap dilinde Beýrutda monografiýa görnüşinde-de çap edilipdir[7]. Aradan biraz wagt geçenden soň, ol Kairde gaýtalanyp neşir edilipdir[8]. Bu kitabyň asyl nusgasy-da, arap diline edilen terjimesi-de elýeterli bolmany üçin, biz onuň Aly Ýardim tarapyndan ýokary derejedäki ussatlyk bilen türk diline edilen terjimesinden peýdalandyk[9]. Kitabyň adyndan hem mälim bolşy ýaly, ol musulman dünýäsiniň okuw edaralarynyň we kitaphanalarynyň döräp başlan döwründen, XIII asyra çenli bolan aralykdaky taryhyna bagyşlanypdyr. A.Çelebi, esasan, orta asyr arap çeşmelerinden alnan köpsanly gyzykly maglumatlary getiripdir. Olaryň, ilkinji nobatda, musulman dünýäsiniň günbatar böleginiň okuw edaralaryna we kitaphanalaryna degişlidigini bellemelidiris. Biziň pikirimizçe, bu çäklerde-de medeni

---

[1] *Nafisi S.* Medreseh-I nizamiyeh-I Baghdad. Teheran. 1934. Ý.E. Bertels bu kitaby ajaýyp eser diýip atlandyryp, onda bu «Nyzamyýanyň» müderrisleriniň we meşhur uçurymlarynyň sanawunyň berlendigini belläpdir. (Бертельс Е.Э. Избр. труды. М.,1960. [Т.1]. С. 495. Прим. 3).

[2] *Nafisi S.* Al-Madrasa al-nizamiya fi Baghdad. Arabic transl. by Husain Ali Mahfuz // Majallat al-Majma al-ilmi al-Iraki. J.III. Baghdad. 1954.

[3] *Talas As'ad.* La madrasa Nizāmiyya et son histoire. Paris, P. Geuthner, 1939.

[4] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P. 2.

[5] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P. 1-2.

[6] *Çelebi A.* History of Muslim education. Cambridge, 1954.

[7] *Çelebi A.* Tarih' ut-Terbiyet' il-İslâmiyye. Beyrut, 1954.

[8] *Çelebi A.* Tarih' ut-Terbiyet' il-İslâmiyye. Kāhire, 1960.

[9] *Çelebi A.* İslâm'da eğitim–öğretim târihi.Çeviren prof. dr. Ali Yardim. 3-ü baski. Istanbul,1998. 384 s.

ojaklaryň taryhyna degişli çeşmeleriň beryän maglumatlary doly açylyp görkezilmändir. Hususan-da, bu meseläni Zeiniň ägirt uly bölegini tutýan tutuş musulman dünýäsi boýunça öwrenmekligiň özi hem şübhe döredýär. Bu ýerden hem A.Çelebiniň işinde berilýän maglumatlaryň kemterligi we üzlem-saplamlygy gelip çykýar. Mysal üçin, Seljuk imperiýasynyň ýokary wezipeli döwlet işgärleriniň we beýleki tanymal adamlarynyň Bagdatda döreden medreselerinden we kitaphanalaryndan A.Çelebi diňe Nyzam al-Mülküň bu şäherdäki «Nyzamyýasy» barada käbir maglumatlary habar beripdir[1], ýüzugra onuň Nişapurda[2] we Yspyhanda esaslandyran «Nyzamyýalaryny» agzap geçipdir[3]. Bu weziriň beýleki «Nyzamyýalary» barada diňe olaryň ýerleşen şäherleriniň atlaryny sanap geçmek bilen çäklenipdir[4]. Yslam ylmyny we medeniýetini ösdürmekde az rol oýnamadyk bu döwletiň beýleki ministrleriniň, alym-ruhanylarynyň olara meňzeş döreden edaralary barada awtor hiç hili maglumat bermändir.

Eger Nişapury göz öňünde tutmasaň, onda Orta Aziýanyň we Eýranyň seljuklar döwründäki medreseleri we kitaphanalary barada-da A.Çelebi dil ýarmandyr. Ol diňe samanylaryň Buharadaky kitaphanasyndan Abu Aly ibn Sinanyň[5] we Merwiň kitaphanalaryndan Ýakut al-Hamawynyň[6] peýdalanandyklaryny ýatlap geçmek bilen çäklenipdir. Iň bärkisi, kitaphanalaryň soňkulary barada awtor az-kem doly maglumatlary özüne elýeter bolan Ýakudyň «Mu'jam al-buldan» («Ýer-ýurt atlarynyň sözlügi») atly eseri esasynda berip biljek eken.

A.Çelebiniň «Bagdadyň «Nyzamyýasy» 1414-nji ýylda türkmen goşunlarynyň bu şähere giren mahallary derbi-dagyn edilipdir» diýen tassyklamasy bilen hem ylalaşmak mümkin däl. Şol döwürden ýarym müň ýyl öň musulman dinini kabul eden hem-de asyrlaryň dowamynda onuň duşmanlaryna – haç göterijilere we mongollara gahrymanlarça garşylyk görkezip gelen halkyň (XIII asyryň başynda Horezm döwletiniň türkmen hökümdary we goşun serkerdebaşysy Jelal et-Din Meňburnyň ýolbaşçylygyndaky göreşi ýada salalyň) yslamyň gymmatlyklaryna wagşyçylyk bilen hyýanat etmegi mümkin däl. Şonuň üçin A.Çelebiniň bu tassyklamasy onuň kitabynyň türk diline terjimeçisi A.Ýardimde geň galmak

[1] *Çelebi A.* İslâm'da eğitim–öğretim tarihi. S.9, 21, 84–85, 115, 121, 151, 170, 187, 202–204.
[2] *Çelebi A.*yni eser. S.45, 170, 251.
[3] *Çelebi A.* Ayni eser. S.303.
[4] *Çelebi A.* Ayni eser. S.85, 202.
[5] *Çelebi A.* Ayni eser. S.112.
[6] *Çelebi A.* Ayni eser. S.117

duýgusyny döredipdir. Ol öz terjimesinde çykgyt berip: «Awtor, megerem, bu ýerde bu «Nyzamyýany» mongollar derbi-dagyn edipdirler diýip aýtmak islän bolsa gerek»[1] diýip bellemeklige mejbur bolupdyr. A.Çelebiniň soltan Mälik şa öz weziri Nyzam al-Mülküň ölümini öňünden meýilleşdiripdir diýen çaklamasy hem ýokardakydan kem geňirgendirmeýär[2]. Ibn al-Jöwziniň we Ibn al-Esiriň eserlerinden onuň alan sitatalaryndan şeýle netije çykmaýar we olaryň şeýle teswirlenişine biz başga hiç ýerde duş gelmeýäris. Iň bärkisi, taryhyň soňky iki wakasyny beýan edeninde, A.Çelebi özüniň çeşmelerinden baş çykaryp bilmändir.

Nyzam al-Mülküň «Nyzamyýasyna» bagyşlanan gysgaça synymyzdan mälim bolşuna görä, onuň bilen bagly meseleler boýunça ylmy çekişmeler häzirki güne çenli dowam edip gelýär. Olaryň birisi – «Nyzamyýanyn» Bagdatda ýerleşen ýerini anyklamakdyr. Bu meseläni iň soňky sapar XX asyryň ortasynda biziň awtorymyz A.Çelebi öwrenipdir. Özüniň bu ugurda geçiren barlaglary barada ol şeýle diýip ýazypdyr: «Bu mesele bilen gyzyklanan alymlar [«Nyzamyýa»] medresäniň ýerleşen ýerini biragyzdan anyk görkezip bilmändirler, çünki oňa bölünip berlen ýeri basybalyjylar we talaňçylar eýeläp, olar ony öz ýer emläklerine birleşdiripdirler. Şonuň üçin hem meniň barlap çykan çeşmelerimde bu barada anyk maglumatlar berilmändir. 1950-nji ýylda Bagdatda bolan mahalym men onuň ýerleşen ýerini takmynan kesgitlemäge çalyşdym. Bu işde men doktor Mustapa Çewadyň we beýleki hoşniýetli yrakly alymlaryň kömegine daýandym. Bulardan başga-da bu meseläni anyklamaga käbir çeşmeleriň gysgajyk maglumatlary hem ýardam etdi. M.Çewad bilen bilelikde bu «Nyzamyýanyň» gurlan ýeri diýip güman edilýän ýere aýlanyp gördük, käbir köne zatlary we binalaryň ujypsyz galyndylaryny synladyk. Netijede, häzirki «Aýakgap bazary» (Sûk' ul-Haffâfîn) Bagdadyň «Nyzamyýasynyň» gurlan ýeri diýen karara geldik»[3].

A.Çelebi öz kitabynda bu medresäniň ýerleşen ýeriniň shemasyny hem getiripdir. Ol awtoryň pikirine görä, XII asyrda çekilen kinniwanja (miniatýura) kartasynda onuň görkezilişine kybapdaşdyr[4]. A.Çelebiniň bu kitabynyň neşir edilen wagtyndan ýarym asyr geçenden soň, beýleki bir eýran alymy Nur et-Din Kesai 1980-nji ýylda «Nyzamyýa medresesi, onuň

[1] *Çelebi A.* İslâm'da eğitim–öğretim târihi. S. 202. Dipnot 4.
[2] *Çelebi A* .Ayni eser. S. 301.
[3] *Çelebi A.*Ayni eser. S. 204.
[4] *Çelebi A* Ayni eser. S. 203.



Nyzam al-Mülküň Bagdatdaky «Nyzamyýa» medresesiniň XII asyryň kinniwanja kartasy boýunça ýerleşen ýeri

ylmy we jemgyýetçilik täsiri» atly kitabyny neşir edipdir[1]. Gynansak-da, ol häzirki güne çenli bize elýeterli bolman gelýär.

Şeýlelikde, indi iki asyra golaý wagt bäri öwrenilip gelinýändigine seretmezden, bu «Nyzamyýa» bilen bagly meseleleriň bir bölegi öňki döwürlerdäki ýaly heniz çözülmän galypdyr we olar boýunça çekişmeler dowam edýär. Hususan-da, onuň Bagdatda ýerleşen ýeri, kim tarapyndan we haçan ýok edilendigi, iň soňky ýyllarda onda saklanyp gelnen gymmat bahaly kitaplaryň ykbaly we beýlekiler nämälim bolup galýar. Şeýle bolansoň, diňe bir bu «Nyzamyýa» bilen bagly däl, eýsem, beýik soltan Alp Arslanyň döwründe Seljuk imperiýasynyň ýokary derejeli döwlet adamlary, şeýle-de Türkmenistanyň şol döwürdäki tanymal ruhany-alymlary tarapyndan Bagdatda we beýleki şäherlerde gurdurylan möhüm ylmy we medeni ojaklar baradaky maglumatlar Türkmenistanyň ylmynyň we medeniýetiniň taryhynda heniz öz beýanyny tapman gelýär.

3. Merwiň «Nyzamyýasy». Bu medrese we kitaphana Alp Arslanyň döwründe döredilen bolsa gerek. Emma ol barada Ýakyt al-Hamawynyň berýän maglumatlaryndan başga hiç zat belli däl[2]. N.Rahimi onuň jemagat kitaphanasy görnüşinde ulanylandygyny belläpdir[3].

[1] *Kesaýi Nuretdin.* Mädares Nizamiýe wa tasire an elmi wa ejtemai an. Tähran, 1358.

[2] Подробно о средневековых мервских библиотеках см.: *Язбердиев А.* Средневековые библиотеки Мерва // Изв. АН Туркм. ССР. Сер. обществ. наук.1988. №5. С.5–16. Эта статья была переведена и издана на разных языках. См.: *Язбердиев А.* Орта асыр Мерв китапханалары // ТДЭ.1993. № 3. С.42–46; № 4. С.34-38; *Ýazberdiyev A.* Eski Merv ve kütüphaneleri. -Ankara, 1998. 48 c.; *Ýazberdiyev A.* The Ancient Merv and its libraries // JAC.2000. Vol. XXYI. No.II. P. 137-157; *Ýazberdiyev A.* Libraries of Ancient Merv // JMS. 2000. Vol. 2 P.49-55; *Ýazberdiyev A.* Ketaphaneha-ýe gorun-e wosta-ýe Marw // Gozareş-e mah., 1385/2002. Sal-e duwwum. Şomare-ýe awwal. S.355-359; *Язбердиев А.* Средневековые библиотеки города Мерва и их основатели // Книга. Исслед. и материалы. М.,2010. Т. 93. С.62–79.

[3] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 130-njy sah.

VI. BEÝIK SOLTAN MÄLIK ŞANYŇ HÖKÜMDARLYK EDEN DÖWRÜNDE NYZAM AL-MÜLKÜŇ DÖREDEN «NYZAMYÝALARY»

Döwletimizde hiç hili nogsanlyga ýol berilmeli däldir, wezipeler ýaramaz ýerine ýetirilmeli däldir.

Mälik şa

Mälik şanyň (1072–1092) hökümdarlyk eden döwründe Seljuk döwleti özüniň ösüşinde Alp Arslanyň eýýamyndakydan hem has beýik sepgitlere ýetipdir. Wakalara döwürdeş çeşmeler imperiýanyň içerki we daşarky gurluşyny berkitmek boýunça Mälik şanyň alyp baran ägirt uly işlerinden habar beryärler[1]. Mälik şadan bir asyr soň ýaşap geçen ermeni taryhçysy Kirakos Ganzakesiniň ýazyşyna görä, bu hökümdar «juda gysga wagtyň dowamynda älem-jahany uruş we zorluk bilen däl-de, ynsanlara bolan söýgüsi we parahatçylyk bilen eýeläpdir»[2]. Ylmy we medeniýet babatynda aýdylanda bolsa, «Seljuklar döwründe amala aşyrylan medeni reformalaryň uly bölegi Mälik şanyň hökümdarlyk eden ýyllaryna düşýär»[3]. Bu soltan halyfatyň paýtagtynda «Togrul begiň şäherçesinde» öz köşgüni, ýany kitaphanaly juma metjidini (Djami as-sultan) gurdurypdyr[4]. Imperiýanyň dürli şäherlerinde okuw edaralarynyň (medreseleriň) we kitaphanalaryň giň ulgamyny döretmek boýunça Nyzam al-Mülküň alyp baran giň möçberli işleri we gazanan iň ýokary netijeleri hem şu döwre degişlidir. Gynansak-da, Bagdat bilen Nişapurdan başga onuň beýleki şäherlerde gurduran «Nyzamyýalary» barada çeşmelerde berilýän maglumatlar juda ujypsyz. Olaryň işläp başlan seneleri hem belli däl. Ýöne weziriň bu ugurdaky işleriniň önjeýli böleginiň Mälik şanyň döwründe berjaý edilendigini göz öňünde tutup, ol «Nyzamyýalar» 1072–1092-nji ýyllar aralygynda döredilipdir diýip ynamly aýdyp bileris. Aşakda olar barada bar bolan gysgajyk maglumatlary getiryäris.

1. Yspyhanyň «Nyzamyýasy». Yspyhan X asyrda Reýden soň Yrak bilen Horasanyň arasyndaky iň möhüm medeni merkez bolupdyr. Bu şäheriň şol döwürdäki kitaphanalary barada käbir maglumatlary getirmek

[1] Olar barada giňişleýin seret: *Агаджанов С.Г.* Государство Сельджукидов. С.102-111.

[2] *Гангдзакеци К.* История Армении /Пер.и коммент. Л.А.Ханларян. М., 1976. С. 89.

[3] *Бертельс Е.Э.* Избр.труды. [Т.1].М., 1960. С. 496.

[4] *Агаджанов С.Г.* Государство Сельджукидов. С. 103.

mümkin. 885-nji ýylda uly ýer eýesi bolan bir adam Yspyhanda özüniň kitaphanasyny esaslandyryp, oňa kitaplary satyn almak üçin 300 000 dirhem sarp edipdir[1]. Bu şäherde ilkinji juma metjidi Mälik şanyň döwründe gurlupdyr we onuň kitaphanasynda saklanýan kitaplaryň katalogy üç jiltden ybarat bolupdyr[2]. 1050-nji ýylda beýik soltan Togrul beg özüniň paýtagtyny ReýdenYspyhana geçiripdir[3]. Bu bolsa onuň has uly ylmy we medeni merkeze öwrülmegine oňyn täsir edipdir. Soňky döwürlerde bu şäherde beýik seljuk soltanlary Mälik şa[4], Muhammet (1105–1118) we beýlekiler ýaşapdyrlar we dünýäden ötenlerinden soň, bu ýerde jaýlanypdyrlar. Olaryň aramgähleri biziň günlerimize çenli saklanyp galypdyr. Soltan Muhammet özüniň gurduran medresesinde jaýlanypdyr.

Ol medrese XIV asyra çenli işläpdir[5]. Nyzam al-Mülküň Yspyhanda gurduran «Nyzamyýasy» onuň şeýle kysymly döreden edaralarynyň ilkinjileriniň biri bolupdyr. Oňa bu şäheriň şol döwürde döwletiň syýasy we medeni durmuşynda oýnan möhüm ähmiýeti güwä geçýär. M.Moiniň beryän maglumatlaryna görä, bu «Nyzamyýa» weziriň gurduran juma metjidiniň golaýynda ýerleşipdir. Onuň binasy diýseň uly we ajaýyp bolupdyr. Nyzam al-Mülk oňa 10 000 dinarlyk bag we ekerançylyk ýerlerini wakf edipdir. Bu «Nyzamyýanyň» kitaphasnasynda köpsanly gymmatly kitaplar saklanypdyr. Onuň ilkinji müderrisi orta aziýaly Sadr et-Din Hojendi diýen adam bolupdyr[6].

2. Hyradyň «Nyzamyýasy». Hyrat esasy söwda ýollaryndan çet gyrakda ýerleşýän hem bolsa, eýýäm Sasanylar döwründe (224–651) Horasanyň esasy şäherleriniň biri bolupdyr. Ol özüniň şeýle derejesini yslamyň ilkinji asyrlarynda-da saklap gelipdir. «Hyratda köp adamlar öz wagtlaryny hemişe metjitde geçirýärler. Horasanda şunuň ýaly başga şähere duş gelmek mümkin däl» diýip, W.W.Bartold bu barada al-Istahrynyň we Ibn Haukalyň beryän maglumatlaryny getiripdir[7]. Nyzam al-Mülk özüniň nobatdaky «Nyzamyýa» medresesini we kitaphanasyny bu şäherde

[1] *Khuda Bukhsh S.* Op. cit. P. 295; *Padover S.K.* Op.cit. P.354.

[2] *Бартольд В.В.* Соч. Т. VII. С. 171.

[3] *Агаджанов С.Г.* Государство Сельджукидов. С. 65-66.

[4] *Doguştan* günümüze büyük islam taryhy. Istanbul, Çilt 7. S. 142

[5] *Бартольд В.В.* Соч. Т. VII. С. 172.

[6] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 134-nji sah.; Şeýle-de seret: *As-Subki.* Tabaqat. Vol. IV. P. 96; *Makdisi G.* Mus-lim institutions of learning. P. 44. Moin Muhammed. Ferheng-i farsi.Jeld-e şeşim. 134-nji sah.;

[7] *Бартольд В.В.* Соч. Т. VII. С. 73.

esaslandyrypdyr. M.Moiniň we N.Rahiminiň beryän maglumatlaryna görä, ol timurlylar nesilşalygynyň soňky hökümdarlarynyň şalyk süren döwürlerine, ýagny XV asyryň ahyryna çenli saklanyp galypdyr. Bu «Nyzamyýada» meşhur şahyr Abdyrahman Jamy (1414–1492) okapdyr we oňat bilim alypdyr, beýik Alyşir Nowaýy bolsa onuň binasynda abatlaýyş we rejeleýiş işlerini geçirip, talyplary okadar ýaly iki sany alym-müderrisi belläpdir. Bu «Nyzamyýada» gymmatly taryhy çeşmeler bilen bir hatarda, edebi eserler hem saklanypdyr. Olardan Hyradyň ylmy jemgyýetçiligi peýdalanyp gelipdir[1].

3.Balhyň «Nyzamyýasy». Balh (gadym döwürlerde Baktry) Horasanyň iň gadymy we möhüm medeni merkezi, pygammer Zoratuştranyň taglymatynyň ilkinji kabul edilen ýeri bolupdyr. 999-njy ýylda Samanylaryň döwleti ýykylandan soň, ol Mahmyt Gaznawynyň paýtagt şäherleriniň biri bolupdyr. Balhyň kitaphanalary bu hökümdaryň basyp alan ýurtlarynda saklanýan kitaplaryň hasabyna baýlaşypdyr[2]. Bu şäher, hususan-da, Nyzam al-Mülküň öz gulluk wezipesine başlan ýeridir. Ol onuň taryhyndan we ýerleşişinden doly habarly bolupdyr. Bu ýagdaýlar weziriň öz «Nyzamyýalarynyň» birini bu şäherde döretmeginiň esasy sebäpleri bolan bolsa gerek. N. Rahiminiň bellemegine görä, onda köpsanly kitaplar saklanypdyr, olardan müderrisler we talyplar peýdalanypdyr. Bu «Nyzamyýada» bilim alan tanymal şahslaryň biri meşhur şahyr hem epistolýar žanryň ussady Reşit-ed-Din Watwatdyr (1089–1178)[3]. Soň ol uzak wagtlap horezmşa Atsyzyň (1127–1156) diwanhanasynyň ýolbaşçysy bolup işläpdir. Balhyň «Nyzamyýasy» XII asyryň ortasynda oguzlaryň gozgalaňy döwründe weýran edilipdir diýip hasap edýärler[4].

4. Basranyň «Nyzamyýasy». Ol Nyzam al-Mülküň Yrakda gurduran «Nyzamyýasynyň» ikinjisi bolupdyr. Bu «Nyzamyýa» barada biz çeşmelerde heniz ujyply maglumatlara duş gelmedik.

5. Mosulyň «Nyzamyýasy». Bu şäher Yragyň möhüm welaýaty hem-de medeni merkezleriniň biri bolupdyr. Onda X asyrda hem ajaýyp kitaphanalar işläpdir. Nyzam al-Mülküň hem özüniň bu ýurtdaky «Nyzamyýalarynyň» üçünjisini bu şäherde döredipdir[5].

[1] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 130-njy sah.

[2] *As-Subki.* Tabaqat. Vol. II. P. 99.

[3] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 130-njy sah. *Janbekow K.* Reşideddin Watwatyň edebi mirasy // Miras. 2011. № 1. S. 51.

[4] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 127-nji sah.

[5] *As-Subki.* Tabaqat. Vol. IV. P. 321

6. Amulyň «Nyzamyýasy». Nyzam al-Mülküň Tabarystanda döreden bu ylmy ojagy barada-da diňe as-Subkynyň «Tabakatynda» maglumat berlipdir[1].

7. Damaskyň «Nyzamyýasy». Bu ylmy ojak barada-da diňe as-Subkynyň ady tutulan eserinde maglumat berlipdir. Ol Nyzam al-Mülküň Siriýada esaslandyran ýeke-täk «Nyzamyýasydyr».

VII. NYZAM AL-MÜLK WE ONUŇ «SYÝASATNAMA» KITABY

Nyzam al-Mülk «Syýasatnama» atly döwleti dolandyrmagyň ýollaryna bagyşlanan ajaýyp kitabyň awtorydyr. Bu kitap oňa uzak ýyllap wezirlik eden gullugyndan az şan-şöhrat getirmändir. E.Braunuň belleýşine görä, ol «pars dilinde proza bilen ýazylan eserleriň iň gymmatlysy we gyzyklysydyr»[2]. Bu eserini wezir ömrüniň ahyrynda ýazypdyr. Hususan-da onuň döredilmeginiň esasy sebäpkäri Mälik şanyň özi bolupdyr. Beýik hökümdar şeýle kitaby ýazmak boýunça döwletiň derejeli hem tanymal adamlaryny ýanyna çagyryp, olaryň arasynda bäsdeşlik yglan edipdir. Bu barada Nyzam al-Mülküň eserini ilkinji bolup, Mälik şanyň kitaphanasy[3] üçin göçüren Muhammet Magribi şeýle diýip ýazypdyr: «Bagtyýar soltan Abu Fath Mälik şa ibn Muhammet, onuň ýatan ýeri ýagty bolsun, dört ýüz segsen dördünji ýylda (1091–1092-nji ý.ý.) döwletiň meşhur adamlarynyň, pähim-paýhasly gojalarynyň we akyldarlarynyň käbirlerini ýanyna çagyryp, olara şeýle tabşyryk berdi: «Goý, siziň her biriňiz döwletimiz hakda oýlansyn; biziň asyrymyzda nähili nogsanlyklar özüne ýer

[1] *As-Subki.* Tabaqat. Vol. IV. P. 321; *Makdisi* Muslim institutions of learning. P.44.

[2] *Browne E.* A Literary History of Persia. Vol. II. P.214.

[3] Beýik soltan Mälik şanyň kitaphanasy barada diňe «Syýasatnamanyň» tekstiniň deslapky göçürilişi bilen baglylykda ýatlanylyp geçilýär. Bu kitaby ors diline terjime eden prof. B.N.Zahoder bu barada şeýle diýip ýazypdyr: «1091-nji ýylda Nyzam al-Mülk Mälik şanyň tabşyrygy boýunça, bäsdeşlik esasynda, häzirki döwürde aýdylyşyna görä, traktat ýazypdyr. Bu traktaty Mälik şa makullapdyr. Şondan soň awtor ony ýene bir gezek üýtgedipdir. Bu sapar ol öz eserine diňe birnäçe baplary goşmak bilen çäklenmän, eýsem, ähli baplaryň düzümini hem giňeldipdir. 1092-nji ýylda Bagdada ugramagynyň öň ýanynda Nyzam al-Mülk eserini *soltanyň kitaphanasynyň* (sözleriň kursiwi biziňki – A.Ý.) hatdady Muhammet Magribe tabşyrypdyr we ol nepis edilip göçürilensoň, onuň golýazmasyny nähili edip Mälik şa gowşurylmalydygynyň düzgünlerini düşündiripdir. Muhammet Magribi döwrüň howsalaly hadysalary hem-de onuň awtorynyň ýolda wepat bolanlygy sebäpli, weziriň buýrugyny wagtynda ýerine ýetirmäge «dogumlylyk» edip bilmändir. Ol onuň ýazylan döwründen 13–14 ýyl geçenden soň, ýagny Muhammet ibn Mälik şanyň tagta çykan döwründe bu eser barada, «habar» beripdir». (*Низам ал-мульк.* Указ соч. С.244). Mälik şanyň hususy kitaphanasy barada çeşmelerde berlen beýleki maglumatlara biz duş gelmedik.

alypdyr, oňa seretmezden, köşk-eýwanymyzda, diwanhanamyzda, döwlet kabul edişliklerimizde we mejlislerimizde nämeler berjaý edilýär; biziň nazarymyzdan nämeler sypyp gizlin galýar, bizden öňki hökümdarlaryň nähili borçlary bolupdyr we olar öz wezipelerini nähili ýerine ýetiripdirler, bu meselelerde biziň berjaý etmeýän zatlarymyz nämelerden ybarat; seljuklaryň döwletine we şalygyna degişli öňki hökümdarlaryň edim-gylymlarynda we düzgünlerinde nämeler bolupdyr, bular barada ýazyň. Mundan beýläk dini we dünýewi işler öz düzgünleri boýunça berjaý ediler ýaly, her bir borjy amal etmek we ähli nogsanlyklary ortadan aýyrmak we bu wajyp meseleler barada oňatja pikirlenip, olar barada perman çykarmak üçin öz teklipleriňizi beriň. Şan-şöhratly, ähli zatlary berjaý ediji beýik Taňry haýyr-yhsan işleri amala aşyrmaklygy öňümizde wezipe edip goýup, duşmanlarymyzy dep edip, bu dünýä erk etmekligi bize bagyş etdi. Döwletimizde hiç hili nogsanlyga ýol berilmeli däldir, wezipeler ýaramaz ýerine ýetirilmeli däldir ýa-da bizden hiç zat ýaşyryn galmaly däldir»[1]. Beýik soltan Mälik şanyň pähim-paýhasdan doly bu resmi tabşyrygy, özüniň mazmuny we ruhubelentligi, döwlet gurluşy, dolandyrylyşy we olar bilen berk bagly ylma, bilime howandarlyk etmek boýunça nusga alarlyk derejede görelde görkezen sasany patyşalary Ardaşir I-den (224–241) başlap, tä Hosrow I Anuşirwanyň (531–578) hökümdarlyk eden döwrüne çenli kabul edilen permanlaryny biygtyýar ýadyňa salýar. Mälik şanyň döwlet dolandyrylyşyna degişli kitap ýazmaklygy teklip eden adamlarynyň arasynda wezir Nyzam al-Mülk, beýleki ýokary derejeli we wezipeli adamlardan Şerep al-Mülk, Täç al-Mülk (Nyzam al-Mülk wepat bolandan soň, ol onuň ornuna wezir bellenipdir), Mejd al-Mülk we beýlekiler bolupdyrlar. Olaryň her haýsysy bu mesele boýunça öz eserlerini ýazypdyr. Mälik şa bu kitaplardan diňe Nyzam al-Mülküň ýazan «Syýasatnamasyny» oňlapdyr we ol barada şeýle diýipdir: «Bu kitabyň baplary halys meniň ýüregime jüňk edilip ýazylypdyr, olaryň üstüne goşar ýaly zat ýok. Ol meniň ýankitabym bolar we men onda ýazylyşyna görä hereket ederin»[2]. Bu deliller, elbetde, beýik soltan Mälik şanyň biçak ylymly hem okumyş hökümdar bolandygyna doly şaýatlyk edýärler. Kitabynyň tekstini döwletiň hökümdary makullandan soň, Nyzam al-Mülk ony soltanyň kitaphanasy üçin täzeden göçürmäge hatda-da tabşyrypdyr[3].

[1] *Низам ал-мульк.* Указ. соч. С. 7.
[2] *Там же.* С. 8.
[3] *Там же.* С. 8.

VIII. XI ASYRDA TÜRKMENISTANYŇ BEÝLEKI TARYHY ŞAHSLARYNYŇ BAGDATDA DÖREDEN MEDRESELERI WE KITAPHANALARY

1. Şerep al-Mülküň Abu Hanyfa ybadathana medresesi we kitaphanasy. Bagdatda özüniň medresesini we kitaphanasyny guran tanymal taryhy şahslaryň biri, beýik soltanlar Alp Arslanyň, Mälik şanyň we wezir Nyzam al-Mülküň ýakyn egindeşi, Seljuk imperiýasynyň otuz ýyllap maliýe ministri (mustaufisi), soňky döwürlerde baý täjir[1], gelip çykyşy boýunça türkmen, hoja Ymad et-din Abu Seýit Şerep al-Mülk Muhammet ibn Mansur ibn Muhammet al-Horezmidir. Nisbasyndan görnüşine görä, ol Köneürgençde doglup, bu ýerde ýokary bilim alypdyr we uly döwlet işgäri bolup ýetişipdir. Ar-Rawendi Şerep al-Mülk al-Horezmä Seljuk döwletiniň «iň meşhur wezirleriniň biri» diýip baha beripdir[2]. Şahyrlaryň emiri Muezzi onuň şanyna öwgüli goşgulary ýazypdyr[3]. Öz gezeginde, A.Ykbal orta asyr taryhçysynyň we şahyrynyň pikirlerini tassyklap, onuň «atly-abraýly, sahawatly, haýyr--yhsan işlerini köp eden, ylymly-sowatly hem juda gurply adam bolandygyny» nygtapdyr[4]. Onuň halyfatyň paýtagtynda özüniň ylmy ojaklaryny gurdurmagyna aşakdaky ýagdaý sebäp bolupdyr. 1067-nji ýylyň Sapar aýynyň 12-sinde[5] soltan Alp Arslan özüniň gymmatbahaly sowgatlaryny, bir sany nepis Gurhany we resminamasyny halypa al-Kaime (1031–1075) gowşurmak üçin Şerep al-Mülki ilçi edip Bagdada ýollapdyr. Bu ýere gelenden soň, ol seljuklaryň beýik weziri Nyzam al--Mülküň bu şäherde şapygylar üçin gurduryp başlan ajaýyp «Nyzamyýa» atly medresesiniň we kitaphanasynyň binasyny görüpdir. Ondan täsirlenip, ol hem Bagdatda şeýle kysymly edaralary hanafy mezhebini tutýanlar üçin gurdurmagyň bada-bat kül-külüne düşüpdir we salymyny bermän olaryň gurluşygyna başladypdyr. Şerep al-Mülküň özi hem bu mezhebi tutýan adamlaryň biri bolupdyr. Ol öz binalaryny hanafy mezhebini esaslandyryjy Abu Hanifanyň (699–767) mazarynyň üstüne mawzoleý gurdurmakdan başlapdyr.

[1] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P.29.
[2] *Rawendi.* Görkezilen eser. 1-nji j. S.300.
[3] Olar barada seret: *Abbas Ykbal.* Wezarät. 50-nji sah.
[4] *Abbas Ykbal.* Wezarät. 54-nji sah.
[5] *Abbas Ykbal.* Wezarät.54-nji sah.

Palestinaly meşhur taryhçy Abu-l-Faraj Abd ar-Rahman ibn al-Jauzi (1114–1200)[1] özüniň şol döwrüň alym ruhanylaryna bagyşlanan «al-Muntazam fi tarih al-mülük wa-l-umam» («Hökümdarlaryň we halklaryň taryhynyň jemleýji ýygyndysy») atly juda gymmatly eserinde ol we Şerep al-Mülküň gurduran beýleki binalary barada şeýle maglumat beripdir:

«Hormatly ady Şerep al-Mülk (ýagny patyşalygyň wyždany) bolan Abu Seýit Mustaufi (ýagny maliýe ministri) 1067-nji ýylda [Bagdatda] Abu Hanyfa[2] ybadathanasyny gurdurypdyr. [Ady tutulan ymamyň] mazarynyň üstüni [gymmatbahaly daş] plitalar bilen örtdüripdir, ybadathananyň ýokarsynda gümmez, golaýynda medrese bina etdiripdir. Onda hukukşynaslyk ylmyny öwrenýän talyplar we bellenen hak alyp ders berýän müderrisler ýaşaýarlar»[3].

Seljuklar barada juda gymmatly maglumatlary özünde jemleýän «Zubdat an-nusra» («Kitaplaryň gaýmagy») atly eseriniň awtory Abul Fath ibn Aly ibn Muhammet al-Bundary (XIII a.) bu ylmy ojaklar barada şeýle maglumat beripdir:

«Şerep al-Mülk Abu Seýit, wezir Nyzam al-Mülküň adamlarynyň eýýäm (Bagdatda «Nyzamyýa») medresesini gurup başlandyklaryndan habarly bolup, ol hem bar bolan mümkinçiliklerinden peýdalanyp [bu ýerde], edil şoňa meňzeş binany, ýagny hanafy mezhebini tutýanlar üçin ybadathanany we medresäni gurdurypdyr. Binalar Abu Hanyfanyň (goý, Alla oňa rehmet etsin!) mazarynyň golaýynda, (Bagdadyň) Bab al-Tag mähellesinde ýerleşýär. Onuň bu eden işiniň öwezine Allatagala oňa zyýarat edilýän ýeri bagyş edipdir»[4].

Şeýlelikde, Şerep al-Mülküň ybadathana medresesi Nyzam al-Mülküň «Nyzamyýasy» bilen bir döwürde, ýagny XI asyryň 60-njy ýyllarynyň ikinji ýarymynda, has takygy, 1067-nji ýylyň dowamynda gurlupdyr. Ol

[1] Ol barada seret: *Крачковский И.Ю.* Избр. соч. Т. IV. С.501, 506.

[2] Abu Hanyfa (699–767) – Yragyň Kufa şäherinde doglup, şol ýerde hem dünýäden ötüpdir. Ol musulman dininiň dört mezhebiniň birini esaslandyryjydyr. Yrakda ýüze çykan bu taglymat IX–X asyrlarda Orta Aziýa we Eýrana giňden ýaýrapdyr, Osman imperiýasynda ol döwlet dini diýlip yglan edilipdir. Hanafy mezhebinde musulman dininiň düýp meseleleri we hadyslar teswirlenýär. Bu meselelerde hanafylar dürli garaýyşlara, şol sanda iudeýleriň we hristianlaryň nukdaýnazarlaryna hem çydamly garapdyrlar, şahsy pikirlere hormat goýupdyrlar. Türkmenler musulman dinini kabul edip alan gününden başlap, häzirki döwre çenli hanafy mezhebine uýup gelýärler.

[3] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P.19.

[4] *Ibid.* P.20.

«Nyzamyýanyň» bina edilip ugralan wagtyndan soň başlanyp, ondan öň gutarylypdyr. Bu ýagdaýy göz öňünde tutup, käbir alymlar Şerep al-Mülküň gurduran medresesiniň Nyzam al-Mülküňkiden kiçiräk bolmagynyň mümkindigini çak edipdirler. Tersine, K.E.Boswortyň belleýşine görä, çeşmelerde seýrek ýatlanyp geçilýändigine seretmezden, Şerep al-Mülküň Bagdatdaky medresesi we kitaphanasy, şübhesiz möhümligi boýunça, Nyzam al-Mülküň bu şäherdäki meşhur «Nyzamyýasy» bilen deň derejedäki» ylmy ojak bolupdyr[1]. Bu ýerde diňe, opponentimiziň garşysyna, Şerep al-Mülküň bu medresesi we kitaphanasy barada çeşmelerde ýeterlik derejede maglumatlaryň berilýändigini aýtmalydyrys.

XI asyrda Bagdatda bolup geçen wakalaryň döwürdeşi hem-de onuň taryhyny ýazan Abu Aly ibn Bannanyň[2] (1005–1079) berýän gymmatly maglumatlaryna görä, Şerep al-Mülküň medresesiniň ilkinji müderrisi Abu Tahyr Ylýas ibn Nasr ibn Ybraýym al-Deýlemi bolupdyr[3]. 1069-njy ýylda ol dünýäden ötenden soň, ony öz okadan medresesinde («where he used to teach») jaýlapdyrlar. Aradan iki hepde geçenden soň, (1069-njy ýylyň 29-njy aprelinde) bu ybadathana medresesine Nur etdin Abu Talyp al-Hüseýin ibn Muhammet ibn Aly az-Zeýnebi müderris bellenipdir we ol bu wezipede ömrüniň ahyryna (1118-nji ýylyň 3-nji iýunynda ýogalypdyr) çenli 52 ýyl bäş aýyň dowamynda işläpdir[4]. Az-Zeýnebiden soň hem bu medresede köpsanly alym müderrisler işläpdir. Ýöne, Ibn al-Bannanyň eserinde we beýleki çeşmelerde olar barada maglumatlar berilmändir[5].

Nyzam al-Mülküň we Şerep al-Mülküň gurduran medreseleri birmeňzeş okuw mekdebi bolsa-da, olaryň biri-birinden tapawutly taraplary hem bolupdyr. Abu Hanyfa medresesinde Gurhanyň hökmany aýatlarynyň dogry okalyşyna ýörite ymam gözegçilik edipdir. Şeýle-de, bu ybadatha-

[1] *Bosworth C.E.* Op. cit. P.73–74.

[2] Ol barada giňişleýin seret: *Makdisi G.* Autograph Diary fo an eleventh-century historian of Bagdad-I // BSOAS. 1956. Vol. XVIII. Pt. I. P.9–31.

[3] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P.17, 22. G.Makdisi ol barada şeýle maglumat beripdir: «[Deýlemi] hanafy mezhebi boýunça iki sany [XI] asyryň hukukşynaslary Seýmarynyň we Abu Abdylla al-Demaghanynyň [degişlilikde, 1045-nji we 1085-nji ýyllarda ýogalypdyrlar] okuwçysy bolupdyr. Ybadathana medresesine [müderris] bellenmezinden öň ol Wasit şäherinde fikhden ders beripdir, [Bagdatda] Jamy al-Mansuryň müderrisi bolupdyr we öz mugallymy Seýmarynyň hususy metjidinde-medresesinde professorlyk edipdir» (*Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P.22).

[4] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P.22–23.

[5] *Ibid.* P.23.

na medresesi diňe bir talyplaryň okadylýan ýeri bolman, eýsem, hanafy mezhebiniň şol döwürde ýaşap geçen meşhur ulamalarynyň jaýlanýan mukaddes ýerine öwrülipdir. Nyzam al-Mülküň «Nyzamyýasynda» beýle zatlar bolmandyr[1].

Abu Hanyfa medresesiniň öz kitaphanasy bolupdyr. M.A.Kasymynyň berýän maglumatlaryna görä, ol onuň gurduran medresesinde ýerleşipdir we bütin Yrakda şeýle kysymly okuw edarasynyň ilkinjisi bolupdyr. Bu ýerde irki orta asyrlar döwrüniň awtorlarynyň eserleriniň uly toplumy jemlenipdir. Onuň gymmatlyklarynyň biri – Ibn Bundar Kazwininiň (1095-nji ýylda ýogalypdyr) Gurhana ýazan 300–400 ýa-da hatda 700 jiltden ybarat teswirnamasy bolupdyr. Musulman dinini kabul eden hristian lukmany Abu Aly Ýahýa ibn Isa ibn Jazla al-Tebip (1100-nji ýylda ýogalypdyr) Şerep al-Mülküň kitaphanasyna özüniň baý kitaplar toplumyny sowgat beripdir[2].

Bu kitaphanada gulluk eden we onuň kitaplarynyň sanawyny (ýa-da katalogyny) düzen kitaphanaçylaryň käbirleriniň atlary hem bellidir. Abd al-Eziz ibn Aly ibn Abu Seýit al-Horezmi şeýle adamlaryň biridir. Ol bu medresede ýaşapdyr, 1172-nji ýylda talyplara hadyslardan ders beripdir we şol bir wagtyň özünde, kitaphananyň müdiri bolup işläpdir[3]. Bu medresäniň we kitaphananyň XII asyrdan soňky döwürlerdäki ykbaly barada çeşmelerde maglumat berilmändir. Şonuň üçin hem M.A.Kasymynyň bu ylmy ojaklaryň häzirki döwre çenli (ýagny 942 ýylyň dowamynda) saklanyp gelendigini tassyklamagy juda gyzyklydyr. Megerem, bu ýagdaýa Şerep al-Mülküň gurduran binalarynyň musulmanlar üçin mukaddes ýer hasaplanýan Abu Hanyfanyň aramgähiniň golaýynda ýerleşmegi sebäp bolandyr. Ýöne, M.A. Kasymynyň belleýşine görä, bu kitaphanada bir mahallar saklanyp gelen gymmatbahaly kitaplardan nam-nyşan galmandyr[4].

Beýik soltan Alp Arslanyň hökümdarlyk eden döwründe onuň wezirlerinden başga-da, tanymal ruhany alymlar hem özleriniň medreselerini we kitaphanalaryny döredipdirler.

2. Abu Bekr aş-Şaşynyň medresesi we kitaphanasy. Abu Bekr Muhammet ibn Ahmet al-Kaffal aş-Şaşy, soňky nisbasyndan görnüşine görä, gelip çykyşy boýunça orta aziýaly (daşkentli) meşhur alym bolupdyr. «Al-Kaffal» («Gulpçy») atly ikinji lakamy onuň hünärmen ussalygy, ýagny

[1] *Ibid.* P.22.
[2] *Ibid.* P.21.
[3] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P.22.
[4] *Qasimi M.A.* Op. cit. P.7.

bary-ýogy ýarym gram agramy bolan kiçijik hem täsin gulpy ýasanlygy üçin oňa berlipdir. Ol Abu Ishak Şirazynyň partadaşy al-Kazerunydan hukukşynaslyk ylmy boýunça tälim alan aş-Şaşy Mawerannahrda şapygy taglymatyny janypkeş ýaýradyjy bolupdyr. XI asyryň 60-njy ýyllarynyň başynda aş-Şaşy Bagdada gelipdir we bu ýerde Ibn as-Sabbahyň ýolbaşçylygynda okuwyny dowam etdiripdir. Soň öz mugallymlary aş--Şirazy we as-Sabbah ýaly aş-Şaşy «Nyzamyýa» medresesinde müderris bolup işläpdir. Aş-Şaşynyň şapygy mezhebi boýunça öz döwrüniň görnükli fakihi we ymamy bolandygyny we bu taglymaty özleşdirmekde we wagyz-nesihat etmekde Mawerannahrda oňa taý geljek alymyň ýokdugyny Abu-l-Fida hem belläpdir[1]. G.Makdisi onuň adyny bu ýokary okuw mekdebinde ders beren meşhur şafiý müderrisleriň arasynda tutup geçipdir[2] As-Subkiniň beýän maglumatyna görä, aş-Şaşy Bagdadyň gündogarynda Kara Zafar mähellesinde özüniň kiçeňräk medresesini gurdurypdyr (acquiring a college of his own). Onda şafiý mezhebi boýunça talyplary okadypdyr. Onuň medresesiniň ýanynda kitaphana hem işläpdir[3]. Aş-Şaşy 1114-nji ýylda dünýäden ötüpdir we özüniň mugallymy Abu Ishak aş--Şirazynyň mawzoleýinde jaýlanypdyr[4].

3. «Täjiýe» medresesi we kitaphanasy. Bu ylmy ojagy Mälik şanyň maliýe ministri (mustaufi) Taç al-Mülk Abul Ganaim al-Marzban ibn Hosrow Firuz Bagdadyň Bab Abraz mähellesiniň golaýynda döredipdir[5]. Ol hem, Nyzam al-Mülk ýaly şafiý mezhebine uýupdyr we öz medresesini bu şäheriň bu mezhebi tutýan ilaty üçin niýetläpdir. Täç al-Mülk döwlet işlerinde Nyzam al-Mülküň esasy bäsdeşi hem ganym duşmany bolupdyr. Ol onuň öldürilmegini gurnapdyr[6] we Nyzam al-Mülk wepat bolandan soň, Mälik şa ony onuň ornuna belläpdir. Ýöne oňa bu ýokary derejeli wezipede uzak wagtlap işlemek we Nyzam al-Mülk ýaly giň möçberde magaryfçylyk işlerini alyp barmak miýesser etmändir. Aradan bary-ýogy

[1] Abu Bekr aş-Şaşy barada giňişleýin seret: *Ан-Несеви.* Жизнеописание султана Джелал ад-Дина Менгбурны. Баку, 1973. С. 64, 311. Прим. 2. (Bu alymyň lakamyny Z.M.Buniýatow «an-Nasawi» görnüşinde ýazypdyr).

[2] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P. 41.

[3] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P. 25.

[4] *Ibid.* P. 26.

[5] *Ibid.* P. 25.

[6] *Bosworth C.E.* Op. cit. P. 70.

bir ýyl geçenden soň, 1093-nji ýylda Taç al-Mülki Nyzam al-Mülküň tarapdarlary (gulamlary) öldüripdir[1].

Ibn al-Esiriň bellemegine görä, «Täjiýe» medresesi 1087-nji ýylda gurlup başlanypdyr we 1089-njy ýylda tamamlanypdyr[2]. Şeýlelikde, ol hem edil Nyzam al-Mülküň «Nyzamyýasynyň» gurluşygy ýaly, iki ýyllap dowam edipdir. Bu medresäniň we onuň kitaphanasynyň dabaraly açylyşy 1089-njy ýylyň 3-nji aprelinde bolup geçipdir[3]. Täç al-Mülk hem Nyzam-al-Mülk ýaly öz medresesi bilen bagly meseleleri özi çözüpdir we onuň ilkinji müderrisi edip ýokarda ady tutulan Abu Bekr aş-Şaşyny belläpdir. Ol talyplara özüniň ilkinji leksiýasyny medresäniň açylan güni okapdyr. Aş--Şaşy bu medresede 1089–1110-njy ýyllar aralygynda işläpdir. Ömrüniň ahyrky ýyllarynda (1111–1114) ol «Nyzamyýa» medresesinde özüniň müderrisligini dowam etdiripdir.

Ýokarda Şeref al-Mülkiň mysalynda görşümiz ýaly Täç al-Mülk hem haýyr-yhsan binalaryny gurdurypdyr. Ol Aby Ishak aş-Şirazynyň türbesini (mawzoleýini) saldyrypdyr, onuň mazarynyň üstüni gymmatbahaly daş plitalar bilen örtdüripdir. 1114-nji ýylda aş-Şaşy dünýäden ötenden soň, ony bu türbäniň içinde, özüniň mugallymy Aby Yshak aş-Şirazynyň mazarynyň ýanynda jaýlapdyrlar.

Aş-Şaşynyň ogly, Abu Muhammet Abdylla ibn Muhammet aş-Şaşy öz kakasynyň ýolbaşçylygynda hukukşynaslyk ylmyny öwrenipdir we «Täjiýe» medresesinde şafiý mezhebiniň hukuk dersini okatmak we yslam dinini wagyz-nesihat etmek boýunça belli müderris bolupdyr. Abu Muhammet aş-Şaşydan öň bu medresede meşhur Abu Hamyt al-Gazalynyň dogany Abyl Futuh al-Gazaly at-Tusy (1126-njy ýylda ýogalypdyr) müderris bolup işläpdir. Abu Muhammet aş-Şaşy 1134-nji ýylda dünýäden ötenden soň, ony hem Abu Ishak aş-Şirazynyň mawzoleýinde öz kakasynyň ýanynda jaýlapdyrlar. Şeýlelikde, Täç al-Mülküň medresesi, Şeref al--Mülküň «Abu Hanyfa» ybadathana medresesine kybapdaş okuw mekdebi bolupdyr. Soňky medresede hanafy mezhebine degişli tanymal müderrisler jaýlanyp gelnen bolsa, «Täjiýe» medresesinde şafiý mezhebine degişli meşhur müderrisler özlerine baky mesgen tapypdyrlar. Netijede, soňky

[1] *Низам ал-мульк.* Указ. соч. С.313. Прим. 64; *Агаджанов С.Г.* Указ. соч. С.104.

[2] *Makdisi G.* Muslim institutions of learning. P.25. N.9.

[3] *Ibid.* P.26.

döwürlerde bu medrese hem «Abu Hanyfa» medresesi ýaly adamlaryň zyýarat edýän ýerine öwrülipdir.

«Täjiýe» medresesiniň kitaphanasynda gymmatly kitaplar saklanypdyr. Onuň hazynasy ony esaslandyryjy Täç al-Mülküň goýberen serişdelerine satyn alnan we beýleki tanymal adamlaryň sowgat beren kitaplarynyň hasabyna baýlaşypdyr. «Täjiýe» medresesi özüniň açylan gününden başlap, ýarym asyryň dowamynda ilata hyzmat edip gelipdir. Onuň 1134-nji ýyldan soňky ykbaly barada hiç zat belli däl.

IX. BEÝIK SOLTAN SANJAR WE KITAPHANALAR

Soltan Sanjar Horasan welaýatynyň ikinji Aleksandr Makedonskisidir.

W.A. Žukowskiý

Beýik Soltan Sanjar 1117-nji ýylda Beýik Seljuk imperiýasyna höküm-darlyk edip başlan hem bolsa, kakasy Mälik şanyň ölüminden soň (1092-nji ýyl), tä özüniň dünýäden öten gününe (1157-nji ýyl) çenli bolan 65 ýyllyk aralygy taryhda, adatça, «Sanjaryň eýýamy» diýip atlandyrýarlar[1]. 1096-njy ýyldan, ýagny Soltan Sanjaryň Horasanyň emiri edilip bellenen gününden başlap, ol seljuklaryň şa neberesinde iň täsirli, iň görnükli döwlet adamy bolupdyr. Basym öz nebere agzalarynyň tagt üçin biri-birini öldürip, özbaş-dak ownuk şalyklara bölünip başlamaklary netijesinde imperiýanyň üstüne abanan dargap gitmek howpunyň öňüni alypdyr. Ol paýhasly hem gaýduwsyz hereketleri bilen uzak wagtlap ägirt uly imperiýany dolandyrypdyr. Ar--Rawendiniň belleýşine görä, «hökümdarlyk eden döwrüniň uzynlygy we amala aşyran ajaýyp işleri boýunça Sanjar beýleki ähli Seljuk patyşalaryny özünden yzda galdyrypdyr»[2]. Seljuk imperiýasyny giňeldip, berkidip, ýokary derejä ýetiren Soltan Sanjaryň döwründe döwletiň içinde ykdy-sady we sosial ösüşler dowam edipdir. Soltan Sanjar «ylmy söýen we poeziýany, şahyrlary goldaýan meşhur patyşa bolupdyr. Şoňa görä köp ýerlerden Sanjaryň köşgüne şahyrlar ýygnanypdyrlar»[3]. XII asyryň birinji

[1] *Browne E.G.* Literary history of Persia. Vol. II. P.297.

[2] *Browne E.G.* Literary history of Persia. Vol. II. P.297.

[3] *Мередов А.* Селжуклар дөврүниң эдебиятының тарыхындан. А., 1968. S.13.



Soltan Sanjar Türkmen we onuň Merwdäki aramgähi

ýarymynda ýaşap geçen meşhur älemşynas we matematik Abu-l-Fath Abd al-Rahman al-Hazini özüniň «az-Zij as-Sanjary al-mu'tabar» («Sanjaryň oýlanyşykly tablisasy») atly eserini Soltan Sanjaryň şanyna bagyşlapdyr[1]. Hökümdaryň özi hem pars dilinde şygyr ýazmak bilen meşgullanypdyr. Beýik Soltan Sanjaryň öz döwletini dolandyrmakda, onuň ylmyny, medeniýetini we edebiýatyny ösdürmekde bitiren ajaýyp işlerini göz öňünde tutup, orta asyrlar döwrüniň taryhçylary we häzirki zaman alymlary oňa biragyzdan «Ikinji Aleksandr Makedonskiý» ýa-da «Horasanyň Aleksandr Makedonskisi» diýen hormatly ady dakypdyrlar[2]. Bu at orta asyrlar döwrüniň hökümdarlarynyň ýetjek bolup dalaş eden arzuwly derejesi bolupdyr[3]. Emma oňa Merkezi Aziýada beýik Soltan Sanjardan başga mynasyp bolan hökümdar bolmandyr.

[1] *Крачковский И.Ю.* Избр. соч. Т. IV. С. 108–111. Ol gelip çykyşy boýunça greklerden ýesir alnan gul bolupdyr we ykbalyň gerdişine görä Merwe gelip düşüpdir. Bu ýerde hojaýyny oňa oňat bilim berip, azatlyga goýberipdir.

[2] *Жуковский В.А.* Развалины Старого Мерва. С. 29.

[3] Şeýle hökümdarlaryň biri horezmşa Muhammet /1200–1220/ bolupdyr. Emma ol bu derejä ýetip bilmändir. Seret: *Ан-Несеви.* Указ. соч. С. 65, 313.

Soltan Sanjar Samarkantda Muhammet pygammeriň doganoglany Ku-sama ibn Abbas ibn Abd al-Mutallibiň mazarynyň golaýynda medrese gurdurypdyr. Ol bu şähere goşun serkerdesi Seýit ibn Osman bilen bilelikde 676-njy ýylda gelipdir diýip çak edýärler. Soltan Sanjaryň gurduran bu binasy «Resamanyň medresesi» adyny göteripdir. Onuň ýanynda kitaphana hem bolupdyr. Baburyň döwründe (1482–1530) ol pars dilinde «Mazar-i şah» («Şanyň mazary») ady bilen belli bolupdyr. Häzirki döwürde oňa «Şah zinda» («Diri şa») diýilýär we ol köpleriň zyýarat edýän ýerine öwrülipdir[1].

Türkmenistanyň çäklerinde Seljuklar döwrüniň ajaýyp kitaphanalary, esasan, onuň paýtagt şäherleri Merwde we Köneürgençde gülläp ösüpdir. Ol ylmy ojaklar öz işlerini tä musulman ýurtlaryny mongollar basyp alýança dowam edipdirler.

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С. 142–143.

V BAP

MERWIŇ ORTA ASYRLAR DÖWRÜNIŇ KITAPHANALARY WE OLARY ESASLANDYRYJYLAR

Beýleki hiç bir şäher alymlaryň, dürli meşhur hem-de tanymal adamlaryň özünden gelip çykyşynyň sanynyň köplügi boýunça Merw bilen deňleşip bilmez.

W.A. Żukowskiý

Orta asyrlar döwründe Merwde dünýäniň iň ajaýyp kitaphanalarynyň ýüze çykmagynyň sebäbine düşünmek üçin bu şäheriň Merkezi Aziýanyň we tutuş musulman dünýäsiniň taryhynda, ylmy we medeni durmuşynda oýnan möhüm ähmiýetine gysgajyk göz aýlamaly bolýarys.

Merw (Türkmenistanyň häzirki Mary şäheri) dürli döwürlerde Mouru, Margu, Marguş, Margiana, Aleksandriýa, Selewkiýa, Antiohiýa, Merw, Mary ýaly atlar bilen çeşmelerde duş gelýär. Olaryň ilkinji üçüsi bu şäheriň ýa-da şäher döwletiniň gadymy ýerli atlary bolup, onuň Margiana ady gadymy Marguşyň, soňky döwürlerdäki Merwiň grekçeleşdirilen görnüşidir. Olardan soňky üçüsi bu ýurdy basyp alan grek hökümdarlarynyň atlary bilen baglylykda dakylypdyr. Ýöne hökmürowan wagt bu mesele boýunça özüniň werzişini çykarypdyr. Oňa laýyklykda bu şäheriň gadymy atlarynyň ählisi diýen ýaly taryhda galypdyr, onuň diňe ýerli Merw we Mary atlary biziň günlerimize çenli saklanyp galypdyr. Merw Merkezi Aziýanyň çäklerinde ýerleşýän şäherleriň iň gadymylarynyň biridir. Baktriýa (has gadymy ady Badhi, Baktri, soňra Balh) bilen bir hatarda Merwiň we onuň bilen adybir ýurduň atlary ýazuw çeşmelerinde has irki eýýamlardan bäri gabat gelýärler.

Awestada Mouru atly ýurt ýatlanylýar. Bu mukaddes kitabyň «Widewdat» («Döwlere garşy kanun») atly 19-njy kitabynyň 1-nji fragradynda (babynda) dünýä döräp, ýeriň ýüzünde adamzat nesli ýüze çykandan soň, ýokary hudaý Ahura Mazdanyň döreden on alty sany ýurdunyň atlary

sanalyp geçilýär. Olaryň üçünjisi Mourudyr, ýagny Merwdir. Hususanda, Awestada bu barada şeýle diýilýär[1]: «Men, Ahura Mazda, üçünjiden, ýaşaýşa iň amatly ýerlerden we ýurtlardan Aşa[2] bilen bagry badaşan Mouruny döredendirin. Şol mahal bada-bat onuň garşysyna betpäl Anhra-Manýu «maryduny» we «witumuny»[3] döredipdir»[4].

Awestadan soň Merwiň ady tutulýan ikinji iň gadymy çeşme ahemeni patyşasy Dariý I-niň Bisütün ýazgysydyr. Onda Merwiň ady Marguş görnüşinde tutulýar[5].

Merwiň Margiana görnüşindäki şäher we ýurt hökmündäki ady, oňa m.ö. IV asyrdan, ýagny Eýrany we Orta Aziýany Aleksandr Makedonskiniň goşunlarynyň basyp alan döwründen soň, grek ýazyjylary tarapyndan dakylypdyr. Diodor, Strabon, Pliniý, Kwint Kurtsiý, irki hristian awtorlary öz eserlerinde Merw barada dürli maglumatlar beripdirler.

Merwiň taryhy we medeni durmuşy has doly we has anyk orta asyr musulman awtorlarynyň işlerinde beýan edilipdir. Olarda şäheriň örän gadymy döwürde döredilendigi bellenip geçilýär. Hususan-da, Merwiň iň gadymy içki galasyny, Gäwürgalany ahemeniler eýýamyndan has irki döwürlerde Eýranyň we Orta Aziýanyň gadymy halklarynyň Keýumersden we Huşengden soňky üçünji mifiki patyşasy Tahmurasyň, şäheriň soňky köne bölegini Isgender Zülkarneýiniň (Aleksandr Makedonskiniň) bina etdirendigi nygtalýar. Köne Merw selewkiler eýýamyna çenli Isgender Margianasy diýlip atlandyrylypdyr. Selewki hökümdarlary Margianada öz häkimiýetlerini berkitmek üçun düýpli çäreleri amala aşyrypdyrlar. Olardan Antioh 1 Soter (280–261) Murgap düzlüginiň mes toprakly ýerleriniň «hasyllylygyna geň galyp»[6] Margiananyň töweregine, ony daşarky duşmanyň çozuşlaryndan goramak üçin ägirt uly diwar aýladypdyr. Ol Orta Aziýada

[1] *Авеста в русских переводах.* (1861–1996).С.71; Awesta / Türkm. diline terj. eden A.Ýazberdiýew // Türkmen arhiwi. Ýörite neşir. A., 2007. C.35

[2] Soňky döwürlerde Arta älemde we Ýeriň ýüzünde adalatlylygyň we tertip-düzgüniň hudaýy hasaplanypdyr.

[3] Bu sözleriň manysy anyk belli däl. Olary I.S.Braginskiý (*Брагинский И.С.* Указ. соч. М., 1972.С.48.) we S.P.Winogradowa (Авеста в русских переводах. С.71) «günäli aýgyr» diýip terjime edip, sorag belgisini goýupdyrlar.

[4] *Awesta.* («Widewdat» – «Döwlere garşy kanun») / Ors we iňlis dillerinden terjime eden we sözbaşy ýazan t.y.d., prof. A.Ýazberdiýew. A., 2004. S.60; *Awesta* // Türkmen arhiwi.Ýörite neşir. 2007. S.1–66.

[5] *Ýazberdiýew A.* Dariý I-niň Bisütün ýazgysy // Garagum. 2004. № 9. S.147.

[6] *Бартольд В.В.* Соч. Т. III. С.102.

gurlan şeýle desgalaryň ilkinjisi we iň ulusy bolupdyr. Strabonyň (XI,10) beryän maglumatlaryna görä, onuň uzynlygy 1500 stadiýadan, ýagny 250 kilometrdende geçipdir[1]. Diwar orta asyrlar döwründe «ar-Reý» diýlip atlandyrylypdyr. Onuň üstki sudurlary X asyryň birinji ýarymynda, belli arap alymy we geografy Abu Ishak al-Faris al-Istahry (850–934) Merwe gelen döwründe heniz mese-mälim bildirip duran eken[2].

Antioh I Isgender Margianasyny öz kakasynyň hatyrasyna Selewkiýa Margianasy, soň bolsa öz adyny mahabatlandyrmak üçin Antiohiýa diýip atlandyrypdyr[3]. W.W. Bartold Antioh 1-niň geçiren dikeldiş işlerini göz öňünde tutup, «Selewkileriň döreden Merw şäherine soňky döwürlerde ajaýyp durmuş garaşýardy» diýip belläpdir[4]. Şonuň bilen birlikde, ol nemes gündogarşynasy J.M.Hartmanyň (1764–1827) «Gündogar welaýatlary, has dogrusy, künçleri Merwden-Samarkantdan-Hyratdan-Balhdan ybarat bolan trapesiýa [iki tarapy ugurdaş, beýleki iki tarapy biri-birine gabat gelmeýän dörtburçluk – A.Ý.] musulman Aziýasynyň günbatar bölegine «hemişe we ähli babatlarda» özüniň teşneligi gandyryjy we janlandyryjy täsirini ýetiripdir. Şonuň üçin ýaş yslam ilkinji günlerinden başlap, bu demirgazyk – gündogara özüniň iň gowy güýçleri üçin minnetdardyr» diýen sözlerini hem setirläpdir[5]. Alymlaryň gelen netijeleriniň esasynda Merwiň orta asyrlar eýýamynda Orta Aziýanyň we Eýranyň, hatda tutuş musulman dünýäsiniň halklarynyň ylmy we medeni durmuşlarynda oýnan ägirt uly we iňňän möhüm roly durupdyr.

Eýranyň we Orta Aziýanyň çäklerinde musulman eýýamyndan öň ýüze çykan, soň beýik imperiýalara öwrülen Ahemeni, Parfiýan we Sasany döwletleriniň durmuşynda hem Merwiň tutýan orny juda uly bolupdyr. Oňa bu döwletleriň demirgazyk-gündogarynda ýerleşen sarsmaz galasy, möhüm medeni merkezi hökmünde seredipdirler. Onuň şeýledigini bolup geçen wajyp taryhy wakalar tassyklaýarlar. Olardan diňe iki sanysyna salgylanyp göreliň. M.ö. 331-nji ýyl-

[1] Bu barada giňişleýin seret: *Вязигин С.А.* Стена Антиоха Сотера вокруг древней Маргианы // Тр.ЮТАКЭ. А., 1949. Т. 1. С.260–275.

[2] *Вязигин С.А.* Указ. соч.С.176; *Жуковский В.А.* Развалины Старого Мерва. С.19.

[3] *Массон М.Е.* Новые данные по древней истории Мерва (из работ ЮТАКЭ) // ВДИ.1951. № 4. С.93.

[4] *Бартольд В.В.* Соч. Т. VII. С.424.

[5] Bu sebitiň halklarynyň öz aralaryndan al-Faraby, Ibn Sina, al-Biruni, Ibn Ruşd ýaly musulman dünýäsiniň iň beýik alymlaryny orta çykarandygy göz öňünde tutulýar. Bu barada, şeýlede, seret: *Бартольд В.В.* Соч. Т. VI. С.153; Т. VII. С.417.

da Ýewfrat deryasynyň gündogarynda ýerleşen Gawgamel obasynda bolan aýgytly söweşde Aleksandr Makedonskiniň goşunyndan gutarnykly ýeňlen iň soňky ahemeni patyşasy Dariý III Kodoman (336–330) ýüzüni Margiana we Baktriýa tarap tutup duşmandan gaçypdyr. Emma ol Merwe ýetip bilmändir. Ýolda, Ekbatanyň eteginde, ony Ahemeni döwletini duşmandan ýeňlişe sezewar edenligi üçin Baktriýanyň satrapy[1] Bessiň ýolbaşçylygynda beýleki satraplar dil düwşüp, öldüripdirler.

Bu wakadan dokuz asyra golaý wagt geçenden soň, Sasany döwletiniň iň soňky patyşasy Ýezdigert III (632–651) 642-nji ýylda Nehawendiň eteginde araplardan düýpli ýeňlenden soň, ol hem Horasana gaçypdyr. Dariý III-den tapawutlylykda, Ýezdigert III Merwe gelip ýetipdir. Ýöne Merwiň häkimi Mahuýe dönüklik edip, onuň öňünden şäheriň derwezesini ýapypdyr. Ýeke-täk we goragsyz galan patyşa Murgap deryasynyň kenaryndaky bir kilwanyň harazhanasyna barypdyr. Kilwan Ýezdigerdiň gymmatbahaly gyzyl-kümüşler bilen jäheklenen geýim-gejimine gözi gidip, ony uklap ýatan mahaly öldürip ahli zatlaryny alypdyr we jesedini deryа oklapdyr. Bu iki beýik döwletleriň hökümdarlarynyň özlerine Horasandan, hususan-da, Merwden gaçybatalga gözlemekleri ýöne ýerden bolmandyr.

1. MERWIŇ YSLAMDAN ÖŇKI DÖWÜRDÄKI MEDENI DURMUŞY

Dünýäniň islendik künjeginde iň gadymy döwürlerde adamzat nesliniň medeni we edebi oýanyşyklary, dini taglymatlaryň ýüze çykyşlary bilen baglanyşykly peýda bolupdyr. Türkmenistanda-da bu şeýle bolupdyr. Türkmenleriň ýazuw we edebi medeniýetiniň taryhy, edil Eýranyň we Orta Aziýanyň beýleki halklarynyňky ýaly, öz gözbaşyny zoratuştraçylyk taglymatynyň mukaddes kitaby Awestadan alyp gaýdýar.

XX asyryň ahyrynda, XXI asyryň başynda köp ýyllaryň dowamynda Günorta-Gündogar Türkmenistanda düýpli gazuw-agtaryş işlerini alyp baran W.I.Sarianidi, özüniň ele salan maddy ýadygärlikleriniň esasynda, bu sebitde «dünýäde ilkinji döwletiň»[2] ýüze çykandygyny we onuň

[1] Ahemeni döwleti 23 sany Satrapiýadan ybarat bolupdyr. Parfiýa (onuň düzümine Merw hem giripdir) bu döwletiň 16-njy Satrapiýasy bolupdyr. Bu döwlet bölünişiklerini satraplar dolandyrypdyrlar.

[2] *Сарианиди В.* Маргуш. Древневосточное царство. С.47.

Garagumuň ortasynda ýerleşen paýtagty Goňurdepede zoratuştraçylyk dininiň ilkinji ybadathanalaryna kybapdaş Togalak 21 ybadathanasynyň üstüniň açylandygyny belläpdir[1].

Türkmenistanyň parfiýan eýýamyndaky edebi durmuşy barada çeşmelerde anyk maglumatlar berlipdir. Hatda şol döwürde ýazylan eserlerden biziň döwrümize çenli gelip ýetenleri hem bar. Olaryň döredilen ýeri Merw şäherinden üzňelikde bolmadyk bolsa gerek. Biz bu ýerde, ilkinji nobatda, parfiýan eýýamynda Awestanyň täzeden göçürilen tekstini ýatlap bileris. Ol medeni taryhymyza, adatça, «Arşaky Awestasy» ady bilen giripdir. Bu mukaddes kitabyň tekstiniň bu saparky göçürilişi, hususan-da, onuň täzeden dikeldilişi parasatly parfiýan patyşasy Wologez I (51–78 ý.ý.) ady bilen baglanyşyklydyr. Zoratuştraçylyk taglymatynyň soňky döwürlerde döredilen kitaplarynda, bu at iň soňky ahemeni patyşasy Dariý III-niň (336–330) hökümdarlyk eden döwründen soň, ikinji gezek Awestanyň tekstini täzeden neşir ediji hökmünde bellidir.

2. MERWIŇ YSLAM DÖWRÜNDÄKI MEDENI DURMUŞY

Merw ägirt uly döwletiň paýtagty we uly ylmy we medeni merkezi derejesine musulman eýýamynda ýetipdir. Taryh oňa şol döwürde Orta Aziýanyň, Eýranyň we Ýakyn Gündogaryň syýasy durmuşynda musulman dünýäsiniň beýleki şäherleriniň hiç biriniň ýerine ýetirip bilmedik möhüm wezipelerini bagyş edipdir. Araplaryň öňbaşçysy bu şäheri özüne paýtagt edinip, ýuwaş-ýuwaşdan Türküstanyň jümmüşine aralaşypdyr we bu sebite yslam dinini ýaýradypdyr. Şol döwürden başlap Merwiň abraýy tutuş musulman dünýäsi üçin artyp ugrapdyr. IX asyryň belli geografy Abu Bekr Ahmet ibn Muhammet ibn al-Fakih Merw şäherini «Medinat Horasan», ýagny Horasanyň paýtagty diýip atlandyrypdyr[2]. Şol döwrüň beýleki meşhur alymlary Merw hakynda ýazanlarynda, adatça, onuň adyna «Şajan», şanyň halaýan ýeri, «Şajahan», jahanyň şasynyň oturýan ýeri ýaly epitetleri goşupdyrlar[3]. Bu atlar, megerem, al-Mamunyň Merwde halypa bolup oturan döwründen (813–817) başlap dakylyp ugran bolsa ge-

[1] *Там же.* С. 169–173; şeýle-de seret: *Сариниди В.* В пустыне Каракумы//Знание – сила. 1987. № 8. С. 99.

[2] *Булгаков П.Г., Вахабова Б.А.* Указ.соч. С. 44.

[3] *Жуковский В.А.* Развалины Старого Мерва. С. 16.

rek. Şeýle-de, alymlar Merwe «dünýäniň diregi»[1], «Yslamyň gümmezi»[2] ýaly atlary hem dakypdyrlar. Merw yslamyň ilkinji asyrlarynda Horasanyň, soň, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, gysga wagtlaýyn hem bolsa, tutuş Halyfatyň paýtagty bolupdyr. Bu şäher özüniň geografik taýdan ýerleşişi boýunça täze yslam dinini ýaýratmak üçin «tebigy suratda esas bolup, araplar Türküstanyň jümmüşlerine özleriniň hökmürowanlygyny şol ýerden amala aşyrypdyrlar»[3].

3. MERWIŇ ORTA ASYRLAR DÖWRÜNIŇ KITAPHANALARY

Musulman dünýäsiniň beýleki sebitlerinde bolşy ýaly, Merwde-de yslamdan öňki döwürde kitaphanalaryň bolandygy barada anyk maglumatlarymyz ýok. Bu şäherde bu medeni ojaklaryň VII asyrdan başlap ýüze çykyp ugrandygy barada käbir delilleri getirmek mümkin. Merwiň ilkinji kitaphanasy barada arap dilşynasy we taryhçysy Ahmet ibn Abu Tahyr Taýfur (819–983) özüniň «Bagdadyň taryhy» atly eserinde habar beripdir. Häzirki zaman alymlarynyň pikirine görä, ol öz işlerinde «hakyky taryhy maglumatlary getirmek bilen tanalypdyr»[4]. Onuň Merw barada berýän habarlaryna laýyklykda, iň soňky sasany patyşasy Ýezdigert III-de araplaryň yzarlamalaryndan gaçyp, 651-nji ýylda Merwe gelen mahaly, ol öz ýany bilen Sasany döwletiniň paýtagt we beýleki merkezi şäherleriniň köşklerinde we hazynahanalarynda saklanyp gelnen pehlewi dilinde ýazylan gadymy hem gymmatly golýazmalaryň (olaryň sany 1000-den gowrak bolupdyr) tutuş bir kitaphanasyny bu ýere getiripdir. Patyşanyň bu ajaýyp hereketi, elbetde, Sasany döwletiniň hökümdarlarynyň ähli sine diýen ýaly mahsus bolan, ylma we medeniýete penakärlik etmek däbinden habar berýär. Şeýle pajygaly wakalar döwründe Ýezdigert III-niň döwletiň iň gymmatly genji-hazynasy hökmünde golýazma kitaplary öz ýany bilen alyp gaýtmagy hem-de tä ömrüniň ahyrky pursatlaryna çenli olary gorap saklamagyň aladasyny etmegi onuň asylly hereketleriniň biridir.

Ýezdigert III-niň Merwe getiren golýazmalary bu şäheriň orta asyrlardaky meşhur kitaphanalarynyň esasyny tutupdyr diýip alymlar hasap ed-

[1] *МИТТ.* T. I. C.191.

[2] *Жуковский В.А.* Развалины Старого Мерва. С.33.

[3] *Жуковский В.А.* Развалины Старого Мерва. С.10.

[4] *Беляев В.И.* Арабские источники по истории туркмен и Туркмении. // МИТТ. Т. I. С.13.

ýärler[1]. W.W.Bartold ýokarda agzalan pehlewi dilindäki golýazmalaryň Merwde IX asyryň başynda, al-Mamun ibn ar-Reşidiň bu şäherde halypa bolup oturan döwründe (813–817-nji ýý.) heniz saklanyp gelendigini, ýöne olaryň XIII asyryň başynda, meşhur alym Ýakut al-Hamawynyň (1179–1229) bu ýerde «ýaşan döwründe [1216–1219-njy ý.ý.] bolupmy ýa-da mongol basybalyjylarynyň çozuşlaryndan has irräkki döwürlerde ýitirilipmi, ýa-da ýok, bu barada hiç zat belli däl» diýip nygtapdyr[2]. Bu kitaplaryň ykbaly barada şeýle pikir etmek hem mümkindir. Türkmenistanda we Orta Aziýanyň beýleki sebitlerinde yslam dininiň düýpli ornaşmagy netijesinde özleriniň gadymy ata-baba otparazçylyk dininiň bu sebitde mundan beýläk dowam etmeginiň mümkin däldigine doly göz ýetiren we onuň mukaddes kitaplarynyň bütinleý ýitip gitmeginiň öňüni almagy niýet edinen pygamber Zoratuştranyň taglymatynyň ýanbermez tarapdarlary şol döwürde Horasandan (Merwiň we Maşadyň töwereklerinden) Hindistanyň günbataryndа ýerleşen Güjerat ştatyna tutuş oba-il bolup VIII asyryň ortasynda göçüp giden mahallary[3], olar Ýezdigert III-niň Merwe getiren golýazmalaryny täze mekanlaryna alyp giden bolmaklary ähtimaldyr[4]. Her halda, XVIII asyrda zoratuştraçylyk dininiň mukaddes kitaplary (Awesta we beýlekiler) Ýewropa ýer böleginiň alymlary üçin üsti açylan mahaly, olaryň golýazmalarynyň ilkinji gezek ele salnan ýeri Hindistanyň ady tutulan ştaty bolupdyr.

Ýezdigert III-niň Merwe getiren pehlewi dilindäki golýazmalar toplumyny göz öňünde tutmasaň, onda zoratuştraçylyk dininden yslama geçiş döwründen (VII–IX asyrlardan), Beýik Seljuk döwletiniň esaslandyrylan eýýamyna çenli, bu şäherde kitaphanalaryň bolandygy barada-da anyk bir zat aýtmak kyn. Çeşmelerde olar barada hiç hili maglumat berilmeýär. Ikinji tarapdan, eýýäm IX asyryň başynda, halypa al-Mamunyň Merwde höküмdarlyk eden döwründe, Orta Aziýanyň medeni merkezlerinde dünýä belli meşhur alymlaryň ýaşandyklaryny we döredijilik işleri bilen meşgul bolandyklaryny göz öňünde tutup (olaryň bir toparyny bu halypa özüniň paýtagtyny

[1] *Мец А.* Мусульманский Ренессанс. М., 1966. С.148.

[2] *Бартольд В.В.* Соч. М.,1966. Т. IV. С.195.

[3] Ol barada giňişleýin seret: *Иностранцев К.* Переселение парсов в Индию и мусульманский мир в половине VIII века // ЗВОРАО. 1915. Т. XXIII. Вып. I-II. С.133–166.

[4] Olaryň şol göçe-göçlük döwründe Awestanyň iň gadymy böleklériniň biri bolan «Farwardin Ýaşty» öz ýanlary bilen alyp gidenligi barada maglumatlar bar. Seret: *Modi J.J.* A few events in the early history of the Parsis and their dates. Bombay, 1903. P.9. No.2.

817-nji ýylda Merwden Bagdada geçiren mahaly alyp gidipdir), bu sebitde, şol sanda Merwde hem musulman kitaphanalarynyň IX asyryň başyndan başlap ýüze çykyp ugrandyklaryny ynamly çak etmek mümkin. Owgan alymy Gubar Mirgulam Muhammediň ýazyşyna görä, Merwde Samanylar eýýamynda (875–999) kitaphanalar bolupdyr, ýöne ol özüniň bu pikirini tassyklaýan anyk delilleri getirip bilmändir[1]. Her halda, musulman dünýäsinde, orta asyrlar döwründe ylmyň we medeniýetiň ösmegine ägirt uly goşant goşan meşhur kitaphanalaryň ýüze çykmagy, täze kysymly okuw mekdebiniň – medresäniň[2] döredilmegi bilen bagly bolupdyr. Her bir medresäniň gapdalynda kitaphanany döretmek däp bolupdyr. Bu ylmy ojaklaryň kitap gaznasy, ilkinji nobatda, olary esaslandyran adamlaryň goýberýän maliýe serişdeleriniň, ikinji tarapdan, dürli adamlaryň ömürleriniň ahyrynda olara sowgat beren kitaplarynyň hasabyna yzygiderli baýlaşypdyr. Şeýle-de, Merwde şol dowürde kitapha-nalaryň tutuş bir ulgamynyň ýüze çykmagynyň sebäbine düşünmek üçin Horasanda medrese atly ýokary okuw mekdebiniň deslap peýda bolan ýerleri we olaryň basym bu welaýatyň ähli künjeklerine ýaýraýşy barada gysgaça durup geçmeli bolýarys.

4. MEDRESELER WE OLARYŇ GELIP ÇYKYŞY

Meşhur arapşynas A.Mesiň (1869—1917) belleýşine görä, musulman dünýäsiniň gündogar bölegi «alymlar üçin behişdi ýer» bolupdyr[3]. Şonuň üçin musulman okuw mekdepleriniň ösüş ýoly (ewolýusiýasy) hem bu sebitde bolup geçipdir. IX asyryň ahyryna çenli metjitler ýokary bilim berýän ýeke-täk okuw mekdepleri bolupdyrlar. Olarda geçilýän dersleriň mowzuklaryny ýazdyrmak ýoly bilen okatmak (imla) talyplara bilim bermegiň ýokary derejesi hasaplanypdyr[4]. Emma bu usul X asyrda eýýäm ylmyň ösüşiniň talabyny kanagatlandyrmandyr. Şeýle-de bolsa, ol şol

[1] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 204-nji sah.

[2] G.Makdisiniň belleýşine görä, «medrese» sözi *drs* sözkökünden gelip çykypdyr. Bu sözköki musulman hukukşynaslygy (fikh) manysyny aňladypdyr. Fikh sapagy ders diýlip atlandyrylypdyr. Onuň okadylýan ýerine medrese, fikhi okadýanlara müderrisler diýipdirler. *Drs* sözkökünden başga-da birnäçe adalgalar gelip çykypdyr. Olar barada seret: *Makdisi G.* Muslim Institutions of learning. P. 10–12. W.W.Bartold «medrese» sözüniň semitllerden gelip çykandygyny belläpdir (*Бартольд В.В.* Сочинения. М., 1964. Т. II. Ч. 2. С.430).

[3] *Мец А.* Указ. соч. С.145.

[4] *Там же.* С.151.

asyryň ortasyna çenli dini dersleri okadýan ruhany-alymlaryň arasynda dowam edip gelipdir, ýöne olar hem basym ondan el çekmeli bolupdyrlar. X asyrdan başlap musulman hukukşynaslygyny (fikhi) we käbir beýleki dersleri çeşmeleri teswirlemek ýoly, ýagny dil üsti (tadris) bilen okadyp başlapdyrlar. Bu bolsa, öz gezeginde, musulman dünýäsinde täze möhüm ýokary okuw mekdebiniň – medresäniň giňden ýaýramagyna getiripdir. A.Mesiň pikirine görä, onuň döredilmeginiň esasy sebäbi şol döwürde tadris bilen ýakyn baglanyşyklylykda musulman alymlary tarapyndan geçirilip başlanan ylmy çekişmeleri bolupdyr. «Metjit bolsa olary geçirmek üçin amatly okuw jaýy bolmandyr»[1]. Şeýle-de, bu alym ilkinji medreseler XI asyryň başynda Nişapurda ýüze çykypdyr diýip belläpdir[2]. Emma bu şäherde medreseleriň eýýäm X asyrda işländigi, üstesine-de Nişapuryň bu okuw mekdebiniň ilkinji ýüze çykan ýeri bolmandygy soňky döwürleriň ylmy barlaglary tassyklapdyr[3]. Medrese baradaky iň irki maglumaty X asyryň taryhçysy Nerşahy özüniň «Buharanyň taryhy» atly eserinde habar beripdir. Ol 937-nji ýylda bu şäherde bolan uly ýangyn barada ýazyp, onda zyýan çeken binalaryň hatarynda «Farjegiň medresesini» hem ýatlap geçipdir[4].

Medreseleri we olaryň ýany bilen kitaphanalary, adatça, döwletiň ýokary derejeli adamlary, tanymal alymlar, ruhanylar, baý täjirler öz hususy serişdeleriniň hasabyna gurdurypdyrlar. Döwlet tarapyndan döredilen ilkinji medresäni soltan Mahmyt Gaznewi (997–1030) esaslandyrypdyr diýlip hasap edilýär. Ol onuň gapdalynda juma metjidini hem bina etdiripdir. Bu wakalaryň döwürdeşi hem-de belli döwlet işgäri Abu Nasr al-Utbiniň (961–1022) «Tarihi al-ýemini» atly kitabynda beýän maglumatlaryna görä, bu medresäniň okuw okadylýan auditoriýalaryndan beýleki ähli jaýlary onuň kitaphanasyna berlipdir. Olar kitaplardan hyryndykyn doly bolupdyr. Müderrisler medresede ýaşamandyrlar, olar oňa diňe sapaklaryny okadan mahallary gelipdir. Şeýle-de, soltan Mahmydyň dogany emir Nasr hem şol döwürde Nişapurda özüniň medresesini gurdurypdyr[5].

[1] *Мец А.* Указ. соч. С.151.

[2] *Там же.* С.152.

[3] *Бартольд В.В.* Сочинения. М., 1966. Т. VI. С.621.

[4] *Description* topographique et historique de Boukhara par Mohammed Nerchakhy, suivie de texts à la Transoxiane. Texte persan publié par Ch. Schefer. Paris,1892. P.93; Нершахи. История Бухары. Пер. Н.Лыкошина. Ташкент, 1897. С.118.

[5] *Бартольд В.В.* Соч. М., 1964. Т. II. С.431–432.

Basym medreseler Orta Aziýanyň we Eýranyň günopta-gündogar böleginiň dürli şäherlerinde peýda bolup ugrapdyrlar. Medreseleriň sany aýratyn hem Balh welaýatynda köp bolupdyr. Abul Fazl Beýhakynyň (996–1077) berýän maglumatlaryna görä, bu welaýata degişli diňe Hutalýan şäherinde olaryň sany ýigrimiden geçipdir[1]. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, medreseleriň bu sebitde ilkinjileriň hatarynda ýüze çykmagy we olaryň sanynyň barha artmagy tötänleýin bolmandyr. Balh buddaçylyk taglymatynyň agalyk sürýän ýerleri bilen goňşulykda ýerleşen welaýat bolupdyr. Şonuň üçin Balhda, Nişapurda we bu sebitiň beýleki şäherlerinde peýda bolan ilkinji medreseler bu diniň ybadathanasy – wiharanyň täsiri astynda ýüze çykypdyr. J.Ribera (1858–1934) XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başynda musulman Ispaniýasynda bilim ulgamynyň ýüze çykyşy we gurnalyşy bilen gyzyklanyp, basym ol bu meseläni umumymusulman çäklerinde öwrenip ugrapdyr, köp ýyllaryň dowamynda oňa degişli çeşmeleri toplapdyr[2]. Netijede, J.Ribera «Gündogaryň musulman ýurtlarynda okuw ulgamynyň guralyşy» atly iş ýazypdyr. Gutarylman galan bu eserinde awtor medrese atly ýokary okuw mekdebi özüniň gözbaşyny Nişapuryň X asyrdaky ylmy we medeni edaralaryndan alyp gaýdýandygy baradaky netijä gelipdir.Bu şäheriň medeniýetine Uzak Gündogaryň buddaçylyk taglymatynyň okuw edaralarynyň täsir edendigini ilkinji bolup bellän alymlaryň biri bolupdyr. «Yslamyň Gündogar ýurtlarynyň okuw edaralary ýerli medeni ösüşiň netijesi bolmandyr. Ol Uzak Gündogaryň gadymy döwletleriniň, hususan-da, oňa [Merkezi Aziýa] has golaý ýerleşen Hytaýyň iki sany birmeňzeş edaralaryna öýkünme ýa-da olaryň nusgasy görnüşinde ýüze çykypdyr. Bu öýkünme araçy siwilizasiýalaryň, aýratyn hem pars siwilizasiýasynyň, üsti bilen berjaý edilipdir» diýip, bu alym belläpdir[3]. J.Riberäniň bu mesele boýunça gelen netijesi häzirki zaman ylmynyň gazananlaryndan daşda däldir. A.Mes Beýik Seljuk döwletiniň meşhur weziri Nyzam al-Mülküň (1063–1092) Bagdatda esaslandyran «Nyzamyýa» atly ajaýyp medresesiniň we kitaphanasynyň[4] ýüze

[1] *Бартольд В.В.* Сочинения. М., 1964. Т. II. Ч. 2. С.431.

[2] *Крачковский И.Ю.* Избр. соч. М. -Л., 1958. Т. V . С.309.

[3] Там же. С.309.

[4] Bu ýerde Seljuk döwletiniň weziri Nyzam al-Mülküň döreden ajaýyp kitaphanasy barada gürrüň gidýär. Ol kitaphana barada giňişleýin seret: *Ýazberdiýew A.* Beýik Seljuk soltanlarynyň weziri Nyzam al-Mülk we onuň döreden medreseleri we kitaphanalary // Türkmen arhiwi. 2009. A., 2009. C.130–178.

çykyşyny, öz gezeginde, Nişapuryň X asyrdaky ylmy ojaklarynyň ýetiren täsiri bilen baglanyşdyrypdyr. «Çeşmeleriň ähli maglumatlary şeýle kysymly okuw edaralaryň watanynyň şol döwürde Gündogar ylmylygynyň merkezi bolan Nişapura syrygýandygyny görkezýär» diýip, ol nygtapdyr[1]. W.W.Bartoldyň hem medreseleriň gelip çykyşy boýunça çykaran netijeleri ýokardakylaryňka meňzeş bolupdyr. «Mälim bolşuna görä, yslam bu sebitlerde [ýagny musulman dünýäsiniň gündogarynda – A.Ý.] buddaçylyk dininiň agalygyna duş gelipdir. Bu zatlaryň ähliniň esasynda musulmanlaryň medresesi üçin buddaçylaryň wiharasynyň (buthanasynyň – A.Ý.) nusga bolup hyzmat edendigine şübhelenip bolmasa gerek. Medrese sözüniň «wihara» (parsça راخب ýa-da راهب) manysynda ýa-da راخب ýa-da راهب sözüniň «medrese» manysynda ulanyşynyň mysallaryny biz bilmeýäris. Emma soňky döwürlerde-de, hristian dininiň monastyrlaryndan tapawutlylykda, musulmanlara wiharalar terkidünýä adamlaryň mekany däl-de, «ylym adamlaryň üýşýän ýeri» (مل ا ع مجم) kimin bolup görnüpdir» diýip, alym belläpdir[2].

«Medrese» atly ýokary okuw mekdebiniň Gündogardan Günbatara ýaýramagy Beýik Seljuk imperiýasynyň dowam eden döwrüne gabat gelipdir. Bu döwletiň beýik soltanlarynyň musulman ylmynyň we medeniýetiniň öňünde bitiren we dünýäniň alymlary tarapyndan ykrar edilen ajaýyp hyzmatlarynyň biri, ol hem, bu okuw mekdeplerini we olaryň ýany bilen döwrüniň meşhur kitaphanalaryny döretmek däbini Merkezi Aziýadan Demirgazyk Afrika çenli ýaýradanlygyndan ybaratdyr. Bu möhüm işde, elbetde, Merwiň hyzmaty az bolmandyr. Beýik imperiýanyň paýtagty bolmak bilen, ol ep-esli wagtlap musulman dünýäsinde Bagdatdan soňky ikinji derejeli ylmy we medeni merkez hasaplanypdyr. Munuň şeýledigine, eger halyfatyň paýtagty Bagdady göz öňünde tutmasaň, orta asyrlar döwründe Yragyň, Eýranyň, Merkezi Aziýanyň, we Owganystanyň möhüm ylmy we medeni merkezleri bolan Reý (häzirki Tähran), Nişapur, Balh, Hyrat, Gazna, Buhara, Samarkant, Köneürgenç ýaly şäherleriniň hiç birinde Merwdäki ýaly köpsanly kitaphanalaryň döredilmändiginiň mysalynda görýäris. Bu şäherde XIII asyryň başynda azyndan on bäşe golaý kitaphana işläp, olaryň iki sanysy metjitde, galanlary medreselerde ýerleşipdir.Olar «Eziziýe», «Kemaliýe», «Nizamiýe», «Samaniýe», «Amidiýe», «Hatuniýe»,

[1] *Мец А.* Указ. соч. С.151.

[2] *Бартольд В.В.* Сочинеиия. М., 1964. Т. II. Ч. 2. С.432.

«Dumaýriýe», «Zamiriýe» ýaly arapça atlary bilen belli bolupdyrlar. Kitaphanalaryň iki sanysy olary esaslandyran we beýik seljuk soltanlary Alp Arslanyň, Mälik şanyň we Berkýarugyň ýokary derejeli döwlet adamlary Şeref al-Mülküň we Mejd al-Mülküň atlaryny göteripdirler. Bu kitaphanalar barada biziň esasy çeşmämiz Ýakut al-Hamawynyň (1179–1229) «Mu'jam al-buldan» («Ýer-ýurt atlarynyň sözlügi») atly kitabynda goýup giden ýatlamasydyr. Bu alym Merwde üç ýyl ýaşap (1216–1219 ýý.), ähli wagtyny bu ylmy ojaklarda geçiren hem bolsa, olar barada juda gysga maglumatlary habar bermek bilen çäklenipdir. Hususan-da, ol kitaphanalaryň we olary esaslandyran adamlaryň diňe käbirleriniň atlaryny agzap geçipdir. «Eziziýe» kitaphanasyndan başga beýleki kitaphanalarda näçe sany kitabyň saklanýandygy barada-da hiç hili maglumatlary bermändir. Oňa seretmezden, Merwiň kitaphanalarynda uly mukdarda juda gymmatly kitaplaryň saklanyp gelnendigine şübhelenmese bolar. Munuň şeýledigine, birinjiden, olaryň ähli sine dahylly häsiýetnama bolup hyzmat edýän Ýakudyň aşakdaky sözleri güwä geçýär: «Eger bu ýurtlara [Orta Aziýa we Eýrana] tatarlaryň (mongollaryň) çozuşlary we ýykyp-ýumurmalary zerarly bolup geçen bela-beterler bolmasady, onda men onuň (Merwiň) ilatynyň sypaýylygy, mylaýymlygy, edep-ekramlylygy we ylmyň esasy pudaklary boýunça bu ýerde köpsanly kitaplaryň saklanýandygy sebäpli, bu şäherden ömrümiň ahyryna çenli gitmezdim. Men ondan çykyp giden mahalym bu ýerde on sany wakf kitaphanalary bardy. Men dünýäniň hiç bir ýerinde şeýle köp hem ajaýyp kitaphanalary görmändim... Men olarda işläp heziller edinýärdim we gerek bolan peýdaly maglumatlarymy topladym. [Bu ýerdäki] kitaplara bolan söýgim meni ähli şäherleri ýatdan çykarmaga mejbur edýärdi. Ol meniň ünsümi maşgalamdan we çagalarymdan hem sowýardy. Bu kitabym[1] we beýleki eserlerim boýunça toplan gymmatly maglumatlarymyň uly bölegi bu kitaphanalarda saklanýan kitaplardan alnandyr»[2] (Sözleriň basymy biziňki – A.Ý.). Meşhur alym bu sözlerini Kairiň, Bagdadyň, Damaskyň, Basranyň, Mosulyň, Nişapuryň we musulman dünýäsiniň beýleki möhüm medeni merkezleriniň kitaphanalarynda köp ýyllar işländen soň, ömrüniň ahyrynda ýazypdyr. Ikinjiden, musulman döwletlerinde özleriniň kitaphanalaryny esaslandyran döwrüniň

[1] Ýakut bu ýerde özüniň «Mu'jam al-buldan» («Ýer-ýurt atlarynyň sözlügi») atly eserini göz öňünde tutýar.

[2] *МИТТ*. T. 1. C.434.

meşhur adamlary öz ylmy ojaklaryna iň oňat golýazma kitaplary almaga dalaş edipdirler. Hatda olaryň käbirleri eserleriň awtograflaryny, ýagny awtoryň öz eli bilen ýazan ilkinji nusgalaryny ýa-da iň bolmanda onuň tanymal hatdatlar tarapyndan göçürilen ygtybarly golýazmasyny edinjek bolupdyrlar[1]. Şeýle golýazmalary satyn almak mümkinçiligi bolan mahaly, olar oňa serişde gaýgyrmandyrlar. Merwde-de ýagdaý şeýle bolupdyr. Şonuň üçin Ýakudyň Merwiň kitaphanalaryna beren bahasy juda gymmatlydyr hem ygtybarlydyr. Edil beýik Abu Aly ibn Sinada «Tebipçilik ylmynyň kanuny» atly meşhur kitabyny ýazmak pikiri Köneürgençdäki «al-Mamunyň akademiýasy» atly kitaphanada işlän döwründe (1005–1011-nji ý.ý.) ýüze çykyşy ýaly, Ýakut al-Hamawyda-da «Mu'jam al-buldan» atly ensiklopedik eserini döretmek meýli onuň Merwiň kitaphanalaryndaky gymmatly eserler bilen içgin tanşan mahallary ýüze çykypdyr. Bu kitaby ýazyp başlamaga bolup geçen bir ylmy jedel itergi beripdir. «Günleriň birinde Ýakut ymam hem nesilşynas Abu Seýit Abd al-Kerim ibn Muhammet as-Samanynyň oglunyň geçirýän ylmy üýşmeleňine barypdyr. Onda hadyslarda ýatlanyp geçilýän Arabystandaky «Hubaşa» atly bir ýeriň adynyň aýdylyşy boýunça çekişme ýüze çykypdyr. Ýakut bu sözüň gelip çykyş manysyna esaslanyp, ony diňe ýokardaky görnüşde aýtmalydygyny nygtapdyr. Emma üýşmeleňe gatnaşýanlaryň biri bu sözüň «Hebeşa» görnüşinde aýdylmalydygyny erjellik bilen talap edipdir. Ýakut bu söz barada öz pikirini tassyklar ýaly hiç hili abraýly we ygtybarly tutarygy Merwiň kitaphanalaryndan tapmandyr. Bu ýagdaý ony doly we düýpli geografik sözlügi düzmegiň zerurlygynyň üstünden eltipdir. Ýakudyň meýline görä, ol ähli ýagdaýlarda gerek bolan ýa-da ýüze çykan diňe bir geografik at-

[1] Şeýle wezipäni Ispaniýanyň omeýatlar nesilşalygyndan bolan juda bilimli-sowatly halypasy al-Hakam (961–976) öz öňünde goýup, ol ýurduň paýtagty Kordowada özüniň esaslandyran kitaphanasynyň gaznasyny gymmatly hem seýrek duş gelýän kitaplar bilen doldurypdyr. Çeşmelerde berilýän maglumatlara görä, bu halypa haýsydyr bir alym özüniň geljekki eserini ýazmak barada pikirlenip ýörendigini eşiden badyna, ony ýazyp gutarandan soň, onuň awtografyny özüne Kordowa goýberer ýaly, şobada oňa öňünden girew hökmünde gymmatbahaly sowgatlary goýberipdir. Mysal üçin, Yrakda ýaşaýan arap taryhçysy hem dilşynasy Abul Faraj Aly al-Ysfyhaniniň «Kitab al-agani» («Aýdymlar kitaby») atly eseriniň awtografyny öz kitaphanasyna almaklygy şertleşmek üçin al-Haakam oňa müň dinar pul ýollapdyr. Şeýdip, bu halypa öz kitaphanasynda 400 000 sany kitap ýygnapdyr. (*Inayatullah Sh.* Op. cit. P. 162). Şeýle wezipäni özüniň kitaphanasyny döreden mahaly Buweýhi döwletiniň weziri Sabr ibn Ardaşir hem goýupdyr. Ýakut al-Hamawynyň şaýatlyk etmegine görä, onuň kitaphanasynda saklanýan kitaplaryň «ählisinde alymlaryň awtograflary bolupdyr» (*Mackensen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P.290).

lary dogry we anyk düşündiriş bermän, eýsem, olaryň aýdylyşlaryny hem takyk beýan etmeli bolupdyr»[1]. Netijede, Ýakut Merwiň kitaphanalarynda işläp, ýokarda ady tutulan we dünýä ylmynda uly meşhurlyk gazanan geografik eseriniň başyny başlapdyr. Akademik I.Ý.Kraçkowskiniň bellemegine görä, ol ylmyň bu pudagy boýunça arap edebiýatynyň yslamyň ilkinji alty asyrynyň dowamynda gazananlarynyň jemini jemleýän eser bolupdyr[2]. Ýakut «Mu'jam al-buldany» 1218-nji ýylda Merwde ýazyp başlap, 1224-nji ýylda Mosulda gutarypdyr.

Ýakudyň mysalynda görşümiz ýaly, Merwiň orta asyrlar döwrüniň kitaphanalary umumymusulman ylmynyň ösmegine uly goşant goşan ylmy ojaklar bolupdyrlar. Şol bir wagtyň özünde olar türkmen ylmynyň we medeniýetiniň hem naýbaşy sahypalaryny emele getirýärler. Şonuň üçin medeniýetimiziň taryhyny mümkingadar doly dikeltmek we beýan etmek nukdaýnazaryndan ugur alyp, Merwiň şol döwürdäki kitaphanalary we olary esaslandyryjylar barada çeşmeleriň beýän maglumatlarynyň esasynda olar barada aýratynlykda durup geçeliň.

1. «Amidiýe» kitaphanasy. Ol Merwiň şeýle ady göteýän medresesinde ýerleşipdir. Bu medresäni we onuň ýany bilen kitaphanany beýik Soltan Togrul begiň 1057–1063-nji ýyllarda bäşinji[3] we iň soňky weziri bolup işlän Abu Hasr Mansur ibn Muhammet al-Kundury esaslandyrypdyr. Çeşmelerde berilýän maglumatlara esaslanyp, onuň kitaphanasynyň döredilen wagtyny bir ýyla çenli, ýagny 1058-nji ýyl diýip anyklamak mümkin. Şonuň bilen bir wagtda «Amidiýe» kitaphanasyny Merwiň orta asyrlar döwründäki meşhur kitaphanalarynyň ilkinjisi bolupdyr diýip hem bileris.

Al-Kundury, nisbasyndan[4] görnüşi ýaly, Nişapuryň etegindäki Kundur obasynda 1024-nji ýylda doglupdyr. Başlangyç bilimi öz obasynda alypdyr. Soň ol Nişapuryň medresesinde şapygy mezhebi boýunça döwrüniň meşhur ymamy hem alymy Mya'ýid ibn al-Hüseýin al-Muaffak al-Bastamydan tälim alypdyr. A.Ykbalyň bellemegine görä, on sekiz, ýigrimi ýaşa ýetende, al-Kundury eýýäm ýokary derejeli döwlet wezipesini eýelemäge mynasyp adam bolupdyr. Beýik Soltan Togrul beg Nişapura baran saparlarynyň birinde özüniň iň ýakyn maslahatçysy we geňeşdary,

[1] *Крачковский И.Ю.* Избр. сочинения. М., 1957. Т. IV. С. 336–337.

[2] *Там же.* С. 339.

[3] Bu soltanyň ilkinji dört sany wezirleri barada seret: *Abbas Ykbal.* Wezarät. 37-nji sah.

[4] «Nisba» adamyň haýsy obadan, şäherden, kämahallar ýurtdan gelip çykandygyny görkezýän söz.

ady tutulan al-Muaffakdan döwletiň weziri edip bellemek üçin arap we pars dillerini suwara bilýän bilimli-sowatly adam tapyp bermek barada ýüz tutan mahaly, ol oňa bir döwürde diýen ýaly özünden tälim alan talyplaryndan soň, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Seljuk döwletiniň tanymal weziri bolan Nyzam al-Mülki däl-de, juwan ýigit al-Kunduryny hödürläpdir. Ýogsam Nyzam al-Mülk ondan bäş-alty ýaş uly eken[1]. Orta asyr çeşmelerinde al-Kundury barada ýeterlik derejede maglumatlar berlipdir. Ibn al Esir özüniň «Kämil taryhynda» onuň arap dilinde ýazan «nepis goşgularyndan» nusgalary getiripdir[2]. Bu barada ýokardakylardan pes gyzykly bolmadyk ýene-de bir delili getirmek mümkin. Nyzam al--Mülk ömrüniň ahyrynda ýazan «Syýasatnama» kitabynda iudeýleriň patyşasy Solomondan (Süleýmandan) (m.ö. X a.) tä seljuk soltany Mälik şanyň döwrüne çenli (m.s. XI a.) ýaşap geçen Gündogaryň iň meşhur wezirleriniň atlaryny sanamak bilen, olaryň arasynda özüniň jezalandyryp öldüren bäsdeşi al-Kundurynyň hem adyny agzap geçipdir[3]. Al-Kundura häzirki zaman alymlary hem diýseň ýokary baha beripdirler. E.Braun (1862–1926) ony «ajaýyp arap alymy»[4], A.Ykbal «Togrul begiň iň uly weziri we Seljuk imperiýasynyň iň meşhur döwlet işgäri»[5] diýip atlandyrypdyrlar.

Beýik soltan Togrul beg dünýäden ötenden soň, al-Kundury wezirlik ugrundaky ýowuz bäsdeşligiň pidasy bolupdyr. Soltan Alp Arslanyň wezirligine bellenen Nyzam al-Mülküň gönüden-göni görkezmesi boýunça ony 1064-nji ýylda jezalandyryp öldüripdirler[6]. Weziriň bu ýowuz hereketini orta asyr taryhçylary hem, häzirki zaman alymlary hem ýazgarypdyrlar. «[Nyzam al-Mülküň] ölüme buýran öňki bäsdeşiniň ýazgarylmagynyň düýpli sebäbiniň bardygyna seretmezden[7], onuň (Amyd al-Mülküň)

[1] *Abbas Ykbal.* Wezarät. 61-nji sah.

[2] *Abbas Ykbal.* Wezarät. 61-nji sah.; *Browne E.G.*A Literary History of Persia. Vol. II. P. 174;

[3] *Низам ал-мульк.* Сиасет-намэ. М.;Л., 1949. С.173.

[4] *Browne E.G.* A Literary History of Persia. Vol. II. P.174.

[5] *Abbas Ykbal.* Wezarät. 61-nji sah.

[6] *Mackenzen R.S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad. P. 294.

[7] Amid al-Mülk al-Kundurynyň günäsi Togrul begiň ölmeziniň öň ýanynda özüniň mirasdüşeri edip belläп Çagry begiň ogly we Alp Arslanyň kiçi dogany Süleýmanyň kandidaturasyny goldandygynda bolupdyr. Emma Süleýman Nyzam al-Mülküň ýolbaşçylyk edýän we öňden gulluk edip gelen aristokratik topara bil baglaýan hem-de Alp Arslanyň kandidaturasyny goldaýan düýpli güýç bilen çaknyşypdyr. Süleýman we onuň tarapdarlary öz ellerinde tagty saklap bilmändirler. 1063-nji ýylyň ahyrynda Kazwinde Alp Arslan beýik soltan diýlip yglan edilipdir. Al-Kundury hadysalaryň bu öwrülişiginden salymyny bermän netije cykaryp, Süleýmany Alp Arslanyň mirasdüşeri diýip yglan edipdir. Emma bu hereketi bilen ol ýowuz jezadan aman sypyp bilmändir.

şowsuz hereketi gan we rehimsiz netije bilen gutarypdyr. Bu ýowuz hereket Gündogaryň ýokary derejeli döwlet adamlarynyň hiç birinde hiç mahal şeýle bäsdeşligi, şeýle rehimsizlik bilen tamamlamak meýlini döretmedik bolsa gerek» diýip, bu wakany teswirläp, E.Braun belläpdir[1].

Al-Kundurynyň mesenatlyk işi bilen biz ilkinji gezek 1059-njy ýylda duşuşýarys. Şol ýylda ol Bagdatda bolan mahaly, şäheriň ilaty bilen bilelikde Buweýhi döwletiniň weziri Sabyr ibn Ardaşiriň (1025-nji ýylda ýogalypdyr) ajaýyp kitaphanasynda[2] saklanýan eserleri onuň golaýynda tutaşan ýangyndan halas etmek maksady bilen, kitaplaryň eňňere edip alnyşyna gatnaşypdyr. Ibn al-Esiriň we al-Bundarynyň beryän maglumatlaryna görä, ondan alnan we şeýdibem halas edilen kitaplaryny soň ol özüniň Merwdäki «Amidiý» kitaphanasyna tabşyrypdyr[3].

Beýik döwletiň weziri bolup, al-Kundurynyň öz kitaphanasyny Merwde ilkinji bolup döretmegini döwletiň durmuşynda ajaýyp medeni waka hasap etmek bolar. Bu hereketi bilen ol ýurduň beýleki ýokary derejeli adamlaryna oňyn görelde görkezipdir. Emma onuň wagtyndan has ir wepat bolmagy, oňa öz medeni başlangyçlaryny doly we giňişleýin berjaý etmäge mümkinçilik bermändir. Al-Kundurynyň ornuna wezir bolup geçen Nyzam al-Mülk soňky döwürde Seljuk imperiýasynyň çäklerinde

[1] *Browne E.G.* A Literary History of Iran. Vol. II. P.175.

[2] Sabryň kitaphanasy Bagdadyň X–XI asyrlardaky iň uly dört sany kitaphanalarynyň biri bolupdyr. M. Kebir Buweýhiler döwletiniň (946–1055) kitaphanalaryna bagyşlap ýörite ýazan makalasynda bu barada şeýle nygtapdyr: «Özünde kitaphanany we talyplary okatmak üçin niýetlenilen okuw mekdebini birleşdirýän Akademiýanyň ideýaly Bagdatda emir Beha-ad-Döwläniň weziri Sabyr ibn Ardaşir tarapyndan 381-nji ýylda (991-nji ý.) döredilipdir. Onuň binasy şäheriň al-Karh mähellesinde gurlupdyr. Sabyr ony alymlara bagyş edipdir. 140000 jiltden ybarat bolan kitaplaryň arasynda Gurhanyň ýüzlerçe nusgalary saklanypdyr. Olary Bany Mugla we beýleki meşhur hatdatlar göçüripdirler. Sabyr, şeýle-de, öz kitaphanasynda saklanýan kitaplaryň katalogyny düzmekligiň hem aladasyny edipdir we bu işi iki sany ýerli alyda (dört çaryýarlaryň iň soňkusy, halypa Aly ibn Abu Talyp (656–661 göz öňünde tutulýar – A.Ý.) tabşyrypdyr. Ol öz kitaphanasynyň müdiri edip Abu Bekr al-Horezmini belläpdir. Sabyr, buweýhi emiriniň gylyk-häsiýetinden ejir çekip, ýeňlişe sezewar bolan hem bolsa, onuň kitaphanasy 451-nji ýyla (1059–1060-njy ý.ý.) çenli hiç bir şikessiz saklanyp gelipdir. Ol diňe özüniň töwereginde tutaşan ýangyn zerarly, onda işleýän gullukçylar we şäheriň ilaty tarapyndan talaňçylyga salnypdyr». (Kabir M. Op. cit. P. 33). Sabyr ibn Ardaşiriň kitaphanasyny häsiýetlendirip, S.Inaýatulla, öz gezeginde, şeýle belläpdir: «Onuň ajaýyplygyny we tutýan meýdanynyň ululygyny orta asyr awtorlarynyň ençemesi haýran galyp taryp edipdirler. Onda şol döwrüň iň meşhur hatdatlarynyň göçüren kitaplarynyň 100 müň jiltden gowragy saklanypdyr». (*Inayatullah Sh.* Op. cit. P. 160). Sabryň kitaphanasy barada giňişleýin seret: *Mackensen R.S.* Four Great Libraries of Medieval Baghdad. P.288–297.

[3] Ol barada seret: *Pinto O.* Op. cit. P.224.

medreseleriň we kitaphanalaryň giň ulgamyny döredip, musulman dünýäsinde ylmyň we bilimiň howandary hökmünde şan-şöhrat gazanan hem bolsa, aslyýetinde, onuň şeýle edaralary döretmek ideýasyny Amid al-Mülk al-Kundurydan, hususan-da, onuň «Amidiýa» medresesinden we kitaphanasyndan alan bolmagy ähtimaldyr.

2. «Nyzamyýa» kitaphanasy. Merwiň Beýik Seljuk imperiýasynyň paýtagty bolandygyny hem-de onuň syýasy we medeni durmuşynda iňňän möhüm ähmiýete eýe bolandygyny nazara alyp, Nyzam al-mülk özüniň bu şäherdäki medresesini we kitaphanasyny XI asyryň 60-njy ýyllarynyň başynda döredipdir diýip ygtybarly aýtmak bolar[1]. Onuň Bagdatdaky we Nişapurdaky kitaphanalary ýaly, Merwde esaslandyran kitaphanasy barada çeşmelerde maglumatlar berilmändir. Oňa seretmezden, bu kitaphananyň Merwiň iň möhüm ylmy ojaklarynyň biri bolandygyna şübhelenmese bolar.

3. Şerep al-Mülküň kitaphanasy. Ýokarda Bagdatda gurduran ylmy we medeni ojaklary bilen baglylykda şahsyýeti barada giňişleýin durup geçen Şerep al-Mülk al-Horezmi XI asyryň ikinji ýarymynyň başynda Merwde--de yslam dinineň sünni mezhebiniň hanafy akymyny tutýan şäheriň ilaty üçin ajaýyp jamy medresesini gurduryp, onuň ýanynda özüniň kitaphanasyny hem esaslandyrypdyr. N.Rahimi Şerep al-Mülki bu mezhebiň piri diýip atlandyrypdyr[2]. Onda gymmatly kitaplar saklanypdyr. Çeşmelerde döwleti dolandyrmak barada kitap ýazmak boýunça Mälik şanyň yglan eden bäsdeşligine gatnaşan tanymal döwlet işgärleriniň arasynda Nyzam al-Mülkden soň ikinji bolup Şeref al-Mülküň ady tutulýar[3].

4. «Eziziýä» kitaphanasy. Onuň ady bu kitaphanany esaslandyran Eziz et-din Abu Bekr Atik az-Zynjany (gysgaça Atik ibn Abu Bekr) diýen adamyň adyndan gelip çykypdyr. Bu kitaphana Merwiň baş metjitleriniň birinde ýerleşipdir. Az-Zynjany «Soltan Sanjaryň köşgüni şerabyň üýtgeşik görnüşi bilen üpjün edýän adam bolupdyr. Durmuş ýoluny, edil Orsýet imperiýasynyň patyşasy Pýotr I-niň ýakyn egindeşi A.D.Menşi kow (1673–1729) ýaly, bazarda iriýmiş we ýakymly ysly otlary satmakdan başlan bu adam, soň beýik Soltan Sanjaryň (1118–1157) ýakyn adamlarynyň biri bolup, onuň sylag-hormatyna mynasyp bolupdyr. Az-Zynjanynyň kitap-

[1] *МИТТ.* T. 1. C. 434.

[2] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 129-njy sah.

[3] *Низам ал-мульк.* Указ. соч. С.7, 303.

hanasynda 12 000 ýa-da şoňa golaý kitap saklanýar diýip, Ýakut al-Hamawy belläpdir[1]. Ýokary derejeli bu döwlet adamsynyň Soltan Sanjaryň döwürdeşidigini nazara alyp, onuň kitaphanasynyň XII asyryň birinji ýarymynda döredilendigini bellemek bolar. Bu senäni Ýakudyň beýän maglumatlaryna salgylanyp, musulman döwletleriniň kitaphanalarynyň biri bolan O. Pinto hem tassyklapdyr[2].

5. Mejd al-Mülküň kitaphanasy. Ony Abu-l-Fazl Esad ibn Muhammet Mejd al-Mülk al-Kumy esaslandyrypdyr. Onuň nisbasyndan görnüşine görä, onuň dogduk mekany Eýranyň günorta-gündogarynda ýerleşen Kum şäheri bolupdyr. Mejd al-Mülküň kitaphanasy onuň Merwde gurduran metjidinde ýerleşipdir. Mälik şanyň hökümdarlyk eden döwründe, Mejd al-Mülk iň görnükli döwlet işgärleriniň biri bolupdyr[3]. A.Ykbal çeşmeleriň maglumatlaryna salgylanyp, onuň öz döwrüniň «biçak sowatly, ezber tejribeli, öz işini oňat bilýän mustaufi (malie işgäri)» bolandygyny, «kanunlary goramak we berjaý etmek, diwanhananyň işini alyp barmak, hasabat işlerini ýöretmek boýunça» taýsyz işgärdigini belläpdir[4]. Beýleki tanymal adamlarynyň hatarynda ol hem bu soltanyň yglan eden döwleti dolandyrmak barada kitap ýazmak bäsdeşligine gatnaşypdyr. Mejd al-Mülk soltanlar Alp Arslanyň we Mälik şanyň hökümdarlyk eden döwürlerinde döwletiň istifa (maliýe) diwanynyň ýolbaşçysy[5], soň soltan Berkýarygyň (1092–1105) şalyk süren eýýamynda gysga wagtlaýyn (1000–1001-nji ýyllarda) onuň weziri bolupdyr[6]. Mejd al-Mülk baş wezir Nyzam al-Mülküň, soň onuň pitneçi hem hilegär ogly Mu'aýid al-Mülk Ubeýdyllanynyň döwleti dolandyrmak boýunça edýän hereketlerini oňlamaýanlaryň biri bolupdyr we olara garşy göreşip gelipdir. Öz ýaranlary we pikirdeşleri, soltan Berkýarugyň ejesi Zübeýda hatyn we beýlekiler bilen birleşip, 1094-nji ýylda wezir edilip bellenen Mu'aýid al-Mülki wezipesinden boşatmak Mejd al-Mülke başardypdyr. Netijede, ol bu wezipede bary-ýogy iki ýarym aý işläpdir[7]. Soltan Berkýaryk Mu'aýid al-Mülki ornuna wezir edip onuň dogany Fahr al-Mülki belläpdir. Ýöne, Ibn al-Esiriň belleýşine görä, wezirliginiň ähli

[1] *МИТТ.* T. 1. C. 434; *Жуковский В.А.* Развалины Старого Мерва. С.34.
[2] *Pinto O.* Op. cit. P. 226.
[3] Ol barada seret: *Низам аль-Мульк*. Указ. соч. С.310, 313.
[4] *Abbas Ykbal*. Wezarät. 111-nji sah.
[5] *Abbas Ykbal*. Wezarät. 93-nji sah.
[6] *Abbas Ykbal*. Wezarät. 105-nji sah.
[7] *Abbas Ykbal*. Wezarät. 127-nji sah.

işleri Mejd al-Mülk al-Balasanynyň elinde bolupdyr[1]. Netijede, Mejd al-Mülk bilen Mu'aýid al-Mülküň arasynda barlyşyksyz duşmançylyk emele gelipdir. «Öz duşmanlary Mej al-Mülkden we Zübeýda hatyndan öç almak islegi oňa (Mu'aýid al-Mülke) hiç mahal ynjalyk bermändir» we «ol olary islendik ýol bilen ele salmak we ýok etmek niýetinde gezipdir» diýip, A.Ykbal ýazypdyr[2]. Şeýle maksat bilen Mu'aýid al-Mülk dört-bäş ýyllap soltanyň dürli welaýatlardaky emirlerini onuň garşysyna söweşe çagyryp gezipdir. Ýöne ep-esli wagt bu hatarly herekete olary yrmak oňa başartmandyr. Ahyrynda Genjäniň we Arranyň emiri Mälik şanyň üçünji aýaly Sapardan (Saparyýadan) bolan ogly Muhammedi söweşe yrmak oňa başardypdyr. Onuň sebäbi beýleki emirlerden tapawutlylykda şazada Muhammet Seljuk imperiýasynyň soltany bolmak arzuwynda ýaşapdyr. Şonuň üçin hem ol Mu'aýid al-Mülküň hilegärlik toruna düşüpdir. Her sapar Mu'aýid al-Mülk tarapyndan öjükdirilen we hyjuwlandyrylan Muhammet bäş gezek öz dogany Berkýarugyň garşysyna söweş edipdir, kä sapar ýeňlipdir, kä sapar azda-kände ýeňiş gazanypdyr. 1098-nji ýylda bolup geçen uruşda Mu'aýid al-Mülk öz maksadyna ýetipdir. Oňa Mejd al-Mülki we Zübeýda hatyny ýesir almak başardypdyr. Mejd al--Mülki ol şo bada öldüripdir. Onuň yz ýany bilen, töweregindäki adamlaryň garşylyk görkezmegine seretmezden, Mu'aýid al-Mülküň buýrugy boýunça Berkýarygyň ejesi Zübeýda hatyny hem bogup öldüripdirler. Merwiň meşhur kitaphanalarynyň birini döreden döwrüniň tanymal adamy hem Seljuk döwletiniň weziri Mejd al-Mülküň manyly ömri şeýle tamamlanypdyr.

6. Şihab et-din as-Samanynyň kitaphanasy. Şihab et-diniň bu ylmy ojagy barada söhbet edip, turuwbaşdan bir zady bellemek isleýäris. Ol hem orta asyrlar döwrüniň musulman ýurtlarynyň kitaphanalarynyň taryhynda bir şäherde, umuman alanyňda, bir döwürde, bir maşgala degişli iki sany meşhur kitaphananyň işlän ýagdaýlaryna juda seýrek duş gelýäris ýa-da düýbünden duş gelmeýäris. Onuň ýeke-täk mysalyny diňe Merwiň medeni durmuşynda görýäris. Ýakut al-Hamawy Merwde ýaşan döwründe bu kitaphanalary ýatlap geçipdir. Ýöne olar barada aýratynlykda hiç hili maglumat bermändir. Beýleki çeşmelerde-de olar barada berilýän maglumatlar juda ujypsyz.

[1] *МИТТ*. T. 1. C.381.

[2] *Abbas Ykbal*. Wezarät. 128-nji sah.

N.Rahimi Merwde as-Samanylaryň adyny göteryän iki kitaphananyň atlaryny agzap, olaryň birinjisiniň bu şäheriň «akyldar we sahawatly adamlaryndan» biri bolan Şihab et-din as-Samanynyň öz hanakasynyň golaýynda esaslandyrandygyny we onda saklanýan kitaplardan «köp alymlaryň we sopularyň» peýdalanyp gelendiklerini belläpdir[1]. Bu maglumatlary habar bermek bilen, ol özüniň çeşmelerini görkezmändir. Şihab et--diniň ýaşan döwri barada-da häzirlikçe anyk maglumatymyz ýok. Şonuň üçin onuň kitaphanasynyň döredilen döwrüni takmynan kesgitlemekden hem saklanýarys.

7. Ymam Täç al-Yslam Moin et-din Abu Bekr as-Samanynyň kitaphanasy. N. Rahimi bu kitaphana we ony esaslandyryjy barada aşakdaky maglumatlary beripdir: «Ymam Moin et-din as-Samany samanylaryň maşgalasynyň iň görnükli we iň meşhur alymlaryň biri bolupdyr. Nyzam al--Mülk oňa beýleki alymlardan has ýokary derejede üns beripdir»[2]. Bu maglumata esaslanyp, Moin et-diniň kitaphanasynyň XI asyryň ortasyndan giç bolmadyk döwürde döredilendigini bellemek mümkin. Onda yslam dinineň döreýşi we ösüşi bilen bagly gymmatly kitaplar saklanypdyr. Şonuň üçin ony «Täç ul-islam» («Yslamyň täji») kitaphanasy diýip hem atlandyrypdyrlar[3]. Soňky döwürlerde bu kitaphana bu maşgaladan gelip çykan beýleki bir meşhur alym Abu Seýit Abd al-Kerim ibn Muhammet ibn Mansur as-Samanynyň (1113–1167) emlägi bolupdyr. Ol onuň gaznasyny ylmyň dürli pudaklaryna degişli kitaplar bilen has hem baýlaşdyrypdyr.

Abu Seýit «Kitab al-ansab» («Nebere atlarynyň kitaby») atly biziň döwrümize çenli gelip ýeten ajaýyp eseriň awtorydyr. Onda ol özüniň maşgalasynyň gelip çykyşy we onuň agzalary baradaky maglumatlary babasynyň atasyndan başlap getiripdir. Olara laýyklykda bu maşgala IX asyrdan giç bolmadyk döwürde Merwde mekan tutan araplardan gelip çykypdyr. Onuň agzalarynyň ählisi diýen ýaly alym adamlar bolupdyrlar. Abu Seýidiň babasynyň atasy Merwiň kazysy, babasy Gurhany meşhur tefsirleýji we hadyslary juda oňat bilýän adam bolup, ol bu ugurdan köpsanly şägirtlerini terbiýeläp ýetişdiripdir. Abu Seýidiň kakasy hem alym bolupdyr diýip çak edýärler, ýöne onuň ýazan hiç hili eseri bize gelip ýetmändir.

[1] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 131-njy sah.

[2] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 131-njy sah.

[3] *Abbas Ykbal.* Wezarät.129-njy sah.





Abu Seýit gurply maşgalada önüp-ösüpdir, şonuň üçin ol, heniz ýaşajykka kakasy dünýäden öten hem bolsa, oňat bilim alypdyr. Ilkibada ony kakasynyň dosty, soň bolsa daýylary terbiýeläpdirler. Soňkular bilen ol heniz medresede okap ýörkä, bilimini artdyrmak üçin ilkinji gezek syýahata gidipdir. 1135-nji ýyldan başlap 22 ýaşly as-Samany ylmyň gözlegine cykyp, musulman dünýäsiniň medeni merkezlerine özbaşdak aýlanyp başlapdyr. Ol Orta we Ýakyn Gündogaryň ýurtlarynyň köp şäherlelerinde bolupdyr. Nişapuryň we Yspyhanyň medreselerinde we kitaphanalarynda bir ýyllap işläninden soň, Bagdada gidip bu şäherde sekiz ýyllap (1136–-1143-nji ý.ý.) ýaşapdyr. Halyfatyň paýtagtynyň ajaýyp ylmy ojaklary onuň alym hökmünde kämilleşmeginde aýgytlaýjy rol oýnapdyr. Bagdatda ýaşan döwründe Abu Seýit bu sebitiň beýleki şäherlerine hem gidip, olarda ýaşaýan meşhur ruhany-alymlardan hadyslary diňläpdir. Şeýle-de, ol Siriýanyň, Mesopotamiýanyň, Yragyň ylmy we medeni merkezleriniň ählisinde diýen ýaly bolupdyr. Hatda ol şol döwürde haç göterijileriň tabynlygynda bolan Iýerusalime-de barypdyr. 1143-nji ýylda Merwe dolanyp gelenden soň, otuz ýaşly Abu Seýit öýlenipdir we bu şäheriň al-Ahmediýe atly medresesinde talyplary okadyp başlapdyr. Ömrüniň ikinji ýarymynda ol, esasan, Orta Aziýanyň we Horasanyň çäklerindäki şäherlere syýahat edipdir: 1154-nji ýylda Köneürgençde, 1155-nji ýylda Nesefde, 1156-njy ýylda ikinji gezek Yspyhanda, şeýle-de Astrabatda, Buharada, Samarkantda, Termezde bolupdyr we bu şäherleriň medreselerinde hudaýşynaslyk dersleri boýunça tanymal şeýhleriň beýän sapaklaryna gatnaşypdyr, kitaphanalarynda saklanýan eserler bilen tanşypdyr[1]. Özüniň syýahat eden ähli ýerlerinden ol gymmatly kitaplary toplapdyr we olary getirip, öz kitaphanasyna tabşyrypdyr[2]. As-Samany 1167-nji ýylda Merwde ýogalypdyr we jaýlanypdyr.

Abu Seýit il arasynda uly abraýdan we hormatdan peýdalanan ymam bolupdyr we öz döwrüniň taryhy wakalaryna hem gatnaşypdyr. 1155-nji ýylda oguzlar bilen Merwiň we onuň eteklerindäki ilatyň arasynda ýüze

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. I. С.8.

[2] Özüniň Astrabatda bolan döwründe eden işleri barada as-Samany şeýle ýazypdyr: «Men bu şäherde on gün ýaşadym, onuň ýaşaýjylarynyň käbirlerinden hadyslary ýazyp aldym, al-Idrisi ady bilen belli, Abu Seýit Abdyrahman ibn Muhammet al-Astrabadynyň Astrabadyň taryhyna bagyşlap ýazan eserini tutuşlygyna göçürdim» *(МИТТ.* Т. 1. С.326).

çykan dartgynly we pajygaly wakalarda ol garşydaş toparlaryň arasynda araçy bolupdyr we olary ýaraşdyrypdyr[1].

Abu Seýit kyrkdan gowrak eserleriň awtorydyr. Olaryň ählisini ol arap dilinde ýazypdyr. Alymyň kitaplarynyň köpüsi biziň döwrümize çenli gelip ýetmändir. Bu ýagdaýyň sebäbini onuň eserleriniň diňe Türkmenistanyň we Orta Aziýanyň çäklerine ýaýrap ýetişendigi we olaryň bu sebite mongollaryň çozuşlary döwründe ýok edilendigi bilen düşündiryärler. Şeýle-de bolsa, onuň edebi mirasynyň mowzuklary ep-esli derejede bellidir. Onuň bütinleý ýitirilen eserlerinden 15 jiltden ybarat Bagdadyň taryhyny[2], 20 jiltden ybarat Merwiň taryhyny, jugrafik sözlügini, yslam dinini berkitmekde we ýaýratmakda uly goşant goşan ruhany-alymlaryň (şeýhleriň) sözlügini, hadyslary oňat bilýän alymlaryň terjimehallarynyň ýygyndysyny agzamak bolar. «Kitab al-ansab» atly eserinde ol şol döwürde araplara belli bolan dünýäniň ähli bölekleri barada dürli maglumatlary beripdir. Merw welaýatyny ýazyp beýan etmek boýunça bolsa, bu eser taryhy bellikler bilen bilelikde, onuň ýerleriniň we şäherleriniň atlary, ýerleşýän aralyklarynyň kesgitlenişi, söwda-satyk işleri, ilat arasynda ýaýran eserleri we beýlekiler barada juda baý we doly maglumatlary habar beryär»diýip, B.A.Žukowskiý belläpdir[3]. «Kitab al-ansabda» atlary tutulan tanymal adamlaryň lakamlarynyň, köplenç halatlarda, şäherleriň we obalaryň atlaryndan gelip çykýanlygy sebäpli, bu eser orta asyrlar döwrüniň geografiýasyny öwrenmek üçin hem ilkinji çeşmeleriň biridir. Ondan Ýakut al-Hamawy özüniň «Mujam al-buldan» atly klassyk eserini ýazanynda giňden peýdalanypdyr we ol oňa nusgalyk hem ýan kitap bolup hyzmat edipdir. Şonuň bilen bir wagtda Abu Seýidiň bu eseri orta asyrlar döwrüniň taryhyna we edebiýatyna (esasan, dini meseleler bilen bagly) degişli möhüm maglumatlary hem öz içine alypdyr.

8. «Kemalyýa» kitaphanasy. Onuň adynyň nireden gelip çykandygyny Ýakut al-Hamawy hem bilmändir. Bu kitaphana şäheriň juma metjitleriniň birinde ýerleşipdir. Onuň esaslandyrylan wagty, döreden adamyň ady we onda saklanýan kitaplaryň möçberi barada çeşmelerde maglumatlara duş gelmeýäris. Onda gymmatly kitaplaryň saklanandygyny N.Rahimi

[1] *Жуковский В.А.* Развалины Старого Мерва. С.45.

[2] Bu eser Abu Bekr Ahmet ibn Aşa al-Hatib al-Bagdadynyň (1002–1071) «Bagdadyň taryhy» atly kitabynyň dowamy bolupdyr.

[3] *Жуковский В.А.* Развалины Старого Мерва. С.35.

belläpdir[1]. Her halda, bu kitaphananyň Beýik Seljuk döwletiniň dowam eden döwrüniň (1038–1157) ikinji ýarymynda döredilendigini çak etmek mümkin.

9. «Hatuniýe» kitaphanasy. Bu kitaphanany «Hanumiýe» diýip hem atlandyrypdyrlar. XI asyryň ahyrynda ýa-da XII asyryň başynda döredilen bu ylmy ojak adybir medresede ýerleşipdir. Bu medrese we kitaphana, atlaryndan hem mälim bolşuna görä, ýörite zenanlar üçin niýetlenilipdir. N.Rahimi ar-Rawendiniň beryän maglumatlaryna salgylanyp şeýle belläp-dir: «Bu kitaphana ylymsöýer seljuk hanymlarynyň haýsy hem bolsa birиniň tagallasy bilen esaslandyrylypdyr»[2]. Şeýle diýmek bilen ol Mälik şanyň aýaly we Mahmydyň ejesi Türkan hatynyň, Mahmydyň aýal dogany Memelek hatynyň, Soltan Sanjaryň aýaly Türkan hatynyň, Soltan Sanjaryň gyzy Memelek hatynyň atlaryny agzap geçipdir. Bu maglumatlar türkmen şa zenanlarynyň,orta asyrlar döwründe ylymdan-bilimden daşda durmandyklaryna şaýatlyk edýärler

10. «Dumaýriýe» kitaphanasy. Ol hem Merwiň adybir medresesinde ýerleşipdir. Oňa näme üçin şeýle at berlendigi we onuň kim tarapyndan esaslandyrylandygy belli däl. Ýakut al-Hamawy bu kitaphanadan peýdalanmaklygyň ýeňilliklerini aýratyn belläp geçipdir. «Bu kitaphanadan aňsatlyk bilen kitaplary öz ýaşaýan ýeriňe alyp bolýardy. Hiç hili girew goýmazdan men 200 we ondan hem köpräk jiltleri öz öýüme alyp bilýärdim, olaryň bahasy 200 dinardan az däldi»[3] diýip, Ýakut soň ýatlapdyr.

11. «Zamiriýa» kitaphanasy. Bu kitaphana barada Ýakut al-Hamawy hiç hili maglumat bermändir. Onuň kim tarapyndan we haçan esaslandyrylandygy hem belli däl. Ýokarda sanalyp geçilen kitaphanalar ýaly, onuň hem XII asyryň birinji ýarymynda seljuklar eýýamynyň tanymal adamlarynyň biri tarapyndan döredilen bolmagy ähtimaldyr. N.Rahiminiň belleýşine görä, bu kitaphana ony esaslandyryjynyň adybir hanakasynda ýerleşipdir. Onda «dünýäniň döreýşine we sopuçylyga degişli köp kitaplar saklanypdyr».[4]

12. Abu Aly Hasan ibn Aly Kattan al-Merweziniň kitaphanasy. Abu Aly Hasan al-Merwezi «öz döwrüniň meşhur alymlarynyň we lukmanlarynyň

[1] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 129-njy sah.
[2] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 130-njy sah.
[3] *MMTT.* T. I. C.434.
[4] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 131-njy sah.

biri bolupdyr»[1]. Ol 1072-nji ýylda Merwde doglupdyr, onuň medreselerinde okap ýokary bilim alypdyr. Onuň ýazan eserleri bize belli däl. Abu Aly Hasan Merwde özüniň medresesini gurdurypdyr we onuň ýanynda kitaphanasyny hem esaslandyrypdyr. Onda gymmatly kitaplar saklanypdyr. 1141-nji ýylyň güýzünde horezmşa Atsyz (1127–1156) Merwi basyp alan mahaly[2], Abu Aly Hasanyň kitaphanasynyň kitaplary we bu şäheriň alymlarynyň bir topary Gürgenje (Köneürgenje) äkidilipdir. Abu Aly Hasan al-Merwezi 1153-nji ýylda Merwde oguzlaryň turzan gozgalaňy dowründe şehit bolupdyr[3].

13. Mehdi Yrak hatynyň kitaphanasy. Bu kitaphana barada Ýakut al-Hamawy maglumat bermändir.Oňa seretmezden, N.Rahimi Horasanyň kitaphanalarynyň hatarynda onuň üstünde ýörite durup geçipdir. Özüniň ajaýyp ylmy ojagyny döreden bu şa zenanynyň ykbaly barada belli eýran alymy S.Nefisi aşakdaky maglumatlary habar beripdir. Mälik şanyň gyzy, Soltan Sanjaryň aýal dogany Mehdi Yrak (hakyky ady Jöwher Hatyn) Balhyň hökümdary Ala et-din Mesgut III (1099–1116) nikasynda bolupdyr. Gaznada onuň adynyň Mehdi Yrak diýlip tutulmagy «Yrakly, ýagny Günbatar eýranly keýwany» diýen manyny aňladypdyr[4]. Mesgut III-ä, onuň kakasynyň ady boýunça, Mesgut Kerim (sahawatly Kerim) hem diýipdirler. Ol juda adalatlylyk bilen ýurdy dolandyryp, ähli babatlarda tertip-düzgüni ýola goýup, on sekiz ýyllap (1099–1116 ý.ý.) hökümdarlyk edipdir. Mesgut Kerim dünýäden ötenden soň, onuň beýleki aýalyndan bolan Mälik Arslan atly ogly onuň ýerine tagta geçipdir we öweý enesi Mehdi Yrak hatyna kemsidiji göz bilen garap ugrapdyr[5]. Ýagdaý şeýle bolansoň, Soltan Sanjar goşun çekip Balha gelmeli bolupdyr. Soltanyň goşunyndan gutarnykly ýeňlen Mälik Arslan Hindistana gaçyp gidipdir. Ol bary-ýogy iki ýyl hökümdarlyk edip, bu ýerde bela-beterlere uçrapdyr we 1116-nji ýylda wepat bolupdyr.

Şazada zenan Mehdi Yrak hatyn özüniň medresesini we kitaphanasyny haýsy şäherde (Merwdemi ýa-da Balhda) döredendigini häzirlikçe anyk

[1] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 129-njy sah.

[2] Ol barada giňişleýin seret: *Буниятов З.М.* Государство хорезмшахов – Ануштеги-нидов. Баку, 1986. С.14–15.

[3] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 129-njy sah.

[4] *Bosworth C.E.* Op.cit.P.94; Агаджанов С.Г. Государство сельджукидов. С.174.

[5] *Nefisi S.* «Taryh-i Beýhaki» we ol barada. / Pars diliden terj.eden R. Godarow. A., 2003. 2-ji j. S. 190,199.

bilmeýäris. Ýöne olaryň türkmen şa zenany tarapyndan esaslandyrylandygyna hiç hili şübhe ýok. Bu ylmy ojaklar barada Soltan Sanjaryň döwürdeşi, onuň käbir tabşyryklaryny ýerine ýetiren[1] meşhur taryhçy Abul Hasan Aly ibn Zeýd al-Beýhaki (1105–1169)[2] özüniň «Taryh-e Beýhak» («Beýhak etrabynyň taryhy») atly juda ygtybarly kitabynda maglumatlar beripdir. Abul Hasan özünden öň ýaşan obadaşy hem kärdeşi Abul Fazl Muhammet ibn al-Hüseýin al-Beýhakynyň «Taryh-e Beýhaki» («Mesgdyň taryhy») atly ajaýyp kitabynyň «bir jildini Mehdi Yrak hatynyň medresesiniň kitaphanasynda (sözleriň kursiwi biziňki – A.Ý.), birnäçesini bolsa dürli adamlaryň ellerinde gördüm. Emma bu eseriň ähli jiltlerini dolulygyna men [hiç ýerde] görmedim» diýip belläpdir[3].

5. MERW WELAÝATYNYŇ BEÝLEKI ŞÄHERLERINIŇ KITAPHANALARY

Bu welaýatyň Merwden beýleki şäherleriniň medeni ojaklary barada gürrüň edenimizde, biz diňe olaryň häzirki Türkmenistan döwletiniň çäklerinde ýerleşenlerini göz öňünde tutýarys. Olarda hem ylym we medeniýet ösüpdir, döwrüniň tanymal alymlary ýaşapdyrlar, soňkularyň käbirleri özleriniň medreselerini we kitaphanalaryny döredipdirler.

1. Saragtyň[4] kitaphanasy. X asyryň taryhçylary al-Istahrynyň, al-Mak-disiniň belleýişlerine görä, Saragt möhüm medeni ojak bolupdyr. Şol döwürde onuň ululygy, takmynan, Merwiň ýarsyna barabar eken[5]. Saragtyň kitaphanasy barada hem biziň ilkinji we ygtybarly çeşmämiz Abul Hasan al-Beýhakynyň «Taryh-e Beýhak» atly eseridir. Onda awtor Abul Fazl al-Beýhakynyň ýokarda ady tutulan eseriniň «birnäçe jildini Saragtyň kitaphanasynda» (sözleriň basymy biziňki – A.Ý.) görendigini belläpdir[6]. N.Rahimi, öz gezeginde, Abul Hasanyň sözlerini teswirläp, Saragtyň seljuklar eýýamynda möhüm ylmy we medeni merkez bolandygyny we

[1] Olar barada seret: *Бартольд В.В.* Сочинение. М., 1973. Т. VIII. С.586.

[2] Edebiýatda ol Ibn Funduk ady bilen hem bellidir.

[3] *Байхаки.* История Мас'уда (1030–1041) / Изд. 2-е, дополненное. М., 1969. С.31, 41, 57; Şeýle-de seret: *Бартольд В.В.* Сочинение. М., 1963. Т. I. С. 68. Прим. 1;

[4] Bu şäheriň adynyň parsça Sarahs () görnüşi hem bar. Biz onuň türkmençe Saragt adyny ulandyk.

[5] *Каррыев А., Мошкова В.Г., Насонов А.Н., Якубовский А.Ю.* Очерки из истории туркменского народа и Туркменистана в VIII–XIX вв. А., 1954. С.84.

[6] *Байхаки.* История Мас'уда. С.31.

onuň kitaphanasynda juda gymmatly kitaplaryň saklanandygyny nygtapdyr[1]. Olardan döwrüniň tanymal döredijilik işgärleri giňden peýdalanypdyrlar. Meşhur şahyr Abul Mejid Senaýy (1080–1141) şeýle adamlaryň biri bolupdyr. Ol çärýek asyra golaý wagt bu şäherde ýaşapdyr. M.Razawiniň we Ý.E.Bertelsiň bellemeklerine görä, Senaýynyň döredijiligi üçin Saragt juda amatly bolupdyr[2] we ol bu ýerde «özüniň iň oňat kasydalaryny» ýazypdyr. Şeýle-de, Senaýy bu şäherde ýaşan döwründe, özüniň «Saýr al-ibad ila-l-maʿad» («Hudaýyň bendeleriniň ahyret ýerine syýahaty») atly poemasyny ýazypdyr we ony bu şäheriň meşhur adamlarynyň biri bolan Abu Muhammet ibn Mansura bagyşlapdyr[3].

2. Muhammet ibn Mansur as-Serahsynyň kitaphanasy. Horasanyň baş kazysy (kazy al-kuzat) Muhammet ibn Mansuryň gurduran medresesi we kitaphanasy baradaky maglumatlary şahyr Senaýynyň goşgularyndan tapýarys. Ol bu ylmy ojaklara ýokary baha beripdir we olary öz kasydalarynda wasp edipdir. N.Rahimi ol kysydalardan mysallary getiripdir[4].

3. Abu Seýit Abul Haýr Mäneliniň kitaphanasy. Şeýh Ahmet ibn Muhammet Abu Seýit Fazlulla ibn Abul Haýr Mäneli (967–1049) Türkmenistanyň meşhur alymlarynyň we sopularynyň biri bolup, ol Mänede (häzirki Kaka etrabynda) doglupdyr we bu ýerde ýaşap dünýäden ötüpdir. Ol türkmenleriň arasynda «Mäne baba» ady bilen giňden bellidir. Ol Merwiň, Saragtyň, Amulyň (häzirki Türkmenabat ş.) we Nişapuryň medreselerinde okap, döwrüniň meşhur alymlaryndan tälim alypdyr. Mäne baba ýaşan döwründe-de we dünýäden öten soň hem halkara derejesinde ägirt uly abraýdan peýdalanypdyr. Seljuklaryň öňbaşçylary Çagry beg we Togrul beg Gaznewiler bilen uruşmazynyň öň ýanynda Mäne babanyň ýanyna baryp, ondan pata alypdyrlar. Abu Aly ibn Sina onuň ýanyna ýörite görme-görşe gelipdir. Seljuklaryň weziri Nyzam al-Mülk we 1295-nji ýylda musulman dinini kabul eden hulaguileriň patyşasy Gazan han (1295–1304) onuň aramgähine zyýarat edipdirler we ony abadanlaşdyrmak boýunça çäreleri görüpdirler. Gazan han, şeýle-de, heniz şazadaka we heniz musulman dinini kabul etmänkä XIII asyryň ahyrynda hulaguileriň

[1] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 125-njy sah.; *Бертельс Е.Э.* Избр. труды.[Т.1]. С. 404

[2] *Бертельс Е.Э.* Избр. труды.Т. 1. С. 404.

[3] Bu eser barada giňişleýin seret: *Бертельс Е.Э.* Избр. труды. [Т.1].С.409–413; Şeýle-de seret: *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 125-njy sah.

[4] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 125-njy sah.



Abu Seýit Mäneliniň (Mäne babanyň) aramgähiniň portalynyň bir bölegi

Horasandaky häkimi bolmak bilen, Goçantda buddaçylaryň ybadathanasyny gurdurypdyr[1].

Çeşmelerde berilýän maglumatlara görä, Mäne baba şol döwürde gülläp ösüp oturan Mäne şäheriniň gyrak çetinde özüniň hanakasyny[2] gurdurypdyr. Onuň hüjresiniň golaýynda bina edilen hanakasy elmydama şeýhiň tarapdarlaryndan we müritlerinden (şägirtlerinden) doly bolupdyr. Keramatly şeýhiň ýaşaýan ýerine, Horasanyň ähli künjeklerinden derwüşler ýygnanypdyrlar we ondan tälim alypdyrlar[3]. N.Rahiminiň belleýşine görä, Mäne babanyň kitaphanasy onuň hanakasynda ýerleşipdir. Onuň gaznasy şeýhiň hormatyna sowgat berilýän kitaplaryň hasabyna yzygiderli baýlaşypdyr. Bu kitaphanada saklanýan eserlerden Mäne babanyň okuwçylary we alymlar peýdalanypdyrlar we özlerine gerek bolan maglumatlary toplapdyrlar[4].

[1] *Бартольд В.В.* Сочинения. Т. III. С.473.

[2] «Hanaka» sopularyň we derwüşleriň üýşýän we ýaşaýan ýeri bolupdyr. Onuň yslam jemgyýetinde oýnan roly barada seret: *Бартольд В.В.* Сочинения. М.,1963. Т. II. Ч. 1. С. 216–217, 233, 236; Т. II. Ч. 2. С.429–432.

[3] *Мамедов М.А.* Архитектурный комплекс Меана-баба. Спб., 2008. С.13.

[4] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 119-njy sah.

VI BAP

KÖNEÜRGENJIŇ ORTA ASYRLAR DÖWRÜNIŇ KITAPHANALARY

KÖNEÜRGENJIŇ YSLAMDAN ÖŇKI DÖWÜRDÄKI MEDENI DURMUŞY

Gojaman hem mukaddes Horezm! Gözbaşyny göz ýertirip bolmaýan gadymyýetden alyp gaýdýan bu ýurduň adyny agzanyňda, genial alymlaryň, meşhur filosoflaryň, yslam dinіniň öňünde bahasyny kesgitläp bolmajak beýik hyzmatlary bitiren giden bir taryhy şahsyýetleriň hatary biygtyýar hakydaňa gelýär.

Ürgenç ýa-da Gürgenç, arapça Jürjaniýa (häzirki Garaşsyz hem Bitarap Türkmenistanyň Daşoguz welaýatyndaky Köneürgenç şäheri) orta asyrlar döwründe gadymy Horezm döwletiniň paýtagty we musulman dünýäsiniň iň uly hem möhüm ylmy we medeni merkezleriniň biri bolupdyr. Bu şäheriň, bu sebite yslam dini ýaýramazyndan has irki döwürlerde düýbüniň tutulandygy ylmy nukdaýnazardan anyklanypdyr. W.W.Bartold Horezmi «gadymy medeniýetli ýurt»[1] atlandyryp, bu döwlet we onuň paýtagty yslamdan öňki döwürlerde-de «Orta Aziýanyň medeni durmuşy üçin ähmiýetli bolmaly bolupdyr» diýip belläpdir. Ol uly derýalaryň aşak akymlaryndaky ýerleriň adamzat neslіniň medeniýetiniň deslap ýüze çykan ojaklary bolandygyny nygtamak bilen, Amyderýanyň aşak akymynyň Ýewfrat we Nil derýalarynyň medeni zolaklaryna kybapdaş bolmagynyň mümkindigine alymlaryň ünsüni çekipdir[2]. Şeýle-de, W.W.Bartold bu mesele boýunça Ýewropanyň XVIII–XIX asyrlarda ýaşap geçen meşhur alymlarynyň pikirleri bilen ylalaşyp, özüniň döwürdeşi hem kärdeşi, görnükli nemes gündogarşynasy I. Markwartyň (1864–1930) «köp jedelleri orta çykaran Arianam Waýja, Awestanyň watany, Horezm bi-

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. III. С.549.
[2] *Бартольд В.В.* Соч. Т. II. Ч. I. С.110.

len bir ýurtdur» diýen sözlerine salgylanypdyr[1]. Meşhur alym «Yslam ensiklopediýasynda» ýerleşdirilen «Horezm» atly makalasynda ýenede bu meselä dolanyp gelip, «Markwartyň Arianam Waýja Horezmdir diýen çaklamasynda köp zatlar onuň peýdasyna syrygýar» diýip nygtapdyr[2].

Awestada ýatlanylýan bu ýurduň m.ö. I müňýyllygyň birinji ýarymynda dowam eden «Uly Horezm» bilen bir döwletdigini ykrar edýän alymlar juda köp[3]. Hususan-da, onuň başyny başlan taryhyň atasy Gerodot bolupdyr. Onuň sözlerinden (III,117) Ahemeni döwletiniň döremezinden öňki döwürde Horezmiň Orta Aziýanyň durmuşynda iň möhüm syýasy ähmiýete eýe bolandygy görünýär.

Gadymyýetiň jümmüşinden gözbaş alyp gaýdýan zoratuştraçylyk dininiň ýüze çykan ýeriniň Horezmdigi baradaky pikir biziň günlerimizde-de öz güýjüni saklap gelýär. Bu dini öwrenmek boýunça dünýä ylmynda iň abraýly alym hökmünde ykrar edilen we onuň üç jiltden ybarat häzirki zaman taryhynyň awtory M.Boýs[4] gadymy ariý taýpalarynyň Don we Wolga deryalarynyň aşak akymlarynyň kenarlaryndan Orta Aziýanyň üsti bilen günorta bakan m.ö.II müňýyllygyň ortasynda tutuş ilat bolup iki saparky göçüşleri barada söhbet edip, «awesta halky, megerem, şol göçüşlikleriň ikinjisiniň yzynda bolan bolsa gerek.Ol halk Orta Aziýanyň çäklerinde saklanyp galypdyr. Onuň mekan tutunan welaýaty soňky döwürlerde Horezm ady bilen bellidir» diýip nygtapdyr[5]. Şeýle diýmek bilen awtor Horezmi zoratuştraçylyk dinineň mukaddes kitaplarynyň Orta Aziýada saklanyp galan sebitleriniň hatarynda görüpdir. Öz nobatlarynda, akademikler I.Ý.Kraçkowskiý (1883–1951) Horezmi «medeniýetiň özboluşly welaýat höwürtgesi»[6], N.I.Wawilow (1887–1943) we S.P. Tolstow (1907--1976) «Orta Aziýanyň Müsüri»[7], «guz (oguz-A.Ý.) we gypjak düzlügin-

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. III. С. 544; *Толстов С.П.* Древний Хорезм. С.19.

[2] Salgylanmanyň alnan ýerine seret: *Бартольд В.В.* Соч. Т. III. С.544; *Толстов С.П.* Древний Хорезм. С.19.

[3] *Толстов С.П.* Древний Хорезм. С.20; *Воробьева М.Г.* Проблема «Большого Хорезма» и археология. // Этнография и археология Средней Азии. Сб. М., 1979. С.38–42.

[4] *Boyce M.* A History of Zoroastrianism. Vol. I–III. Leiden-Köln, 1975–1991. (Vol. III with F.Grenet).

[5] *Boyce M.* Zoroastrians. P.39. Bu kitap rus diline terjime edilipdir. Seret: *Бойс М.* Зороастрийцы. Верования и обычаи. М., 1987. 302 с. Bu mesele barada şeýle-de seret: *Крюкова В.Ю.* Зороастризм. Спб., 2005. С.14–19.

[6] *Крачковский И.Ю.* Избр. соч. Т. IV. С.311.

[7] *Германов В.А.* Указ. соч. С.17; *Толстов С.П.* Древний Хорезм. С. 8, 19.

Gürgenjiň mongol çozuşlaryndan öňki döwürdäki panoramasy

de Alynky Aziýanyň musulman medeniýetiniň sarsmaz galasy»[1] diýip atlandyrypdyrlar.

Gadymy horezm halkynyň edebi mirasy barada aýdylanda bolsa, häzirki zaman alymlary, horezm diliniň biziň döwrümize çenli gelip ýeten ujypsyz ýazuw ýadygärlikleriniň söz düzüminiň awesta diline has golaýdygyny belläpdirler. Bu ýagdaýdan ugur alyp, prof. D.N.Makkenzi şeýle nygtapdyr: «Biz horezm dilini awesta diliniň gönüden-göni neberesi hasap etmäýenimizde-de, W.B.Henningiň[2] mukaddes kitap Awestanyň iň gadymy bölegi Gatlaryň[3] döredilen ýeriniň ahemeni eýýamyndan öňki döwürde dowam eden Uly Horezm döwletiniň düzümine giren «Merwiň we Hyradyň golaýlarydygy» baradaky çaklamasyny nazara alyp, iň bärkisi, horezm edebiýatynyň bir bölegi şol Gatlar görnüşinde biziň döwrümize çenli gelip ýetipdir diýip bileris»[4].

Häzirki zaman meşhur alymlarynyň joşgunly we biragyzdan Horezm ýurduny gadymyýetiň we orta asyrlar döwrüniň aňrybaş möhüm

[1] *Толстов С.П.* Древний Хорезм. С. 14, 16

[2] Meşhur nemes gündogarşynasy göz öňünde tutulýar. Ol Awesta we zoratuştraçylyk dini boýunça-da düýpli işleriň awtorydyr. Olar barada seret: *Henning W.B.* Selected papers. In 2 volms. Leýden, 1977. (Vol. 1. 652 p.; Vol. 2. 666 p.).

[3] Olary pygamber Zoratuştranyň özi ýazypdyr diýip awestaşynaslaryň köpüsi hasap edýärler.

[4] *Mackenzie D.N.* Khwarazmian language and literature // CHI. Vol. 3. Pt. 2. Cambrid-ge, 1983. P. 1248–1249. Bu barada şeýle-de seret: *Бартольд В.В.* Соч. Т. III. С. 162.

ylmy we medeni merkezi hasap etmekleri ýöne ýerden bolmandyr. Horezm özüniň taryhy ösüşinde hiç mahal daşarky dünýäden üzňelikde bolmadyk hem bolsa[1], Orta Aziýanyň beýleki gadymy döwletlerinden: Parfiýadan, Sogdianadan we Baktriýadan tapawutlanypdyr. Ilkinji nobatda, onuň aýratynlygy geografik taýdan ýerleşişi, ýagny ähli tarapdan çöl bilen gurşalanlygy bilen bagly bolupdyr. Bu şert, öz gezeginde, oňa tebigy ýagdaýda «duşman çozanda arkadag, ýeňlişe sezewar bolanda ygtybarly gaçybatalga bolup hyzmat edipdir»[2]. Bu nukdaýnazardan, Horezmi ähli taraplary deňizler bilen gurşalan Angliýa bilen deňeşdirýärler[3]. Horezm Orta Aziýanyň atlary tutulan beýleki döwletleri ýaly, dürli döwürlerde dünýäniň iň uly döwletleriniň (ahemenileriň[4], parfiýanlaryň, sasanylaryň, gaznalylaryň, seljuklaryň imperiýalarynyň) düzümlerine girip gelen hem bolsa, ol elmydama olardan özüniň garaşsyzlygyny almak ugrunda alyp baran göreşleri we ymtylmalary bilen tapawutlanypdyr, aýry-aýry döwürlerde, gysga wagtlaýyn hem bolsa, ony gazanmagy başarypdyr. «Özüniň geografik taýdan ýerleşişi boýunça Horezm hakykatdan hem elmydama

[1] Bu mesele boýunça W.W.Bartold şeýle belläpdir: «Musulman Horezmi hiç mahal daşarky dünýäden üzňelikde bolmandyr we beýleki ýurtlar bilen ýakyn söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyr; emma deňizler bilen gurşalan Angliýa ýaly daş-töweregi çölbeýewanlyklar bilen gurşalan Horezmde ähli durmuş özboluşly görnüşe eýe bolup, hatda daşardan kabul edilen häsiýetler özleriniň ýaşamaklary üçin oňat mümkinçilikleri tapypdyrlar».(*Бартольд В.В.* Соч. Т. II. Ч. 1. С.206).

[2] *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С. 402. Horezme duşman diňe Amyderýanyň kenar ýakasyndaky darajyk zolagyň üsti bilen çozup bilipdir. Şonuň üçin horezmliler duşman bilen urşanlarynda bu zolagy suwa basdyrmak tärini häli-şindi ulanypdyrlar. 1221-nji ýylda mongollar Köneürgenji basyp alanlarynda hem urşuň bu usulyny ulanypdyrlar. Olar Amyderýanyň böwedini açyp şäheri we onuň töwereklerini suwa beripdirler. Şol döwre çenli suwuny Hazar deňzine guýup gelýän derýa, bu wakadan soň ugruny üýtgedip, Aral kölüne bakan akyp başlapdyr. *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С.209, 388; Т. III. С.65, 544.

[3] *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С. 209; Т. II. Ч. I. С.206.

[4] Gerodotyň (III, 93, VII, 66) belleýşine görä, Horezm Dariý I-niň (521–486) we Kserksiň (486–465) hökümdarlyk eden döwürlerinde Ahemeni döwletiniň düzümine giren hem bolsa, bu neberäniň soňky patyşalarynyň döwürlerinde ol özbaşdak döwlet bolupdyr. Aleksandr Makedonskiniň Orta Aziýany basyp alan döwründe-de (onuň üçin ol bu sebitde üç ýyllap (m.ö. 330–327-nji ýyllarda) söweş etmeli bolupdyr) Horezm özüniň garaşsyzlygyny saklap galypdyr. Gadymy grek taryhçysy Arrianyň (IV.15,4–5) beryän maglumatlaryna görä, Horezmiň patyşasy Farasman 1500 atly esgeri bilen m.ö. 328-nji ýylda Owganystanyň demirgazygynda ýerleşýän Baktry (häzirki Kabul) şäherinde makedon patyşasy bilen duşuşyp, oňa öz ýurdunyň günbatarda Kolhida bilen araçäkleşýändigini habar beripdir we eger-de Aleksandr Gara deňze amazonkalylaryň garşysyna ýöriş etse, onda ony ýolbelet we goşun üçin gerek bolan ähli azyk önümleri bilen üpjün etjekdigini teklip edipdir.

garaşsyz döwlet bolupdyr»[1] diýip, W.W.Bartold bu mesele barada belläpdir. Horezmliler, şeýle-de goňşy garyndaş halklardan tapawutlylykda gadymy dilini[2], döwletniň gadymdan gelýän adyny[3] we edil antik döwürde parfiýanlaryň, XI–XII asyrlarda seljuklaryň döreden beýik döwletleri ýaly, Horezmşalaryň dördünji oguz türkmenlerinden bolan nesilşalygynyň hökümdarlyk eden döwründe (1194–1231-nji ýyllar aralygynda)[4], özleriniň kuwwatly imperiýasyny esaslandyrypdyrlar. Şonuň ýaly-da Horezm, Orta Aziýada ýurduň hökümdarynyň Horezmşa adyny gojaman gadymyýetden, tä täze eýýama çenli saklap gelen ýeke-täk döwlet bolupdyr. XIX asyryň taryhçysy Abdylkadyr Buharynyň beryän maglumatyna görä, Hywa han-

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С. 358.

[2] Parfiýan dili eýýäm V–VI asyrlarda, baktri we sogdy dilleri VIII–IX asyrlarda öli dillere öwrülen bolsalar, horezm dili heniz XII asyryň başynda hem dolanyşykda bolup gelipdir. (*Основы иранского языкознания.* Среднеиранские языки. М. 1981. С. 153, 317, 349). Baktri we sogdy dillerini pars dili ulanyşdan gysyp çykaran bolsa, parifýan we horezm dillerini oguz-türkmen dili ortadan aýrypdyr.

[3] *Horezm* toponimi tutuş ýurduň ady hökmünde XVI asyryň ahyryna çenli ulanylyp gelnipdir. Bu asyrda Amyderýanyň ugruny gutarnykly üýtgedip, Aral kölüne bakan akyp ugramagy «ýurduň şol mahalky paýtagty Ürgenjiň suwdan kesilmegine we tutuş welaýatyň boşap galmagyna getiripdir» (*Бартольд В.В.* Соч. Т. III. С. 325). Şol sebäpli Horezmiň şol döwürdäki hökümdary Arap Muhammet (1603–1623) ýurduň paýtagtyny onuň günorta-gündogaryndaky Hywa şäherine geçiripdir. Ol 1645-nji ýylda Hywanyň 33 km gündogar-demirgazygynda şäher gurduryp, oňa Täze Ürgenç diýip at dakypdyr. Basym bu şäher uly hem möhüm söwda merkezine öwrülipdir. Şol döwürden başlap ýurduň gadymy adyny ýerli at bilen utgaşdyryp, Hywa hanlygy diýip tutup ugrapdyrlar. Şeýle-de bolsa, gadymy Horezm ady biziň günlerimizde-de ýaşamagyny dowam edýär. 1924-nji ýylyň ahyrynda Orta Aziýada bolup geçen möhüm taryhy wakadan, ýagny bu sebitiň halklarynyň milli we territorial bölünişiginden soň, gadymy Horezmiň çäkleri üç bölege bölünip, Amyderýanyň sag kenaryndaky bölegi Özbegistana geçip, onuň düzüminde Horezm welaýaty we Garagalpagystan awtonom welaýaty hökmünde giripdir. Degişlilikde, olaryň merkezleri diýlip Täze Ürgenç we Nöküs şäherleri bellenipdir. Gadymy Horezmiň derýanyň çep kenaryndaky ýerleri Türkmenistana tabyn edilip, onuň düzüminde 1939-njy ýylda Daşhowuz (1999-njy ýyldan bäri Daşoguz) welaýaty döredilipdir.

[4] Taryhy döwürde bu ýurdy dolandyryp gelen dört sany nesilşalygy bellidir. Olaryň ilkinji ikisi–afrigiler (305–995) we mamunylar (995–1017) onuň gadymy (eýrandilli) halkyndan, üçünjisi we dördünjisi–altyndaşlylar (1017–1041) we anuşteginliler (1041–1231) oguz türkmenlerinden gelip çykan nesilşalyklarydyr. 712-nji ýylda Horezmi araplar basyp alanlaryndan soň, olar bu ýurtda hökümdaryň köne Horezmşalar adyny saklap galypdyrlar we şol bir wagtda, özleriniň emirini hem belläpdirler. Netijede, onuň günorta bölegini Kät şäherinde oturan Horezmşalar, demirgazyk bölegini Jürjaniýany (Köneürgenji) merkez edinen emirler dolandyrypdyr. Ýurtda emele gelen iki häkimiýetlilik 300 ýyla golaý dowam edipdir we şol döwürde olaryň arasynda häli-şindi çaknyşyklar bolup durupdyr. 995-nji ýylda Ürgenjiň emiri Abu-l-Abbas Mamun ibn Muhammet (995–997) ýurduň bu iki bölegini bir bitewi döwlete birikdiripdir we özüne Horezmşa adyny kabul edip alypdyr.

lygynda gysga wagtlaýyn hökümdarlyk eden Ildüzer han (1804–1806) zikgeledip ýetişmedik şa teňňelerinde özüni «Horezmşalaryň mirasdüşeri» atlandyrypdyr[1]. Oguz-türkmen Horezmşalaryň döwleti 1041–1231-nji ýyllar aralygynda dowam edip, özüniň iň beýik imperiýa öwrülen döwründe (1194–1221-nji ýyllar aralygynda) onuň çäkleri «Amyderýanyň sag kenaryndan başlap, Eýran bilen Tigr derýasynyň boýundaky jülgäniň arasyndaky dag geçelgelerine çenli bolan aralyklary öz içine alypdyr; günortada onuň ýokary häkimiýeti hatda Arap ýarym adasynda (Omanda) hem ykrar edilipdir»[2]. Musulman eýýamynda Orta Aziýanyň ýokarda atlary tutulan gadymy döwletleriniň hiç birisi öz içinden Horezm ýurdy ýaly şeýle köpsanly dünýä belli meşhur alymlary orta çykaryp bilmändir we özüniň ajaýyp kitaphanalaryny döretmändir. Megerem, bu meselede Margianany aýratyn bellemek dogry bolsa gerek. Onuň baş şäheri Merw yslamyň ilkinji asyrlarynda apbasy basybalyjylarynyň we halypa al-Mamunyň 813–817-nji ýyllarda Orta Aziýadaky paýtagty bolmak bilen möhüm ylmy we medeni ojaga öwrülipdir. Beýik Seljuk imperiýasynyň dowam eden döwründe (1038–1157) onda 12 sany kitaphana işläpdir. Meşhur ensiklopedik alym Ýakut al-Hamawy Merwiň kitaphanalarynda üç ýyllap (1216–1219) işlemek bilen, olar barada juda oňat ýatlamalar galdyryp gidipdir. Edil al-Horezmi ýaly al-Merwezi nisbasyny göteräýän alymlaryň sany ýüzlerçedir.

Horezmde eýýäm yslamdan öňki döwürde kitaphanalar bolupdyr diýmäge doly esas bar. Gadymyýetiň genial alymy, öz watanyny jany-teni bilen söýen, Abu Reýhan al-Biruni (973–1048)[3] özüniň «al-Asar al-Bakiýa» («Geçen nesilleriň ýadygärlikleri») atly 1000-nji ýylda ýazyp gutaran eserinde, 704–715-nji ýyllarda Horasanyň häkimi bolan arap serkerdesi Kuteýba ibn Muslim al-Bahiliniň (670–715) 712-nji ýylda[4] Horezmi

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. II. Ч. 2. С.535.

[2] *Бартольд В.В.* Соч. Т. I. С.437; Т. III. С.547.

[3] Onuň «Hindistan» atly eserine baha berip, akad. B.R. Rozen 1888-nji ýylda şeýle ýazypdyr: «Bu kitap özboluşly ýeke-täk ýadygärlikdir. Oňa deň gelip biljek eser Günbataryň we Gündogaryň gadym we orta asyrlar döwrüniň tutuş edebiýatynda ýokdur» (*ЗВОРАО.*1888. Т. III. Вып. I–II. С.147). Bu esere 120 ýyl mundan öň berlen bu ýokary baha soňky onýyllyklaryň dowamynda mizemän galypdyr (*Крачковский И.Ю.* Избр. соч. Т. IV. С.244).

[4] Yslamyň ilkinji asyrlarynyň taryhçylary al-Belazurynyň (892-nji ýylda ýogalypdyr) we at-Tabarynyň (839–923) beräýän maglumatlaryna görä, arap serkerdesi al-Ahnaf ibn Keýs at-Temimi öz goşunlary bilen ilkinji gezek Horezme 652-nji ýylda çozupdyr, emma ony «eýeläp bilmändir». (*МИТТ.* Т. 1. С.69). Horezm baradaky maglumatlar Aşgabatda 2000-nji ýylda rus

basyp alan döwründe bu ýurtda bar bolan kitaplary we ylym adamlaryny uçdantutma ýok edişi barada uly gynanç we hasrat bilen şeýle diýip ýazypdyr: «Kuteýba horezm hatyny[1] oňat bilýänleri, milli rowaýatlary ýatda saklanlary, horezmlilerde bar bolan ylymlar boýunça ders berýän ulamalary dürli we zabun güzaplyklara sezewar edipdir; [şondan soň ol rowaýatlar] şeýle bir gizlin bolup galypdyrlar welin, yslam dini ýaýrandan soň [horezmlileriň] nähili ýagdaýlara uçrandygyny anyk biler ýaly bolmandyr». Öz eseriniň beýleki bir ýerinde by wakalar barada beýik alym ýene-de şeýle nygtapdyr: «Kuteýba ibn Muslim al-Bahili horezmli kätipleri gyrdy, din hadymlaryny öldürdi, olaryň kitaplaryny we dolama eserlerini oda ýakdyrdy. Horezmliler bisowat bolup galdylar»[2]. Bu maglumatlaryň aňyrsynda hakykat ýatan bolsa gerek. Afrigiler Horezminde sasany eýýamynda goçürilen Awestanyň golýazmalarynyň, pehlewi dilinde ýazylan ýeterlik derejede baý dini we dünýewi kitaplaryň saklanyp gelen bolmaklary ähtimaldyr. Şol döwürde zoratuştraçylyk dininiň ybadat diline öwrülen bu dilde ýazylan eserlerden, Orta Aziýanyň beýleki eýran dilli gadymy halklary ýaly, horezmliler hem peýdalanypdyrlar[3]. Olardan «Arda Wiraf namak» (1,19–26), «Bundahişn» (17,5)[4] ýaly kitaplarda berilýän maglumatlara görä, bu diniň «tutuş älem-jahany öz goragynda saklan»[5] we hiç mahal söndürilmän gelen üç sany mukaddes beýik odunyň biriniň, hususan-da, onuň Frobag (soňky döwürlerde Adur Farnbag) atlysynyň Horezmde «suwuny Hazar deňzine guýýan Oksusyň (Amyderýanyň) kenaryndaky ybadathanada»[6] saklanyp gelendigi habar berilýar. Şol ýa-da bu ýurduň oňa meňzeş beýleki ybadathanalarynda

dilinde juda mazmunly sözbaşy bilen neşir edilen «Средневековые письменные источники о древнем Ургенче» (сост. *М.А.Мамедов и Р.Г.Мурадов*) atly ýygyndyda jemlenipdir.

[1] Bu ýerde m.ö IV–III asyrlarda arameý elipbiýiniň esasynda döredilen horezm haty göz öňünde tutulýar. Bu ýazuw ulgamy barada giňişleýin seret: *Фрейман А.А.* Хорезмийский язык. Материалы и исследования. М.; -Л., 1951. Т. 1. 119 с.; *Henning W.B.* A Fragmenta of Khwarezmian dictionary. London, 1971. 56 p.; *Язбердиев А.* Хорезмийское письмо // Изв. АН ТуркмССР. Сер. обществ. наук. 1977. № 6. С.44–50 we başg.

[2] *Бируни.* Избр. произв. Т. 1. С.48, 63.

[3] Bu dilde ýazylan we biziň döwrümize çenli gelip ýeten kitaplar barada giňişleýin seret: *Haug M.* Op. cit. P.16–62, 93–115; *West E.W.* Pahlavi literature. P.75–129 we beýlekilere.

[4] *West E.* Pahlavi texts 1 (Bundahişn XVII) // SBE. Vol. V. Delhi, 1974. P.61–65.

[5] *Хромов А.Л.* Хорезм в древнеиранских и среднеиранских письменных источниках // Хорезм и Мухаммад ал-Хорезми в мировой истории и культуре. Душанбе, 1983. С.29.

[6] *Haug M .and West E.W.* The Book of Arda Viraf. Amsterdam, 1971. P. 146. Ol barada şeýlede seret: *Толстов С.П.* Древний Хорезм. С.17.

kitaphanalaryň hem bolandygyny ygtybarly çak etmek mümkin. Şeýle pikir ýöretmäniň peýdasyna bolan aşakdaky delilleri getirmek mümkin: m.ö. 330-njy ýylda paýtagty Persopol şäheri bolan Ahemeni döwletini basyp alan Aleksandr Makedonskiý bu şäheriň köşk kitaphanasynda saklanýan Awestanyň iň ilkinji göçürilen golýazmasyny, ahemeni patyşalarynyň «Şa şejerelerini» we beýleki kitaplaryny oda ýakdyrypdyr, şeýle-de zoratuştraçylyk dininiň görnükli alym-ruhanylaryny uçdantutma gyryp, edil ýokardaky ýaly hereket edipdir. Persopoluň antik döwürdäki zoratuştraçylary we olaryň irki orta asyrlarda Horezmiň paýtagty Kätde ýaşaýan dindeş hem garyndaş halky watanlarynyň üstüne çozup gelen keseki duşmana gaýtawul bermek üçin deň derejede özleriniň dünýewi (dihkan) we dini (mobed) ýolbaşçylarynyň töwereklerine üýşüpdirler. Öz nobatynda, makedon patyşasy we arap serkerdesi deň derejede bu üýşmeleňlerde özleriniň basybalyjylykly hereketlerine garşy durmaga ukyply uly güýji görüpdirler. Şonuň üçin hem olar bu mähelleleri ýok etmek uçin birmeňzeş hereket edipdirler. Her halda, käbir alymlar Horezmde eýýäm şol irki döwürde «baý, aýratyn hem taryha degişli, edebiýat bolupdyr, olardan orta asyrlar döwrüniň ýadygärliklerinde, ilkinji nobatda, al-Biruniniň eserlerinde saklanyp galan ujypsyzja bölekler biziň döwrümize çenli gelip ýetipdir»[1] diýip hasap etseler-de, Orta Aziýanyň beýleki sebitlerinde bolşy ýaly, yslamdan öňki Horezmden bize alymlaryňam, olaryň ýazan eserleriniňem atlary gelip ýetmändir. Bu ýagdaýa seretmezden, Horezmiň yslamdan öňki döwürdäki durmuşynda dowam edip gelen ylmy we medeni däpler, täze yslam dinine we medeniýetine özüniň örän çalt oňaýly täsirini ýetirip başlapdyr. Onuň birnäçe şertlerine salgylanmak mümkin. Orta Aziýanyň beýleki sebitlerinde bolşy ýaly, Horezmiň parasatly we dana adamlary gadym eýýamlardan bäri toplanyp gelen ideýalaryny, paýhasly pikirlerini beýan etmäge we olary dünýäniň medeniýetli bölegine ýaýratmaga we mälim etmäge ukyply, ýokary derejede ösen, haýsydyr bir diliň öz aralarynda peýda bolmagyna garaşýan ýaly bolupdyrlar. Sasany eýýamynyň (224–651) we yslamyň ilkinji döwrüniň (VII–IX aa.) ybadat we edebi dili bolup hyzmat edip gelen ortapars (pehlewi) dili (ondan horezmliler hem peýdalanypdyrlar) dar zolakda, diňe eýrandilli halklaryň arasynda ulanylyp gelendigi üçin şeýle wezipäni berjaý edip bilmändir. Täze din, tersine,

[1] *Толстов С.П.* Древний Хорезм. С.16; *Лившиц В.А.* Иранские языки народов Средней Азии // Народы Средней Азии и Казахстана. М., 1962. Т. 1. С.138.

basym Orta Aziýanyň ähli alymlaryna we ýazyjylaryna Hytaýyň günbatar sebitlerinden Atlantik okeana we Hindistanyň günorta serhetlerinden Wolga deryasynyň akymynyň ugrunda ýerleşýän gadymy hazarlaryň we bulgarlaryň ýurtlaryna çenli bolan ägirt uly giňişliklerde päsgelçiliksiz we arkaýyn hereket etmäge mümkinçilik beripdir.Bu giň sebitde ýerleşen ýurtlaryň medeni we ylmy merkezlerinde horezmliler okapdyrlar, öwrenipdirler we öz gezeginde, olaryň özleri hem okadypdyrlar we ylymda gazanan üstünlikleri bilen beýleki halklary tanyşdyrypdyrlar[1]. Horezmliler hazarlaryň we bulgarlaryň arasynda yslam dinini we musulman medeniýetini ýaýradyjylar bolupdyrlar[2].

Orta Aziýanyň we Horezmiň ýerli okuw edaralarynda arap dili juda ýokary derejede okadylyp başlanypdyr. Edil hristian dünýäsiniň köne gimnaziýalaryny gutaranlaryň gadymy latyn we grek dillerini suwara bilip çykyşlary ýaly, musulman medreselerinin okuw meýilnamasyny doly tamamlanlar hem arap dilini ýokary derejede ele alypdyrlar. Türkmen alymy we akyldary Mahmyt az-Zamahşarynyň Gürgenjiň medresesinde okap, ýokary bilim alşy we arap dilini ilik-düwme öwrenişi barada alymlar adatça şeýle waka salgylanýarlar: bu dili ol şeýle bir ýokary derejede bilipdir welin, mukaddes şäher Mekgä gysga wagtlaýyn ýaşamaga gelen döwründe, günleriň birinde onuň gapdalyndaky Abu Kubeýs dagynyň depesine çykyp, ol ýeriň ýaşaýjylaryna şeýle diýip ýüzlenipdir: «Eý, araplar! Geliň, öz ata-babalaryňyzyň dilini menden öwreniň!»[3].

---

[1] «Bu aralykda musulman adam syýahat edip, ähli ýerlerde öz dininiň penasynda bolupdyr, bir Hudaýa, şol bir aýatlara, birmeňzeş kanunlara we däp-dessurlara duş gelipdir» diýip, dörän ýagdaýy teswirläp A. Mes ýazypdyr. (*Мец А.* Указ. соч., с.14).

[2] *Бартольд В.В.* Соч. Т. II. Ч. 1. С. 124; Т. IX. С. 361. «Gürgenjiň (Ürgenjiň – A.Ý.) söwdagärleri yslam dinini we musulman medeniýetini Wolga deryasynyň kenarlaryna ýaýradypdyrlar. Bu ýerde ýaşaýan bulgarlar musulman dinini kabul edipdirler, hazarlaryň ýurdunda horezmlileriň musulman goşunlary gulluk edipdirler. Megerem, olar hazarlarda musulman dini gutarnykly ornaşýança gulluk eden bolsalar gerek, çünki 764-nji ýylda Kawkazyň arka ýüzündäki musulman ýurtlaryna hazarlar çozuş eden mahallalary, olaryň goşunbaşysy horezmli adam bolupdyr»; bu irki döwürde horezmliler bilen oguzlaryň (türkmenleriň), hazarlaryň, bulgarlaryň we ruslaryň aragatnaşyklary barada giňişleýin seret: *Толстов С.П.* По следам древнехорезмийской цивилизации. С.241–265.

[3] *Ilmämmedow R.* Türkmen parasadynyň miweli daragty // *Zamahşary M.* Ýagşyzadalaryň bahary.1-nji jilt. A., 2004. S.324; *Köprülü M.F.* Türk edebiýaty tarihi. Istanbul, 1948. S.202; *Bilmen Ö.N.* Büýük tefsir tarihi.II jilt.Istanbul,1974. S. 464; *Yuce N.* Zemahşeri // Istanbul uniwersitesi. Edebiýat fakultesi.Türk dili we edebiýati dergisi. XXVI çilt. Istanbul, 1993. S.292.

Horezm diliniň özi barasynda aýdylanda, ol, megerem, hiç mahal ylmy ýa-da edebi eser döretmek üçin ulanylmadyk bolsa gerek. Bu pikiri beýik al-Birunininiň ömrüniň ahyrynda ýazan «Kitab as-Saýdana fi-t-tibb» («Tebipçilikde derman otlarynyň peýdalanylyşy») atly eserinde öz ene dili barada aýdan sözleri hem tassyklasa gerek. Ol şeýle diýip ýazypdyr: «Meniň üçin şeýle dil tebigydyr, ýagny eger ony ulanyp haýsydyr bir ylmy ebedileşdirmeli bolsa, onda ol özüni ýagyş suwundan dolan ýatakda duran düýe kimin ýa-da ýyndam arap atlarynyň arasyndaky jirafa ýaly keseki halda duýar». Al-Biruni pars dilini hem ylmy iş ýazmak üçin ýarawsyz hasap edip, «bu lehçe diňe hosrow patyşalaryna[1] we gijelerine gürrüň berilýän ertekileri [ýazmaga] ukyplydyr» diýip belläpdir[2]. Emma ikinji dile berlen baha bilen häzirki zaman alymlary adalatly ylalaşmaýarlar[3], çünki onuň bilen, eýýäm al-Birunininiň ýaşan döwründe iki sany ajaýyp eser döredilipdir. Olaryň birinjisi 982-nji ýylda ýazylyp gutarylan, awtory näbelli «Hydyd al-älem min al-Maşrik ila-l-Magrib» («Gündogardan Günbatara çenli dünýäniň welaýatlary») atly ajaýyp geografik eserdir, ikinjisi 1010-njy ýylda tamamlanan Ferdöwsiniň ölmez-ýitmez «Şanamasydyr». Ony awtor şol ýylda soltan Mahmyt Gaznala (997–1030) gowşurypdyr. Bu eserler, her haýsy öz pudagynda, häzirki döwürde hem, ýokary ylmy we çeper dilde ýazylan nusgawy kitaplar hasap edilip gelinýärler.

VIII asyrdan başlap, tä XIII asyryň başynda mongollaryň çozuşlaryna çenli, ýarym müň ýyldan hem gowrak wagtyň dowamynda, Orta Aziýanyň beýleki halklary ýaly, horezmlilere hem ylmy işleri ýazmak üçin, esasan, arap dili hyzmat edipdir[4]. Ol Horezm döwletinde öň görlüp-eşidilmedik derejede we möçberlerde ylmyň ösüşini düşündirýän meseläniň diňe bir tarapydyr. Bu ösüşe beýleki bir ýagdaý hem ondan az bolmadyk derejede hemaýat edipdir. Ony al-Birunininiň «araplaryň diline dünýäniň ähli ýurtlarynyň ylmy eserleri terjime edilipdir» diýip ynamdar we ygtybar-

[1] Sasany eýýamynyň (224–651) çeper eserlerine kybapdaş folklor we gahrymançylyk-ly rowaýatlaryny ýazmaklyga ukyply.

[2] *Бируни.* Избр. произв. Ташкент, 1973. T. IV. C.138.

[3] Ol barada giňişleýin seret: *Крачковский И.Ю.* Избр. соч. T. IV. C.254, 261–262.

[4] Aşgabadyň 14 km günorta-günbatarynda ýerleşen gadymy Nusaý şäherinde doglan meşhur ildeşimiz, «Sirat as-sultan Jelal-et-din» («Soltan Jelal-et-din Meňburnynyň ömür beýany») atly ajaýyp eseriň awtory, 1249-njy ýylda Halap şäherinde dünýäden ötüpdir. Muhammet ibn Ahmet ibn Aly ibn Muhammet an-Nesewi öz eserlerini arap dilinde ýazan türkmenistanly meşhur alymlaryň iň soňkularynyň biridir.

ly şaýatlyk etmegi tassyklaýar[1]. Häzirki zaman alymlary al-Bi-runiniň bu sözlerini teswirläp, ol öz eserlerini ýazan mahallarynda «ähli ýerlerdäki döwürdeş çeşmeler dolulygyna onuň ygtyýarynda bolupdyr[2]» diýip belläpdirler[3]. Eýýäm IX asyryň birinji ýarymynda, özünden bir asyr öň ýaşap geçen tanymal alym hem terjimeçi Abu Muhammet Abdylla ibn al-Mukaffa (720–759) ýaly, gelip çykyşy boýunça zaratuştraçy, soň musulman dinini kabul eden, Muhammet ibn Musa al-Horezmi al-Majusy[4] (ony abbasy halypasy al-Mamun (813–830) 817-nji ýylda paýtagtyny Merwden Bagdada geçiren mahaly, Orta Aziýanyň beýleki tanymal alymlarynyň hatarynda öz ýany bilen alyp gidipdir) täze paýtagtda arap dünýäsini, onuň üsti bilen Ýewropa ýerbölegini, dokuz sandan we nuldan ybarat bolan hindi san ulgamy bilen tanyşdyryp, bütin dünýä belli musulman alymy hökmünde şöhrat gazanypdyr. Onuň ady Ýewropada latynlaşdyrylan «Algoritmus» görnüşinde matematikanyň «logarifm» adalgasyny aňladyp başlapdyr we bu dersiň düzümine girip, hindi sanlarynyň kömegi bilen arifmetikany, soň bolsa berk kesgitlenen düzgünler (algoritmler) boýunça hasaplamanyň islendik ulgamynyň umumy adyny aňladypdyr. Özüniň algebra degişli işi boýunça («Kitab al-Jebr») al-Horezmi «diňe bir häzirki zaman ähmiýetinde «algebra» adalgasyny döretmän, eýsem, matematikada täze eýýamy açypdyr»[5].

Umumymusulman ylmy we medeniýeti bilen Horezmiň medeniýetiniň utgaşmagyna, bu ýurdy araplar basyp alandan soň ýüze çykan we üç asyra golaý (712–995-nji ýa-da) dowam edip gelen iki häkimiýetlik päsgelçilik

[1] *Бируни.* Избр. произв. Т. IV. С.138.

[2] Muňa garamazdan, XII asyryň başyndan başlap Orta Aziýanyň ylmy we medeni durmuşynda pars diliniň ähmetiniň güýjäp ugramagy bilen, arap dili bu sebitde öz täsirini we ornuny ýitirip ugrapdyr. Abu Bekr Japar an-Nerşahynyň (959-njy ýylda ýogalypdyr) X asyrda Buharanyň taryhy boýunça arap dilinde ýazan eserini XII asyryň 30-njy ýyllarynda pars diline terjime edipdirler. Ony Abu Nasr Ahmet ibn Muhammet al-Kebawi özüniň dostlarynyň haýyşy boýunça bu dile terjime edipdir, çünki Orta Aziýanyň şol döwrüň adamlarynyň köpüsinde «arap dilindäki kitaplary okamak höwesi bolmandyr». (*Бартольд В.В.* Соч. Т. I. С.59).

[3] *Крачковский И.Ю.* Избр. соч. Т. IV. С.248.

[4] Beýik alymyň ikinji nisbesi (lakamy) onuň ilkibada zoratuştraçylyk dinini tutandygyna şaýatlyk edýär.

[5] *Крачковский И.Ю.* Избр. соч. Т. IV. С.92. Dünýä ylmynyň meşhur taryhçysy, amerikaly alym J.Sarton (1884–1956) IX asyryň birinji ýarymyny tutuşlygyna al-Horezminiň eýýamy diýip atlandyryp, «ony öz döwrüniň iň beýik matematigi we eger ähli ýagdaýlar göz öňünde tutulsa, onda ol ähli döwürleriň hem iň beýik matematikleriniň biridir» diýip, ýokary baha beripdir (*Sarton G.* Introduction to the History of Science. Vol. I. From Homer to Omar Khayyam. Baltimore, 1946. P.563).

döretmändir. Ýurduň günortasyny afrigileriň köne paýtagty Kätde oturan horezmşa, demirgazygyny täze merkez Gürgençde oturan emir dolandyran hem bolsalar[1], olaryň ikisinde-de musulman ylmy we medeniýeti ösüp ugrapdyr.Çeşmelerde «bu iki döwletiň arasyndaky serhet hiç ýerde görkezilmeýär»[2]. Gürgenjiň ähmiýetiniň barha ýokarlanyp ugramagy olary bir döwlete birikdirmegiň esasy sebäpleriniň biri bolupdyr diýip hasap edýärler[3]. Bu taryhy wakadan soň, Gürgenç tutuş Horezmiň paýtagty bolup, gadymy Kät şäherini (Häzirki Özbegistan döwletiniň Garagalpagystan awtonom welaýatynyň Biruni şäherini) bütinleý yzky orna geçiripdir we ýurduň baş ylmy we medeni merkezine öwrülipdir. Şol döwürden başlap, tä XVII asyra, ýagny Ürgenjiň gapdalyndan geçýän Amyderýanyň köne akymynyň guramagy we onuň Aral kölüne bakan akyp başlamagy bilen baglylykda, 1646-njy ýylda paýtagtyň Täze Ürgenje geçirilen döwrüne çenli, orta asyrlar döwrüniň alymlary Horezm hakda ýazanlarynda, Gürgenji göz öňüne tutupdyrlar.

IX asyryň başyndan giç bolmadyk döwürde, esasan, bu iki şäherden çykan we al-Horezmi nisbesini göteryän alymlar, ýazyjylar, görnükli ruhanylar, syýahatçylar, täjirler şeýle bir köp bolupdyrlar, hatda olary sanap çykar ýaly bolmandyr[4]. Orta asyrlarda olary Eýranyň, Orta Aziýanyň, Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň ähli iri şäherlerinde görmek bolýar eken. Olaryň sany halyfatyň paýtagty Bagdatda-da az bolmandyr. Ýokarda görşümiz ýaly, seljuklar eýýamynda olaryň käbirleri bu şäherde özleriniň medreselerini we kitaphanalaryny esaslandyrypdyrlar. X asyryň birinji ýarymynda Horezme syýahat eden arap geografy we alymy al-Istahry (850–934) Kät şäheriniň ýaşaýjylary barada şeýle diýip ýazypdyr: «Olar keseki ýurtlara has köp ýaýrapdyrlar we has köp syýahat edýärler. Horasanda horezmlileriň gabat gelmeýän uly şäheri ýokdur»[5]. 985-nji ýyla golaý döwürde Horezm barada ýazan[6] palestinaly geograf we alym al-Makdisi (946–1000) Kät

[1] Amyderýanyň aşak akymynyň sag kenarynda ýerleşen Kät şäherinde araplar özleriniň dikmesini belläp giden hem bolsalar, onda Afrigiler nesilşalygynyň hökümdarynyň köne Horezmşa ady saklanyp galypdyr. Ol ýurduň özüne degişli bolan çäklerinde esasy hökümdar bolupdyr.

[2] *Бартольд В.В.* Соч. Т. III. С.163.

[3] *Там же.* С.167.

[4] Bu atlaryň doly bolmadyk sanawyna seret: *Халимов Н.* Гадымы Ургенже сыяхат. А., 1986. С.16–24; *Бунятов З.М.* Государство хорезмшахов – нушгегинидов. 1097–1231. М.,1986. С. 118–127.

[5] *МИТТ.* Т. 1. С.180.

[6] *Бартольд В.В.* Соч. Т. III. С.43.

şäheri we onuň ilaty barada söhbet edip: «Olar akyl ýetirmäniň, ylmyň, fykhyň [yslam kanunçylygynyň], ukyplylygyň we bilimiň adamlary. Men ylymda öňe giden horezmli şägirdi bolmadyk fykhyň, edebiýatyň ýa-da Gurhanyň ymamyna[1] seýrek duş geldim...Gudraty güýçli Taňry bu ýurda nyrhlaryň arzançylygyny we bol hasyllylygy eçilipdir, onuň adamlaryny Gurhany ökde okamakda we akyl taýdan tapawutlandyrypdyr»[2]. Bu alym, ýene-de, bu şäherde öz gözi bilen gören zatlaryny şeýle beýän edipdir: «Kät şäheri, [şeýle-de], Şähristan diýlip atlandyrýarlar; ol derýanyň kenarynda ýerleşýär we [ululygy boýunça] Nişapura deňdir [beýleki bir golýazma boýunça – Buharadan uludyr]. Şäher derýanyň gündogar tarapynda ýerleşýär, onuň bazarynyň ortasynda uly metjit bar; beýikligi 1 kama[3] deň bolan sütünleri gara daşdan ýasalypdyr, olaryň üstünden agaç sütünler oturdylypdyr. Emiriň köşgi şäheriň ortasynda ýerleşýär, onuň düýbüni derýanyň suwy köwüpdir, äherde onuň içinden akyp gecýän ýaplar bar. Şäher diýseň, ajaýyp: onda köp sanly ulamalar[4], çeper edebiýaty ilik-düwme bilýänler, baýlar, nepis zatlar we harytlar bar. Öý guryanlar özleriniň ussatlygy bilen tapawutlanýarlar, Gurhany okaýanlaryň seslerіniň owadanlygy, täsirliligi, daşky sypaty we düşbüligi boýunça, olara taý geljek adamlar Yrakda ýok»[5]. Al-Makdisi gadymy Gürgenç barada-da gyzykly maglumatlary habar beripdir: «Ol gün-günden rowaçlanýan, gülleýji şäher. Şäheriň al-Hallaj atly derwezesiniň öňünde al-Mamunyň[6] bina etdiren köşgi bar. Onuň derwezesi ýaly haşamly derweze bütin Horasanda ýok. Al-Mamunyň ogly Aly[7] bu köşgüň öňünde öz köşgüni gurdurypdyr hem-de onuň derwezesiniň garşysynda Buharanyň meýdany ýaly meýdan döredipdir. Şäheriň dört derwezesi bar»[8].

Ýakut al-Hamawy (1179–1229) Günbataryň we Gündogaryň köp ýurtlarynda bolup, olaryň kitaphanalarynda işläp, özüne gerek maglumatlary toplapdyr. Musulman Gündogarynyň ýurtlarynyň kitaphanalarynda saklanýan gymmatbahaly kitaplar bilen tanyşmak üçin, ilkinji nobatda, olaryň

[1] Meşhur alyma.

[2] *МИТТ*. T. 1. C.1 85.

[3] «Adam boýuna» (*МИТТ*. T. 1. C.187).

[4] Meşhur alymlar.

[5] Al-Makdisiniň sözleriniň bu bölegіniň alnan ýerine seret: *Бартольд В.В.* Соч. T. 1. C. 200; şeýle-de seret: *МИТТ*. T. 1. C.187.

[6] Horezmşa Mamun ibn Muhammet (995–997) göz öňünde tutulýar.

[7] Horezmşa Abu-l-Hasan ibn Mamun (997–999).

[8] *МИТТ*. T. 1. C.188.

haýsy birinde bolmalydygyny ol özgelerden has oňat bilipdir. Merwiň meşhur kitaphanalarynda üç ýyllap işläninden soň, Mawerannahryň ähli beýleki şäherlerini, şol sanda Buharany we Samarkandy hem, gapdalda goýup, onuň Gürgenje gitmegi ýöne ýerden bolmandyr. Şol döwürde bu şäher Horezmiň türkmen hökümdarlarynyň ägirt uly döwletiniň paýtagty, musulman dünýäsiniň iň uly ylmy we medeni merkezleriniň biri bolupdyr. Ol bu ýerde 1219-njy ýylyň ahyrky, 1220-nji ýylyň başky aýlarynda ýaşapdyr we bu şähere bagyşlap şeýle ýatlama galdyrypdyr: «Men Gürgençde 616-njy ýylda ony tatarlar [mongollar] basyp almanka we weýran etmänkä boldum. Men ondan uly, baý we owadan şäheri heniz hiç ýerde görmändim. Tatarlaryň weýrançylygyndan soň, ondaky ähli zatlar ters çöwrülen ýaly bolupdyr. Maňa gelip gowşan maglumatlara görä, şäheriň suduryndan başga ondan nam-nyşan galmandyr. Olar (mongollar) şäheriň ýaşaýjylaryny uçdantutma gyrypdyrlar»[1].

W.W.Bartold Gürgenjiň şol döwürdäki medeni durmuşy baradaky orta asyrlar döwrüniň çeşmeleriniň berýän maglumatlaryny jemläp, şeýle nygtapdyr: «XII asyrda Gürgenç Horezmşalaryň kuwwatly nesilşalygynyň paýtagty hökmünde täze ähmiýete eýe bolupdyr, haçan-da bu nesilşalyk tutuş musulman dünýäsinde iň uly güýje öwrülen mahaly, onuň paýtagty basylyp alnan ýurtlaryň genji-hazynalarynyň hasabyna baýlaşmaly bolupdyr»[2]. Orta asyrlar döwründe bu şäherde Bagdadyňkydan we Merwiňkiden pes bolmadyk meşhur kitaphanalaryň ýüze çykmagyny şu ýagdaý bilen düşündirmek mümkin. Olar Ýakudy we musulman Gündogarynyň köpsanly beýleki meşhur alymlaryny özüne çekipdir.

2. HOREZMŞA AL-MAMUNYŇ AKADEMIÝASY

Ylym ähli zatlardan ýokarydyr we dünýäde ondan beýik zat bolup bilmez.

Horezmşa al-Mamun II

Arapça «Dar al-Ilm» («Ylymlar öýi» ýa-da «Akademiýa») atly kitaphanalar musulman dünýäsinde ilkinji gezek Bagdatda, ýurdy apbasy

[1] Ýakudyň sözleriniň alnan ýerine seret: *Якубовский А.Ю.* Развалины Ургенча // Изв. Гос. Академии истории материальной культуры. -Л.,1930. Т. VI. Вып. II. С.11.

[2] *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С.202.

halypalaryň dolandyran döwründe ýüze çykypdyr. R.S.Makkenzen şeýle jemgyýetçilik edaralarynyň gadymy Müsürde (Ptolomeýleriň «Aleksandriýa» kitaphanasy) we gadymy Gresiýada («Muzeum» kitaphanasy) yslamdan has irki döwürlerde ýüze çykandyklary, musulmanlaryň bolsa bu ylmy ojaklary «ägirt uly giňişliklere ýaýradandyklary»[1] barada şaýatlyk edýän subutnamalary getiripdir. Her halda, ýokarda görşümiz ýaly, «Akademiýa» atly kitaphanany ýa-da özleriniň wezipeleri we alyp barýan işleri boýunça oňa kybapdaş, ýöne biraz atlary üýtgeşigräk medeni edaralary döretmekde apbasy halypalary, musulman ýurtlarynyň hökümdarlary ajaýyp görelde görkezipdirler. Olaryň başlangyçlaryna soň ýokary derejeli döwlet adamlary, alymlar, ruhanylar, gaýry tanymal şahslar eýeripdirler. IX–X asyrlarda ol musulman dünýäsiniň ahli künjeklerine häsiýetli medeni başlangyçlar bolupdyr. Käbir alymlar «Akademiýalary» beýleki kitaphanalardan tapawutlandyrypdyrlar. A. Mes (1869–1917) bu barada şeýle diýip ýazypdyr: «Diňe kitaphananyň wezipesini ýerine ýetiren öňki edaralar «paýhaslar hazynahanasy» («hizanat al-hikma») atlandyrylypdyrlar, täze «ylym öýlerinde» («dar al-ilm») kitaphana (hizana) onuň aýratyn bölegi bolupdyr»[2]. M. Kebir Buweýhiler döwrüniň (946–1055 ý.ý.) ylmy ojaklaryny kitaphanalara we «Akademiýalara» bölüpdir[3]. Bu tassyklamalara laýyklykda «Akademiýalaryň» düzümi hazynahanadan we okalga zalyndan ybarat bolupdyr. Kämahallar oňa älemşynaslyk obserwatoriýasyny hem goşupdyrlar. Bu ýerde ylmy kitaplary grek, latyn, ýewreý, siriýa, kopt, pars we hindi dillerinden arap diline terjime edipdirler. Soň olary «Akademiýalaryň» düzümine giryän «Hatdatlar öýüniň» («Dar al-hatt») işgärleri sünnäläp göçüripdirler. «Akademiýalaryň» kitaphanaçylary bolup işlän alymlar az bolmandyr[4]. Iň esasy zat, ol hem, bu ylmy ojak dürli pudaklara degişli görnükli alymlaryň hemişe üýşýän, duşuşýan we döwrüň derwaýys ylmy meseleleriniň ara alnyp maslahatlaşýan ýeri bolupdyr. Her halda, kitaphana «Akademiýalaryň» düzüminde onuň esasy

[1] *Mackensen R.S.* Background of the history of Moslem libraries. Vol. 51. P.115–117; 1935–1936. Vol. 52. P.23.

[2] *Meц A.* Указ. соч. С.149.

[3] *Kabir M.* Op. cit. P.31–33.

[4] Dünýä belli meşhur alymlardan Musa al-Horezmi halypa al-Mamunyň, Ibn Miska-weýh (1030-njy ýylda ýogalypdyr) Buweýhiler döwletiniň weziri Abu-l-Fazl ibn al-Amidiň, Abu Aly ibn Sina Samanylar döwletiniň hökümdary Nuh ibn Mansuryň, Ibn as-Sa'i (1275-nji ýylda ýogalypdyr) halypa al-Mustansiriň döreden kitaphanalarynyň kitaphanaçylary bolup işläpdirler.

bölegi bolupdyr. «Ol ýönekeý bir hazynahana we kitap okalýan ýer bolman, eýsem, ähli babatlarda dürli ylmy işler alnyp barylýan ýer bolupdyr»[1].

Alymlaryň köpüsi musulman dünýäsinde ilkinji «Akademiýany» abbasy nesilşalygynyň ýedinji halypasy al-Mamun ibn ar-Reşit (813–833) özüniň paýtagtyny 817-nji ýylda Merwden Bagdada geçireninden biraz wagt soň döredipdir diýip hasap edýärler. Emma bu şäherde halypa al--Mamundan öň, onuň kakasy Harun ar-Reşidiň (786–809)[2] döwründe hem, baý hususy kitaphanalar bolupdyr. Hususan-da, terjimeçileriň toplumyny özünde jemleýän «Bilimler öýi» ýa-da «Paýhaslar öýi» («Hizanat al-hikma» ýa-da «Beýt al-hikma») atly kitaphanany ar-Reşidiň özi döredipdir[3]. Bu halypanyň döwürdeşi, arap taryhçysy Omar al-Wakidiniň (736–811) şeýle kysymly hususy kitaphanasynda 120 sany düýe ýüklük kitaplar bolupdyr[4].

S.K.Padowe halypa al-Mamun özüniň «Akademiýasyny» 813-nji ýylyň yz ýany, Merwde halypalyk derejesini alandan soň döredipdir diýip ýazypdyr[5]. Emma şeýle pikir bilen ylalaşmak mümkin däl. IX asyryň başynda döwletiň tagty we täji bilen bagly möhüm we pajygaly syýasy wakalar bu meşhur halypa heniz medeni meseleler bilen doly meşgullanmaga mümkinçilik bermändir. Şonuň üçin bu «Akademiýanyň» döredilen wagtyny onuň halypalygynyň Bagdat döwri bilen baglanyşdyrmak dogry bolar. Megerem, ol IX asyryň 20-nji ýyllarynyň ortasyna degişli bolsa gerek.

Türkmenistanly beýik alym Abu Japar Muhammet ibn Musa al-Horezminiň (850-nji ýylda ýogalypdyr) ylmy döredijilik işiniň turuwbaşdan halypa al-Mamunyň «Akademiýasy» bilen aýrylmaz baglanyşykly bolandygyny bellemek möhümdir. Abu-l-Faraj Muhammet ibn Ishak an--Nedimiň (997-nji ýylda ýogalypdyr) beryän maglumatyna görä, al-Mamun özüniň täze paýtagtyna gelenden soň, ony özüniň «Akademiýasynyň» ýolbaşçysy edip belläpdir[6]. An-Nedimiň «Fihristini» iňlis diline terjime edip neşir eden B. Doj bu ylmy ojakda saklanýan eserler baradaky maglumatda halypanyň deslap toplan kitaplarynyň toplumy baradaky

[1] *Mackensen R.S.* Background of the history of Moslem libraries. Vol. 52. P.23.

[2] *Qasimi M.A.* Op. cit. P.4.

[3] *Крачковский И.Ю.* Избр. соч. Т. IV. С.75.

[4] *Grohmann A.* Bibliotheken und Bibliophilen im islamischen Orient // Festschrift der Nationalbibliothek in Wien.Vienna, 1929. S.439; *Padover S.K.* Op. cit. P.351.

[5] *Padover S.K.* Op. cit. P.351.

[6] The Fixrist of al-Nadim.Vol. II. P.652.

habary görüpdir. Megerem, olary halypa heniz Merwde hökümdarlyk eden döwründe ýygnap başlan bolsa gerek[1]. Bu «Akademiýada» Musa al-Horezmi ömrüniň ahyryna çenli işläpdir.

Buweýhi döwletiniň hökümdary Beha ud-Döwläniň weziri Sabyr ibn Ardaşir (1025-nji ýylda ýogalypdyr) hem 991-nji ýylda özüniň «Akademiýasyny» esaslandyrypdyr. S.Inaýatulla bu kitaphana barada şeýle diýip ýazypdyr: «Onuň ajaýyplygyny we tutýan meýdanynyň ululygyny orta asyr awtorlarynyň ençemesi haýran galyp taryp edipdirler. Onda şol döwrüň iň meşhur hatdatlarynyň göçüren kitaplarynyň 100 000 jiltden gowragy saklanypdyr»[2]. Başga maglumata görä, bu kitaphanada gymmatly kitaplarynyň sany 140 000 jiltden ybarat bolupdyr[3]. Onuň genji-hazynasyndan şol döwrüň görnükli alymlarynyň peýdalanmadygy az bolupdyr. IX asyryň başynda halypa al-Mamun ýaly, X asyryň ahyrynda buweýhileriň weziri Sabyr ibn Ardaşir hem özüniň «Akademiýasynyň» ýolbaşçysy edip, türkmenistanly Abu Bekr Muhammet ibn Musa al-Horezmini belläpdir. Şeýle abraýly ylmy edara ýene-de bir ildeşimiziň nobatdaky sapar ýolbaşçy edilip bellenmegi tötänleýin bolmandyr. Bu alym hem, özünden uly meşhur ildeşi Abu Jepbar Muhammet ibn Musa al-Horezmi ýaly, döwrüniň görnükli şahsyýeti bolupdyr. Biz ýokarda onuň Bagdatda gurduran medresesi we kitaphanasy hem-de onuň bu şäheriň medreselerinde müderrislik edişi barada durup geçdik. Aýdylanlaryň üstüne onuň edebiýatdan hem juda oňat baş çykarandygyny belläp geçmek isleýäris. Abu Bekr al-Horezminiň arap şygryýetini çuňňur bilşi barada Ýakyn Gündogar ýurtlarynda ýaşaýan araplaryň arasynda, onuň dünýäden öten döwründen üç ýüz ýyla golaý wagt geçenden soň hem, rowaýat şekilli gürrüňler dowam edip gelipdir[4]. Orta asyr arap taryhçysy Ibn Hallikan (1211–1282) ol barada şeýle diýip ýazypdyr: «Günleriň birinde Abu Bekr al-Horezmi Buweýhi döwletiniň hökümdary Muaýidiň we Fahr ad-Döwläniň weziri Sahyp Abul Kasym ibn Abbadyň (936–995) gapysyna gelipdir we onuň jaýyna gözegçilik edýän adama: «Bar, wezire bir edebiýatçy geldi, ol seniň bilen duşuşmak isleýär diýip aýt» diýipdir. Gözegçi gelen adam barada hojaýynyna habar berende, ýadaw Sahyp: «Bar, sen

[1] *Ibid.* P. 652. No.71.

[2] *Inayatullah Sh.* Op. cit. P.160.

[3] *Pinto O.* Op.cit. P.229.

[4] Ol barada seret: *Browne E.A.* A Literary history of Persia. Vol. 1.P.374; *Халимов Н.* Гадымы Ургенҗе сыяхат. А.,1986. С.71.

oňa arap şahyrlarynyň goşgularyndan 200 müň beýtden az bilýänleri kabul etmezlige men kasam etdim diýip aýt» diýip, ony yzyna ýollapdyr. Gözegçi weziriň sözlerini Abu Bekre ýetireninde, ol ýene-de: «Sen yzyňa dolan we wezirden sora, goşgulardan şonça mukdardaky beýtler diňe erkek şahyrlara degişli bolmalymy ýa-da diňe zenan şahyrlara». Gözegçi bu sözleri wezire ýetiren badyna ol gobsunyp, buýsanç hem şatlyk bilen: «Gapynyň öňünde duran Abu Bekr al-Horezmi bolmaly, goýber ony, goý ol meniň ýanyma gelsin» diýipdir»[1].

Käbir türkmen alymlary özleriniň kitaphanalaryny Apbasy halyfatynyň paýtagty Bagdatda-da döredipdirler. Olaryň biri Muhammet ibn Mansur al-Horezmi bolup, ol özüniň «Hizanat al-kutub» («Kitaplaryň genji-hazynasy») atly kitaphanasyny 1066-njy ýylda bu şäherde açypdyr. Kitaphana onuň Yrakda ilkinjileriň hatarynda gurduran medresesinde ýerleşipdir. Onda kitaplaryň ajaýyp toplumy saklanypdyr. Onuň seýrek duş gelýän gymmatlyklarynyň biri Gurhanyň teswiri bolup, dürli çeşmeleriň beryän maglumatlaryna görä, ol 300 ýa-da 400 we hatda 700 jiltden ybarat bolupdyr. Teswirnamany 1095-nji ýylda dünýäden öten Ibn Bundar al-Kazwini ýazypdyr. Bu ylmy ojakda kitaphanaçy bolup işlän we onuň kitaplarynyň katalogyny düzen adamlaryň atlary hem bellidir. M.A.Kasymynyň beryän maglumatlaryna görä, bu kitaphana häzirki döwürde hem işlemegini dowam edýär. Ol Bagdadyň üç mil (24 km) demirgazygynda meşhur ruhany-alym Abu Hanifanyň gubrunyň golaýynda ýerleşýär[2].

Apbasy halyfatynyň paýtagty «Akademiýa» diýlip atlandyrylan ylmy ojagyň ýüze çykan ýeke-täk şäheri bolmandyr. Aradan bir asyra golaý wagt geçeninden soň, kitaphanalar şeýle at bilen beýleki şäherlerde-de döredilip ugrapdyr. Müsüriň altynjy fatimi halypasy al-Hekim (996–1021) 1005-nji ýylda ýurduň paýtagty Kairde özüniň «Akademiýasyny» döredip, «onda köşk kitaphanalarynda saklanýan kitaplary ýygnapdyr; olar hemmeler üçin açyk bolupdyr»[3]. A.Mes onuň býudjeti baradaky maglumatlary getiripdir. Olara laýyklykda oňa bir ýylyň dowamynda 257 dinar serişde goýberilip, onuň 90 dinaryna golýazmalary göçürmek üçin kagyz satyn alnypdyr, 63 dinary kitaphanaçylara aýlyk haky tölemek, galan bölegi beýleki dürli gerek bolan zatlara harçlanypdyr[4]. W.W.Bartold

[1] Sitatanyň alnan ýerine seret: *Халимов Н.* Гадымы Үргенже сыяхат. С.21.

[2] *Qasimi M.A.* Op. cit. P.7.

[3] *Мец А.* Указ. соч. С.149; Ol barada giňişleýin seret: *Padover S.K.* Op. cit. P.156–157.

[4] *Мец А.* Указ. соч. С.149.

bu býujetiň ujypsyzlygyna ünsi çekipdir[1]. Al-Hekimiň «Akademiýasy» işini bu nesilşalygynyň ahyryna, ýagny 1171-nji ýyla çenli dowam edipdir[2]. Ony şol döwrüň iň ajaýyp kitaphanasy hasap edýärler[3]. «Onuň baý fondundan peýdalananlaryň ählisini ýazuw serişdeleri bilen mugt üpjün edipdirler, bu kitaphanada belli bir döwür galyp işlemekçi bolýanlara nahar we talyphaky berlipdir»[4]. Kitaphananyň esasyny bu halypanyň özüniň ýygnan eserleri tutupdyr. «Onuň 18 000 sanysy diňe hudaýşynaslyk ylmyna degişli eserlerden ybarat bolupdyr. Gurhanyň bu ýerde saklanýan 2400 sany nusgasy Ibn al-Bawwab we Banu Mugla ýaly meşhur hatdatlar tarapyndan göçürilipdir. Kitaplar altyn we kümüş syýalary bilen jäheklenipdir we bezelipdir. Köpsanly meşhur awtorlaryň eserlerinde olaryň awtograflary bolupdyr»[5]. R.S.Makkenzeniň ýazmagyna görä, «Ol diňe bir bu «Akademiýanyň» agzalary üçin däl, eýsem, jemagat üçin hem açyk bolupdyr. Onuň baý hazynasyndan peýdalananlaryň ählisi ýazuw esbaplary bilen mugt üpjün edilipdir, birnäçe wagtlap ýatymlaýyn galyp, okuwyny dowam etdirmäge isleg bildirenlere bolsa tölegsiz nahar we talyphaky berlipdir»[6].

«Akademiýa» atly kitaphanalar ýuwaş-ýuwaşdan halyfatyň käbir iri welaýatlarynyň merkezlerinde-de ýüze çykyp ugrapdyr. Yragyň demirgazygynda ýerleşýän Mosul şäherinde (häzirem bu ýerde, esasan, türkmenler ýaşaýarlar) meşhur hukukşynas Japar ibn Muhammet ibn Hamdun (854–934) ömrüniň ahyrynda özüniň «Akademiýasyny» döredipdir. Ýakudyň beryän maglumatlaryna görä, onda saklanýan gymmatbahaly eserler bilen işlemeklige isleg bildirýänleriň ählisi üçin bu kitaphananyň gapysy açyk bolupdyr[7]. Şeýle mysallary ýene-de getirmek mümkin.

Orta Aziýada «Dar al-ilm» («Akademiýa») diýlip atlandyrylan ilkinji we iň soňky kitaphanany ylma-bilime uly penakärlik eden Horezmşa Abul Abbas al-Mamun ibn Mamun (1004–1017) 1000-nji ýylda Gürgençde döredipdir. Meşhur taryhçy Abul Fazl Beýhaky (996–1077) Biruniniň biziň döwrümize çenli gelip ýetmedik «Horezmiň taryhy» atly eserinden

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. VI. С.622.
[2] *Крачковский И. Ю.* Избр. соч. Т. IV. С.106.
[3] *Pinto O.* Op. cit. P. 217.
[4] *Mackensen R.S.* Background of the history of Moslem libraries. Vol. 52. P.23.
[5] *Pinto O.* Op. cit. P. 217, 225.
[6] *Mackensen R.S.* Background of the history Moslem libraries. Vol. 52. P.23.
[7] *Мец А.* Указ. соч. С. 149; Ol barada giňişleýin seret: *Padover S.K.* Op. cit. P. 156–157.

bu tanymal hökümdar barada ýazan anyk böleklerini getiripdir. Olarda beýik alym öz döwürdeşini we hökümdaryny «juda görnükli alym hem okumyş» adam diýip häsiýetlendirip, ýene-de: «Ol juda düşünjeli alym, edermen, janypkeş, her bir işde tutanýerli adamdy... Ondan hiç kim hiç mahal hapa, gödek we ugursyz sözler eşitmezdi. Bu onuň ýokary derejedäki ahlaklylygyndan, sahawatlylygyndan gelip çykýardy. Men, [A]bu Reýhan al-Biruni, oňa ýedi ýyllap gulluk etdim we şol döwürde onuň agzyndan sypan paýyş sözlere duş gelmedim. Haçan-da, bir zada juda gahary gelen mahaly, onuň aňrybaş sögünji «Sen it ýaly!» diýerdi»[1] diýip şaýatlyk edýär. Ilkinji çeşmelerde Horezmşa al-Mamun barada berilýän ähli maglumatlary teswirläp, häzirki zaman alymlary biragyzdan onuň bilimli-sowatly, dana hökümdar bolandygyny tassyklaýarlar[2].

Horezmşa al-Mamunyň Gürgençdäki «Akademiýasy», fatimi halypasy al-Hekimiň (996–1021) Kairde döredilen adybir kitaphanasyndan bäş ýyl öň esaslandyrylypdyr. Oňa seretmezden, orta asyrlar döwrüniň musulman kitaphanalary barada düýpli işleriň awtorlary O.Pinto[3], S.K.Padowe[4], A.S.Kasimi[5], R.S.Makkenzen[6], Ş.Inayatulla[7], M.Kebir[8], A.Grohman[9], J.Pederzen[10] we beýlekiler Gürgenjiň «Akademiýasy» barada hiç hili maglumat bermändirler. Rus dilinde neşir edilen şeýle işlerden A.Mesiň,[11]

---

[1] *Байхаки.*История Мас'уда. 2-е изд. М.,1969. С.808. Al-Biruniniň öz sözüne laýyklykda, ol ylmy--barlag işlerini alyp barmak üçin horezmşa al-Mamunyň köşgünde «azda-kände maýyl» tapypdyr. Ýöne özüne we töweregini gurşap alan adamlara aňrybaş talapgär bolmak bilen, hökümdaryny käbir biperwaýlykda aýyplap, şeýle diýip ýazypdyr: «Bu ýyl (1016-njy ýyl – A.Ý.) ýurduň tozmagy we pese düşmegi bilen tamamlandy. Keýpi-sapalyk bilen meşgullanyp, ol (horezmşa al-Mamun) bu ýagdaýa uzak wagtlap üns bermedi» (*Бируни.* Избр. произв. Т. Ш. С138).

[2] *Бартольд В.В.* Соч. Т. II. Ч. I.С.223; *Толстов С.П.* По следам древнехорезмийской цивилизации. С.266 we başg.

[3] *Pinto O.* Op. cit. P.210–248.

[4] *Padover S.K.* Op. cit. P.347–368.

[5] *Qasimi A.S.* Op. cit. P. 1–15.

[6] *Mackensen R.S.* Four great libraries of Medieval Baghdad. P.280–299.

[7] *Inayatullah Sh.* Op. cit. P.154–169.

[8] *Kabir M.* Op. cit. P.31–33.

[9] *Grohmann A.* Op. cit. P.431–442.

[10] *Pedersen J.* Op. cit. P.113–130.

[11] *Мец А.* Мусульманский Ренессанс. М.,1966. 458 с.

I.Ý.Kraçkowskiniň[1], O.I.Talalakinanyň[2] eserlerini görkezmek mümkin[3]. Bu ýagdaýy ol alymlaryň ýaşan döwürlerinde heniz Gürgenjiň «Akademiýasy» barada ýörite ylmy işiň ýazylmanlygy bilen düşündirse bolar. Ol barada ilkinji makala Özbegistanda 1971-nji ýylda çap edilipdir[4]. Onuň awtory musulman ýurtlarynyň medeniýetiniň taryhçysy däl-de, alym-medik bolupdyr. Şonuň üçin bolsa gerek, bu işde taryhy seneler bilen bagly birtopar nätakyklar goýberilipdir. Makalanyň awtorynyň belleýşine görä, apbasy halypasy al-Mamun (813–833) IX asyryň başynda däl-de, VIII asyryň başynda özüniň «Akademiýasyny» döredipdir; «bar bolan maglumatlara görä (haýsylardygy anyk görkezilmeýär–A.Ý.) ol «kömekçi edara» bolup, Gürgenjiň «Akademiýasyndan» biraz kiçiräk bolupdyr»; soňky «Akademiýada» işlemäge çagyrylan alymlaryň arasynda, hiç mahal Horezme gelip görmedik, Eýranyň Jürjaniýa welaýatynyň höküмdary Kabus ibn Waşmgir (976–1012) agzalypdyr we başgalar. Bu möhüm ylmy we jemgyýetçilik edarasynyň şeýle irki döwürde Orta Aziýanyň beýleki medeni merkezlerinde däl-de, Gürgençde ýüze çykmagynyň düýpli sebäpleri bolupdyr. Horezmliler Bagdadyň we Yragyň beýleki şäherlerindäki «Akademiýalarynyň» alyp barýan işlerinden habarly bolupdyrlar we olardan şeýle kysymly edarany özleriniň paýtagtynda döretmek ideýasyny kabul edip alypdyrlar diýip çak etmek bolar. Oňa apbasy halypalarynyň paýtagtyndaky «Akademiýalara» IX–X asyrlarda ýolbaşçylyk eden horezmli alymlaryň döredijilikleri şaýatlyk edýärler. Elbetde, bu meselede ýerli şertleri we başlangyçlary hem gözden salmak bolmaz. S.P. Tolstow Gürgenjiň «Akademiýasynyň» gözbaşyny X asyrda hökümdarlyk eden Horezmşa Abu Seýit Ahmet ibn Muhammet ibn Yragyň köşk matematikleriniň we älemşynaslarynyň döwresinde görüpdir[5]. Gürgenç, ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, 995-nji ýyldan başlap

[1] *Крачковский И.Ю.* Избр.соч. Т. IV. С. 106.

[2] *Талалакина О. И.* Исследователи культуры Востока о библиотеках Арабского халифата // Библиотековедение и библиография за рубежом. М., 1973. Вып. 56. С. 58–75.

[3] Musulman ýurtlarynyň kitaphanalary barada günbatar we gündogar alymlarynyň ýazan işleriniň has doly sanawyna seret: *Naser S.H.* An Annotated Bibiliography of Islamic Science. Tehran,1975. Vol. 1. P. 173–178. (With the collaboration of *W.C. Chittick*).

[4] *Абдуллаев А.А.* Академия хорезмшаха Мамуна в Хорезме // Медицинский журнал Узбекистана. 1971. № 1. С. 57–59

[5] Bu ýerde gürrüň yrakylar nesilşalygynyň iň soňky horezmşalarynyň biri barada barýar. Bu nesilşalykdan beýik al-Biruniniň mugallymy hem terbiýeçisi Abu Nasr Mansur ibn Aly gelip çykypdyr. «Onuň özi hem ylmyň matematika we älemşynaslyk pudaklary boýunça ýazan işleri

diňe bir birleşdirilen Horezm döwletiniň paýtagty bolman, eýsem, uly we möhüm halkara derejesindäki täjirçilik merkezine hem öwrülipdir. Bu ýagdaýlaryň ählisi onuň X asyrda yslam ylmynyň we medeniýetiniň iň uly merkezleriniň biri bolmagyna gerek bolan şertleri döredipdir. Musulman dünýäsiniň bu uzak we üzňeräk demirgazyk-gündogar künjeginde «Akademiýa» atly ýeke-täk ylmy ojagyň peýda bolmagy gadymy Horezm siwilizasiýasynyň arap diliniň üsti bilen umumymusulman ylmy we medeniýeti bilen tebigy taýdan birleşmesiniň netijesidir. XX asyryň 30–40-njy ýyllarynda gadymy Horezm döwletiniň çäklerinde giň gerimli we uzak möhletli arheologik gazuw-agtaryş işler geçiren we onuň taryhy boýunça düýpli ylmy işlerini ýazan S.P. Tolstow[1] bu barada şeýle nygtapdyr: «Al-Mamunyň «Akademiýasynyň» ýüze çykmagy tötänleýin bir zat däldir. Horezm ylmy onuň döredilmeginden has irräkki döwürlerden bäri Gündogar ylmynyň taryhynda görnükli orny eýeläpdir. Horezmiň musulmançylykdan öňki, antik we afrigiler döwrüniň ylmy barada biz heniz az bilýäris. Ýöne maddy medeniýetiň ýadygärliklériniň dykgatly derňewleri Horezmde şol döwürde takyk we tebigy ylymlaryň eýýäm ösüp ýokary derejä ýetendigi barada pikir ýöretmäge mümkinçilik berýär. Binagärlikde takyk deňölçegliligiň saklanmagy, gurluşyk işlerinde hasaplamalaryň dogry çykarylmagy, ýeriň üstüniň ýokary nokadyny anyk kesgitlemezden ýurduň içindäki ägirt uly suwaryş ulgamlaryny geçirmegiň mümkin däldigi, al-Biruniniň teswirlän Horezm senenamasy we jikmejik işlenip düzülen älemşynaslyk adalgalary, Toprakgalanyň nagyşly bezeglerindäki mineral reňkleriň baýlygy we dürli görnüşliligi, şeýle hem şu galadan ele salnan antik döwrüniň aýna çüýşesi–bularyň ählisi geometriýa, trigonometriýa, älemşynaslyk, topografiýa, himiýa, mineralogiýa ylymlarynyň ösmeginiň netijesinde amala aşyrylyp bilinjek zatlardyr»[2]. S.P. Tolstow gadymy Horezm we arap ylymlarynyň birleşmesi (sintezi) barada söhbet edip, ýene-de şeýle diýip ýazypdyr: «Haçan-da giçki afri-

we açyşlary boýunça dogduk mekany Horezmden has uzaklarda-da şöhrat gazanypdyr. Onuň sinuslar teoremasyny diňe bir tekizlikler üçin däl, eýsem, şar görnüşli üçburçluklar üçin hem ilkinjileriň biri bolup esaslandyrandygyny belläp geçmek ýeterlikdir. Ony öz döwründe al-Biruni we Nasr-et-din at-Tusi belläp geçipdirler. Häzirki döwürde bu açyşlaryň dünýäniň matematika ylmynyň ösüşine edilen ajaýyp goşantdygyny by ylmyň taryhçylary ykrar edipdirler» (*Булгаков П.Г.* Жизнь и труды Беруни.Ташкент, 1972. С.29).

[1] *Толстов С.П.* Древний Хорезм. Опыт ист.-археол. исследования. М.,1948. 352 с.; *Он же.* По следам древнехорезмийской цивилизации. М.; -Л., 1948. 336 с.

[2] *Там же.* С.267.

giler Horezmi Arap halyfatynyň ulgamyna giren mahaly, onuň alymlary salymyny bermän gündogaryň özboluşly latynçasyna öwrülen diňe dili arap «arap ylmy» diýilýäni döreden alymlaryň arasynda görnükli, megerem, iň görnükli ýeri eýeläpdirler (sözleriň basymy biziňki – A.Ý.)»[1]. Şeýle diýmek bilen, ol, ilkinji nobatda, Musa al-Horezminiň, Abu Reýhan al-Birunineň we köpsanly beýleki meşhur horezmli alymlaryň döredijiliklerini göz öňüne tutupdyr. Horezmde doglan we Ürgenjiň «Akademiýa synyň» genji-hazynasyndan peýdalanyp, bu alymlar özleriniň genial ylmy eserlerini döredipdirler, dünýä ylmynyň köp pudaklaryna ägirt uly goşant goşupdyrlar we iş ýüzünde olary esaslandyryjylar bolupdyrlar.

Gürgenjiň «Akademiýasynda» hem edil Bagdadyň we Kairiň «Akademiýalaryndaky» ýaly joşgunly ylmy durmuş möwç urupdyr. Öz döwrüniň ylmynyň köp pudaklaryndan habarly hem oňat baş çykarýan horezmşa al-Mamun öz «Akademiýasynyň» işini gurnamaklyga gönüden-göni gatnaşypdyr. Bu meselede ol özüniň uly döwürdeşi hem-de ylmyň beýik howandary apbasy halypasy al-Mamuna diňe bir ady boýunça däl, eýsem, alyp barýan işleri boýunça hem meňzeş bolupdyr. Horezmşa al-Mamun hem, edil apbasy halypasy al-Mamun ýaly, öz «Akademiýasynda» işlemek üçin döwrüniň meşhur alymlaryny toplapdyr. Olaryň ilkinjisi Abu Reýhan al-Biruni bolupdyr. Ol 995-nji ýylda Horezmi bir bitewi döwlete öwürmek boýunça alnyp barlan pajygaly syýasy we harby wakalarda köne afrigiler nesilşalygynyň tarapynda çykyş edipdir. Haçan-da, bu şalygyň hökümdary Ürgenjiň emiri Mamun ibn Muhammetden (995–997) ýeňlenden soň, al-Biruni Hazar deňziniň günortasynda ýerleşen Jürjaniýa (häzirki Gürgen) şäherine gitmäge mejbur bolupdyr. Bu ýerde ol 1004-nji ýyla çenli, ýagny horezmşa al-Mamun ony öz «Akademiýasyna» işe çagyran pursadyna çenli ýaşapdyr[2]. Şol bir wagtyň özünde bu hökümdar

[1] *Толстов С.П.* Древний Хорезм. Опыт ист.-археол. исследования. М.; 1948. С.267.

[2] Al-Birunineň Gürgenden Gürgenje gaýdyp gelen döwri uzak wagtlap seljerilip gelnipdir we bu mesele boýunça häzirki döwürde hem dürli seneler görkezilýär. Ol barada çap edilen işler sanap çykardan köp. Al-Birunineň eserlerini arap dilinden rus diline terjime eden we bu alymyň döredijiligi boýunça düýpli işleri ýazan görnükli alymlaryň biri P.G.Bulgakow ilkibada onuň Gürgende ýaşan döwrüni, öz kärdeşi E.Zahaunyň (bu alym, öz gezeginde, al-Birunineň eserlerini iňlis diline terjime edipdir) pikiri bilen ylalaşyp, 998–1010-njy ýyllar diýip kesgitläpdir (*Булгаков П.Г.* Бируни и его «Геодезия» // *Бируни.* Избр. произв. Т. III. С. 15). Emma soňky geçiren derňewleriniň esasynda P.N.Bulgakow al-Birunineň Gürgenden Gürgenje gelen ýylyny 1004-nji ýyl diýip kesgitläpdir. Abu Aly ibn Sinanyň Gürgençde ýaşan döwrüni kesgitlemek boýunça-da ýagdaý şeýle bolupdyr. Ilkibada onuň bu şäherde ýaşan döwrüni alymlar

öz ylmy merkezine gelip çykyşy boýunça sogdy milletinden bolan Aby Aly ibn Sinany Buharadan çagyrypdyr we ol onda 1005–1011-nji ýyllar aralygynda işläpdir. Döwrüniň bu iki sany beýik alymy Horezmşa al-Mamunyň «Akademiýasynyň» abraýyny arşa göteripdir. Bu ylmy ojakda olar bilen bilelikde pelsepeçi Abu Sahl Mesihi, meşhur tebipçi-alym Abul Hasan Hammar we beýleki ajaýyp alymlar işläpdirler. Abu Aly ibn Sinanyň durmuşynyň Gürgenç döwri barada onuň terjimehalçylarynyň biri şeýle diýip belläpdir: «Eger ol Buharada bilimini tamamlap, özbaşdak döredijilik işine başlan bolsa, onda Gürgençde bolan döwründe onuň pelsepe, tebigy ylymlar we medisina boýunça garaýyşlary gutarnykly taplanypdyr. Horezme (Ürgenje – A.Ý.) ýaş we umyt bildiriji pelsepeçi we tebip bolup gelip, ol ondan Gündogar ýurtlarynda ady giňden belli bolan kämil akyldar, alym bolup çykyp gidipdir»[1]. Horezmşa al-Mamunyň «Akademiýasynda» Ibn Sinanyň döredijiligi diýseň önjeýli bolupdyr. Gürgençde ol özüniň talyplaryny we şägirtlerini medisina we pelsepe dersleri boýunça okadypdyr. «Bu ýerde onuň bütin ömrüniň önümi bolan iki sany naýbaşy eseriniň: «Sagaldyş kitaby» atly pelsepe ensiklopediýasynyň we «Tebipçilik ylmynyň kanuny» atly medisina degişli düýpli eseriniň esasy goýlupdyr»[2].

Al-Biruni hem, öz gezeginde, 1004–1017-nji ýyllar aralygynda, ýagny bu ýurdy Mahmyt Gaznewi basyp alýança, dogduk mekany Gürgençden çykman ýaşapdyr. Ömrüniň bu döwründe ol diňe bir «Akademiýanyň» işiniň ruhlandyryjysy bolman, eýsem, Horezmşanyň geňeşçisi, hatda ministriniň ornunda hem bolupdyr[3].

Bu «Akademiýada», edil Ibn Sina ýaly, al-Biruni hem giň göwrümli we düýpli ylmy döredijilik bilen meşgullanypdyr. Üstesine-de, ol bu ýerde özüniň geljekki uly göwrümli işleriniň meýilnamalaryny düzüpdir, tebigy ylymlaryň dürli pudaklary boýunça barlaglar we synaglar geçiripdir.

1010–1017-nji ýyllar diýip hasaplapdyrlar, häzir bolsa bu döwri 1005–1010-njy ýyllar diýip kesgitleýärler. Her halda, döwrüniň bu iki beýik alymynyň Horezmşa al-Mamunyň «Akademiýasynda» duşuşmagy we bile işleşmegi bu ylmy merkez üçin uly abraý bolupdyr. XI asyrda musulman dünýäsiniň Günbatarynda-da, Gündogarynda-da ylymda gazanan netijeleri boýunça olaryň gapdalynda goýar ýaly başga alym bolmandyr.

[1] *Петров Б.Д.* Ибн Сина (Авиценна). М., 1980. С.33.

[2] *Там же.* С.34.

[3] Bu howsalaly döwürde al-Birunineň ýurduň pitneçi han-begleri, goşun serkerdeleri we Horezmşanyň arasynda, şeýle hem daşarky dünýä bilen alyp baran diplomatik işleri barada seret: *Бартольд В.В.* Соч. Т. III. С.337–338.

Horezmşa al-Mamunyň Akademiýasynyň galyndysy

Gürgençden Gazna mejbury halda gitmeli bolan beýik alym, täze ýurda gelip aradan az salym geçenden soň, özüniň «Geodeziýa» atly iň uly we iň möhüm eserleriniň birini ýazmaga girişip bilipdir[1].

Horezmşa al-Mamunyň ylma bolan gatnaşygy barada al-Biruniniň şaýatlyk etmegi juda möhümdir. Bu barada Abyl Fazl Beýhaky ýene-de onuň, biziň döwrümize çenli gelip ýetmedik, «Horezmiň taryhy» atly eserinden aşakdaky parçany getiripdir:

«Bir gezek Horezmşa atyň üstünde otyrka, birnäçe bada çakyr içdi we meni öz ýanyna çagyrdy. Men biraz säginip, oňa golaýlanymda, Horezmşa meniň tarapyma atyny debsäp gelip, ýanymda saklandy we atyndan düşjek boldy. Men baş egip, onuň beýtmezligini haýyş etdim. Muňa jogap edip al--Mamun şeýle diýdi:

Ylym iň ýokary hökmürowandyr,
Ol gelmez, hemmeler oňa rowandyr.

[1] Biruniniň Gürgençde ýazan eserleri barada seret: *Булгаков П.Г.* Жизнь и труды Бируни. С. 119–133.

16*

Horezmşanyň bu hereketi we sözleri mende minnetdarlyk duýgusyny döreden hem bolsa, onuň «Eger gündelik ýaşaýşymyzda kabul edilen dessurlarymyz bolmadyk bolsa, onda seni çagyrman, özüm ýanyňa barardym, çünki ylym ähli zatlardan ýokarydyr we dünýäde ondan beýik zat bolup bilmez» diýip, arapça aýdan soňky sözlerini eşidip, biraz aljyradym»[1]. Bu waka hökümdaryň ylma we alyma, beýik alymyň dana hökümdaryna goýan sarpalarynyň nyşanydyr.

Horezmşa al-Mamunyň «Akademiýasynda» saklanyp gelnen kitaplaryň mukdary barada çeşmelerde maglumatlara duş gelmedik. Emma oňa seretmezden, şol döwrüň alymlarynyň tutuş bir nesliniň bu ylmy merkezde saklanýan çeşmelerden peýdalanyp, özleriniň ajaýyp eserlerini döretmekleri onuň genji-hazynasynyň juda baýlygyna güwä geçýär. Alymlaryň bu ýerde döreden eserleri özleriniň çuňňur ylmylygy bilen diňe bir döwürdeşlerini däl, eýsem, häzirki zaman alymlaryny hem geň galdyrýar. Al-Mamunyň «Akademiýasynda» musulman ýurtlarynda we onuň çäklerinden daşarky döwletlerde ýaşan alymlaryň möhüm eserleriniň ählisiniň diýen ýaly arap diline terjime edilen görnüşinde saklanandygy barada şübhelenmese bolar. Onuň şeýledigine biz horezmli alymlaryň IX–XII asyrlarda ýazan eserleriniň sahypalaryna ser salanymyzda doly göz ýetirýäris. Olarda musulman alymlaryndan başga-da, gadymy grek, latyn we hindi awtorlarynyň eserlerine edilen salgylanmalara häli-şindi duş gelýäris. «Özüne elýeterli bolan ähli döwürleriň we halklaryň ylmynyň gazanan netijelerinden al-Biruniniň giňden peýdalanandygyny inkär etmek gözli körlük ýaly bir zat bolardy» diýip, S.P.Tolstow onuň eserleri barada nygtapdyr[2]. Bu meselede golýazmalary göçüriji hatdatlara esasy rol degişli bolupdyr we olaryň işi uly hormatdan peýdalanypdyr[3]. Adatça, hatdatlar orta asyrlar döwrüniň iri kitaphanalarynyň ählisinde diýen ýaly işläpdirler. Öz işlerine ezber bu hünärmenleriň gündelik zähmetiniň netijesinde gysga wagtyň içinde, musulman dünýäsiniň günbatarynda ýazylan eserler onuň gündogarynda, tersine, gündogarynda ýazylan eserler onuň günbatarynda ýaşan alymlara

[1] Sitatanyň alnan ýerine seret: *Семенов А.А.* Бируии – выдающийся ученый средневековья // Бируни великий ученый средневековья. Ташкент, 1950. С.34–35; bu parçanyň ors diline edilen biraz başgaçarak terjimesine seret: *Байхаки.* Указ. соч. С.810.

[2] *Толстов С.П.* Бируни и его время // *Бируни.* Сб. статей. М.; -Л., 1950. С.17.

[3] Ol barada giňişleýin seret: *Язбердиев А.* Арап графикасыида нешир эдилен түркменче китаплар. А.,1981. С.5–9.

elýeterli bolupdyrlar[1]. Bu meselede «Ýewropa arapşynaslygynyň atasy»[2] adyny gazanan G. Kremonskiniň (1114–1187) ylmy döredijiligine we terjimeçilik işine salgylanmak ýeterlikdir. Ol arap dilinden latyn diline 70 sany eseri terjime edipdir, olaryň 21 sanysy medisina degişli bolupdyr. Terjime edilen kitaplaryň arasynda orta aziýaly awtorlaryň eserleri az bolmandyr. Bu sebitiň özboluşly «inkunabulasy»[3] hasaplanylyp bilinjek Ibn Sinanyň «Tebipçilik ylmynyň kanuny» atly eseriniň XV asyrda Ýewropa ýurtlarynda latyn dilinde goýberilen neşirleri G. Kremonskiniň terjimesi boýunça çap edilipdirler[4]. Bar bolan maglumatlaryň birine görä, bu kitap bu sebitde XV asyryň ikinji ýarymynda 15 gezek[5], beýlekisi boýunça – 25

[1] XV asyryň birinji ýarymynda Ýewropa ýurtlarynda metbeçilik işi ýüze çykan mahaly, musulman ruhanylary bilen bir hatarda gündogar dillerindäki golýazma kitaplary göçüriji hatdatlar özleriniň gündelik gazançlaryndan kesilmejek bolup, öz ýurtlarynda bu ajaýyp sungatyň ornaşdyrylmagyna garşy çykypdyrlar. XX asyryň başlaryna çenli islendik eseriň sünnälenip göçürilen golýazmasy musulman ýurtlarynyň kitap bazarlarynda onuň neşir edilen görnüşinden has gymmat bahadan satylypdyr. Bu barada giňişleýin seret: *Ýazberdiýew A.* Gündogar metbeçiligi we köne türkmen basma kitaplary. 45–84, 122–152-nji s.

[2] *Mayerhof M.* Science and Medicine // The Legacy of Islam. Oxford, 1947. P.347.

[3] «Inkunabula» latyn sözi bolup, ol «sallançak, çagalyk döwri, ilkinji ädimler» ýaly manylary aňladýar. Bu söz ilkinji gezek fransuz bibliografy Filip Labbe (1606–1667) tarapyndan ulanylyp, ol deslap neşir edilen kitaplara degişli bolman, Ýewropada metbeçilik sungatynyň başlangyç döwrüni aňladypdyr. Diňe XVIII asyryň ahyrynda inkunabula sözi 1501-nji ýyldan öň bu sebitde neşir edilen has köne hem-de juda seýrek duş gelýän kitaplara dahylly ulanylyp başlanypdyr. Metbeçilik sungatynyň ilkinji önümleri hökmünde inkunabulalary toplamak we olaryň neşir ediliş taryhyny öwrenmek meselelerine Ýewropa ýurtlarynyň alymlary we kitaphana işgärleri, esasan, XX asyrdan başlap üns berip ugrapdyrlar. Häzirki döwürde bu sebitiň ýurtlarynyň iri kitaphanalarynyň her biri özlerinde saklanýan inkunabulalaryň we paleotipleriň (XVI asyryň birinji ýarymynda neşir edilen kitaplaryň) kataloglaryny düzüp neşir edipdirler. Käbir gündogar ýurtlarynda hem inkunabulalar meselesi öwrenilipdir. Türkiýede türk dilinde neşir edilen kitaplaryň inkunabula döwrüni ilkinji türk çapçysy Ybraýym Muteferrikanyň (1674–1745) neşir eden kitaplary bilen we ondan has giňräk, ýagny bu ýurtda arap elipbiýinde neşir edilen ähli kitaplary inkunabulalar hasap etmek teklip edilipdir (*Alpay M.* Türkçe basma kitaplarin beşik (inkunabel) devri // Sanat tarihi yilligi. Istanbul,1973. S. 589–590). Hindi kitaplarynyň inkunabula döwrüni Hindistanda 1850-nji we hatda 1900-nji ýyla çenli neşir edilen kitaplar bilen kesgitlemek hödürlenipdir (*Priolkar A.K.*Indian Incuna-bula // Comparative Librarianship. Essaes in honour of prof. D.N.Marshall. Delhi. P.129–135; *Idem.* The Printing pres in India. Delhi, 1958). Beýleki musulman ýurtlarynda (Müsürde, Eýranda, Pakistanda), şol sanda Orta Aziýada hem, bu mesele heniz gozgalmandyr.

[4] *Catalogue of books* in the XVth century now in the British Muzeum. Pt. I–VIII. London, 1963. Gollandiýada, Belgiýada neşir edilen we Britan kitaphanasynda saklanýan inkunabulalaryny öz içine alýan bu neşiriň 9-njy jildi 1967-nji ýylda neşir edilipdir. (Seret: Part IX. Holland and Belgium. London, 1967. 222 p.).

[5] *Терновский В.М.* Ибн Сина.М., 1969. С.42.

gezek neşir edilipdir[1]. «Tebipçilik ylmynyň kanunynyň» XVI asyrda bu sebitde ýene-de 20 gezek neşir edilendigi barada maglumatlar bar[2]. Haçanda, bu meşhur alym terjime etmek üçin özüne bu kitabyň we edil şonuň ýalyda beýleki orta aziýaly awtorlaryň eserleriniň ygtybarly golýazma nusgalary gerek bolan mahaly, ol olary Aziýa ýurtlaryndan däl-de, musulman Ispaniýasyndan gözläpdir. Bu ýurduň Kordowa we beýleki şäherleriniň musulman kitaphanalarynda olar ýeterlik nusgalarda saklanypdyr. Öz gezeginde, Reý şäherinden (häzirki Tährandan) günbatarda, ýagny hakyky arap ýurtlarynda hiç mahal bolup görmedik al-Biruni «Bagdat we Basra şäherleriniň ylmy ojaklarynda alymlaryň döreden işleri bilen içgin tanyş bolupdyr, ýöne olaryň garaýyşlary oňa yzagalak bolup görnüpdir. IX asyryň iň görnükli alymlarynyň biri al-Jahyzy (770–869) ol «alasarmyk» diýip atlandyrypdyr»[3]. Başgaça aýdanymyzda al-Biruni Kätiň, Gürgenjiň, Reýiň, Gürgeniň we Gaznanyň kitaphanalarynda, hiç hili kynçylyksyz musulman dünýäsiniň günbatarynyň alymlarynyň, edil şonuň ýaly-da arap diline edilen terjimeleriniň üsti bilen gadymy grek we rim awtorlarynyň eserleri bilen deň derejede tanşyp bilipdir. Bu ýerde diňe bir zada, ol hem, orta asyrlar döwrüniň aragatnaşyk serişdelerini göz öňünde tutup, ägirt uly musulman dünýäsinde medeni gymmatlyklaryň habarynyň bir künjeginden beýleki künjegine basym ýetirilişine geň galmazlyk mümkin däl. Bu barada şeýle mysal getirmek mümkin. «Yslamyň ilkinji asyrlary boýunça biziň maglumatlarymyzyň esasy çeşmesi, X asyryň başynda Bagdatda ýazylan Tabarynyň giň göwrümli taryhy eseri, şol X asyrda, musulman dünýäsiniň günbatarynyň iň gyrak çetine we gündogarynyň iň gyrak çetine baryp ýetipdir; takmynan, bir wagtda, oňa Afrikanyň we Ispaniýanyň taryhy boýunça goşmaçalary goşup, Kordowada ispan halypasy Hakam II (961–976) üçin we Buharada Samaniler nesilşalygynyň emiri Mansur I (ol hem şol ýyllarda hökümdarlyk edipdir) üçin (pars dilinde) bu eseriň gysgaldylan görnüşi düzülipdir»[4].

1017-nji ýylda Gürgençde bolup geçen howsalaly we dartgynly wakalar onuň ajaýyp «Akademiýasynyň» we ony esaslandyryjy Horezmşa al-Mamunyň ömür tanaplaryny kesipdir. Oňa Mahmyt Gaznalynyň

[1] *Булгаков Ф.И.* Иллюстрированная история книгопечатания и типографского искусства. Т. 1. С изобретения книгопечатания по XVIII в. включительно. Спб., 1889. С.104.

[2] *Глухов А.*Г. Книги, пронизывающие века. 2-е изд. М., 1975. С.28.

[3] *Бартольд В.В.* Соч. Т. VI. С.182.

[4] *Бартольд В.В.* Соч. Т. VI. С.166.

(997–1030) Horezmi basyp almak meýilleri sebäp bolupdyr. Ol meýiller 1010-njy ýyldan başlap, ýüze çykyp ugrapdyr. Horezmşa al-Mamun daşardan golaýlaşýan ýowuz betbagtçylygy öz wagtynda duýupdyr we onuň öňüni almak üçin dürli diplomatik hereketleri edipdir. Ahyrsoňy iş başa barmandan soň, ol öz ýurdunyň Gaznewiler döwletiniň tabynlygyna geçmegine we oňa salgyt tölemegiň şertlerini kabul etmeklige mejbur bolupdyr. Horezmşanyň eden bu hereketi, öz gezeginde, ýurduň içinde uly dowul turzupdyr. Onuň buýsanjaň we söweşjeň han-begleri, goşun serkerdeleri hökümdary dönüklikde aýyplap, onuň garşysyna uly gozgalaň turzupdyrlar. Ýüze çykan ýagdaýyň juda hatarlydygyna göz ýetiren al-Mamun, soltan Mahmydyň tarapyndan hiç hili talabyň bolmandygyny, onuň diňe öz raýatlarynyň, howply ýagdaý ýüze çykaýsa, özüne wepalydyklaryny synap görmekçi bolup bu barada gürrüň ýaýradandygyny aýdyp, pitneçileri köşeşdirjek we dartgynly meseläni gowşadyp, ortadan aýyrjak bolupdyr. Bu gepleşiklerden soň, öz gezeginde, «al-Biruni «altynyň we kümşüň dili bilen» eden gödek hereketleri üçin ýurduň tanymal adamlaryny hökümdaryň öňünde toba etmeklige we ötünç soramaklyga yrjak bolupdyr»[1]. Emma bu hereketler oňyn netije bermändir we pajygaly ýagdaýda tamamlanypdyr. Pitneçiler ýurduň wezirini we Horezmşanyň beýleki geňeşçilerini öldüripdirler, galanlary gaçyp, özlerini halas edipdirler. Horezmşa al-Mamun öz köşgünde gizlenipdir. Gozgalaňçylar onuň köşgüni otlap, hökümdary hem öldüripdirler. Bu pajygaly waka 1017-nji ýylyň 20-nji martynda bolup geçipdir. Horezmşa bilen pitneçileriň arasynda al-Birunineň yhlas bilen eden töwekgelçilikleri netije bermändir.

Beýik alym, bu pajygaly wakalaryň janly şaýady bolup, özüniň we ylmyň penakäriniň bigünä ölümine tüýs ýürekden gynanypdyr.

Soltan Mahmyt bu wakalardan özüne bähbitli netijeleri çykaryp, ondan peýdalanmak üçin haýal-ýagallyga ýol bermändir. Horezmşa al-Mamunyň özüniň aýal doganyna öýlenendigini nazara alyp[2], öz giýewisiniň «aryny almaklygy» bahana edinip, ol Horezme harby ýöriş edipdir. Bu ýurdy basyp alyp köp adamlary gyrypdyr, onuň esgerleriniň galan böleklerini öz ýurdunyň Hindistan bilen serhetleşýän sebitine gulluk etmäge ýollapdyr. Bu wakalardan soň Horezmşa al-Mamunyň «Akademiýasynda» işlän we

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С.338.

[2] Gardiziniň beryän maglumatlaryna görä, Horezmşa al-Mamun soltan Mahmydyň aýal dogany bilen 1015-nji ýylda nikalaşypdyr (*Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С.337).

Gazna şäherine gitmekden ýüz öwren alymlaryň bir topary beýleki ýurtlara dargapdyrlar. Şatlykly we hasratly günlerde elmydama öz halky we watany bilen bile bolan al-Biruni alymlaryň galan topary bilen Gazna gidipdir (has dogrusy, ol äkidilipdir, çünki soltan Mahmyt onuň al-Mamunyň tarapynda çykyş edip, öz döwletiniň garaşsyzlygyny saklap galmak boýunça eden diplomatik hereketlerinden, şübhesiz, habarly bolupdyr) we bu şäherde ömrüniň ahyryna çenli ýaşap, netjeli ylmy döredijiligini dowam etdiripdir. Megerem, al-Mamunyň «Akademiýasynyň» kitaplary hem şol döwürde Gürgençden Gazna äkidilen bolsa gerek[1]. Her halda, bu «Akademiýa» we onda saklanan kitaplar barada soňky döwürleriň çeşmelerinde hiç hili maglumat berilmeýär. Bu «Akademiýanyň» mongol çozuşlary döwrüne çenli saklanyp galandygy barada il arasynda diňe rowaýatlar bar. Olar häzirki Köneürgenjiň «Kyrk molla» depesine degişlidir. Ony alymlar Horezmşa al-Mamunyň «Akademiýasynyň» galyndysy hasaplaýarlar[2]. Ol özüniň häzirki görnüşinde-de adamlarda uly täsir galdyrýar.

Bu depe barada türkmenleriň arasynda ýaýran rowaýatlaryň birinde şeýle diýilýär: «Horezmşa öz alymlaryna öň görlüp-eşidilmedik ägirt uly we owadan köşk sowgat etmekçi bolupdyr, ony gurmak üçin iň oňat binaçylary we gurluşykçylary çagyrypdyr. Bu ylymlar köşgünde kyrk alym kyrk müň sany mollany (sowatly adamlary) okadypdyr. Günleriň bir güni şähere keseki ýurt basybalyjylary çozup, onuň ähli jaýlaryny ýumrupdyrlar, diňeYlymlar köşgi abat saklanyp galypdyr. Gabawa düşenler daň atanda Hudaýa nalyş edip ýüzlenipdirler we dinsizleriň keramatlylara hem-de olaryň hormatly şägirtlerine ýüzleriniň düşmezligini dileg edipdirler. Hudaýyň emri bilen olaryň dogasy (nalasy) eşidilipdir we Ylymlar köşgüniň jaýy duran ýerinde çepbe çöwrülip, ýeriň astyna çöküp gidipdir. Alymlar we olaryň şägirtleri şol ýeriň aşagynda galypdyrlar. Duşmanlar

[1] Soltan Mahmydyň şunuň ýaly ýagdaýlarda eden hereketleri barada onuň şalyk süren döwüniň taryhçysy Abu Nasr al-Utbynyň (961–1036) sözleri şaýatlyk edýär. Bu alym onuň XI asyryň 20-nji ýyllarynyň ahyrynda gurduran metjidi barada söhbet edip, şeýle diýip ýazypdyr: «Metjide giň meýdanly medrese birleşdirilipdir. Onuň içi ýerden petige çenli gadym we täze döwrüň adamlarynyň ylymlaryna degişli, öňki ymamlaryň (meşhur alymlaryň) eserleri bilen hyryn-dykyn doldurylypdyr. Bu eserler Yragyň we dünýäniň beýleki ýurtlarynyň patyşalarynyň genji-hazynalaryndan (kitaphanalaryndan) olja alnyp getirilipdir». Sitatanyň alnan ýerine seret: *Бартольд В.В.* Соч. Т. II. Ч. I. С.226.

[2] *Юсупов Х.* Кыркмолла галасы // Түркменистан. 1995. 2-нжи февр. ве башг.; *Халымов Н.* Гадымы Ургенже сыяхат. С.79; *Şonuňky.* Көнеүргенч: ядыгәрликлер ве роваятлар // ТЯ. 1978. № 1. С.19–21.

gelenlerinde, köşge derek ýaýylyp ýatan ýumşaksy topragy görüpdirler. Olar Gürgençde galan az sanly ýaşaýjylary ýygnap: «Düýn bu ýerde biziň basyp almakçy bolýan köşgümiz bardy?» diýip sorapdyrlar. Ýaşaýjylar gudratly bir hadysanyň bolup geçendigine düşünip: «Biz ekin ekjek bolup ýeri ýumşatdyk. Bu ýerde hiç mahal köşk bolmandy» diýip, duşmanlara jogap beripdirler.

Duşmanlar olaryň sözlerine ynanyp yzlaryna dolanyp, şäherden çykyp gidipdirler. Ýöne ýeriň astynda galan şol keramatlylar henizem diridir. Her anna günleri olar namaz (doga) okaýarlar. Eger giç agşam «Kyrkmolla» depesiniň golaýyna barsaň, olaryň seslerini eşitmek bolýar»[1].

Bu rowaýatda halkyň asyrlaryň şöhratyna mynasyp bolan gojaman «Akademiýasyna» we ony esaslandyryjy hökümdaryna bolan çäksiz minnetdarlygy, söýgüsi we hormaty öz beýanyny tapypdyr. Halkymyzyň arasynda giňden ýaýran bu we beýleki rowaýatlar, beýik Horezmşa Abul Abbas al-Mamun ibn al-Mamunyň parasatly tagallasy bilen Köneürgençde mundan müň ýyl gowrak wagt öň döredilen we türkmen halkynyň köp asyrlyk ylmy we medeni durmuşynda aýratyn orun tutýan we öçmejek yz galdyran, bütin musulman dünýäsine ýaň salan bu iri ylmy merkez barada mähirli ýatlamalarydyr[2].

[1] Rowaýatyň metininiň alnan ýerine seret: *Халимов Н.* Памятники Ургенча (сооружения, надписи и легенды). А., 1991. С.99.

[2] Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň başlangyjy bilen 1997-nji ýylyň noýabr aýynda Horezmşa al-Mamunyň 1000-nji ýylda Ürgençde döreden «Akademiýasy», häzirki döwürde, «Mamunyň Horezm Akademiýasy» ady bilen Hywa şäherinde dikeldilipdir. Bu «Akademiýanyň» düzüminde «Arheologiýa, taryh, pelsepe», «Dil we edebiýat», «Biologiýa meseleleri» atly bölümler döredilipdir. Olarda ylmyň 9 sany ugry boýunça barlag işleri alnyp barylýar. «Akademiýada» 26 sany ylmy işgär bolup, olaryň 5 sanysy ylymlaryň doktory, 9 sanysy ylymlaryň kandidatydyr. Häzirki döwürde «Mamunyň Horezm Akademiýasy» Özbegistan Respublikasynyň we beýleki ýurtlaryň ylmy edaralary bilen arabaglanyşyk saklaýar. Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň 2004-nji ýylyň 9-njy noýabrynda Horezmşa al-Mamunyň «Akademiýasy» barada kabul eden karary hem juda möhüm bolupdyr. Oňa laýyklykda Özbegistanda bu ylmy ojagyň Ürgençde döredilen gününiň 1000 ýyllyk ýubileýi giňden hem dabaraly ýagdaýda bellenip geçilipdir. Bu şöhratly ýübileýiň açylyş dabarasynda çykyş edip, ýurduň Prezidenti Y.A.Karimow şeýle diýipdir: «Adamzadyň ösüşiniň taryhyndan mälim bolşuna görä, Ýer ýüzüniň dürli künjeklerinde medeni başlangyçlar, halklaryň medeni ösüşleri öz-özünden, tötänleýin ýüze çykmandyr. Horezmşa al-Mamunyň «Akademiýasynyň» aýrybaşga Horezmiň bol hasylly topragynda ýüze çykmagy obýektiw kanunalaýyklygyň netijesidir. Ol gadymy Afinydaky Platonyň «Akademiýasy», Müsüriň «Aleksandriýa» kitaphanasy, Bagdadyň Gündogarda «Dar al-Ilm» ady bilen giňden meşhur bolan «Akademiýasy» bilen bir hatarda duryan ajaýyp ylmy ojakdyr». Özbegistanda Horezmşa al-Mamunyň «Akademiýasynyň» 1000 ýyllyk ýubileýi bilen bagly geçirilen çäreler barada giňişleýin seret: «О воссоздании Хорезмской Академии

Horezmşa al-Mamunyň amala aşyran medeni çäreleri bilen baglylykda XI asyryň başynda gurlan we biziň günlerimizde-de Köneürgençde seleňläp duran Orta Aziýanyň iň beýik minarasy barada hem kelam agyz söz aýtmak ýerliklidir. Bu ajaýyp binany ýerli ezber ussalar gurupdyrlar. Ony uzak wagtlap ýurdy mongollaryň basyp alan döwründen öň bina etdirilen ýadygärlik hasap edip gelipdirler. XX asyryň 30-njy ýyllaryndan başlap, A.Ý.Ýakubowskiniň beren ylmy «patasyna» laýyklykda minaranyň gurlan wagtyny XIV asyra çenli yza çekip görkezip gelýärler. Ýokary derejede şübhe döredýän bu pikiriň ýüze çykmagyna minarany gurşap alan arap dilindäki ornamental ýazgyda Altyn Orda döwletiniň (onuň düzümine şol döwürde Horezm hem giripdir) hany Gutly Teýmiriň adynyň tutulyp geçilmegi bolupdyr. Biziň günlerimizde gadymy Horezmiň çäklerinde we Köneürgençde dowamly arheologik gazuw-agtaryş işlerini geçirip gelýän we olaryň taryhy geçmişi boýunça düýpli ylmy işleriň awtory H.Ýusubowyň gürrüňi edilýän şedewr-minaranyň Horezmşa al-Mamun tarapyndan gurlandygy barada getirýän düýpli delilleri ähli jähetden ünsi özüne çekýär we bu mesele ylmy esasda ilik-düwme öwrenilmegine mynasypdyr.

3. ORTA ASYR HOREZM DÖWLETINIŇ TÜRKMEN HÖKÜMDARLARYNYŇ KITAPHANALARY

1017-nji ýylyň bahary Mahmyt Gaznaly Horezm döwletini basyp alandan soň, bu ýurdy türki halkdan bolan Horezmşalaryň nesilşalygy dolandyryp ugrapdyr. Ýurduň taryhyndaky bu öwrülişikli pursat orta-eýran dilleriniň gündogareýran toparyna giryän gadymy horezm diliniň türkçeleşmeginiň başlangyç döwri bolupdyr we ol XIII asyryň ahyryna çenli tamamlanypdyr[1]. Eger baktri we sogdy dilleri VIII–IX asyrlarda[2] pars dili tarapyndan ulanyşdan gysylyp çykarylan bolsalar, parfiýan[3] we

Мамуна». Постановление КМ Узбекистана от 11 ноября 1997 г. // Народное слово. 1997. 12 ноября; Ўзбекистон Республикаси Вазирлар Маҳкамасининг карори. Ўзбекистон Республикаси Фанлар Академияси Тарих институти фаолиятини такомиллаштириш тўғрисида // Ўзбекистонда ижтимоий фанлар. 1998. № 6. С.4.

[1] Bu barada giňişleýin seret: Bosworth C.E. Op. cit. P. 141–142.

[2] Основы иранского языкознания. Среднеиранские языки. С.332, 349.

[3] Birmahallar ägirt uly döwleti döreden we Günbatarda kuwwatly Rim imperiýasy bilen üstünlikli bäsleşip gelen parfiýanlar Türkmenistanyň we onuň ýanaşyk sebitleriniň gadymy ýaşaýjylary bolupdyrlar. Parfiýan döwletiniň ilkinji paýtagty Nusaý galasy Aşgabadyň 14 km günorta-günbatarynda ýerleşýär. V asyrda Orta Aziýa oguzlaryň gündogardan süýşüp gelmekleri netijesinde parfiýanlar olaryň arasynda garylyp-gatyşyp gidipdir. Gynansak-da, bu taryhy haky-

horezm dilleri babatynda şeýle wezipäni oguz-türkmen dili berjaý edipdir. Orta asyrlar döwrüniň çeşmeleriniň biragyzdan tassyklamaklaryna görä, parfiýanlaryň ata-baba ýerlerini we olar bilen ýanaşyk Horezmiň sebitlerini V asyrdan başlap ähli tarapdan oguzlar gurşap alypdyrlar. Olar gadymy horezm diliniň türkleşmeginde esasy rol oýnapdyrlar. Bu diliň ýazuw ýadygärliklerini öwrenmeklige, ýokarda görşümiz ýaly, köpsanly ylmy işler bagyşlanan hem bolsa, bu mesele heniz doly anyklanmandyr we ol boýunça ýörite barlag işlerini geçirmek zerur[1]. Emma bir ýagdaýy welin häzir hem takyk bellemek mümkin. Ol hem, Horezm döwletinde, ony gadymy eýrandilli halkyndan bolan Horezmşalar dolandyran döwründe, ylym we medeniýet nähili derejede ösen bolsa, soň XI asyrdan başlap ýurdy türkmenlerden bolan Horezmşalar (altyndaşlar we anuşteginler) edara eden döwründe onuň gadymy ilatynyň dili türkçeleşenden soň hem durmuş hiç bir jähetden peselmändir, tersine, ol öňküden-de has ýokary derejede badalga alypdyr. Bu barada K.E.Boswort şeýle nygtapdyr: «[Horezmde bolup geçen] lingwistik we etniki özgerişikler maddy we medeni taýdan hiç

kat Russiýada neşir edilen we ortaeýran dillerine bagyşlanan soňky jemleýji işde öz beýanyny tapmandyr. (*Основы иранского языкознания*. Среднеиранские языки. С. 153). VI asyrda parfiýan dili eýýäm ýerli halkyň arasynda ulanyşdan galyp, öli dile öwrülipdir.

[1] Gadymy türki halklaryň taryhy we medeni ösüşi bilen bagly bu we käbir beýleki meseleleri anyk çözmeklige irki musulman (arap) awtorlary tarapyndan kabul edilen, soň olaryň üsti bilen Ýewropa ýerböleginiň awtorlarynyň işlerine geçen, türki halklaryň her biriniň aýratynlykda takyk etnonimi däl-de, umumylaşdyrylan syýasy-taryhy türk, türki, gadymytürk, gadymytürki ýaly adalgalary ulanmaklyk däbi päsgelçilik beripdir we berip gelýär. Bir sebitde goňşuçylykda ýaşan eýrandilli halklaryň her biriniň taryhy, dili, edebiýaty aýratynlykda beýan edilen mahaly, türki halklar bilen bagly bu meseleler häli-bu güne çenli umumylaşdyrylan görnüşde öwrenilmegini dowam edýär. Orta asyrlaryň musulman taryhçylary we hatda Ýewropanyň XVII–XVIII asyrlarynyň awtorlary üçin hem, gadymy türki halklaryň ýaşan sebitleri älem-jahanyň iň uzak sebitleri bolupdyrlar we olaryň şol döwürlerde bu halklaryň her biri barada anyk we takyk maglumatlary ýygnamaklyga mümkinçilikleri bolmandyr. Emma häzirki döwürde bu meseleler bilen bagly çeşmeşynaslyk işleriň ýagdaýy düýpgöter üýtgäpdir. Soňky üç asyryň dowamynda türki dillerde ýazylan köpsanly ýazuw ýadygärlikleriň üsti açylypdyr, olar okalyp, ylmy dolanyşyga girizilipdir. Şonuň üçin indi olary differensirlenen, ýagny aýry we anyk türki halk bilen bagly öwrenmek derwaýysdyr. Bu ýagdaýa seretmezden, edil öňki döwürlerde bolşy ýaly, häzirki döwrüň ylmy işlerinde hem, şol umumylaşdyrylan adalgalaryň ulanylmagy agdyklyk edýär. Özi hem olardan gaça durmak mümkinçiligi bolan ýagdaýlar-da şeýle edilýär. Mysal üçin, oguz türkmenleri ýa-da seljuk türkmenleri barada taryhy çeşmelerde anyk maglumatlar berilýän hem bolsa, olar bilen bagly ylmy işlerde türkmen etnonimi däl-de, türk, türki ýaly adalgalar häli-şindi ulanylýar. Horezmiň gadymy eýrandilli halkynyň diliniň türkileşdirilişine bagyşlanan ylmy işler barada-da şuny aýtmak bolar. Netijede, haýsy türki halk bu meselede aýgytlaýjy we anyk rol oýnapdyr, ine, şol belli bolman galýar.

hili pese düşmelere getirmändir. Ylym we bilim babatda aýdylanda bolsa, Horezm hiç mahal XII–XIII asyrlardaky ýaly ösüşiň ýokary derejesine ýetip bilmändir. Şol döwürde bu ýurt öz içinden beýik hudaýşynaslary we alymlary orta çykarypdyr. Olar arap ylmynyň özeninde özleriniň öçmejek yzlaryny galdyrypdyrlar»[1]. Aýratyn hem, ýurdy soňky dördünji Anuştegin şaneslinden bolan Horezmşalar dolandyran eýýamynda bu döwlet ösüp, özüniň iň ýokary derejesine ýetipdir we dünýä möçberindäki imperiýa öwrülipdir[2]. Bu jedelsiz deliller, öz gezeginde, dünýäniň alymlarynyň belli bir böleginiň, orta asyrlar döwründe Orta Aziýada ylmyň we medeniýetiň ösüşi onuň eýrandilli halklarynyň hyzmatlary bolupdyr diýen taryhy hakykata bap gelmeýän nukdaýnazarlarynyň esassyzdygyna doly güwä geçýärler.

Mahmyt Gaznaly Horezme hökümdar edip Altyndaşy belläpdir. Onuň türki halklaryň haýsy birisinden gelip çykandygy baradaky maglumatlara biz heniz çeşmelerde duş gelmedik. Ol Horezmi 1017–1032-nji ýyllar aralygynda dolandyrypdyr. Altyndaş diňe bir soltan Mahmyt däl, eýsem, onuň kakasy Sebukteginiň (977–997) hökümdarlyk eden döwründe-de döwletiň iň tanymal adamlarynyň we goşun serkerdeleriniň biri bolupdyr. Ol gysgawagtlaýyn dowam eden (1017–1041) üçünji Horezmşalar nesilşalygyny esaslandyryjydyr. Altyndaş, Horezmiň öňki hökümdarlary ýaly, gaznewilerden garaşsyzlygyny aljak bolup dalaş edipdir we «öz soltanlarynyň däl-de»[3], özüne ynanylan ýurduň, ýagny Horezmiň berkararlygyny ep-esli derejede berkidipdir. Altyndaş dünýäden ötenden soň, Horezmi dokuz ýylyň dowamynda onuň iki sany ogly, Harun ibn Altyndaş (1032–1035) we Ysmaýyl Handan ibn Altyndaş (1035–1041) dolandyrypdyrlar. 1041-nji ýylda Gaznaly hökümdarynyň tabşyrygy boýunça Ysmaýyl Handan Horezmden kowlup çykarylypdyr we şonuň bilen Horezmşalaryň üçünji nesilşalygynyň hökümdarlyk eden döwri tamamlanypdyr[4]. Bu nesilşalykdan bolan Horezmşalar, gysgawagtlaýyn hökümdarlyk edendikleri üçin, öz ýurdunyň garaşsyzlygyny gazanmakda-da we megerem, ylma-bilime howandarlyk etmekde-de öz maksatlaryna ýetip bilmändirler ýa-da belli yz galdyryp bilmändirler. Basym Horezm Gaznewilerden hem has kuwwatly döwletiň – Beýik Seljuk imperiýasynyň

[1] *Bosworth C.E.* Op. cit. P.142.
[2] *Бартольд В.В.* Соч.Т. II. Ч. I. С.536.
[3] *Там же.* С.493.
[4] *Бартольд В.В.* Соч. Т. II. Ч. I. С. С.493.

düzümine giripdir. 1040-njy ýylyň maý aýynda Merwiň 40 km günortasynda Daňdanakan obasynda bolup geçen aýgytlaýjy söweşde seljuk türkmenleri gaznawylardan doly ýeňiş gazanyp, özleriniň beýik döwletini döredipdirler. Seljuklar döwründe pajarlap ösen beýik medeniýetiň täsiri Horezme-de ýetipdir.

Seljuk soltanlary özleriniň Horezmdäki dikmesi (welisi) edip, Anuştegin atly türkmen adamyny belläpdirler. Ol Horezmşalaryň dördünji nesilşalygyny esaslandyran taryhy şahs bolupdyr. Bu faktyň taryh üçin örän uly ähmiýetiniň bardygyny nazara alyp, ol barada, gysgajyk hem bolsa, ýörite durup geçmekligi ýerlikli hasap edýäris.

Anuştegin barada Ibn al-Esir, Jüweýni, Reşit et-din, Kazwini, Ibn Hal-dun, Hafiz-i Abru, Mirhond ýaly taryhçylar dürli we möhüm maglumatlary beripdirler. Jüweýni (1226–1283) ol hakda şeýle diýip ýazypdyr: «Horasanyň goşun serkerdesi Alpteginiň Samanylar döwletiniň sütünleriniň biri bolşy ýaly, Bilgetegin[1] hem Seljuk döwletiniň daýanjy bolupdyr. Bilgetegin Garçystandan Nuştegin Garça atly bir türkmen gulamyny satyn alypdyr. Samanylar döwletiniň soňky hökümdarlarynyň eýýamynda Sebukteginiň özüniň parasatlylygy we başarjaňlygy bilen öňe çykyşy ýaly, Nuştegin hem pähim-paýhasy we düşbüligi bilen Seljuk imperiýasynyň uly döwlet adamsy bolup ýetişipdir»[2]. Reşit et-dine (1247–1318) görä, oguzlaryň begdili taýpasynyň zürýadydyr»; Hafiz-i Abru (1430-njy ýylda «Soltan Muhammet Horezmşa[3] Nuştegin Garçanyň neslindendir, ol oguzlaryň begdili taýpasynyň zürýadydyr; Hafiz-i Abru (1430-njy ýylda ýogalypdyr), öz gezeginde, «Horezm soltanlarynyň[4] nesilbaşçysy Nuştegin Garçadyr, ol oguz nesliniň begdili taýpasynyň zürýadydyr» diýip nygtapdyr[5]. Anuştegin Garçanyň (Nuştegin Garçanyň) oguzlardan gelip çykandygy we onuň Horezmşalaryň tutuş bir neberesiniň nesilbaşysydygy baradaky möhüm delili meşhur akad. W.W.Bartoldyň ünsünden sypandygyny[6], Horezmşalaryň anuşteginler neberesine bagyşlap düýpli monografik iş ýazan akad. Z.M.Buniýatow (1923–

[1] Ibn al-Esir onuň adyny Bilge beg diýip tutupdyr (*МИТТ*. T. 1. C.384).

[2] *МИТТ*. T. 1. C.442.

[3] Bu ýerde Horezmşa Muhammet ibn Anuştegin göz öňünde tutulýar. Ol 1097–1128-nji ýyllarda hökümdarlyk sürüpdir.

[4] 1097–1231-nji ýyllarda ýurdy dolandyran Anuşteginler nesilşalygynyň horezmşalary göz öňünde tutulýar.

[5] Reşit etdiniň we Hafiz-i Abrunyň sözleriniň alnan ýerine seret: *Буниятов З.М.* Указ. соч. С.196.

[6] *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С.386.

1997) adalatly belläpdir[1]. Öz gezegimizde, biz bu anyk taryhy maglumata şu wagta çenli beýleki alymlaryň hem üns bermän gelendiklerini, netijede, Anuşteginiň we onuň neslinden bolan türkmen Horezmşalarynyň ýurdy dolandyryşy türkmen halkynyň taryhynda özüniň mynasyp beýanyny tapmandygyny kesgitli aýdyp bileris.

Anuştegin Garçanyň doglan ýyly barada çeşmelerde anyk maglumat berilmändir. Ýöne 1097-nji ýylda, ýagny özüniň hojaýyny Beýik Seljuk imperiýasynyň tanymal döwlet işgäri Bilge beg dünýäden öten mahaly, ol eýýäm belli gulam (esger) bolupdyr we gulluk wezipesi boýunça kem-kemden ýokary galyp, beýik seljuk soltany Mälik şanyň köşgünde hammamlaryň (taştdarhana) işine jogap beripdir. Bu maglumatlara esaslanyp Anuştegin XI asyryň 70-nji ýyllarynda doglupdyr diýip çak etmek mümkin. Taştdarlyk köşgüň içindäki derejeli wezipeleriň iň möhümleriniň biri hasaplanypdyr. Şonuň üçin Anuştegin basym beýik soltan Mälik şanyň ynamdar adamlarynyň hataryna geçipdir we uly abraýdan peýdalanypdyr. «Ol özüni oňat alyp barýan, kämillige ýeten, meşhur adam bolupdyr we oňa dürli meseleler boýunça köşgüň işgärleri häli-şindi ýüz tutupdyrlar» diýip, Ibn al-Esir (1160–1234) ol barada belläpdir[2]. Taştdarhana sarp edilen ähli çykdajylar Horezmden gelip gowuşýan salgyt serişdeleriniň hasabyna tölenipdir. Şonuň üçin Anuştegini Horezmiň şihnesi (harby dikmesi) edilip bellenipdir. Ýöne Anuştegin Horezmiň doly hukukly hökümdary bolmandyr, sebäbi ýurdy beýik seljuk soltany Mälik şanyň bellän dikmesi (welisi) Ikinji ibn Goçgar dolandyrypdyr. 1097-nji ýylda ol dünýäden ötenden soň, Horezmiň hökümdary edilip, Anuşteginiň uly ogly Muhammet bellenipdir we oňa Horezmşa ady berlipdir. Şeýlelikde, Anuşteginiň neslinden bolan hökümdarlar ýurdy 134 ýylyň (1097–1231) dowamynda dolandyrypdyrlar. Bu nesilşalygyň hökümdarlyk eden ýurduny, hakykatdan hem, Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.Nyýazowyň belleýşi ýaly[3], Köneürgenç türkmenleriniň beýik döwleti diýip atlandyrmak dogrudyr. Ol Orta Aziýany, Eýrany we musulman dünýäsiniň ep-esli bölegini özüne birikdiren uly dünýä derejeli döwlet (imperiýa) bolupdyr. Dördünji nesilşalygyň türkmen Horezm şalary we döwletiň beýleki derejeli adamlary, ýurduň özlerinden öňki hökümdarlary we tanymal adamlary ýaly, ajaýyp kitaphanalaryny döredipdirler. Bu

[1] *Буниятов З.М.* Указ. соч. С.196.

[2] *МИТТ.* Т. 1. С. 384.

[3] *Türkmenbaşy S.* Ruhnama. [1-nji j.]. A., 2001. 228-nji s.

döwürde ýurtda ylmyň-bilimiň we medeniýetiň ösüşi öňki eýýamlardan hiç bir jähetden kem bolmandyr.

1. MUHAMMET IBN ANUŞTEGINIŇ DÖWRÜNDE YLYM WE MEDENIÝET

Anuştegin öz ogly Muhammedi ýaşlykdan geljekki jogapkärli döwlet işine ymykly taýýarlapdyr we ony Merwde[1] okadyp döwrüniň ylymly-bilimli adamy edip ýetişdiripdir. Muhammet ibn Anuştegin 1097–1128-nji ýyllarda 30 ýyllap ýurdy dolandyrypdyr. Onuň şalyk süren döwründen Horezmde türkmen Horezmşalarynyň – anuşteginleriň döwletiniň taryhy başlanypdyr. Muhammet ibn Anuştegin beýik seljuk soltanlary Mälik şanyň we Soltan Sanjaryň iň wepaly döwlet işgäri bolupdyr. Ol olar bilen ähli meseleler boýunça ylalaşykda özüne ynanylan ýurdy dolandyrypdyr. Sanjaryň köşgüne sowgat-serpaý bilen «tagzym etmäge bir ýyl onuň özi gidipdir, beýleki ýyl ogly Atsyzy ýollapdyr» diýip, Jüweýni belläpdir[2]. Şol döwürde Horezmde parahatçylyk, asudalyk dowam edipdir, ylym we bilim ösüpdir. Bu işlerde Muhammet ibn Anuşteginiň şahsy hyzmatlary az bolmandyr. «Ol her tarapdan zehinli hökümdar bolupdyr. Alymlar we ruhanylar ony hormatlapdyrlar we ol olara ýakyn adam bolupdyr. Öz raýatlaryna adyllyk bilen seredipdir, olar bolsa ony mahabatlandyrypdyrlar we onuň adyny arşa göteripdirler» diýip, orta asyr taryhçylary nygtapdyrlar[3]. Muhammet ibn Anuşteginiň hususy kitaphanasy bolupdyr diýip ynamdar çak etmek mümkin. Ýöne ol barada çeşmelerde maglumat berilmändir.

2. ATSYZ WE ONUŇ KITAPHANASY

Alymlaryň [Merwden] Horezme [Köneürgenje] äkidilmegi Atsyzyň öz paýtagtynyň abraýyny ylmyň merkezi hökmünde ýokary galdyrmaga dalaş edendigine şaýatlyk edýär.

Z.M.Buniýatow

Horezmşa Muhammet ibn Anuştegin dünýäden ötenden soň, onuň tagtyna ogly Atsyz geçipdir. Horezmşa Atsyz 1128–1156-njy ýyllarda hökümdarlyk edipdir. Ol hem öz kakasy Muhammet ýaly, Merwde okap ýokary bilim alypdyr. Horezmşa Muhammet ibn Anuşteginiň özüne we-

[1] *МИТТ*. Т. 1. С. 384.

[2] *МИТТ*. Т. 1. С. 42.

[3] *Бунятов З.М.* Указ. соч. С. 7; *МИТТ*. Т. 1. С. 384.

padarlyk bilen juda oňat gulluk edendigine mynasyp baha berip, Soltan Sanjar ikirjiňlenmän, Atsyzy Horezmiň täze dikmesi edip belläpdir we oňa Horezmşa adyny beripdir. Atsyz özüniň hökümdarlyk eden döwrüniň ilkinji onýyllygynda (1128–1138 ý.ý.), edil kakasy ýaly, Soltan Sanjara ähli babatlarda wepadarlyk bilen gulluk edipdir. Soň beýik Soltan bilen Horezmşanyň aragatnaşyklary bozulypdyr we bu ýagdaý iki hökümdaryň ömürleriniň ahyryna çenli[1] dowam edipdir[2]. Tejribeli syýasatçy we uzakdan görüji hökümdar Atsyz öz döwletiniň çäklerini juda başarjaňlyk bilen giňeldipdir. Özüniň boýun egmezek dikmesiniň garşysyna ony ýerinde parahat oturtmak üçin Soltan Sanjar üç gezek 1138, 1144 we 1147-nji ýyllarda Horezme harby ýöriş bilen gitmeli bolupdyr. Atsyz öz ýurdunyň garaşsyzlygyny almak üçin Soltan Sanjar bilen her näçe göreşse-de, şol bir wagtyň özünde, onuň raýatydygyny hem hiç mahal ünsden düşürmändir. Biz ony Horezmşa Atsyzyň 1141-nji ýylyň maý aýynda Soltan Sanjara ýazan wepalylyk hatynda görýäris. Ol tutuş bir kasamnamadan ybarat bolupdyr. Onda şeýle diýilýär: «Men, Atsyz, Horezmşa Muhammediň ogly, beýik we ähli zatlary berjaý ediji Allatagala we onuň wekili Muhammede (goý, Alla oňa rehmet etsin) söz berýärin, men dirikäm, älem-jahanyň soltany Mälik şanyň ogly Sanjara (goý, Alla onuň ömrüni uzak etsin) tabyn bolaryn, onuň buýruklaryny berjaý ederin. Men hiç mahal oňa tabyn bolmakdan ýüz öwürmerin, hiç mahal soltana we onuň döwletine zyýan ýetirýän türklere we täjiklere, dost we duşmanlaryna, aýallara we erkeklere, dinsizlere we musulmanlara dost bolmaryn. Men olara howandarlyk

[1] Horezmşa Atsyz 1157-nji ýylyň 9-njy maýynda ýogalypdyr. Şondan dokuz aý geçenden soň, Soltan Sanjar hem dünýäden ötüpdir.

[2] Bu ýagdaýyň käbir düýpli sebäplerine salgylanmak mümkin. Ilkinji nobatda, Horezm döwleti gadymyýetiň jümmüşine aralaşyp gidýän uzak taryhynyň ähli döwürlerinde, ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, elmydama özüniň garaşsyzlygy ugrunda göreşip gelipdir. Ol duýgy, onuň hökümdarlarynda, aýratyn hem bu döwlet syýasy we maddy taýdan ösen we kuwwatlanan döwürlerinde mahal-mahal ýüze çykypdyr. Atsyzyň şalyk süren ýyllary şeýle döwürleriň biri bolupdyr. Ikinjiden, bu meselede Atsyza daşardan edilen täsir hem az rol oýnamadyk bolsa gerek. Şol döwürde Horezm bilen arap halyfatynyň arasynda, seljuk soltanyndan bidin, ýola goýlan ýakyn aragatnaşyklar muňa şaýatlyk edýär. «Apbasy halyfatynyň syýasy hökmürowanlygyny dikeltmek üçin Seljuklaryň garşysyna göreşe başlan halypa al-Mustarşidiň (1118–1135) ünsüni, öz işlerini garaşsyz alyp barýan Horezmşa Atsyz özüne çekipdir we onuň keşbinde ol özüniň bu göreşinde mümkin bolaýjak ýarany görüpdir. Atsyz bilen arabaglanyşygy geljekde hem berkitmek üçin halypa oňa 528/1133-nji ýylda özüniň hormatly halat-serpaýyny ýollapdyr. Ähtimal, Horezmşa gowşurylan bu hormatly halat-serpaýlar Atsyzyň Soltan Sanjar bilen alyp baran göreşiniň halypa tarapyndan iş ýüzünde makullanmasy bolan bolsa gerek» (*Бунятов З.М.* Указ. соч. С. 8). *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С. 395

edip, onuň döwletiniň duşmany bolmaryn. Men onuň dostunyň dosty, duşmanynyň duşmany bolaryn. Eger-de onuň duşmanlaryndan kim-de bolsa biri döwletiň garşysyna bir zat ýazaýsa, ýalan maglumat beräýse ýa-da gizlin dildüwşük gurnaýsa, ol barada salymyny bermän men onuň Aly hezretlerine habar bererin. Özümiň mümkinçiligime we güýjüme-gaýratyma görä, döwlete zyýan ýetirjek bolup, pirim gurnaýan ähli adamlary basyp ýatyrmak üçin janym-tenim we ýüregim bilen yhlas edip gulluk ederin. Hiç hili mekirlikleriň we hilelikleriň täsirine düşmerin we hiç zady şübhe astyna almaryn. Älem-jahany we adamlary döreden Allatagala tagzym we gulluk edenden soň, bagtyýar patyşanyň buýruklaryny berjaý etmekligi özümiň hökmany borjum hasap edýärin. Men bu resminamada beýan edilen ähli zatlara wepaly bolaryn. Kuwwatly hem beýik, mähirli hem rehimli, ähli zatlara göz ýetirýän we ähli zatlara güýji ýetýän baky Allany bu resminamada beýan edilen zatlara wepalydygyma ynandyrýaryn. Bu barada Allanyň öňünde kasam edýärin, Allanyň öňünde kasam edýarin, Allanyň öňünde kasam edýärin.

Hiç haçan Soltanyň garşysyna gitmejekdigime ýedi asmany we Ýeri döreden Hydaýyň öňünde kasam edýärin. Eger-de bu resminamada beýan edilen zatlaryň garşysyna hereket edäýsem, onda, goý, men Allatagalanyň gazabynyň astynda galaýyn we onuň howandarlygyndan mahrum bolaýyn. Eger-de men Soltanyň garşysyna gitsem, onda onuň jezasy hökmünde on gezek pyýada Mekkä haja gidip geleýin, on ýyllap agzymy bekläp, oraza tutaýyn we ähli mülkümi we baýlygymy Mekgäniň we Medinäniň garyplaryna paýlap bereýin. Eger-de men kasamlarymyň ýekejesini bozaýsam, goý, men Allanyň gazabyna duçar bolaýyn. Eger men beýik Soltanyň yhlassyz guly bolsam, onda, goý, men beýik hem ähli zatlara erk ediji Allanyň, onuň wekilleriniň we ähli pygamberleriň gargyşyna galaýyn.

Bu resminama meniň öz islegim we hoşniýetli erkim boýunça 535-nji ýylda (1141-nji milady ýylynda) şawwal (maý) aýynda ýazyldy»[1].

1156-njy ýylyň oktýabr aýynda Soltan Sanjaryň oguzlaryň ýesirliginden boşandygyny eşiden badyna, ol beýik soltana wepalydygyny hem-de oňa gulluk etmäge taýýardygyny bildirip, ýene-de resmi hat ýollapdyr[2]. Şol ýylyň 30-njy iýulynda «Atsyz seljuk soltanynyň dikmesi bolup, dünýäden ötüpdir; muňa seretmezden, ony Horezmşalaryň nesilşalygynyň

[1] Bu parçanyň alnan ýerine seret: *Бунятов З.М.* Указ. соч. С. 11–12.

[2] *Бунятов З.М.* Указ.соч. С. 28.

kuwwatyny hakyky esaslandyryjy diýip hasap etmek bolar... Ol güýçli, iş ýüzünde, garaşsyz döwletiň başyny başlaýjydyr» diýip, ol barada W.W.Bartold belläpdir[1]. Atsyz döwletiň ylmy-bilimi baradaky meseleleri hem ünsden düşürmändir. Z.M.Buniýatow orta asyrlar döwürleriniň awtorlarynyň (Beýhakynyň, Ibn al-Esiriň, Aufynyň, Jüweýniniň, Mirhondyň, Ibn Haldunyň) bu baradaky maglumatlaryny getiripdir. Olara laýyklykda Atsyz alymlara we ruhanylara penakärlik edýän, sungata we ylma ýokary derejede sarpa goýýan, pars dilinde goşgy ýazýan, arap dilini suwara bilýän döwrüniň ylymly-bilimli hökümdary bolupdyr[2]. Edil Bagdatda arap halypalarynyň edişleri ýaly, ol hem öz permany bilen Gürgenjiň medreseleriniň mugallymlaryny (müderrislerini) belläpdir we ýerlerde şeýle işleriň berjaý edilmegini özüniň welaýatlardaky emirlerinden talap edipdir[3]. Öz gezeginde, alymlar hem ony sylap we hormatlap, onuň şanyna öz eserlerini bagyşlapdyrlar. Döwletiň kätibi Reşid-et-din Watwatyň «Hada'ik as-sihr fi daka'ik aş-şi'r» («Şygryň inçeligindäki täsin bossanlyklar»), alym-tebip Al-Hekim Aly ibn Muhammet al-Hijazi al-Ka'ininiň «Kitab fi-l-hikma» («Paýhas barada kitap») atly işleri şeýle eserlerdendir. Atsyzyň alymlar bilen gatnaşygy hem-de olara penakärlik edişi barada hem käbir anyk maglumatlary getirmek mümkin. Horezmşa Atsyzyň meşhur pelsepeçi Beha et-din al-Haraka bolan gatnaşygy barada Peşid-et-din şeýle diýip ýazypdyr: «Ol Merwiň akyldarlarynyň biri bolupdyr. Onuň älemşynaslyga we logika degişli eserleri bar. Al-Harakynyň ylmyndan peýdalanmak üçin dünýäniň adyl soltany Atsyz ony Horezme alyp gidipdir. Onuň taryha degişli eserleri hem bar»[4]. Şonuň ýaly maglumata biz Beýhakynyň eserinde-de duş gelýäris. Ol meşhur türkmen alym-tebibi Seýit Jürjany barada söhbet edip, şeýle diýip ýazypdyr: «Ol özüniň ajaýyp eserleri bilen tebipçilik ylmyny we ylmyň beýleki pudaklaryny täzeden dikeltdi. Men (al-Beýhaky) ony 531-nji ýylda (1136-njy ýylda) Saragtda gördüm. Ol eýýäm gartaşan adamdy. Onuň bilen uzak wagtlap dünýäniň adyl soltany Atsyz biçak ysnyşykly boldy. Horezmde ol aşakdaky eserlerini ýazdy: «At-Tibb al-muluki» («Patyşa medisinasy»), «Kitab al-agrad» («Janypkeşlik»), «Kitab fi-r-radd ala-l-falasifa» («Pelsepeçileriň pikirleriniň ygtybarsyzlygy»), «Kitab tad-bir ýaum wa laýla» («Günüň we

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С.395.
[2] *МИТТ.* Т. 1. С.384.
[3] *Буниятов З.М.* Указ. соч. С.126.
[4] *Там же.* С.121, 212.

gijäniň tertibi»), «Kitab wasif-name» («Ýetginjeklik döwri barada kitap») we başgalar. Il arasynda onuň eserleri barada juda oňat pikirler ýaýrapdyr we olar hormatdan peýdalanýan kitaplardyr. Ygtybarly adamlardan eşidişime görä, ol açyk göwünli we hoşniýetli adam bolupdyr»[1]. Atsyz şahyrlara hem uly sarpa goýupdyr we özi hem goşgy ýazypdyr. Meşhur şahyr Aufi «Lubab al-albab» («Ýürekleriň özeni») atly eserinde Atsyzyň parsy-dariý dilinde ýazan goşgularyndan mysallary getiripdir[2]. 1141-nji ýylyň oktýabrynda Atsyz Merwi eýelän mahaly, ol özüne garşy çykan alymlaryň birtoparyny jezalandyrypdyr, galanlaryny Ürgenje ýollapdyr. «Alymlaryň Horezme (Ürgenje) alnyp gidilmegi Atsyzyň, ylmy merkez hökmünde, öz paýtagtynyň derejesini ýokarlandyrmak barada dalaş edendigine şaýatlyk edýär» diýip, bu wakany teswirläp Z.M.Buniýatow belläpdir[3]. Megerem, Horezmşa al-Mamunyň öz ýurduny gaznalylaryň basyp almazynyň öň ýanynda bu ugurda bitiren ajaýyp işleri heniz unudylman, öz täsirini Atsyza ýetiren bolsa gerek.

Horezmşa Atsyzyň kitaphanasy barada hem käbir maglumatlary getirmek mümkin. Atsyzyň döwürdeşi, meşhur alym Mahmyt Zamahşary (1075–1144) özüniň «Mukaddimet-ul-adab» («Dilşynaslyk ylmyna giriş») atly eserinde şeýle diýip nygtapdyr: «Allatagala Horezmşa Atsyzyň ýüregine arap diline bolan söýgini guýupdyr. Ol menden özüniň kitaphanasy üçin (sözleriň kursiwi biziňki – A.Ý.) dilşynaslyga degişli bir kitap ýazmagymy haýyş etdi. Onuň tabşyrygyny hormatlap, bu işimi ýazdym we ony oňa sowgat hökmünde gowşurdym. Meniň öňümde goýan maksadym bu kitabyň ähli ýurtlarda kabul edilmeginden we ähli döwürlerde, ähli ýerlerde we ähli dillerde Atsyzyň beýik adynyň ýatlanmagyndan ybaratdy»[4]. N.Rahimi «Atsyz Horezmde (Köneürgençde) kitaphana döredipdir, ondan alymlar peýdalanypdyrlar. Bu kitaphana 1220-nji ýylda şäheri tatar (mongol) basybalyjylary eýelän döwründe ýok edilipdir»[5]. Eger biz Atsyzyň

[1] *Буниятов З.М.* Указ. соч. С.121, 212.

[2] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 142-nji sah.

[3] *Буниятов З.М.* Указ. соч. С.15.

[4] *Ильмаммедов Р.* Произведение Махмыта Замахшары «Мукаддимет-ул-адаб» и его шуштерский вариант // Махмыт Замахшары и научно-литературное возрождение Востока. Матер. Междунар. науч. конф. 23–25 май 2007 г. А.; Дашогуз, 2007. С.601–602. Awtoryň bu ýerdäki «ähli dillerde» diýen jümlesi, megerem, musulman dünýäsiniň halklarynyň dillerini aňladýan bolsa gerek. Horezmşa Atsyzyň kitaphanasy barada şeýle-de seret: *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 142-nji sah.

[5] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 142-nji sah.

kitaphanasynyň döredilen wagtyny onuň hökümdarlyk eden döwrüniň ortasyndan (ýagny 1142-nji ýyldan) hasap edenimizde-de bu ylmy ojak özüniň ýok edilen döwrüne çenli bir asyra golaý wagt bäri hyzmat edip gelipdir. Atsyzyň kitaphanasy barada başga maglumatlary tapmak heniz bize başartmady. Emma öňden gelýän däbe görä, döwletiň ýokary derejeli adamlarynyň ylma-bilime howandarlyk etmekleri we şol dowürde dowam eden joşgunly ylmy durmuş bu medeni ojagyň – Gürgenjiň iň ajaýyp kitaphanalarynyň biri bolandygyna şübhe galdyrmaýar.

3. IL ARSLANYŇ DÖWRÜNDE YLYM WE MEDENIÝET

Il Arslan şübhesiz musulman dünýäsiniň gündogar böleginiň iň güýçli hökümdary bolupdyr.

W.W.Bartold

Atsyzyň ogly Il-Arslan 1156–1172-nji ýyllarda 16 ýyllap Horezmde hökümdarlyk edipdir. Edil kakasynyň şalyk süren döwrüniň ikinji ýarymynda bolşy ýaly, Il Arslan hem özüniň hökümdarlyk eden döwrüniň bütin dowamynda Horezmiň garaşsyzlygyny gazanmak hem-de güýjüni kuwwatlandyrmak üçin yzygiderli we tutanýerli göreş alyp barypdyr. Ol «jedelsiz musulman dünýäsiniň gündogar böleginiň iň güýçli höküm dary»[1] hasaplanypdyr we özüniň bu ýagdaýyndan ugur alyp, turuwbaşdan imperiýanyň beýik hökümdary Soltan Sanjar bilen özüniň aragatnaşygyny gurnap başlapdyr. Muňa şol döwrüň resminamalary şaýatlyk edýärler. Eger Il Arslanyň kakasy Atsyz Soltan Sanjara ýazan hatlarynda özüni onuň «bendesi», ýagny «sadyk guly» hasaplan bolsa, Il Arslan şeýle resminamalarda özüni «muhlis», ýagny «ynamdar dost» diýip atlandyrypdyr[2]. Şol bir wagtda Il Arslan hem, kakasy Atsyz ýaly, özüniň Soltan Sanjaryň tabynlygyndaky ýurduň hökümdarydygyny ünsden düşürmändir. Beýik hökümdar Soltan Sanjar dünýäden öten mahaly (1157-nji ý.ý.) Il Arslan Horezmde üç günläp ýas yglan edipdir[3].

Il Arslan hem ylma, bilime, medeniýete howandarlyk edipdir, özüne döwürdeş bolan tanymal alymlar bilen gyzyklanypdyr. Soltan Sanjar dünýäden ötenden soň, 1158-nji ýylyň tomsunda Horasana harby ýöriş

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С.396.
[2] Там же. С.396.
[3] Там же. С.395.

36-njy surat. Horezmşa Il Arslanyň Gürgençdäki aramgähi

bilen gelen Il Arslany Mäne şäherçesiniň eteginde Abu Seýit Abul Haýr Mehneýiniň (967–1049) nebereleri uly hormat bilen garşylapdyrlar we oňa bu meşhur pelsepeçiniň we sopynyň durmuşy, alyp baran geň-enaýy işleri barada gürrüň beripdirler[1]. Il Arslanyň döwründe Horezm eýýäm uly imperiýa öwrülipdir. Onuň paýtagty Gürgençde ylmy durmuş joş urupdyr, ajaýyp kitaphanalar işläpdir. Üç sany türkmen Horezmşalarynyň (Atsyzyň, Il Arslanyň we Tekeşiň) köşk kätibi (munşisi) bolup işlän meşhur şahyr Reşit et-din Watwatyň (1114–1182) şaýatlyk etmegine görä, Horezm (ýagny Gürgenç) «ähli döwürlerde ylym adamlarynyň ýaşan we akyldarlaryň kerwenleriniň saklanyp geçen ýeri bolupdyr»[2].

[1] *Жуковский В.А.* Жизнь и речи старца Абу Са'ида Мейхенейского. Спб., 1899. С.3–4.

[2] *Буниятов З.М.* Указ. соч. С.124.

4. TEKEŞIŇ KITAPHANASY

Tekeş öz raýatlaryna adalatly seredipdir, üýtgeşik başarjaňlygy bilen tapawutlanypdyr, ajaýyp diplomat we harby serkerde bolupdyr.

Z.M.Buniýatow

1172–1200-nji ýyllarda hökümdarlyk eden Il Arslanyň ogly Tekeş «Orta asyr Horezm imperiýasyny hakyky esaslandyryjysy»[1] bolupdyr. 1194-nji ýylyň 19-njy martynda Reý (häzirki Tähran) şäheriniň golaýynda iň soňky seljuk soltany Togrul III (1175–1194) goşuny bilen bolan söweşde ýeňiş gazananyndan soň, Tekeşiň abraýy has hem artypdyr. «Şol döwürden başlap Horezmşa özüni Günbatar Aziýada agalyk süren seljuk hökümdarlarynyň mirasdüşeri hasap etmäge mümkinçilik alypdyr we şeýle nukdaýnazardan bu derejäni ykrar etmegini halypadan talap edip, çykyş edipdir»[2]. Bu ýeňişden soň, şa teňňelerinde Tekeş özüni «Horezmşa däl-de, Horezmşanyň ogly, soltan diýip atlandyryp başlapdyr»[3]. Horezm döwleti, hakykatdan hem, bu wakadan soň musulman dünýäsiniň Gündogaryndaky ägirt uly imperiýasyna öwrülipdir. Ol Orta Aziýany, Eýrany, Yragyň gündogar bölegini, Azerbaýjany öz içine alypdyr.

Horezmşa Tekeşiň şahsyýeti we onuň ylym we medeniýet babatlarynda alyp baran işleri barada dürli çeşmelerde maglumatlar berlipdir. Olara laýyklykda, ol üýtgeşik ukyply hökümdar, tanymal syýasatçy we juda başarjaň goşun serkerdesi bolupdyr[4]. Hususan-da, Ibn al-Esir Tekeş barada şeýle diýip ýazypdyr: «Ol juda bilimli we ylmyň dürli pudaklaryndan oňat baş çykarýan hökümdar bolupdyr, musulman dinine hanafy mezhebine uýupdyr we onuň düzgünlerini ýokary derejede bilipdir. Adalatlylygy, adamkärçiligi we alyp baran haýyr-yhsan işleri bilen öz raýatlarynyň arasynda uly abraýdan we hormatdan peýdalanypdyr»[5]. Tekeşiň kitaphanasy barada taryhçy Täj et-din ibn Anjab ibn as-Sa'i (1275-nji ýylda ýogalypdyr) «Jami al-muhtasar» («Çeşmeleriň gysgaça ýygyndysy») atly eserinde şeýle maglumatlary beripdir: «Ala et-din diýip atlandyrylan soltan

[1] *Толстов С.П.* По следам древнехорезмийской цивилизации. С.275.

[2] *Бартольд В.В.* Соч. Т. III. С.547.

[3] *Бартольд В.В.* Соч. Т. II. Ч. 2. С.530.

[4] *Буниятов З.М.* Указ. соч. С.61.

[5] *Ibn al-Esir.* Kämil taryh. 3-nji jilt. S.92. Bu mesele barada şeýle-de seret: *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С. 405; *Буниятов З.М.* Указ. соч. С.61.

Horezmşa Tekeş Horezmde (Gürgençde) medrese gurupdyr. Seljuk soltanlary bilen bäsleşip, ol ony hanafylar üçin niýetläpdir we onuň ýanynda kitaphanany hem esaslandyrypdyr. Şol döwürde Tekeş Horezme, Horasanyň bir bölegine, Reýe we al-Jabalanyň[1] ýurtlaryna hökümdarlyk edipdir. Öz raýatlaryna ol adyllyk bilen garapdyr, hanafy mezhebiniň esasyny we hukukşynaslyk pudaklaryny bilipdir. Olar bilen meşgullanypdyr we çekişmeler gurnapdyr. Tekeş 596-njy ýylyň remezan aýynyň 20-sinde (1200-nji ýylyň iýun aýynyň 3-nde) Şähristanda[2] dünýäden ötüpdir. Onuň ogly Kutub et-din Muhammet kakasynyň jesedini Horezme (Gürgenje) äkidip, [Tekeşiň] hanafy kanunçylaryna wakf görnüşinde bagyş eden medresesiniň beýik binasynyň gapdalynda özi üçin gurduran aramgähinde jaýlapdyr»[3].Bu aramgäh biziň günlerimize çenli oňat halda saklanyp galypdyr.

Ýokardaky parçadan mälim bolşuna görä, Horezmşa Tekeş özünden öňki we öz neberesinden bolan oguz Horezmşalary (Muhammet ibn Anuştegin, Il Arslan, Atsyz) ýaly beýik Seljuk imperiýasynyň paýtagty Merwiň ajaýyp kitaphanalary bilen oňat tanyş bolupdyr we olara kybapdaş ylmy we medeni merkezleri öz paýtagty Gürgençde döretmek isläpdir. Bu işi berjaý etmek oňa ep-esli derejede başardypdyr. Tekeşiň Gürgençdäki kitaphanasy bu şäherdäki şeýle edaralaryň iň ulularynyň biri bolupdyr. Şeýle-de bu parçada sanalyp geçilen ýurtlaryň adyny we olaryň Köneürgenç türkmenleriniň döwletine birikdirilen döwrüni nazara alyp, Tekeşiň kitaphanasynyň döredilen wagtyny takyk bolmasa-da, takmynan kesgitlemek mümkin. Ol XII asyryň 80-nji ýyllarynyň birinji ýarymyndan giç bolmadyk döwürde esaslandyrylypdyr. Jüweýniniň belleýşine görä, bu kitaphananyň hazynahanasyndan peýdalanyp, meşhur alym Fahr et-din Abu Abdylla Muhammet ibn Omar ar-Razy (1212-nji ýylda ýogalypdyr) Horezmşa Tekeş üçin «Jami al-ulum» («Bilimleriň ýygyndysy») atly ensiklopedik eserini ýazypdyr. Onda ylmyň 57 pudagy boýunça maglumatlar berlipdir[4].

XX asyryň 80-nji ýyllarynda Köneürgençde geçirilen arheologik gazuw-agtaryş işleri geçirilen döwürde näbelli binalaryň düýbüniň üsti açylypdyr. Olaryň Horezmşa Tekeşiň gurduran medresesiniň we

[1] Gurlularyň daglyk ýurdy göz öňünde tutulýar. Ol Hyradyň gündogarynda we günorta-gündogarynda we Garjystanyň we Guzganyň günortasynda ýerleşýär. Seret: *Browne E.A.* Literary history of Persia. Vol. II. P. 341.

[2] Türkmenistanyň Nusaý galasynyň golaýyndaky şäherçede.

[3] Ibn as-Sa'iniň kitabyndan parçanyň alnan ýerine seret: *Халимов Н.* Памятники Ургенча. С. 29.

[4] *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С. 78.



Horezmşa Tekeşiň Gürgençdäki aramgähi

kitaphanasynyň galyndylary bolmagy mümkin diýip alymlar hasap edýärler. Gynansak-da, gazuw we gözleg işleri gutarylman galypdyr we henizebu güne çenli bu ugurda iş alnyp barylmaýar. Olaryň dowam etdirilmegi Türkmenistanyň orta asyrlar döwründäki bu möhüm ylmy we medeni ojaklaryny has oňat bilmeklige kömek ederdi. Horezmşa Tekeşiň kitaphanasy özüni esaslandyryjydan soň çärýek asyryň dowamynda işläpdir we Ürgenji mongollaryň basyp alan döwründe ýok edilipdir.

Tekeş şeýle-de yslamyň hanafy mezhebine uýýan Merwiň ýaşaýjylary üçin hem juda uly juma metjidini gurdurypdyr. Onuň ýanynda kitaphananyň hem bolan bolmagy mümkindir.

5. MUHAMMET IBN TEKEŞIŇ KITAPHANASY

Ol fykh [hukukşynaslyk] we dini kanunlardan oňat baş çykarýan ylymly adam bolupdyr. Alym adamlary hormatlap, olara kömek beripdir. Olaryň mejlislerine gatnaşypdyr.

Ibn al-Esir

Horezmşa Muhammet 1200–1220-nji ýyllarda hökümdarlyk edipdir. Bu ýyllar Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň ösüp, iň ýokary derejesine ýeten we şol bir wagtyň özünde, onuň dargap giden döwri bolupdyr. 1208-nji ýylda gurlular, 1210-njy ýylda garahytaýlylar bilen bolan söweşlerde köneürgenç türkmenleri ýeňiş gazananlaryndan soň, Muhammet Horezmşanyň abraýy artypdyr, onuň döwleti musulman dünýäsiniň iň kuwwatly imperiýasyna öwrülipdir. Aýratyn hem, garahytaýlylardan gazanylan ýeňiş «Horezmşalaryň döwletiniň daşary syýasatda gazanan iň uly üstünligi bolupdyr. Döwletiň gaznasyna uçursyz köp mukdarda baýlyk gelip gowşupdyr, onuň üsti gymmatbahaly zatlar bilen ýetirilipdir. Emma ýeňşiň iň esasy ähmiýeti Horezmşanyň, ahyrsoňy, öz döwletiniň doly garaşsyzlygyny gazananlygyndan ybarat bolupdyr. Mundan beýläk sebitiň hiç bir hökümdary Horezmiň üstünden agalyk etmäge milt edip bilmändir. Tersine, Horezmşanyň özüniň beýleki döwletleriň we halklaryň ykballaryny çözýän döwri gelip ýetipdir»[1]. Bu hökümdar hem özüniň ata-babalary ýaly ylma we döredijilik adamlaryna sarpa goýupdyr. «Ol fykh we dini kanunlardan oňat baş çykarýan ylymly adamdy. Alym adamlary hormatlap, olara kömek bererdi. Olaryň mejlislerine gatnaşardy» diýip, Ibn

[1] *Буниятов З.М.* Указ. соч. С.76.

al-Esir özüniň informatorlarynyň ol barada beren maglumatlaryna esaslanyp nygtapdyr[1]. Jüweýniniň belleýşine görä, Muhammet ibn Nejip Bekran 1208–1209-njy ýyllarda Muhammet Horezmşa üçin dünýäniň kartasyny düzüp, pars dilinde onuň düşündirişli tekstini ýazypdyr we ony «Jahannama» diýip atlandyryp, hökümdara gowşurypdyr[2]. N.Rahimi Horezmşa Muhammediň öz kitaphanasyny döredendigi baradaky maglumatlary getiripdir. Ondan alymlar peýdalanypdyrlar[3]. Ýöne bu kitaphananyň ömri gysga bolupdyr. Ol, Gürgenjiň beýleki medeni ojaklary ýaly, mongol basybalyjylary tarapyndan ýok edilipdir Şol döwürde Gürgençde köşk--eýwanlaryň, medreseleriň we metjitleriň beýik binalary gurlupdyr, ajaýyp kitaphanalar işläpdir. Horezmşa şeýle binalary diňe döwletiň paýtagtynda däl, eýsem, onuň beýleki şäherlerinde-de gurdurypdyr. Ol 1207-nji ýylda Buharanyň «içki galasyny täzelemeklige we käbir beýleki binalary gurmaklyga» perman beripdir[4]. Türkmenistanyň günbatarynda Maşat-Misriýan düzlüginiň Dehistan şäherinde ajaýyp minaralar we metjitler gurlupdyr. Onuň baş metjidiniň portalyndaky arap dilindäki ýazgyda, ony gurduryjy hökmünde Horezmşa Muhammet ibn Tekeşiň ady biziň günlerimize çenli saklanyp galypdyr[5]. Bu medeni ojaklarda ylmy durmuş, edil Abu Reýhan al-Birunineň zamanyndaky ýaly dowam edipdir. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Ýakut al-Hamawynyň Merwden soň, onuň kitaphanalarynda işlemek üçin ýörite Gürgenje gelmegi bu ýagdaý bilen bagly bolupdyr. Ýöne Gürgenjiň şol döwürdäki parahat hem joşgunly ylmy durmuşy uzaga çekmändir. Basym Orta Aziýa mongollaryň çozup girmegi bilen baglylykda, onuň üstüne öňki zamanlarda hiç mahal gabat gelinmedik aýylganç bela-beterler inipdir. Bu pajygaly ýagdaýyň ýüze çykmagyna ep-esli derejede Horezmşa Muhammediň özi günäkär bolupdyr. Onuň 1215-nji ýyldan soňky döwürde döwletiň içerki we daşarky syýasaty bilen bagly eden hereketleri oňa diňe şowsuzlyk getiripdir. Günbatarda arap halypasy, Gündogarda mongollar bilen ýüze çykan gapma-garşylyklar, bu beýik döwletiň

[1] *Ibn al-Esir.* Kämil taryh. 3-nji jilt. S.202.

[2] *Бартольд В.В.* Соч. Т. I. С.83; Т. III. С.48.

[3] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 143-njy sah.

[4] *Бартольд В.В.* Соч. Т. III. С.387.

[5] *Бартольд В.В.* Соч. Т. III. С.121, 338. Bu ýazgy barada giňişleýin seret: *Семенов А.А.* Надписи на портале мечети в Мешед-и-Мисриан // ЗВОРАО. 1908. Т. XVIII. С.0154–0157; *Массон М.Е.* Новые данные о надписях одного Мешхед-и-Мисрианского минарета // ЭВ. 1953. Вып. VII. С.7–16.

gysga wagtyň içinde ýykylyp-ýumrulmagyna getiripdir[1]. Mongollaryň çozuşlary netijesinde beýik Horezm döwletiniň dargaýşynyň janly şaýady bolan türkmenistanly ajaýyp alym an-Nesewi (1249-njy ýylda ýogalypdyr) bu aýylganç wakany gam-gussa bilen şeýle beýan edipdir: «Adamlar geçen asyrlarda ötüp giden döwletleriň durmuşynda hiç mahal gabat gelmedik betbagtçylygyň şaýady boldular. Günüň dogýan ýerinden haýsydyr bir orda öňe çykyp, ýeriň ýüzi bilen Bab al-Abwaba[2], ondan hem aňry gypjaklaryň ýurduna çenli baryp ýeten mahaly, heý-de, görlüp-eşidilen zatmydyr? Onuň esgerleri bir ýere aýagyny basyp-basmanka, ony taladylar, bir şähere girip-girmänkä, ony ýykyp-ýumurdylar. Soň bir topara birleşip, hiç hili şikessiz, Horezmiň üsti bilen, öz hökümdarynyň ýanyna olja bilen dolanyp geldiler. Ýüzugra olar ekerançylyk ýerleri tozdurdylar, mallary uçdantutma gyrdylar, ilaty ýiti gylyçdan geçirdiler. Bu zatlaryň ählisi bary-ýogy iki ýylyň dowamynda bolup geçdi. Gan döküşiklik, talaňçylyk, ýykyp-ýumurma şeýle bir güýçli boldy, hatda tutuş obalar taşlanyp gidildi, ölümden aman galan az sanly ekerançylar, dogduk mekanlaryny terk edip, hiç hili emläksiz başga ýerlerden öz rysgallaryny gözlemeli boldular. Açyk we ýapyk, görnüp duran we gizlenip saklanan zatlaryň ählisi ilatyň elinden zorluk bilen sogrulyp alyndy. Şeýle bir zabun ýagdaý boldy, ne mallaryň mäleýşi, ne-de adamlaryň agysy eşidildi: ýerlerde diňe baýguşuň sesi we bolup geçen aýylganç wakanyň ýaňy ýaňlandy»[3].

Bu aýylganç wakalar döwründe, Orta Aziýanyň we Eýranyň beýleki şäherlerinde bolşy ýaly, Ürgenjiň hem ajaýyp ylmy we medeni ojaklary ýok edilipdir.

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. I. С.412.

[2] Häzirki Derbentde.

[3] *Ан-Несеви.* Указ. соч. С.89.

6. DÖWRÜNIŇ GAHRYMANY SOLTAN JELAL ET-DIN MEŇBURNY[1] WE MEDENI DURMUŞ

Jelal et-din häsiýeti boýunça generala ýa-da hökümdara garanda söweşjeň türkmen esgerine has meňzeş bolupdyr.
K.d'Osson

Jelal et-din we onuň goşuny mongollar bilen yslamyň arasyndaky diwary döredipdir.
J.A.Boýl

Muhammet Horezmşanyň uly ogly, beýik serkerde, soltan Jelal et-din Meňburny 1220–1231-nji ýyllarda hökümdarlyk edipdir. Onuň terjimehaly barada gysgajyk maglumatlary getirmek mümkin. Jelal et-din Muhammet Horezmşanyň Aýjäjek atly türkmen aýalyndan bolan ogludyr. Onuň doglan ýyly çeşmelerde anyk görkezilmändir. Orta Aziýa mongollar çozup gelen döwründe, ol eýýäm döwletiň uly welaýatlarynyň birini – Garjystany (häzirki Owganystanyň demirgazyk bölegini) dolandyryp ýören häkim bolupdyr. Jelal et-din özünden öňki horezmşalardan tapawutlylykda, Merwde däl-de, Gürgenjiň özünde okap, oňat bilim alypdyr, öz ene dili bolan türkmen dilinden başga-da, pars dilini suwara bilipdir[2]. Meşhur alymlar K.d'Ossonyň (1779–1851)[3] we J.A.Boýluň belleýişlerine görä, Jelal et-din özüniň häsiýeti we daşky sypaty boýunça «generala ýa-da hökümdara däl-de, türkmen urşujy esgerine meňzeş bolupdyr» we öz goşunlary bilen «yslamyň we mongollaryň arasyndaky diwary döredipdir»[4].

E.Braun Jelal et-dini we onuň esgerlerini «1220–1231-nji ýyllarda wagşy mongollaryň ägirt uly ordasynyň öňünde duran yslamyň iň soňky sarsmaz galasy» atlandyrypdyr[5]. Jelal et-dine döwletiň täji we tagty iň howsalaly döwürde ýetipdir. Muhammet Horezmşa mongollardan gacyp,

[1] Jelal et-diniň «Meňburny» lakamynyň alymlar tarapyndan dürli hili ýazylyşyna duş gelýäris. Onuň arap we pars dillerindäki golýazmalarda ýazylan görnüşini türkmençe «Meňburny» sözüne doly gabat gelýär. Şonuň bilen birlikde bu sözi käbir ýewropaly alymlaryň ýazyşy ünsüňi özüne çekýär. Meşhur fransuz alymy K.d'Osson ony «Mengubirti» görnüşinde ýazypdyr. Bu sözüň bu ýazylan görnüşiniň türki dillerdäki golýazmalardaky (Meňliberdi) görnüşine ýakyndygy özüne çekýär.

[2] *The Cambridge history of Iran.* Vol.5. The Saljuq and Mongol periods. P.335.

[3] *D'Ohsson C.* Histoire des Mongols, depuis Tchinguizkhan jusqu'à Timour bey ou Tamerlan. T. I-IV, éd. 2.Amsterdam. 1831–835; éd. 3. Amsterdam. 1892. (repr.: Tientsin, 1940).

[4] *Boyle J.A.* Dinastic and political history of the Il-Khans // CHI. Vol. 5. P.335.

[5] *Browne E.* A Literary History of Persia. Vol. II. P. 307.

Soltan Jelal et-din Meňburny

soňky deminde Gürgen deŕyasynyň deňze guýýan ýeriniň golaýyndaky Aşyrada adasyna barypdyr we şol döwürde öýkenini sowga aldyryp, agyr keselläpdir. Ömrüniň iň soňky günlerinde ogly Jelal et-diniň dargan ýurda hökümdar bellenişi barada an-Nesewi şeýle diýip ýazypdyr: «Haçanda adada soltanyň keseli agyrlaşan mahaly, ol özüniň enesiniň mongollara ýesir düşendigini eşidipdir. Şondan soň, ol Jelal et-dini we adada soltanyň öz ýany bilen bolup ýören onuň iki doganyny – Ozlag şany we Ak şany ýanyna çagyryp, olara şeýle diýipdir: «Hökümetiň durky dargady, döwletiň sütünleri gowşady we ýumruldy. Bu duşmanyň maksady aýan boldy: ol dyrnagy we dişi bilen ýurda berk ýapyşdy. Ondan meniň arymy almaklygy diňe meniň oglum Meňburny başarar. Ine, şonuň üçin hem men ony tagtyň mirasdüşeri edip belleýärin[1]. Siziň ikiňiz hem oňa doly gulak asmalysyňyz we onuň bilen bir ýoldan gitmelisiňiz». Bu sözleri aýdyp, ol öz eli bilen gylyjyny Jelal et-diniň biline baglady. Şondan soň, ol bary-ýogy birnäçe

[1] Ondan öň Horezmşa Muhammet ibn Tekeş özüniň hökmürowan enesi Türkan hatynyň täsiri astynda tagtyň mirasdüşeri edip özüniň iň kiçi ogly Ozlag şany belläpdir. Ozlag şanyň enesi Türkan hatyn bilen bir taýpadan bolupdyr.

gün ýaşady we Allanyň öňünde öz amanadyny tabşyrdy. Ol gabryna öz gam-gussasy bilen gitdi. Goý, Alla oňa rehim etsin»[1].

Aňrybaş pajygaly döwürde, elbetde, soltan Jelal et-diniň döwletiň ylmy we medeni meseleleri bilen meşgullanmaga ýeterlik mümkinçiligi bolmandyr. Şeýle-de bolsa, bu ugurda onuň eden käbir ädimlerini ýatlap geçmek mümkin. Jelal et-din ýurduň hökümdarlygyna bellenenden soň, Aşyradadan deňziň üsti bilen gämide ýüzüp, Ürgenje barypdyr. Şol mahallar onuň ýanynda bary-ýogy ýetmişe golaý atly esgerleri bar eken.[2] Paýtagtda doganlary Ozlag şanyň we Ak şanyň, mundan birnäçe gün öň atasynyň beren pendine ygrarlyk etmän, tersine dil düwşüp, özüni öldürjek bolýandyklaryny eşidip, ol gyssagly ýagdaýda 300 sany atly toplap Nusaýa gidipdir. Bir hepdeden hem az wagtyň içinde Garagumuň içinden geçip, bu ýerdäki 700 sany mongol esgerleriniň üstüne duýdansyz çozupdyr we olary ýok edipdir. Bu ýeňiş «musulman gylyjynyň ilkinji sapar duşmanyň ganyna boýalyşy bolupdyr»[3] we onuň ägirt uly ähmiýeti ýerli adamlarda, bu ganym duşman nähili derejede güýçli we aýylganç bolsa-da, onuň bilen göreşip boljak eken diýen ynamy döredenliginden ybarat bolupdyr.

Soltan Jelal et-din Nusaýdan Nişapura, soň Gazna gelip, bu sebitde 60 müňden ybarat goşun ýygnap, Sind deryasynyň boýunda Çingiz hanyň özüniň ýolbaşçylyk eden ägirt uly leşgeri bilen üç günläp (1221-nji ýylyň noýabr aýynyň 23–25-i günleri) gahrymanlarça söweşipdir. Mongol goşunlary uly ýitgä sezewar edilipdir, emma güýçler deň bolmandyr. Şonuň üçin soltan Jelal et-din yza çekilip, ganym duşmana garşy göreşi dowam etmek we täze goşun toplamak üçin, özüniň aman galan az sanly esgerleri bilen, ilkibada Hindistanyň içine, soň Yraga tarap süýşmeli bolupdyr. Bu ugurda Kerman, Şiraz, Yspyhan welaýatlary meýletin onuň raýatlygyna geçipdirler. An-Nesewiniň beryän maglumatyna görä, Yspyhan şäherinde ol kakasy Muhammet Horezmşa üçin ägirt uly we depesi altyn çaýylan gümmezli kaşaň medrese gurdurmakçy bolupdyr. Bu pikir onda heniz Yspyhana gelmänkä döräpdir. Soň bu ýere Muhammet Horezmşanyň jesedi getirilip, täzeden jaýlanmaly eken[4]. Soltan Jelal et-din medresä-

[1] *Ан-Несеви*. Указ. соч. С.100.

[2] *Там же*. С.100.

[3] *Там же*. С.101,105.

[4] Jelal et-diniň kakasyny hatyralap berjaý etjek bolan bu işi başa barmandyr. Ol medresäniň gurluşygy gutarýança kakasynyň jesedini deňizdäki adadan alyp, Mazendaran welaýatynda-

ni gurmaklygy kakasynyň we özüniň hökümdarlyk eden döwürlerinde döwletiň «görnükli magaryfçysy»[1] bolan Mukarrab et-din Muhammet ibn Ybraýym al-Pälwan al-Horezmä[2] tabşyrypdyr we bu desga üçin oňa otuz müň dinar pul beripdir. Şeýle-de, soltan Jelal et-din Yragyň özüne tabyn böleginiň wezirini medresäniň gurluşygyny tamamlamak üçin gerek bolan goşmaça serişdeleri goýberip durmaga borçly edipdir. «Ol medresäniň ähli enjamlaryny altyndan taýýarlamaklygy buýurdy. Al-Mukarrab [bu işi berjaý etmek üçin] Yspyhana geldi we medresäniň gurluşygyna başlady. Men bu ýere dört aýdan soň geldim we onuň diwarynyň adam boýy galdyrylandygyny gördüm» diýip, an-Nesewi bu medeni ojagyň gurluşygy barada şaýatlyk edýär[3].

Meýillendirilişine görä, bu medrese Yspyhanyň şol döwürdäki ýokary okuw mekdepleriniň we ylmy merkezleriniň iň esasylarynyň biri bolmaly eken. Onda ybadat we okuw otaglary bilen bir hatarda kitaphana hem göz öňünde tutulypdyr. 1228-nji ýylda gurluşygyň ýolbaşçysy Mukarrab et-din al-Horezmi ýogalypdyr. Soltan Jelal et-din 1231-nji ýylda Azerbaýjanda mongollara garşy göreşini üstünlikli dowam edip ýörkä, haýynlyk bilen duýdansyz ýagdaýda özüniň duşmany tarapyndan öldürilipdir. Şu aralykda bu medresäniň gurluşygynyň nähili derejä ýetirilendigi we onuň soňky döwürlerdäki ykbaly barada çeşmelerde maglumat berilmändir.

Irki orta asyrlar döwründe ähli musulman ýurtlarynda bolşy ýaly, beýik döwletiň paýtagty bolan Gürgençde hem wezirler, döwletiň beýleki ýokary derejeli adamlary, alymlar, tanymal ruhanylar öz şahsy kitaphanalaryny döredipdirler we onuň üçin özleriniň serişdelerini gaýgyrmandyrlar.

7. REŞIT ET-DIN WATWATYŇ KITAPHANASY

Sagd al-Mülk Reşit et-din Muhammet ibn Muhammet Abd al-Jelil al-Omar al-Kätib al-Balhy (1080–1178) Balhda doglup, ömrüniň esasy

ky «ýeriň ýüzündäki iň berk» Ardahn galasynda täzeden jaýladypdyr. Mongollar bu sebitdäki uruşlaryny tamamlanlaryndan soň, Ardahn galasyny hem eýeläpdirler we ähli ýerlerde edişleri ýaly, Muhammet Horezmşanyň hem mazaryny açyp, onuň süňklerini oda ýakypdyrlar. (*Ан-Несеви*. Указ. соч. С. 241).

[1] *Буниятов З.М.* Указ. соч. С. 127.

[2] Ol Horezmşa Muhammedi Aşyrada adasynda jaýlan adamlaryň biri bolupdyr. «Ol beýik soltanyň jesedini ýuwan adamdyr» diýip, an-Nesewi Mukarrab et-din al-Horezmi barada belläpdir. (*Ан-Несеви*. Указ. соч. С. 241).

[3] *Ан-Несеви*. Указ. соч. С. 241.

bölegini Horezm döwletinde ýaşap, Köneürgençde dünýäden ötüpdir. Ol dünýä edebiýatynda, adatça, Reşit et-din Watwat ady bilen giňden bellidir. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, ol seljuk soltanlarynyň weziri Nyzam al-Mülküň Balhda gurduran «Nyzamyýasynda» bilim alypdyr. «Bu bolsa onuň öz döwrüniň bilimini ýokary derejede ele alandygyny, kätibiň okumyşlygynyň esasy bolup duryan arap dilinden we ylymlaryň ähli pudaklaryndan oňat baş çykarandygyny aňladýar» diýip, alym Watwatyň bilim derejesine we bu ýokary okuw mekdebine baha berip ýazypdyr[1]. Gürgençde arap dilini ýokary derejede okadypdyrlar. Biz ony Abu Reýhan Biruni ýaly genial alymlaryň döredijiliginiň mysalynda hem anyk göz ýetirýäris. Reşit et-din Watwat şeýle adamlaryň biri bolupdyr. Ol ýokary bilim alandan soň, beýik alym Mahmyt Zamahşarynyň ukybyna uçursyz hormat goýup, onuň bilen goňşy bolup ýaşamak üçin, Horezm ýurduna gelipdir[2]. Gürgençde basym ol özüni tanadypdyr we beýik türkmen hökümdary Atsyzyň (1127–1156) köşgünde otuz ýyllap döwlet diwanhanasynyň kätibi bolup işläp, möhüm resminamalary ýokary derejede ýazypdyr. Şeýle-de, Watwat arap we pars dillerinde eserlerini ýazypdyr. Ý.E.Bertelsiň belleýşine görä, ol özüniň «Hada'ik as-sihr» («Jadygöýlügiň bagy») atly eserinde goşgy düzmegiň ýokary derejesine ýetipdir[3].

Reşid et-din Watwatyň Gürgençde baý kitaphanasynyň bolandygyny N.Rahimi tassyklapdyr[4]. A.Ykbal bolsa Watwatyň kitaphanasy barada şeýle maglumatlary beripdir: «Reşit uly höwes bilen seýrek duş gelýän kitaplary ýygnapdyr. Ol bütin ömrüni kitaplary göçürip, köpeltmäge bagyşlap, bu ugurda uly işleri bitiripdir. Eline düşen her bir goşgyny ýa-da kitaby ol, ilkinji nobatda, olaryň asyl nusgalary bilen deňeşdirip, ýalňyşlaryny düzedipdir. Şeýle kitaplaryň müňlerçesini soň ol öz kitaphanasyna tabşyrypdyr»[5]. Watwatyň kitaphanasy bir asyra golaý wagtyň dowamynda Gürgenjiň ilatyna hyzmat edip gelipdir.

[1] *Чалисова Н.Ю.* Рашид ад-Дин Ватват и его трактат «Сады волшебства в тонкостях поэзии» // *Рашид ад-Дин Ватваат.* Сады волшебства.М.,1985. С.25.

[2] *Janbekow K.* Ötgür söz ussady // Reşideddin Watwat. Resmi hatlar.A., 2004. C.173.

[3] *Бертельс Е.Э.* Избр. труды. Т. 1. С.462

[4] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 143-nji sah.

[5] *Abbas Ykbal.* Hädaýeg sähär Watwat. Tähran, 1358.

8. WEZIR NYZAM AL-MÜLK MESGUT IBN ALYNYŇ KITAPHANASY

XII asyryň ikinji ýarymynda Gürgençde şeýle adamlaryň biri Horezmşa Tekeşiň[1] meşhur weziri Nyzam al-Mülk Mesgut ibn Aly al-Herewi bolupdyr. Ol diňe bir köşkde däl, eýsem, ilat arasynda hem uly abraýdan we hormatdan peýdalanypdyr. Ibn al-Esiriň ýazyşyna görä, Mesgut ibn Aly ýagşy gylyk-häsiýetli, adyl, haýyr-yhsan işleri köp edýän adam bolupdyr[2]. Häzirki döwrüň alymynyň beýän bahasyna görä, ol özi hakda oňat ýatlama we ýadygärlik galdyran tanymal döwlet adamydyr[3]. Özüniň dini nazaryýeti boýunça ol musulman dinine şafiý[4] akymyna uýupdyr. Şonuň üçin hem haçan-da Horezmşa Tekeş 1193-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Merwi eýeläninden soň, Mesgut ibn Aly bu şäherde uly şafiý metjidini gurdurypdyr[5]. Ol ýerli hanefi metjidinden hem has beýik ymarat bolupdyr. Adatça, şunuň ýaly uly metjitlerde hökmany suratda kitaphanalar bolupdyr. Şäheriň hanafy mezhebine uýýan ýerli ilaty Mesgut ibn Alynyň bu eden işini oňlamandyrlar. Ibn al-Esiriň belleýşine görä, «hanbalylaryň[6] ýolbaşçysy, Şeýh-ul-Yslam, bu metjidi oda bermäge küşgürip, ony ýykdyrypdyr[7]. Megerem, bu nadaralyk yslamyň taryhynda musulmanlaryň

[1] Mesgut ibn Aly dünýäden ötenden soň, Horezmşa onuň maşgalasynyň aladasyny edip gelipdir. Oňa uly hormat goýup, ol onuň kiçi ýaşly ogullarynyň birini özüniň weziri edip belläpdir hem-de ony uly we jogapkärli döwlet gullugyna taýýarlap başlapdyr. Hemmeler bu oglan akyllybaşly we bilimli-sowatly kakasynyň işini mynasyp dowam etdiriji bolar diýip umyt baglapdyrlar. Emma ol Tekeşiň ölüminiň öň ýanynda, heniz ýaşajykka dünýäden ötüpdir. Seret: *Ibn al-Esir.* Kämil taryh. 3-nji jilt. S.93–94.

[2] *Şol ýerde.* S.94.

[3] *Буниятов З.М.* Указ.соч. С.94.

[4] Şafiýler musulman dinine sünnüçilik dini-hukuk mekdebine uýýanlar bolupdyrlar. Bu akymy arap hudaýşynasy Muhammet ibn Idris aş-Şafiý (820-nji ýylda ýogalypdyr) esaslandyrypdyr. Şafiý akymy, esasan, orta asyrlar döwründe Gürgençde giňden ýaýrapdyr. Emma Makdysynyň (X a.) beýän maglumatlaryna görä, yslam dinine bu akymy şol döwürde Türkmenistanyň beýleki sebitlerine hem ýaýrapdyr. Seret: *МИТТ.* Т. 1. С.201; *Пугаченкова Г.А.* Пути развития архитектуры Южного Туркменистана поры рабовладения и феодализма. М., 1958. С.256.

[5] *Ibn al-Esir.* Kämil taryh. 3-nji jilt. S.93.

[6] Hanbalylar sünni mezhebiniň ýedi akymynyň biridir. Ony esaslandyryjy asly merwli, döwriniň görnükli sopusy Ahmet ibn Muhammet Hanbaly (780–855) bolupdyr. Hanbalylar barada seret: *Бартольд В.В.* Соч. Т. II. Ч. 1. С. 232; *Bausani A.* Religion in the Seljuq period // CHI. Vol. 5. P. 284.

[7] Netijede, şafiý metjidini otlap, ýykyp-ýumrupdyrlar. Munuň özi musulmanlaryň musulman metjidini ýumruşynyň juda seýrek duş gelýän ýa-da düýbünden duş gelmeýän mysallarynyň biri bolupdyr. Hanefileriň bu hereketini şol döwrüň musulman awtorlary ýazgarypdyrlar. Haçan-da, mongollar Merwi basyp alyp, bu ýerdäki hanefileriň metjidini ýy-

öz elleri bilen özleriniň mukaddes binasyny ýumruşlarynyň juda seýrek duş gelýän mysallarynyň biri bolsa gerek. Ahyrsoňy bu işe Horezmşa Tekeş goşulmaly bolupdyr. Ol bu wagşyçylyga dahylly adamlaryň ähliisine uly möçberlerde jerime salypdyr we olar ony töläpdirler»[1]. Soň Horezmşa Tekeş Merwiň atly-abraýly ulamalaryny çagyryp, köpsanly halat-serpaý ýapypdyr we olara uly metjit gurup beripdir.

Mesgut ibn Aly Gürgençde-de «uly medrese we kitaphana» gurdurypdyr[2]. Ol bu şäheriň ajaýyp kitaphanalarynyň biri bolupdyr we özünde juda gymmatly kitaplaryň uly toplumyny jemläpdir. Kitaphana öz işini, paýtagtyň beýleki ajaýyp ylmy ojaklary ýaly, mongol çozuşlaryna çenli dowam edipdir[3].

9. ŞEÝH NEJM ET-DIN AL-KUBRANYŇ KITAPHANASY

Nejm et-din al-Kubra Abu-l-Jenneb Ahmet ibn Omar al-Horezmi (1145–1221) beýik türkmen taryhy şahsyýetleriniň biridir. Ol ýaşlykdan sopuçylyk taglymatyna baş urupdyr. Bu ugurdan öz bilimini artdyrmak üçin ol Eýrana, Ýakyn Gündogar ýurtlaryna baryp, olaryň tanymal ruhany alymlaryndan tälim alypdyr. Müsürde Nejm et-din tanymal ruhany Ruzbihan al-Misriniň (1180-nji ýylda ýogalypdyr) elinde ep-esli wagt okapdyr. Alym-şeýh onuň akyl-paýhasyna, başarjaňlygyna uly sarpa goýupdyr, öz ogly kimin sylapdyr, gyzyny oňa durmuşa çykarypdyr. Nejm et-din özüniň bilim derejesini ýokary derejede artdyrandan soň, ikinji sapar Müsüre öz

kyp-ýumranlarynda, alymlar duşmanyň bu hereketinde Allatagalanyň hanefileriň birmahalky oýlanyşyksyz işi üçin görkezen jezasyny görüpdirler. Bu barada seret: *Жуковский В.А.* Развалины Старого Мерва. С.33, 51.

[1] *Там же.* С.33.

[2] *Ibn al-Esir.* Kämil taryh. 3-nji jilt. S.93.

[3] Döwrüniň tanymal döwlet işgäri Mesgut ibn Alyny hem seljuk soltanlarynyň weziri Nyzam al-Mülk at-Tusy ýaly, orta asyr taryhçylary uly hormat bilen ýatlap geçipdirler. Ol hem özünden uly kärdeşiniň ykbalyny bölüşip, ysmaýyllylaryň pidasy bolupdyr. Soňkular ony Horezmşa Tekeşi özleriniň garşysyna küşgürenliginde aýyplap, 1199-njy ýylda haýynlyk bilen öldürilipdir. Onuň howsalaly ölümi ýurduň ýaşaýjylarynda uly gynanç döredipdir. Horezmşa Tekeş gahar-gazaba münüp, ysmaýyllylaryň garşysyna ogly, geljekki Horezmşa Muhammediň ýolbaşçylygynda jeza beriji goşuny ýollapdyr. Ol ysmaýyllylaryň galasyny dört aýlap gabapdyr we şondan soň olar ýaraşyk sorap, Muhammede ýüz tutupdyrlar. Ol ysmaýyllylaryň eden etmişleri üçin 100 müň dinar möçberde töleg alyp, parahatçylykly ýaraşyga gol çekipdir we goşunyny gabawdan aýrypdyr. (*Бунятов З.М.* Указ. соч. С.60–61).

gaýnynyň we halypasynyň ýanyna barypdyr. Bu sapar meşhur şeýh öz okuwçysynyň sopuçylyk taglymatyny inçelik bilen ýokary derejede doly ele alandygyna göz ýetirip, oňa ak pata beripdir we watanyna dolanyp, ol ýerde ony wagyz-nesihat etmegi tabşyrypdyr. Aýaly, çagalary bilen Horezme dolanyp gelip, ol Gürgençde müdümilik mekan tutupdyr. Bu şäherde ýaşap, özüniň ylmy we şahyrana eserlerini döredipdir, sopuçylygyň kubrawiýa ordenini esaslandyrypdyr. Sopuçylygyň bu akymy soň Orta Aziýanyň ähli künjeklerine, Eýrana, Ýakyn Gündogar ýurtlaryna, Hindistana, Pakistana ýaýrapdyr.

Nejm et-din al-Kubra dürli ýurtlarda bolan mahallary, ähli ýerlerden sopuçylyga we musulman dinine degişli köp kitaplary toplapdyr. Olar onuň Gürgençde uly kitaphanasynyň esasyny düzüpdirler. Şeýle-de, at-owazasy tutuş sebite belli bolan bu Şeýhiň kitaphanasyna köp alymlar we ruhanylar özleriniň toplan eserlerini sowgat beripdirler. Nejm etdin al-Kubranyň kitaphanasyndan «yrfan we sopuçylyk ýoluna eýeryänler giňden peýdalanypdyrlar» diýip, N.Rahimi belläpdir[1].

10. YMAM ŞYHAB ET-DIN AL-HYWAKYNYŇ KITAPHANASY

Ymam Şyhab et din Abu Seýit ibn Imran al-Hywaky al-Horezmi XII asyryň ahyrynda we XIII asyryň başynda Horezm döwletiniň iň meşhur döwlet adamlarynyň biri bolupdyr. Horezmşa Muhammediň (1200–1220) köşgünde wekil (hökümetiň geňeşçisi)[2] we ýurduň ilatynyň giň gatlaklarynyň goragçysy hökmünde onuň juda uly abraýdan peýdalanyp gelendigini, XIII asyryň taryhçylary Ýakut Hamawy, Ibn al-Esir, Jüweýni, Zakariýa Kazwini, an-Nesewi we beýlekiler öz eserlerinde belläpdirler. Aýratyn hem al-Hywaky barada an-Nesewiniň beryän maglumatlary juda gymmatlydyr, çünki ol Gürgençde 12 ýyllap ýaşan döwründe bu taryhy şahs bilen telim gezek duşuşypdyr, soň 1220-nji ýylyň baharynda Nusaýda onuň mongollar tarapyndan jezalandyrylyp öldürilişiniň hem janly şaýady bolupdyr. Ol bu tanymal ymam barada şeýle diýip ýazypdyr: «Şyhab et-din Abu Seýit ibn Imran meşhur hukukşynas, aş-Şafiý mezhebiniň ajaýyp müftüsidir. Goý, Alla ondan razy bolsun! Ol özüniň din hukugy baradaky bilimini leksikologiýa, lukmançylyk, dialekti-

[1] *Rahimi G.F.N.* Seýr-i tarihi kitaphaneha der Afganestan. 144-njy sah.

[2] W.W.Bartold, şeýle-de, al-Hywakyny döwletiň ministri diýip atlandyrypdyr. (Соч. Т. II. Ч. 1. С. 238).

ka we çeper dilewarçylyga degişli beýleki ylymlar bilen baýlaşdyrdy. Iň ýiti adamlar onuň düşbüliginiň bendesi, iň akyldarlar onuň pähim-paýhasynyň muşdaklary bolup biljekdi. Soltanyň [Muhammet Horezmşa göz öňünde tutulýar] ýanynda onuň abraýy şeýle bir ýokary derejä ýetdi welin, [adamda] ondan aňry hiç hili isleg we arzuw bolup bilmese gerek, çünki asmandan ýokary galmak mümkin däl. Soltan onuň bilen möhüm işler barada maslahatlaşýardy hem-de düýpli meseleler boýunça onuň pikirine gulak asýardy. Hökümdarlaryň, olaryň wezirleriniň, ýokary derejeli emirleriň [maslahat soramak üçin] onuň gapysynyň agzynda nobata duruşlaryny telim gezek görmek bolýardy. Şol wagtlar ol, öz adaty boýunça, ymamlary okadýardy. Ol, bir wagtyň özünde, Horezmiň (Gürgenjiň) bäş medresesinde ders berýärdi we özüniň geçýän sapaklaryny tamamlaman, hiç mahal olaryň arasyny üzmezdi. [Diňe sapak gutarandan soň], soltanyň hajyplary[1] onuň bilen dürli meseleler boýunça maslahatlaşyp bilýärdiler»[2]. Zakariýa Kazwini, Juweýni al-Hywakyny «diniň öresi we döwletiň daýanjy» diýip atlandyrypdyrlar[3]. Bu meşhur şahsa berlen bu beýik bahany häzirki döwrüň tanymal alymlary hem doly makullapdyrlar. Al-Hywakyny W.W.Bartold «ylymlaryň ähli pudaklary boýunça giň düşünjeli» wekil[4], M.Ý.Masson «ylymlaryň dürli pudaklary boýunça ensiklopedik alym» hasaplapdyrlar[5]. Şyhab et-din al-Hywakynyň şahsyýetine berlen bu ýokary baha ylymda hemmeler tarapyndan ykrar edilen pikirdir.

Ymam öz ýurdunyň beýik watançysy bolupdyr. Jüweýniniň ýazyşyna görä, haçan-da şol döwrüň kuwwatly Gur döwletiniň[6] hökümdary Şyhab et-din al-Gury (1203–1206) Horezmi basyp almak üçin uly goşun bilen onuň üstüne harby ýöriş eden mahaly, ýurduň hökümdarynyň şol wagtlar paýtagtda bolmanlygy üçin, al-Hywaky duşmana gaýtawul bermäge

[1] Z.M. Buniýatowyň belleýşine görä, hajib Horezmşalaryň döwletinde möhüm wezipe bolupdyr. Olaryň sany birnäçe bolup, adatça, hajyblaryň ählisi türki halklaryň wekillerinden bellenipdirler. «Olar soltanlaryň iň möhüm tabşyryklaryny ýerine ýetiripdirler we ähli ýerlerde onuň gapdalynda bolupdyrlar» (*Буниятов З.М.* Указ. соч. С. 98).

[2] *Ан-Несеви.* Указ. соч. С.93.

[3] *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С. 414; *Буниятов З.М.*Указ.соч. С.330. Прим.1.

[4] *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С. 496.Wekil wezir bilen deň derejedäki köşk işgäri bolupdyr. Ol barada seret: *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С.441–442, 444, 489.

[5] *Массон М.Е.* Южно-Туркменистанская археологическая комплексная экспедиция (ЮТАКЭ) 1946 года // Труды ЮТАКЭ. А., 1949. Т. 1. С. 72.

[6] Hyradyň günorta-gündogarynda we Garjystanyň we Guzganyň günortasynda ýerleşen orta asyr dowleti.

Nejm ed-Din al-Kubranyň Gürgençdäki aramgähi

ýolbaşçylyk etmegi öz üstüne alypdyr. Ol Gürgençde beýik münbere çykyp, paýtagtyň ilatyna şeýle diýip ýüzlenipdir: «Ygtybarly hadysa daýanyp, duşman bilen batyrlarça söweşmeli. Kim öz janyny we öz emlägini gorap wepat bolsa, ol şehitdir». Gürgençliler öz ymamyna gulak asyp, «ählisi bir adam ýaly bolup şäheriň goragyna çykypdyrlar»[1].

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С.414; *Буниятов З.М.* Указ. соч. С. 67, 203. Прим. 20.

Duşman masgara bolup, şäheriň ýaşaýjylaryndan ýeňlipdir. Mongollaryň çozuşlary bilen bagly döwletiň üstüne abanan beýleki bir aýylganç howp döwründe hem Ymam al-Hywaky ýurduň hökümdaryna diýseň oňyn maslahat beripdir. Ibn al-Esiriň maglumatyna görä, Horezmşa Muhammet 1220-nji ýylyň ahyrynda Samarkantda ýokary derejede harby geňeş çagyran mahaly, al-Hywaky onda çykyş edip, mongol goşunlary öz ýurdundan uzak ýol geçip, heniz ýadawlykdan aýňalmanka, Syrderýanyň sag kenarynda ýurduň ähli goşunlaryny bir ýere jemläp (olaryň sany 400 000--den ybarat bolupdyr), duşmana baş söweş bermegi teklip edipdir[1]. Munuň özi orta asyrlaryň we häzirki döwrüň taryhçylarynyň pikirlerine görä, meseläniň ýeke-täk dogry çözgüdi bolupdyr. Emma ymamyň maslahatlaryna hemişe gulak asyp gelen Horezmşa, bu sapar ony ret edipdir we goşunyny toparlara bölüp, olary ýurduň dürli şäherlerine ýollapdyr. Meseläniň bu çözgüdini an-Nesewi aňrybaş ýalňyşlyk hasap edipdir. Ol çuňňur ynam bilen, eger-de horezmşa Muhammet özüniň ägirt uly goşuny bilen heniz ony «bölmänkä, mongollara söweşe iberen bolsady,onda ol olary garbap tutup, barysyny ýeriň ýüzünden süpürip ýok edip bilerdi» diýip nygtapdyr[2].

Al-Hywaky diňe bir döwletiň ýokary derejeli wekili bolman, eýsem, ylma-bilime howandarlyk hem edipdir.Ol Gürgençde özüniň şafiý mezhebini tutýanlar üçin gurduran juma metjidinde özüniň ajaýyp kitaphanasyny döredipdir. An-Nesewiniň sözlerine görä, ol «öňde-soňda görlüp-eşidilmedik» kitaphana bolupdyr[3]. Mongollaryň Gürgenji basyp almazynyň öň ýanynda al-Hywaky Horezmşa Muhammediň tabşyrygy boýunça, paýtagtdan Nusaýa gidip, ol ýerde hökümdaryň geljekki berjek buýruklaryna garaşypdyr. Ymam Gürgençden Nusaýa ugramakçy bolanda, eýýäm özüniň dogduk mekanyna dolanyp gelmejegini ýüregi bilen syzypdyr we kitaplaryny goýup gitmek islemändir. Ol olaryň iň gymmat bahalylaryny öz ýany bilen alyp gidipdir. Nusaýa geleninden soň, ymam, hökümdaryň gullugyna barmak üçin, sabyrsyzlyk bilen ondan habara garaşypdyr. Basym oňa Horezmşanyň Nişapura gelendigi we ol ýerden gyssagly ýagdaýda çykyp gidendigi baradaky habar gelip gowşupdyr. Al--Hywaky ony eşidip «aljyrapdyr we näme etjegini bilmändir, onuň gujur-

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С. 472; *Ан-Несеви.* Указ. соч. С. 330.

[2] *Ан-Несеви.*Указ. соч. С. 81; Bu mesele barada şeýle-de seret: *Ibn al-Esir.*Kämil taryh. 3-nji jilt. S.198; *Бартольд.В.В.* Соч. Т. 1. С. 473; *Бунятов З.М.* Указ. соч. С. 138–139.

[3] *Ан-Несеви.* Указ.соч. С. 94; Бартольд В.В. Соч. Т. 1. С. 496.

Şyhab et-din al-Hywakynyň Aşgabadyň golaýyndaky Bagyr obasyndaky aramgähi

-gaýraty gaçyp, akylynda-huşunda howsalalyk peýda bolupdyr»[1]. Bu ýagdaý Nusaýyň emirleriniň biri, hususan-da, Behaw et-din Muhammet ibn Abu Sahl Horezmşadan täze habar getirýänçä dowam edipdir. Nişapurdan gyssagly halda çykyp giden hökümdar bu emire Nusaýa gitmegi we ol ýerde özünden buýruga garaşýan al-Hywaka we ýerli ilata özüniň aşakdaky sözlerini ýetirmegi buýrupdyr: «Bu duşmanyň esgerleri beýleki goşunlara meňzeş däl; hereketiň oňyn meýilnamasy – olar (mongollar) bar zady gyryp, ýok edip, gözleri doýup, elleri dolup, çykyp gidýänçäler, ýurdy adamlardan arassalasynlar, olar çöle we daga siňsinler; şeýle edilse halk olaryň duýdansyz çozuşlaryndan halas bolarlar»[2].

Al-Hywaky Nusaýda ýerli ýaşaýjylar bilen duşmany garşylapdyr we olar bilen bilelikde wepat bolupdyr. Heniz mongollar bu sebite gelmänkä, Horasanyň emirleriniň bir bölegi, meşhur al-Hywakynyň Nusaýa -gelendigini eşidip, «emir Täç et-din Muhammet ibn Seýit, onuň ene ta-

[1] *Ан-Несеви*. Указ. соч. С. 94.

[2] *МИТТ*. Т. 1. С. 472; *Ан-Несеви*. Указ. соч. С. 94–95.

rapdan daýysy, emir Yz et-din Keý-Hosrow we Horasanyň emirleriniň birnäçesi ymamyň ýanyna gitmegi we agyr günlerde onuň ýanynda bolmagy isläpdirler»[1]. Al-Hywakyny we onuň ogly, ajaýyp seýit Täç et-dini gollary bagly mongollaryň öňbaşçylary Toguçar-noýonyň we Berke-noýonyň ýanyna getiripdirler we olaryň gözleriniň alnynda öldüripdirler, ymamyň altyn-kümüşlerini we beýleki gymmatbahaly zatlaryny mongol öňbaşçylary öz aralarynda paýlaşypdyrlar[2]. «Olaryň ikisi hem şehit boldular. Şyhab et-din häzir Nusaýdaky Mil Jafta atly mazarda (aramgähde) jaýlandy» diýip, an-Nesewi bu pajygaly waka barada şaýatlyk edýär[3]. 1220–1221-nji ýyllarda, ýagny mongollaryň Horasana giren döwrüniň öň ýanynda an-Nesewi Hurandiz galasynyň eýesi bolan hem bolsa[4], ol ymam al-Hywakyny halas edip bilmändir ýa-da oňa ýetişmändir[5]. Mongollar galany gabapdyrlar, emma alyp bilmändirler. Gala «asmandaky bürgüt kimin onuň hiç bir ýerinden barar ýa-da hüjüm eder ýaly bolmandyr»[6], şonuň üçin mongollar an-Nesewi bilen gepleşikler geçirip, ondan on müň tirsek boýy begres mata we başga-da käbir zatlary tölemekligi talap edipdir-

[1] *МИТТ*. С. 472; *Ан-Несеви*. Указ. соч. С.96.

[2] *Ан-Несеви*. Указ. соч. С.97.

[3] *Там же*. С.97.

[4] Ol Horasanyň iň uly hem berk galasy hem-de an-Nesewileriň maşgalasynyň emlägi bolupdyr. Ol barada an-Nesewiniň özi şeýle diýip ýazypdyr: «Şol döwürde (ýagny, bu gala ymam al-Hywakynyň gelen we ony mongollaryň eýelän döwri – A.Ý.), men, Hurandiz ady bilen belli bolan öz galamyň içindedim. Ol Horasanyň iň berk galalarynyň biridi. Meniň ata-babalarymdan ilkinji bolup ony kimiň öz emlägi edip alandygyny bilmeýärin. Ol barada gürrüň beryänleriň, haýsy tarapa ýykgyn edýändikleri bilen baglylykda, pikirler biri beýlekisine çapraz gelýärler, maňa bolsa hakykaty beýan etmek gerek. Aýdyşlaryna görä, bu gala yslam dini döräli we öz ýalkymly şuglasyny Horasana ýaýyp ugrany bäri [meniň ata-babalarymyň] elinde bolup gelipdir. Allanyň özi oňat bilýändir! Dünýä howsalaly günler inip, onuň möwç uran mahaly (bu ýerde mongol çozuşlary göz öňünde tutulýar – A.Ý.). Hurandiz galasy welaýatyň merkezinde we özleşdirilen ýerleriň ortasynda ýerleşendigi üçin, ýesir düşenleriň we duşmandan gorkanürken adamlaryň mesgenine öwrüldi. Gapdallary nökerli, özleriniň baýlygy bilen tanalýan iň belli adamlar, [şeýle-de] aýak-ýalaňaç, egin-eşiksiz galan garyp-gasarlar janlaryny halas etmek üçin bu ýere geldiler. Men, mümkin boldugyça, olaryň üstüni ýapdym, kömek etdim, duşmanyň gylyjyndan aman sypan garyndaşlary bar bolsa, biri-birleri bilen duşuşdyrdym. Olar (mongollar) Horasanyň iň çet-gyrak ýerlerini eýeläp gutaryançalar, özleriniň zabun we aýylganç işlerini dowam etdirdiler» (*Ан-Несеви*. Указ. соч. С. 97–98).

[5] An-Nesewi Horezmşanyň beýleki bir tanymal özüne ýakyn döwlet adamy bolan Nyzam etdin as-Samanynyň galadan gizlin gaçyp gitmegine we başyny gutarmagyna kömek edipdir. (*Ан-Несеви*. Указ. соч. С. 14, 103).

[6] *Ан-Несеви*. Указ. соч. С. 103.

ler. An-Nesewi, öz gezeginde, «uly belanyň öňüni kiçi zatlar bilen almak üçin» duşmanyň talaby bilen razylaşypdyr[1].

Ymam al-Hywaky öldürilenden soň, onuň kitaplary «ýönekeý we garamaýak halkyň eline düşüpdir»[2]. Şeýle howsalaly döwürde ýerli ilatyň giň gatlagynyň olara bolan gyzyklanmasy, şol döwürdäki musulman jemgyýetiniň ylma we bilime bolan muşdaklygynyň XIII asyryň başynda hem, edil yslamyň ilkinji asyrlaryndaky ýaly, dowam edip gelendiginiň subutnamasydyr[3]. «Men ol kitaplaryň gözlegine çykdym we ep-esli bölegini ýygnadym. Maňa olaryň iň gymmat bahalylaryny ele salmak başartdy. Ykbalyň emri bilen, kä Ýer ýüzüniň gündogaryna, käte günbataryna baryp düşýän döwrüme çenli men olary sakladym. Miras düşen we özümiň gazanyp edinen ähli zatlarymy men galada (?)[4] goýup gaýtdym. Ähli goýan zatlarymdan meniň diňe kitaplarym üçin ýüregim gyýylýardy» diýip, an-Nesewi soň öz eserinde nygtapdyr[5]. An-Nesewiniň kitaplarynyň, edil onuň beýleki emlägi we tygşytlan zatlary ýaly, Yragyň Horezme degişli böleginiň hökümdary, Horezmşa Muhammediň ogly Gyýas et-din Pir şanyň goşunlary 1224-nji ýylda Nusaýy gysga wagtlaýyn eýelän döwründe talaňçylyga salnan bolmagynyň mümkindigini alymlar çak edipdirler[6]. An-Nesewiniň özi hem, Gyýas et-din Pir şanyň goşunlarynyň özüniň mal-mülküni doly talandygyny, işgärleriniň ele salnanlarynyň öldürilendigini tassyklapdyr[7].

---

[1] *Там же.* С. 104.

[2] *Там же.* С. 94.

[3] Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, biz musulman ilatynyň aşak gatlagynyň kitaplara bolan höwesini 1055-nji ýylda Bagdatda Buweýhiler döwletiniň weziri Sabyr ibn Ardaşiriň ajaýyp kitaphanasy ot alan mahalynda şäher ilatynyň onda saklanýan eserleri eňňere edip, özlerine alşynyň mysalynda hem görüpdik. Bu wakadan 216 ýyl geçenden soň, şeýle hadysa Nusaýyň Hurandiz galasynda duş gelýäris. Ol bolsa, öz gezeginde, geçen iki asyrdan gowrak wagtyň dowamynda musulman jemgyýetinde, hususan-da Bagdadyň we Nusaýyň mähellelerinde, ylma-bilime bolan gyzyklanmanyň üýtgemän we gowşaman dowam edip gelendigine güwä geçýär.

[4] Megerem, bu ýerde Hurandiz galasy göz öňünde tutulýan bolsa gerek.

[5] *Ан-Несеви.* Указ. соч. С. 94.

[6] *Бартольд В.В.* Соч. Т. 1. С. 497; *Массон М.Е.* Южно-Туркменистанская археологическая комплексная экспедиция (ЮТАКЭ) 1946 года. С. 76.

[7] Bu wakanyň öň ýanynda, Nusaýyň şol wagtky emiri Nusrat et-din Hamza bu «bulagaýlygyň öňüni almak we açyk agyzlary dykmak» (*Ан-Несеви.* Указ. соч. С. 153.) üçin, özüniň orunbasary an-Nesewini birazrak pul bilen Pir şanyň köşgüne ýollapdyr. Bu tabşyrygy berjaý etmek üçin, ol şol döwürde Horasanyň içindäki özara uruşlar sebäpli jana howply ýollary geçip, ahyrsoňy 1224-nji ýylda demirgazyk Yraga barypdyr. Bu ýerde an-Nesewi soltan Jelal et-din Meňburna duşupdyr. Basym ol ony özüniň şahsy kätibi edip belläpdir. Meşhur taryhçy bu wezipede Jelal et-diniň ömrüniň ahyrky günlerine çenli işläpdir. An-Nesewi öz dogduk mekanyny gaýdyp görmän, 1249-njy ýylda Halapda dünýäden ötüpdir.

Türkmen halky özüniň tanymal döwlet işgäriniň we ymamynyň, ylma-bilime howandarlyk eden meşhur alymynyň sarpasyny asyrlaryň dowamynda belent tutup, hormatlap gelipdir. Aşgabadyň 14 km günorta-günbataryndaky uly Bagyr obasynyň Daşgala böleginde ymam Şyhab et-din al-Hywakynyň we onuň ogly Täj et-diniň goşa mazary we olaryň üstüne bina edilen ajaýyp aramgähi (mawzoleýi), aradan sekiz asyra golaý wagt geçendigine seretmezden, saklanyp galypdyr. Bu aramgähiň kime degişlilynyň Taryh, dil we edebiýat institutynyň düzüminde Günorta Türkmenistan arheologik kompleks ekspedisiýasynyň (ÝUTAKE-niň) döredilmegi we onuň bu sebitde gazuw-agtaryş işleri geçirip başlamagy bilen baglylykda anyklanypdyr. 1949-njy ýylda bu aramgäh we onuň gurluş aýratynlygy barada ilkinji gezek habar berip, M.Ý.Masson (1897–1986) şeýle diýip ýazypdyr: «Ymam we müderris Şyhab et-diniň jaýlanan gonamçylygy şol döwürde «Mil Jafna»[1] atlandyrylypdyr. Megerem, ol onuň bu şahsyň üstünde minara görnüşinde gurlan binadygyny aňladýan bolsa gerek»[2]. Şeýle-de bolsa, bu aramgähi beýleki alymlar ep-esli wagtlap onuň ýerli ilatyň arasyndaky ýörgünli ady bilen Babajanyň mazary ýa-da Babajanyň mawzoleýi diýip atlandyryp gelipdirler. 1949-njy ýylda arheolog W.D.Žukow şeýle at bilen onuň çyzgysyny (G.A.Pugaçenkowanyň ölçegi boýunça) neşir edipdir[3]. Soň 1958-nji ýylda G.A.Pugaçenkowanyň özi hem bu aramgähiň çyzgysynyň adyny üýtgetmän gaýtalap neşir edipdir we ony «haýsydyr bir Babajanyň mazary» diýip atlandyrypdyr[4]. XX asyryň soňky onýyllyklarynda Nusaýda dowamly gazuw-agtaryş işlerini geçiren belli türkmen arheology professor A.Gubaýew biziň bilen söhbetdeş bolanda, Bagyr obasynyň ýaşaýjylary bu aramgähi hormatlap, oňa uly sarpa goýup Babajan atlandyrýandyklaryny, türkmenlerde baba sözüniň göni manysyndan başga-da keramatly pirleriň, sopularyň, ulamalaryň atlarynyň yzyna goşulyp aýdylýan adaty sözdügini, aslyýetinde, onuň hiç hili şübhesiz meşhur ymam Şyhab et-din al-Hywaka degişlidigini tassyklady. Ýerli ilatyň wekilleri bilen biziň geçiren gepleşiklerimize görä, olar öňküleri ýaly, Ymam Şyhab et-din al-Hywakynyň şahsyýeti barada anyk maglumatlary bilmeýärler, ýöne bu aramgähiň birmahallar Hore-

[1] Bu ada biz ilkinji gezek an-Nesewiniň eserinde duş gelýäris. (*Ан-Несеви*. Указ. соч. С. 97).

[2] *Массон М.Е.* Указ. соч. С. 75.

[3] *Жуков В.Д.* Изучение пригорода Нисы в 1946 году // Тр.ЮТАКЭ. Т. 1. С. 178.

[4] *Пугаченкова Г А.* Пути развития архитектуры Южного Туркменистана. С. 472; *Она же.* Ниса. (Краткий путеводитель). А., 1958. С. 30.

zmden gelen keramatly adama degişlidigine hiç hili şübhelenmeýärler we ony biragyzdan tassyklaýarlar. Ymamyň üstüne bina edilen aramgäh orta asyrlar döwründäki Demirgazyk Horasanyň we Dehistanyň arhitektura ýadygärlikleriniň stilinde gurlupdyr. Onuň düýp esasy köpgyraňly deňölçegliklerden ybarat bolup, ýokary çeperçilikde kerpiç bilen örülipdir. Aramgähiň her bir gyraňy iç tarapdan gümmezek arka bilen bezelipdir. Ajaýyp gümmeziň çür depesi yşyk beriji deşik bilen tamamlanypdyr.

Ymam Şyhab et-din al-Hywakynyň şehit bolup dünýäden öteni bäri, VIII asyra golaý wagt geçipdir. Şol aralykda onuň aramgähine eltýän ýoda hiç mahal ot bitmändir. Biziň günlerimizde hem oňa keramatly ymam hökmünde tagzym etmäge diňe Türkmenistanyň içinden däl, eýsem, Bitarap diýarymyzyň daşyndan gelýänleriň hem yzy üzülmeýär.

11. BEÝIK SELJUK SOLTANLARY WE OLARYŇ HOREZMIŇ TÜRKMEN HÖKÜMDARLARYNA MEDENI TÄSIRLERI

E.Braun seljuk soltanlaryny (Mälik şanyň döwründen başlap), Horezmşalaryň dördünji Anuşteginler nesilşalygyndan bolan hökümdarlarynyň «halypalary we ýolbaşçylary» («masters and suzerains») hasaplapdyr[1]. Soňkular, öz gezeginde, öz döwletini kem-kemden berkidip, çäklerini giňeldip, dünýä derejeli imperiýa öwrenlerinden soň, köp babatlarda Beýik Seljuk soltanlaryna meňzejek bolup dalaş edipdirler. Olaryň bu ugurdaky hereketleri diňe bir şol döwrüň esasy ylmy merkezleri bolan kitaphanalary döretmeklige däl, eýsem, döwlet gurluşynda-da öz beýanyny tapypdyr. Anuşteginiň nesilşalygyndan bolan horezmşalarynyň wezirleriniň ählisi, edil seljuk soltanlarynyň wezirleri ýaly, «Nyzam al-Mülk» («Döwletiň nyzamy»), ýagny tertip-düzgüni atly lakamy göteripdirler. Horezmşa Tekeş (1172–1200) Gürgençde Merwiň kitaphanalaryna meňzeş kitaphanany döretjek bolupdyr. Horezmşalaryň döwletiniň kuwwatlanmagy we dünýä derejesindäki imperiýa öwrülmegi bilen, onuň soňky hökümdarlary Tekeş ibn Il Arslan (1172–1200) we Muhammet ibn Tekeş (1200–1220) özlerine XI–XII asyrlarda apbasy halypalary tarapyndan seljuk soltanlaryna berlen hukuklaryň we atlaryň berilmegi ugrunda tutanýerli diplomatik göreş alyp barypdyr. Horezmşa Muhammet, 1210-njy ýylda gara hytaýlylardan gazanan uly ýeňişinden soň, beýik Sol-

[1] *Browne E.G.* A Literary History of Persia. Vol. II. P. 307.

tan Sanjara dakylan at ýaly[1], özüni Isgender sany, ýagny «Ikinji Aleksandr Makedonskiý» diýip atlandyryp başlapdyr[2]. An-Nesewiniň, Jüweýniniň we Aufynyň belleýişleri ýaly, soň Horezmşa Muhammet iň soňky beýik seljuk soltanynyň uzak wagtlap hökümdarlyk edenligini ýadyna salyp, «özüne «Soltan Sanjar» adyny hem dakypdyr we gol çekmek üçin «Zill Allah fi-l-ard» («Allanyň Ýerdäki saýasy») ýazgyly Tugrany taýýarlamaklygy buýrupdyr». Horezmşanyň täze ady onuň ogullarynyň atlarynda-da öz beýanyny tapypdyr. Oňa laýyklykda, onuň öz tagtyna mirasdüşer edip belläп iň kiçi oglunyň ady «Dindarlaryň Emiriniň kömekçisi Soltan Sanjaryň ogly Ozlag şa» bolupdyr[3]. Soltan Jelal et-din özüniň halypa ýazan hatlarynda «Onuň (halypanyň) sadyk guly Meňburny, Soltan Sanjaryň ogly» diýip gol çekipdir[4].

Horezmşalar Tekeş ibn Il Arslan (1172–1200) we Muhammet ibn Tekeş (1200–1220) apbasy halypalaryndan diňe bir halyfatyň paýtagtynda öz atlaryna hutba okalmagyny däl, eýsem, aradan bir ýarym asyra golaý wagtyň geçendigine seretmezden, bu ýerde birmahallar gurdurylan we halypa al-Muktadynyň ýykdyran «Togrulyň şäherçesiniň» hem dikeldilmegini talap edipdirler[5]. Olary halypa an-Nasir erjellik bilen ret edipdir. Horezmşa, öz gezeginde, döwletiň ähli ýerlerinde an-Nasiriň adyna hutba okamagy hem-de ýurduň şa teňňelerinde onuň adyny zikgelemekligi bes etdiripdir we Horezmiň ulamalarynyň, ymamlarynyň razyçylygyny (fetwasyny) alyp, Aly ibn Abu Talybyň ogly Hüseýiniň neberesinden bolan Ala al-Mülk at-Termezini halypa diýip yglan edipdir. An-Nasir bilen Horezmşa Muhammediň arasynda bu meseleler boýunça ýüze çykan gapma-garşylyklar harby çaknyşyga çenli baryp ýetipdir. 1917-nji ýylyň güýzünde Horezmşa Muhammet Bagdady basyp almak hem-de özüniň öňünde goýan meselesini çözmek üçin 400 müň esgerden ybarat goşun bilen Bagdada harby ýöriş yglan edipdir. Onuň goşuny Hulwanyň golaýyndaky Asadabat geçelgesine baryp ýeten mahaly üç gije-gündiziň dowamynda galyň garyň ýagmagy we güýçli aýazyň düşmegi bilen esgerleriň köpüsi, ulaglaryň ählisi gyrlypdyr we ýöriş şowsuz gutarypdyr.

[1] Soltan Sanjara onuň döwürdeşleri «Horasanyň Aleksandr Makedonskisi» ýa-da «Ikinji Aleksandr Makedonskiý» diýip at beripdirler. (*Жуковский В.А.* Развалины Старого Мерва. С.29).

[2] *Ан-Несеви.*Указ. соч. С.65; *Буниятов З.М.* Указ. соч. С.77.

[3] *Ан-Несеви.* Указ. соч. С.70.

[4] *Там же.* С.297.

[5] *Там же.* С.55; *Буниятов З.М.* Указ. соч. С.58.

Netijede, Horezmşanyň halypany çalşyrmak boýunça eden hereketleri wagtyndan öň görlen çäreler bolupdyr. Bu wakanyň yz ýany bilen ýurda mongollar çozup girip, Horezmşalaryň döwleti derbi-dagyn edilipdir. Bu pajygaly döwürde halypa bilen Horezmşalaryň arasynda ýüze çykan gapma-garşylyklar, soň olaryň ikisiniň hem nesilşalyklarynyň ýok bolup gitmegine sebäp bolupdyr[1].

12. GADYMY HOREZM DILI WE ONUŇ TÜRKILEŞDIRILIŞ MESELESI

Anuşteginleriň nesilşalygynyň ýurdy dolandyran döwri (1097–1231) bilen bagly ýene-de bir möhüm meseläniň üstünde durup geçmekligi zerur hasap edýäris. Ol gadymy horezm diliniň türki dile geçişi we bu öwrülişikde esasy rol oýnan faktorlar baradaky meseledir.

A.A.Freýmanyň (1879–1968) belleýşine görä, «Diliň kartasynyň üýtgeýiş meseleleri, dilleriň özara gatnaşyklary Orta Aziýanyň halklarynyň taryhy bilen aýrylmaz we berk baglanyşyklydyr»[2]. Bu pikir tutuşlygyna gadymy horezm dili bilen oguz-türkmen diliniň gatnaşyklaryna doly degişlidir. Bu mesele bilen baglylykda ýokarda getirilen köpsanly delillerden hem görnüşine görä, oguzlar irki orta asyrlar döwründen başlap tutuş Merkezi Aziýada we Türkmenistanda mekan tutupdyrlar. W.W.Bartold bu barada şeýle diýip ýazypdyr: «Eýýäm VI asyrda türkleriň Hazar deňziniň gündogaryndaky çöllükleri eýeländiklerini çaklamak mümkin, çünki olaryň Sasany Persiýasy bilen çaknyşyklary şol döwre degişlidir. Arap geograflarynyň guzlary ýa-da oguzlary şol türkleriň nebereleridir. Olar Ibn al Esiriň göz öňünde tutýan VIII asyrdaky dokuz oguzlaryň bölünişiginden baglanyşyksyz günbatarda mekan tutupdyrlar»[3]. V–VII asyrlarda oguzlar Orta Aziýanyň ähli ýerlerine ýaýran uly halk bolupdyr. Awtory näbelli, X asyryň ahyrynda (982-nji ýylda) pars dilinde ýazylan «Hydyd ul-älem» («Älemiň serhedi») atly möhüm jugrafik eserde tutuş bu ülkäniň «Guzlaryň Türküstany»[4] diýlip atlandyrylmagy ýöne ýerden bolmandyr. Şol döwürlerdäki Oguz döwleti barada S.P.Tolstow şeýle nygtapdyr: «X asyryň ikinji ýarymynda Oguz döwletiniň çäkleri ägirt uly möçberlere baryp ýetipdir: günorta-gündogarynda ol Ta-

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. I. С.412.
[2] *Фрейман А.А.* Хорезмийский язык. С.5.
[3] *Бартольд В.В.* Соч. II. Ч. 1. С.557.
[4] *МИТТ.*Т.I. С.216.



X–XI asyrlarda Merkezi Aziýanyň, Eýranyň çäklerindäki döwletleriň we halklaryň ýerleşişiniň kartasy (K.E.Boswort boýunça)

raz (Talas deryasynyň boýunda ýerleşýän häzirki Jambyl şäheri) we Şaş (Daşkent) welaýatlary bilen serhetleşipdir; günor tasynda Kuwan we Jany deryalarynyň boýlaryny; demirgazygynda, megerem, Sarysuw, Çelkara we Irgiz sebitlerini öz içine alypdyr; demirgazyk-günbatarynda başgyrtlar bilen serhetleşýän Ural dagynyň eteklerindäki ýerleri gurşap alypdyr; günbatarynda Wolga deryasynyň boýundaky hazarlaryň ülkeleri bilen duldegşir sepleşipdir, günorta-günbatarynda Üstýurduň esasy bölegini eýeläpdir»[1]. Guzlar (oguzlar) barada Ibn al-Mukaffa, Ibn Hordadbeh, Tabary, al-Jahiz, Abul Apbas Merwezi, Ahmet as-Serahsy, Musa al-Horezmi, al-Belazury,

[1] *Толстов С.П.* По следам древнехорезмийской цивилизации. С.249.

Abu Reýhan al-Biruni we beýleki irki döwrüň awtorlary öz eserlerinde ilkinjiler bolup maglumatlar beripdirler. Olardan görnüşine görä, musulman dünýäsiniň demirgazyk-gündogarynda ýerleşen gadymy Horezm döwletini irki orta asyrlar döwründen başlap, tä XII asyra çenli ähli tarapdan diňe oguzlaryň ýurdy gurşap alypdyr. Abu Reýhan al-Biruni özüniň «Al-Asar al-bakyýa» («Geçen nesilleriň ýadygärlikleri») atly irki kitabynda oguzlar barada ýazan bolsa[1], ömrüniň soňky döwürlerinde döreden eserlerinde türkmenler barada maglumat beripdir[2]. Hususan-da, ol al-Makdisiden soň türkmen etnonimini ulanan ikinji awtor bolupdyr[3]. Al-Biruni azda-kände oguz-türkmen dilinden hem habarly bolupdyr diýmek bolar. Munuň şeýledigine Sarygamyş kölüniň şol döwürdäki adyny özüniň «Geodeziýa» atly kitabynda «Gyz deňzi» görnüşinde getirmegi şaýatlyk edýär[4].

Apbasy halypasy al-Muktadiriň (908–932) Bagdatdan Bulgarystana, bu ýurtda yslam dinini berkitmek üçin ýollan ilçihanasynyň kätibi Ahmet ibn Apbas ibn Fadlan oguzlar barada giňişleýin maglumatlary habar beripdir. Ol 921–922-nji ýyllarda bu ilçihana topary bilen has göni ýol bolan Kawkazyň üsti bilen däl-de, Eýranyň we Türkmenistanyň üsti bilen Bulgarystana (häzirki Russiýa döwletiniň düzümindäki Başgyrdystan we Tatarystan Respublikalaryna) gidipdir. 922-nji ýylyň başynda Eýrandan Garagumuň üsti bilen demirgazyga bakan ýoluny dowam eden bu arap syýahatçysy özüniň «Ýol ýazgylarynda» («Risalasynda») oguzlar, olaryň däp-dessurlary we horezmliler bilen söwda-satyk we beýleki aragatnaşyklary barada giňişleýin hem anyk maglumatlary beripdir[5]. W.W.Bartold olary teswirläp şeýle diýip belläpdir: «Ibn Fadlanda oguzlar baý çarwa halky hökmünde täsir galdyrypdyrlar. Olaryň soňky döwürlerdäki türkmenleriňki ýaly köpsanly goýun sürüleri bolupdyr. Goýunlary 100 000-e çenli baryp ýetýän baý adamlar olaryň arasynda bar eken. Oguzlaryň musulman welaýatlaryna getirip satýan esasy harydy goýunlar bolupdyr. Olaryň gyzgalaňly geçýän ýeri Horezm bilen araçäkde ýerleşýän ilatly ýerler bolupdyr». Parahatçylykly döwürde oguzlar Amyderýanyň sag kenarynda, Aral deňzinden bir günlük ýol aralykdaky Parategin şäherine

[1] *Бируни.* Избр. произв. Т. I. С.111, 257, 290; Т. II. С. 479; Т. III. С.95.

[2] *Там же.*Т.III.С.96; Т. VI. С.116;

[3] *Волин С.* К истории древнего Хорезма // ВДИ. 1941. № 1. С.192–196.

[4] *Бируни.* Избр. произв.Т. Ш. С.96, 284–285.

[5] *Путешествие* Ибн Фадлана на Волгу. М. -Л., 1939; МИТТ. Т. I. С.155–164; Средневековые письменные источники о древнем Ургенче.А., 2000. С.15–18 we başg.).

ýa-da Gürgenje (häzirki Köneürgenje) öz goýun sürüleri bilen gelipdirler[1]. Ibn Fadlanyň döwürdeşi, beýleki bir arap alymy we syýahatçysy al-Istahry (850–934), öz gezeginde, Horezm we oguzlar barada şeýle maglumatlary getiripdir: «Demirgazyk we günbatar tarapdan ol (Horezm) guzlaryň çäkleri, günortasynda we gündogarynda Horasan we Mawerannahr bilen araçäkleşýär. Ol Jeýhun derýasynyň aýagynda ýerleşýär we onuň Horezm kölüne (Aral deňzine) guýýan ýerine çenli derýanyň boýunda ilatly ýerleri ýok. Ol Jeýhunyň iki tarapynda ýerleşýän ýurt; onuň baş şäheri demirgazyk tarapda (ýurduň paýtagty Kät şäheri göz öňünde tutulýar – A.Ý), günortasynda bolsa Jürjaniýa atly uly şäheri bar. Ol ýurduň paýtagtyndan soňky iň uly şäher; ol guzlar bilen söwda edilýän ýer»[2]. Al-Istahry ýene-de oguzlar barada şeýle diýip ýazypdyr: «Jeýhun [derýasy] Horezm kölüne baryp guýýar. Ol ýerde balykçylar ýaşaýarlar, olaryň obalary ýa-da çatmalary ýok. Bu ýer Halyjan diýlip atlandyrylýar. Kölüň kenarynda Halyjan tarapda guzlaryň ýerleri bar. Parahatçylykly döwürde olar bu tarapdan Barategine, beýleki tarapdan Jürjaniýa barýarlar. Olaryň ikisi hem araçäk galalar»[3]. «Hazar deňziniň[4] boýunda we onuň golaýynda ýerleşen çöllük ýerlerde türki halklardan bolan çarwadar guzlaryň öýleri ýerleşýär» diýip, al-Mas'udi (X asyr) özüniň «Kitab at-tenbih» («Öwüt-nesihat kitaby») atly eserinde belläpdir. Bu alym «Myryj az-zahab» («Altyn çemenlikler») atly beýleki eserinde oguzlaryň Aral deňziniň kenarynda ýaşaýandyklary barada şeýle diýip ýazypdyr: «Bu ýerde ýaşaýan türki halklaryň esasy bölegi oguzlardan ybarat. Olaryň bir bölegi çarwadar, beýleki bölegi ekerançylyk bilen meşgullanýarlar. Türkleriň bu taýpasy üç topardan duryar. Aşaky guzlar, ýokarky we ortaky guzlar. Olar türki halklaryň içinde iň gahryman halk hasap edilýär»[5]. Al-Makdisi (946–1000) horezmliler we oguzlar barada şeýle maglumat beripdir: «Bilip goý, gündogaryň Horezmi (Gürgenç, häzirki Köneürgenç göz öňünde tutulýar – A.Ý.) günbataryň Sililmasyna[6] meňzeşdir we horezmlileriň häsiýetleri berberleriň häsiýet-

[1] *Бартольд В.В.* Соч. Т. II. Ч. 1. С.563.

[2] *МИТТ.* Т. 1. С. 178; Средневековые письменные источники о древнем Ургенче. С.18–19.

[3] *МИТТ.* Т. I. С. 179–180; Средневековые письменные источники о древнем Ургенче. С.20.

[4] Aral deňziniň boýunda.

[5] *МИТТ.* Т. I. С.166.

[6] Marokkanyň günortasynda ýerleşen şäher.Ol häzirki döwürde hem bu ýurduň möhüm senagat we söwda merkezidir.

leri ýalydyr. Şäheriň meýdany 80-den 80 farsaha barabar, öýleri biri-biri bilen tirkeşip gidýär, [onuň içinden] bol suwly ýaplar akýar, şäherde balyk we goýun näçe diýseň bar, ol guzlar we türkler bilen söwda edilýän ýer»[1]. Ýokarda ady tutulan «Hudud ul-älem» eserinde oguzlaryň horezmliler bilen gatnaşygy barada şeýle nygtalypdyr: «Mawerannahrdan günbatarda Horezmiň çäkleri ýerleşýär. Kät – Horezmiň baş şäheri, guz Türküstanynyň derwezesi»[2]. 1219-njy ýylyň gyşynda, ýagny gadymy horezm halkynyň diliniň türkileşen döwründe, Gürgençde (Köneürgençde) bolan Ýakut Hamawy (1179–1229) Horezm we onuň ilaty barada şeýle ýazgy galdyrypdyr: «Ol ürgün çägeler bilen gurşalan ýurt. Onda türki halklar we türkmenler ýaşaýarlar»[3]. Oguzlar barada has giňişleýin maglumatlary Mahmyt Kaşgary hem «Diwan lugat at-türk» atly eserinde getiripdir.

Ilkinji çeşmeleriň beryän habarlaryndan görnüşi ýaly, irki orta asyrlar döwründe, has takygy V–XII asyrlarda horezmliler bilen gönüden-göni gatnaşykda bolan ýeke-täk türki halk oguzlar bolupdyr. Şol gatnaşyklaryň netijesinde gadymy horezmi dili ýuwaş-ýuwaşdan türkileşipdir. A.Ý.Ýakubowskiniň belleýşine görä, «Türkmenistanyň çäklerinde türki dilli däl halklaryň dillerini türkileşdirmek hadysasy heniz oguzlaryň ilkinji toparynyň peýda bolan döwründen öň, ýagny IX asyrdan hem ir başlanypdyr. Bu işiň janypkeş gatnaşyjylary bolup Merw, Balh we Dehistan sebitlerinde ýaşaýan türkleriň (oguzlaryň) özleri we Balhan daglarynyň golaýlarynda we beýleki ýerlerde güzeranlaryny dolandyrýan olaryň garyndaş taýpalary bolupdyrlar. Türkileşdiriş hadysasy aýratyn hem IX we X asyrlardan soň, Türkmenistanyň çäklerinde oguzlaryň uly toplumy peýda bolandan soň güýçlenipdir»[4]. A.Ý.Ýakubowskiý türkmenleriň oturymly durmuşa geçişleri barada söhbet ädip, şol ýerdäki halklaryň dillerini türkileşdirmek meselesinde olaryň bitiren hyzmatlary barada şeýle nygtapdyr: «Ekerançy türkmenleriň iň köp ýaşan ýeri Syrderýanyň aşak akymy we Etrek deryasyndan gözbaş alyp gaýdýan ýaplaryň boýlary bolupdyr. Beýleki sebitler, hususan-da, Horasan bilen ýanaşykly ýerler we Horezm ba-

[1] *МИТТ.* T. I. C.186; Средневековые письменные источники о древнем Ургенче. С.24.

[2] *МИТТ.* T. I. C.216; Средневековые письменные источники о древнем Ургенче. С.27.

[3] *МИТТ.* T. I. C.420; Средневековые письменные источники о древнем Ургенче. С.31.

[4] *Каррыев А., Мошкова В.Г., Насонов А.Н., Якубовский А.Ю.* Очерки из истории туркменского народа и Туркменистана в VIII–XIX вв. А., 1954. С.11. XI–XII asyrlarda, seljuklaryň agalygy döwründe türkmenler Azerbaýjanyň we Türkiýäniň gadymy halklarynyň dillerini hem türkileşdiripdirler.

batynda aýdylanda bolsa, türkmenleriň oturymly ýagdaýa geçişleri, Horezmde bolşy ýaly, türkmenleriň ekerançylyk bilen meşgullanýan ýerli ilatynyň arasyna aralaşyp, onuň dilini ýuwaş-ýuwaşdan türkileşdirişi bilen bagly bolup geçipdir»[1]. Başgaça aýdanymyzda, A.Ý.Ýakubowskiý gadymy horezmileriň dilini oguzlaryň-türkmenleriň türkileşdirendigini doly tassyklapdyr. Diňe XII asyryň ahyryndan, ýagny gadymy horezmlileriň türki dile geçiş döwri tamamlanandan soň, beýleki bir türki halk – gypjaklar bilen gatnaşyklar barada käbir maglumatlara duş gelýäris[2].

Özara söwda gatnaşyklary oguzlarada, horezmlilere-de uly peýda getiripdir. «Horezmiň baýlygy onuň diňe çarwadarlar (bu ýerde diňe oguzlar göz öňünde tutulýar – A.Ý.) bilen alyp baran söwdasyna bagly bolupdyr. Megerem, ol yslam döwründe has ösen bolsa gerek. Söwda-satyk işleri Horezmiň demirgazyk böleginde Gürgenç (häzirki Köneürgenç) bilen alnyp barlypdyr. X asyrda ol welaýatyň diňe günorta bölegini öz garamagynda saklaýan yslamdan öňki horezmşalaryň nesilşalygyna garaşsyz özbaşdak mülk bolupdyr»[3].

Gadymy horezmlileriň diliniň türkileşmeginiň esasy sebäbi XI asyrdan başlap, olaryň şol döwürdäki türkmen imperiýalarynyň, ýagny Gaznalylaryň we Seljuklaryň döwletleriniň tabynlygyna geçmegi bolupdyr. Ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, 1017-nji ýylda Mahmyt Gaznawy Horezmi basyp alanyndan soň, bu ýurda özüniň dikmesi edip döwrüniň meşhur goşun serkerdesi we «beýik hajyby», gelip çykyşy boýunça oguzlardan bolan Altyndaşy belläpdir we oňa Horezmşa derejesini beripdir. Ol afrigiler we mamuniler neberesinden soň, Horezmi do-

[1] *Каррыев А.К.* и др. Указ. соч. С.39.

[2] «Gypjaklar bilen birleşige girip, horezmşa Tekeş gypjak hany Jankişiniň gyzy Terken hatyna öýlenipdir. Ol baýat taýpasyndan gelip çykypdyr. Terken hatyn öz ýany bilen Horezme birnäçe türki taýpalary (çeşmelerde uraniý, garlyk, ugrak, halaç taýpalarynyň atlary tutulýar) getiripdir we biraz wagt geçenden soň, ol olaryň güýçli penakärine öwrülipdir. Olara daýanyp, öz ogly Ala et-din Muhammediň ýurdy dolandyran döwründe, Terken hatyn uly hökmürowanlyga erk edipdir, özüniň hossarlyk eden adamlaryna ýokary derejedäki harby wezipeleri beripdir. Soňlugy bilen onuň bu hereketi döwletiň içinde özbaşdak harby-feodal türk elitasynyň döremegine getiripdir. Bu bolsa, öz gezeginde, Horezmşalaryň döwletiniň dargap, ýok bolup gitmegine getiren esasy sebäp bolupdyr» diýip, akad. Z.M. Buniýatow nygtapdyr. (*Буниятов З.М.* Указ. соч. С. 62). Bu parçada agzalan baýat taýpasy oguzlaryň baýat taýpasy bilen bir taýpa däldir (Seret: *Буниятов З.М.* Указ. соч. С.202). Üstesine-de, bu ýerde agzalýan dört taýpanyň ikisi, hususan-da, garlyklar we halaçlar türkmen taýpalarydyr.

[3] *Бартольд В.В.* Соч. Т. II. Ч. 1. С.124, 240.

landyryp başlan ilkinji türkmen hökümdary bolupdyr. Bu wakadan soň, oguzlar diňe bir Horezm döwletiniň araçäklerine golaý ýerlerde däl, eýsem, onuň içinde hem ýaşap başlapdyrlar, horezmlileriň we oguzlaryň aýratynlykda ýaşaýan obalary ýüze çykypdyr, soňkularyň sany wagt geçdigiçe köpelipdir. Altyndaş Horezmşalaryň üçünji we türkmenlerden bolan birinji nesilşalygyny esaslandyran taryhy şahs bolupdyr. Ýöne bu nesilşalykdan bolan hökumdarlaryň, hususan-da, Altyndaşyň özüniň we onuň ogullary Harunyň we Ysmaýyl Handanyň ýurdy dolandyran döwri (1017–1041) çärýek asyrada ýetmändir. Oňa seretmezden, horezm diliniň türkçeleşip başlamagynyň gözbaşyny şol döwürden bäri alyp gaýtmak dogry bolsa gerek.

Altyndaşdan soň,Horezmşalaryň iň soňky dördünji nesilşalygyny esaslandyryjy Anuştegin Garça[1] oguzlaryň begdili taýpasyndan bolupdyr[2]. Ol beýik Seljuk soltany Mälik şanyň (1072–1092) köşgünde gulluk edip, ýokary derejeli wezipeleri eýeläpdir we hökümdaryň ýakyn adamlarynyň biri bolupdyr. Soň ony Mälik şa Horezmiň dikmesi edip belläpdir. Oguzlaryň horezmliler bilen yslamdan öňki we soňky döwürlerdäki gatnaşyklary hem-de mongollaryň çozuşlaryndan öňki döwürde iki asyra golaý wagtyň dowamynda (1041–1231-nji ýyllar aralygynda) Horezmi Anuşteginiň neberesinden bolan hökümdarlaryň dolandyrmagy bu ýurduň gadymy diliniň türkileşmeginiň gutarnykly amala aşyrylmagy üçin esasy şerti döredipdir. W.W.Bartold horezm diliniň türki dil tarapyndan ulanyşykdan gysylyp çykarylandygyny[3] we ýurduň ilatynyň XIII asyryň başynda, Horezmşa Muhammediň hökümdarlyk eden döwründe (1200–1220) eýýäm türkleşendigini nygtapdyr[4]. Ol gadymy horezmlileriň etnografik yzlaryny häzirki zaman türkmenleriň we hywaly özbekleriň milli lybaslarynda görüp, şeýle diýip ýazypdyr: «Horezm [halkynyň] geýim-

[1] Onuň asly Garjystanda ýaşaýan oguzlardan bolupdyr. Şonuň üçin hem ol taryha Anuştegin Garça ady bilen giripdir. Orta asyrlar döwründe Garjystan Murgabyň ýokary akymynda ýerleşen daglyk ýurt bolupdyr.

[2] Anuşteginiň gelip çykyşy barada uzak wagtlap dowam eden çekişme barada giňişleýin seret: Kafesoglu I. Horezmşahlar dewleti tarihi (483–617/1092–1229). Ankara, 1956. S. 38–43. I.Kafesogly Anuşteginiň halaç türkmenlerinden gelip çykan bolmagynyň mümkindigini çak edipdir. Bu mesele barada şeýle-de seret: *Bosworth C.E.* Op. cit. P. 142.

[3] *Бартольд В.В.* Соч. Т. II. Ч. 1. С.122.Gynansak-da, köpsanly beýleki ýagdaýlarda bolşy ýaly, bu ýerde hem, Orta Aziýanyň türki halklary bilen bagly anyk bolmadyk we umumy *türki* adalgasynyň ulanylmagy meseläni aýdyňlaşdyryp çözmeklige päsgelçilik edýär.

[4] *Бартольд В.В.* Соч. Т. II. Ч. 1. С.162.

-gejiminiň aýratynlykly tarapynyň biri, ol hem olaryň belent telpekleridir. Ol demirgazyk hywalylarda we türkmenlerde saklanyp galypdyr; emeli suwaryş ulgamyndaky käbir adalgalar (arna – uly kanal, ýap – kiçi kanal), şübhesiz, horezm diliniň galyndylarydyr. Olar hem diňe hywalylarda we türkmenlerde saklanyp galypdyr»[1]. Ýap sözüniň türkmen dilinde saklanyp galandygyny W.W.Bartold beýleki bir işinde-de belläpdir[2]. Türkmenleriň gadymy horezmliler bilen bolan gatnaşyklary we olaryň netijesi Ýakyn Gündogar ýurtlarynda olaryň mongollar bilen alnyp barlan söweşleri bilen bagly wakalarda hem öz beýanyny tapypdyr. Soňkular Horezm döwletiniň iň soňky hökümdary, beýik türkmen serkerdesi, Soltan Jelal et-diniň we ol dünýäden ötenden soň, onuň egindeşleriniň XIII asyryň birinji ýarymynda bu sebitde duşmana garşy alyp baran gahrymançylykly hereketleri bilen baglylykda getirilipdir. Olar barada Z.M.Buniýatow şeýle diýip nygtapdyr: «Horezmlileriň galyndylary Müsürde, Siriýanyň demirgazygynda, Yrakda we Anadolynyň günorta-günbatarynda mekan tutupdyrlar. Olaryň nebereleri häzirki döwürde hem Yragyň demirgazygynda Mosul we Kerkuk welaýatlarynyň obalarynda ýaşaýarlar we özlerini türkmenler diýip atlandyrýarlar. Anadolyda olar hurzumly adyny göteryärler we Hurzum atlandyrylýan obalarda ýaşaýarlar. Şolar ýaly sekiz sany oba Türkiýäniň Manisa welaýatynda, Egeý deňziniň kenarynda-da bar.

Ibn Bibiniň beryän maglumatyna görä, Horezmşa Jelal et-din Meňburny dünýäden ötenden soň, onuň Saryhan atly emirleriniň biri Konýanyň soltany Ala etdin Keý-Kubat I-ä gulluga durupdyr. Türk alymlarynyň çak etmeklerine görä, Saryhan Manisa welaýatyna eýelik edip, saryhanlylar neberesini esaslandyrypdyr. Bu nebere 1412-nji ýyla çenli bu welaýaty dolandyrypdyr. Günorta Anadolyda horezmliler Kutahi we Alaşäher etraplarynda mekan tutupdyrlar we olaryň nesilleri häzir hem Horzom Aşira Obajyk, Horzom Alaýaka, Horzom Sazdere, Horzom Keserler, Horzomi Iňbell atly obalarda ýaşaýarlar. Bulardan başgada [Türkiýäniň] Urfa welaýatynda üç sany Horezm atly oba bar. Olar Siriýadan gaçyp gelen horezmlileriň nesilleridir. Horezmşa Jelal etdin Meňburny bilen öz watanyny terk etmäge mejbur bolan we mongol çozuşlary sebäpli Ýakyn Gün-

[1] *Там же.* С. 122.

[2] *Бартольд В.В.* Соч. Т. III. С. 118.

dogar ýurtlarynyň dürli welaýatlarynda ýerleşen horezmlileriň epopeýasy şunuň bilen tamamlanypdyr»[1].

Hormatly akademigiň getiren bu maglumatlarynyň üstüni biz häzirki döwre degişli maglumatlar bilen hem ýetirip bileris. 1991-nji ýylda Türkmenistan özüniň Garaşsyzlygyny alanyndan soň, ýokarda atlary tutulan ýurtlarda ýaşaýan arkadaşlarymyz bilen ýakyn aragatnaşyk ýola goýuldy. Haçanda Aşgabatda şol ýylda dünýä türkmenleriniň Ynsanperwer birleşigi döredilen mahaly, onuň dolandyryş geňeşiniň düzümine türkiýeli türkmenlerden prof. Ýusup Halaç ogly we Selah et-din Baýsal, Saud Arabystanyndan Hajy Pygam Juma, Siriýadan Al Aly Beşir we Ysmaýyl Şybrak, Yrakdan Ahmet Begdili Güneş saýlanypdyrlar. 1977-nji we 1990-njy ýyllarda Müsürde we Siriýada döredijilik saparlarynda bolan we bu ýurtlarda ýaşaýan türkmenler bilen söhbetdeşlik geçiren türkmenistanly prof. A. Sähetmyradowda siriýaly türkmenler şeýle täsir galdyrypdyr: «Siriýa türkmenleri uzak bir ýerde türkmen döwletiniň bardygyna edil öz döwletleriniň barlygy ýaly guwanýarlar. Türkmenistan bilen baglanyşykly her bir zady mukaddes saýýarlar, onuň durmuşynda bolup geçýän her bir zada ýakyndan gyzyklanýarlar. Olar bizde çykarylýan gazetdir žurnallary alýarlar, türkmen ýazyjylarydyr şahyrlarynyň kitaplaryny höwes bilen okaýarlar. Türkmenistanyň sungatynyň, ylmynyň, edebiýatynyň bu ýurda gelýän wekillerini ýürekden kabul edýärler. Biziň kinofilmlerimize höwes bilen seredýärler. Meşhur kinorejissýor Hojaguly Narlyýewiň «Gelin», «Jemalyň daragty» ýaly filmleri öz wagtynda Siriýada diňe bir türkmenleriň arasynda däl, eýsem, ýurduň ähli ilatynyň arasynda uly mähir we söýgi bilen garşylandy»[2]. Bu duýgyny beýleki Ýakyn Gündogar ýurtlarynda ýaşaýan türkmenlere-de degişli etmek bolar. Dünýä türkmenleriniň Ynsanperwer birleşiginiň döredilen gününden başlap, Ýakyn Gündogar ýurtlarynda ýaşaýan türkmenleriň içinden çykan alymlar, ýazyjylar we beýlekiler ýekelikde we toparlaýyn özleriniň ata-babalarynyň ýurduna häli-şindi gelýärler. Olar bu Ynsanperwer birleşigi tarapyndan Aşgabatda her ýylda geçirilýän konferensiýalara gatnaşýarlar[3].

[1] *Буниятов З.М.* Указ. соч. С. 195.

[2] *Сәхетмырадов А.* Сирия түркменлери // Дүнйә түркменлери. А., 1994. С. 94.

[3] Ýakyn Gündogar ýurtlarynda irki orta asyrlar döwründen bäri mekan tutan türkmenleriň häzirki döwürdäki durmuşy barada seret: *Гажаров Н., Халымов Н.* Ырак түркменлери // Дүнйә түркменлери. А., 1994. С. 80–84; *Sarly A.M.* Huzur-e turkmenha der Irak // Pyragy, 1386. Şomare 37-38. 38-nji sah. *Сәхетмырадов А.* Сирия түркменлери // Шол ерде.С.85–94; *Гарабаев*

Emma, gynansakda, alymlaryň bellibir topary oguzlaryň-türkmenleriň gadymy horezm halky bilen köp asyrlaryň dowamyndaky taryhy gatnaşygyna dahylly meselä W.W.Bartold ýaly obýektiw çemeleşip bilmändirler. Olar näme üçindir gadymy horezm diliniň täsirini, diňe häzirki Özbegistan Respublikasynyň Horezm welaýatynda ýaşaýan özbekleriň söz baýlygynda görüpdirler. Olara bu welaýatyň adynyň gadymy horezm etnonimi bilen atlandyrylmagy täsir eden bolmagy ähtimaldyr. Her halda, A.A.Freýman «Horezmiň[1] özbek gepleşikleriniň söz düzüminiň barlaglary bu gepleşiklerde saklanyp galan horezm diliniň sözlüginiň galyndylaryny anyklaşdyrmaga kömek berer» diýen pikiri ilkinji bolup öňe sürüpdir[2]. W.A. Liwşis, öz gezeginde: «Horezmiň [halkynyň diliniň] türkileşmegi birnäçe asyrlaryň dowamynda bolup geçipdir we ýuwaş-ýuwaşdan horezm dili Orta Aziýanyň türki halklarynyň dillerine garylyp-gatylyp gidipdir. Megerem, bu ýagdaý XV asyrda tamamlanan bolsa gerek. Al-Zahydynyň eserinde[3] duş gelýän türki sözler we jümleler (mysal üçin, eger horezmli adam türkçe «ər oglum[4]...» diýip aýtsa), eýýäm XIII asyrda Horezmiň ilatynyň (iň bärkisi onuň bellibir böleginiň) iki dilde gepländigine şaýatlyk edýär. Horezm dili Horezmiň[5] özbek gepleşiginde çuňňur yz galdyrypdyr (mysal üçin, bu gepleşikdäki arna «uly kanal», ýap «kiçi kanal, aryk» ýaly horezm dilindäki suwaryş adalgalaryny deňeşdirip gör.» diýip nygtapdyr[6]. Mysal getirilen sözler, W.W.Bartoldyň adalatly belleýşi ýaly, diňe özbek diline dahylly bolmandyr. Olar hiç hili üýtgewsiz häzirki zaman türkmen dilinde hem adaty ulanylyp gelinýän sözlerdir. Aslyýetinde şeýle sözleriň sany türkmen dilinde has köpdür[7]. Şonuň üçin bu mesele horezm dilinden türkmen diline geçen sözleriň tutuş sözlügini düzmek ýoly bilen ilik-düwme öwrenilip çözülmelidir. Gadymy horezmliler bilen hywaly özbekleriň gatnaşyklary boýunça öňe

---

Б. Туркие туркменлери // Шол ерде. С. 95–103. Bu mesele barada şeýle-de seret: Дүнйә түркменлериниң гуманитар бирлешиги. 2-нжи гойб. А., 1993. 87 с.;

[1] Bu ýerde, bu gadymy döwletiň çäkleriniň üçden bir bölegini öz içine alýan häzirki Özbegistan Respublikasynyň Horezm welaýaty göz öňünde tutulýar.

[2] *Фрейман А.А.* Хорезмийский язык. С. 32.

[3] XIII asyrda ýaşap geçen türkmen alymynyň «Kunýat ul-Munýa» atly eseri göz öňünde tutulýar.

[4] Bu söz rus diline «О, мой сын» diýlip terjime edilipdir. Emma onuň bu dilde dogry terjimesi «О, сын мой богатырь» bolmalydyr.

[5] Bu ýerde-de Özbegistan Respublikasynyň häzirki Horezm welaýaty göz öňünde tutulýar.

[6] *Лившиц В.А.* Иранские языки народов Средней Азии. С. 140.

[7] *Халимов Н.* Гадымы Үргенҗе сыяхат. А.,1986. С.75. Чыкгыт 10.

sürlen pikiri teswirlemeli bolsa, onda olar barada aşakdaky bellikleri edip bileris. Birinjiden, ilkinji çeşmeleriň beryän maglumatlaryna laýyklykda, bu iki halkyň, ýagny horezmliler bilen gypjaklaryň gatnaşyklary, horezmliler bilen oguzlaryň gatnaşyklary bilen deňeşdireniňde, iň bärkisi, ýedi asyr soň, ýagny XII asyrda başlanypdyr. Ikinjiden, ol gatnaşyklaryň netijesi ýeterlik derejede doly bolmadyk diňe lingwistik mysallara esaslanman, taryhy maglumatlary hem göz öňünde tutmalydyr. Gynansakda, olaryň ikisi hem dolulygyna göz öňüne tutulman, häzirki zaman türkmen we özbek dillerinde deň derejede ulanylýan bary-ýogy iki sany sözüň esasynda has aňyrlara gidýän birtaraplaýyn netijeler çykarylypdyr. Olar S.P.Tolstow ilkinji bolup gadymy horezmlileriň beýik medeni we ylmy mirasynyň gönüden-göni mirasdüşeri diňe özbek halkydyr diýip nygtapdyr. Ol bu pikiri al-Biruna bagyşlap ýazan makalalarynda-da beýan edip, kesgitlilik bilen şeýle diýip ýazypdyr: «Biruni horezm halkynyň wekilidir. Horezmliler bolsa özbek halky bilen garylyp-gatylyp, onuň etniki düzüminiň esasy özenini emele getiren möhüm goşundydyr. Horezmiň özbekleri gadym we orta asyrlar döwürleriniň horezmlileriniň nesilleridir. Horezmlileriň medeniýeti – olaryň üsti bilen ähli özbekleriň medeniýeti – gadymy horezmlileriň medeniýetiniň gönüden-göni dowamydyr»[1]. S.P.Tolstowyňka kybapdaş pikir ýöreden alymlar başga-da birlän-ikilän bolupdyr. Mysal üçin, M.Salýe al-Biruniden 123 ýyl öň ýaşap geçen beýik alym Musa al-Horezmä bagyşlap rus dilinde ýazan kitapçasyny «Muhammet al-Horezmi beýik özbek alymy» diýip atlandyrypdyr[2]. Orta Aziýanyň gadymy halklarynyň taryhyndan, dilinden, medeni mirasyndan baş çykarýan bu alymlaryň seljerilýän mesele boýunça çykaran şu zeýilli birtaraplaýyn netijeleri, sypaýyçylyk bilen aýdanyňda, juda geň galdyrýar. Eýsem-de bolsa, irki orta asyrlardan bäri, gadymy horezm halky bilen duldegşir goňşuçylykda ýaşap, onuň bilen ýakyn gatnaşykda

[1] *Толстов С.П.* Бируни и его «Памятники минувших поколений» // *Бируни.* Избр. произв. Т. 1. С. VIII; *Толстов С. П.* Бируни и его время // Бируни великий ученый средневековья. Ташкент, 1950. С.4. Bu makalalar ýygyndysynyň daşgapagyndaky ady bilen onuň içgapagyndaky adynyň gabat gelmeýänligi ünsüňi özüne çekýär. Onuň içgapagynda ýygyndynyň ady «Бируни – великий узбекский ученый средневековья» diýlip tapawutlandyrylypdyr. Adatça, ähli neşirlerde kitabyň ady olaryň ikisinde-de birmeňzeş berilýär. Içgapakda ýerleşdirilen kitabyň adyndan soň, diňe oňa degişli goşmaça maglumatlar berlip bilinýär. Biziň gürrüňini edýän ýygyndymyzdaky bu üýtgeşiklik onuň redaktorlarynyň goýberen säwligimi ýa-da ol ýörite edilipmi belli däl.

[2] *Салье М.* Мухаммед аль-Хорезми великий узбекский ученый. Ташкент, 1954. 26 с.; *Он же.* Улуғ ўзбек олими ал-Хоразмий. Тошкент, 1955. 26 с.

bolup gelen ýeke-täk halk oguzlaryň-türkmenleriň bu alymlaryň işlerinde düýbünden adynyň tutulmazlygyny näme bilen düşündirip bolar? Biz özümiziň opponentlerimize, sözümizi uzaltman, gadymy we orta asyrlar döwürleriniň taryhynda, ylmynda we medeniýetinde çuňňur yz galdyran horezm halkynyň adamzat siwilizasiýasyna goýup giden mirasy, doganlyk hem goňşy ýurt bolan Özbegistan Respublikasynyň Horezm welaýatynyň dostlukly halkyna we onuň üsti bilen ähli özbeklere nähili derejede dahyly bolsa, häzirki döwürde gadymy Horezm döwletiniň çäkleriniň ýarysyny, onuň beýik paýtagty Gürgenç (Köneürgenç) bilen bilelikde öz içine alýan Bitarap Türkmenistanyň Daşoguz welaýatynda ýaşaýan türkmenleriň üsti bilen ähli türkmenlere-de deň derejede degişlidir diýip, kesgitli jogap berip bileris. Aslyýetinde ol diňe bir şonuň üçin hem däldir. Onuň düýp özeni, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, oguzlaryň-türkmenleriň gadymy horezm halky bilen köp asyrlaryň dowamyndaky gatnaşyklaryndan gelip çykýan taryhy hakykatdyr. Gadymy Horezm döwletiniň çäklerinde, iň bärkisi, köp asyrlardan bäri goňşy bolup ýaşap gelýän iki doganlyk halkyň, türkmenleriň we özbekleriň, gadymy horezmlileriň miras goýup giden ylmynyň we medeniýetiniň deň derejede mirasdüşerleri bolmaklary tebigy ýagdaýdyr. Häzirki döwürde hem bu sebitde ýaşaýan türkmenleriň we özbekleriň dilleriniň ýakynlyklary we hiç hili kynçylyksyz we araçysyz biri-birleri bilen gepleşip we düşünişip bilmekleri bu pikiriň doly güwänamasy bolup biler. Gojaman taryh iki doganlyk döwlete, Türkmenistana we Özbegistana gadymy horezmlileriň beýik ylmy we medeni mirasyny gorap saklamaklygy, öwrenmegi we wagyz etmegi bagş edipdir.

13. MONGOL ÇOZUŞLARYNDAN SOŇKY DÖWÜRLERDE TÜRKMENLERDE MEDENI OÝANYŞYKLAR

«Kim, biziň içimide «Oguz nama» köp turur. Emma hiç ýagşysy ýok. Barçasy galat we birisi birisine muwafyk ermes, her haýsysy bir dürli we bir dürst ygtybar kylgudek taryh bolsa erdi, ýagşy bolar erdi».

Daşoguzly öňbaşçylaryň we ýaşulularyň Abulgazy hana ýüzlenmesinden. XVII asyr.

Türkmenistanyň orta asyrlar döwründäki ýazuw ulgamlarynyň we meşhur kitaphanalarynyň taryhy baradaky gysga söhbetimizi tamamlap, aşakdaky bellikleri edesimiz gelýär. Diýarymyzyň şol döwürdäki ylmy

ojaklarynyň ykbaly musulman dünýäsiniň Gündogar bölegindäki ýurtlaryň ähliniňkä meňzeş bolupdyr. XIII asyryň başynda bu sebitiň ýurtlaryna mongol basybalyjylarynyň çozup girmekleri olaryň ylmy durmuşyna we medeni edaralaryna hiç mahal öwezini dolup bolmajak zyýan ýetiripdir. «Gündogarda beýik musulman siwilizasiýasy mongollaryň çozup girmekleri bilen gutarnykly weýran edilipdir... Çinguz han we Hulagu han ynsan durmuşyna ýa-da medeni edaralara hiç hili üns bermändirler» diýip, O.Pinto adalatly belläpdir[1]. E.Braunyň nygtaýşyna görä, «Çingiz han we Hulagu han gana suwsan dinsizler bolupdyrlar. Aýratyn hem olar özlerine ýerli ilat tarapyndan garşylyk görkezilen mahallarynda, olardan rehimsiz öç alypdyrlar. Eger-de söweş döwründe mongol şazadalaryndan kim-de bolsa biri öldüriläýse, olar garryny-da, ýaşy-da, günälini-de, günäsizi-de, bilimlini-de, bilimsizi-de gaýgyrman, olaryň ählisini uçdantutma gyrypdyrlar. Mongollar metjitleri atýatak hökmünde ulanypdyrlar, kitaphanalary otlapdyrlar, bahasyna ýetip bolmajak golýazmalary odun hökmünde ulanyp, peçlerde ýakypdyrlar; basyp alan şäherlerini ýer bilen ýegsan edipdirler, olarda janly-jemende goýman gyrypdyrlar»[2]. Bu ýowuz betbagtçylygyň ýokary derejesi 1258-nji ýylda Hulagu hanyň Bagdady eýelemegi, ony ýykyp-ýumurmagy we halypa Mustasimi (1242–1258) öldürmegi bolupdyr. Şondan soň umumymusulman bitewüligi, ýagny Halyfat we Bagdad onuň paýtagty hökmünde özleriniň dowam etmeklerini bes edipdir. Bu pajygaly wakalar musulman dünýäsiniň, iň bärkisi onuň gündogar böleginiň halklarynyň taryhynyň hronologiýasyna üýtgeşiklik girizipdir. Orta Aziýanyň, Eýranyň, Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň halklarynyň ylmy we medeni durmuşy öwrenilende, mongol çozuşlaryndan öňki we soňky döwür diýen hronologik bölünişik emele gelipdir.

Türkmen halky mongol çozuşlary zerarly üstüne inen ýowuz betbagtçylyk nähili agyr bolsa-da, ondan baş alyp çykmagy başarypdyr. Urlan zarbanyň agyrlygyna seretmezden, aradan az wagt geçenden soň, milli ylmymyz we medeniýetimiz täzeden şineläp ýüze çykypdyr, dowam edipdir we ösüp ugrapdyr. XIII asyryň ortasynda meşhur ildeşimiz Şihab et-din an-Nesewi, ýönekeý bolmadyk şertlerde özüniň «Soltan Jelal et-din Meňburnynyň ömür beýany» atly ajaýyp eserini ýazypdyr. Beýik türkmen serkerde hökümdaryna bagyşlanan bu eser Orta Aziýada arap dilin-

[1] *Pinto O.* Op. cit. P. 355.

[2] *Browne E G.* A Literary History of Persia. Vol. II. P. 12.

de ýazylan kitaplaryň iň soňkularynyň we iň gymmatlylarynyň biridir[1]. XII asyrdan soň bu sebitiň durmuşynda arap diliniň tutýan orny peselipdir we mongol çozuşlaryndan soň, ol ylmy we edebi döredijilikde ulanyşdan galypdyr. Onuň deregine bu sebitiň ýerli halklarynyň dillerinde ylmy döredijilik işleri başlanypdyr we ösüp ugrapdyr. Şeýle-de bolsa, XX asyryň başlarya çenli Orta Aziýayň ýazyjylary we alymlary ene dillerinde ýa-da olaryň ählisi üçin umumy bolan we gepleşik dilinden ýokarda duran, çagataý dili diýlip atlandyrylan kitap dilinde eserlerini ýazanlarynda, adatça, öňden dowam edip gelýän däbe görä, öz eserlerine arapça ýa-da parsça at dakypdyrlar. XIX asyrdan başlap ol eserler neşir edilip başlananda hem olaryň arap we pars dillerindäki atlary saklanyp galypdyr. Megerem, bu ýagdaý döredijilik intelligensiýamyzyň edil öňki zamanlardaky ýaly, musulman mekdeplerinde we medreselerinde okap bilim alyp gelendikleri bilen düşündirilse gerek.

Bu ýerde ýene-de bir meseläniň üstünde gysgajyk durup geçmeli bolýarys. Ol Türkmenistana yslam dininiň ýaýramagy, berk ornaşmagy, onuň kada-kanunlaryny dogry we dürs berjaý etmek zerurlygynyň ýüze çykmagy bilen baglylykda türkmen öňbaşçylarynyň, serdarlarynyň, alymlarynyň, tanymal ruhanylarynyň tagallalary bilen öz halkyna gerek bolan edebi-dini we taryhy kitaplaryň tapgyryny döretmek boýunça eden yhlaslary hem aladalary bilen baglydyr. Olar bu ugurda öwgä mynasyp işleri bitiripdirler. XVII asyryň Hywa hany Abulgazy (1603–1664) özüniň («Türkmenleriň nesil daragty») atly kitabynda bu barada aşakdaky maglumatlary beripdir:

”خضر ایلی سالور ایلیندین ابو الخان دا آرساری بای تیکان بار ایردی اوزاق عمر تابقان دولتی و مسلمان لیققه کوشش قلاتورغان کشی ایری بو سوز میزنینك دلیلی بو کیم اول زماندا اورکنجدا بر عزیز کشی بار ایردی شرف آتلی شیخ لیق مسند یندا اولتور غان و هم ملا ایردی آرساری بای بار یب شیخ مذکورکا قرق تیوه نیاز بریب انابت قیلیب التماس یوزیندن عرص قلدکم بیز ترك خلقی تورورپز عربی کتاب لارینی اوقوب معنی سیکا یتشیب عمل قلماقلیق یسی مشکل یولا تورور اکر عربی مسنله لارنی ترکی ترجمه قلیب عنایت قیلسانکیز ایردی ثوابغا شریك یولور ایرد بنکز تیدی ایرسا شیخ شرف خواجه تقی بارجا مسنلهٔ دینی نی ترجمه قیلیب بر کتاب ایتیب معین المرید آت قیوب آرساری بایغه بردی اول وقتدین تا بو کون غاجا بارجا ترکمان لاراول کتاب نینك مسنله لار یغه عمل قلا تورور لار”

[1] *Ан-Несеви.* Жизнеописание султана Джалал ад-Дина Манкбурны. Баку, 1973. 450 с.; *МИТТ.* Т. 1. С. 39–40.

«Hyzyr ili Salyr ilinden Abulhanda (Balkanda) Ärsary baý diýen (bir adam) bar erdi. Uzak ömür tapan, döwletli we musulmanlyga küwşeş kylaturgan (tagalla eden) kişi erdi. Bu sözümiziň delili bu, kim ol zamanda, [G]ürgençde (Köneürgençde) bir eziz kişi bar erdi, Şerep atly. Şyhlyk mesnedinde (borjunda) oturan we hem molla erdi. Ärsary baý baryp şyh mezkurga (ýokarda ady tutulan şyha) kyrk düýe nyýaz (sowgat) berip, enabet iltimas ýüzünden arz kyldy, kim, biz türk halky turarmyz, araby kitaplaryny okap, manysyna ýetişip, amal kylmaklyk besi müşgül bola turur. Eger araby meselelerini türki (dile) terjime kylyp anaýat (hemaýat) kylsaňyz erdi, sogapga şärik bolar erdiňiz diýdi. Erse Şyh Şerep Hoja taky barça meselei dinini (dini meseleleri) terjime kylyp, bir kitap edip «Muinil mürit» («Müridiň ýardamçysy» – A.Ý.) at goýup, Ärsary baýa berdi. Ol wagtdan tä bu güngeçe barça türkmenler ol kitabyň meselelerige amal kyla tururlar»[1].

Şyh Şerep baba hem öz kitabyna «Muinil murit» diýip arapça at goýup, ýokardaky däbe eýeripdir[2]. Bu eser 1313-nji ýylda ýazylyp gutarylypdyr we şol ýyl hem Ärsary baýa gowşurylypdyr. Şol döwürden bäri ol yzygiderli elde göçürilip gelipdir we türkmen mekdeplerinde esasy okuw kitaby bolup hyzmat edipdir. Onuň ýazylmagy türki halklaryň arasynda şeýle kitaby döretmek boýunça edilen ilkinji synanyşyk bolupdyr. Türkmenleriň giçki orta asyrlar döwründäki medeni we edebi durmuşyny öwrenmekde bu kitabyň ägirt uly ähmiýeti bardyr. Şol döwürde türkmen jemgyýetinde yslam dinineň tutýan ornuny we ähmiýetini kesgitlemekde bolsa ol bahasyna ýetip bolmajak çeşmedir. «Muinil muridi» buýrup ýazdyran Ärsary baý barada aýdylanda bolsa, ol diňe bir «döwletli we musulman dinineň janköýeri» bolman, eýsem, öz döwrüniň bilimli-sowatly we il içinde uly abraýdan peýdalanýan şahsyýeti bolupdyr. Çeşmeleriň beryän maglumatlaryna görä, ol şol döwrüň ylmy we medeni merkezleriniň biri bolan Köneürgençde okap, ýokary dini we dünýewi bilim alypdyr[3]. Türkmenleriň

[1] *Kononow A.N.* Şejere-ýe terakime. Hywa hany Abulgazynyň ta'lifi turur. Moskwa, 1958. S. 73.

[2] Bu kitabyň adyny arap dilinden ors we türkmen dillerinde transliterasiýa edenlerinde dürli awtorlar dürli hili ýazypdyrlar.Mysal üçin: A.N.Kononow ony «Mu`in al-murid», N.Halymow we J.Gökleňow – «Muinul-murid», Türkmenistanyň Milli golýazmalar insti-tutynyň neşirini taýýarlaýjylar «Muinil-murit» diýip belläpdirler. Biz bu kitabyň adynyň ýazylyşynyň soňky görnüşini kabul edip aldyk.

[3] Bu barada giňişleýin seret: *Шых Ыслам Шереф Хожа Хорезми.* «Муину-л-мурид» я-да Әрсары бабаның кырк дуе берип яздыран китабы. A.,1995. S. 7.

arasynda oňa Ärsary baba diýen hormatly adyň dakylmagy ýöne ýerden bolmandyr. Bu taryhy şahsy biz hiç bir jähetden ikirjiňlenmän türkmenleriň XIV asyrda ýaşap geçen görnükli magaryfçysy hasap edip bileris. Onuň tagallasy we yhlasy bilen ýazdyrylan «Muinil-murit» bolsa şek-şübhesiz türkmen magaryfçylygynyň taryhynda möhüm orny eýeleýän eserdir.

«Muinil-murit» ýazylyp, aradan 151 ýyl geçenden soň, edil Şyh Şerep baba ýaly öz döwrüniň bilimli-sowatly şahsyýeti we şahyry bolan Hydyrguly Wepaýy[1] hem, bir baý, özüni iline-gününe tanadan, abraýly, emma ady medeniýetimiziň taryhy üçin belli bolman galan magaryfçy zenanyň tabşyrygy boýunça ýene-de bu tema bagyşlanan «Rownakyl Yslam» («Yslamyň nury») diýen arapça atly, goşgy bilen ýazylan bir eseri döredipdir. Bu aýal hem, edil Ärsary baba ýaly, Wepaýa bu kitaby ýazany üçin 40 düýe beripdir[2]. Onda yslam dinine uýýan her bir adamyň berjaý etmeli borçlary we olaryň tertip-düzgünleri «Muinil-murit» bilen deňeşdireniňde has giňişleýin we has düşnükli dilde beýan edilipdir. «Rownakyl Yslam» ýazylyp, il arasyna ýaýrandan soň, has köne türkmen dilinde ýazylan «Muinil-murit» juda seýrek duş gelýän esere öwrülip gidipdir[3].

[1] Özbegistanyň YA-nyň Biruni adyndaky Gündogarşynaslyk institutynyň golýazmalar hazynahanasynda saklanýan «Rownakyl Yslamyň» 1850-nji ýylda Gazanda (1132-nji bukja) we Daşkentde 1905-nji ýylda neşir edilen (766, 9138-nji bukjalar) saklanýan nusgalarynda Wepaýynyň şahsyýeti bilen bagly, başga hiç ýerde duş gelmeýän möhüm maglumat, ýagny şahyryň hakyky adynyň Hydyrguly bolandygy görkezilipdir. Eýranly alymlar onuň adyny Hudaýguly diýip hem ýazypdyrlar. Wepaýy. Rownok ul-Yslam. Gürgen,1382. 1-nji sah.

[2] *Түркмен эдебиятының тарыхы*. I. т. Орта асырлар дөврүниң эдеби мирасы. A., 1975. C. 331.

[3] Onuň ýeke-täk nusgasy Türkiýede saklanyp galypdyr. Bu kitaby gözlemek we ylmy taýdan derňemek bilen ýörite meşgullanan taryhçy N.Halymow bu barada şeýle diýip ýazypdyr: «Muinu-l-muridiň» XIV asyrda türkmen dilinde ýazylan ýeke-täk ýazuw ýadygärligidigini, şeýle-de onuň türkmen ylmy üçin uly ähmiýetiniň bardygyny göz öňünde tutup, biz 20 ýyldan-da gowrak wagtyň dowamynda onuň gözleginde bolduk. Golýazma hazynahanalary barlap çykdyk we olaryň içinden ony tapmanymyzdan soň, bu kitabyň öňki SSSR-iň çäklerinde ýokdugyna göz ýetirdik. Elbetde, onuň bilen Türkiýä gidip tanşyp boljakdy, ýöne şol döwürde bu örän çetin meseledi. Şeýle bolansoň, «Muinu-l-murid» bilen tanyşmagyň we onuň üstünde işlemegiň elmydama arzuwynda bolup, Türkiýä iş sapary ýa-da şol ýerde işläp gulluk wezipesini ýerine ýetirmäge gidýän kärdeşlerimizden onuň nusgasyny alyp gelmeklerini haýyş edip köplere ýüzlenip geldik. «Yhlasa–myrat» diýlişi ýaly, ahyrsoňy, biziň islegimizi filologiýa ylymlarynyň kandidaty Jepbarmämmet Gökleňow kanagatlandyrdy. Biz oňa bu bitiren asylly işi üçin özümiziň minnetdarlygymyzy bildirýäris». Şondan biraz wagt geçenden soň N.Halymow we J.Gökleňow bu kitabyň ilkinji neşirini hem goýberipdirler. *Шых Ыслам Шереф Хожа Хорезми*. Муинул-мурид я-да Әрсары бабаның кырк дүйе берип яздыран китабы. A., 1995. 96 sah. Emma

XVI asyrda gadymy Nusaý şäherinde doglan we ýaşap geçen belli türkmen taryhçysy Salar baba Gulaly ogly özüniň 10 jiltden ybarat ählumumy dünýä taryhyny ýazyp, onuň bir kitabyny oguz-türkmenlerine bagyşlapdyr. Bu eser, gynansakda, heniz türkmen alymlary tarapyndan ýeterlik derejede öwrenilmän we ylmy dolanyşyga girizilmän gelýän taryhy çeşmedir.

XVII asyrda türkmenler üçin ýörite tabşyryk boýunça azyndan üç sany ajaýyp kitap döredilipdir Olaryň birinjisi ýokarda ady tutulan «Şejere-e terakime» atly eserdir. Ony daşoguzly türkmenleriň ýaşulularynyň, serkerdeleriniň, öňbaşçylarynyň haýyşy boýunça Hywa hany Abulgazy ýazypdyr. Ol barada awtoryň özi şeýle maglumat beripdir:

"موندين كوب ييل لار اوتى تركمان نينك ملالارى و شيخ لارى و بيكلارى منينك تاريخ نى يخشى بيلورم نى ايشتب توروررلار تقى بر كون بارجالارى كالب عرض قيلد يلار كم بزنينك ايجميزدا اوغوز نامه كوب توروررلار اما هيچ يخشى سى يوق بارجاسى غلط و بريسى بريغه موافق ايرماس هر قايسى سى بر تورلوك و بر درست اعتبار قيلغو دك تاريخ بولسه ايردى يخشى بولار ايردى تيب

"موندين كوب ييل لار اوتى تركمان نينك ملالارى و شيخ لارى و بيكلارى منينك تاريخ نى يخشى بيلورم نى ايشتب توروررلار تقى بر كون بارجالارى كالب عرض قيلد يلار كم بزنينك ايجميزدا اوغوز نامه كوب توروررلار اما هيچ يخشى سى يوق بارجاسى غلط و بريسى بريغه موافق ايرماس هر قايسى سى بر تورلوك و بر درست اعتبار قيلغو دك تاريخ بولسه ايردى يخشى بولار ايردى تيب

---

olar bu kitabyň golýazmasynyň nusgasyny haýsydyr bir jemgyýetçilik edarasyna tabşyrmagy we şeýdibem ony köplere elýeter etmegi unudypdyrlar.

1992-nji ýylyň iýul aýynda «Muinil-muridiň» mikrofilmini we kseronusgasyny biz hem Türkiýeden Aşgabada getirdik. Dünýäniň türk döwletleriniň kitaphanalaryny kompýuterleşdirmek boýunça halkara konferensiýasyna (Ankara, 1992-nji ýyl, 22–25-nji iýul) gatnaşyjy hökmünde Türkiýede bolan mahalymyzda, bu ýurduň Milli kitaphanasynyň işgärleri biziň haýyşymyzy berjaý edip, «Muinil-muridiň» ýokarda agzalan nusgalaryny bize getirip berdiler. Diýarymyza dolanyp gelen günümiziň yzysüre biz olary Türkmenistanyň YA-nyň Milli golýazmalar institutyna tabşyrdyk. Biziň getiren nusgalarymyzyň esasynda bu institutyň alymlary «Muinil-muridiň» täze we has kämil neşirini okyjylara ýetirdiler. *Шых Шереф.* Муинил мурит. A., 1998. 96 s.

مونلارنينك هيچ قايسى سينى قيلمادوق انينك اوچون كم يو كتاب نى اقوغو جى و تينكلاغوجى

البتده ترك بولغوسى تورور بس ترك لاركا تركانه ايتماك كراك تا اولارنينك بارجاسى فهم

قيلغاى‌لار بزنينك ايتغان سوزميزنى بيلماسالار اندين نى حاصل اكر انلار نينك ايجلاريندا بر و يا

ايكى اوقوغان عاقل كشى بولسه اول بيلسا بيلماكان كوب نينك قايسى برينه ايتب بيلد ورور بس

انداق ايتماق گراك كم يخشى و يامان بارچالارى بيليب كونكل لاريگه معقنل بولغاى"

«Mundan[1] köp ýyllar ötdi, türkmenleriň mollalary we şyhlary we begleri meniň taryhy ýagşy bilirümni eşidip tururlar.Taky bir gün (olaryň) barçalary gelip arz kyldylar. Kim bizniň içimizde «Oguznama» köp turur. Emma hiç ýagşysy ýok. Barçasy galat we birisi birisine muwafyk (gabat) ermes, her haýsysy bir dürli we bir dürst ygtybar kylgu dek (ynanar ýaly) taryh bolsa erdi, ýagşy bolur erdi» diýip, ötün kyldylar[2]. Erse anlarnyň ötünlerini kabul kyldym... Ol, kim, bir gün bir kişi bu kitaby okap, bilmegenini bilse biziň ruhymyza pata[3] okugaý diýdik.Taky kitapny etmekge rujug kyldyk (ýazmaga başladyk). Taky bu kitaba «Şejere-e terakime» [«Türkmenleriň nesil daragty»] diýip at goýduk. Barça bilik (köp alymlar) kim, bizden burun türki taryh etgenler (türki dilde taryh ýazanlar) araby lugatlaryny (sözlerini) goşup we parsyny hem goşup tururlar we türkini hem sejg kylyp (kapyýalaşdyryp) tururlar, özleriniň hünärlerini we ussatlyklaryny halka mälim kylmak üçin. Biz munlarynyň hiç haýsysyna kylmadyk. Anyň üçin kim bu kitaby okugujy we tiňlegujy, elbetde, türk (adam) bolgusy tutur. Bes, türklere türkana etmek gerek, tä olarnyň barçasy fähim kylgaýlar (köpüsi düşüner ýaly). Biziň aýtgan sözümizni bilmeseler ondan ne hasyl. Anlarnyň içlerinde bir we ýa iki okan akyl kişi bolsa, ol bilse, bilmegen köpnüň kaýsy birine (bilmedik köp adamlaryň käbirlerine) aýdyp bildirur. Bes, andak aýtmak, kim, ýagşy we ýaman barçalary bilip, köňüllerine makul bolgaý»[4].

Öz ylmy işlerini ýazmakda «Şejere-e terakimeden» giňden peýdalanan W.W.Bartold bu esere ýokary baha berip, şeýle belläpdir: «Türkmenler barada ýörite ýazylan şeýle taryhy eser beýleki türki halklaryň hiç birisi ba-

[1] Bu ýerde Abulgazy 1641-nji ýylda tagta çykandan biraz soňrak Maňgyşlak we Balkan türkmenleriniň Horezme göçüp baryşlary göz öňünde tutulýar.

[2] Türkmenleriň bu sözleri olaryň arasynda XVII asyrda bilimli-sowatly adamlaryň az bolmandygyna şaýatlyk edýän delilnama bolup hyzmat edip biler.

[3] Fatyha – Gurhanyň I-nji süresini okap, pata bermek.

[4] *Кононов А.Н.* Родословная туркмен. М.; Л.,1958. С.36.

rasynda ýokdur»[1]. S.P.Tolstowyň nygtaýşyna görä, «Şejere-e terakime», «türkmenleriň diňe bir giçki eýýamy babatda däl, eýsem, has irki döwür taryhy üçin hem juda ähmiýetli resminama bolup biler»[2].

XVII asyrda türkmenler üçin döredilen ikinji kitap alym we şahyr Sopy Allaýaryň (1616–1706) «Sebatul ajyzyn» («Ejizleriň merdanalygy») atly kitabydyr[3]. Ol hem, edil «Muinil murit» we «Rownakyl yslam» ýaly, türkmen mekdepleri we medreseleri üçin ýazylan okuw kitaplarynyň arasynda aýratyn orna eýedir. Her bir sowatly-bilimli türkmeniň şahsy kitaphanasynda bu eser bolupdyr.Türkmenleriň arasynda onuň arapça ady tutulman, diňe «Sopy Allaýar» diýlip atlandyrylyp gelipdir[4].

Ýene-de şol XVII asyrda meşhur Nurmuhammet Andalyp türkmen edebiýatynyň altyn gaznasyna giren ajaýyp «Ýusup–Züleýha», dessanyny döredipdir. Ol hem şahyryň watandaşlarynyň tabşyrygy ýa-da haýyşy boýunça ýazylypdyr. Ol barada Andalybyň özi dessanyň şygryýet girişinde şeýle diýip ýazypdyr:

دیدی آلار ای عندلیب بی نوا
کو نگلیمیزه دوشدی عجب ماجرا
بار "قصص" ایچره عجایب داستان
نی بولار قیلسانگیز آنی بوستان؟
یوسف صدیق و زلیخانی سن
ترکی خلایقغا قیلیپ انجمن

Transliterasiýa:

Diýdi olar: Eý, Andalyp, binowa,
Köňlümize düşdi ajap majera.
Bar «Kysas» içre ajaýyp dessan
Ne bolar kylsaňyz ony bossan?
Ýusup-sytdyh we Züleýhany sen
Türki halaýykga kylyp enjumen[5].

[1] *Бартольд В.В.* Соч.М.,1963. Т. II. Ч.1. С.585.

[2] *Толстов С.П.* Города гузов // СЭ.1947. № 3. С.91.

[3] Şeýle-de, ol türkmen we pars dillerinde dini-ündew we edep-terbiýeçilik ähmiýetli bolan eserleriň başga-da birgidenini ýazypdyr. Olar aşakdakylardyr: «Myradul-aryfyn» («Danalaryň myrady»), «Töhfetul-talybyn» («Talyplaryň sowgady»), «Meslekul-mutta-kyn» («Takwalaryň ýoly»), «Syrajul-ajyzyn» («Ejizleriň şamçyragy»), «Mahnazul-mutygyn» («Boýun egenleriň hazynasy»), «Föwzun-nejat» («Bagtyň ýa-da halas bolmagyň çäresi»).

[4] Ol barada giňişleýin seret: *Гуллаев Н.* Сопы Аллаяр // ТСЭ, 8-nji.j.A.,1986. С.143–144. *Шонуңкы.* Сопы Аллаяр хем онуң дөредижилиги хакда бир келеме //.

[5] *Destan-e Ýusup we Züleýha.* Gonbed Kabus, 1381. 6-njı sah.; Андалып. Дессанлар. Ашгабат, 1991. С.14; Назаров Г. Юсуп–Зүлейха сюжети ве онуң ишлениши // Андалып. Юсуп-Зүлейха. А., 1973. С.24.

XIX asyryň ikinji ýarymynyň başynda (1861-nji ýylda) Abdy-s-Setdar Kazy özüniň «Jeňnama» atly taryhy poemasyny hem şeýle şertlerde ýazypdyr. Awtoryň belleýşine görä, bu eser merwli oňbaşçylaryň we ýaşulularyň haýyş etmekleri boýunça ýazylypdyr[1] « تيد يلا چو ن نجه كيم ملتمس لا ر » («tiýdiler çun niçe kim miltemaslar»). «Megerem, tekeleriň atly-abraýly adamlaryndan kim-de bolsa biri, Ahalyň az sanly sowatly adamlaryndan bolan Abdy-s-Setdar Kaza döwürdeşleriniň bitiren harby edermenlikleri barada geljekki nesillere ýadygärlik bolar ýaly, ony ýazyp galdyrmagy haýyş eden bolsa gerek. Ol, öz gezeginde, Orta Aziýada däp bolup gelen kada eýerip, haýyş edilen kitaby, şahyr bolmasa-da, şygyr bilen ýazmagy makul görüpdir» diýip akademik A.N. Samoýlowiç belläpdir[2]. Elbetde, bu mesele boýunça Abdy-s-Setdara ýüz tutulmagy ýöne ýerden bolmandyr. Şol döwürde ol eýýäm sowady, bilimi bilen il arasynda özüni tanadan tanymal şahs bolupdyr. 1858-nji ýylda Garrygalada, 1861-nji ýylda Maryda Eýran goşunlarynyň garşysyna türkmenleriň alyp baran gahrymançylykly uruşlarynyň öňüsyrasynda Abdy-s-Setdar Hywada okap, ýokary bilim alypdyr we hatda bu şäherde 7 ýyllap kazy bolup hem işläpdir. A.N.Samoýlowiç onuň bilim derejesine ýokary baha berip ýene-de şeýle diýip ýazypdyr: «Maňa mälim bolan türkmen ýazyjylaryndan, özüniň bilim derejesi boýunça onuň gapdalynda diňe Magtymgulynyň atasy Döwletmämmet Azadyny goýup bilerdim. Abdy-s-Setdar hatda ondanam biraz ýokarrakdyr. Aýratyn hem poemanyň girişinde Gurhandan we hadyslardan alnan bölekler onuň musulman dini edebiýaty boýunça okumyş adam bolandygyna güwä geçýärler»[3]. Netijede, türkmen öňbaşçysynyň aladasy hem-de Abdy-s-Setdaryň pähim-paýhasy bilen türkmenler üçin nobatdaky eser buýrulyp ýazylypdyr. Ol diňe bir edebi kitap bolman, eýsem, köpsanly anyk maglumatlary özünde jemleýän düýpli taryhy çeşmedir hem.

Türkmen öňbaşçylarynyň, alymlarynyň, ýazyjylarynyň, tanymal ruhanylarynyň tagallalary bilen döredilen ýokardaky kitaplar türkmen medeniýetiniň altyn hazynasyna bahasyna ýetip bolmajak eserler hökmünde giripdirler. Türkmenleriň döreden bu kitaplary soň umumytürk kitaplaryna öwrülip gidipdirler. Olardan türki halklaryň ählisi giňden peýdalanyp gelipdirler. Haçanda XIX asyryň başynda Russiýada, has takygy, Tatarystanyň paýtagty

[1] *Abdysettar Kazy.* Jeňnama. Sankt-Peterburg, 1914. ...-njy sah.

[2] *Абду-с-Саттар Казы.* Книга рассказов о битвах текинцев.Туркм. ист. поэма XIX века. Издал, перевел, примечаниями и введением снабдил А.Н.Самойлович. Спб., 1914. С.9.

[3] *Абду-с-Саттар Казы.* Указ. соч. С.9.

Gazan şäherinde arap elipbiýiniň esasynda gündogar halklarynyň dillerinde metbeçilik işi ýüze çykan mahaly, ilkinji kitaplaryň hatarynda 1802-nji ýylda Sopy Allaýaryň türkmen dilinde ýazan «Sebat ul-ajizin» we pars dilinde ýazan «Föwzün nejat» atly kitaplary neşir edilipdir. Soň şol asyryň dowamynda we 1917-nji ýyla çenli «Sebat ul-ajyzin» bu şäherde ýene-de 70 gezekden gowrak neşir edilipdir[1]. Biziň günlerimizde «Sebat ul-ajyzyn» Türkmenistanda[2], Gazagystanda[3], Siriýada[4], Eýranda[5] neşir edilipdir. Edil şonuň ýaly-da XIX asyryň dowamynda we XX asyryň başynda diňe Gazan şäherinde doly bolmadyk maglumatlara görä, 29 gezek, Özbegistanda 8 gezek neşir edilen Wepaýynyň «Rownok ul-Yslam» poemasy biziň günlerimizde Türkmenistanda[6], Pakistanda[7] we Eýranda[8] neşir edilip gelinýär. Wepaýynyň we Sopy Allaýaryň ady tutulan eserleriniň häzirki döwürdäki daşary ýurt neşirlerini şol ýurtlarda ýaşaýan türkmenler çap edipdirler.

Galyberse-de, türkmen Atajan Abdal oglunyň 1874-nji ýylda Hywa şäherinde Orta Aziýada ilkinji bolup arap elipbiýiniň esasynda metbeçilik işini başlapdyr[9]. Ol ýarym asyrdan hem gowrak wagtyň dowamynda türkmen we özbek şahyrlarynyň eserlerini, şeýle-de arap we pars dillerinde musulman mekdeplerinde we medreselerinde ulanylýan okuw kitaplaryny neşir edip gelipdir. Atajan Abdal oglunyň öz metbeçilik işine başlan döwründen dokuz ýyl geçenden soň, bu ajaýyp sungat Daşkentde başlanypdyr we bu şäher 1883–1917-nji ýyllar aralygynda arap elipbiýinde ýerli we beýleki gündogar halklarynyň dillerinde kitap neşir etmek işinde dünýä merkezleriniň birine öwrülipdir.

---

[1] Ol barada giňişleýin seret.:*Ýazberdiýew A.*Gündogar metbeçiligi we köne türkmen basma kitaplary.A.,2002.680 s.; *Его же.* Köne türkmen basma kitaplary. A., 2004. 450 c.; *Ş o n u ň k y:.*Старопечатные туркменские книги. М., 2001.168 с.

[2] *Сопы Аллаяр.* Себатул–ажызын. А., 1998. 184 с.

[3] *Allaýar Sopy.* Sebatul ajyzyn. Neşir eden Junus Törejan. Almaty, 2002. 184 s.

[4] *Allaýar Sopy.* Sebatul ajyzyn. Çapa taýýarlan we we neşir eden al-Şeýh Muhammet Seýit Türkestany. Demyşk (Damask), 1967. 110 s.

[5] *Allaýar Sopy.* Sebatul ajyzyn. Şerh-e we hatt-i Abdyljepbar ahun Niknehad. Gürgen, 1387. 46+307 s.

[6] *Вепайы.* Ровнакыл–ыслам. -А., 1991. 78 с.

[7] *Wepaýy.* Rownok ul-yslam. Neşir eden Hajy Annageldi Telaýy. Karaçi, 375.3+73 sah.

[8] *Wepaýy.* Rownok ul-yslam. Täshih-e şerh we hatt-i Abdyljepbar ahun Niknähed. Gürgen, 1382. 266 sah.

[9] Ol barada giňişleýin seret: *Язбердиев А.* К вопросу о начальном периоде книгоиз-дательской деятельности хивинской литографии (1874–1880 гг.) // Изв. АН ТССР. Сер. обществ. наук. 1971. № 4. С.53–59; *Ş o n u ň k y.* Türkmen Atajan Abdalow Orta Aziýanyň ilkinji çapçysydyr. (Doglan gününiň 145 ýyllygyna)//Miras. 2001. № 3. S.28–31; rus.d-de. C.72–75; iňlis d-de. P.116–119.

KABUL EDILEN GYSGALTMALARYŇ SANAWY

A	– Aşgabat, Ашгабат, Ашхабад
АВ	– Азиатский вестник
ВДИ	– Вестник древней истории
ЗВОРАО	– Записки Восточного отделения Русского Археологического общества
ИГАИМ	– Известия Государственной Академии истории материальной культуры
ИАНР	– Известия Академии наук России
ЗИВАН	– Записки Института востоковедения АН СССР.
КЦ	– Культурные ценности
МИТТ	– Материалы по истории туркмен и Туркмении.
М.-Л.	– Москва–Ленинград
НТ	– Нейтральный Туркменистан
СА	– Советская археология
СПб	– Санкт-Петербург
СТ	– Советская тюркология
СЭ	– Советская этнография
ТДЭ	– Түркмен дили хем эдебияты
ТХЭ	– Труды Хорезмской археолого-этнографической экспедиции АН СССР
ТЯ	– Түркменистаның ядыгәрликлери
ЭВ	– Эпиграфика Востока
ЮТАКЭ	– Южно-Туркменистанская археологическая комплексная экспедиция
AJSLL	– American Journal of Semitic Languages and Literatures
BO	– Babylonian and Oriental Record
BSOAS	– Bulletin of the School of Oriental and African Studies
CHI	– The Cambridge History of Iran
EW	– East and West
GIPh	– Grundriss der Iranischen Philologie.
HbO	– Handbuch der Orientalistik
IC	– Islamic Culture
JA	– Journal Asiatique
JAC	– Journal of Asian Civilizations
JMS	– Journal Makhtumkuli Studies
JRAS	– Journal of the Royal Asiatic Society
JUP	– Journal of the Uniwersity of Peshawar
LQ	– Library Qvarterly
SBAW	– Sitzungsberichte der königlichen bayerischen Akademie der Wissenschaften
SBE	– Sacred Books of the East
TPS	– Transactions of the Philological Society
ZDMG	– Zeitschrift der Deutschen morgenländischen Gesellschaft

Almaz Ýazberdiýew

Türkmenistan dünýä medeniýetiniň gadymy ojagydyr

Redaktor	*S. Garahanow*
Teh. redaktor	*O. Nuryagdyýewa*
Kompýuter işleri	*A. Korotkowa*

Çap etmäge rugsat edildi 17.10.2011. A – 57090.
Ölçegi 70x100 1/16. Şertli çap listi 24.51. Şertli reňkli ottiski 122.8.
Hasap neşir listi 21.23. Çap listi 19.0. Sargyt № 2525 . Sany 4000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.